**E.Annamyradow, G.Gadamow,**
**M.Bekmyradow, A.Arnageldiýewa**

# LUKMANÇYLYGYŇ TARYHY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*



Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

UOK 378:61 (09)
A 65

**Annamyradow E. we başg.**
**A 65** **Lukmançylygyň taryhy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

Bu okuw kitaby lukmançylyk ýokary okuw mekdebiniň talyplary üçin niýetlenilip, onda lukmançylygyň döreýşi, iň gadymy döwür lukmançylygy, gadymy döwür lukmançylygy, orta asyrlar döwrüniň we orta asyrlarda arap halyfatlarynyň hem-de Orta Aziýa halklarynyň lukmançylygy ýaly temalar giňden beýan edilýär. Şeýle hem bu kitapda lukmançylygyň görnükli wekilleri bolan Gippokratyň, Galeniň, Abu Ali ibn Sinanyň, türkmeniň milli lukmançylyk mirasynyň meşhur wekilleri Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň, Muhammet Gaýmaz Türkmeniň dünýä belli eserleriniň lukmançylyk ähmiýeti beýan edilýär.

Okuw kitabynda baky Bitarap Türkmenistanyň lukmançylygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda gazanylan üstünlikler barada giňişleýin maglumatlar getirilýär.

TDKP № 49, 2019 KBK 5 g ýa 73

© E.Annamyradow we başg., 2019.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# Giriş

## LUKMANÇYLYGYŇ TARYHY YLYM WE OKUW DERSI HÖKMÜNDE

Lukmançylyk (lat. *medicina, medico* – bejerýärin, keselden saplaýaryn sözünden) – ylmy bilimleriň we olary amal etmegiň ulgamy bolup, adamlaryň saglygyny goramaga, berkitmäge, keselleriň öňüni almaga we bejermäge gönükdirilendir. Lukmançylygyň ösüş derejesi we häsiýeti jemgyýetiň ýaşaýşynyň maddy şertleri, öndüriji güýçleriň ösüş derejesi we önümçilik gatnaşyklary bilen kesgitlenilýär. Lukmançylygyň ösmegi tebigy bilimleriň, filosofiýanyň we tehnikanyň ösmegi bilen jebis baglanyşyklydyr.

Lukmançylygyň taryhy – lukmançylygyň gelip çykyşy, ösüşi we häzirki ýagdaýy baradaky ylym bolmak bilen, ol ähli lukmançylyk dersleriniň taryhyny we osüşini öwrenýär. Ders lukmançylyk ylymlaryny bir ýere jemleýän ilkinji dersleriň biri bolup, talyplara lukmançylygyň döreýşi we ösüşi barada köptaraplaýyn düşünje berýär.

Lukmançylygyň taryhy dersiniň esasy meselesi – talyplara taryhy çeşmelere, lukmançylyk ylmynyň ösüşine, adamzadyň ösüşiniň dürli tapgyrlarynda adamyň saglyk-näsaglyk ýagdaýlaryna dogry baha bermegi öwretmekden ybarat. Ol lukmançylyk biliminiň örän baý çeşmesi bolup, özünde adaty däp-dessurlary «saklaýan» hem-de nesilden-nesle geçip gelen ylymdyr.

Lukmançylygyň taryhy lukmançylyk ylmynyň we biliminiň, halklaryň medeniýetiniň dürli döwürlerdäki ösüş taryhy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Lukmançylygyň taryhy – bu ugurdan

tejribäniň, bilimleriň, halkyň öz tötänleýin gözegçilikleriniň köp ýüzýyllyklaryň dowamynda barlanylmagy we umumylaşdyrylmagy esasynda ylmy lukmançylygyň emele gelmegine, onuň jemgyýetiň ykdysady we syýasy ösüşine, öňdebaryjy ylmy materialistik dünýägaraýşyň idealistik dünýägaraýşa garşy göreşine baglydygyny görkezýär.

Beýleki ylymlar ýaly, lukmançylyk taryhyny öwrenmek hem zerurdyr. Lukmançylyk hem öz ösüşinde kyn we çylşyrymly ýoly geçipdir. Lukmançylygyň taryhy umumy taryh ylmynyň bir bölegidir. Şonuň üçin hem M. Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde bu dersiň öwrenilmegi talyplaryň hünär taýýarlygynyň ýokarlanmagyna kömek eder.

Bu ders keselleriň öňüni alşyň we bejerişiň hem-de lukmançylyk nazaryýetiniň we amalyýetiniň geçmişdäki ösüş ýoluny öwrenýär. Lukmançylygyň amaly we nazary tarapy aýrylmaz baglanyşyklydyr hem-de özara täsirli ösüşdedir. Lukmançylyk amaly, has baý maglumatlary toplamak bilen, lukmançylygyň nazary bilimlerine yzygiderli maglumat berýär we şol bir wagtda hem onuň öňünde täze meseleleri goýýar. Öz gezeginde bolsa ösüp barýan lukmançylyk nazaryýeti lukmançylyk amalyýetiniň kämilleşmegine, onuň has belent derejelere ýetmegine ýardam edýär.

Lukmançylyk ylmynyň taryhynyň öwrenilmegi, filosofik göz öňüne getirmeleriň, tebigy bilimleriň umumy we aýry-aýry bölekleriniň, şol sanda lukmançylyk baradaky garaýyşlaryň ösmegine täsirini ýetirýär. Galyberse-de, lukmançylygyň taryhy köp asyrlaryň dowamynda gazanylan baý lukmançylyk tejribesiniň we ylmynyň ösmegi netijesinde, ýörite lukmançylyk bilimleriniň has-da çuňlaşdyrylmagyna mümkinçilik berýär. Şeýle hem esaslandyrylmadyk, netijesiz umumylaşdyrmalardan we ylmy açyşlarda uniwersal serişde hökmünde käbir barlag (meselem, morfologik, gural, mikroskopik barlaglar) we bejeriş (sanjymlar, bioserişdeler) usullaryny gözlemekden halas edýär.

Lukmançylygyň taryhy özüniň ösüş ýolunda ýalan toslamalar, özbolușly dessurlar we tebipçilik ýaly nogsanlar bilen göreşip

gelýär. Ol ýokary ynsanperwerligi görkezmek bilen, lukmançylyk hünärine bolan buýsanjy we hormaty geljekki lukmanlarda terbiýelemäge ýardam berýär. Lukmançylygyň ösmegi lukmanlaryň aňyny we işini gyrgynçylykly uruşlara garşy, ynsanlaryň bilkastlaýyn, zorluk bilen ýok edilmegine garşy göreşe ugrukdyrýar.

Lukmançylygyň şöhratly ýol-ýörelgelerini özleşdirmek, geçmişiň görnükli lukman-alymlarynyň ömri we bitiren uly hyzmatlary bilen tanyşmak talyplarda – geljekki lukmanlarymyzda watansöýüjilik duýgusyny ösdürmäge we berkitmäge ýardam edýär. Şeýle hem bu ugurdan açyşlar we görnükli türkmen hem daşary ýurtly alymlaryň işleri bilen tanyşdyrýar.

Bu dersiň öwrenilmegi, onuň tebigy ylymlaryň ösüşindäki ornuna düşünmäge, talyplarda lukmançylyk ylmynyň döreýşiniň we ösüşiniň çylşyrymly ýagdaýyna baha bermäge esas döreder.

Talyplar lukmançylygyň taryhy dersini lukmançylygyň umumy hem-de hususy taryhy bölümleri boýunça öwrenerler.

Ders geljekki lukmanlarda adamkärçiligiň iň oňat sypatlaryny jemlemäge ýardam edýär. Dünýä lukmançylygynyň belli wekilleriniň ömrüniň we döredijiliginiň öwrenilmegi talyplarda dogruçyllygy, hoşniýetliligi, durnuklylygy, watansöýüjiligi we adamkärçiligi terbiýeleýär.

Lukmançylygyň umumy taryhy ylmy mekdepleriň taryhy, olaryň ugurlaryny, lukmançylygyň ösüşi bilen durmuş-ykdysady ýagdaýlaryň aragatnaşygy, öňdebaryjy pikirleriň gapma-garşy garaýyşlar bilen göreşi, ylmy taglymlaryň döreýşi, olaryň baş ugurlary hakynda düşünje berýär.

Taryhyň bölekleýin soraglary aýratyn lukmançylyk dersleriniň lukmançylyk ylmynyň aýratyn pudaklaryna degişli hususy taryhy-lukmançylyk maglumatlary umumy okuwda ýeterlik derejede giňişleýin beýan edilip bilinmeýär. Olar bilen tanyşdyrmak M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň aýry-aýry (anatomiýa, fiziologiýa, iç keselleri, hirurgiýa, pediatriýa, gigiýena) kafedralarynyň meselesi bolup durýar.

Lukmançylygyň taryhy dersinden talyplar lukmançylygyň görnükli wekilleriniň her biriniň bitiren hyzmatyna dogry baha bermegi we düşünmegi öwrenmelidirler. Bu ýerde dersiň meselesi olaryň ähli işiniň doly öwrenilmegi bolman, eýsem, olaryň hyzmatlaryndan iň esasylaryny ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Şunda olaryň gysgaça terjimehaly bilen bir hatarda ylma goşan goşandy, täzeligi, olaryň dünýägaraýşy we oý-pikirleri aýratyn öwrenilmäge mynasypdyr.

Umumy lukmançylyk taryhynyň meýilnamasyna laýyklykda, ilki bilen lukmançylygyň bütindünýä taryhy, Russiýa we Ýewropa lukmançylygy, şeýle-de Garaşsyz Türkmenistanyň lukmançylygynyň galkynyş döwri öwrenilýär.

Lukmanlary taýýarlaýyş döwründe, ilki bilen olaryň özbaşdak işlemek endiklerini ösdürmegi göz öňünde tutmak bilen, talyplara her bir işe döredijilikli çemeleşmegi, öwrenilýän hadysalary ulgamlaýyn barlamagy, kesgitli, aýdyň netije çykarmagy we lukmançylygyň taryhyna dogry baha berilmelidigi öwredilmelidir. Oňa bolsa talyplaryň okuw, barlag işleriniň dürli görnüşleri ýardam edýär (talyplaryň ýyllyk işleri, söhbetdeşlik, işjeň oýunlar, ylmy-amaly maslahatlar we ş. m.).

Okuw meýilnamasyna laýyklykda kesel bejeriş, pediatriýa, keselleriň öňüni alyş we stomatologiýa fakultetlerinde lukmançylygyň taryhyndan amaly sapaklar geçilýär. Amaly sapaklaryň esasy maksady talyplara ilkinji çeşmelerden, ýagny kitaplardan, arhiw maglumatlaryndan, usulyýet gollanmalaryndan peýdalanmagy we özbaşdak işlemek endiklerini öwretmekden ybaratdyr.

Talyplara lukmançylygyň taryhyny öwretmekde Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary», «Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy», «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» eserlerine hem-de «Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry milli Maksatnamasyna», «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna we «Ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» aýratyn orun berilýär.

## 1-nji bap

# LUKMANÇYLYGYŇ DÖREÝŞI. IŇ GADYMY DÖWRÜŇ LUKMANÇYLYGY

*Adamzadyň gelip çykyşynyň esasy basgançaklary. Ilkinji zähmet gurallary, oduň oýlanyp tapylyşy. Iň gadymy döwürde adamlaryň saglygyny goramagyň aýratynlyklary. Lukmançylygyň döreýşi, halk lukmançylygy, kesel hem-de saglyk baradaky düşünjeler. Zenanlar – ilkinji lukmanlar, dermanlaryň döreýşi barada maglumatlar. Enelik urugy döwründäki saglyk hem-de kesel barada düşünjeler we amaly lukmançylyk. Atalyk urugy döwrüniň aýratynlyklary, kesel barada düşünje, şol döwrüň lukmançylygy. Ilkinji adamlaryň keselleri, dermanlaryň we gigiýenanyň döreýşi barada. Hirurgiýada, lukmançylykda ilkinji amallar.*

## 1.1. Adamzadyň gelip çykyşynyň esasy basgançaklary

Adamzat biziň zamanamyzdan ýüzlerçe müň ýyl öň döräpdir. Ýewropanyň, Aziýanyň we Afrikanyň maýyl çygly klimatly sebitlerinde maýmynlara meňzeş ilkinji adamlaryň nesilleri ýaşapdyrlar. Olardan uzak wagtyň geçmegi bilen ösüşiň netijesinde adamlar kemala gelip başlapdyr.

Ilkinji adamlar Afrikanyň jeňňellerinde ýaşapdyrlar. Tebigy şertleriň üýtgemegi bilen adamlar dürli yklymlara, Aziýa we Ýewropa, wagtyň geçmegi bilen Amerika we Awstraliýa yklymlaryna ýaýrapdyrlar. Bu göçüşlere ýer ýüzünde bolup geçen birnäçe buzlaşmalar täsir edipdir. Bolup geçen tebigy üýtgeşmeler zyýanly täsir eden hem bolsa, wagtyň geçmegi bilen adamlar şol şertlere uýgunlaşyp, olary öz peýdasyna ulanmagy başarypdyrlar. Oňa mysal hökmünde, adamlaryň ortaça ömrüniň uzalmagyna we başga-da birnäçe durmuşy ýagdaýlara täsir eden oduň ulanylyp başlanmagyny aýtmak bolar.

Zähmet çekmegiň netijesinde, kem-kemden iň gadymy adamlaryň elleri çeýelenipdir. Ilkinji ýönekeý, gödek ýasalan zähmet gurallarynyň tapylmagy, iň gadymy adamlaryň maýmyndan ukyp, başarnyk taýdan köp derejede tapawutly bolandygyny görkezýär.

Olaryň zähmet çekmek ukybyna eýe bolan elleriniň ýerden saýlanyp, iş bilen meşgul bolmagy esasynda adamlar dikelip, göni ýöremäge endik edip başlapdyrlar.

Ilkinji adamlar süri (topar) bolup ýaşap başlaýarlar, ýöne olaryň öňki haýwanlaryň (ýagny adam şekilli maýmynlaryň) arasynda bolmadyk we bolup hem bilmejek arabaglanyşyk – zähmet boýunça baglylyk ýüze çykypdyr. Şeýlelikde, adamzat jemgyýeti emele gelipdir. Adamlaryň arasyndaky bilelikdäki zähmet aýry-aýry agzalardan durýan sözleşige getiripdir. Zähmet we sözleşmek adamlaryň kelle beýnisiniň has ösmegine ýardam edipdir.

Bu barada F. Engels «Tebigatyň dialektikasy» diýen işinde «Iki elleriniň, sözleýiş agzalarynyň we kelle beýnisiniň sazlaşykly işlemegi bilen adamlaryň diňe bir görnüşleriniň özgermegi däl, eýsem, olar jemgyýetiň hem has çylşyrymly wezipelerini berjaý etmäge, öňlerinde has ýokary maksady goýmaga we oňa ýetmäge mümkinçilik aldylar. Zähmet – bütin adamzat ösüşiniň ilkinji esasy şerti, özi hem bize mälim bolan manyda hökman aýdaýmaly derejede, ýagny: zähmet adamyň özüni döretdi» diýip, belläp geçipdir.

Daş asyrynda adamzadyň maddy we ruhy medeniýetiniň mundan beýläk ösmeginiň esasy goýlupdyr. Iň gadymy döwür adamy tebigy gurşawa örän güýçli baglylykda bolup, ýaşaýyş kynçylyklary bilen dyngysyz göreş esasynda ýaşapdyr. Tebigat hadysalaryny özüne tabyn etmek, diýseň haýal geçipdir, onuň esasy sebäbi-de bu meseläni çözmegiň hötdesinden gelmäge mümkinçilik bermeýän uçlandyrylan gyýçak daş we taýak ýaly zähmet gurallarynyň örän ýönekeý bolmagydyr.

Adamzadyň aňynyň ösmegi, kämilleşmegi üçin köp müňýyllyklar gerek bolupdyr. Neolit eýýamyna çenli adamlar ösümlikleri, olaryň miwelerini ýygnap we käwagtlar tötänleýin aw awlap iýmitlenipdirler, entek olarda geýmäge geýim, ýaşamaga ýer bolmandyr.

Iň gadymy döwür ilkinji adamlaryň dörän wagtyndan, synpy jemgyýeti döreýänçä bolan wagt aralygyny gurşap alýar. Bu döwre «daş asyry» hem diýilýär. Iň gadymy döwrüň jemgyýetçilik gurluşynyň taryhynda iň gadymy adamzat sürüsi eýýamy (aşaky paleolit) we iň gadymy garyndaşlyk jemgyýeti (ýokarky paleolit, mezolit we neolit) tapawutlandyrylýar.

Iň gadymy döwrüň jemgyýetiniň häsiýetli aýratynlygyna hususy eýeçiligiň we synplaryň ýoklugy degişlidir. Iň gadymy döwrüň jemgyýetiniň agzalary zähmet serişdelerini we jemgyýetçilik önümini paýlaşmaga deň hukukly bolupdyrlar.

Adamzadyň ösüş taryhyny öwrenýän alymlar iň gadymy döwür jemgyýetiniň taryhyny paleoantropologiýanyň, arheologiýanyň, etnografiýanyň maglumatlarynyň kömegi bilen öwrenipdirler. D.G. Rohlin öz işinde (1965) ilkinji adamlaryň dörän wagtyndan, olaryň häzirki zaman adamlarynyň derejesine çenli ösüşiniň, ýagny antropogeneziň dört tapgyrdan ybaratdygyny belläpdir:

Iň gadymy döwür adam sürüsi – antropoidler (million ýyl mundan ozal ýaşapdyrlar);

Maýmyn-adamlar (pitekantrop, sinantrop, geýdelberg adamy);

Neandertal adamy;

Häzirki zaman adamlary.

Maglumatlara görä, irki we giçki paleolit döwürleriniň çäklerinde (40. 000 – 35.000 ýyl mundan ozal) «iň gadymy adam sürüsi» ene nesline öwrülipdir. Şol sebäpli iň gadymy döwür jemgyýetinde iki döwür: enelik urugy we atalyk urugy döwürleri tapawutlandyrylýar (*1-nji surat*).



**1-nji surat. Iň gadymy döwür adamy – awstralopitek**



**2-nji surat. Iň gadymy döwür adamlarynyň miwe toplaýan pursady**



**3-nji surat. Iň gadymy döwür adamlary tarapyndan oduň ulanylyp başlanmagy**

Iň gadymy döwür adamlary başlangyç döwürlerde uly bolmadyk süri bolup ýaşapdyrlar, has uly toparlanyşyk iýmit üpjünçiligi üçin oňaýsyz bolupdyr. Toparlar biri-birleri bilen duşuşanlarynda, käbir ýagdaýlarda olaryň arasynda çaknyşyklar döräpdir. Köp toparlar sowuk howa şertleriniň ýa-da ýyrtyjy haýwanlaryň pidalaryna öwrülipdirler. Şeýle şertlerde bilelikde ýaşamak adamlar üçin ýeke-täk mümkin bolan hökmanylyga öwrülipdir.

Ot heniz oýlap tapylmanka adamlar diňe ösümlikler bilen iýmitlenip, ýagny tebigatyň taýýar «sowgatlaryny» iýip oňňut edipdirler (*2-nji surat*). Şol eýýamyň adamlarynyň uly üstünligine – «**oduň eldekileşdirilmegi**» degişli bolupdyr. Oduň ulanylyp başlanmagy bilen iň gadymy döwür adamlary tebigat bilen göreşde uly üstünlikler gazanypdyrlar. Olar ilki bilen tötänleýin, ýyldyrymdan dörän otdan peýdalanmagy öwrenipdirler. Şeýle edip alnan ody öçürmän, seresaplyk bilen saklapdyrlar. Diňe birnäçe müňýyllyklardan soňra adamlar sürtme netijesinde ot alypdyrlar. Özbaşdak «sürtülme ýoly bilen ot ýakyp almagy başaran pursadyndan beýläk, adam tebigy güýçlere tabynlygyndan üstün çykmaga mümkinçilik alypdyr we onuň haýwanat dünýäsinden düýpli aýrylmagyna getiripdir» diýip, F. Engels «Anti Dýuring» eserinde belläpdir.

Ot ilki bilen adamyň bellibir ýere we klimata baglylygynyň mejburlygyny azaldypdyr, oduň peýda bolmagy netijesinde adam özüniň ilkibaşdaky ýaşaýan ýerlerinden göçüp, has uzak ýerlere, ýeriň ýüzüne ýaýramaga başlapdyr. Ol hadysa bolsa, adamlaryň durmuş ýörelgesiniň üýtgemegine getiripdir. Ot ilki bilen adamlaryň iýmit düzüminiň özgermegine getiripdir *(3-nji surat).*

Adamlaryň ýeriň ýüzüne ýaýramagy bilen, iýmit önümleriniň halkasy giňäpdir. Ýaýramak derýalaryň boýunda dowam edipdir. Otda ýa-da közde bişirilen balyk olaryň ösümlikden başga iýmitine ilkinji goşulan nahar bolupdyr. Balyk awlamakdan başga-da adamlar

aw guşlaryny awlap başlapdyrlar. Edil şol döwürde adamlar ilkinji aw esbaplaryny: taýagy we daşdan ýasalan pyçagy, paltany, daşdan ýiti ujy bolan naýzany, oky we ýaýy oýlap tapypdyrlar. Ol ýaraglaryň **kämil bolmanlygy sebäpli** aw guşlaryny adamlar tötänleýin awlap bilipdirler. Iň gadymy döwür adamy ýaşaýşynyň dowamynda iýmit hökmünde balykdan başga-da, leňňeji we beýleki suw jandarlaryny hem peýdalanypdyr.

Zähmet we aw gurallarynyň **kämil bolmanlygy sebäpli**, ody ulanmagy başaran adamlaryň iýmiti soňra hem, esasan, ösümliklerden (miwelerden we köklerden) durupdyr. Bu ýagdaýy arheologik maglumatlar tassyklaýarlar. XIX asyryň ikinji ýarymynda we XX asyryň başlarynda Ýewropanyň dürli ýurtlarynda (Germaniýada, Belgiýada, Gibraltarda, Fransiýada we başg.) arheologlar tarapyndan enelik urugy döwrüne degişli bolan adamlaryň kelleçanagy tapylypdyr. Olaryň ilki tapylan ýeri Germaniýanyň Dýusseldorf şäheriniň ýanyndaky Neandertal jülgesi bolanlygy sebäpli, antropologlar ol adamlary «neandertal adam» diýip atlandyrypdyrlar.

Neandertal adamyň boýy pesräk (ortaça 160 *sm*), bedeni kuwwatly gurluşly, kellesi birneme ulurak, eglibräk durýan, kelleçanagy tekiz, maňlaýy aşagrak bolup, ýüzi öňe çykyp duran, gaşüsti ýaýy güýçli ösen bolup, aşaky äpet äňi ony ýyrtyja meňzedipdir. Aýaklarynyň we oňurgasynyň gurluşy olaryň eglibräk, ädimleriniň arasyny giňräk açyp ýöreýänliginden habar beripdir. Neandertallaryň agyz boşlugyndaky dişleri irimçik bolup, diş syrçasynyň ýüzüniň sürtülenligi has göze ilipdir. Antropologlar uzak möhletiň dowamynda ösümlikler bilen iýmitlenmegiň diş syrçalarynyň sürtülmegine sebäp bolýandygyny düşündiripdirler.

Oduň «boýun egdirilmegi» bilen adamlaryň maddy durmuşy özgeripdir. Olar naharyny oduň üstünde taýýarlap başlapdyrlar, krahmaldan bolan kökleri we düýplerini köze gömüp, balygy we haýwan etini otda bişirmegi öwrenipdirler hem-de önümçilik gurallaryny ýasapdyrlar.

Özüniň soňraky ösüşinde adam has kämilleşen gurallary ýasamaga ukyply bolupdyr, olar bolsa iri we äpet haýwanlary awlamaga

mümkinçilik döredipdir. Aw awlamak adamlara durmuşda gerek bolan serişdeleri: haýwanlaryň derisinden – egin-eşik, etinden – iýmit edinmäge mümkinçilik beripdir. Ol bolsa öz gezeginde F. Engelsiň belleýşi ýaly, «adamyň beýnisiniň ösmegine ýardam edipdir».

Köp müňýyllyklaryň dowamynda iň gadymy döwür adamlarynyň esasy zähmet gurallaryny daşdan, agaçdan we süňkden ýasandyklaryny (daş asyry) belläp geçipdik. Has soňra adamlar olary metallardan (magdanlardan), ilkinji nobatda, misden, soňra bürünçden (misiň we galaýynyň garyndysy), has soňraky döwürde bolsa demirden ýasamaga girişipdirler.

Peýkamyň we onuň okunyň oýlanyp tapylmagy aw awlamagy kämilleşdiripdir. Aw awlamak adamlaryň ýaşaýyş üçin maddy serişdeleri has köp ýygnamagyna ýardam beripdir *(4-nji surat)*. Awçylar käbir haýwanlary (itleri, ownuk we iri şahly mallary) eldekileşdirmegi öwrenipdirler.

Iň gadymy döwür jemgyýetiniň öndüriji güýçleriniň soňraky şowly ädimleriniň biri hem ekerançylygyň döremegi bolupdyr. Olar iýmäge ýaramly ösümlikleri ösdürip ýetişdirmegi özleşdiripdirler.

Iň gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşynda önümçilik gatnaşyklarynyň esasy bolup jemgyýetçilik eýeçiligi hyzmat edipdir. Şol döwrüň adamlarynyň önümçilik serişdelerine, ýere, zähmet önümlerine hususy eýeçilik düşünjesi bolmandyr.



**4-nji surat.**
**Aw awlanyş pursady**

Iň gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşynyň esasy ykdysady kanuny, iýmit önümleriniň we zähmet gurallarynyň bolanja mukdarynyň hem jemagatyň çäklerinde deňeçer paýlanmagyndan ybarat bolupdyr.

Ol döwürde durmuş üpjünçiligini gazanmagyň serişdesi bolup daşdan ýasalan gurallar, soňra bolsa peýkam we onuň oklary hyzmat edipdir. Tebigy güýçler we ýyrtyjy haýwanlar bilen göreşde ýeňiş gazanmak diňe köpçüligiň gatnaşmagynda mümkin bolup-

dyr. Köpçülikleýin zähmet çekmek önümçilik gurallaryna we serişdelerine umumy eýeçiligi berkarar edipdir, şol zamanlar önümçilik serişdelerine hususy eýeçilik bolmandyr. Adam adamy ezmändir. Iň gadymy döwür jemgyýeti synpsyz bolupdyr.

## 1.2. Zenanlar – ilkinji lukmanlar, dermanlaryň açylyşy barada maglumatlar

Önümçilik gurallarynyň kämilleşdirilmegi bilen zähmet bölünişigi ýüze çykypdyr. Onuň iň sada görnüşi zähmetiň ýaşa we jynsa görä: erkekleriň we aýallaryň, uly adamlaryň, çagalaryň we garrylaryň arasynda tebigy bölünmegidir. Erkekleriň aw awlamaga, aýallaryň bolsa iýmit üçin ösümlikleri ýygnamaga we öý hojalyk işlerine ýöriteleşmegi zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna getiripdir.

Iň gadymy döwürde hojalygynyň döremegi we ilatyň artmagy bilen jemgyýetde tire-taýpa gurluşy emele gelipdir. Adamlar bilelikde zähmet çekmek üçin, diňe öz garyndaşlary bilen bileleşipdirler. Maşgala-garyndaşlyk gatnaşyklary jemgyýetiň taryhynyň bu döwründe önümçilik gatnaşyklarynyň görnüşi hökmünde ýüze çykypdyr.

Garyndaşlyk gurluşynyň ilkinji basgançagynda, maşgalada zenan agalyk ediji orny eýeläpdir, bu bolsa şol jemgyýetiň maddy şertlerinden gelip çykypdyr. Garyndaşlyk arabaglanyşygy ene tarapyndan hasaplanypdyr. Tire-taýpa jemgyýetiniň çäkleri dar bolup, onuň düzümine diňe bir aýalyň nesilleri giripdir. Bu enelik urugy nesil gurluşynda bolupdyr.

Iň gadymy döwürde enelik urugy jemgyýetçilik gurluşy özüniň gülläp ösüşine eýe bolupdyr. Nesilbaşy – zenan öý-ojagyň goraýjysy bolupdyr. Aýalyň zähmeti, esasan, iýmit-nahar taýýarlamak, egin-eşigi tikmek bilen bagly bolupdyr. Bulardan başga-da aýallaryň we ýetginjekleriň borjy iýmäge ýaramly ösümliklerden iýmit önümlerini (ir-iýmişler, miweler, kökler) ýygnamakdan we taýýarlamakdan ybarat bolupdyr. Aýallar iýmäge ýaramly otlary we ösümlikleri, kökleri, şeýle-de zäherli ösümlikleri hem tanapdyrlar.

Arheologlar tarapyndan gadymy döwürde adamlarynyň umumy ýaşan ýerleri Ýewropanyň çäklerinde köp ýerde tapylypdyr. Ol

ýerlerde ýaşaýyş jaýlary «ýerasty küme» görnüşinde, içki diwarlary agaçdan, daşdan ýa-da mamontlaryň pilçe süňkünden örülen bolupdyr, olarda 50–100-e çenli adam bile ýaşapdyr. Iýmit saklanýan ýörite otaglardan atlaryň we mamontlaryň awlanandygyna şaýatlyk edýän, şol haýwanlaryň derisi we süňkleri tapylypdyr. Gagarino obasynda 7 mamontyň, 3 nosorogyň, bir öküziň, köpsanly tilkileriň we towşanlaryň derileri, Gomel oblastynyň Berdyž obasynda 35 mamontyň, Morawiýada 1000-den az bolmadyk mamontyň galyndylary tapylypdyr.

Ýewropanyň birnäçe ýerlerinde gazuw-agtaryş işleri geçirileninde enelik urugy döwrüne degişli 80-den gowrak adam galyndylary tapylypdyr. Ol adamlaryň galyndylary ilkinji bolup Kromanýon (Fransiýa) gowagynda tapylanlygy üçin, şol eýýamyň adamlaryny «kromanýon adamy» diýip atlandyrypdyrlar.

Neandertal adamyndan tapawutlylykda kromanýonlar – uzyn boýly, eginlek adam bolupdyr. Kelleçanagy öňki ýasylygyny (ýazgynlygyny) ýitiripdir, maňlaýy ýokary, ýüzi öňe çykyp durman, gysgalan burny öňe çykan, «bürgüt sypat», gözleri burun üstüne ýakyn ýerleşen bolupdyr. Kelleçanagyň ösüşi ýüzüň hasabyna bolup geçipdir. Kromanýon kysymly adamlar Demirgazyk Amerikada we Kanar adalarynda ýaşapdyrlar. Olar peýkam bilen onuň okuny oýlap tapypdyrlar diýlip hasaplanylýar. Aw awlamak bilen adamlaryň durmuşy düýbünden üýtgäpdir, indi olaryň ösümliklerden we haýwanlardan alynýan iýmitleri elmydama ýanlarynda bolupdyr.

Iň gadymy döwrüň jemgyýetinde (biziň eramyzdan 25–30 müň ýyl ozal) aýallaryň has ýokary derejeleri eýelänligine, Pireneýden Baýkala çenli aralykda arheologlar tarapyndan tapylan aýal şekilli heýkeljikler şaýatlyk edýärler. Şeýle heýkeljikler Pribaýkalýede, Woronežiň eteginde (Kostenkoda), Donuň ýokary akymlarynda (Gagarinoda), Kurskiň eteginde (Awdeýewkada), Türkmenistanda (Merwde, Dehistanda), Fransiýada, Belgiýada, Italiýada, Germaniýada, Aşaky Awstriýada tapylypdyr. Aýal şekilleri, paleolit eýýamynyň sungatynda uly rol oýnapdyr. Dürli halklaryň arasynda nesilbaşy bolan zenanlaryň hatyrasyna köpsanly heýkeller taýýarlanypdyr. Arheologlar ol heýkellere «daş aýallar» diýseler, slawýan halklarynda olara «goragçy» diýlipdir *(5, 6-njy suratlar).*



**5-nji surat. Daşdan ýasalan aýal şekilleri**



**6-njy surat. Gadymy Merwden tapylan toýundan ýasalan aýal şekilleri**

Iň gadymy döwür jemgyýetiniň ahyrky döwründe adamlar aw awlamak, küýzegärlik, metallary işläp bejermek, ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

## 1.3. Atalyk urugy döwrüniň aýratynlyklary

Giçki paleolit we mezolit döwürleriniň iň gadymy jemgyýetçilik gurluşynda garyndaşlyk *atalyk urugy* döwrüne geçipdir. Bu döwrüň özüne mahsus häsiýetlerine: ekerançylyk ojaklarynyň döremegi, awçylygyň ösdürilmegi, haýwanlaryň eldekileşdirilmegi degişlidir. Maşgalanyň döremegi bir atadan bolan nesilleriň hasabyna dowam edipdir, zähmet bölünişigi başlapdyr. Erkek adamlar awçylyk, maldarçylyk, ekerançylyk bilen, zenanlar bolsa – öý hojalyk işleri bilen meşgullanypdyrlar. Atalyk urugy döwründe önümçilik serişdelerine hususy eýeçilik emele gelipdir. Adamlar mis, kümüş, altyn ýaly metal önümlerinden gurallary ulanyp başlapdyrlar. Önüm artyp başlapdyr. Alyş-çalyş söwdasy döräpdir we giňäpdir. Maşgalanyň orny artypdyr, hususy eýeçilikde haryt deňsizligi ýüze çykypdyr. Birnäçe maşgalalar taýpa birigipdirler, taýpa bolsa, özüne erkek adamy ýolbaşçy saýlapdyr we ol wezipe nesilden-nesle geçipdir.

Arheologik maglumatlara görä, ekerançylyga we maldarçylyga Demirgazyk Ýewropada, Palestinada biziň eýýamymyzdan öň IX–VII asyrlarda, Türkmenistanda, Müsürde, merkezi Ýewropada VI–V müňýyllyklarda geçilipdir.

Ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanyp, adamzat öz ösüşinde ýene bir ädim ädip, synpsyz jemgyýetden synply jemgyýete geçipdir. Atalyk urugy döwründe bürünçden ýasalan pyçak-gaýçylar hirurgiýanyň ilkinji ädimlerinde özleriniň ulanylyşyny tapypdyr. Küýzegärligiň ösmegi bilen, adamlar küýzede diňe nahar taýýarlaman, eýsem, derman serişdelerini, dürli bejeriji melhemleri hem taýýarlapdyrlar. Çopançylyk edip mal bakylýan wagtynda birnäçe ösümlikleriň dermanlyk häsiýetleri (agyry aýryjy, iç sürüji, gaýtardyjy we başg.) anyklanylypdyr.

Atalyk urugy döwründe adamlar öz tire ýolbaşçysyny örän hormatlapdyrlar. Oňa bagyşlap baýramçylyk dabarasy gurnalypdyr. Ýogalandan soňra, ony ýatlap, hatyralap durupdyrlar.

Ilkinji lukmançylyk kömeginiň, umuman, lukmançylygyň haçan başlananlygy anyk-aýdyň mälim däldir. Ýöne has giňden ýaýran ylmy garaýyş boýunça, lukmançylyk – adamyň dörän döwri bilen bir wagtda ýüze çykypdyr diýlip hasaplanylýar (Ý. P. Lisisyn, 2008 ý.). Bu gipotezany goldap diňe taryhçy-hünärmenler däl, eýsem, lukmanlar hem telim sapar çykyş edipdirler. Beýik rus fiziology I. Pawlow bu barada «Lukmançylyk işi – ilkinji adamyň ýaşytdaşydyr» ýa-da «Lukmançylygyň taryhynyň başlangyjyny ol barada ýazuwyň ýüze çykan döwründen hasap etmek adalatsyzlyk bolardy» diýip ýazypdyr.

## 1.4. Enelik urugy döwrüniň lukmançylygy

Keselleri bejermek adamlaryň has gadymy we wajyp bolan mätäçliklerine degişlidir.

Arheologiýanyň we etnografiýanyň maglumatlaryna görä, käbir kesel bejeriş usullary iň gadymy döwürde jemgyýetiň enelik urugy döwründe adamlar tarapyndan işlenip düzülipdir. Köp alymlar şol döwürde bejeriji täsirli ilkinji dermanlyk ösümlikleriň (belladonna, gök nar, temmäki, žençen, hindi meňi we başgalar) synamak (empiriki) arkaly ýüze çykarylandygyny belläpdirler.

Alymlaryň aglabasy maşgalanyň we onuň agzalarynyň her biriniň saglygynyň aladasyny edýän zenandyr diýip çaklapdyrlar.

Iň gadymy döwürde saglygy goraýyş kömeginiň diňe bir görnüşi – halk lukmançylygy hyzmat edipdir. Synlamak arkaly gaza-

nylan gigiýeniki kadalar we endikler şol wagtlar öz peýdasyny beripdir. Enelik urugy döwründe ösümliklerden we haýwanlardan alynýan serişdeleriň bejeriji täsiri hakynda tejribe toplanyp, ol halk lukmançylygynyň esasy özeni bolup hyzmat edipdir.

Iň gadymy döwürde toplanan lukmançylyk tejribesiniň soňra lukmançylyk biliminiň esasy bolandygyny aýtmak mümkin. Şol döwürde adamlarda dürli keseller ýüze çykypdyr. Antropologlaryň şaýatlyk etmegine görä, tapylan süňk galyndylarynda rahitiň, inçekeseliň, merezýeliň, kanseriň, rewmatizmiň, dürli şikesleriň we ş.m. keselleriň yzy duş gelipdir. Ol döwürlerde adamlar köplenç ýokanç kesellerden ýogalypdyrlar.

Adamlaryň uzak ýyllaryň dowamynda ösümlikler bilen iýmitlenmegi olaryň hut özleriniň tejribesinde köp müňýyllyklaryň dowamynda ösümlikleriň täsirini ynsan saglygyna synag edendiklerini görkezýär. Olar ösümlikleriň iýmite ýaramlylygyny, bejeriş we zäherli häsiýetlerini ýüze çykarypdyrlar we tapawutlandyrmagy başarypdyrlar. Ilki bilen bejeriş häsiýetli ösümlikler diýlip agyry aýryjylar hasaplanylypdyr, soňra iýmit siňdiriş ýollaryna gyjyndyryjy täsiri bolanlar saýlanylypdyr, şol döwürlerde gyrymsy ösümlik «kokanyň» oýandyryjy täsiri anyklanylypdyr, opiý çigildeminiň, temmäkiniň, hindi meňiniň agyrysyzlandyryjy we keýp beriji häsiýetleri belli edilipdir. Bu ady agzalan dermanlyk ösümlikler gadym zamanlarda kesel bejermek üçin giňden ulanylypdyr.

Ilkinji bejeriş häsiýetli ösümlikleriň tapylmagy özboluşlydyr, ýagny adam iýmit gözläp, otlara gabat gelipdir we ol ýa-da beýleki ösümligiň bejeriş häsiýetini anyklapdyr. Gaýtardyjy we iç sürüji häsiýetli ösümlikler barada bilipdirler hem-de hemmelerden öň durmuşda gabat gelýän şikeslere, agyrylara, keselleriň dürli alamatlaryna we zäherlenmä garşy olary ulanmagy öwrenipdirler. Gadym zamanlardan bäri aýallara dogrum döwründe kömek beripdirler, göbegi kesmek hem-de çaganyň ýoldaşyny (plasentany) bölüp almak barada gerekli maglumatlary toplapdyrlar. Aýallar dürli dermanlyk ösümlikleri, ýagny bejeriş serişdelerini gorap saklamagy başarypdyrlar, kesellän wagtlarynda derlemegiň, gyzgyn suwuň, oduň ulanylmagynyň tarapdary bolupdyrlar.

Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä, bu meselede ilkinji aňlaşylyp gazanylan tejribäni toplamaga aýallar başlapdyrlar. Kesel bejeriş işlerini aýallaryň öz üstlerine almagyna, **matriarhat** eýýamynda aýallaryň jogapkärçilikli ýagdaýy sebäp bolupdyr. Olar maşgalasyna, garyndaşlaryna we bütin tiresine ýolbaşçylyk edendikleri sebäpli, öz garyndaşlarynyň durmuşyny, saglygyny we abadançylygyny goramaly bolupdyrlar.

Nesilbaşy aýallar öz döwründe uly hormat-sylaga mynasyp bolupdyrlar. Gadymy slawýanlar halk eposlarynda aýal maşgalany hormatlap, «Goraýjy» diýip atlandyrypdyrlar. Aýdylmagyna görä, aýallar ilkinji bolup keselleri bejerip başlapdyrlar. Halk arasynda ezber we ady belli lukmanlar hökmünde ilki bilen aýallaryň (Müsürde «akylly» Polidamna, Gresiýada «altyn gulpakly» Agameda, Çehiýada «akylly» Kaza, Kiýew Rusunda – Marina (Ilýa Muromesiň tebibi) we başg.) atlary tutulypdyr.

Awçylygyň ösmegi bilen **matriarhat** döwründe keselleri bejermegiň tejribesi hem özgeripdir. Bu döwürde adamlarda fantastiki düşünje döräpdir. Olar öz tiresiniň ilkinji tirebaşysy hökmünde bellibir haýwana uýupdyrlar. Ol haýwanlary «totem» (amerikaly indeýler), ýagny «meniň neslim» diýip atlandyrypdyrlar *(7-nji surat)*. Şeýle ýagdaý Afrikada, Awstraliýada, Aziýada barha giňden ýaýrapdyr. Hytaýda we Tibetde ilkidurmuş jemgyýetinde «Pao» atly maýmyny öztirebaşysy hasaplan adamlar ýaşapdyrlar. Maýmynlary tirebaşy hasaplan jemgyýetler Hindistanda we Müsürde hem ýaşapdyrlar.



**7-nji surat.**
**Totem sütünleri**

Adamlaryň haýwanlar baradaky bu fantastiki dünýägaraýyşlary, olarda dörän keselleri bejermek tejribesi bi-

len bagly bolupdyr. Ýagny tirebaşy bolan totem haýwan olary her hili ýowuzlyklardan we kesellerden goraýar diýlip hasaplanylypdyr. «Totem» bolan haýwany «bejeriji haýwan» diýip, kanunalaýyk hasaplapdyrlar. Ol haýwanyň hormatyna, olaryň şekilleri çekilen sütünleri öz ýaşaýan ýerlerinde giň meýdançada bina edipdirler («totem belgisi»), olaryň şanyna baýramçylyklary («aýy baýramçylygy» sahalinli gilýaklarda, Demirgazyk amerikan indeýlerde) gurnapdyrlar. Ol lukmançylyk döwür «Totemizm» diýlip atlandyrylypdyr.

Awçylyga geçilen döwürdäki haýwanlara uýmak däp-dessury dini häsiýetli bolmandyr. Arheologlar we etnograflar biragyzdan ilkidurmuş awçylarynyň din barada düşünjeleriniň bolmanlygyny tassyklaýarlar.

«Totem» haýwanyň tiräniň, urugyň saglygynyň goraýjysy bolmalydygy baradaky düşünje, awçylyk hojalygynda has-da ösdürilýär, her tiräniň, urugyň öz goraýjy haýwany bolanlygyndan başga-da, onuň her bir agzasynyň hem özbaşyna haýwan-goraýjysy bolupdyr. Demirgazyk amerikaly indeýlerde ol haýwan «manitu» (terjimesi «derman») diýlip atlandyrylypdyr (E. Teýlor). «Manitu» derman hökmünde iki hili: bir ýagdaýda – adam öz «manitusyny» iýmek üçin we beýleki ýagdaýda – bedeniň daşky tarapy üçin peýdalanypdyr. Iýmek üçin köp ýagdaýlarda ol haýwanyň organlaryny, ganyny we külüni ulanypdyrlar. Daşky görnüşde ol haýwanyň ýagy endama ýa-da agyryly, şikesli ýere çalnypdyr. Ikinji ýagdaýda manitu-haýwan özboluşly tumar hökmünde hem ulanylypdyr. Awçy öz «manitusynyň» şekilini agaçdan, süňkden ýa-da daşdan ýasapdyr we ony elmydama öz ýanynda göteripdir. Käbir taryhçylar iň gadymy döwür adamlarynyň kakadylan (guradylan) kiçi haýwanlary (tumar) öz ýany bilen götermek däbini yrymçyllyk («fetişizm») diýip atlandyrypdyrlar. Tumary dakynmak hem yryma öwrülipdir.

Olar haýwandan alynýan ýagyň, ödüň, deriniň, süňküň külüň, ganyň, bagryň we başgalaryň bejeriji täsirini açypdyrlar. Enelik nesil maşgalalarynyň köpüsinde haýwanlar barada saglygy goraýjy we berkidiji diýlen düşünjeler döräpdir. Ol düşünjeler boýunça Gresiýada – geçä, Sibirde – aýa, Hindistanda – sygra saglygy saklaýjy we maşgalany gözden-dilden goraýjy hökmünde garapdyrlar. Soňky döwürlerde hem zenanlar köp kesellerden goranmak üçin ýylanyň,

guşlaryň, beýleki haýwanlaryň şekilleri bolan şaý-sepleri we doga-tumarlary dakynypdyrlar.

Awçylyk hojalygy döwründe keselleri bejermegiň şeýle tejribesi bilen bir hatarda, elbetde, öňküleri ýaly dermanlyk ösümlikler we otlar bilen bejermegi hem dowam etdiripdirler.

## 1.5. Atalyk urugy döwrüniň lukmançylygy

Adamlaryň awçylyk hojalygyndan maldarçylyga geçilmegi bilen iň gadymy döwür jemgyýetiniň gurluşynyň lukmançylygy hem özüniň ösüşini dowam etdiripdir.

Bu döwürde lukmançylygyň ösmegine:

– küýzegärligiň döremegi we toýun palçykdan ýasalan gaplaryň nahar bişirmäge we kesel bejeriş melhemlerini taýýarlamaga mümkinçilik bermegi;

– metallary (mis, galaýy, gurşun, kümüş, altyn) gyzdyryp eretmek we olaryň arassa görnüşlerini almak, hirurgik gurallary we esbaplary ýasamak üçin bürünjiň (galaýy bilen misiň goşundysy) peýda bolmagy uly ýardam edipdir.

Lukmançylygyň, ylaýta-da dermanlyk otlaryň öwrenilmeginiň mundan beýläk ösdürilmegine çopançylyk ýardam edipdir. Çopanlar ösümlikleriň haýwanlara täsirine gözegçilik edipdirler we özleriniň gözegçilikleriniň netijelerini adamlarda kesel bejermekde ulanypdyrlar. Gadymyýetiň taryhyny öwreniji Gerodotyň ýazmagyna görä, şol döwürde çopanlar täze bejeriji häsiýetli dermanlyk ösümlikleriň birnäçesini açypdyrlar.

Melampiý çopan çemerisa otunyň (*Herba Helleborus s. Veratru*) iç sürüji täsirini, Hiron çopan (Kentawr) – altyngül (*Herba Centanri*) otunyň ýaralary bejeriji täsirini aýan edipdir. Olar eldekileşdirilen haýwanlarda uzak gözegçiligiň netijesinde ösümlikleriň bejeriş täsirlerini öwrenmegi başarypdyrlar.

Çopançylyk hirurgiýanyň ösmegine güýçli itergi beripdir. Toplanan faktlara görä, çopan öz bakýan mallaryna ýygy-ýygydan hirurgik kömegini bermeli bolupdyr (mallary ýyrtyjy haýwanyň zeperlemegi, özleriniň biri-birleri bilen başa-baş söweşip, şikes almagy we başg.). Bu ýagdaýlaryň ählisinde-de çopan kömege gelipdir. Şeýlelikde,

hirurgiýanyň usullaryny ele alypdyrlar, soňra bolsa olary adamlarda peýdalanypdyrlar. Käbir taryhçy alymlaryň pikirine görä, şol döwürlerde ilkinji kesar kesimi operasiýasyny çopanlar özleriniň bakýan mallarynda ýerine ýetiripdirler.

Örän gadymy operasiýalaryň hataryna mallarda geçirilen biçmek (kastrasiýa) operasiýasy hem giripdir. Gürrüňsiz, bu usul maldarçylyk döwründe çopanlaryň haýwanlarda geçiren hirurgik operasiýasynyň tejribesinden alnypdyr. Awstraliýalylar haýwanlaryň aýaklarynyň döwük-ýenjiginde we bogunlarynyň çykygynda immobilizasiýany ulanmagyň tejribesini soňra adamlarda ulanypdyrlar.

Maldarçylyk hojalygy döwründe wariolizasiýanyň (mama keseline garşy sanjymyň) ulanylanlygy barada käbir maglumatlar bar. Ol usuldan mama keseliniň ýaýramagynyň garşysyna amerikaly indeýleriň anaşti taýpasynda, Afrikada, Eýranda, Hytaýda peýdalanylypdyr. Mamanyň gabarçagyndan alnan iriňi elleriň we aýaklaryň dürli ýerine hem-de derä sürtüpdirler. Eger-de şundan soňra kime kesel ýokuşsa, olarda kesel uzaga çekmändir we ýeňil geçipdir. Hytaýlylarda we siamlylarda wariolizasiýany mama keselini ýeňil görnüşde geçiren näsaglaryň endamyndaky ýaralaryň üstki kesmeklän örtüginden edilen tozgany (strup) sagdyn adamyň burnuna üflemek bilen geçiripdirler.

Adamlaryň durmuşynyň özgermegi bilen baglylykda lukmançylygyň taryhynda düýbünden täze, çylşyrymly sorag, ýagny keselleriň sebäbine düşünmek soragy ýüze çykypdyr. Adamlaryň öz ýaşaýyş-durmuşynda ösümlikleri iýmit üçin ýygnamakdan awçylyk hojalygyna geçmegi, olara öň görülmedik baýlygy eçilipdir, baýlygyň has-da köpelmegi maldarçylyga geçilende ýüze çykypdyr. Şeýle ýagdaý adamlaryň aňynda we ykdysadyýetde rewolýusion öwrülişige getiripdir.

F. Engelsiň bellemegine görä, «öý haýwanlarynyň eldekileşdirilmegi we sürüleriň köpelmegi şol döwürde görlüp-eşidilmedik baýlyk çeşmeleriniň döremegine getiripdir. Ol baýlyklar taýpa degişli bolupdyr».

Eýeçiligiň erkek adamyň elinde jemlenmegi, nesle geçirmek atasynyň nesliniň üsti bilen dowam etdirilipdir. Şeýlelikde, enelik urugy döwri öz ornuny atalyk urugy bilen çalşypdyr.

Totem sütünleriň başyna öňler dürli totem haýwanlaryň kelleleri goýlan bolsa, indi ol ýeri erkek adamyň heýkeli bezäpdir. Bu gyzykly hadysany etnograflar Demirgazyk-Gündogar Sibiriň kenarlaryna ýakyn ýerleşýän Wrangel adasynyň ýaşaýjylarynda ýüze çykarypdyrlar. Şu dünýägaraýşa laýyklykda keselleri bejermäge patriarhat döwrüniň adamlarynyň öz düşünjeleri bolupdyr. Ata-babalarynyň ruhuna sylaşyksyz garaýşy bolan adam keseliň döremegine sezewar bolýar, ýagny bedenine atalaryň gaharly ruhunyň aralaşmagy sebäp bolýar diýip düşünipdirler. Nesilbaşynyň ruhuny ynjydanlygy sebäpli adamlar syrkawlapdyrlar diýen düşünje döräpdir. Ol döwrüň tebipçiliginiň esasy maksady, näsagyň bedeninden pederleriň ruhuny çykarmaga gönükdirilipdir. Olar bedene aralaşan «gaharlanan atalarynyň ruhuny» razy etmek üçin olaryň ruhuna sadaka beripdirler, aýdym aýdypdyrlar we saz çalypdyrlar, ýalbaryp, ýagşy dilegler edipdirler. Eger-de nesilbaşynyň ruhy näsagyň bedeninden çykmasa hem-de näsag sagalmasa, onda başga usullar, ýagny: gorkuzmak, gykylyklamak, aç saklamak, ot basmak, gan aldyrmak, taýak bilen urup bejermek ýaly usullary hem ulanypdyrlar. Käbir tebipler adamyň süňňüne ornaşan gaharly jynlary kowmaga çemeleşipdirler. Olara «şamanlar», türkmenlerde bolsa «porhanlar» diýipdirler (*8-nji surat*).

Olaryň bejeriş usullaryna kelleçanagy deşmek hem degişli (trepanasiýa) bolupdyr. Ýuwaş ummanynyň Uweý adalarynyň tö-



**8-nji surat. «Şaman» tebibinin şekili**



**9-njy surat. Gadymy döwürde kelleçanakda geçirilen trepanasiýa operasiýasy**

wereginde şeýle bejergä sezewar edilen adamlaryň kelleçanaklary tapylypdyr. Trepanasiýa edilen kelleçanaklar Demirgazyk Amerikada, Afrikada, Täze Kaledoniýada, Ýewropada (Portugaliýada, Fransiýada, Belgiýada, Bogemiýada) gazuw-agtaryş işleri geçirilende tapylypdyr. Çikagonyň we Gamburgyň antropologik muzeýlerinde bu kelleçanaklaryň uly ýygyndysy saklanýar (*9-njy surat*).

Şol döwürde peýdalanylan usullaryň hataryna damary çirtmek, ýagny gan aldyrmak degişli bolupdyr. Gany aýyrmak üçin tebipler haýwanyň şahyny, balyk süňküni, gamşy ulanypdyrlar. Ata-babalaryň ruhuny näsagyň bedeninden çykarmagyň ýene bir usuly – sorup çykarmak bolupdyr. Çippeweý taýpasyndan bolan indeýler onuň üçin gamyş turbajygy ulansalar, Demirgazyk Afrikada ýaşaýan gausa taýpasyndan bolan garaýagyzlar gäwmişiň (buýwolyň) şahyny ulanypdyrlar (şahyň esasyny agyryly ýa-da şikesli ýere goýupdyrlar, ujuny deşip, sormaga ýer goýupdyrlar). Sorulan ýere gan öýüpdir, şol sebäpli keseliň bedenden çykmagy üçin ol ýeri kesipdirler (dilipdirler). Bu usul häzirki döwürde näsagyň arkasyna aýna bankajyklaryň goýulmagyna meňzeýär (ýa-da onuň ilkinji görnüşi bolaýmagy ähtimal).

Iň gadymy döwür adamlary, gyňyr ruhlaryň adamyň bedenine iýmit bilen düşýänligine ynanypdyrlar, şol sebäpli hem olar näsaglara dürli gusduryjy melhemleri we dermanlary beripdirler, käbir ýagdaýlarda, näsagyň burnuna burç dykypdyrlar.

Lukmançylygyň taryhy üçin iň gadymy döwürde ýaşan adamlarda duşýan keseller wajyp ähmiýete eýe bolupdyr. D. Rohliniň aýtmagyna görä, şol döwrüň adamlarynyň süňklerinde we daýanç-hereket ediş agzalarynda süňk-bogun inçekeseli, merezýelden zeperlenmeler, sowuk almagyň alamatlary, podagra, rahit, osteomiýelit we beýleki kesellerde bolýan üýtgemeler köp gabat gelipdir. Süňklerde kanseriň metastazy, howply täze döremeleri, weneriki kesellerıň alamatlarynyň yzlary tapylypdyr.

Iň gadymy döwür lukmançylyk kömeginiň diňe bir görnüşi – halk lukmançylygy (tebipçiligi) bolupdyr.

Halk gigiýenasy – halk lukmançylygynyň has irki bölümleriniň biridir. Empiriki ýol bilen işlenip düzülen gigiýeniki düzgünler we endikler has soňraky döwürlerde hem giňden peýdalanylypdyr.

Şeýlelikde, keselleri bejermek adamlaryň iň gadymy isleglериniň we talaplarynyň biri bolupdyr. Lukmançylyk aýry şahsyýetleriň däl--de, iň gadymy döwür jemgyýetinde adamlaryň köpçülikleýin tagallalary netijesinde ýüze çykypdyr.

Lukmançylygyň ýüze çykmagy iň gadymy döwür adamlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleri bilen baglanyşykly bolupdyr diýip, häzirki zaman alymlary hasap edýärler.

Iň gadymy döwrüň adamlary ösümliklerden köpsanly derman serişdelerini açypdyrlar, käbir hirurgik usullary (kesar kesimi, wariolýasiýa, biçmek (kastrasiýa), döwük-ýenjiklerde immobilizasiýa) işläp düzüpdirler, häzirki zaman lukmançylyk bankasynyň sada görnüşini taýýarlapdyrlar.

Iň gadymy döwrüň lukmançylygy owalbaşdan adamyň ykbalyna gyňyr ruhlaryň gatyşmagyna esaslanan düşünjelere bagly bolupdyr (öň ýogalan atalarynyň ruhy diýlip düşünilipdir). Şol sebäpli, iň gadymy döwür lukmançylygynyň esasynda animizm (anima – ruh sözünden) düşünjesi bolupdyr diýip taryhçylar belleýärler.

Iň gadymy döwür lukmançylyk işiniň esasynda ýönekeý instinktiw hereketler durupdyr diýip güman etmek bolar, özüniň häsiýeti boýunça iň gadymy döwür adamynyň bu ugurdaky hereketleri (aşgazanda agyrlyk duýsa, gaýtarmak üçin ot-çöp iýip, özüniň aşgazanyny boşadypdyr, endamyna çümen agajyň bölegini ýa-da tikenini öz elleri bilen aýyrmaga çalşypdyr ýa-da gan akýan ýerine basyp, gan akmasyny durzupdyr) ýönekeýje usullar arkaly amala aşyrylýan sada lukmançylyk kömeginden ybarat bolupdyr. Lukmançylyk taryhynyň obýektiw barlaglarynyň görkezişi ýaly, lukmançylykda müňýyllyklaryň dowamynda baý tejribe toplanylyp, wagt synagyndan geçirilipdir. Iň gadymy döwür adamlary lukmançylyk düşünjelerini öz-özleri toslap tapman, eýsem, özlerini gurşap alýan tebigatdan tejribe arkaly alypdyrlar.

## 2-nji bap

# GADYMY DÖWÜR LUKMANÇYLYGY. GADYMY GÜNDOGAR ÝURTLARYNYŇ LUKMANÇYLYGY

*Gadymy jemgyýetiň lukmançylygynyň aýratynlyklary. Halk lukmançylygynyň ösüşi. Wawilonda we Assiriýada lukmançylygyň döreýşi, Hammurapiniň kanunlary. Gadymy Müsüriň lukmançylygy, adamyň jesediniň balzamirlenmegi, Ebersiň, Brugşyň we Edwin Smitiň papiruslary barada maglumatlar. Gadymy Hytaýyň lukmançylygy: lukmanlar barada ilkinji çeşmeler; «In» we «Ýan» düşünjeleri; iňňe sançma, moksa, owkalama we «gapma-garşy» bejeriş usullary hakynda. Gadymy Hindi lukmançylygy: «Aýurweda», «Mahabharata», «Ramaýana» ýazuw ýadygärliklerinde lukmanlar barada; Manu kanunlary, hirurgiýanyň ösüşi; alawly çişmegiň nusgawy häsiýetnamasy, lukmanyň ahlagy we borçlary.*

## 2.1. Gadymy jemgyýet lukmançylygynyň aýratynlyklary

Iň gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşynyň dargap barýan şertlerinde gadymy jemgyýet gurluşynyň emele gelmegi kanunalaýyk hadysa bolup, ol iň gadymy döwür jemgyýetine garanyňda öňe tarap bir ädim bolupdyr. Gadymy jemgyýet gurluşy önümçiligiň we öndüriji güýçleriň ösdürilmegine giň mümkinçilikleri açypdyr. Gadymy jemgyýet gurluşynda ilat erkin adamlara, gul eýelerine we gullara bölünipdir. Erkin adamlar ähli: raýat, emläk, syýasy hukuklardan (aýallar hasaba alynmandyr) peýdalanypdyrlar. Gullar bolsa ol hukuklardan mahrum edilipdir hem-de olara erkin adamlaryň hataryna girmek gadagan bolupdyr. Erkin adamlar iri ýer eýelerine (şol sanda gul eýeleri) we ownuk önüm öndürijilere synpyna (daýhanlara, senetçilere) bölünipdirler. Ruhanylar gadymy jemgyýet döwründe esasy roly oýnap, öz ýagdaýyna görä iri gul we ýer eýelerine degişli bolupdyrlar.

Gadymy Gündogar adamzat medeniýetiniň sallançagy hasaplanylyp, onda jemgyýet beýleki ýerlerden has ir iň gadymy döwürden gadymy döwre geçipdir.

Gadymy döwür önümçilik gatnaşyklary Mesopotamiýada (Şümerler döwletinde, Wawilonda, Assiriýada), Müsürde, Hindistanda we Hytaýda b.e. öňki IV–II müňýyllyklardan biziň eýýamymyza çenli döwürlerde ösüpdir. Zakawkazýede (Urartu döwleti) b.e. öňki I müňýyllykda, Horezmde b.e. öňki VIII–VII asyrlarda güýçli gadymy döwletler bolupdyr. Gadymy döwür Gündogar medeniýeti Ýewropa döwletleriniň ösmegine öz täsirini ýetiripdir.

Gadymy Gündogarda gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşy özboluşly ösüşe eýe bolupdyr, uzak wagtlap tire-taýpa gurluşynyň däp-dessurlary saklanylypdyr, bu ýerde ilkinji gezek jemgyýet gullara we gul eýelerine bölünipdir, şeýle hem adamzat taryhynda ilkinji döwletler emele gelipdir. Olarda hususy hojalyk we sada alyş-çalyş söwdasy hereket edipdir, ösüş haýaldan progressiw häsiýete eýe bolupdyr. **Ykrar ediji monarhiýa** bu ýurtlarda esasy syýasy gurluş bolup, öňden gelýän tire-taýpa gurluşyna daýanypdyr. **Ykrar ediji häkimiýet** hereket edýän dini ýörelgeler tarapyndan esaslandyrylypdyr we **aklanylypdyr**, patyşa Hudaýyň ýerdäki wekili hasaplanypdyr hem-de gul eýeleriniň bähbidini gorapdyr.

Gündogaryň gadymy döwletleriniň durmuşynda žresleriň aristokratiýasy ägirt uly rol oýnapdyr. Olar uly baýlygyň: ýeriň, gullaryň, mallaryň, gämileriň eýesi bolupdyr. Şol sebäpli hem žresler ilatyň arasynda örän täsirli gatlak hasaplanypdyr.

Gadymy Gündogaryň ilkinji döwletleri bolan: Müsürde, Hytaýda, Hindistanda, Aziýada filosofiýanyň, tebigat ylymlarynyň we lukmançylyk baradaky pikirleriň döremegi, ýüze çykmagy we ösmegi dünýä medeniýetiniň, ylmynyň we filosofiýasynyň ösmegine önjeýli goşant goşupdyr.

Biziň eýýamymyzdan öň IV–II müňýyllyklarda Nil, Tigr, Ýewfrat, Huanhe, Ýanszy, Hind, Gang derýalarynyň ýakasynda iň gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşynyň ýerine gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşy gelipdir. Ilatyň ekerançylyk bilen meşgullanmagy, zähmetiň bölünmegi, harytlaryň artykmaç ýygnanylmagy, hususy eýeçiligiň döremegi (zähmet gurallaryna, ýere, gullara), haryt deňsizliginiň emele gelmegi gul eýeçiligine geçmäge esasy itergi beren güýç bolupdyr.

Gul eýeçiligi ilki bilen Müsür, Mesopotamiýa, Hindistan, Hytaý, Eýran döwletlerinde döräpdir. Ol döwletleriň ýerleşýän ýerlerine, soňra dörän Rim imperiýasyndan gündogarda ýerleşýänligi sebäpli, «Gadymy Gündogar» diýlipdir. Harytlaryň möçberiniň artmagy söwdanyň döremegine sebäp bolupdyr. Şol sebäpli gury we deňiz söwda ýollary açylypdyr, munuň özi ykdysady we medeni gatnaşyklara ýol açyp, milletara gatnaşyklaryň giňemegine getiripdir.

Mesopotamiýada lukmançylygyň nazary we tebipçilik amaly astral dünýägaraýşyň täsiri astynda bolupdyr. Şoňa görä, dünýäde bolup geçýän ähli hadysalary ýyldyzlaryň şöhlelenmeginiň (emanasiýa) kömegi bilen hudaýlar dolandyrýar diýlip düşünilipdir. Lukmançylygyň hudaýy diýlip – Marduk (*10-njy surat*), göbegene we eneligiň hudaýy – Iştar (Astarta) hasaplanypdyr (*11-nji surat*). Keselleri döredýän sebäpleriň jynlardygy hakynda düşünje hem giň ýaýrapdyr. Gadymy Gündogaryň beýleki döwletleriniň lukmançylygyna hem diniň uly täsiri ýetipdir.

Gadymy döwür jemgyýetiniň lukmançylygy synpy häsiýetli bolupdyr we bu jemgyýetiň ösmegi netijesinde lukmançylyk-arassaçylyk işi hem kämilleşipdir. Gadymy Hytaý imperiýasynda hereket eden lukmançylyk buýrugynda epidemiýalara garşy göreş aýratyn belle-



**10-njy surat. Lukmançylygyň hudayy – Marduk**



**11-nji surat. Göbegene we eneligiň hudaýy – Iştar**

nilipdir. Müsüriň ybadathanalarynda maýyp, kör, dowamly keselleri bolan adamlara gözegçilik edilipdir.

Şol döwürler Gadymy Gündogaryň halklarynda materialistik dünýägaraýşyň we tebigat baradaky bilimleriň düýbi tutulyp başlanypdyr. Gadymy döwür jemgyýetinde materializm we idealizm bütewi dünýägaraýyş hökmünde emele gelipdir. Ol gadymy döwürleriň filosofiki garaýyşlary ilkibaşda tötänleýin-materialistik akymynda, öz gözbaşyny ilkidurmuş adamlarynyň sadaja realizminden alýan häsiýete eýe bolupdyr.

## 2.2. Gadymy döwrüň häsiýetli taraplary

*Gadymy döwre häsiýetli aýratynlyklar.* Iň gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşyny wagtyň geçmegi bilen Gadymy döwür jemgyýeti çalşyrýar. Munuň özi adamzat jemgyýetiniň ösüşinde zähmetiň ekerançylyk we senetçilik ýaly has uly ugurlaryna bölünmegine mümkinçilik berýär we gadymy dünýäniň medeniýetiniň gülläp ösmegi üçin möhüm şertleri döredipdir.

Iň gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşyndan gadymy döwür jemgyýetine ilkinji gezek Gadymy Gündogar ýurtlarynda geçipdirler. Bu gadymy döwür jemgyýeti ilatyň aglaba böleginiň ekerançylyga geçmegi, zähmetiň bölünmegi, önümçilikde azyk önümleriniň gereginden has köp toplanmagy, önümçilik serişdelerine (zähmet gurallaryna, ýere, gullara) hususy eýeçiligiň emele gelmegi, ilatyň arasynda baý we garyp gatlaklaryň, ýagny synplaryň peýda bolmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Azyk önümleriniň gereginden has artyk toplanmagy netijesinde başga ýerlerdäki ilat bilen söwda alyş-çalşynyň ösmegine oňaýly şertler döräpdir. Şol döwürde dürli hünärler, senetler hem-de hünärmenler peýda bolupdyr. Hünärmenleriň arasynda lukmançylyk hünäri-de saýlanyp ugraýar.

Gadymy döwür jemgyýetinde adamlar intellektual we pikirleniş derejesiniň has ösenligi bilen tapawutlanypdyrlar. Bu jemgyýetde adamlar özlerini gurşap alýan tebigatda bolup geçýän hadysalara we wakalara has yhlasly hem-de çuňňur göz ýetirmäge ymtylypdyrlar. Olar durmuşda

ýüze çykýan meseleleri iň gadymy döwür jemgyýetiniň adamlarynyň fantastik düşünjelerine görä däl-de, tebigy filosofiýanyň esasynda materialistik pikir ýöretmegiň dünýägaraýşy boýunça çözüpdirler.

Gadymy döwür jemgyýetiniň adamlarynyň gazanan has möhüm üstünligine ýazuwyň ýüze çykmagy degişlidir. Bu ajaýyp waka ylmy düşünjeleriň, şol sanda lukmançylygyň hem ösmeginde we ýaýramagynda möhüm rol oýnapdyr. Ilki bilen surat şekilindäki ýazuw (piktografiýa) peýda bolupdyr. Soňra birneme çylşyrymly iýeroglif we klinopis (pahna şekilindäki çyzyklardan ybarat, oýulyp ýazylan gadym döwürlerdäki köne ýazuw) ýazuwlary döräpdir. Has soňra bolsa, dürli ýurtlaryň alymlary özleriniň aýry-aýry harp belgilerine esaslanýan ýazuwlaryny döredipdirler (*12, 13, 14, 15-nji suratlar*).

Gündogar ýurtlarynyň medeniýetiniň taryhy dünýä medeniýetiniň, ylmynyň we filosofiýanyň taryhynda Gündogaryň ägirt uly orun tutandygyndan habar berýär. Gadymy Gündogaryň halklarynda baryp biziň eýýamymyzdan hem birnäçe müň ýyl öň materialistik dünýägaraýyş bilen birlikde tebigat barada düşünjeleriň başlangyçlary emele gelip ugraýar. Gadymy döwürde materializm we idealizm azda-kände bitewi dünýägaraýyş hökmünde emele gelýär hem-de kämilleşýär. Gadymy filosofiki garaýyşlar özleriniň gözbaşyny iň gadymy adamlaryň sadaja **realizminden** alyp gaýdýar we ilkibaşda olar tebigy-materialistik häsiýete eýe bolupdyr.



**12-nji surat. Gowagyn diwaryna ýazylan ilkinji şekilli ýazuw – piktografiýa**



**13-nji surat. Musurde tapylan Ebersiň papirusynyň nusgasy – iýeroglif**







**14-nji surat.**
**Piktografiýa ýazuwynyň nusgalary**

**15-nji surat. Klinopis ýazgylarynyň nusgasy**

## 2.3. Gadymy döwür lukmançylygynyň ösüş aýratynlyklary

Gadymy döwür lukmançylygyny tapawutlandyrýan esasy aýratynlyk onuň şol döwürde özbaşdak hünär hökmünde kemala gelip başlamagy we ýörite hünärli tebipleriň peýda bolmagy lukmançylyk hünäriniň resmi suratda ykrar edilmegidir.

Beýleki hünärlerde bolşy ýaly, lukmançylyga-da maşgala lukmançylygy häsiýetli bolup, ol maşgala lukmançylyk mekdepleriniň döremegine oňaýly şert döredipdir.

Lukman-hünärmenler lukmançylyk taýýarlygyny maşgalada alypdyrlar, lukmançylyk bilimleri nesilden-nesle geçirilipdir. Her täze nesil öňki öwrenen amaly we nazary bilimlerinden daşary iş tejribesinde goşmaça öwrenenlerini özünden soňky nesle geçirip baýlaşdyrypdyr, lukmançylyk tejribesiniň özboluşly usullaryny, syrlaryny öwredipdir. Dermanlary taýýarlamagyň aýratynlyklary boýunça tälim beripdirler. Nesilden-nesle geçip toplanan ägirt köp maglumatlary ýatda saklamak wagtyň geçmegi bilen kynlaşyp başlapdyr. Şol sebäpli, ýazuwyň ýüze çykmagy mynasybetli keselleriň, bejeriş usullarynyň, ilkinji dermannamalaryň we dermanlary taýýarlamagyň ýazgylary peýda bolupdyr. Toplanylan tejribeleriň ýaş nesillere geçirilmegi we öwredilmegi, keselleri anyklaýyş we bejeriş usullarynyň kämilleşmegine ýardam edipdir. Aýry-aýry keselleriň döreýiş we geçiş,

öňüni alyş we bejeriş çärelerine gözegçilik edilipdir. Bu gözegçilikleriň netijeleriniň ýazgysyny, näsaglara berilýän her bir dermanyň täsirini we olar baradaky beýleki maglumatlary ýöretmegiň zerurlygy ýüze çykyp, ilkinji lukmançylyk ýazgylarynyň peýda bolmagyna getiripdir. Has soňra ähli ýazgylar seljerilip umumylaşdyrylypdyr, şolaryň netijesinde lukmançylyk kitaplary peýda bolupdyr.

Keseli anyklamakda we bejermekde gazanylan tejribeleriň umumylaşdyrylmagynyň esasynda aýry-aýry keselleriň döreýiş, geçiş hem-de bejeriliş ýollary hakynda nazary düzgünnamalar işlenilip düzülipdir. Şeýlelikde, ýuwaş-ýuwaşdan ylmy lukmançylyk kemala gelip ugrapdyr.

Şol döwrüň lukmançylyk edebiýatynyň esasy ýazuw ýadygärliklerine: haraba öwrülip giden gadymy Müsür ybadathanalarynyň ýedisinden tapylan müsür lukmançylyk papiruslary (gadymy golýazmalar), Aşşurbanipalyň köşgüniň harabalyklaryndan tapylan lukmançylyk mazmunly toýun palçykdan edilen (1000-e golaý) gadymy Wawilonyň lukmançylygyndan habar berýän tablisajyklar, hytaý we hindi lukmanlarynyň biziň günlerimize gelip ýeten golýazma kitaplary degişlidir.

Gadymy döwür jemgyýetiniň lukmançylygynyň ýene bir aýratynlygy, onuň soňra synpy häsiýete eýe bolanlygydyr. Hammurapiniň kanunlar ýygyndysynda gul eýesiniň keselini üstünlik bilen bejeren lukmana örän ýokary zähmet haky bellenilipdir. Guly keselden halas edenligi üçin bolsa, oňa töleg gul eýesinden alnyp berlipdir. Eger-de abraýly adamlara bejergi nädogry geçirilse, lukmanyň barmagyny ýa--da goluny kesip jezalandyrypdyrlar, eger-de näsag gul bolsa, şowsuz bejerginiň öwezini lukman öz jübüsinden töläpdir ýa-da guluň eýesine sagdyn gul satyn alyp beripdir. Hindilerde Manu kanunlaryna görä, nädogry we şowsuz bejergi geçirilse, lukmana jerime salnyp, onuň göwrümi näsagyň eýeleýän jemgyýetçilik derejesine görä kesgitlenilipdir.

## 2.4. Halk lukmançylygynyň ösüşi

Gadymy döwür döwletleriniň ösüşiniň ilkinji döwürlerinde halk lukmançylygy kesel bejermek, näsaglara em etmek işleriniň düýp özeni we hünär lukmançylygynyň daýanjy, mundan beýläk

kemala gelşiniň hem-de ösüşiniň esasy bolup hyzmat edipdir. Halk lukmançylygynyň esasy aýratynlygy – tebipleriň dörän keseli däl-de, onuň alamatlaryny bejerenligi, ähli güýçlerini we ukyplaryny ýüze çykyp gelýän keseliň alamatlaryny ýok etmäge gönükdirenligi bilen häsiýetlendirilipdir.

Gadymy döwür jemgyýetinde din ynsan durmuşynyň ähli taraplaryny, şol sanda lukmançylygy hem gurşap alypdyr. Maýyp, golak, çolak, näsag, keselli adamlary saklamak üçin ybadathanalaryň ýanynda ýörite ideg edilýän jaýlary gurupdyrlar. Uly bolmadyk şol gonalgalaryň binýadynda ybadathana keselhanalaryny döredipdirler. Uly şäherlerde çaga dogrulýan öýler hem bolupdyr.

Ybadathana keselhanalarynda kesel bejeriş işleri bilen, esasan, din hadymlary, ruhanylar meşgullanypdyrlar. Olar şol ýerde bolýanlara we kesellilere ybadat etmek arkaly hudaýlary rehimdarlyk etmäge, olaryň gaharyny mähirlilige, merhemetlilige öwürmäge çalşypdyrlar. Şu maksat bilen hem ruhanylar näsaglara doga-dileg etmegi, hudaýlara sygynmagy we beýleki dini däp-dessurlary berjaý etmegi ündäpdirler.

Şol döwrüň ýeke-täk sowatly adamlary bolan ruhanylar lukmançylyk kitaplarynyň aýawly saklanyp galmagyna, beýleki dillere terjime edilmegine we göçürilip ýaýradylmagyna uly goşant goşupdyrlar. Ýöne olar özleriniň gös-göni gatyşmagy bilen lukmançylyk kitaplarynyň mazmunyny we olarda öňe sürülýän **progressiw** we **materialistik** pikirleri ýygy-ýygydan ýoýup, üýtgedip durupdyrlar.

Gadymy döwür döwletlerinde halk lukmançylygy lukmançylygyň esasy bolupdyr. Iň gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşynyň dargamagy we onuň gadymy döwür jemgyýetine geçmegi netijesinde, öň jemgyýetiň köpsanly agzalarynyň, ylaýta-da aýallaryň tebipçilik işini ýerine ýetirmegi, kem-kemden adamlaryň has kiçi toparlaryna, ilki bilen baştutanlarda we žreslerde jemlenmegine getiripdir. Soňabaka jemgyýetiň ösmegi netijesinde lukmançylyk bilen meşgullanmak şol döwrüň beýleki hünärlerinden aýratyn bölünip, ýörite lukmançylyk hünäriniň döremegine getiripdir. Bu ýüze çykan täze hünär jemgyýetde görnükli orny eýeläpdir we döwlet tarapyndan ykrar edilipdir.

Gadymy döwür lukmançylygynda, esasan, ösümliklerden, seýregräk haýwanlardan alnan önümlerden (süýt, ýag) we käbir mineral

maddalardan (simap, myşýak) ýasalan derman serişdelerinden peýdalanypdyrlar.

Gadymy Gündogar döwletlerinde göwreli aýallara berilýän kömek kämilleşdirilipdir, göwrelilik we dogrum döwrüne gigiýeniki maslahatlar düzülipdir, dogrumda kynçylyk dörän pursadynda, ýörite ulanylýan usullar işlenilip taýýarlanylypdyr. Dogrum döwründe düwünçek aýaklaýyn geleninde, lukmanlar ony dogrulamaga, ýagny ýatgy içinde öwrümi amala aşyrmaga synanyşyk edipdirler, şeýle-de embriotomiýa we kesar kesimi ýaly hirurgik emelleri ýerine ýetiripdirler.

Ol döwrüň lukmanlary hirurgiýadan habarly bolup, ony söweşde we asuda durmuşda peýdalanypdyrlar: peýkamyň okuny bedenden aýrypdyrlar, ýaralary daňypdyrlar, ýaradan akýan gany duruzmagy başarypdyrlar.

Assiriýanyň, Wawilonyň, Müsüriň, Ermenistanyň, Gruziýanyň, Azerbaýjanyň, Hindistanyň, Türkmenistanyň çäklerinde geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işlerinde gadymy döwre degişli köpsanly hirurgiýa gurallary (pyçaklar, lansetler, pinsetler, gaýçylar we başgalar) tapylypdyr. Hirurgik operasiýalar wagtynda: haş-haş, melek (belladonna), kenep ýaly dermanlyk ösümlikleriň we selmelegiň köküniň demlemesini agyrysyzlandyryjy hökmünde peýdalanypdyrlar.

Gadymy döwür lukmançylygy dini däp-dessurlar we ybadathana bilen ysnyşykly baglanyşykda bolupdyr. Lukmançylygyň taryhynyň bu döwri ýbadathana, žres lukmançylygy diýlip atlandyrylýar.

Diniň ýüze çykmagy we ösmegi netijesinde, keselleriň döreýşine we tebigatyna bolan garaýyşlar hem üýtgäpdir. Mifologik (toslama) garaýyşlarda keseliň (gaharjaň) we saglygyň (mylaýym) hudaýlarynyň bardygyna ynanypdyrlar. Halkyň saglyk we näsaglyk baradaky dünýägaraýşy, ýagny günüň hudaýy, saglygyň hudaýy, bol hasylyň hudaýy ýaly tebigy hadysalar düşünjeler bilen baglanyşykly bolupdyr. Şol döwürde adamlar: saglygyň, lukmançylygyň, lukmanlaryň, näsag adamlaryň, göwreli aýallaryň we ş.m. başga zatlaryň hem hudaýlaryny toslap tapypdyrlar.

Žresler öz döwrüniň has bilimli, tejribeli adamlary hökmünde özlerini adamlaryň we haýwanlaryň aragatnaşykçylary ýaly alyp

barypdyrlar. Doga okamak, ybadat we sadaka bermek arkaly hudaýlary mylaýymlyga çagyryp, ýitirilen saglygy dikeltmäge ýardam edip bolýar diýipdirler.

Gadymy Gündogar döwletlerinde dolandyryjylar lukmançylygyň uzak wagtyň dowamynda dindarlaryň, žresleriň elinde bolmagyna halky gorky astynda saklamagyň we öz bähbitlerine, maksatlaryna ýetmegiň serişdesi hökmünde garapdyrlar. Žresleriň lukmançylygy öz ellerinde jemlemekleri, sada halky ezmekleri, ybadathanalara, onuň gullukçylaryna uly girdeji getiripdir. Žresler empiriki lukmançylygyň wekilleri bilen bäsdeşlikde bolup, köp bejeriş usullaryny halk lukmançylygyndan alypdyrlar.

Bellibir döwürlerde žresler tebigat baradaky bilimleri gorap saklapdyrlar, tebigatda bolup geçýän hadysalara gözegçilik edipdirler, şeýle hem ýazuwlaryň ýüze çykmagy bilen, lukmançylykda halk tarapyndan toplanan tejribäni ýazyp beýan edipdirler we gorap saklapdyrlar.

Gadymy döwür medeniýetiniň gazanan üstünlikleriniň has wajybynyň biri hem Gadymy Gündogarda ýazuwyň oýlanyp tapylmagydyr.

Gadymy Gündogaryň halklary örän köp ýazuw ýadygärliklerini miras goýupdyrlar, arheologik tapyndylar bilen bir hatarda olar öz zamanasynyň halklarynyň lukmançylygy barada gyzykly maglumatlary berýärler. Gadymy döwür lukmançylyk ýazuw ýadygärlikleri bilen tanyş bolnanda, olaryň žresler tarapyndan ýazylandygyny ýa-da gaýtadan işlenendigini unutmaly däldir we bu ýerde obýektiw faktlary toslama elementlerinden saýlamagy başarmalydyr (*16-njy surat*).

## 2.5. Wawilonyň we Assiriýanyň lukmançylygy

Adamzat medeniýetiniň iň gadymy ýadygärlikleri Mesopotamiýada (Tigr we Ýewfrat derýalarynyň aralygynda), iň gadymy döwlet bolan Şumer patyşalygynyň çäklerinde ýüze çykarylypdyr. Ol ýerde b.e. öňki IV müňýyllykda klinopis ýazuwy oýlanylyp tapylypdyr. Soňra Şumer patyşalygynyň çäklerinde birnäçe kuwwatly gadymy döwletler: Wawilon (b.e. öňki VIII–VII asyrlar) (*17-nji surat*) we Assiriýa (b.e. öň VIII–VII asyrlar) peýda bolupdyr. Wa-

wilon patyşalygynyň düzümine dürli döwürlerde Ermenistanyň, Azerbaýjanyň, Horezmiň, Gruziýanyň çäkleri hem giripdir.

Wawilonda we Assiriýada lukmançylygyň ösüşi baradaky maglumatlar, esasan, iki sany taryhy ylmy çeşmelerden alnypdyr:

1. Wawilon patyşasy Hammurapiniň jemkanunlary (bazaltdan ýasalan sütüniň boýy 2,25 *m*) oýulan klinopisli ýazgylary bolan bu eksponat Luwrda (Pariž şäheri, Fransiýa) saklanýar (*18-nji surat*). Ol 1901-nji ýylda fransuz arheology J.De-Morgan tarapyndan Mesopotamiýadaky Suz şäherinde gazuw işleri wagtynda tapylypdyr. Patyşa Hammurapi b.e. öňki 1792–1750-nji ýyllarda dünýäde belli bolan iň gadymy kanunlaryň 300 paragrafyny ýazypdyr (döwletiň hojalyk, maliýe, harby we kazyçylyk işlerini alyp barmaga degişli), olaryň käbirleri, ýagny 215–225 paragraflary Wawilonyň lukmançylygynyň hukuk jähtlerine degişli bolupdyr.

2. Assiriýa patyşasy Aşşurbanipalyň (b.e. öňki 668–626-njy ýyllar) Mosul şäheriniň golaýyndaky Goýunjykda ýerleşen köşgüniň harabalygyndan tapylan ýazgylaryň ýygyndysy. Olar bişirilen toýundan ýasalan tekstli tablisajyklaryň birnäçe müňüsinden ybaratdyr. Klinopis ýazgylary, esasan-da, şol döwrüň edebiýatyna degişli bolupdyr hem-de olaryň 1000-e golaýy lukmançylyga, ylaýta-da žresleriň lukmançylygyna bagyşlanypdyr.

Wawilonda we Assiriýada lukmançylygyň ösüş aýratynlyklaryna: ynsanyň saglyk we kesel ýagdaýynyň dini, idealistik nukdaýnazardan kesgitlenýänligi; «astral» dünýägaraýşy, ybadathana lukmançylygy we lukmançylygyň synpy häsiýetliligi degişlidir.



**16-njy surat. Aşşurbanipalyň köşgüniň harabalygyndan tapylan ýazgy**



**17-nji surat. Wawilon şäheri**



**18-nji surat. Wawilon patyşasy Hammurapiniň jemkanunlary ýazylan sütün**

Taryhy çeşmelerde gadymy wawilonlylaryň filosofiki garaýyşlaryň esasynda astrologiýanyň ýatandygy hem-de Mesopotamiýa topragynyň bu ylmy dünýägaraýşynyň, häzirki zaman astronomiýa ylmynyň iň irki watany hasaplanylýandygy bellenilýär.

«Astral» dünýägaraýşa görä, ýerde we dünýäde bolup geçýän wakalaryň hemmesini, hatda adamyň saglygyny we kesellerini hem ýyldyzlar dolandyrýar diýlen mistiki, ýagny ylmy düşünjä ters gelýän pikirlere eýeripdirler. Näsaglaryň bejerilişinde simwoliki amallar (soganyň ýaşyny, gabygyny çirtmek, ýüň ýüpli ýumagy çöşlemek, bugdaý dänelerini ýere ýaýratmak we soňra olary bir ýere toplamak, näsagy gandallamak we ony gandaldan boşatmak, çigin daňlan bogunlary çözmek) ulanylypdyr. Ol döwürlerde astrologik senenamalar boýunça ýörite pal atmak ýoň bolupdyr. Şeýle **mistiki** we dini düşünjeler Assiriýa-Wawilon lukmançylygynyň ösüşini togtadypdyr.

Keselleri bejermek meselesinde hem bu garaýyşlar ýörgünli bolup, keseli bejermegiň ýollary hudaýlara mälim hasaplanypdyr we lukmançylygyň meselesi, esasan, hudaýlaryň syrlaryna akyl ýetirmekden, ybadat etmekden, doga-tumar dakynmakdan we sadaka bermekden ybarat bolupdyr.

Klinopis ýazgylaryndan belli bolşy ýaly, Assiriýa-Wawilon lukmançylygynda şol döwürde ösümliklerden, haýwanlardan we minerallardan alynýan derman serişdeleriniň örän köp ýygyndysy peýdalanylypdyr. Keselleri bejermekde nebit, melhemli ýapgylar, owkalama giňden peýdalanylypdyr. Dermanlary taýýarlamakda: eretmek, gaýnatmak, süzmek we başga usullar ulanylypdyr. Näsaga dermany ajöze we nahardan soňra içmek maslahat berlipdir.

Ýazuw çeşmeleri şol döwürde hirurgiýanyň ösenliginden habar berýär: olar gözde operasiýa geçiripdirler, döwük-ýenjikleri bejeripdirler, şol bir wagtda Hammurapiniň jemkanunlarynda hirurglara örän ýokary talaplar bildirilipdir. Hammurapiniň kanunynda kataraktany, döwükleri, agyryly çişleri bejermek boýunça operasiýalar

bellenilip geçilýär. Ninewiýada (häzirki Yragyň çäklerinde) gazuw-agtaryş işleri geçirilende birnäçe hirurgik enjamlar tapylypdyr.

Arheologik maglumatlara görä, Mesopotamiýanyň şäherlerinde arassaçylyk abadanlaşdyryş desgalary (ýollara daş düşemek, suw akarlary we lagymlary) gurlupdyr. Wawilonda we Assiriýada lukmançylyk bilen, esasan, žresler meşgullanypdyrlar, olar ybadathanalarda bilim alypdyrlar, şol sanda hirurgiýa bilen meşgullanýan bilimdarlar hem bolupdyr. Döwlet lukmançylyk mekdepleriniň Urukeýada, gijiräk döwürde Borsipde bolandygy barada hem maglumatlar bar.

Wawilonda we Assiriýada lukmanlaryň jemgyýetde tutýan orny örän ýokary bolupdyr, muňa Hammurapiniň kanunlarynda bellenilen lukmanyň hyzmatynyň bahasy hem şaýatlyk edýär (gysgaldylyp alnan):

«215-nji paragraf. Eger-de lukman bürünç keser bilen näsagyň göz ýorkasyny bejerse, ol on sikl kümüş alýar.

216-njy paragraf. Eger-de näsag erkin ýaşaýjy bolsa, lukman bejergi üçin ondan bäş sikl kümüş alýar.

217-nji paragraf. Eger-de näsag biriniň guly bolsa, gul eýesi lukmana iki sikl kümüş töleýär.

221-nji paragraf. Eger lukman näsagyň döwlen süňküni ýerine salsa ýa-da näsagyň iç keselini bejerip bilse, ol lukmana bäş sikl kümüş tölemeli».

Deňeşdirmek üçin şu mysala ýüzleneliň: şol wagtlar Wawilonda gowy bir öýüň bir ýyllyk kireýi üçin bäş sikl kümüş töläpdirler, senetçiniň bir günki gazanjy bolsa bir sikl kümşüň 30/1 bölegine barabar bolupdyr.

Wawilonda lukmanlar öz hünäri boýunça düýpli taýýarlygy geçmeli bolupdyrlar, ýöne muňa garamazdan, goýberilen ýalňyşlyk üçin olara gazaply temmi beripdirler:

«218-nji paragraf. Eger-de lukman bürünç keser bilen kesim geçirende näsaga zeper ýetirse, ol lukmanyň elini kesmeli.

219-njy paragraf. Eger-de lukman bürünç keser bilen agyr ýagdaýdaky näsaga kesim geçirende erkin ýaşaýjynyň guly ýogalaýsa, lukman onuň öwezine gul bermeli.

220-nji paragraf. Eger-de lukman näsagyň gözünden ýorkany kesip aýyrsa we şol emelde onuň gözüne zeper ýetirse, onda ol näsag guluň eýesine guluň bahasynyň ýarysyny tölemeli».

Hammurapiniň kanunlary Wawilon patyşalygynda lukmançylygyň synpy häsiýetliligine hem-de ol jemgyýetiň üç gatlaga: azat raýatlara, erkin ýaşaýjylara we gullara (gullaryň bedeninde kesilen ýa-da ýakylan tagma–ýörite belgiler bolupdyr) bölünenligine aýdyň şaýatlyk edýär.

Gadymy Gündogar ýurtlarynyň lukmanlary keseliň alamatlaryna, geçiş häsiýetlerine, netijesine uly üns beripdirler. Wawilon we Assiriýa çeşmelerinde aşgazanda agyry, ýangy duýgusy, ýerli sarylama, diliň reňkiniň üýtgemegi, iç ýellenme, içgeçme, işdäniň peselmegi, üsgülewük, göz keselleri, çişler, deri keselleri ýaly zeperlenmeler barada maglumatlar ýazypdyrlar. Ýazgylarda köplenç gyzzyrma alamatlary, ysmazlyk ýaly ýagdaýlar hem duş gelýär.

Wawilonyň we Assiriýanyň lukmançylygynda halk lukmançylygynyň we empiriki lukmançylygyň usullary hem ulanylypdyr. Wawilonly lukmanlar ösümliklerden gaýnatmalar we melhemler taýýarlap, näsaglara içiripdirler, olaryň endamyna dürli ýaglary çalypdyrlar, suwly wanna kabul etmek hem-de üstünden akytmak usullaryny ulanypdyrlar, näsagyň arkasyna bankalar goýmak, gan almak ýaly çärelerden peýdalanypdyrlar.

Şeýlelikde, bar bolan maglumatlar Wawilonyň we Assiriýanyň lukmançylygynyň synpy häsiýetliligi we dini taýdan ugrukdyrylanlygy barada netijä gelmäge mümkinçilik berýär.

## 2.6. Gadymy Müsür lukmançylygy

Nil jülgesiniň bol hasylly oazisinde **b.e. 6000 ýyl öň** ilkinji döwletler döräp başlapdyr. Müsürli žres Manefonyň ýazmagyna görä, b.e. öň IV müňýyllykda şeýle döwletleriň sany 40-a (demirgazyk böleginde 20-ä) golaýlapdyr. Soňra günorta böleginiň patyşasy Menes (Müsürli faraonlar dinastiýasynyň düýbüni tutujy) ony iki bölekden, bütewi bir döwlete öwrüpdir.

Gadymy Müsüriň medeniýeti **b.e. 3000 ýyl öň emele** gelipdir. Onuň häsiýetli taraplaryna: iýeroglif ýazuwy, dini garaýyşlar, merhumlaryň jaýlanyş dessury, özboluşly çeperçilik stili degişli bolupdyr.

Müsüriň taryhyny Manefon üç sany uly: Gadymy, Orta we Täze patyşalyk döwürlerine bölüpdir.

Gadymy patyşalyk döwri b.e. öň 2800 – 2250-nji ýyllary öz içine alyp, faraon Joseriň agalyk süren döwründen başlapdyr. Ol zamanda hudaýa deňelen Imgotep (genial arhitektor, lukman we akyldar) patyşanyň gullugynda bolup, Memfisde ybadathana gurdurypdyr. Onuň taslamasy boýunça faraonlar jülgesinde ilkinji basgançakly Joseriň piramidasy (onuň beýikligi 60 metr) bina edilipdir.

Orta patyşalyk döwründe (b.e. öňki 2050 – 1750-nji ýyllar) biziň günlerimize gelip ýeten lukmançylyga degişli tekstler ýazylypdyr. Gadymy Müsüriň lukmançylygy baradaky maglumatlar «piramidalaryň ýazgylaryndan», guburlaryň üstüne ýapylan plitalardaky şekillerden we ýazgylardan, meşhur lukmançylyk papiruslaryndan hem-de taryhçylaryň (Gerodot, Manefon we başgalar) ýazgylaryndan alnypdyr.

Häzirki döwürde bize belli bolan 10 sany esasy lukmançylyk papiruslary bar. Olardan iň gadymysy Kahun papirusy b.e. öňki 1850-nji ýyllara degişli bolup, ol aýallaryň kesellerine bagyşlanypdyr.

Brugşa papirusy (b.e. öňki 1450–1350 ýyllar) pediatriýa degişli bolup, çagalaryň keselleriniň beýanyny, eneleriň we çagalaryň saglygynyň meselelerini öz içine alypdyr.

Berlin papirusynda (№ 3038, b.e. öňki 1300-nji ýyllarda düzülen) gan damarlarynyň keselleri we guragyry keselleri barada beýan edilipdir. London (№ 10059) we Ramesseum IV, V papiruslarynda lukmançylykda jadygöýlik usullarynyň ulanylyşy barada ýazylypdyr.

Ebersiň (ýazylan döwri b.e. öň 1550-nji ýyllar) papirusy Fiwahda 1872-nji ýylda tapylan we Edwin Smitiň hirurgik papiruslary Gadymy Müsüriň lukmançylygyny dolulygyna häsiýetlendiripdir. Gadymy müsürli lukmanlar keselleriň tebigy sebäbiniň (içege mugthorlary, iýmit düzgüniniň bozulmagy we başgalar) barlygyny ykrar edipdirler.

Müsürli lukmanlar gumoral nazaryýetiň düýbüni tutupdyrlar, olar dört sany esasy şireleriň, adam bedeniniň sagdynlygyny ýa-da keselliligini kesgitleýänligi baradaky garaýyşdan ugur alypdyrlar. Bar bolan ylmy maglumatlara görä, Müsür «pnewma – adam bedeniniň ýaşaýyş başlangyjy» taglymatynyň watanydyr.

Müsüriň lukmançylygy halkyň amaly tejribesinden ösüp kemala gelipdir. Ol heniz lukmançylyk ylma öwrülmänkä jadygöýlik bilen bagly bolupdyr. Keseller gaharjaň ruhlar we arwahlar tarapyndan döredilip, adam bedeninde ornaşýarlar diýip düşünipdirler. Kesselleriň bejergisi hem jadygöýlik, doga okamak, hudaýlara ýalbarmak esasynda düzülipdir. Ylmy düşünjeleriň ýaýramagy Müsüriň lukmançylygynyň jadygöýlik esaslaryna düýpli zarba urupdyr.

Orta patyşalyk döwründe Müsürde keseliň döremeginiň ilkinji umumy nazaryýeti düzülip, onda ähli kesselleriň ýüregiň we damarlardaky özgermeleriň esasynda bolýanlygy beýan edilýär. Bu nazaryýet öz döwri üçin öňdebaryjy bolup, ýüregiň işleýşine we damarlarda gan aýlanyşyna esaslanypdyr.

Gadymy Müsürde lukmançylykda ilki bilen ýörite hünärleriň ýüze çykandygyny taryhçy Gerodot belläpdir. Pars şasy Kiriň faraon Amasisden «bütin Müsürde iň oňat göz lukmanyny» haýyş edenligini, «her lukmanyň diňe bir ugurdan (göz, kelle, diş, aşgazan, iç keselleri) kesel bejerip bilýänligini» ýazypdyr.

Terapiýanyň we farmakologiýanyň Gadymy Müsürde ösüşi barada Ebersiň (108 sahypadan we uzynlygy 20,5 metrden ybarat bolan, özboluşly gadymy müsürlileriň lukmançylyk ensiklopediýasy) papirusynda garyn-içege, bagyr, dem alyş ýollary, deri, göz keselleri, şeýle-de gan akmalar we ýanyklar barada beýan edilipdir. Papirus 900 dermannamany özünde jemleýär we «Bedeniň ähli bölekleri üçin dermanlary taýýarlamak kitaby» adyna doly mynasypdyr. Onda melhemleriň, miksturalaryň, gerdejikleriň, iç ýuwmak we endama çalynmak üçin ýaglary ýasamagyň düzgüni hem-de olaryň anyk kesellerde ulanylyşy berlipdir. Dermanlaryň düzümine sogan, çigildem, pisse, nar, aloe, üzüm, lotos, papirus ýaly ösümlikler, surma, kükürt, demir, gurşun ýaly minerallar we haýwanlaryň dürli bölekleri girizilipdir. Maňlaýdaky ýygyrtdyr gasynlary düzlemäge, meňi aýyrmaga, hamyň reňkini üýtgetmäge, saçy we gaşlary boýamaga, saçlary

ösdürmäge we gözüň çaşylygyny düzetmäge ulanylýan kosmetologik serişdeleriň düzümleri ýazylypdyr (*19-njy surat*).

Hirurgiýa boýunça maglumatlar Edwin Smitiň papirusynda beýan edilipdir, şol sebäpden käbir alymlar ony anatomiýadan we hirurgiýadan ýazylan ilkinji ylmy iş diýip hasaplaýarlar. Ol örän aýdyň we anyk ýazylanlygy bilen haýran galdyrýar, özi hem jadygoýlik we mistiki elementlerden halasdyr. Bu papirusyň saklanyp galan böleginde kelleçanagyň süňkleriniň şikeslerden zeperlenmeginiň 48 hadysasy we olar bilen bagly bolan keselli ýagdaýlar ýazylypdyr.

Gadymy Müsürde hirurgiýanyň ösen derejä ýetenligine mazarlaryň plitalaryna çekilen operasiýalaryň şekilleri, mazarlardan tapylan hirurgiýa gurallary (bürünçden), zeperlenen süňkleriň dogry bitmegi şaýatlyk edýärler (*20-nji surat*).



**19-njy surat.**
**Kosmetologik serişdeleriň peýdalanylyşy**



**20-nji surat.**
**Gadymy müsürlileriň hirurgik esbaplary**

Gerodotyň ýazmagyna görä, jesetleri balzamirleme, ýörite adamlar – tarihewtler tarapyndan geçirilipdir: «Ilki bilen burnuň deşiginden demir gaňňarçak bilen kelle beýnini, soňra ýiti daş keser bilen gasykdan kesim arkaly garyn boşlugyny içki agzalardan boşadypdyrlar, garyn boşlugy palma şeraby bilen ýuwlupdyr, soňra dürli ysly otlar bilen ýene-de arassalapdyrlar, ahyrynda garyn boşlugyny arassa, owradylan mirra, kasiýa we beýleki hoşboý ysly otlardan dolduryp tikipdirler. Jesedi 70 günläp natriý aşgarly erginde saklapdyrlar, möhleti dolansoň ony ýuwupdyrlar we lenta şekilli kesilen sargy bilen jesediň hemme ýerine şepbik çalyp doly sargylapdyrlar, soňra garyndaşlary

jesedi agaçdan ýasalan sarkofaga ýerleşdiripdirler...». Jesedi balzamirleme anatomiýanyň ösmegine, bedeniň agzalarynda kesel sebäpli bolup geçen özgertmeleri öwrenmäge uly ýardam edipdir.

Gigiýena müsürlileriň durmuşynda adatdan daşary wajyp orny eýeläpdir. Dini kanunlar ynsanlardan kanagatlylygy, beden tämizligini saklamagy talap edipdir. Her bir müsürli arassa egin-eşik geýmegi, wagtly-wagtynda ýuwnup-arassalanmagy, endamyna ýaglary çalynmagy berjaý edipdir. Her aýda üç gezek garyn-içege ýollaryny boşatmagy (arassalamagy) amala aşyrypdyrlar.

Gadymy Müsürde lukmançylyk bilen meşgullanmak nesilden--nesle geçirilipdir. Matematika ýa-da hukuk ylmy ýaly, lukmançylyga hem ybadathanalaryň ýanynda guralan ýörite mekdeplerde (Memfisde, Geliopolisde, Saisde) okadylypdyr. Okuwlar papiruslary öwrenmek we näsaglary barlamak ýoly bilen geçirilipdir.

Gadymy Müsüriň medeniýeti Ýewropada lukmançylygyň ösmegine uly täsir ýetiripdir. Grekler müsürli lukmanlary lukmançylygy, aýratyn-da keselleriň öňüni alyş işlerini «oýlap tapyjylar» hasaplapdyrlar, taryhçy Gerodot olary «iň ezber lukmanlar» diýip atlandyrsa, Isokrat «umumy ykrar edilmegine görä, müsürliler hemmelerden uzak ýaşaýan we has-da sagdyn halkdyr» diýip taryplapdyr.

Müsürliler adamyň ýaşaýşynda esasy orny gan we nem eýeleýär diýip hasaplapdyrlar. Şol wagtlar Müsürde adam bedeniniň gurluşyny we hereketini öwrenmek üçin jeset kesmek gadagan edilipdir, munuň özi anatomiýadan we fiziologiýadan bilimleriň durgunly ýagdaýyna getiripdir.

Müsüriň lukmanlary döş kapasasynyň, garyn boşlugynyň, beýniniň we başga agzalaryň gurluşyny öwrenipdirler. Olar ýürege uly üns berip, ondan 22 damar başlanýar diýip belläpdirler. Ebersiň papirusynda «Lukman näsagyň kellesine, aýagyna, eline degeninde, onuň ýüregine hem degýändir, sebäbi ähli ýere damarlar ýürekden çykyp barýar» diýlip ýazylypdyr (*21-nji surat*).



**21-nji surat. Ebersiň papirusy**

Gadymy Müsür lukmançylygynda näsaglar zyýanly şiräni, howany we gany aýyrmak usuly bilen bejerilipdir. Şonuň üçin näsaglaryň bejergisinde gaýtardyjy, buşukdyryjy, derlediji dermanlyk serişdeler ulanylypdyr. Dermanlyk serişdeler ýag, ergin, ýapgy görnüşinde ulanylypdyr.

Çopantelpek, kedr ýagy, deňiz sogany, ladan, maňyrsak, strihnin, ýowşan ýaly dermanlyk ösümlikler näsaglaryň bejergisinde giňden peýdalanylypdyr. Ondan başga-da zenan süýdi, geçi süýdi, bal, öt, ýag, bagyr, jandarlaryň gany bejeriş işlerinde ulanylypdyr. Müsür tebipleri birnäçe keselleri owkalama bilen bejeripdirler.

Dermanlyk serişdeleri eretmek, gaýnatmak, süzmek arkaly taýýarlapdyrlar. Dermanlyk serişdeler ajöze we iýmitlenmegiň dowamynda ulanylypdyr. Dermanlyk serişdeler üçin ýörite niýetlenen gaplar ulanylypdyr. Ol gaplarda iri maddalary saklamak üçin süzgüç hem göz öňünde tutulypdyr. Eger näsagyň keselden sagalmajaklygy duýulsa, onda lukman şeýle näsagdan el çekmeli bolupdyr, sebäbi ol ýaşap bilmez we hökman aradan çykmaly diýlip hasaplanylypdyr.

Müsürli lukmanlar keseli anyklamakda we hirurgik usullar bilen bejermekde ýokary derejä ýetipdirler. Imgotepiň papirusynda (b.e. 2900 ýyl öň) kelläniň we oňurganyň şikesleri, bedeniň umumy şikesleriniň, kelle beýnisiniň we oňurga ýiliginiň, ysmazlygyň aýratynlyklary bellenilýär. Göwreliligiň möhletini kesgitlemek, dogruma ukyply we ukypsyz zenanlary seljermek barada maglumatlar bar. Müsürli lukmanlar amputasiýa, kataraktany aýyrmak, eşidiş organlarynda operasiýalary geçiripdirler.

Gadymy Müsürde öldürilen malyň etiniň hiline, merhumyň jaýlanylmagyna, ýokanç keselli näsag adamlaryň şäherden çykarylmagyna güýçli gözegçilik edilipdir. Müsürde b.e.öň 2000-nji ýylda lukmanlaryň hünär ugry boýunça ýöriteleşme bolupdyr, ýagny lukman hirurglar, iç kesellerini bejerýän, gözde operasiýa geçirýän, dişleri bejerýän we olara petik goýýan lukmanlar tapawutlandyrylypdyr.

Şeýlelikde, ýokardaky getirilen taryhy maglumatlar gadymy Gündogar ýurtlarynda lukmançylyk bilimi dowamlaýyn ösüşini tapyp, amaly tarapynyň bolsa täze kesgitli usullar bilen baýlaşandygyna şaýatlyk edýär.

## 2.7. Gadymy Hytaý lukmançylygy

Gadymy Hytaý lukmançylygynyň esasy kitaby «Neý-szin» («Adamyň içki gurluşy barada») b.e. öňki III müňýyllykda lukmanlar bilen imperator Huandiniň arasyndaky dialog görnüşinde ýazylypdyr diýlip hasaplanylýar. Kitabyň awtory Wan Şu-He. Ol kitap b. e. öňki IX asyrda düýpli täzeden işlenilipdir we tä orta asyrlara çenli okuw kitaby bolupdyr.

Hytaý tebipleri adamyň gurluşyny şeýle düşündiripdirler, ýagny onuň tebigaty 5 kosmiki elementden: ýerden, suwdan, otdan (ýylylygyň şekili), agaçdan (ösümlik başlangyçly) we howadan emele gelýär. Olar adam bedenine iýmit bilen düşýärler, aşgazan iýmiti siňdirmäge taýýarlaýar, inçe içegeler iýmiti hilusa öwürýär; inçe içegeden käbir ýollar bilen hilus ýürege barýar we gana öwrülýär, iýmitiň galan bölegi (siňmedigi) ýogyn içegeler boýunça çykarylýar.

Ýürekdäki gan heniz doly ýetişmedik elementiň gatnaşmagynda hereketsiz, sowuk, goýy, agyr, gara görnüşinde bolýar. Ýöne täsin ýagdaýda gan üýtgeýär – öýkenden howa goşulanda (dem alnanda ýürege howa girýär), ony (ýüregi) herekete getirýär we gyzgynlyga öwrülýär, ergin halda ýeňil hereketde we açyk reňkde bolýar. Gan bedeniň hemme organlaryna barýar, olara iýmit eltýär, organlar üçin gurluşyk materialyna öwrülýär.

Gadymy Hytaýyň «Täsinlik kitabynda» adam dünýäden ötensoň, onuň jesedini kesip öwrenip bolar diýip bellenilipdir. Jan merkezi diýlip – ýürek, ruhuň ýerleşýän ýeri diýlip – bagyr, edermenligiň mesgeni diýlip – öt halta hasaplanylypdyr.

Kosmiki elementler baradaky taglymat «Neý-szin» kitabynda, esasan, iki başlangyç: saglygyň we keseliň özara baglanyşygy görnüşinde kesgitlenilýär. Olardan biri – «ýan», beýlekisi bolsa «in» bolup, olaryň dogry arabaglanyşygynyň – saglygy, nädogrusynyň bolsa keseli şertlendirýändigi bellenilipdir. Bu ýerde mistika bolmandyr, sebäbi «ýan» adaty howa bilen, «in» – gan bilen baglanyşdyrylypdyr. Hytaýda kesel dörediji maddalar adam bedenine daşyndan düşýär hem-de keseliň döreýşine we geçişine tebigy şertler, şahsy gigiýena, fiziki maşklar täsir edýär diýip belläpdirler. Hytaý lukmanlary keseliň döremegine iki polýar güýçleriň gatnaşygynyň bozulmagy (ýan we

in) sebäp bolýar diýip hasaplapdyrlar (ýagny «ýan» güýçleriň täsiri sebäpli adam bedeni hereket edýär, «in» güýçleriň täsiri bolsa bedeni hereketsizlige getirýär).

Gadymy hytaý lukmançylygynda «ýan» we «in» başlangyçlary hytaý filosofiýasyndan «Şu-szin» traktatyndaky bäş element barada-ky pikirleriň dörän wagtyndan, beýleki bir «I–szin» filosofik traktatda («Özgertmeler kitabynda») beýan edilişine görä, adamyň durmuşyn-da (ýaşaýşynda) hemme zat üýtgäp durýar, hiç bir zatda hemişelik bolman, diňe üýtgemek fakty hemişelikdir diýlip bellenilipdir. Üýt-gemegiň sebäbi, iki agalyk ediji – «ýan» ezilýän, boşanmak üçin göreşýän «in» güýçleriň arasyndaky göreşdedir. Ýazarlaryň pikirine görä bu başlangyçlar ylalaşsalar, ol üýtgemeler kesiler we hemmeler bagtly bolarlar diýip hasaplapdyrlar.

Bu nazary düşünjäniň amaly ähmiýeti nämedekä? Görlüp oturyl-sa, bu düşünje täze bejeriş, hytaý lukmançylygynda üýtgeşik öwüşgin beriji moksa, owkalama we akupunktura ýaly usullaryň döredilmegi-ne getiripdir.

Moksa – agyryly ýere ýa-da onuň golaý ýerine ýanýan gury çöpüň kömegi bilen ot basmak bilen, «in» başlangyjyň hereketini güýçlendirmek arkaly keseli bejermäge, häzirki döwürde ulanylýan darsenwal, elektrik uçguny, diatermiýa, yşyk bilen bejeriş ýaly usul-larynyň peýda bolmagyna getirdi (*22-nji surat*).

Owkalama – «in» hereketini güýçlendirmek arkaly ýerli gan aýlanyşy gowulandyrmak bilen keseli bejermegiň usulydyr.

Akupunktura – iňňe sançmak, näsag organyň özüniň ýa-da töwereginiň (has daşda ýerleşen no-katlary hem) «in» we «ýan» güýçle-rini kadalaşdyrmak arkaly patologik ýagdaýlary bejermek usuly bolup, «ýan» azlyk etse, iňňäniň deşiginden gyzgyn howa goýberipdirler (bir top-lumda uzynlygy 1 *sm*-den 28 *sm*-e çenli 40 sany iňňe bolupdyr). Adamyň bedeninde hytaýlylar 388 nokady bel-giläpdirler (*23, 24, 25-nji suratlar*).



**22-nji surat. Moksa – ot basmak üçin ulanylýan dermanlyk otlardan ýasalan sigaralar**

Akupunkturany bejeriş usuly hökmünde ulanýan lukman hökman synagdan geçirilipdir. Şu usulyň üsti bilen hytaýly lukmanlar öýken abssesini, ekssudatiw plewriti, assiti bejermegiň usulyny işläp düzüpdirler.



**23-nji surat. Akupunktura nokatlary görkezilen adam bedeniniň modeli**



**24-nji surat. Adam bedeninde bellenilen akupunktura nokatlary**



**25-nji surat. Akupunktura iňňeleri**

Olar «in» we «ýan» düşünjesiniň esasynda pulsy öwrenipdirler, puls barada taglymaty döredipdirler (beýleki ýurtlarda ol peýdalanylman galypdyr).

Hytaý halk lukmançylygynda iň gadymy döwür jemgyýetindäki kesel bejeriş usullary giňden peýdalanylypdyr. «Mergi» keselinde köpçülikleýin maska geýlipdir, feýerwerk ulanypdyrlar, äpet howa ýylanlary we beýleki gorkuzyjy serişdeleri peýdalanypdyrlar. Ýaňy doglan bäbegiň ýüzüne gorkunç örtük goýupdyrlar. «Mergi» keseli örtükden gorkup, «çaga ýokaşman» gitmeli eken. Şol döwürde hytaý lukmançylygynda ekzotiki serişdeleri: dyrnakly penjäni, gany, bagry, gaplaňyň ýüregini, maýmynyň öt daşlaryny, piliň hamyny, pyşdylyň kellesini, kakadylan we guradylan suwluganlary ulanypdyrlar.

Adamlaryň ekerançylyga geçmegi bilen baglanyşykly täze serişdeler peýda bolupdyr. Olardan: sirke, zeýtun we künji ýagy, tüwi, buýan, aloe, skipidar şu günlerimize çenli gelip ýetipdir. Bu agzalan serişdelerden başga-da hytaý lukmançylygynda: kastor ýagy, kamfo-

ra, efedra, ipekekokuana, paporotnik, gara we gyzyl burç, çigildem, imbir we başga ösümlikler peýdalanylypdyr.

Hytaýyň halk lukmançylygy dünýäde meşhurlyk gazanan: ženşeniň köküni we tegmilli maralyň şahynyň ýazky öserini (pantlary) ulanmagy peşgeş berdi. Soňraky geçirilen barlaglar pantlaryň jyns gormonlaryna baýdygyny görkezdi.

Dag magdançylygynyň we himiýanyň ösmegi netijesinde ýüze çykarylan serişdeler:

– öň belli bolan metallardan (galaýydan, misden, altyndan we kümüşden) başga-da demir, gurşun, simap, myşýak;

– himiki maddalardan deňiz duzy, selitra, kükürt, mis kuporasy, iýiji natriý, hlorly ammoniý agzalyp geçilýär. Bulardan başga-da hytaýlylar sagaldyş serişdeleri hökmünde gymmat bahaly daşlary ulanypdyrlar.

Hytaý lukmançylygynda keseli anyklamak we bejermek doly ýola goýlupdyr. Lukmanlar näsaglaryň deri örtügine, diline, agyz boşlugyna, gözüne, gulagyna, burun boşlugyna uly üns bilen syn edipdirler. Näsagyň pulsuna uly üns berlipdir, puls boýunça birnäçe keselleri anyklapdyrlar. «Täsinlikler kitabynda» has takyk dogry maslahat berilýär: «Näsagyň sesini diňle-de, ýüzüniň reňkine syn et – şonda sen onuň keselini bilersiň; eliňi onuň pulsuna goý, garnyny we döşüni elläp gör – şonda sen onuň bedeninde keseliň nähili üýtgeşiklik döredendigini bilersiň; ýene-de sen ony gowy çuňňur sorag et – şonda sen näsagda bolýan hakyky hadysany bilersiň we keseliň üstüni açarsyň». Kesel anyklanandan soň lukmanlar näsagyň keselini bejermäge başlapdyrlar.



**26-njy surat.**
**Hua To**

Hytaý tebipleri «gapma-garşylykly» bejeriş usulyny giňden peýdalanypdyrlar. Olar sowugy gyzgyn bilen, hereketsizligi hereket bilen, ajyny süýji bilen bejeripdirler. Gadymy Hytaý lukmançylygynda berhiz, suw bejergisi, owkalama, gün şöhlesi bilen bejermek,

bejeriş maşklary hem giňden ulanylypdyr. Belli hytaýly hirurg Hua To «Adam bedenine hereket hem zähmet gerekli möçberde zerurdyr, sebäbi zähmet iýmitiň siňmegine, ganyň kadaly aýlanmagyna kömek berip, adam bedenini keselden goraýar» diýen setirleri galdyrypdyr.

Hytaý tebipçiliginiň derman serişdeleri galapyn ösümliklerden (kamfora, narpyz, käkilik oty, kastor ýagy, burç, sarymsak we başgalar) bolupdyr. Ondan başga-da haýwanlaryň bagry, ýiligi, gany, mineral maddalary ulanylypdyr. Hemme kesellerde ulanylýan derman diýip žeňşen hasaplanylypdyr. Merezýel keselini simap bilen, gijilewügi kükürt bilen bejeripdirler. Bejeriş usullaryny saýlamakda hytaý tebipleri näsagyň ýaşyny, jynsyny, häsiýetini, keseliň geçişini göz öňünde tutupdyrlar. Berhiz bilen bilelikde olar derman serişdelerini giňden ulanypdyrlar.

Hytaýda hirurgik usullar bilen döwükler, bogunlaryň çykmagy, ýaralar bejerilipdir. Olar şinalary, protezleri oýlap tapypdyrlar we giňden ulanypdyrlar. Döş kapasasynda, garyn boşlugynda we kelleçanakda hirurgik operasiýalary geçiripdirler. Alkogol we narkotik serişdeler bilen agyryny aýrypdyrlar. Býan Sýao (b.e. öňki V a.), Hua To III – II a.) ýaly ady belli hytaý hirurglary aýratyn meşhurlyk gazanypdyrlar.

## 2.8. Gadymy Hindi lukmançylygy

Gadymy Hindi lukmançylygy bilen tanyşmak üçin esasy ýazuw çeşmeleri hökmünde Aýurwedanyň («Ýaşaýşy bilmek») üç kitaby: Atreýniň, Harakiniň we Suşrutanyň kitaplary hyzmat edýär. Biziň üçin has wajyby olaryň iň soňkusydyr. Ol kitap b. e. öňki VI asyrda ýazylandyr diýlip çaklanylýar (*27-nji surat*).

Suşruta «Aýurweda» kitabynda adamyň tebigaty barada sorag goýup, Gadymy Hytaý filosofiýasynda we lukmançylygynda bolşy ýaly, ony kosmiki elementler baradaky taglymatyň esasynda, çözmegi başarypdyr. Öz kitabynda Suşruta moksanyň we akupunkturanyň hytaýlylar tarapyndan 300 ýyl mundan öň oýlanyp tapylandygyny aýdypdyr.

Suşrutanyň bellemegine görä «Nadanyň elinde derman – awydyr we öz täsiri boýunça pyçak bilen deňelýär, ylymly-bilimli adamyň elinde ol ölüme garşy güýjüni görkezýär».

Simabyň möçberini kesgitläp bilen lukmanlar has ýokary hormata eýe bolupdyrlar. Eger tebip kökleriň we otlaryň bejeriji häsiýetlerini bilýän bolsa – adam, pyçagyň we oduň häsiýetlerini bilýän bolsa – jyn-arwah, doganyň güýjüni bilýän bolsa – pygamber, simabyň häsiýetlerini bilýän bolsa – Hudaý bilen deňeşdirilipdir.

«Aýurwedada» 760 sany derman serişdeleri ýatlanyp geçilýär.

«Hirurgiýa – lukmançylyk ylmynyň iň amatlysy we ilkinjisidir», ol terapiýa bilen kemala gelmelidir. «Operasiýadan başy çykmaýan lukman näsagyň ýanynda aljyrap, ilkinji gezek söweşe düşen gorkak harby gullukça meňzeýär, diňe operasiýadan başy çykýan lukman hem hormata mynasyp däldir.., sebäbi olar sungatyň ýarty böleginden baş çykaryp, bir ganatly guşa meňzeşdir» diýip, Suşruta belläpdir.

Operasiýalary geçirmek üçin gadymy hirurgik enjamlar ulanylypdyr. Olaryň içinde jübtek, kateter, aýnalar, zondlar, şpris, troakarlar, skarifikatorlar, lansetler, skalpel, pyçgy, iňňeler we ş.m. bolupdyr. Gany duruzmak üçin hindi lukmanlary sowugy (buzy), küli, gyzgyn suwy, daňyny ulanypdyrlar. Ýaralary nah, ýüpek, ýüň matalary ýanan zygyr ýagyna batyryp sarapdyrlar, ýüpek we nah sapaklar bilen tikipdirler (*28-nji surat*).



**27-nji surat.**
**Aýurweda – dünýäde iň gadymy ylymlaryň biri**

Gadymy Gündogar ýurtlarynyň ählisinde plastiki hirurgiýa uly ösüşe eýe bolupdyr. Oňa itergi beren ýagdaý bolsa, ol ýurtlarda jeza çäreleri hökmünde günäkäriň tenine we bedenine salnan şikesler (eliň, aýagyň, burnuň, gulagyň, dodagyň kesilip aýrylmagy we başgalar) bolupdyr.


**28-nji surat. Gadymy hindi hirurgik enjamlary**

Suşrutanyň döwründe gadymy hindi lukmançylygy özbaşdak ösüpdir we adamyň tebigaty baradaky düşünjäni özbaşyna hödürlemäge ýetişipdir.

B. e. öňki VI asyrdan başlap Hindistanda harby kastasyndan (kaştarlar) häkimlige ýetmek isleýänler bilen žresleriň (braminler) arasynda (şol döwürde häkimiýet eýeleri) häkimiýet ugrundaky göreş ýitileşipdir.

Harbylary waýşiler kastasy (olara söwdagärler, senetçiler we ownuk ýer eýeleri degişli bolupdyr) goldapdyr, ol göreş braminlere garşy gönükdirilen täze filosofik we dini taglymatlaryň ýüze çykmagy bilen dowam edipdir.

Täze dörän taglymatlaryň biri bilen (hindiler ony «çarwaka», ýagny «düşnükli söz» diýip atlandyrypdyrlar) Suşrutanyň lukmançylyk ulgamy ykjam bagly bolupdyr.

«Çarwaka» taglymatynyň esasy düzgünleri örän gyzyklydyr:

Adamlar ähli bilimleri žresleriň öwredişi ýaly, hudaý tarapyn däl-de, öz duýgy organlarynyň kömegi bilen alýarlar.

Duýuş agzalaryny, adamlary maddy dünýä gurşaýar, onuň esasynda bolsa dört ýönekeý we biziň hemmämize mälim bolan kosmiki elementler: ot, howa, suw we toprak ýatýar.

Hakyky bilim şol dört elementden durýan adamlaryň daşky maddy gurşawyna akyl ýetirmekden ybaratdyr.

Biziň eýýamymyzdan öňki VI asyryň ortalarynda kaştarlaryň göreş hereketi Hindistanyň hemme ýerlerinde olaryň ýeňşi bilen tamamlanypdyr, ýöne «çarwaka» taglymatynyň söweşjeň baýdagy astynda däl-de, eýsem, Buddanyň taglymatynyň baýdagy astynda. Adamlaryň eşreti bu hereketli, **dümtünilýän** dünýäde däl-de, başga, elmydama rahatlygyň garaşýan ýerinde «nirwana» diýip, Budda aýdypdyr.

Suşrutanyň gözýetimleri soňunda taglymata birigipdir we ol şundan ybarat: Kosmiki elementler adam bedenine iýmit bilen düşýär, iýmit inçe içegelerde hilusa öwrülýär, soňra ol ýokary galyp, ýürege barýar, şol ýerde hem gana öwrülýär. Ritmiki dem almagyň netijesinde gan herekete getirilýär we hemme damarlara gönükdirilýär, olaryň üsti bilen ähli organlara we dokumalara iýmit maddalary eltilýär.

Suşruta hytaý lukmanlaryndan tapawutlylykda, ganyň organlary iýmit bilen üpjün edýän materialdygyny has aýdyň görkezýär. Onuň aýtmagyna görä: «gandan et, etden ýag gatlagy, ondan – süňkler we soňkulardan hem beýni emele gelýär». Şeýlelikde, tutuş adam bedeni esasy kosmiki elementlerden durýar. Suşrutanyň pikirine görä, adamyň saglygy we keselliligi kosmiki elementleriň özara dogry ýa-da nädogry gatnaşygyna baglydyr.

Suşrutanyň «Aýurwedasynda» keseliň etiologiýasy baradaky düşünjeler gadymy hytaýlylaryň we müsürlileriň hudaýlaryň gaharyny getirmek faktorlaryna çenli meňzeş bolupdyr. Täzelik hökmünde Suşruta ikilenji etiologik faktorlar hökmünde ödüň, howanyň we nemiň içegede gereginden köp toplanmagy bilen käbir keselleriň baglylygyny düşündiripdir. Bejeriş meselesinde Suşruta hytaýlylaryň ähli usullaryny we serişdelerini (žençenden we pantdan başga) peýdalanypdyr. Amaly işinde, esasan, ol öz döwrüniň ägirt uly hirurgy hökmünde çykyş edýär. Onuň gaýnaglamanyň gyzarmak, çişmek, ýerli gyzgynyň artmagy, agyry hem-de işdäniň bozulmagy we umumy bedeniň gyzgynlygynyň ýokarlanmagy ýaly nusgawy alamatlaryny ilkinji bolup beýan edenligini lukmançylygyň taryhçylary belleýärler. Ýerli gaýnaglamany Suşruta sülük bilen, bankalary, şpan muşkasyny ulanmak bilen, gyrlan käşir ýa-da kenebiň tohumlarynyň buglamasy bilen bejeripdir. Eger-de ol ýerde iriň toplansa, abssesi kesmek, mastidi – radiar kesim arkaly bejeripdir.

Täze operasiýalardan ol ingini kesmegi, dodagyň, burnuň kemçiliklerini plastiki operasiýa arkaly bejerilişini girizipdir. Onuň hödürlän burun we dodak plastiki operasiýasy köp wagtlap «rinoplastikanyň hindi usuly» diýlip tanalypdyr (*29, 30, 31-nji suratlar*).

Gadymy Hindistanda jeset kesmek gadagan edilmändir. Öwrenmäge niýetlenilen jesedi ýuwup, agaç gutuda akar suwuň astynda 7

gije-gündiz saklapdyrlar. Anatomiki barlag geçirmek usuly pes derejede bolupdyr. Dokumalar, süňkler, nerwler, bedeniň içki organlary, damarlar bilen bir hatarda, oňurga we kelle beýnisini hem tapawutlandyrypdyrlar. Ömrüň merkezi göbekde, ondan öz gözbaşyny nerwler we damarlar (gany, suwy we nemi alyp barýan) alýarlar diýip hasaplapdyrlar.

Hindi lukmanlary näsag barlanan wagty soraglara we barlaglara, meselem, deri örtüginiň reňkine, gyzgynlygyna, diliň ýagdaýyna, peşewiň reňkine, ysyna, tagamyna uly üns beripdirler. Aşgazan, içege, bogun, göz, ýürek keselleri, garamyk, beze, holera ýaly ýokanç keseller barada ýazgylary galdyrypdyrlar. Meşhur hindi lukmany Suşruta tarapyndan ýerli gaýnaglamanyň nusgawy alamatlarynyň ýazylanlygyna garamazdan, ol alamatlar soňra Korneliý Selsiň ady bilen Ýewropa lukmançylygynda aýan edilipdir.



**29-njy surat. Hindi lukmançylygynda rinoplastika operasiýasynyň geçiriliş tapgyrlary**



**30-njy surat. Hindi hirurglarynyň näsagyň kellesinde operasiýa geçirýän pursady**



**31-nji surat. Hindi lukmançylygynda göz ýorkasyny aýyrmak operasiýasy**

Hindi lukmanlary amputasiýa, ingini kesip aýyrmak (gryžaseçeniýe), kataraktany aýyrmak ýaly umumy operasiýalardan başga-da, plastik (hindi usuly) operasiýalary geçiripdirler. Plastik operasiýalar arkaly olar burnuň, gulagyň, bokurdagyň zeperlenmelerini gaýtadan dikeldipdirler. Döwük-ýenjikleri bejermek giňden ýaýrapdyr.

Suşruta ýaralary bejermekde ilkinjileriň biri bolup ýag siňdirilen daňy usulyny ulanypdyr hem-de ýaranyň üstüne gaýnaýan ýagy guýupdyr. Suşruta akuşerçilikde enäniň göwresinde düwünçegiň nädogry ýerleşenligi sebäpli, ony ýatgynyň içinde dogrulamagy, bäbejigi ýatgydan dogry çykarmagy başarypdyr, embriotomiýany ýazyp beýan edipdir.

Gadymy Gündogar ýurtlarynda lukmanlaryň hünär taýýarlygynyň ýörite ulgamy hereket edipdir. Hindistanda lukmanlary taýýarlamak ýöriteleşdirilen uniwersitet kysmy mekdeplerde alnyp barlypdyr. Meşhur lukman Suşruta b.e öňki VI asyrda kitap ýazypdyr diýlip çaklanylýar (b.e. öňki IX asyrda), şeýle-de ol Benaress uniwersitetinde terbiýelenipdir. Ybadathanalaryň ýanynda hem şeýle mekdepler bolupdyr. Okuw sapaklaryny ýokary taýýarlykly lukmanlar – waýdiýalar alyp barypdyrlar, olaryň her birine 3–4 okuwçy almaga rugsat edilipdir. Halypa lukman ýokary ahlak sypatly we düýpli ylmy bilimli adam bolupdyr. Okuwçylyga ýokarky gatlakdan bolan ýetginjekler: ýaş, syrdam, sagdyn, sada, ukyply we kadaly duýuş organlary bolanlar kabul edilipdir. Amaly we nazary taýýarlyk utgaşdyrylyp alnyp barlypdyr. Geljekki lukmanlar lukmançylygyň ylmy esaslary bilen düýpli tanyşdyrylypdyr. Öwrenijiler öz halypalary bilen näsaglary kabul edipdirler, amaly okuw sapaklarynda hirurgiýa operasiýalary ýetişen gök önümlerde we bişen ter miwelerde geçirilipdir. Okuwyň ahyrynda lukmanlar öz işini çäklendirýän, kesgitleýän borçlardan ybarat kasamy kabul edipdirler. Olardan näsaglara adamkärçilikli gatnaşykda bolmak, durmuşda özüňi sada alyp barmak we elmydama janyňy gaýgyrman, mätäçlere kömek bermek talap edilipdir. Hindistanda lukmanyň özüni alyp baryş kodeksinde «Ata-eneden, dogandan, dost-ýardan, halypadan gorkup bolar, ýöne gorky duýgusy öz lukmanynyň ýanynda duýulmaly däldir, lukman öz näsagyna golaý, eziz bolmalydyr» diýlip aýdylypdyr.

«Aýurweda» kitabynda saglygy üpjün edýän elementleriň biri bozulsa hem kesel ýüze çykýar diýlip, keselleriň döremeginiň sebäbi hökmünde zaýalanan suw, ýaramaz ýerler, ýeller, kirli eşikler, hapa ýaşaýyş jaýlary we başgalar atlandyrylýar.

Hindistanda näsag barlanylanda derisiniň reňkine we gyzgynyny kesgitlemäge, diliniň ýagdaýyna, bölünip çykýan jisimleriň reňkine we ysyna, peşewiň tagamyna uly ähmiýet berlipdir. Aşgazan we içege, bogun we göz, saraltma, heýwere, mama, gyrgyn, beýni we ýürek keselleri, ýylan çakmagyndan soňky ýagdaý barada ýazylypdyr. Bedeniň ýokary temperaturasyny «sowuk», «ýalynly», «haýal», «duýdansyz ýakyp barýan», «ondan-oňa geçýän» ýaly häsiýetlendiripdirler. Gadymy hindi lukmanlary kesel bejerenlerinde näsagyň bedenindäki ganyň we ödüň, dem almagyň sazlaşygynyň bozulýanlygyndan ugur alypdyrlar.

Gigiýena – gadymy döwür döwletleriniň lukmançylygynyň güýçli tarapy bolupdyr. Ol saglygy goramak, keselleriň öňüni almak, sagdyn ömrüň ortaça dowamlylygyny artdyrmak meýline gulluk edipdir. Manu kanunlarynda eti az iýmeli, ter ösümlikleri köp iýmeli, süýt, bal iýmeli, gap-gaçlary arassa saklamaly diýlip bellenilipdir. Bedene gözegçilik etmegiň kadalary jikme-jik işlenilip (dişleri arassalamak, suwa düşünmek, eşigi çalyşmak, hapalary aýyrmak) düzülipdir. Ýaşaýyş ýerlerini arassa saklamak, rejeli iýmitlenmek, gün tertibini düzmek, her gün maşklary ýerine ýetirmek barada gözükdirme berlipdir. Köp halatda şahsy gigiýena jemgyýetçilik gigiýenasy bilen baýlaşdyrylypdyr.

Häzirki Pakistanyň çäginde arheologlar tarapyndan Gadymy Hindi siwilizasiýasyna degişli Mohendžo-Daro şäheriniň üsti açylypdyr. Ony şäheriň ýaşaýjylary b.e. öňki IV–III müňýyllyklarda taşlapdyrlar. Ol şäherde göni köçeli kwartallar dogry ýerleşdirilip, ýollaryna kerpiç düşelipdir. Şäheriň 3–4 gatly kerpiç jaýlary, howlusynda suw alynýan guýusy bolup, oňa daş turbadan suw geçiriji ulgamy arkaly suw getirilipdir. Dalbarly bazar, howuzlar, şeýle-de ýörite lagym ulgamy bolupdyr. Gazuw-agtaryş işleriniň dowamynda ammarlar hem tapylypdyr.

# ANTIK DÖWRÜNIŇ LUKMANÇYLYGY

*Antik döwrüniň lukmançylygynyň aýratynlyklary. Gadymy Gresiýanyň lukmançylygy, onuň taryhy ähmiýeti. Gippokratyň ömri, gumoral nazaryýeti, keselleriň tebigat we klimat bilen baglanyşygy, adamlaryň häsiýetleri boýunça bölünişi we onuň keseliň geçişindäki ähmiýeti. Gippokratyň ylmy eserleri, lukmanyň kasamy we ahlagy barada, pediatriýa we gigiýena ylmynyň gelip çykyş taryhy, diş keselleriniň döreýşi barada, çaga gözegçilik etmek we bejermek hakynda. Aleksandriýanyň lukmançylygy. Gadymy Rimiň lukmançylygy. Rimde sanitar-arassaçylyk desgalaryň gurluşygy we arassaçylyk işleri, döwlet lukmançylygynyň döremegi, arhiatorlar. Gadymy Rimiň görnükli lukman-alymlary: Asklepiad, Dioskrid, Klawdiý Galen we olaryň ýazan ylmy işleri. Klawdiý Galeniň anatomiýada we fiziologiýada ylmy açyşlary, onuň dermanlary.*

## 3.1. Antik döwründäki lukmançylygyň ösüş aýratynlyklary

Antik döwrüniň jemgyýetinde zähmetiň ekerançylyk we senetçilik ýaly has uly gerimlere bölünmegine diňe gulçulyk mümkinçilik beripdir, şeýle ýol bilen Gadymy Grek medeniýetiniň gülläp ösmegi üçin möhüm şertler döräpdir. «Gulçulyk bolmadyk bolsa, Grek döwleti-de, grek sungaty bilen grek ylmy-da bolmazdy, gulçulyk jemgyýeti bolmadyk bolsa, Rim döwleti-de emele gelmezdi. Şonsuz Gresiýa we Rim tarapyndan esaslandyrylan häzirkizaman Ýewropasy-da bolmazdy» diýen pikiri F. Engels özüniň «Anti-Dýuring» diýen işinde öňe sürüpdir.

Gadymy Gündogar ýurtlarynyň lukmançylygy baradaky maglumatlary şol döwrüň çeşmelerinden: ýazuw eserlerinden (papiruslar), sarkofaglardaky we piramidalardaky, Müsüriň sütünli metjitlerindäki, Mesopotamiýadaky bişirilen kerpiçlerdäki we monolit (bitewi) daşlardaky klinopisli ýazgylardan, Hindistanyň lukmançylyk edebiýatlaryndan, Hytaýyň we Tibetiň lukmançylyk kitaplaryndan, medeniýetiň maddy gymmatlyklaryndan, sanitar-arassaçylyk binalaryndan, lukmançylyk ideg ediş predmetlerinden, hirurgik gurallaryndan, adam organlarynyň yzlaryndan we ş.m., kanunçylyk resminamalaryndan (b.e. öň XVIII asyrda Wawilonda Hammurapiniň jemkanuny; Hindistanda – Many kanunlary), halk eposlaryndan («Mahabharata», «Ramaýana» – Hindistanda), dini kitaplardan («Awesta»

– Eýranda, Orta Aziýada we başgalarda), çeperçilik sungat eserlerinden (bedeniň ideg edilmegine, operasiýa geçirilmegine degişli sahnalar) tapyp bolýar.

Şu görkezilen çeşmelere laýyklykda, eýýäm gadymy döwür jemgyýetine geçilen wagtda saglygy goramakda, keselleri anyklamakda, bejermekde we olaryň öňüni almakda baý tejribe toplanylypdyr.

Antik dünýäsiniň lukmançylygy lukmançylygyň mundan beýläk ösmegine saldamly goşant goşupdyr. Bu döwrüň lukmançylygynda esasy orny gadymy Gresiýa we Rim döwletleriniň (b. e. öň II–V müňýyllyklar) lukmançylygy eýeläpdir.

## 3.2. Antik Gresiýanyň lukmançylygy

Antik Gresiýanyň lukmançylygy hakyndaky ilkinji maglumatlar biziň eýýamymyzdan öňki XII asyra degişlidir. Şol döwürde Gresiýada lukmançylyk özbaşdak hünär hökmünde ykrar edilýär we ýörite hünärli lukmanlar peýda bolýar. Ybadathana lukmançylygy hem ýaşamagyny dowam etdirýär.

Grek lukmançylygynyň taryhy orny hirurgiýa (el hereketi bilen emel etmek), pediatriýa (çagalary bejermek), psihiatriýa (ruhy taýdan bejermek), dermatologiýa (deri hakynda ylym), oftalmologiýa (göz hakynda ylym), newrologiýa, terapiýa, pnewmoniýa, gemorragiýa, epilepsiýa we başgalar ýaly häzirki zaman lukmançylyk adalgalarynyň ýüze çykmagyndadyr.

Gresiýanyň lukmançylygy baradaky gadymy taryhy maglumatlar Gomeriň nusgawy poemalarynda («Iliada» we «Odisseýa» – b. e. öňki XII – VIII asyrlar) berlipdir. Bu poemalarda iň gadymy döwür jemgyýetinden gadymy döwre geçilýän wagtda lukmançylygyň ýagdaýy beýan edilipdir. «Iliada» poemasynda urşujylaryň özlerine we biri-birine berýän kömegi, ýaralananlaryň söweş meýdanyndan çykarylyşy barada hem-de Gomeriň Asklepiýniň ogullary hasap edilen Mahaon we Podaliriý barada, Asklepiýniň hudaýa deňelenligi bellenilýär.

Grekleriň mifologiýasynda Asklepiýniň gyzlary: Gigiýeýanyň – saglygyň we arassaçylygyň hudaýydygy we Panakeýanyň – derman bejergisiniň goragçysydygy barada hem-de Apollonyň – «bejeriji» Günüň hudaýydygy we kentawr Hironyň lukmançylyk bilen meşgullanandyklary barasynda aýdylyp geçilýär (*32-nji surat*).

Asklepiýniň grekçe adyndan şol döwrüň kesel bejeriş jaýlarynyň «asklepiýon» diýlip atlandyrylmagy gelip çykypdyr. Olar iki görnüşde bolup, saýlanan toparlar we däp-dessurlar berjaý edilýänler – ybadathanalaryň ýanynda (iň irisi–Epidawrda) gurlupdyr. Asklepiýonlarda geçirilen gazuw işlerinde hirurgik we beýleki lukmançylyk gurallary – gaýçylaryň, gysgyçlaryň, zondlaryň, iňňeleriň galyndylary tapylypdyr.



**32-nji surat.**
**Gigiýeýa we Asklepiý**
**(Rim, Watikan)**

Asklepiýonlardan başga-da «ýatreýalar» öýlerinde kabul edýän lukmanlaryň kesel bejeriş otaglary bolupdyr. Gadymy Gündogaryň lukmançylygyndan tapawutlylykda, Gresiýanyň lukmançylygyna diniň täsiri az bolupdyr. Gadymy Gresiýada şahsy gigiýena, fiziki maşklara, bedeniň berkidilmegine uly üns berlipdir. Ýaşlara mekdeplerde (palestralarda) we gimnasiýlerde bedenterbiýe öwredilipdir. Ellin wazalarynda, gündeki ulanylýan gurallarda, sungat eserlerinde şol döwrüň adamlarynyň özleriniň bedenine ideg edişiniň: üstüňden suw akdyrmak, endamyňa dürli ýaglary we kosmetiki serişdeleri çalynmak we owkalamak şekillendirilipdir.

Gadymy Gresiýanyň hünär lukmançylygy kesel bejeriş jaýlarynyň, ilkinji lukmançylyk mekdepleriniň we jemgyýetçilik lukmançylygynyň şineleriniň peýda bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Gurply lukmanlar, näsaglaryň ünsüni köpräk çekmek hem-de has köp pul gazanmak üçin öz öýleriniň ýanynda kesel bejeriş jaýlaryny açypdyrlar. Şol kesel bejeriş jaýlary «Ýatreýa» diýlip atlandyrylypdyr. Käbir lukmanlaryň maşgalalary şol kesel bejeriş jaýlarynda tölegli okuwlary açyp, olarda lukman bolmaga isleg bildirýänleri okadypdyrlar.

Lukmançylyk, esasan, hususy eýeçilikde bolupdyr. Lukmanyň hünäri maşgala häsiýetine eýe bolupdyr (ýagny atasy öz hünärini ogluna öwredipdir, soňra bolsa ol hem öz nesline öwretmegi dowam edipdir).

Jemgyýetçilik lukmançylygy kemala gelipdir, käbir şäherlerde «şäher lukmany» adyny göterýän ýörite wezipeli adamlar bolupdyr. Olar, esasan, arassaçylyk düzgünleriniň berjaý edilişine, lukmanlaryň hem-de dermanhana işgärleriniň işlerine gözegçiligi amala aşyrypdyrlar. Grek şäherleriniň ilaty kämahallar jemgyýetçilik gullugyna, esasan hem epidemiýalaryň möwjeýän döwründe, şol lukmanlary işe çagyrypdyrlar. Bu jemgyýetçilik lukmanlarynyň işi wagtlaýyn häsiýete eýe bolupdyr, şonuň ýaly-da ol lukmanlar we harby lukmanlar diňe söweşler bolan döwründe jemgyýetçilik lukmany hökmünde işe çagyrylypdyr.

Gadymy Gresiýada lukmançylygyň ösüşi ýokary derejä ýetipdir. Aýry-aýry şäherlerde maşgala lukmançylyk mekdepleri ösüp, şäher lukmançylyk mekdeplerine öwrülipdir. Edebiýat çeşmelerinde Gresiýada şu aşakdaky lukmançylyk mekdepleriniň bolandygy barada maglumatlar (Kirenaik – Demirgazyk Afrikada, Rodos–Rodos adasynda, Kroton, Knid, Kos-Kos adasynda) berilýär.

## 3.3. Gippokrat, onuň ömri we ylmy işleri

Dünýä lukmançylygynyň taryhynda Gippokrata (b.e. öň 460 – 377 ý.) aýratyn orun degişlidir. Ol gadymy lukmançylykda ylmy-materialistik ugry esaslandyryjy hasaplanylýar.

Gippokrat biziň eramyzdan öňki 460-njy ýylda Kos adasynda lukmanlar maşgalasynda dogulýar. Onuň kakasy Geraklit lukman, ejesi Fenareta bolsa göbegene bolupdyr. Gippokratyň ähli nesilleri lukmançylyk käri bilen meşgullanypdyrlar. Durnukly maşgala lukmanlary mekdebini döretmek bilen, bir nesil öz hünärini beýleki nesle geçiripdir. Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, Gippokratyň ata tarapy öz gözbaşyny jemgyýetçilik lukmany bolan Asklepiýiň nesli Todomeriýadan, eje tarapy bolsa dünýä belli Gerakldan alyp gaýdýar. Lukmançylyk sungatyny Gippokrat öz kakasy Geraklitden öwrenipdir.

Gippokratyň kakasy Asklepiadlaryň (lukmanlaryň) neslinden bolmak bilen, oglunyň lukmançylyk ugrundaky ilkinji mugallymy hasaplanylýar. Gippokrat özüniň esasy mugallymy tarapyndan alan bilimleri bilen çäklenmändir. Ata-enesi aradan çykandan soň, Gippokrat öz döwründe bütin Gresiýanyň medeni we ruhy durmuşynyň merkezine öwrülen Afiny şäherine göçüp barýar. Şol mahallar Gresiýanyň

içerki ýagdaýynyň iň güýçli ösen döwri bolupdyr. Gippokrat öz ajaýyp döwürdeş alymlary we suratkeşleri, filosoflary, lukmanlary, şahyrlary we dramaturglary bilen ýakyndan gatnaşypdyr. Filosofiýadan gadymyýetiň iňňän uly akyldary materialist Demokrit (b.e. öňki 460–370-nji ýyllar), dualist Anaksagor, **skeptik** Protagor, idealist Sokrat we beýlekiler Gippokratyň ýakyn adamlaryna öwrülipdirler. Demokritiň natur-fiolosofiýasy onuň **ömrüniň ahyryny** bagyş eden lukmançylyk we ylmy işleriniň esasyny düzüpdir.

Gippokrat bir şäherden beýleki şähere göçüp ýören (periodewt) lukman bolupdyr. Gresiýada şol döwrüň lukmanlarynyň köpüsi şeýle ýagdaýda işläpdirler. Şol sergezdançylyklaryň döwründe Gippokrat Liwiýa, Müsüre, Kiçi Aziýa, şeýle hem slawýanlaryň ata-babalary bolan skifleriň göçüp-gonup ýören ýerlerine – Gara deňziň demirgazyk, gündogar kenarlaryna, tä Rion derýasyna çenli aralykdaky sebitlere baryp görüpdir diýlip çaklanylýar.

Şol ýurtlaryň tebigaty we ilaty bilen ýakyndan tanyşmagy netijesinde Gippokrat adamlaryň beden gurluşy we hyjuwlylyk häsiýetleri boýunça dört sany esasy görnüşiniň bardygy hakyndaky belli taglymatyny öňe sürüpdir, şol taglymat bolsa onuň «Howa, suw we ýer hakynda» atly traktatynda öz beýanyny tapypdyr. Şeýlelikde, ol adamlaryň dört kysymy hakyndaky nazaryýeti işläp düzýär. Şol döwürde ol ylmy traktatlaryň birnäçesini ýazýar we öz watany Gresiýa dolanyp gelýär. Onuň ylymda mälim bolan traktatlaryndan görnüşi ýaly, Gippokrat dünýägaraýşy boýunça materialist bolupdyr.



**33-nji surat.**
**Lukman Asklepiad**



**34-nji surat.**
**Gippokrat. Praksiteliň mekdebiniň heýkeli, b.e.öňki IV asyr**

Ene-atasy ýogalandan soň, ol köpsanly grek şäherlerine, şol sanda Kiçi Aziýa syýahat etmek bilen, garyp halkyň saglygy bilen meşgullanypdyr. Bu bolsa Gippokratyň lukmançylyk amalyýetini ösdürmäge uly goşant goşmagyna mümkinçilik döredipdir.

Onuň ýazan ylmy işleriniň biziň döwrümize çenli gelip ýetenleri «Gippokratyň toplumyna» girizilipdir. Gippokraty Elladanyň we Fessalyň lukmanlary örän hormatlaýan ekenler. Gippokratyň çeken zähmetiniň netijesi bolan onuň ylmy mirasynyň meseleleri şu wagta çenli doly çözülmän galypdyr. Onuň esasy sebäpleriniň biri-de, şol döwrüň däp-dessurlaryna görä lukmanlar ýazýan **düzmelerinde** öz atlaryny goýmaýan ekenler, şeýlelikde, bu düzmeler **anonim** häsiýetde bolup galypdyr.

Gadymy grek lukmanlarynyň ilkinji düzmeler toplumlary Gippokrat ölenden soň düzülipdir, olar şol döwürde Aleksandriýanyň ýazuw goraghanasynda saklanylypdyr. Ptolemeýiň buýrugy boýunça bitin dünýäde gadymy grek alymlarynyň ýazan ylmy işleri we düzmeleri şol döwürde Aleksandriýa getirilipdir hem-de ol ýerde öwrenilip, terjime edilip göçürilipdir. Jemi ýygnalan golýazmalaryň 700 müňden 72-si grek dilinde ýazylan lukmançylyk düzmeleri bolupdyr. Şol sebäpli b.e. 300 ýyldan öňki lukmançylyk işleri «Gippokratyň toplumyna» girizilipdir we olar geljekki nesiller üçin Gippokratyň we b.e. öňki V–III asyrlarda grek lukmanlarynyň ýazan ylmy işleri lukmançylygyň taryhyna girdiler.

Gippokratyň döwründen biziň günlerimize onuň lukmançylyk mazmunly eserleriniň toplumy bolan «Gippokratyň ýygyndysy» diýen kitaby gelip ýetipdir. Bu kitapda awtoryň lukmançylygyň dürli ugurlaryna degişli «Howa, suw we ýer hakynda», «Prognostika», «Epidemiýalar», «Kelle agyrysy hakynda», «Döwük-ýenjik hakynda» hem-de başga-da ençeme eserleri ýerleşdirilipdir. Ýygyndydaky birnäçe eserleri Gippokratyň nesilleri, hususan-da, onuň ogly hem-de giýewisi ýazypdyr diýlip çaklanylypdyr.

«Gippokratyň ýygyndysyna» girizilen eserleriň köpüsi onuň Kos mekdebinde beren beýanlarynyň mazmunyny özünde jemläp-

dir. Şol sebäpli «Gippokratyň ýygyndysy» b.e. öňki V–IV asyrlardaky grek lukmançylygynyň gülläp ösen döwrüniň ensiklopediýasy diýlip hasap edilip bilner. Gippokratyň lukmançylykda bitiren esasy hyzmatlarynyň biri onuň lukmançylyk hadysalarynyň derňewine öz döwrüniň, ýagny gadymy grek filosofiýasynyň gazanan üstünliklerini – Demokritiň materializmini we Geraklidiň dialektikasyny esas edip alandygy hem-de şu ugur boýunça ony materialistik nukdaýnazardan düşündirenligindedir. Kesel ýa-da dert Gippokrat üçin hudaýyň emri, al-arwahyň ýa-da jynyň täsiri bilen emele gelýän zat däl-de, eýsem, ol material **substratlaryň** üýtgemegi netijesinde adam organizminde emele gelýän hadysadyr. Ol özüniň şu pikiri bilen ruhanylaryň lukmançylygynyň öňe sürýän düzgünlerini ýalana çykarypdyr.

Gippokrat her bir keseliň döremeginiň öz tebigy sebäpleri bar diýip hasap edipdir. Keseliň şol tebigy sebäpleri, ozaly bilen, adamy gurşap alýan daşarky gurşawdan gelip çykýar. Keselleriň umumy sebäpleri Gippokratyň pikirine görä, käbir ýagdaýlarda nesilden-nesle geçýänligindedir. Muňa ýylyň pasyllarynyň çalşyp durmagy, howanyň temperaturasy, klimat, şol bir ýeriň topragynyň we suwunyň özboluşly häsiýetleri hem girýär. Şular bilen bir hatarda Gippokrat käbir adamlaryň kesellemeginiň aýrybaşga sebäplerini tapawutlandyryp, oňa ilatyň ýaşaýyş-durmuş keşbini hem degişli edýär.

Töweregi gurşap alan tebigata we adamlaryň öz tebigatyna, ýagny olaryň hyjuwlylyk derejesine görä, Gippokratyň pikiriçe, olar dört görnüşe bölünipdir.

Birinji görnüş – Gündogaryň dünýewi, şadyýan adamlary. Bu ýerde Gippokrat kiçi Aziýanyň adamlaryny göz öňünde tutýar. Gippokratyň ýazyp beýan etmegine görä, şol ýerler gülläp ösýän, tekiz hem mylaýym ýelleriň öwüsýän sebitleridir. Şol sebitleriň adamlary hem ajaýyp sypatly we belent mertebeli ynsanlardyr. Hyjuwlylyk babatda bolsa olar salyhatly hem merhemetlidirler, olaryň bedenlerinde gan köpdür.

Ikinji görnüş – gallaw, göçgünli adamlar. Bular Demirgazygyň adamlary. Bu ýerleriň klimaty sowuk hem gurakdyr. Ýeri bolsa daglyk, belentlik, sowuk hem gurak, şemally. Umuman alanyňda, bu

zatlar hem adamlaryň sagdynlygy üçin peýdalydyr. Şonuň üçin şol ýurtlaryň adamlary gujurly, agajet, hortaň, bedeni muskully hem güýçli bolýarlar, şeýle görnüşdäki adamlaryň teninde gahar-gazap agdyklyk edýär.

Üçünji görnüş – sowukganly, äwmezek, perwaýsyz adamlar, bular Günorta tarapyň adamlarydyr. Bu ýerleriň klimaty ýeňil, ýöne çygly, nemli, ýyly şemally hasaplanylypdyr. Bu ýagdaýlaryň hemmesi adamlary ysgyndan gaçyrýar, gowşadýar, şonuň üçin hem olar hyjuwlylyk babatda sus hem gowuşgynsyzdyr.

Dördünji görnüş – melanholik, göwnüçökgün, gaýgyly, tutuk adamlar. Bular Günbataryň adamlarydyr. Grekler melanholiýany ýa-da gara ödi gahar-gazabyň, nemi bugaryp göterilen ajy sözüň çökündisi ýaly bir zatdyr diýip hasap edýärler. Gippokrat olaryň ýurduny güýzüň klimatyna we bu paslyň düşen ýerlerine meňzedipdir; güýze meňzeş bolsa-da, olar gyňyr temperamentli, gaýgyçyl, şol bir wagtda hem häsiýeti boýunça kesir, hötjet bolýarlar.

Gippokratyň pikirine görä, adamlaryň fiziki hem-de ruhy görnüşleri, şeýle-de her bir adamyň temperamenti bolsa, onuň özüne degişli zatlary kabul edip bilşi bilen kesgitlenilýär. Gippokrat adamy onuň ýaşaýan ýeriniň fiziki-geografik şertleri bilen baglanyşdyrýar we gurşap alýan tebigatyň oňa täsir edýändigini nygtaýar. Gippokratyň adamlaryň temperamentini toparlara bölüşi, onuň esasynda bolsa ahlak düşünjeleri goýmagy biziň günlerimiziň bu baradaky garaýyşlaryndan, elbetde, düýpgöter tapawutlydyr. Şeýle-de bolsa, ol esasy görnüşleriň düýpli häsiýetlerini dogry kesgitläpdir.

Gippokrat hirurgiýa meselelerine köp üns beripdir: adam ýaralananda ganakmany saklamak üçin elini ýa-da aýagyny ýokary galdyrmagy, sowuk zady ulanmagy, gan akýan ýeri bogmagy, ýapmagy maslahat beripdir. Adamyň eli, aýagy ýa-da başga bir bogny çykanda, süňki döwlende ony ýerine dogry salyp, gozganmaz ýaly edip daňmagy öwredipdir.

Gippokrat «gapma-garşylykly» bejeriş usulyny ulanypdyr. Mysal üçin, zähmet çekmekligi dynç alyş bejerýär, tersine, rahatlygy zähmet bejerýär.

Uly adamlaryň keselleri bilen bir hatarda Gippokrat çaga keselleri bilen hem ýörite meşgullanypdyr. Ol hapgyrtma keseliniň döreýşini, onuň bejeriliş we öňüni alyş çärelerini ýazyp beýan edipdir. Ýaňy doglan hem-de süýt emýän çagalaryň kesellerine aýratyn üns beripdir. Çagalary kesellerden halas etmek işine Gippokrat aýratyn ähmiýet beripdir, şonda ol diňe bir iýmit düzgün-tertibiniň däl-de, eýsem, umumy gigiýenanyň düzgüniniň hem berjaý edilmeginiň zerurdygyna ünsi çekipdir. Çaga kesellerinde ol dermanlar bilen bejermek usulyny hem äsgermezçilik etmändir, halk lukmançylygynyň tejribelerinden hem peýdalanypdyr. «Gippokratyň ýygyndysynda» 250-den köpräk ösümlik, 50-den gowrak hem haýwan önümlerinden bolan dermanlyk serişdeleri sanalyp geçilýär.

I. Pawlow Gippokraty «ynsan organizminiň genial synçysy» diýip atlandyrypdyr. Gippokratyň ýiti synçylygy onuň deňeşdirmeleriniň takyk bolmagyna ýardam edipdir. Ol öýkendäki ownuk hyžžyldylary sirkäniň gaýnaýşy bilen, plewrit bolan öýkenden çykýan şyggyldyny gaýyş guşagyň süýkeşmesinden çykýan sese meňzedipdir.

Gippokrat kämahal döş kapasasyny gulagy bilen diňläp görüpdir, ýöne gadymy lukmançylykda bu usul ýeterlik derejede ösüp bilmändir.

Düşekde ýatan näsaga alasarmyk oýlanmalar bilen däl-de, has ünsli çemeleşmegiň zerurdygyna düşünip, Gippokrat näsag barada yzygiderli hem hemmetaraplaýyn alada etmegiň zerurdygyny nygtapdyr. Öz döwrüniň çäkli ylmy-düşünjeleriniň şertlerinde, ol patologik hadysalaryň «tebigy» ösüşine ähli güýjüni we ukybyny garşy goýupdyr. Şonda ol, ozaly bilen, näsaga hiç hili zyýan ýetirmezligi maksat edinipdir.

Gippokratyň işlerinde lukmanyň özüni alyp barşy, lukman medeniýeti (etikasy) bilen onuň daş görnüşinden başlap, tä işinde ulanylýan usullaryna çenli köp meseleleri öz içine alýan «Lukmanyň kasamynda» lukman bilen näsagyň özara gatnaşygy, şeýle hem lukmanlaryň öz aralaryndaky gatnaşyklary kesgitlenilendir. Ol kasamyň sözleri biziň günlerimize-de gelip ýetipdir.

Gippokrat ylmy lukmançylygyň deontologiýa ýörelgelerini işläp düzmekde uly hyzmatlary bitiripdir. Onuň «Gippokratyň kasamy» ady bilen dünýä meşhur düzmesinde beýan edilen lukmançylygyň ahlak, borç we ylmy esaslary şol döwrüň žresleriniň, lukmansumaklarynyň we tebipsumaklarynyň garşysyna göreşmekde uly ýardam beripdir. Bu meselelere «Kasamdan» başga-da onuň: «Kanun», «Lukman hakynda», «Wesýetnama», «Özüňi hoşamaý, salykatly alyp barmak barada» ýaly ylmy işleri bagyşlanypdyr. Ol soňky işinde diňe bir lukmanyň jemgyýetde özüni alyp barmagynyň düzgünleri barada däl, eýsem, lukmançylygyň beýleki ylymlar ulgamynda tutýan orny hem-de onuň filosofiýa bilen baglanyşygy barada «Lukman – filosof, hudaýa barabardyr, munuň üçin lukmançylykda pula ýigrenç, päk wyždanlylyk, sadalyk, sada geýinmek, sylag-hormat, özpikirlilik we çözgüdi çürt-kesik kabul etmek, ýakymlylyk, gowy pikirleriň agdyklygy, durmuş bilen baglanyşykly peýdaly zatlary bilmek we başga-da mynasyp sypatlar bardyr» diýip aýdypdyr.

Gippokrat öz ukyp-başarnygyny ylma bagyş edipdir. Ol 46 sany uly göwrümli eseri, onlarça we ýüzlerçe ownukly-irili ylmy işleri miras galdyrypdyr.

Gippokratyň has irki ýazan işi «Aforizmler» kitabydyr, ol awtoryň hususy iş tejribesi esasynda toplanyp ýazylypdyr, käbir ýagdaýlarda bolsa Müsüriň žresler lukmançylygynyň akyl-paýhasa ýugrulan pikirleri hem getirilipdir. Bu kitapda plewritiň, içegeden gan akmagyň, içege geçirmezliginiň, bürme keseliniň, böwrekleriň zeperlenmeginiň alamatlary beýan edilýär, getirilen aforizmleriň käbirleriniň inçelik we çuňňur synçylyk bilen beýan edilenligine haýran galýarsyň.

«Aforizmlerde» Gippokrat peritonitli näsaglarda «Gippokratyň ýüzi» diýlip atlandyrylýan alamatlar toplumynda: «adamyň ýüzüniň keşbiniň üýtgemegi, içine giden gözler, burnuň ujunyň ýitileşmegi, dartylan we sowuk gulaklar, hamyň gatamagy, onuň reňkiniň saralmagy ýa-da garalmagy – ýaramaz alamatlary aňladýar» diýip beýan edýär. «Eger-de görkezilen alamatlardan başga-da gabaklaryň, dodaklaryň ýa-da burnuň gögermegi peýda bolaýsa, bular ölümiň örän ýakynlaşandygyndan nyşandyr» diýip, Gippokrat belläpdir.

«Aforizmlerde» Gippokrat adamlaryň ýaşlaryna görä keselleriň toparlanyşyny (ýaşlyk döwri, orta ýaş we garrylyk döwri) getiripdir.

«Adamyň tebigaty» kitabynda Gippokrat filosof hökmünde çykyş edýär hem-de adamyň ötden, gandan, nemden gelip çykyşy ýylyň pasyllaryna we ýaşyna görä üýtgeýär diýlen nukdaýnazara öz gatnaşygyny kesgitleýär. Bu meselede ol adamyň gurluşynyň esasynda suwuklyklaryň ähli görnüşiniň üýtgemegi ýatyr diýip hasap edipdir. «Ýylyň dowamynda gyşyň, ýazyň, tomsuň ýa-da güýzüň agdyklyk edişi ýaly, adamda hem nemiň, ganyň, ilki sary ödüň, soňra bolsa gara ödüň artykmaçlygy ýüze çykýar» diýip belläpdir. Görkezilen elementleriň gatnaşygynda, öte dolmakdan ýüze çykýan keselleri gowzatmak ýa-da boşatmak arkaly bejermeli, boşadylmadan dörän keselleri doldurmak bilen bejermeli, zähmetden dörän keseli dynç almak bilen, şady-horramlykdan döränleri bolsa zähmet çekmek bilen bejermeli diýen netijä gelipdir.

Gippokrat keseliň sebäbini tebigatda görüpdir. Ol «Howa, suw we ýer barada» kitabynda bu pikiri esaslandyrypdyr. Näsaglary bejermekde «gapma-garşy bejermek» we «peýda getir ýa-da zelel berme» ýaly esasy ýorelgelerden ugur alyp, bir ýagdaýda keseliň sebäbi epidemiýa, beýlekilerde – durmuş ýörelgesidir diýip hasaplapdyr, bu meselede lukman näsagy bejerýärkä hemme näsaga birmeňzeş bejergini belläp bilmez diýip hasaplapdyr.

Gippokrat temperamentleri örän anyk beýan edipdir. Beýik rus fiziology I. Pawlow adamlaryň temperamentlere bölünmeginiň esasynda birnäçe ýüzýyllyklardan soňra ýokary nerw işjeňliginiň tiplerini düzgünleşdiripdir.

Gippokratyň adam anatomiýasyna degişli «Mäzler hakynda», «Tohum we bäbegiň tebigaty barada», «Ýürek barada» eserlerinde önjeýli ylmy pikirleriniň bolandygyny bellemelidiris.

Ol keselleri anyklamaga örän uly üns beripdir, olar barada «Kos çaklamalary», «Gadymy lukmançylyk barada» kitaplarynda keselleri irki döwürde anyklamagyň, dermanlar bilen bejergide hususylaýyn çemeleşmegiň zerurlygyny nygtapdyr.

Has şowly we düýpli işlenilen, pikirleriniň goýalyşan döwründe ýazan «Prognostika» eserinde, awtor özüniň tanymal barlagçydygyny iş ýüzünde subut edýär. Onuň lukmanyň öňden görüjiligini ösdürmäge başarnygyny artdyrmak barada aladalanmagy has oňlanylmaly ýagdaýdyr. Häzirki keseliň berýän ezýetlerinden, keseliň geljekki ösüşini öňünden çaklap bilýän lukman, bejeriş işlerini ezberlik bilen başarar diýip hasaplapdyr. Keselleriň netijesini öňünden çaklamak arkaly aýdyp bilmek üçin, häzirki alamatlary anyk kesgitlemegiň (ýüzüniň, gözüniň, derisiniň reňkiniň üýtgemegi, düşekde ýatyşynyň, derlemekliginiň, dem alşynyň we pulsunyň häsiýetleri, deri örtüginiň gyzgynlygy, iýmit siňdirişi we başgalar) hökmandygyny nygtapdyr.

Gippokrat lukmançylygyň wagyz-nesihat işlerine uly üns beripdir. Onuň golýazmalarynyň arasynda: «Adamyň tebigaty barada», «Sagdyn durmuş ýörelgeleri barada», «Ejir çekmek barada», «Garaguş agyry keseli barada» düşnükli dilde ýazylan eserleri bize miras galypdyr. Ol eserler berhiziň, yssynyň we sowugyň, dürli ýapgylaryň peýdalanylyşyna, içgilere, dynç almaklyga we ýaralara, ys alşa, eşidişe, görüşe, jynsy gatnaşyklaryň düzgünlerine, saglygy goramaklyga, sagdyn durmuş ýörelgesine, şikeslenmegiň we keselleriň öňüni almaga bagyşlanypdyr.

Gippokrat amalyýetçi lukman hökmünde has meşhurlyga eýe bolupdyr. Näsaglaryň bejerilişinde ol berhiz bejergisini, derman serişdelerini, balneoterapiýany (şypaly suw we palçyk bejergisi), bejeriş bedenterbiýesini, ynandyrmagy hem-de operasiýany ulanypdyr.

Gippokrat keseliň sebäbini tebigat bilen hem baglanyşdyrypdyr. Ýöne ol hudaýlaryň bardygyny hem inkär etmändir. Onuň «Suw, howa we ýer barada» kitabynda her bir keseliň özboluşly tebigaty bar. Lukman näsagy bejerende howanyň haýsy paslydygyna, näsagyň ýaşyna üns bermeli. Dartgynly ýagdaý bolsa gowşatmaly, eger-de gowşak bolsa, onda ony gurplandyrmaly, «şol zatlar hem bejerginiň esasy bolup durýar» diýip, Gippokrat ýazýar. Ol şol ýörelgeden ugur alýar. Garşylykly zat bilen bejerýär. Şol bir wagtda käbir ýagdaýlarda keselleriň sebäbiniň epidemiýalardygyny, beýleki ýagdaýlarda ýaşaýyş keşbi bolup durýandygyny belläp geçipdir. Şonuň üçin,

näsaglary bejerende, lukmanyň işi birmeňzeş bolup bilmez. Onuň bejergisiniň esasy maksady «peýda etmek ýa-da zyýan ýetirmezlik». Gippokratyň keselleriň patogenezine, adam anatomiýasyna degişli işlerindäki garaýyşlaryna baha berlende, onuň düşünjeleriniň örän ýönekeýligini aýtmak bolar. Ýöne olar bize gadymylaryň bilim derejesi barada pikir ýöretmäge esas berýär.

Keselleriň irki anyklanyşynyň zerurlygy barada derman bellenende aýratyn çemeleşmek boýunça Gippokrat «Gadymy lukmançylyk» kitabynda şeýle ýazypdyr: «Lukmanlaryň köpüsi, meniň pikirimçe, erbet gämi dolandyryjylar ýaly. Eger olar gämini rahat deňizde dolandyrsalar, olaryň ýalňyşy bilinmeýär. Eger güýçli tupan we garşylykly şemal bolsa, onda gäminiň heläkçilige uçramagynyň şolaryň günäsi bilen bolanlygy hemmä äşgär bolýar. Şonuň ýaly hem, zehinsiz lukmanlar ýeňil keselleri bejerenlerinde uly ýalňyşlyklar goýberseler hem hiç hili howp döretmeýär. Eger olar howply agyr kesele duşsalar, olaryň ýalňyşlary hemmä äşgär bolýar». Gippokratyň has gutarnykly eseri «Prognostika» bolup, onda ol özüni lukman-barlagçy hökmünde görkezipdir. Çaklama meselelerini çözmek üçin näsagyň hakyky ýagdaýynyň dogry kesgidini goýmak bilen çäklenmän, keseliň kliniki geçişi esasynda onuň geljekki ýagdaýyny görmegi hem başarmalydygyny nygtaýar.

Gippokrat bu eseriniň başynda şeýle ýazýar: «Meniň pikirimçe, lukman üçin iň gowusy öňünden görmek ukybydyr. Hakykatda ol, ýagny lukman, näsaglarda häzirki, öň bolup geçen we geljekki ýüze çykaýjak alamatlary bilmegi başarsa, näsaglar onuň köp bilýänligine ynanyp başlaýar. Şeýle bolansoň, näsaglaryň özleri lukmana ynanýarlar». Gippokrat diňe bir dürli alamatlaryň takyk kesgitlemesiniň zerurlygyny görkezmän (ýüzüniň, gözüniň, derisiniň reňkiniň, näsagyň ýagdaýynyň, dem alşynyň we pulsunyň häsiýetlerini, bedeniň gyzgynlygyny, iýmit siňdiriş we bölüp çykaryşyny), anyk çaklamak üçin alamatlaryň utgaşmasynyň möhümdigini belläp geçýär. Gippokrat öz eserlerinde häzirki döwürde hem öwrenilýän meseleleri gozgaýar. Mysal üçin, «Suw, howa we ýer barada», «Epidemiýalar» atly ylmy işleri lukmançylyk geografiýasyna, häzirki zaman lukmançylygynyň

ýörite bölümine degişli bolup, keseliň geçişine klimatyň, howanyň, topragyň, suwuň täsir edýänligini beýan edipdir. Gippokrat ýaşlyk ýyllary gezelenç edip, dogrudan hem suwuň düzüminiň peşew daş keseliniň we galkan şekilli mäz keseliniň döremegine täsiriniň bardygyna göz ýetirendigini öz işlerinde belläpdir.

Gippokrat lukmançylykda deontologiýanyň meselelerine uly üns beripdir hem-de bu ugra degişli ylmy işleri ýazypdyr. Ýogalanlygyna köp wagt geçse-de, Gippokratyň kasamy öz meşhurlygyny ýitirmän gelýär.

Özüňi dogry alyp barmaga degişli işlerinde Gippokrat diňe bir lukmanyň jemgyýetdäki özüni alyp baryş düzgün-tertibini däl-de, eýsem, umuman lukmançylygyň beýleki ylymlaryň arasyndaky ornuny we lukmançylygyň filosofiýa bilen arabaglanyşygyny göz öňünde tutýar. Hakykatdan hem paýhas bilen lukmançylygyň arasynda uly tapawut ýok: paýhaslylykdan gözlenýän zatlar lukmançylykda hem bar. Paýhaslylyk, agraslyk, eşik geýinmekde – sadalyk, sylag-hormatly bolmak, aýgytlylyk, arassaçylyk, durmuş üçin zerur bolan we peýdaly ylym-bilimleriň hemmesini öwrenmek-bilmek höwesi lukmana mahsus bolmaly häsiýetlerdir. Lukmançylyk beýleki hünärlerden pähimlilik amalynyň hakykatdan hem uzak wagtlaýyn maksada gönükdirilenligi bilen tapawutlanýar.

Köp okamak we irmän-arman der dökülip çekilen zähmet netijesinde, lukmançylyk zähmeti lukmançylyk sungatyna öwrülip biler. Onuň üçin şeýle ukyby ele aljak bolýanlar, bu işler bilen örän köp wagt meşgullanmalydyrlar, tejribeli adamlardan öwrenmäge çekinmeli däldirler. Lukmançylyk sungaty tötänleýin duşulýan ýagdaýlara üns berilmegini we ol işleri öz tejribäňe öwrüp, peýdaňa ulanmagy talap edýär.

Gippokrat kyn ýagdaýlarda keseli anyklamagy we bejeriş meselelerini dürli hünärli lukmanlar bilen bilelikde çözmegiň zerurlygyny aýdyp geçýär. Keseli anyklamakda we bejergide kynçylyk çekýän lukman üçin konsiliumyň çagyrylmagy ýöne ýerden däldir. Bu ýerde Gippokratyň lukmanlaryň geljekki nesillerine ýüzlenýän ýaly «Men kasam bilen ýüzlenýärin, hiç wagt lukmanyň pikiri beýleki birinde

göriplik döretmeli däl. Bu öz ejizligiňi görkezmegi aňladýar» diýen sözleri örän uly terbiýeleýji häsiýete eýedir.

Gippokratyň eserlerinde lukmanlaryň ylmy işleri möhüm orun tutýar. Ol meseläniň taryhynyň öwrenilmeginiň ähmiýetini belläp geçýär. «Bilimiň maksady we meselesi entek tapylmadyk zady ýüze çykarmakdan ybarat bolup durýar» diýip ýazýar. Gippokrat köptaraplaýyn bilimli we zehinli bolupdyr, onuň mirasynda «Adamyň tebigaty barada», «Sagdyn ýaşaýyş durmuşy», «Ejir çekmeler barada», «Mukaddes kesel barada» atly kitaplary aýratyn orny eýeleýär.

Ol öz döwrüniň beýik adamlary bilen aragatnaşyk saklapdyr we bellibir derejede olaryň täsirinde bolupdyr. Filosof Demokritiň Gippokrata ýazan «Ähli adamlara zerurdyr» diýen haty şu wagta çenli saklanyp galypdyr. Gippokratyň ylymly-bilimliligini we ýazuwynyň çeperligini käbir alymlar şonuň bilen baglanyşdyrýarlar. Olar şol bir wagtda ýaşaýyş üçin aýgytly we peýdaly zatlar bolup, filosofiýany lukmançylygyň dogany hasaplap, onuň bilen bir üçegiň aşagynda ýaşaýar diýen pähimi öňe sürüpdirler. Hakykatdan hem «...filosofiýa ruhuňy nebisden, lukmançylyk bolsa bedeni agyrylardan azat edýär. Adam sagdyn wagty onuň akyly gowy işleýär. Şonuň üçin saglyk barada alada etmek akylly adamlaryň işidir. Ýöne haçan-da bedene zeper ýetse, akylyň ol barada alada edesi gelenok, şunlukda emele gelen agyry akylyň ejir çekmegine getirýär, ruhy peseldýär. Adam kesellese, özüne kömek etmäni başarmaly» diýip, Gippokrat belläp geçýär.

Gippokrat keselleriň seljerip iýip-içmek, ýadawlyk, ýaralar, ys alyş, eşidiş, görüş, jynsy gatnaşyklar, ýylylyk we sowuk ýaly sebäplerini belläp geçýär. Bu çäreler maşk otaglarynda, bejergi üçin kesgitlenilen howdanlarda, şeýle-de operasiýa otagynda geçirilipdir. Ol berhiz arkaly bejergi barada «Ýiti kesellerde berhiz saklamak», «Sagdyn ýaşaýyş durmuşy» atly kitaplary ýazypdyr. Adamyň öz islegine we konstitusiýasyna görä sagdyn adamlara horlanmak we semremek üçin dermanlar hem ulanypdyr. Gippokrat öz işlerinde sagdyn adamlarda esasy orunda gowşan organizmi berkitmek meselesi durýar diýip belläpdir. Bu bolsa häzirki zaman lukmançylygy üçin hem ýol-ýörelgedir.

Görkezilen amalyýet Gippokrata soňraky asyrlar üçin beýik lukman hökmünde uly şöhrat getiripdir. Ylym halkaradyr we häzirki döwürde oňa hiç kim şübhelenmeýär. Ýöne alym adama öz halkynyň ilçisi hökmünde halkara abraýy gazanmak üçin halkynyň we ýurdunyň watançysy bolmak zerurdyr. Gippokrat grek halkynyň watançysy (halk we ýurt üçin hemme zada taýýar diýmegi aňladýar) bolupdyr. Haçanda pars patyşasy Artakserks ony özüne gulluk etmäge ýanyna çagyranda, oňa ümmülmez baýlyk hödürläpdir, Gippokrat bolsa ondan boýun gaçyrypdyr. Şu ýagdaý mynasybetli ol öz halkyna aşakdaky setirleri ýadygärlik goýupdyr: «Patyşanyň baýlygyny kabul etmek bilen, men Gresiýa şäherini talaýjy duşman hökmünde masgaraçylyga sezewar bolardym. Öz ata watanymyň mukaddesliginiň öňünde baýlyk wajyp däldir. Öz ýurdy üçin gulluk edýän ajaýyp adamlary bolan halk bagtly halkdyr».

XX asyryň başlarynda lukmançylyk ylmynyň ösüşi, özgerişlikleri döwründe gazanylan üstünliklere subýektiw ýa-da obýektiw sebäplere görä dogry baha berilmän galypdyr. Şonda lukmanlaryň pessimistleri «Gippokrata tarap, yza», optimistleri bolsa «Gippokrat bilen öňe» diýlen şygarlary öňe tutupdyrlar. Aýratyn şahsyýetleriň intellektine baha bermek, olaryň ýeten sepgitlerini kabul etmän, olary ulanmazlyk köpçülik üçin ýalňyşlykdyr. Şonuň üçin biz doly esaslandyryş geçen nesliň ýeten sepgitleriniň, geljek üçin gönükdirilen ýörelgesiniň bolmalydygyna dogry düşünmelidigini bilmelidiris.

Gippokratyň ömrüniň ahyrky ýyllary Laress şäherinde geçipdir. Käbir çeşmelere görä, Gippokrat 83 ýaşda, beýleki çeşmelere görä, 104 ýaşynda ýogalypdyr. Gippokrat Fessaliýanyň Laress şäherinde jaýlanylypdyr.

## 3.4. Gadymy Rimde lukmançylyk

Gadymy Rim döwletinde (ilkibaşda, biziň eýýamymyzdan öň III–I asyrlarda – ol respublika, soňra, biziň eýýamymyzdan öňki I asyryň ahyrlarynda – imperiýa) gul eýeçiligi jemgyýeti öz ösüşiniň doly we gutarnykly tapgyryna ýetipdir. Rim Gündogarda Pars (Eýran) döwletiniň serhetlerinden başlap, Günbatarda – Pireneý ýarym

adasyna çenli, demirgazykda – Britaniýa, Günortada – Müsüre çenli bolan aralykdaky ençeme ýurtlary merkezleşdirilen bir döwlete birleşdiripdir.

Merkezleşdirilen uly döwletiň ösüşiň ýokary derejelerine galmagy oňa hemişelik hereket edýän goşunyň zerurlygyny-da ýüze çykarýar. Goşuny saklamak harby gospitallaryň (waletudinarileriň – sagaldyş öýleriniň) gurulmagyna we işläp başlamagyna şert döredýär.

Goşunyň söweş ukybyny saklamak we gandöküşikli söweşlerde esgerlere lukmançylyk kömegini bermek zerurlygy harby lukmançylyk gullugyny ýola goýmagy talap edipdir. Harby lukmançylygyň ösdürilmegi bilen baglylykda, taryhy öwrenijiler Ýewropa ýurtlarynda harby lukmanlaryň hatyrasyna bina edilen ýüzi ýazgyly ýadygärlikleriň, hirurgik gurallarynyň ýany bilen harby gospitallara (waletudinarilere) degişli esbaplary hem tapypdyrlar (*35-nji surat*).

Harby ýesirleriň hasabyna gullaryň yzygiderli gelip durmagy, şäherlerde ägirt uly möçberlerdäki abadanlaşdyryş we sanitariýa desgalarynyň gurluşyklaryny alyp barmaga mümkinçilik beripdir. Gadymy Rimde gullar tarapyndan äpet harsaň daşlar ýonulyp, taraşlanyp gurlan suw geçirijileri (akarlary) şol döwrüň iri raýat gurluşyklaryna şaýatlyk edýän ýadygärlikleriň biridir. Daşdan edilen şol suw akarlary Rimi oňat hilli agyz suwy bilen üpjün edipdir. Uly bazarlardan, köpsanly we köporunly hammamlardan hapa suwlaryň, nejesatlaryň akyp gitmegi üçin niýetlenen ýerasty daş turbalaryň (kloakalaryň) lagym ulgamlary köne şäherleriň harabalyklarynda saklanyp galypdyr.

Ençeme hammamlar bir wagtyň özünde birnäçe müň adam suwa düşüner ýaly edilip gurlupdyr. Olaryň fiziki türgenleşikler, ýaryşlar geçirmek üçin meýdançalary hem bolupdyr. Şol hammamlar özlerini bina eden uly wezipeli döwlet işgärleriniň atlaryny göteripdirler. Gadymy Rimde kesel bejermek işleri bilen köplenç daşary ýurtly adamlar – ilkibaşda harby ýesirler meşgullanypdyrlar. Olar, esasan, grekler ýa-da Gündogar ýurtlardan – Kiçi Aziýadan, Müsürden we beýleki ýerlerden gelen adamlar bolupdyr. Rimde ybadathana lukmançylygy uly orun tutup bilmändir.



**35-nji surat. Rimli harby lukmanlaryň söweşde ýara daňýan pursatlary**

Rimde lukmanlaryň işlerine gözegçilik etmek üçin ýörite wezipe, «arhiýatorlaryň – baş lukmanlaryň» wezipesi girizilipdir. Lukmanlar teatrlaryň, sirkleriň, hünärmentleriň birleşmeleriniň ýanynda özleriniň kabul ediş otaglaryny açypdyrlar.

Rimde lukmançylyk baradaky pikirleriň giň gerim almagy, bu ugruň gadymy Gresiýadaky ösüşi bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Mysal üçin, görnükli rimli lukman Asklepiad Epikuryň hem-de Lukresiýa Karyň materiýanyň atomistik gurluşy we funksiýasy hakyndaky meselelerinde birmeňzeş karara gelipdir.

Asklepiad «Saglyk – beden bölekleri kadaly hereket edende we boş giňişligiň kadaly ýagdaýynda saklanyp biler» diýen pikire gelipdir. Asklepiad boýunça «öýjükler we kanaljyklar» şeýle giňişlikler hasaplanylypdyr, şol sebäpli hem kanaljyklar dykylanda we beden bölekleriniň hereketi bozulanda kesel ýüze çykýar diýen netijä gelnipdir. Asklepiad bedeniň deri örtüginiň hereketine aýratyn ähmiýet beripdir. Asklepiadyň ulgamynda keselleri klimatik bejeriş usuly we balneoterapiýa uly orun tutupdyr. Dermanlara ol örän seresaply çemeleşipdir. Asklepiadyň esasy ýörelgesi keselleri ygtybarly, çalt hem ýakymlylyk bilen bejermek bolupdyr. Şu zatlar onuň giňden tanalmagyna ýardam edipdir. Aslyýetinde onuň özi örän tejribeli we usully hirurg bolupdyr. Traheotomiýa usulyny hem Asklepiad işläp düzüpdir.

Gadymy Rimiň görnükli lukmanlarynyň hatarynda Korneliý Sels tanalypdyr. Ol (biziň eýýamymyzdan öň 33–25-nji we 50–45-nji ýyllarda) dürli ylmy-amaly meselelere – filosofiýa, harby işlere, oba hojalygyna, lukmançylyga degişli kitaplary ýazypdyr. Ol baý gul eýesi bolup, «Lukmançylyk hakynda» diýen eserini ýazypdyr. Şol eserinde ol gul eýelerine, derde ýolugan gullaryny bejermegiň

ýollaryny salgy bermäge çalşypdyr, öz gullaryny mejbury ýagdaýda bejeripdir, sebäbi gullaryň nyrhy ýokary bolupdyr. Şoňa görä-de, bu iş oňa ykdysady taýdan bähbitli bolupdyr. Sels, esasan, Gippokrata eýerip, beýleki gadymy döwrüň lukmanlarynyň eserlerini soňky nesiller üçin kyn hem bolsa ýygnapdyr we aýawly saklapdyr. Şol eserleriň köpüsi diňe onuň hyzmatlary arkaly biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Biziň eýýamymyzyň II asyrynyň ahyrlarynda Rimde meşhur grek lukmany Efesli Soran ýaşap geçipdir. Ol ýiti synçy adam bolupdyr, özi hem ginekologiýadan, akuşerçilikden we pediatriýadan köpsanly eserler ýazypdyr. Soranyň işlerinde diýetika (sagdyn adamlaryň kadaly iýmiti hakyndaky ylym), ýaňy bolan bäbeklere we emýän çagalara ideg etmek boýunça baý maglumatlar beýan edilipdir. Soran göbegi daňmak, çaganyň geýimini çalşyrmak, bäbege ideg etmek, bäbegi gundamak, naharlamak bilen baglanyşykly köp meseleleri derňäpdir. Ol çagalaryň hakyna tutulan eneke tarapyndan emdirilmeginiň bähbidine birnäçe deliller getiripdir. Efesli Soran çagalary oýlanyşykly we akylly-başly emdirmegiň hem-de naharlamagyň tarapdary bolupdyr (*36, 37-nji suratlar*).



**36-njy surat. Efesli Soranyň golýazmasynda düwünçegiň ýerleşişiniň şekili**



**37-nji surat. Efesli Soranyň daňylary: injikde, döş kapasasynda we kellede ýerleşen ýaralaryň daňlyşy**

## 3.5. Klawdiý Galen, onuň ömri we ylmy lukmançylykda bitiren işleri



**38-nji surat. Klawdiý Galen**

Klawdiý Galen döwrüň (131–201 ý.) lukmançylygynyň iňňän uly nusgawylarynyň biridir. Ol biziň eýýamymyzyň 131-nji ýylynda Pergam şäherinde dogulýar. Onuň atasy Nikon arhitektor bolupdyr. Galen ýaşlyk ýyllarynda grek filosoflary Platonyň we Aristoteliň eserlerini öwrenipdir. Ol köp ýerlere syýahat edipdir. Kipre, Lemanasa, Palestina we lukmançylyk ylymlarynyň merkezi bolan Aleksandriýa baryp görüpdir. Şol ýerlerde meşhur alymlar, filosoflar, görnükli lukmanlar bilen bolan duşuşyklar we edilen söhbetler Galen üçin uly mekdep bolupdyr. Galen 28 ýaşynda Pergama dolanyp gelipdir we gladiatorlar mekdebinde lukman bolup işläp başlapdyr.

Galen şu mekdepde 6 ýyl işläp, baý iş tejribesini toplapdyr. Galen diňe bir ýaralylary bejermek bilen çäklenmändir, ol anatomiýany we fiziologiýany hem yzygiderli öwrenipdir, köpsanly tejribeleri geçiripdir.

Galen 164-nji ýylda Rime göçüp barypdyr. Ony bu ýerde imperator Mark Awreliniň köşk lukmany bolup işlemäge çagyrypdyrlar. Soňra ol M. Awreliniň ogly Komsiadyň hyzmatynda bolupdyr. Köşkde köşk lukmany (leýb-medik) bolup işlemek bilen, ol anatomiýany, fiziologiýany we patologiýany öwrenmegi dowam etdiripdir.

Ömrüniň dowamynda Galen lukmançylyk ylmy we amaly babatynda köp işleri bitirmäge ýetişipdir. Galen ylmy işleriň 400-sini ýazypdyr. Şolaryň 200-si lukmançylyk, beýlekileri bolsa matematika, grammatika, filosofiýa we hukuk ylymlaryna degişlidir. Biziň günlerimize onuň lukmançylyk boýunça ýazan ylmy işleriniň 140-a golaýy gelip ýetipdir. Galeniň eserleri soňky nesillere gadymy dünýäniň lukmançylyk mirasyny öwrenmäge mümkinçilik berdi. Galeniň ylmy

garaýyşlary Günbatar Ýewropanyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň lukmanlary tarapyndan 15 asyrlap şek-şübhesiz, dil ýetirilmesiz çeşme hökmünde hormatlanyp gelnipdir.

Galen filosofiýada dualist bolupdyr. Onuň materialistik garaýyşlary idealistik pikirleri bilen goşulyp-garylyp gidýär. Galen tebigatda materiýany ilkinji hasap edýär. Onuň pikirine görä, hemişelik, baky we özleri hem ebedilik hereketde. Şular ýaly düşünjeleri boýunça ol materializme ýakynlaşýar. Jany ýa-da ruhy material däl substrakt hasaplapdyr, Galen janyň bardygyny ykrar edipdir. Ýöne ol materializm nukdaýnazarynda berk durmandyr, idealizm ony özüne köpräk çekipdir. Galen adam bedeni 4 sany elementden hem-de 4 görnüşli suwuklyklardan ybaratdyr diýip hasaplapdyr. Olaryň adamyň bedeninde örän dykyz ýerleşendigini belleýär. Galeniň pikiriçe, adam bedeninde bolup geçýän ähli hadysalary ruh dolandyrýar. Galeniň aýtmagyna görä, adamyň jany onuň ganynda ýaşap, bedene köp güýç getirýär we iňňän zerur hadysalary dolandyrýar. XVII asyra çenli şol güýjüň hereketlerini adamdaky fiziologik we patologik hadysalar diýlip düşünilipdir.

Galen adam anatomiýasyny ýaralanan gladiatorlaryň, haýwanlaryň, ölüme höküm edilenleriň we ş.m. mysalynda öwrenipdir. Ol anatomiýa boýunça ýygnan maglumatlarynyň bir bölegini doňzy kesip görmek arkaly alypdyr. Galen adam bedenini öwrenmek bilen süňk gabygyny, ketirdöwügi, siňri, bogunlary birleşdirýän siňirleri ilkinji bolup ýazyp beýan edipdir. Ol ýagyrnynyň muskulaturasyny, oňurga süňküni, göz, bogaz we çeýneýji myşsalary hem ilkinji bolup ýazyp düşündiripdir. Ol beýniniň gurluşyny diri haýwanlarda geçiren tejribelerinde irginsizlik bilen öwrenipdir we ol ähli nerwleriň çeşmesi diýen netijä gelipdir. Kelle beýniniň nerwleriniň ýedi jübütiniň işleýşini ýazyp beýan eden hem Galen diýip hasap edilýär.

Ol takyk bolmasa-da, arteriýa we wena gan damarlaryny hem biri-birinden aýyl-saýyl tapawutlandyryp bilipdir, ganyň bedendäki hereketiniň ýollaryny-da öwrenipdir. Gan aýlanyş ulgamynyň merkezi ýürek däl-de, bagyr diýip hasaplapdyr. Ol bedeni gan bilen üpjün

edýär hem-de soňra gany özüne doly sorup alyp, yzyna goýbermeýär, bagyrda bedeni üpjün etmek üçin ganyň täze tapgyry emele gelýär diýip, Galen düşündiripdir. Şu shema XVII asyra çenli hemmeler tarapyndan ykrar edilipdir.

Fiziologiýany öwrenmek üçin Galen ýiti wiwiseksiýany (ylmy maksatlar üçin diri haýwanyň içini açyp görmek) öz geçirýän tejribelerinde ulanypdyr. Şol tejribeleri ol doňuzlaryň we beýleki haýwanlaryň dürli ululykdaky beýnilerinde (bu barada çyzgylar saklanyp galypdyr) geçirip görüpdir. Şolaryň üsti bilen ol hereket ediş nerwleriň funksiýalaryny öwrenipdir. Galeniň duýuş nerw ýollaryny kesip görmek bilen toplan tejribesi, şol nerwleriň duýujylyk ukyby bilen baglanyşyklydygyny subut edipdir.

Galeniň «Adamyň beden bölekleriniň wezipeleri hakynda» atly akademiki ylmy işi 1971-nji ýylda rus diline terjime edilip, çap edilýär. Galen lukmançylykda kesel bejermek üçin ösümliklerden derman taýýarlamaga girizen kadalary bilen öz adyny lukmançylygyň taryhynda ebedilik galdyrdy. Ol dermanlyk ösümlikleriň ýapraklaryndan, köklerinden, güllerinden we beýleki böleklerinden şerbetler, şire ekstraktlary taýýarlanylanda, olaryň agram we möçber gatnaşyklarynyň çägini kesgitläpdir. Şonuň üçin onuň hatyrasyna hut şu günlerde-de şeýle derman formalaryna «Galen preparatlary» diýilýär.

Ylmy barlaglarynyň netijesi öwrenilende, Galeniň toplan takyk maglumatlary onuň dünýägaraýşyndaky idealistik esaslardan has agramly bolup çykýar. Galen özüniň gören zatlarynyň köpüsini dogry ýazyp beýan edipdir. Ýöne ol özüniň käbir nädogry nazary esaslarynyň täsiri bilen birnäçe faktlara nädogry düşündiriş beripdir.

Sholastlar filosofiýada Aristotele çemeleşişleri ýaly, Galeniň ylmy taglymatyny mizemeýän, üýtgewsiz bir zada öwrüpdirler. Galeniň dünýägaraýşynyň gowşak taraplary katolik buthanasy tarapyndan birtaraplaýyn açylyp görkezilipdir. Galeniň ylmy barlaglary, tejribeleri geçirmek usullary zyňlyp taşlanypdyr. Galeniň şular ýaly ýoýlan mirasy – «galenizm» sholastik lukmançylygynyň baýdagyna öwrülipdir.

## 4-nji bap

# ORTA ASYRLAR DÖWRÜNIŇ LUKMANÇYLYGY. ARAP HALYFATLARYNYŇ LUKMANÇYLYGY. ORTA AZIÝA HALKLARYNYŇ ORTA ASYRLAR DÖWRÜNDÄKI LUKMANÇYLYGY. ABU ALY IBN SINANYŇ «LUKMANÇYLYK YLMYNYŇ KANUNLARY» KITABY WE ONUŇ LUKMANÇYLYKDAKY ÄHMIÝETI

*Orta asyrlar döwrüniň häsiýetli taraplary. Arap halyfatlarynda orta asyrlar döwrüniň lukmançylygynyň aýratynlyklary. Ar-Razi Gündogarda ylmy lukmançylygy esaslandyryjy. Gündogar ýurtlarynda lukmançylygyň görnükli wekilleri (Ibn Abbas, Abul Kasym, Amirdöwlet Amasyýasy, Mhitar Gerasiý, Kananeli) we olaryň ylmy işleri. Orta Aziýa halklarynyň lukmançylygy. Wizantiýadaky lukmançylyk we onuň beýleki ýurtlaryň lukmançylygyna täsiri. Oribaziý we onuň «Sinopsis» kitaby hakynda. Keselhanalar barada maglumatlar. Abu Aly ibn Sina – lukmançylygyň görnükli wekili, lukman-ensiklopediýaçy. Onuň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitaby, onuň düzümi we lukmançylykdaky ähmiýeti. Orta Aziýada orta asyrlar döwrüniň häsiýetli taraplary. Buhara, Samarkant, Gürgenç, Merw – Orta Aziýa halklarynyň ylmy we medeni merkezleri.*

## 4.1. Orta asyrlar döwrüniň häsiýetli taraplary

Orta asyrlar döwri gadymy döwür jemgyýetçilik gurluşy bilen ornuny çalşyp, öň gul eýeçiligi bolmadyk käbir döwletlerde: Hytaýda – b.e.öňki III asyrda; Kawkazda – b.e. IV asyrynda; Günbatar Rim imperiýasynda – b.e. V asyrynda; Wizantiýada we Orta Aziýada – b.e. VII asyrynda; Russiýada – b.e. IX asyrynda ol gös-göni gadymy döwür jemgyýetiniň ýerine gelýär. Hemme döwletlerde ol üç sany tapgyrdan geçdi. Ol tapgyrlar Demirgazyk Italiýada, Angliýada, Niderlandlarda, Fransiýada has anyk ýüze çykypdyr.

Birinji tapgyrda (V–X asyrlar) şol döwletleriň häsiýetli aýratynlyklaryna – dagynyklyk, öndüriji güýçleriň pes derejeli-

ligi, natural hojalygyň agalyk etmegi, jemgyýetçilik zähmetiniň bölünmeginiň sähelçe ýüze çykmagy, şäherleriň az ilatlylygy hem-de sanynyň azlygy degişlidir.

Ikinji tapgyrda (XI–XV asyrlar) öndüriji güýçleriň ösmegi, jemgyýetçilik zähmetiniň bölünmegi, öndüriji we öňümçilik hojalygynyň bölünmegi, öndürijileriň pudaklara birikmegi bolup geçipdir. Şäherler ösüp, satuw merkezlerine öwrülipdir. Şonuň bilen haryt-pul gatnaşyklary ýüze çykypdyr we giňäpdir.

Üçünji tapgyr ýa-da Täzeden döreýiş döwri XV – XVII asyrlary öz içine alýar. Bu tapgyrda orta asyr jemgyýetçilik gurluşy dargap, önümçiligiň täze taryh gatnaşyklary döräpdir, synp deňsizligi güýjäpdir.

Ýewropada VIII asyrlarda bilime bolan höwes peselipdir. Diňe Salerna lukmançylyk mekdebi IX asyrda tebigy bejeriş çeşmeli we arassa howaly ýerde açylypdyr, ol XI asyrda uniwersitete öwrülipdir. Geljekki lukmanlary bu ýerde 9 ýyl okadypdyrlar, ýöriteleşdirilen hirurgiýa hünäri boýunça taýýarlanylýan lukmanlar bolsa 10 ýyl okadylypdyr.

Orta asyrlarda Günbatar Ýewropada adam bedeniniň gurluşy we hereketi barada bilim gowşak bolupdyr. Jesedi kesip barlap görmek ybadathana tarapyndan gadagan edilipdir. Lukmanlary okatmak üçin maglumatlar Galeniň we Abu Aly ibn Sinanyň eserlerinden alnypdyr.

XV asyra çenli anatomiýa boýunça gollanma döretmek üçin diňe bir gezek synanyşyk edilipdir, ýagny 1316-njy ýylda italýan lukmany Mondino de Luççi iki sany jesedi kesip öwrenmegiň esasynda anatomiýa boýunça okuw kitabyny ýazypdyr we Ýewropanyň lukmançylyk mekdepleri ony iki asyryň dowamynda okuw kitaby hökmünde peýdalanypdyrlar.

Orta asyrlarda ýokanç keselleriň epidemiýalary köp duş gelipdir. Kähalatlarda epidemiýalar pandemiýalara öwrülipdir. Demirgazyk Italiýada 1347-nji ýylda demirgazyk Afrikadan getirilen mama keseliniň pandemiýasy 3–4 ýylyň dowamynda bütin Ýewropany gurşap alypdyr. Gyrgyna getirýän epidemiýalara garşy göreş çäreleri geçirilipdir: şähere girilende ähli adamlar gözegçilikden geçirilip,

keselli adamlar bolsa şäherden çykarylypdyr we olara şah ýa-da jaň asylypdyr. Ýokanç keselli näsaglar aýry saklanylypdyr.

Arap halyfatlarynda orta asyrlar döwründe din berkäpdir, medeniýet, bilim, öz ösüşlerini dowam edip, ylmy merkezleriň döremegine getiripdir. Buharada Samanidleriň kitaphanasy, Horezmde, ýagny Gürgençde (Köneürgençde) – Mamunyň ylymlar akademiýasy hereket edipdir. Şol döwrüň görnükli alymlary, hususan-da Al-Horezmi (VIII–IX asyr), ýer şarynyň we onuň meridianynyň ölçeglerini teoretiki taýdan kesgitläpdir, wagt kesgitlenişini kämilleşdiripdir, matematikanyň we algebranyň ösmegine saldamly goşant goşupdyr. Horezmli Al-Biruni (X–XI asyr) N. Kopernikden we G. Galileýden has öň dünýäniň geliosentrik gurluşy barada pikiri öňe sürüpdir. Samarkantda XV asyrda Älem giňişligini öwrenmek Ulugbegiň obserwatoriýasynda dowam etdirilipdir. Jabir ibn Haýan (VIII–IX asyr) himiýanyň ösmegine uly goşant goşupdyr, ol maddalary täzeden işlemegiň, eretmegiň, kristallaşmagyň geçişi barada ylmy işlerini ýazypdyr, kükürt we azot turşusyny, kümşüň nitratyny, hlorly simaby himiki usul bilen almagy başarypdyr.

Arap himikleri barlaghana üçin suwly hammamy, distillýasiýa we süzmek usullaryny girizipdirler. Arap halyfatlarynyň alymlary ilkinjiler bolup golýazmalary döredipdirler, oňa VII asyrda samarkantly alymlaryň kagyzy ulanmaga başlamagy ýardam edipdir. Arap halyfatlygynda hindilerden arifmetiki *sifrleri* öwrenip, olary «arap *sifrlerine*» öwürmegi başarypdyrlar, soňra olar bu *sifrlere* «noly» goşup, onluk hasaplamalara geçilmegine ýardam edipdirler.

Arap halyfatlarynyň alymlary Ýewklidiň we Arhimediň geometriýadan işleriniň terjimesinden başlap, analitiki geometriýanyň we trigonometriýanyň düýbüni tutupdyrlar. VIII–IX asyrlarda Horezmde ýaşap geçen alym, döwrüň görnükli matematigi Muhammet al-Horezmi algebranyň düýbüni tutupdyr we ol ylmy «al-jabr» diýip atlandyrypdyr, logarifmleri oýlap tapypdyr. Arap alymlary Hytaýdan kagyzy we därini satyn alypdyrlar, özleri bolsa ilkinji hat ýazylýan ýelegi, suw we mehaniki sagatlary, magnitli iňňäni, ilkinji ulaldyjy aýnany adamzadyň durmuşyna girizipdirler.

Arap halyfatlygynyň halklary ylmy öý-pikirleriň merkezi bolup, «alymlaryň jemgyýeti» ýa-da «mejlisi ulamany» döredipdirler. Ýörite döredilen «Ylymlar öýi» («daryl finum») IX asyryň başlarynda Bagdatda, X asyrda Buharada, soňra Köneürgençde, Damaskda, Merwde, Nusaýda we başga şäherlerde açylypdyr.

Halyfatlygyň çäklerinde köpsanly uly ylym we bilim merkezleri – lukmançylyk mekdebi, alymlary jemleýän «Paýhaslar öýi», Sisiliýada we Demirgazyk Afrikanyň kenarlarynda bolsa ylym we okuw merkezleri döredilipdir. Ispaniýanyň Kordowa halyfatlygynda eýýäm XII asyrda 17 sany ýokary okuw mekdebi we 70 sany kitaphana bolupdyr. Arap halyfatlarynyň Gündogar bölüminde ylmy merkezler döräpdir: Bagdatda (IX, X asyrlar), Buharada (X asyrda), Horezmde - Köneürgençde (XI asyr). Ol merkezlerde okuw dersleri Gippokratyň, Aristoteliň, Galeniň ylmy işleri boýunça alnyp barlypdyr. Bu alymlaryň işleri bilen bilelikde Ar-Raziniň (850–923 ý.), Abul Kasymyň (936–1013 ý.), Ibn Abbasynyň (997-nji ýylda aradan çykan), Abu Aly ibn Sinanyň (980–1037 ý.) ensiklopedik işleri hem deň hatarda öwredilipdir. Okuwlar doly tamamlananda, geljekki lukmanlar synagdan geçirilipdir.

Talyplar anatomiýadan öz bilimlerini jesedi kesmek, fiziologik bilimlerini bolsa wiwiseksiýa arkaly kämilleşdiripdirler. Geljekki lukmanlar lukmançylyk ylmy çeşmeleri çuňňur öwrenipdirler, degişli keselleri anyklamakdan we bejermekden baş çykarypdyrlar. Olar näsaglara ynsanperwerlik bilen garamagy we lukmançylyk syryny saklamagy tabşyrypdyrlar.

## 4.2. Arap halyfatlarynda orta asyrlar döwrüniň lukmançylygynyň aýratynlyklary

Orta asyrlarda Arap halyfatlarynda uly şäherlerde hususy hassahanalaryň («darul-şifa») ýanynda lukmançylyk mekdepleri döredilipdir, olarda lukmanlar taýýarlanylypdyr, okuwlar tamamlanandan soňra gutardyş synagyny tabşyrypdyrlar.

Ilkinji dermanhana Bagdatda 754-nji ýylda, soňra bolsa beýleki şäherlerde açylypdyr. Wezipeli adamlar ilkinji gezek jemgyýet-

çilik esasda hassahanalaryň we dermanhanalaryň işine seredipdirler, salgyt ýygnapdyrlar (*39-njy surat*).

Arap halyfatlarynda lukmançylygyň ösmegi VIII asyryň ikinji ýarymynda Gippokratyň, Galeniň, Platonyň, Aristoteliň, Demokritiň ylmy işleriniň grek we latyn dillerinden arap diline terjime edilmegi bilen baglanyşyklydyr.



**39-njy surat. Bagdatda açylan ilkinji dermanhana, 754 -nji ý.**

Orta asyrlarda meşhur alym, gündogarda ylmy lukmançylygy esaslandyryjy, Orta Aziýa we dünýä belli alymlaryň biri Ar-Razi Abu Bakr Muhammet ibn Zakariýa 865-nji ýylyň awgust aýynyň 28-ne Reý şäherinde gurply maşgalada eneden dogulýar.

Ar-Razi halkyň arasynda filosof - materialist we ateist, halkyň saglygyny goramak üçin göreşen alym hökmünde tanalypdyr. Ol ýaşlykda köp zady öwrenipdir, edebiýata köp üns beripdir, goşgy düzüpdir, filosofiýany, astronomiýany, matematikany öwrenipdir.

Ar-Razi lukmançylygy ýaşlykdan öwrenipdir, eýýäm 30 ýaşlarynda ökde lukman bolup ýetişipdir, dermanlyk ösümlikler bilen näsaglary bejeripdir. Käbir taryhy maglumatlara görä, Ar-Razi birnäçe wagt Orta Aziýada we Horasanda ýaşapdyr, Müsürde we Ispaniýada, Kordowada, Kairde syýahatçylykda bolupdyr, soňra Reýe gaýdyp gelýär we ol ýeri taşlap gitmeýär.



**40-njy surat.**
**Ar-Razi Abu Bakr Muhammet ibn Zakariýa**

Syýahatçylykda bolan wagtynda Ar-Razi kesel we onuň bejergisi hakynda örän baý tejribe toplapdyr. Ol Bagdatda şäher hassahanasyny

esaslandyrypdyr. Ibn Abu Usaýbiýanyň aýtmagyna görä, Ar-Razi hassahananyň işlerini gowy dolandyrmagy başarypdyr. Hassahana gurmak üçin ýeri dogry saýlamagy Bagdat halyfyna maslahat beripdir. Geljekde hassahana guruljak ýeriň her künjüne bir bölek eti dikilgi agajyň ujuna asmagy tabşyrypdyr we etiň uzak wagtlap zaýalanman duran ýerinde hassahana gurmagy maslahat beripdir.

Bu barada F.R.Borodulin «Eger Ar-Razi gadymy Rim lukmany Lukresiý Karyň geçiren barlag işlerini bilmedik bolsa, ol özüniň tejribesini etiň üsti bilen geçirmezdi» diýip ýazypdyr.

Ar-Razi lukmançylykda Demokritiň, Gippokratyň we Lukresiý Karyň ýörelgelerini dowam etdiripdir. Onuň Bagdatda gurduran hassahanasy: hirurgiýa, terapiýa we göz keselleri bölümlerinden ybarat bolup, onda 20 lukman we 20 kiçi lukman işläpdir.

Ar-Razi ilkinji bolup her näsagyň kesel taryhyny ýöredipdir. Onuň dogry ýöredilişine gözegçilik edipdir. Ilki bilen hassahana düşen näsaga kiçi lukman seredipdir. Eger ol näsaga dogry kesgitleme goýup bilmese, näsagy uly lukman barlagdan geçiripdir. Eger-de ol hem keseliň sebäbini bilmese, onda Ar- Raziniň özi näsaga seredipdir. Ar-Raziniň şägirtleri köp bolupdyr. Ýöne has ökde şägirdi we dosty buharaly Muhammet ibn Ýunus bolupdyr. Hassahananyň ýanynda Ar-Razi Bagdadyň ilkinji lukmançylyk mekdebini esaslandyrypdyr. Onda lukmanlar okadylypdyr. Ar-Razi lukmanlardan nazary we amaly bilimleri gowy öwrenmegi, näsagyň düşeginiň arassa bolmagyny we kesel taryhynyň dogry doldurylmagyny talap edipdir.

«Hassahanany hemişe barlap duruň, keseliň taryhy hemişe dogry ýazylmalydyr, lukmançylyk düzmeleri hem gabat gelmelidir» diýip, Ar-Razi nygtapdyr. Ol «Lukman müňlerçe ýyl lukmançylykda zähmet çeken bolsa, lukman bolup biler. Emma ol köp okaýan bolsa, özüniň gysga ömrüniň dowamynda köp zada göz ýetirer. Eger ol şol ýyllaryň dowamynda näsaglar bilen meşgullanan bolsa, hakyky ökde lukman bolar» diýip aýdypdyr. Özüniň «Lukmançylyk aforizmleri» diýen işinde lukman bilen näsagyň arasyndaky edep kadalaryny aýratyn belläp geçipdir.

Ar-Razi baý maşgalalary tölegli, garyplary bolsa mugt bejeripdir. Ömrüniň soňky ýyllarynda Ar-Razi kör bolup galypdyr, onuň sebäbi barada Abu Reýhan Biruni «Ol hemişe işleýärdi, okuwçylary köpdi, onuň ýörite çyrasy bardy, ony diwaryň ýüzünde, kitaplaryny bolsa şonuň gyrasynda goýýardy. Eger uklaýsa, kitaplary elinden gaçyp turzar ýaly edip goýýardy. Şu hem onuň görejiniň zaýalanmagynyň sebäpleriniň biridir» diýip ýazypdyr. Soňra onuň iki gözi hem zaýalanypdyr. Onuň ýetişdiren şägirtleriniň biri oňa gözünden kataraktany aýyrmak üçin operasiýa etmegi maslahat berýär. Emma Ar-Razi bolsa gartaşan ýaşda agyra çydap bilmerin öýdüp, oňa garşy çykypdyr.

Ar-Razi 925-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda Reýde 60 ýaşynda aradan çykypdyr. Onuň galdyran ylmy mirasy örän uludyr. Lukmançylykdan ýazan işleriniň sany 236-dan geçipdir. Bu barada taryhçy Ibn Annadim Ar-Raziniň ýazan 164 ylmy işiniň bardygyny, olardan 145-siniň lukmançylyga, 19-synyň himiýa degişli kitaplar bolandygyny belleýär. Meýer-Şteýung we Zudgotu bolsa Ar-Raziniň 200 kitabynyň bolandygyny, bize 30 sanysynyň gelip ýetendigini, Munýe – 236 kitabynyň, Abu Reýhan Biruni bolsa – 184 işiniň bolandygyny ýatlapdyrlar.

Onuň lukmançylyk ugrundan ýazan kitaplaryna – anatomiýa degişli: «Adamyň gurluşynyň öwrenilişi», «Ýürek barada», «Bagyr barada», «Gözüň gurluşy barada», «Gulagyň gurluşy barada»; fiziologiýa degişli: «Gyzgyn hakynda», «Tagam hakynda», «Garaňkyda gözüň giňelmesi» we «Organizmiň funksiýasy»; hirurgiýa degişli: «Hirurgiki operasiýa», «Döwükleriň bejerilişi», «Çykyklar we gan akma»; aýry-aýry keseller barada: «Podagra we radikulit», «Babasil», «Deri keselleri», «Kemislik», «Ysmaz», «Gripp barada»; dermanlar barada: «Dermanlaryň görnüşleri», «Emeli dermanlar», «Gowşadyjy dermanlar barada» eserleri degişlidir.

Mundan başga-da ol: «Garyplaryň lukmançylygy», «Çaga keselleri», «Bir lukmanyň hemme keseli bejerip bilmezligi barada», «Ýeňil keseli bejermek kyn bolar», «Bejerip bolmaýan keseller», «Berhiz barada», «Alamatlary boýunça bejergi», «Gysga wagtda bejermek» ýaly hassahana hem-de näbelli keseller baradaky işleri miras galdyrypdyr.

Ar-Raziniň lukmançylyk ylmyna degişli esasy işi «Mansura bagyşlanan lukmançylyk» kitaby ensiklopedik häsiýetli bolup, ol 10 kitapdan ybaratdyr. Özüniň bu esasy ylmy işini Horasanyň dolandyryjysy Abu Salyh Mansur ibn Ishaka bagyşlap ýazypdyr.

Bu ensiklopedik eseriň:

birinji kitaby adamyň gurluşy barada bolup, onda süňkler, myşsa, bogun, içki agzalar nerw, peşew-jyns organlary we olaryň gurluşy beýan edilipdir;

ikinji kitabynda amaly lukmançylyk, temperamentler barada maglumatlar berlipdir;

üçünji kitabynda berhiz we derman serişdeleri ulanmak arkaly bejerişe degişli ýazgylar getirilipdir;

dördünji kitabynda gigiýena ylmy we onuň saglygy goramak, arassaçylyk barada, suwy gaýnadyp içmek, eşigiňi we teniňi arassa saklamak barada tassyklama beýan edilipdir;

bäşinji kitap kosmetiki serişdeleriň peýdalanylyşyna bagyşlanypdyr;

altynjy kitapda ýolagçy adamlara saglygy goramaga, ýolagçylykda iýmitlenmegiň, suw içmegiň, dürli howa şertlerinde hereket etmegiň ýollary maslahat berilýär;

ýedinji kitap amaly hirurgiýa bagyşlanyp, süňkleriň döwüginde ýa-da çykygynda, dürli ýaralarda operasiýa arkaly bejermegiň ýollary görkezilýär;

sekizinji kitapda zäherlenmeler we olary bejermegiň usullary beýanyny tapypdyr;

dokuzynjy kitapda umumy patologiýa hem-de aýry-aýry keselleriň bejerilmegi barada lukmanlara maslahatlar berlipdir;

onunjy kitap bedeniň ýokary temperaturasy bilen geçýän kesellere, olaryň görnüşleriniň anyklanylyşyna we bejerilişine bagyşlanypdyr.

1947-nji ýylda bu kitap Wenesiýada latyn dilinde çykarylypdyr. Ondan has öňräk, ýagny 1537-nji ýylda Andreý Wezaliý tarapyndan bu eseriň latyn dilindäki terjimesiniň 9 tomlugy çykarylýar.

Ar-Raziniň ýene-de bir uly göwrümli işi 25 tomdan ybarat «Al Hawi» ylmy eseri bolup, onda ol her bir keseli grek, siriýaly, hindi,

pars we arap alymlarynyň garaýyşlaryndan beýan edipdir, soňra bolsa öz gözegçiligini we netijelerini ýazypdyr. Ar-Razi bu kitabyň üstünde 15 ýyllap işläpdir, ýöne ony tamamlap bilmändir. Soňra bu kitaby onuň şägirtleri tamamlaýar. Bu kitap lukmanlaryň arasynda giňden ulanylypdyr. Eserde «keselleriň döremeginde daşky gurşawyň faktorlary, klimat, durmuş şertleri uly orun tutýar. Ýylyň dürli pasyllarynda howa, daşky temperatura kesele sebäp bolup biler» diýip, Ar-Razi ýazypdyr.

Ar-Razi keseliň anyklanylyş usullary barada hem ýörite kitap ýazyp, ony ýaş lukmanlar üçin niýetläpdir. Ol näsagyň damar urgusyny diňläp, keseli anyklap bilipdir, gan aldyrma usuly bilen birnäçe keselleri bejeripdir hem-de ony insultda, epilepsiýada, öýken çişmesinde, babasilde we birnäçe ýürek kesellerinde ulanmagy maslahat beripdir.

Işleriniň arasynda himiýa barada ýazan işleri ünsüňi özüne çekýär. Ar-Razi himiýa boýunça 19 sany uly göwrümli ylmy işi ýazypdyr, bu ugurdan onuň ýazan «Syrlaryň syry baradaky» kitaby onuň iň soňky ýazan işleriniň biri bolupdyr.

Şeýle-de ol ýokanç keseller barada aýdyň aýdýar. Ar-Razi «Mama we gyzamyk barada» işinde, keseliň nähili geçýändigini we ikilenç gaýtalanmaýanlygyny belleýär. Ol näsag çaga nähili ideg edilmelidigini beýan edipdir.

Ar-Razi ilkinji bolup bokurdakdan del jisimleri aýyrmak üçin gerek bolan gurallary ýasapdyr, pamygy lukmançylykda ulanmakda ilkinjileriň biri bolupdyr hem-de goýnuň inçe içegesinden sapak (ketgut) ýasap, soňra ony ýaralary tikmek üçin ulanypdyr. Ol Gippokratyň we Galeniň ýazan işlerine esaslanypdyr. Ar-Raziniň ýazan kitaplary orta asyrlarda Günbatar Ýewropanyň uniwersitetlerinde okadylypdyr.

Ali ibn Abbas (930–994 ý.) näsaga düşeginde gözegçilik etmegiň jikme-jik ulgamyny işläp düzüpdir. Ol özüniň «Patyşalyk kitaby» (Kitab-al-Mäliki) eserinde lukmanlardan «hassahanalarda keselleriň ýazgylarynda beýan edilişine (hemme wagt dogry bolup durmaýan ýazgylaryna) gözegçilik edip duruň, esasan hem, köne lukmançylyk ýazgylaryna» diýip talap edipdir. Ibn Abbasyň näsaglary barlamakda we bejermekde ulanan usuly, Günbatar ýewropalylaryň

sholastiki ýazgylary ýaly ýat tutmakdan we meşhurlaryň pikirini üýtgewsiz kabul etmekden düýpli tapawutlanypdyr.

Orta asyrlarda arap dilli ýurtlaryň iň görnükli hirurgy hökmünde tanalan Kordowa halyfatynda (takmynan, 936–1013-nji ýyllarda) ýaşan Abu Kasym Halaf ibn Abbas az-Zahrawi öz ylmy işlerinde diş kesellerini, döwük-ýenjikleri, ingileri, daş kesellerini operasiýa ýoly bilen bejermegi ýazyp beýan edipdir. Ol Kordowa halyfatlygynyň «altyn döwründe» ýaşapdyr hem-de hirurgiýanyň taryhy ösüş zynjyrynda (az-Zahrawiniň ylmy işlerini latynça terjime edipdir we ol Günbatar Ýewropada ykrar edilipdir) antik dünýäsiniň lukmançylygyny, Ýewropada Täzeden döreýiş döwri bilen arabaglanyşdyryjysy bolupdyr.

Az-Zahrawi ajaýyp operasiýa ediji hirurg hökmünde meşhurlyk gazanypdyr, hirurg üçin anatomiýany bilmegiň hökmanydygyny hem-de ony Galeniň ylmy işlerinden öwrenmegi maslahat beripdir. Ol takyklygyň çelgisini öz şahsy gözegçiligine we hirurgik amalyna görä saýlapdyr, şol sebäpli hem öz düzmelerinde özgeleriň işlerine örän seýrek salgylanypdyr.

Az-Zahrawi ilkinjileriň biri bolup: abdominal hirurgiýada we deriasty kesimleri tikmekde ketguty ulanypdyr; kiçi çanaklykda geçirilýän operasiýalarda näsagy arkasyna ýatyryp operasiýa geçirmegi girizipdir; süňk inçekeselini ýazyp beýan edipdir; Günbatarda oftalmohirurgiýany esaslandyryp, göz ýorkasyny aýyrmak operasiýasyny ýerine ýetiripdir; 150-den gowrak täze hirurgik gurallary ýasapdyr we olaryň hirurgik amalda ulanylyşynyň suratlaryny çekip, düşündiriş beripdir. Ol hirurgik operasiýada ýarany ýakmak üçin kauterizasiýa (ýaradan akýan gany otda gyzdyrylan metalyň kömegi arkaly duruzmak, deride dörän siňňilleri we ýarany ýakmak) usulyny hirurgiýa amalyna girizipdir.

Az-Zahrawiniň lukmançylyk bilimleri baradaky düşündirişli «Kitab at-tasrif» atly ensiklopedik işi 30 jiltden ybarat bolup, onuň öz durmuşynda gazanan tejribesiniň miwesi jemlenipdir. Bu kitabyň 30-njy traktaty alymlaryň arasynda örän uly gyzyklanma döredip, hirurgiýa we onuň enjamlaryna, gurallaryna bagyşlanypdyr. Kitap

dolulygyna ilkinji gezek latyn diline XII asyryň ikinji ýarymynda terjime edilip, birnäçe asyrlap orta asyr ýewropaly hirurglaryň ýan kitabyna öwrülipdir.

Pawel Eginskiden soňky döwürde ol orta asyrlaryň iň görnükli hirurgy bolupdyr. Özüniň «Kanagatlanma» eserinde döwrüniň hirurgiýasynyň ýeten üstünliklerini hem-de Pawel Eginskiniň ýaşan döwrüniň hirurgiýasynyň ýagdaýy barada jikme-jik beýan edipdir we özüniň bu ylma goşan goşandyny ýazypdyr. Ol böwrekden, peşew we öt ýollaryndan daş aýyrmakda, ingide, gözde geçirilýän operasiýalara, harby trawmatologiýa, süňkleriň döwügini bejermäge we çykyklary ýerine salmaga aýratyn üns beripdir. Diş agyryly näsaglara kömek berlende agyryly dişiň ekstraksiýasynda altyn sapagy ulanypdyr. Onuň hirurgiýadan ýazan ylmy işleri gadymky we arap lukmanlaryndan tapawutlylykda, operasiýanyň pursatlarynyň şekilleri hem-de olarda ulanylýan gurallaryň suratlary bilen bezelipdir.

Pawel Eginskiniň ýedi kitapdan ybarat ýazan ylmy ýazgylarynyň altynjy kitaby hirurgiýa degişli eser bolup, awtoryň gözýetiminiň giňligine we hünärine ökde hirurglygyna, amalyýetde ýokary derejeliligine şaýatlyk edýär. Ol harby hirurgiýanyň, trawmatologiýanyň meselelerine aýratyn üns beripdir. Gözüň katarakta keselini, şowakörlügi ýazyp beýan edipdir hem-de ony bejermäge örtük hödürläpdir.

Ermenistanda orta asyrlarda lukmançylygyň ösmegine saldamly goşant goşan alymlaryň biri Amirdöwlet Amasiýasydyr. Ol XV asyrda (1496-njy ýylda ýogalypdyr) ýaşap geçipdir. Ýaşlykda göçüp-gonup lukmançylyk bilen meşgullanypdyr hem-de rimli we grek lukmanlarynyň ylmy işleri bilen tanyş bolupdyr, araplaryň we ermenileriň lukmançylyk golýazmalaryny öwrenipdir. Ol özüniň «Dermanlary öwrenmäge giriş» («Лекарствоведение») eserinde (1481ý.) dermanlyk otlary ýylyň haýsy wagtynda ýygnamalydygynyň (ýapraklaryny, güllerini, köklerini we ş.m.) we haýsy gaplarda saklamalydygynyň görkezmesini ýazypdyr. Güýçli täsir edýän dermanlaryň maksimal dozasyny (mukdaryny, möçberini) görkezipdir. Bu işinde ol dermanlaryň atlarynyň ermeni, grek, latyn, arap

we eýran dillerindäki sözlügini goşupdyr. Amirdöwlet Amasiýasy 1469-njy ýylda lukmançylygyň ähli bölümlerini özünde jemleýän «Lukmançylygyň peýdasy» atly uly göwrümli kitabyny ýazypdyr. Onuň «Az sowatlylar üçin gerekmejek zatlar» («Ненужное для неучей») atly üçünji eseri derman serişdeleriniň we kesel bejeriş usullarynyň ensiklopediýasy bolup, orta asyrlaryň farmasewtiki serişdeleri boýunça maglumatlary özünde jemleýär. Ol hirurgiki operasiýa geçirilende, agyryny aýyrmak üçin dermanlyk ösümliklerden peýdalanypdyr, bedenden gurçuklary kowup çykarmagyň tärini oňat bilipdir we ony öz lukmançylyk tejribesinde giňden peýdalanypdyr.

Ermeni lukmany Mhitar Gerasi 1184-nji ýylda «Gyzdyrmalarda aram tapmak» («Утешение при лихорадках») eserini ermeni gepleşik dilinde ýazypdyr. Ol bu eserinde adamyň daşky gurşaw bilen arabaglanyşykda bolýandygyny, onuň durmuşynyň şertleriniň keseliň döremegine sebäp bolýandygyny, esasan-da bedeniň ýokary derejede gyzdyrmagy bilen geçýän kesellerde şeýledigini ýüze çykarypdyr. Ol kesele adam bedeninde bolup geçýän özgermeleriň material başlangyjy hökmünde garapdyr. Gippokratyň pikirini goldap, kesel hadysasynda näsagyň hemme taraplaýyn barlanylmagyna, organizmiň güýçlerine we ýagdaýyna, ýaşyna, klimatyň aýratynlygyna, ýylyň paslyna, ýaşaýan ýerine we başgalara üns berilmegini ündäpdir. Keseliň döremeginde zähmet şertleriniň ähmiýetine üns beripdir. Ol gyzdyrmalary: bir günlük, uzaga çekýän, surnukdyryjy we heňleme (çüýreme) görnüşlere bölüpdir. Käbir gyzdyrmaly geçýän keselleriň ýokançly bolýanlygy barada öz pikirini aýdypdyr.

Orta asyrlaryň lukmançylygynda XI asyrda ýaşap geçen gruzin lukmany, alym, öz döwründe eýran-arap, grek dillerini hem-de lukmançylyk adalgalaryny gruzin dilinde oňat bilen Kananeli görnükli orny eýeleýär. Ol üç bölekden ybarat «Deňsiz-taýsyz Karabaddin» («Ussoro Karabadini») kitabyny ýazypdyr. Kananeli grek, hindi we arap lukmançylygyny oňat bilipdir.

Kananeliniň bu traktaty üç sany uly bölekden ybarat bolupdyr.

Onuň birinji bölegi 35 bap bolup, umumy lukmançylyk ýörelgesinden ybarat: anatomiýanyň, fiziologiýanyň, biologiýanyň, farmakologiýanyň, embriologiýanyň, umumy ginekologiýanyň gysgaça beýan edilişi we giň göwrümli gyzdyrma keseli baradaky baplary öz içine alypdyr.

Golýazmanyň ikinji bölegi hususy patologiýanyň we terapiýanyň maglumatlaryny öz içine alýan 23 bapdan ybarat bolup, içki agzalaryň keselleri, olaryň alamatlary we bejerilişi örän gysgaça beýan edilipdir.

Traktatyň üçünji böleginiň 38 babynda deri kesellerini, süňkleriň döwügini we çykygyny, sowuk almagy, ýanygy we şikeslenmeleri bejermegiň beýanyny özünde jemläpdir. Bölegiň soňunda derman serişdeleriniň beýany hem-de umumy gigiýena we diýetetika barada maglumatlar getirilipdir.

Şeýle-de bolsa, onuň ýazan bu kitaby öň bu ugurdan ýazylan kitaplary gaýtalamandyr (düzümi, gurluşy we mazmuny taýdan) we onda keselleriň anyklanylyşy we bejerilişi boýunça alymyň şahsy gözegçilikleri beýan edilipdir.

Ol saglyk we kesel düşünjelerinde has öňdebaryjy pikirleri orta atyp: «Beýni bedeniň şasydyr. Hemme aň-düşünje ondan gelip çykýar» diýip aýdypdyr.

Ýaralary bejermek meselesinde, ol: «Ýaranyň gyrasyny giňden aç, onuň içine düşen del jisimi (saçyň gyly, tozan) aýrylar ýaly et, eger-de aýrylmasa, ony özüň aýyr, soňra ýaranyň gyralaryny golaý getir we oňa tikin goý» diýip, görkezme beripdir.

Kananeli keselleriň bejergisinde tebigatyň güýçlerini: suw bejergisini, gün wannalaryny we gyzgyn çägäni peýdalanmagy maslahat beripdir.

Kananeli adamyň ýaşaýşyny ýaşy boýunça dört tapgyra: çagalyga, ýaşlyga, kämillik ýaşyna we garrylyga bölüpdir.

## 4.3. Wizantiýadaky lukmançylyk we onuň beýleki ýurtlaryň lukmançylygyna täsiri

Rim imperiýasynyň Gündogar bölegi onuň Günbataryndan söwdanyň we senetçiligiň, has-da şäherleriň ösmegi we ykdysady

taýdan pajarlamagy bilen tapawutlanypdyr. Gündogar, esasan hem, Müsür imperiýanyň ähli iýýän çöregini berip bilipdir. Bu ýerde pagta we kenep ösdürilip ýetişdirilipdir hem-de aýna önümçiligi ýola goýlup, ýurduň ähli künjeklerine hyzmat edipdir. Maldarçylykda kiçi Aziýa has-da uly ösüşlere eýe bolupdyr, Siriýa özünde öndürilýän demir we bezeg şaýlary hem-de halylary bilen meşhur bolupdyr. Gündogaryň Aleksandriýa, Damask, Antiohiýa, Efes ýaly şäherleri örän uly söwda merkezlerine öwrülipdir. Gündogar Rim imperiýasy bolan Wizantiýa ykdysady taýdan has-da tapawutlanypdyr. Wizantiýanyň Hindistan, Seýlon, Abissiniýa, Orta Aziýa (Buhara, Horezm), Zakawkazýe, Hytaý ýaly döwletler bilen söwda gatnaşyklarynyň giňeldilmegi, onuň senagatynyň ösmegine uly ýardam edipdir.

Irki orta asyrlar döwründe Wizantiýada ylym we medeniýet uly ösüşlere eýe bolupdyr. Bu ýerde antik ylmy merkezler Afinde, Aleksandriýada, Beýrutda, Gazada halas edilipdir hem-de Konstantinopolda täze merkez döredilipdir. Hatda b.e. V–VII asyrlarynda imperiýanyň Günbatarynda ylmyň dürli ugurlarynda ösüşiň tamamlanan döwründe hem, agzalan şäherlerde ylmy merkezler işlemegini dowam etdiripdirler.

IX-XI asyrlarda has hem X asyrda Günbatar Ýewropada ykdysadyýetde we medeniýetde ösüşler düýbünden bolmadyk döwründe-de Wizantiýa dünýäde ýokary medeniýeti bilen tanalypdyr. Wizantiýa imperiýasy 1000 ýyla golaý dowam edipdir.

Wizantiýanyň lukmanlary gadymy Gresiýanyň we Rimiň lukmanlarynyň işlerini oňat öwrenipdirler.

Wizantiýanyň imperatory Ýulianyň köşk lukmany Oribaziý (b.e. 326–403 ý.) b.e. IV asyrynda grekleriň lukmançylykdan ýazylan ýazgylaryny (edebiýatyny) ýygnapdyr we «Jemleme» («Sinopsis») atly örän uly göwrümli lukmançylyk ensiklopediýasyny ýazypdyr. Ol ensiklopediýa 70 tomdan ybarat bolup, gadymy lukmanlaryň golýazmalarynyň giňişleýin göçürmesi bolupdyr. Bu eserinde Oribaziý özüniň netijelerini we çykgytlaryny hem beýan edipdir.

Şol döwürde Wizantiýa imperiýasynda lukmançylyk bilen meşgullananlar: Aesiý Amidiýskiý we Aleksandr Trallskiý (VI

asyr), Pawel Eginskiý (VII asyr) ensiklopediýaçylar bolup, antik lukmançylykdan miras galan örän uly golýazmalaryny, düzmelerini tertipleşdiripdirler. Bu bolsa olaryň taryhyň öňünde bitiren ägirt uly hyzmatlarydyr. Gynansak-da, ol golýazmalaryň hemmesi biziň günlerimize gelip ýetmändir.

Pawel Eginskiý irki orta asyrlaryň iň görnükli hirurgy bolup, hirurgiýa bilen bir hatarda akuşerçilik bilen hem köp meşgullanyp, baý amaly tejribe toplapdyr. Onuň ýazan ensiklopedik eseriniň arap halyfatlygynyň lukmanlarynyň arasynda örän uly abraýy bolupdyr.

IX asyryň ortalarynda Wizantiýada köp ugurlar boýunça: filosofiýadan, matematikadan, astronomiýadan, filologiýadan we lukmançylykdan ýokary mekdepler döredilipdir. Lukmanlaryň taýýarlanylyşy öňler aýratyn hünärmentçilik görnüşinde bolanlygyndan Wizantiýada ol eýýäm ylmy-okuw jaýynyň garamagynda bolup, lukmançylyk dersleri beýleki dersler bilen goşulyp alnyp barlypdyr.

Gündogaryň orta asyrlar lukmançylygynyň bitiren hyzmatlarynyň has ululary – ilat üçin hassahanalaryň we dermanhanalaryň döredilmegidir. Dogry, hassahanalar antik döwründen bäri bardyr (harby gospitallar-waletudinariler). Emma raýatlar üçin ilkinji hassahanalar orta asyrlarda Gündogarda döredilipdir. Ilkibaşda olar kerwensaraýlaryň, metjitleriň, buthanalaryň ýanynda gurlan myhman ýolagçylaryň hem-de hossarsyzlaryň bolmagy üçin niýetlenen otaglardan ybarat bolupdyr.

IV asyrda Kappadokiýada Kesaride (Serare), kiçi Aziýada, ermenileriň ýaşaýan ýerinde ilkinji ybadathana hassahanasynyň düýbi tutulypdyr. Ol ybadathananyň düzümine girip, onuň tabynlygynda işläpdir.

Orta asyrlar döwründe hassahanalar Rimdäki waletudinarilerden, Gadymy Müsürdäki maýyplaryň jaýlaryndan, Gadymy Gresiýadaky we Rimdäki ýatreýalardan tapawutlanýan hassahanalar ilata niýetlenipdir. Olara «Bimarystanlar» ady berlip, ilkinjileri Bagdatda, Damaskda, Basrada, Kordowada açylypdyr.

Meşhur bimarystanlar hökmünde 549-njy hijri (1154-nji milady) ýylynda gurlan Damaskdäki Nureddiniň ady bilen baglanyşykly Nury bimarystanyny, 573-nji hijri (1177-nji milady) ýylynda gurlan Pales-

tinadaky Kuds bimarystanyny görkezmek bolar. Bimarystan türkmen dilindäki «bimar» sözüne «stan» goşulmasynyň goşulmagy netijesinde ýasalan sözdür. «Bimar» sözi türkmen dilinde syrkaw, hassa, ýarawsyz, näsag ýaly manylary aňladýar. Ol bu manyda nusgawy şahyrlarymyzyň goşgularynda hem örän köp duş gelýär. «Stan» goşulmasy bolsa, öňündäki sözüň ýerini, mekanyny aňladýar. Diýmek, Bimarystan – syrkawlaryň mekany ýa-da «hassahana» diýmekdir.

Şol döwürde Şamda üç sany meşhur bimarystan bolupdyr. Olaryň biri 549-njy hijri (1154-nji milady) ýylynda gurlan Damaskdaky uly Nury bimarystany, ikinjisi Halapda ýerleşen 550-nji hijri (1155-nji milady) ýylynda gurlan «Gadymy bimarystany», üçünjisi bolsa, 755-nji hijri (1360-njy milady) ýylynda gurlan täze ýa-da Argun al-Kämmli bimarystanydyr. Bimarystanlar, esasan, öz döwrüniň barly adamlaryndan alynýan salgytlaryň hasabyna maliýeleşdirilipdir. Olar giň halk köpçüliginiň peýdalanmagy üçin niýetlenilipdir. Olara baran her bir näsag alada bilen gurşalypdyr we tä dertlerinden saplanýançalar bejerilipdir. Olarda işlemeli lukmanlar Halyfyň buýrugy boýunça bellenipdir. Lukmanlaryň ýolbaşçysy näsaglara gözegçilik etmek we olary bejermek jähtden bellenilipdir. Näsaglaryň hal-ýagdaýyna, dermanlaryň paýlanyşyna, iýmitine, arassaçylygyna we naharlaryna ýörite gözegçilik edilipdir. Bimarystanyň öz dermanhanasy bolup, ol «Şeraphana» diýip atlandyrylypdyr. Arap dilinde ähli içilýän suwuklyklara «şerap» diýlipdir. Dermanhana – «şeraphana» diýmek bilen, dermanlaryň içilýändigi göz öňüne tutulypdyr. Dermanhanada onuň ýolbaşçysy we içgileri ýasaýan ýörite hünärmenleriň birnäçesi işläpdirler, onda derman ýasamak üçin zerur bolan ähli ir-iýmişler, gök önümler, otlar, däneler, kökler, dermanlyk ot-çöpler ýeterlik mukdarda bolupdyr. Ondan başga-da, bimarystanda nahar taýýarlamak üçin gerek bolan dürli gap-gaçlar bolupdyr.

Bimarystanda ýaralar, göz keselleri, nerw keselleri we başga-da birnäçe keseller bejerilipdir. Bimarystanlar gurlanda, täsin arhitektura usullary ulanylyp, örän owadan edilip bezelipdir. Bimarystanlaryň diwaryna, onuň bina edilmegine harajat goýan adamlaryň atlary ýazylypdyr.

Bimarystanlar Jemaleddin (Diniň görki) Abulmuhsin Ýusup ibn Taňryberdiniň (874-nji hijri, 1469-njy milady ýylynda ýogalan)

«Nujumuz-Zahira» («Parlak ýyldyzlar») kitabynda belleýşi ýaly, patyşanyň we onuň raýatlarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň, olaryň özara ynanyşmagynyň pugtalanmagyna uly ýardam beripdir. Beýik taryhçylar ibn Kesir (774-nji hijri, 1372-nji milady ýylynda ýogalan), özüniň «al-Bidaýa... an-Nihaýatu» («Başlangyç we soňlama») atly eserinde, Al-Guzy bolsa özüniň «Nahruz-Zahab taryhy Halab» («Halabyň taryhy boýunça altyn çeşme») atly eserinde bimarystanlar hakynda giňden maglumatlar beripdirler.

Bimarystanlaryň içki gurluşy hem örän özboluşly bolupdyr. Olarda birnäçe otaglar bolup, onda näsaglar kesellerine görä ýerleşdirilipdir. Bimarystanlaryň howlusynda gurlan suw çüwdürimli howuzlar bolsa, näsaglary özboluşly rahatlandyryjylar bolup hyzmat edipdir. Olaryň täsiri nerw we ruhy kesellileri bejermekde peýdalanylypdyr. Otaglaryň birinde Gurhany Kerim okalyp bejergi geçirilen bolsa, beýlekisinde dürli saz gurallarynyň täsiri bilen näsaglara bejergi geçirilipdir.

Şamdaky bimarystanlaryň biri bolan Argun al-Kamil bimarystanynyň mysalynda, olaryň şu aşakdaky ýaly bölümleriniň bolandygyny aýtmak bolar: dolandyryş bölüminde näsaglar bilen duşulýan ýer, tebipleriň dynç alýan ýeri, dermanhana, kitaphana bolupdyr; näsaglar bölüminde göz kesellerini, iç kesellerini, nerw kesellerini we başga-da dürli keseller bejerilýän otaglar bolupdyr.

Bimarystanlarda naharhana, hammam we ammarlar, talyplara niýetlenilen uly zallar bolupdyr. Bimarystanlarda näsaglary bejermek üçin ähli amatlyklar göz öňüne tutulypdyr.

Orta asyrlardaky türkmen döwletlerinde (Beýik Seljuk türkmen Şadöwleti, seljuklaryň Yrakdaky we Anadolydaky döwletleri, türkmen atabeglikleri, memluk türkmenleriniň Müsürdäki döwleti, Osman türkmenleriniň döwleti) raýatlaryň saglygyny goramak, haýyr-sahabat işleri döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hasaplanylypdyr. Aýratyn hem, seljuk türkmenleriniň zamanasynda hassahanalar, hammamlar we beýleki haýyr-sahabat edaralary köp sanda gurlupdyr. Olar halkyň hyzmatynda bolupdyr.

Halkyň saglygyny goraýan edaralaryň ählisi hassahana, saglyk öýleri manysyny berýän: «Bimarystan», «Daruş-şyfa», «Darul-syhha», «Darul-afyýe», «Darul-tybb» diýen atlar bilen atlandyrylypdyr. «Daruş-şyfa» diýen umumy at bilen atlandyrylan bu saglyk edaralarynda dil, din we gelip çykyş aýratynlygyna garamazdan, halka saglyk hyzmatlary edilipdir. Bu ýerde işlejek lukmanlaryň öz hünärine ezber bolmagy hem-de operasiýa edip bilmek başarnygynyň güýçli bolmagy talap edilipdir.

Bu hassahanalar üçin zerur bolan däri-dermanlar hut şu ýerde öndürilipdir we wakyfyň goýan şertlerine görä näsaglara berlipdir. Näsaglara saz bejergisi hem ulanylypdyr. Daruş-şyfalarda lukmançylyk bilimi berlipdir, ol halypa-şägirtlige esaslanyp, halypa zerur bilimleri we endikleri edinen şägirdine onuň hünär derejesini tassyklaýan resminama beripdir.

Döwletiň hasabyna hassahanalary gurdurmak seljuk türkmenleriniň zamanasynda hasam giň gerime eýe bolupdyr. Seljuk türkmen soltany Togrul beg 981–982-nji ýyllarda Bagdatda gurlan, yslam dünýäsiniň meşhur Adudy hassahanasyny täzeden abatladyp, bu ýere 3 hazynadary we 28 sany lukmany işe belläpdir.

1067-nji ýylda Alp Arslan tarapyndan Bagdatda gurlan, dünýäniň ilkinji resmi uniwersiteti hasaplanýan Nyzamiýe medresesiniň ýanynda hem hassahana gurlupdyr. Seljuk türkmen soltanlary Alp Arslanyň we Mälik şanyň weziri Nyzamylmülküň Nyşapurda gurduran Bimarystany ilkinji Seljuk hassahanasydyr. Adudy hassahanasyndaky lukmanlar hirurg, göz we döwük-ýenjik lukmany ýaly ugurlara bölünipdir. Ibn Baks, Abylhasan ibn Kaşgary, Kis al-Rumy ýaly lukmanlar bu ýerde okuwçylara lukmançylyk ugrundan ders beripdirler.

Soltan Sanjaryň döwründe Adudy hassahanasynda ibn Tilmiz baş hekim bolup, bu ýerde bilim alýan talyplaryň sany 50-ä ýetipdir.

Stambul uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetiniň professory Arslan Terzi ogly «Ýerli we daşary ýurt çeşmeleri seljuk hassahanalarynyň we lukmançylygynyň Ýewropa täsiri hakynda» diýen makalasynda seljuk hassahanalaryny dört topara bölýär:

1. Köşk hassahanalary;

2. Halkyň saglygy we lukmançylyk bilimi üçin niýetlenen hassahanalar;

3. Goşunda düýeler bilen daşalan meýdan hassahanalary;

4. Kerwensaraýlarda syýahatçylar üçin niýetlenen hassahanalar.

Seljuk türkmenleriniň zamanasynyň lukmançylyk mekdeplerinde nazaryýet derslerinde Gippokratyň, Galeniň, Ar-Raziniň, Abu Aly ibn Sinanyň kitaplary okadylypdyr. Orta asyr Ýewropasynyň Salerno, Montpelliýer, Pariž uniwersitetleriniň lukmançylyk bölümlerinde we seljuk türkmenleriniň zamanasynyň lukmançylyk mekdeplerinde okadylan ders kitaplary deňeşdirilip görlende, olaryň örän ýakyndygyny, lukmançylyk bilimi babatda orta asyr Günbatarynyň we Gündogarynyň biri-biriniň ýeten derejesine sarpa goýýandygyny görmek bolýar.

Amaly lukmançylygy ylym bilen utgaşdyran ata-babalarymyz bu babatdaky tejribesini özleriniň ylmy işlerinde umumylaşdyrypdyrlar. Günbatarda «Awisenna» ady bilen tanalan Abu Aly ibn Sinanyň, biziň ýurdumyzyň çäklerinde ýaşan döwründe Köneürgençde ýazmaga başlan «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» atly kitabynyň alty asyrdan gowrak wagtlap tutuş dünýäniň uniwersitetleriniň esasy okuw kitaby bolanlygyny taryhçy alymlar belleýärler.

Anadoly seljuklarynyň soltany Yzzeddin Keýkowus 1217-nji ýylda Siwas şäherinde Daruş-şyfa atly hassahanany gurdurypdyr. Siwasda gurlan Daruş-şyfasy Seljuk hassahanalarynyň içinde iň ulusydyr. Türk alymy Ýagmyr Saý «Türk saglyk edaralary» atly makalasynda 1218-nji ýylda düzülen wakyfyň şertlerine görä, bu hassahana üçin Anadolynyň dürli ýerlerinde bäş sany obanyň, 108 sany dükanyň we köp mukdardaky ekerançylyk meýdanynyň wakyf edilendigini (girdejileriniň bellibir böleginiň şoňa gönükdirilendigini) ýazýar. Şolardan gelýän girdejileriň hasabyna bu hassahanada dürli ugurlardan hünärmen tebipler-jerrahlar (hirurglar), göz lukmanlary (kehhal), şepagat hyzmatkärleri näsaglaryň saglygyna seredipdirler. Yzzeddin Keýkowus bu ýerde Ferruh Abdyllany mütewelli (hojalyk işleri müdiri) edip belläpdir. Ol wakyfyň şertlerine laýyklykda, Daruş-şyfada işleýän göz hekimleriniň we hirurglaryň wakyfdan almaly aýlyk haklaryna gözegçilik edipdir.

Anadoly seljuklarynyň soltany Alaeddin Keýkuwat I Koniýada «Daruş-şyfaýy Alaýy» («Uly hassahana») atly hassahanany gur-

durypdyr. Onuň ýanyndaky medresede lukmançylyk ugrundan bilim berlipdir.

Türkmenleriň Müsürde guran döwletlerinde hem halkyň saglygy hakynda döwlet derejesinde alada edilipdir. Stambulyň Süleýmaniýe kitaphanasynda saklanylýan «Tabakatul-Müfessirin» («Tefsirçileriň derejesi») atly kitapda türkmenleriň Müsürdäki Tulunylar begliginiň hökümdary Ahmet ibn Tulunyň 872–874-nji ýyllarda ýanynda hassahanasy we hammamy bolan metjidi saldyrandygy, bu ýerde Muzaffareddin Mahmyt Älemşahyň «Reisul-tybba» (tebipleriň ýolbaşçysy) hökmünde lukmançylykdan ders berendigi ýatlanylýar.

Eýýuby türkmenleriniň soltany Salaheddin Eýýubynyň Kairde we Isgenderiýede hassahana gurdurandygy mälimdir. Memluk türkmenleriniň soltany Gylawynyň 1284-nji ýylda gurduran uly bimarystanynda göz lukmanlary, döwük-ýenjik bejerýän lukmanlar, lukman-hirurglar bolupdyr.

Söweşe çykan seljuk goşunynyň ýanynda göçme harby hassahanalar bolupdyr. Tebipler ýaraly esgerlere em edipdirler. Göçme söweş hassahanasyna Zeňňi türkmenleriniň atabegi Nureddin Zeňňiniň goşunyndaky 40 düýe bilen daşalan hassahanany mysal getirmek bolar.

Ibn Hallikanyň maglumatlaryna görä, Mälik şanyň ogly Mahmydyň hem 40 düýe bilen daşalýan göçme hassahanasy bolupdyr.

Basraly matematik we fizik-optik Ibn al-Haýsam (Ýewropada Alhasen, 965–1039) Müsürde ýaşapdyr hem-de özüniň lukman däldigine garamazdan, oftalmologiýanyň ösmegine uly goşant goşupdyr. Ol optiki hadysalary öwrenip, ýagtylyk şöhleleriniň göz gurşawynda döwülmegini, görşüň kabul edilişini düşündirip bilipdir. Ilkinji bolup gözüň böleklerini belgiläpdir, olar şu günlerimize çenli üýtgedilmän galdyrylypdyr. Ol ilkinji bolup äýnek dakynmagy durmuşa ornaşdyrypdyr. Onuň optikadan eden ylmy açyşlary soňraky döwürlerde ulaldyjy gurallary (teleskopy, mikroskopy) ýasamaga mümkinçilik döretdi.

Gazy ibn Abbas (997-nji ýylda ýogalan) öz şägirtlerine, näsagy her görenlerinde onuň ýagdaýyna dogry baha bermegi ündäpdir.

Arap halifatlarynda lukmançylyk we dermançylyk işlerine gözegçilik edýän wezipeler girizilipdir.

Gazy ibn Abbas (b. e. 997-nji ý.) Bagdat lukmançylyk mekdebinden Ar-Raziniň ýoluny dowam ediji bolup, şol döwür üçin örän wajyp bolan lukmançylykda täze ädim ädipdir. Ol «Patyşalyk kitaby» atly ylmy iş ýazypdyr. Adynyň dabaralydygyna garamazdan, bu ylmy işde ol öz döwründe meşhur bolan Gresiýanyň we Rimiň lukmançylygynyň, ondan soňky döwrüň lukmanlarynyň ýazan işleriniň we özüniň hususy kliniki gözegçilikleriniň maglumatlaryny umumylaşdyrypdyr. Ýöne Gazy ibn Abbasyň bu işinde mese-mälim görnüp duran täze pikir iki ýagdaýda ýüze çykypdyr. Birinjisi «Hassahanalarda hemme wagt dogry ýazylmadyk keselleriň ýazgylaryny, lukmançylyk golýazmalaryny doly barlamaly...». Ikinjisi «...Her gün täze serişdeler açylýar, olar barada gadymky lukmanlaryň düşünjesi hem bolmadyk» ol dermanlaryň täsirini haýwanlarda öwrenmegi teklip edipdir.

Gazy ibn Abbas tarapyndan beýan edilen bu ýagdaýlar şol döwrüň lukmançylygynyň taryhynyň bir wajyp şerti barada, ýagny «täze toplanan maglumatlaryň täsiri astynda, gadymy lukmanlara näbelli bolup galan, gadymy döwrüň abraýly lukmanlarynyň hem ýalňyşyp bilmeginiň mümkinligi» baradaky pikiri orta atypdyr. Ol döwür üçin bu pikirler örän aýgytly pikir bolupdyr.

Gündogarda hassahanalar gurlanyndan soň Günbatarda hem gurlup başlanypdyr. Hassahanalar bilen bilelikde hemaýathanalar hem gurlupdyr.

Ilkinji dermanhananyň 754-nji ýylda arap halyfatlarynyň Bagdat şäherinde döredilendigini öň belläpdik, Günbatar Ýewropada bolsa şeýle dermanhanalar Fransiýada 1178-nji, Angliýada 1180-nji ýylda açylypdyr. Ýewropada çykarylan düzgüne görä, 1224-nji ýyldan başlap dermançylyk bilen meşgullanýanlara lukmançylyk işi bilen, lukmanlara bolsa dermançylyk işi bilen meşgullanmak gadagan edilipdir. Lukmanlaryň näsaglary derman bilen üpjün edip, peýda görmeli däldigi aýdylypdyr.

Wizantiýada Oribaziý we Aleksandr Tralesskiý dermançylyga uly goşant goşupdyrlar. Gündogar alymlary: toşap, kamfora, alkogol diýen düşünjeleri hem-de ilkinji farmakopeýany – «Karabaddini» ulanmaga girizipdirler. Bu ýerde Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň «Horezmşalarynyň Karabaddini», Abu Aly ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» ensiklopedik eseriniň II, V kitaplaryny görkezmek bolar.

Lukmançylygyň aýratyn şahasy bolup hirurgiýa ýüze çykypdyr. Ol lukmançylygyň nazary we amaly tarapyndan birnäçe üýtgemeleri başdan geçiripdir. VII asyryň meşhur hirurgy Pawel Eginskiý 7 kitaplyk ylmy eseriniň altynjy kitabyny hirurgiýa bagyşlapdyr. Ar-Raziniň, Ibn Abbasyň, Abu Aly ibn Sinanyň, Abul Kasymyň ylmy işlerinde hirurgiýa uly üns berilýär. Olar öz ylmy işlerinde operasiýalar barada hem-de täze hirurgiki enjamlar barada giň maglumatlary berýärler. Ar-Razi gözüň ýaş haltajygynda geçirilýän operasiýalary üçin hem-de damakdan del jisimleri aýyrmak üçin niýetlenen enjamlary oýlap tapypdyr. Daşky gan akmada ilkinji lukmançylyk kömegini bermekde gan damarlaryny gysmak usulyny girizipdir, ilkinji bolup pamygy sargylar üçin ulanypdyr hem-de ýumurtganyň agyny we aloýäni gan akmalarda peýdalanypdyr.

Ermenistanly lukmanlar, esasan hem, döwük-ýenjikleri bejermek bilen meşgullanypdyrlar hem-de olarda geçirilen operasiýalarda çuňňur narkozy ulanypdyrlar. Iriňli ýaralaryň bejergisinde olar tamponlama usulyna derek drenirleme usulyny girizipdirler.

Gruziýada hem hirurgiýa çuňňur öwrenilipdir. Meşhur lukman Kananeli çapylan ýaralary tikmegi we aýratyn tozgalary ulanyp bejermegi teklip edipdir. Gruziýada Ikalteý (XI–XII asyrlar) we Gelat (XV asyr) akademiýalary esaslandyrylypdyr. Lukmançylykdan, hukukdan we astronomiýadan ylmy işler bu ýerde X–XI asyrlarda döredilipdir.

Orta asyrlarda Gündogar halklaryndan tapawutlylykda Günbatar Ýewropada ol döwürde hirurgiýa boýunça düýpli we saldamly ylmy iş ýüze çykarylmandyr. Orta asyrlarda diňe XIV asyrda Günbatar Ýewropada ýek-tük ylmy işler döräp başlapdyr. Ol işleriň

awtorlarynyň biri Güýi de Soliak, hemmetaraplaýyn ylymly lukman, Gippokratyň, Galeniň, Pawel Eginskiniň, Ar-Raziniň, Abul Kasymyň we Salerna mekdebiniň hirurglarynyň pikirlerini dowam etdiripdir. Ol döwük-ýenjikleri bejermekde ulanylýan operasiýalary, tikinleri, narkozyň görnüşlerini iş amalyna girizipdir. Güýi de Soliak akuşerçilik operasiýalarynda ulanylýan akuşer-aýnalary ýatlap geçipdir hem-de kesar kesimi operasiýasyny teklip edipdir.

Orta asyrlarda diniň täsirine garamazdan, birnäçe ylmy merkezler döredilipdir. Ol döwrüň lukmanlary, esasan, Suşrutanyň, Gippokratyň, Gerofiliň, Erazistratyň, Galeniň, Soranyň, Dioskridiň işlerine daýanypdyrlar.

Orta asyrlar döwrüniň lukmanlary lukmançylyga degişli uly ähmiýetli ylmy işleri özlerinden soňky nesillere galdyrdylar. Olaryň arasynda Ar-Raziniň, Ibn Sinanyň, Ibn Abbasyň bitiren hyzmatlary has-da uludyr.

## 4.4. Abu Aly ibn Sina – lukmançylygyň görnükli wekili, lukman-ensiklopediýaçy

Tanymal lukman, Abu Aly al-Huseýn ibn Abdullah ibn Hasan Ali ibn Sina, latynça – Awisenna (980–1037) arap dilli Gündogaryň orta asyrlarynyň iň görnükli alymy, 980-nji ýylda (milady hasabynda) Buharanyň golaýynda Afşana obasynda dünýä inýär.

Abu Aly ibn Sina bäş ýaşyna çenli öz öýünde terbiýelenýär, alty ýaşyndaka onuň maşgalasy Buhara şäherine göçýär. Ol bu ýerde ýerli musulman mekdebine gatnap başlaýar. Ol 10 ýaşynda eýýäm «Gurhany» ýatdan bilipdir, dünýewi ylymlary öwrenmäge höwesli bolup, olar bilen has giňişleýin meşgullanyp başlapdyr. Bu ugurdan oňa mugallym Abu Abdallah an-Natili halypalyk edipdir. Şol döwürde Buhara Samanidler döwletiniň paýtagty bolupdyr. Buharanyň üstünden «Beýik Ýüpek ýoly» geçipdir. Gündogardan Günbatara, Demirgazykdan Günorta kerwenler gatnapdyrlar.

Ondan başga-da Buhara şol döwürlerde uly medeni merkeze öwrülipdir. Bu şäherde ol döwrüň meşhur alymlary bolan al-Farabi, Rudaki, Dakyky, Firdöwsi bilen ýakyn gatnaşykda bolup, bile işläpdirler.



**41-nji surat.**
**Abu Aly al-Huseýin ibn Abdallah ibn al-Hasan ibn Aly ibn Sina**

Buhara emiriniň garamagynda uly kitaphana bolupdyr we onda dünýä belli alymlaryň kitaplary saklanypdyr. Ýaşlygyna garamazdan, Ibn Sina şol kitaphanadan peýdalanmaga rugsat berlipdir. Ol şol ýerdäki kitaplary höwes bilen okap öwrenipdir. Köp dersleri özleşdirmek oňa örän ýeňil başartsa-da, Aristoteliň «Metafizika» kitabyny özleşdirmek oňa kyn düşüpdir. Bu ýagdaýa Ibn Sinanyň özi hem geň galypdyr. Ibn Sina öz ýaşlygyny Gündogaryň medeni merkezi bolan Buharada geçiripdir.

Ol lukmançylyk bilen ýaşlykdan gyzyklanypdyr hem-de tebipçilikden ýazylan ylmy işleri kynçylyksyz öwrenipdir. Oňa tebipçilikden sapak beren mugallymlar Buharanyň atly tebibi, Abu al-Mansur Kamary (musulman) hem-de belli hristian tebibi Abu Sähl Masihi bolupdyr.

Ol dürli keselleri bejermegiň tärlerini öwrenipdir we tiz wagtdan ökde, hemmelere belli lukman bolup ýetişipdir. Ol köp ýerde öz mugallymyndan hem öňe geçipdir. Ibn Sina näsaglary mugt kabul edipdir.

Abu Aly ibn Sina X–XI asyrlarda meşhur tebip hökmünde tanalýar. Ol öz ömründe 450-den gowrak dürli ylymlaryň bölümlerinden ylmy işleri ýazypdyr. Şolardan 40-dan gowragy lukmançylyk, 30-a golaýy tebigy ylymlara, 3-si saza, 185-si filosofiýa, psihologiýa, teologiýa, sosial-syýasy meselelere degişlidir. Emma olardan diňe 160 eseri biziň döwrümize gelip ýetipdir. Dünýäde meşhurlyga eýe bolan 5 tomluk «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitaby oňa taýsyz şöhrat getiripdir. Onuň «Pulsuň kitaby», «Gutulmanyň kitaby», «Ýürek dermanlary», «Rak barada düzmeler» we başgalar lukmançylygyň dürli bölümlerine, şeýle hem genetika degişlidir (*43-nji surat*).



**42-nji surat. «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitabynyň titul sahypasy**



**43-nji surat. Abu Aly ibn Sina iş pursadynda**

Ol öýken sowuklamasynyň we plewritiň alamatlarynyň tapawudyny, mergi, aşgazanyň baş keseli ýaly patologik ýagdaýlary beýan edipdir. Örän tejribeli lukman hökmünde meningitiň we süýjüli diabet keseliniň esasy alamatlaryny ýazypdyr. Ol öz düzmelerinde sagdyn we näsag çaganyň terbiýelenmegine köp üns beripdir. Köpsanly hirurgiýa enjamlaryny, şeýle-de lukmanyň näsag bilen özüni alyp barşy barada öz iş tejribesini beýan edipdir.

Abu Aly ibn Sina «Lukmançylyk ylmy adam bedeniniň ýagdaýy hakyndaky ylymdyr. Saglygy berkitmäge fiziki maşklar, dogry iýmitlenmek we uky täsir edýär» diýip hasaplapdyr. Ol merezýel keselini bejermekde simaby ulanmagy (onuň bugundan dem almak we deri örtügine sürtmegi) teklip etmek bilen, bejermegiň täze usulyny hödürläpdir. Ibn Sina keselleri anyklamakda we bejermekde taýsyz şöhrata eýe bolýar. Ol ozal agzalmaýan keselleriň (plewrit, aşgazanyň baş keseli, diabet, heýwere, mama, öýken inçekeseli we başgalaryň) geçişini ýazyp beýan edýär. Ol beýni we nerw ulgamyny düýpli öwrenipdir. Olaryň geçiş ýollaryny belläpdir.

Ol hirurgiýanyň ösdürilmegine uly goşant goşupdyr. Ol traheotomiýa, daş aýyrmak operasiýalary, ýara we döwükleri bejermegi, gan aldyrmak tertibini işläp düzýär we olary beýan edýär. Abu Aly ibn Sina orta asyrlaryň alym-ensiklopediýaçysy bolup, filosofiýa, matematika, astronomiýa, himiýa, poeziýa, saz sungaty bilen meşgullanypdyr.

Ibn Sina bütin günläp näsaglary bejeripdir, aýdym-saz bäsleşiklerine, filosofiýadan gurnalýan ylmy jedellere gatnaşypdyr. Onuň ylmyň dürli ugurlaryndan ýazan kitaplary şu günlerimize çenli hem öz gymmatlyklaryny ýitirmän gelýärler.

Ibn Sinanyň ylmy işleri Ýewropa ýurtlarynyň dillerine XII asyrdan başlap terjime edilipdir. Onuň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» atly ensiklopedik eseri orta asyrlarda lukmanlaryň ýankitabyna öwrülipdir. Bu beýik lukman-alymyň aýdyşyna görä «Lukmanyň üç ýaragy bardyr: sözi, ot-çöpi we pyçagy». Ol örän uly manyny, bizden öň ýaşap geçen beýik lukmanlaryň aýdanlaryny şu gysgajyk sözlerde jemläpdir. Emma geň galdyrýan zat, bu sözleriň biziň günlerimizde hem öz manysyny ýitirmeýänligindedir.

Ibn Sina 999-njy ýyllarda Buhara Garahanidler tarapyndan basylyp alnandan soň, 1002-nji ýylda uly medeni merkezlerden biri bolan Horezmiň paýtagty Gürgenje (häzirki Köneürgenje) barýar. Ol ýerde Horezm şasy Aly ibn Mamunyň köşgündäki uly alymlary birleşdirýän akademiýa kabul edilýär, köp alymlar bilen ýakyndan tanyşýar. 1017-nji ýylda öz halypasy Abu Sähl Masihi bilen Mahmyt Gaznalynyň yzarlamalaryndan Gürgençden Eýrana gaçýar. Ömrüniň ahyrky ýyllaryny Yspyhanda geçirýär.

Abu Nasyr Farabi orta asyrda filosofiýa we tebigat boýunça ylmy pikirleriň ösüş ugrunyň başlangyjyny goýan bolsa, Ibn Sina şol pikirleriň kämilleşmek hadysasyny genial suratda amala aşyrypdyr. Onuň filosofiýasy öz döwrüniň ylmynyň gazananlaryny bir ýere jemläp, orta asyr döwri üçin filosofik pikirleri ösdürmegiň hakyky nusgasyny döredipdir.

Gündogarda oňa «şeýh-ur-rais», ýagny alymlaryň ussady, Günbatarda bolsa «filosoflaryň knýazy» diýip atlandyrylmagy tötänden däldir. Ony diňe Gündogaryň Nyzamy, Jamy, Hakany, Fizuly, Fir-

döwsi, Omar Haýýam, Nowaýy, Ahundow ýaly ajaýyp alymlary däl, eýsem, Günbataryň birentek beýik alymlary hem örän ýokary derejede goýupdyrlar. Alymyň ylmy we filosofik dünýägaraýşy Samanidler imperiýasynyň paýtagty bolan Buharada emele gelýär. Buhara şol wagtlarda Samarkant, Merw, Daşkent, Hyrat, Gürgenç ýaly şäherler bilen bir hatarda musulman gündogarynyň diňe bir iň uly ykdysady merkezi bolman, eýsem, ruhy ylmy taýdan-da uly merkezi bolupdyr.

Buharada Biruni, Firdöwsi, Rudaky, Dakyky, Balhy we başga uly şahyrlar, alymlar, tebipler, filosoflar, sazandalar ýaşapdyrlar. Halkara söwdasy Buharany dünýäniň köp döwletleri (Hindistan, Hytaý, Wizantiýa, Kiýew Rusy, Eýran, Mongoliýa, Uzak Siriýa, Kiçi Aziýa) bilen baglanyşdyrypdyr. Samanidleriň häkimlik süren döwründe daşardan hiç hili çozuşlar bolmandyr. Jemgyýet birneme parahat durmuşda ýaşapdyr. Bu ýagdaýlaryň bolsa Orta Aziýa halklarynyň ylmynyň we medeniýetiniň gülläp ösmegine kömek edendigi tebigy zatdyr.

Orta asyr jemgyýetinde yslam ideologiýasy bilen progressiw filosofiýa we ylmy ugruň arasyndaky göreş güýçlenýär. Şeýlelikde, progressiw garaýyşlaryň iň görnükli wekilleri Abu Reýhan Biruni, Abu Aly ibn Sina we beýleki alymlar şol döwrüň öňdebaryjy jemgyýetçilik güýçleriniň bähbitlerini aňladyjylar bolupdyrlar.

Öz döwründe Aristoteliň antik dünýäniň ylmynyň we filosofiýasynyň ösüşiniň jemini jemleýşi ýaly, Ibn Sina hem öz işlerinde Orta Aziýada filosofiýanyň ösüşiniň jemini jemläpdir. Onuň bitiren hyzmaty esasy meseleleri jemlänliginden, düşündirenliginden hem-de olary kesgitleýji çäklerde, akymlarda, bir tarapdan, Aristoteliň, beýleki tarapdan, al-Farabiniň filosofik ulgamlarynyň ösüş taraplaryny dowam etdirenliginden we ösdürenliginden ybaratdyr. Şonuň bilen birlikde-de ol bu filosofik ulgamlary diňe bir çuňňur öwrenmek, düşündirmek, wagyz-nesihat etmek bilen çäklenmän, olary öz döwrüniň talap edişi ýaly, täzeden işläp, gaýtadan barlap kämilleşdirýär. Bu alym diňe bir filosofik, sosiologik düşündirişleri, logika boýunça belli bolman, eýsem, tebigy ylmy işleri bilen uly şöhrat gazandy.

Ibn Sinanyň lukmançylyga degişli işleriniň arasynda «Kitab al-kanun fit-tibb» («Lukmançylyk ylmynyň kanunlary»), «Kitab as-şifa» («Şypa beriji kitap»), «Kitab un-nabz» («Damar görüş hakynda»), «Fuz ul-tibbeýä joria fi mažlisih» («Tebipçilik hakynda parasatly sözler»), «Filhinduba» («Syçratgy ösümligi hakynda») we şuňa meňzeş eserleri mälimdir. Şolardan iň meşhury «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» diýen kitaby bolup, ony Ibn Sina Köneürgençde ýaşan döwründe ýazyp başlapdyr. Ol kitap sekiz asyryň dowamynda ýewropaly lukmanlar üçin örän möhüm nazary we amaly gollanma bolup hyzmat edipdir.

Ibn Sinanyň bu ensiklopedik häsiýete eýe bolan meşhur kitabyny XII asyrda G. Kremonskiý latyn diline terjime edýär we ilkinji gezek 1473-nji ýylda Milanda çap edilip çykarylýar. Soňra ol ýene-de 30 gezek gaýtadan çap edilýär. Alymyň bu eseri 1593-nji ýylda Rimde hem çap edilipdir.

Ibn Sina «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitabynda lukmançylyk ylmynyň umumy nazary esaslaryny anatomiýany, fiziologiýany, hirurgiýany, keselleriň anyklanylyşyny beýan etmek bilen bir hatarda, agyr we dowamly keselleriň bejeriliş usullaryny, dermanlyk serişdeleri we maddalary, antidotlary, keselleriň öňüni alyş çärelerini hem giňden düşündiripdir (*42-nji surat*).

Abu Aly ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» atly işi bäş kitapdan (6 jiltden) ybarat bolup, bu uly göwrümli eserde lukmançylygyň ähli nazary we amaly meselelerine degişli anyk maglumatlar getirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň taýsyz tagallasy bilen dünýä lukmançylyk mirasynyň özeni bolan bu ylmy eser ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek 2004-nji ýylda türkmen dilinde neşir edildi.

1-nji kitabyň başynda Türkmenistanyň Prezidentiniň saglyk we Ibn Sina hakynda aýdan pähimleri ýerleşdirilipdir. Olaryň birinde şeýle diýilýär: «Ibn Sinanyň lukmançylyk ylmynyň kanunlary» atly kitabyndaky emleriň köpüsi türkmenlere tanyş, ol emler gadymy döwürlerden bäri halk tebipçiliginde bolupdyr. Ibn Sina halk tebipçiligini pähim-parasady bilen çäksiz baýlaşdyrypdyr».

Şu kitabyň girişinde Ibn Sinanyň ömür beýany aýry-aýry tolgundyryjy wakalaryň üsti bilen görkezilýär, onuň ylmy gözlegleri we açyşlary janlandyrylýar. Ibn Sinanyň bütin ömrüni ynsanlaryň saglygyny goramaga bagyş eden, bu ugurda lukmançylygyň ajaýyp nusgasyny görkezen şahsyýetdigi, onuň baryp XI asyrda Garagum çölüniň jümmüşinde dünýäde ilkinji bolup köriçegäniň ösüntgisini kesip aýrandygy we agyr hassany ölümden halas edendigi suratlandyrylýar.

2-nji kitap derman serişdelerine bagyşlanylyp, onda 811 sany derman serişdesine degişli giňişleýin maglumatlar berilýär. Olaryň köpüsi türkmen topragynda duş gelýän dermanlyk ösümliklerdir. Aýratyn hem atgulak, andyz, buýan, göýül, semzek, sersepil, topalak, ýüzärlik, yşgyn, çomuç, ýandak ýaly ösümlikler giň ýaýrandyr. Ibn Sina Jebel, Ýarajy sebitlerinde ajy ýowşanyň, Maşat-Misserian düzlüginde messek (bugdaýly), messekçe (bugdaýlyja) ýaly dermanlyk ösümlikleriň köpdügini ýörite belläp geçýär (häzirki Esenguly etrabynyň Bugdaýly obasynyň adynyň gelip çykyşy hem şol ýerlerde bu ösümligiň köp bitýänligi bilen baglanyşykly bolmagy ähtimal).

Ussat tebip dermanlyk ösümlikleriň häsiýetlerini we täsirlerini ilik-düwme öwrenipdir, olaryň çig mallaryndan dürli täsirli (işdä açyjy, iýmit siňdiriji, şypa beriji) derman serişdelerini taýýarlamagyň usullaryny anyk mysallarda ýazyp görkezipdir, olaryň dürli keselllerde ulanylyş aýratynlyklaryny jikme-jik beýan edipdir. Şeýle hem bu kitapda mallardan (haýwanlardan) alynýan önümleriň (et, süýt, gatyk, aýran, ýumurtga, maýalyk), magdanlardan alynýan (demir gyryndysy, kükürt, zäk) derman serişdeleriniň täsirleri barada gyzykly maglumatlar getirilýär.

3-nji kitap iki jiltden ybarat bolup, onuň birinji jildinde beýni, göz, gulak, burun, bokurdak, agyz, diş, öýken, ýürek, göwüs, aşgazan keselleri, ikinji jildinde bagyr, öthalta, dalak, içege, böwrek, peşewhalta, ýatgy keselleri, olaryň alamatlary, aýratynlyklary we bejeriliş usullary barada durlup geçilýär.

Ibn Sina keseller we olaryň bejerilişi baradaky ýazgylarynda özünden öňki ýaşap geçen ýunan (Gippokrat, Galen), arap, hindi,

Çyn-Maçyn, Merkezi Aziýa (Abu Reýhan Biruni, al-Kamari, Abu Sähl Masihi, Ar-Razi ) alymlarynyň ylmy işlerini seljerýär we öz tejribeleriniň hem-de ylmy açyşlarynyň, ummasyz ýygnan şahsy tejribesi bilen olaryň üstüni doldurýar.

4-nji kitap ysytmalara, düwürtiklere we çişlere, ýaralara, döwük-ýenjiklere, zäherlenmelere, deri kesellerine hem-de gözellik (kosmetologiýanyň) serişdelerine bagyşlanylypdyr.

Ibn Sina Hazar deňziniň günorta-gündogar kenar ýakasynda (Reýde, Hemedanda, Dehistanda) ýaşan döwründe şol sebitlerde köp ýaýran ysytma keselinden ejir çekipdir, özüniň oýlap tapan we synag eden dermanlarynyň kömegi bilen bu keselden saplanypdyr. Ussat tebip bu kesel barada köp ylmy-amaly maglumatlary ýygnaýar we olaryň esasynda «Ysytma hakynda» atly ylmy eserini ýazýar. Bu işinde ysytma keseliniň dürli görnüşleriniň alamatlaryny anyk mysallaryň üsti bilen beýan edýär, telpek demlemesi, çomuç kösüniň gaýnatmasy, narpyz, bedeniň kuwwatyny artdyrmak üçin ary baly, hoz, pisse, horaz çorbasy ýaly derman we iýmit önümlerinden, halk tebipçiliginiň emlerinden peýdalanypdyr.

5-nji kitap çylşyrymly dermanlara bagyşlanylyp, kitabyň başynda Ibn Sina çylşyrymly keselleri bejermekde ýönekeý dermany ulanmagyň ýeterlik däldigini, ýagny çylşyrymly keseliň hemme alamatlaryny aýyrmaga ýönekeý dermanyň güýjüniň ýetmeýändigini aýratyn belläpdir. Şonuň üçin-de çylşyrymly keselleri bejermek üçin çylşyrymly dermanlary ulanmagyň zerurdygyny nygtap geçýär.

Bu kitapda Ibn Sinanyň synag edip gören, amaly lukmançylyga hödürlän we farmakopeýa girizilen çylşyrymly dermanlar (terýakfaruk, mitridat, terenjümen, mürepbeler, şerbetler, ýaglar, melhemler) barada giňişleýin ýazgylar getirilýär.

Ibn Sina dürli kesellerиň sebäplerini öwrenmekde organizme daşky gurşawyň täsirlerine uly üns berýär. Ol ylmy lukmançylygy ösdürmek bilen, astrolog alymlaryň ýyldyz toplumlary adam ykbalyna, keseliň geçişine we gutulmagyna täsir edýär diýen dini-mistiki düşünjelerini paş edipdir.

## 4.5. Orta Aziýada lukmançylyk

Orta asyrlaryň başlarynda ekerançylyk bilen, esasan, täjikler (baktriýalylar, sogdiýanalylar), özbekler, türkmenler, garagalpaklar (horezmliler we Daşkendiň, Buharanyň töwereginde ýaşan türk dilli beýleki halklar) meşgullanypdyrlar. Bu halklaryň ýokary ösen medeniýeti bolupdyr. Heniz b. e. öň hem orta aziýaly ekerançylar ýerleri suwarymly etmek üçin suwaryş kanallaryny çekipdirler we gülläp ösen ýokary hasylly bag-bakjaly, ir-iýmişli oazisleri döredipdirler. Orta Aziýa halklarynyň ata-babalary uly-uly şäherleri, belent-beýik binalary dikeldipdirler, şäheriň daşyny duşmanlardan goraýan beýik diwarlary, derýalaryň we akar suwly çaýlaryň ýolunda ägirt bentleri gurupdyrlar. Şäherlerde senetçiligiň dürli görnüşleri ösdürilipdir.

Birnäçe ýüzýyllyklaryň dowamynda Orta Aziýanyň halklary gadymy döwür jemgyýetiniň ýykylmagy bilen baglanyşykly wakalardan orta asyr jemgyýetine geçipdir. Bu ýerler araplar tarapyndan VIII asyryň başlarynda eýelenipdir. Olar Orta Aziýada musulman dinini we arap dilini girizipdirler. Orta Aziýa IX asyrda örän ösenligi bilen, X asyrda Ýakyn Gündogarda ykdysadyýetde, syýasatda we medeniýetde iň bir öňdebaryjy ösüşi bilen beýleki döwletlerden tapawutlanypdyr (hatda Eýrandan hem öňe geçipdir). Araplaryň eýeçiligine garşy dörän halk tolgunyşyklary, X asyrda Orta Aziýany Samanidleriň nesil şalygynyň eýelemegi, şol döwrüň iň bir uly, baý we ýokary medeniýetli döwletiniň döremegine getiripdir. Bu döwlet Orta Aziýany ýüz ýylyň dowamynda araplaryň we beýleki daşky duşmanlaryň täsirinden gorap gelipdir.

Samanidleriň döwletinde oba hojalygyň, senetçiligiň we söwdanyň ösmegine amatly şertler döredilipdir. Gadymy söwda ýollary samanidler döwletini Hytaý, Hindistan, Orsýet hem-de Kawkaz we Ortaýer deňziniň ýurtlary bilen baglanyşdyrypdyr. XI asyryň ahyrlarynda Orta Aziýada diniň agalyk etmegi başlanypdyr. Şol wagta çenli heniz ylmy pikirleriň erkinligi, filosofiýada we tebigy bilimlerde erkin ylmy döredijilik saklanypdyr. Samanidler döwründe we

soňraky dinastiýalarda X we XI asyrlarda Orta Aziýa halklarynyň medeniýeti örän ýokary derejä göterilipdir. Şol döwürler Orta Aziýada birnäçe ykdysady, syýasy we medeni merkezler döräpdir.

Orta Aziýa diňe bir ýokary hasylly ýer bolman, eýsem, Gündogarda topragy-ýeri medeni taýdan özleşdirmegiň ýurdy bolupdyr. Samanidler döwletiniň paýtagty Buhara we Horezmiň paýtagty Gürgenç–Köneürgenç ol wagtlar sungatyň, medeniýetiň we ylymlaryň merkezine öwrülipdirler. Buharada Samanidleriň kitaphanasy, Gürgenç–Köneürgençde bolsa alymlaryň jemgyýeti, ýagny Mamunyň ylymlar akademiýasy bolupdyr. Iri şäherlerde kerwensaraýlar, hammamlar, bazarlar hem-de dermanhanalar we hassahanalar hereket edipdir. Orta Aziýanyň halklary irki orta asyrlarda dünýä medeniýetiniň ösmegine uly goşant goşan ylmyň we döredijiligiň, sungatyň görnükli wekillerini (taryhçylar, matematikler, geografiýaçylar, botanikler, astronomlar) öňe çykardylar.

Şol döwrüň orta aziýaly alymlarynyň arasynda has görnükli orny lukmanlar eýeläp, olar Ýewropada we dünýäde ylmy-amaly lukmançylygyň ösmeginde uly rol oýnadylar.

IX–XI asyrlarda Gündogar ýurtlarynda, hususan-da, Orta Aziýada köpsanly hassahanalar bolupdyr, Buharada, Köneürgençde, Merwde, Amulda, Dehistanda, Nusaýda we beýleki şäherlerde şol döwürlerde örän tejribeli lukmanlar zähmet çekipdirler. Lukmançylyk Orta Aziýa halklarynyň ösen medeniýetiniň kanunalaýyk ýüze çykmagydyr.

## 5-nji bap

# TÜRKMENISTANDA ORTA ASYRLARDA BELLI LUKMANLAR. SEÝIT YSMAÝYL GÜRGENLI WE ONUŇ «HOREZM ŞASYNYŇ GENJI-HAZYNASY» IŞINIŇ LUKMANÇYLYKDAKY ÄHMIÝETI

*Orta Aziýanyň we Gündogaryň görnükli lukmanlary we alymlary: Al-Jebir ibn Haýýan, Al-Kindi, Al-Farabi, Abu al-Kasym, Ibn al-Haýsam, Ibn Ruşd, Ibn Tufaýl Abu Muhammed, Ibn Maýmun, Ibn an-Nafis. Abu Aly ibn Sina lukmançylygy öwreden mugallymlar: al-Kamarynyň we Abu Sähl Masihiniň lukmançylyk ylmyna goşandy. Abu Reýhan Biruniniň dünýä ylmyna we dermanlyk ösümlikleri öwrenmäge goşandy barada. Ali ibn Raban at-Tabari – Gadymy merwli belli lukman. Ilaki – Abu Aly ibn Sinanyň şägirdi. Al-Horezmi we Ulugbek – görnükli astronomlar. Omar Muhammet Çagmini we onuň «Kanunça» eseriniň lukmançylyk ähmiýeti. Orta asyrda ýaşap geçen görnükli türkmen alymy Seýit Ysmaýyl Gürgenli: doglan ýeri, meşgullanan hünäri, lukmançylykda ýazan ylmy işleri. Onuň uly göwrümli «Horezm şasynyň genji-hazynasy» atly 10 jiltden ybarat ylmy işiniň lukmançylykdaky ähmiýeti. «Tebipçiligiň ýan kitaby» eseriniň döreýiş taryhy.*

## 5.1. Orta Aziýanyň we Gündogaryň görnükli lukmanlary we alymlary

Orta asyrlarda arap dilli medeniýet gülläp ösüpdir. Dürli milletleriň medeniýetiniň utgaşmagy ylmyň, filosofiýanyň, edebiýatyň, sungatyň ösmegine ägirt uly täsir edipdir. Arap halyfaty Orta Aziýadan başlap Pireneý ýarym adasyna çenli ýeriň çäklerini tutupdyr. Ýöne VIII asyrda iki halyfat döräpdir – Gündogar, onuň merkezi ilkibaşda Damask şäheri, soňra Bagdat şäherine geçirilipdir we Günbatar halyfaty – merkezi Kordowa şäherinde ýerleşipdir. Ykdysady we medeni birligi köp ýyllaryň dowamynda gülläp ösüpdir. Bu ýerlerde birnäçe ylym we bilim merkezleri döredilipdir: Damask (VII asyrda), Bagdat (VIII–IX asyrlarda); Kordowa (IX asyrda). Haçanda Günbatar Ýewropada bary-ýogy 2 sany uniwersitet barka (Salernoda we Parižde), Kordowada uniwersitetleriň 17-si we ylmy kitaphanalaryň 70-si hereket edipdir. Filosofiýa, matematika, geografiýa, taryh bilen bilelikde lukmançylyk

hem ösüp, ýokary derejä ýetipdir. Halyfatda ýaşaýan köpsanly halklaryň wekilleri ykdysadyýet we medeniýet taýdan gatnaşykda bolupdyrlar.

Siriýalylar VII asyrda uly lukmançylyk mekdeplerini we hassahanalary esaslandyrypdyrlar. Görnükli lukmanlar Buharada, Horezmde, Merwde, Dehistanda, Amulda, Samarkantda, Damaskda, Bagdatda, Kordowada ýaşapdyrlar we işläpdirler. Gadymy lukmançylygyň şu döwre çenli saklanmagynda we mundan beýläk ösdürilmeginde olar uly orun tutupdyrlar. Gündogar ýurtlarynyň lukmanlary Günbatar Ýewropanyň lukmançylygynyň ösmegine örän uly täsir edipdirler. Orta asyrlarda Gündogar halklarynyň lukmançylygy geçiş döwrüniň lukmançylygyny baýlaşdyrypdyr.

Tebipçilik ylmy gadymyýetiň ýazgylarynda görkezilişi ýaly, iň güýçli ylymdyr. Ylmyň bu pudagy adamzat taryhynyň ähli döwürlerinde bolupdyr, yslam dininde bolsa oňa aýratyn ähmiýet berlipdir we musulmanlar bu ylmyň **ilerlemegi** barada köp alada edipdirler.

Seljuk türkmenleriniň zamanasynda lukmanlaryň hünär synagyndan (deontologiýa) geçirilendigi barada hem birnäçe eserler ýazylypdyr. Olaryň biri Yshak ibn Aly Ruhawy tarapyndan (IX asyr) gadymy grek çeşmelerine daýanylyp ýazylan «Kitap adab at-Tabib» («Tebipçilik edebiniň kitaby») atly eseridir. Bu kitapda Galene salgylanmak bilen hekimleriň anatomiýadan, beden agzalarynyň işleýşinden, näsaglara ulanylmaly bejeriş usullaryndan baş çykaryşyndan hem-de el ukybyndan synag edilendigi nygtalýar.

Lukmanlaryň hünär synagy barada ýazylan ýene bir kitap Alp Arslanyň döwründe, 1072-nji ýylda Seýit ibn Hasanyň «Kitap at-Taşwik at-tybby» («Tebipçilik boýunça gollanma») kitabydyr. Türkiýäniň Nurosmaniýe kitaphanasynda saklanylýan 12 bölümden we netijeden ybarat bu kitapda, synagda lukmanlardan soralan 30 sany mysaly soragyň sanawy getirilipdir.

Türkmenlerde lukmançylyk mekdeplerini tamamlan hekimleriň baryp orta asyrlarda Gippokratyň lukmançylyk kasamyny kabul edendikleri barada maglumatlar saklanyp galypdyr. Gippokratyň kasamy Abu Süleýman tarapyndan «Kitap al-Ahd» («Äht kitaby») ady bilen arap diline terjime edilipdir.

Käbir adamlar, hatda käbir ýokary bilimliler hem ylym, ýagny edebiýat we beýleki ylymlar diňe Günbataryň ganatynyň saýasynda dörändir diýip nädogry pikir ýöredýärler, emma Gündogarda bu babatda has-da düýpli ylmy-barlag işleriniň alnyp barlanlygyndan bolsa bihabar galýarlar. Biziň bagtymyza, şol döwrüň ylmy işleriniň ýüzlerçesi biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Degişli ylmy edebiýat çeşmelerinde atlary uly meşhurlyga eýe bolan orta aziýaly we gündogarly alymlar barada bize mälim bolan şu maglumatlary size ýetirýäris.

Al-Jebir ibn Haýýan (latynça – Jebir, Geber), takmynan 721–815-nji ýyllarda ýaşap geçen alhimik. Alymyň köpsanly düzmeleriniň arasynda esasy meşhurlyga eýe bolan ylmy eserleri alhimiýa bagyşlanypdyr. Şol döwrüň beýleki alhimiýaçylary tarapyndan ýazylan ylmy eserlerden tapawutlylykda, Al-Jebir öz düzmelerinde dürli amaly himiki hadysalary beýan edipdir. Ol alkogoly, azot we hlor turşularyny, kümşüň nitratyny, hlorly simaby we başga birleşmeleri alhimiki usul bilen almagy başarypdyr. Ol gaýtadan süzmek we distillýasiýa (buga öwrüp arassalama) ýaly usullardan peýdalanyp bilipdir, suwly hammamy döredipdir hem-de «Altyn eliksiri» ýasamagy başarypdyr we onda uly güýjüň bardygyndan peýdalanyp, onuň kömegi bilen köp keselleri bejeripdir. Al-Jebir lukmançylyk amalyna alhimiýany girizmek üçin birnäçe gezek ylmy çykyşlary gurnapdyr.

Al-Kindi Abu Ýusef Ýakub al-Ishak (latynça Alkindus), takmynan 800–879-njy ýyllarda ýaşan filosof, alym-ensiklopediýaçy, lukman, matematik we astronom. Ol Basrada we Bagdatda ýaşap, yslam dinine garşy çykanlygy üçin musulmanlar tarapyndan yzarlanypdyr. Gadymy grek alym-filosofy Aristoteliň täsiriniň astynda bolanlygy sebäpli, ony Gündogarda Aristoteliň dünýägaraýşyny esaslandyryjy we araplaryň filosofy hasaplapdyrlar. Ol 239 ylmy işiň awtory, şol sanda 22 işi lukmançylyga degişli bolup, olaryň arasynda «Gippokratyň lukmançylygy», «Ýiti kesellerde kemhuşlulyk ýagdaýlary barada» we başgalary bellemäge mynasypdyr. Al-Kindi lukmançylyk psihologiýasy dersinden medresede şägirtlerine sapak

beripdir hem-de özüniň ýazan 5 kitabyny bu hünäre bagyş edipdir. Ol farmakologiýa, kesel bejeriji iýmitlenme-diýetologiýa, ýagny berhiz barada hem ylmy kitaplary ýazypdyr.

Al-Kindi psihiki-ruhy keselleriň döremeginiň Alla tarapyn däldigini, bu ýerde esasy sebäbiň ýaşaýşyň käbir şertleridigini beýan edipdir.

Abu al-Kasym Halaf ibn Abbar al-Zahrani (latynça Jakarius, Abulkasis) Gündogaryň orta asyr meşhur lukman-hirurgy 936–1015-nji ýyllarda ýaşapdyr. Ol Kordowada eneden doglupdyr. Abu al-Kasym batyrlyk bilen adamyň bedeniniň öwrenilmegini we lukmançylykda dürli barlaglaryň geçirilmelidigini nygtapdyr. Ol Ýewropada hirurgiýanyň ösmegine örän uly goşant goşan alymdyr. Onuň hirurgiýadan ýazan ylmy işleri köp dillere terjime edilipdir we 200 ýyldan gowrak döwürde esasy amaly hirurgiýa kitabyna öwrülipdir. Bu kitapda dürli operasiýalar beýan edilipdir: operasiýanyň üsti bilen böwrekden we peşew ýollaryndan, öt haltadan hem-de öt akdyryjy ýollardan daşlary aýyrmak, kesim arkaly dürli ingileri aýyrmak, gözde geçirilýän operasiýalar ýazylyp beýan edilmek bilen çäklenilmän, olar elde çekilen suratlarda we shemalarda görkezilipdir. Kitapda operasiýalarda ulanylan gurallaryň suratlary berlipdir hem-de özüniň ýasap taýýarlan 200-den gowrak operasiýa geçirilýän gurallary barada beýan edipdir. Ol öz işinde «Operasiýany ýerine ýetirmek üçin lukman-hirurg hökmany suratda adam bedeniniň gurluşyny bilmelidir» diýip ýazypdyr. Abu al-Kasym hirurgiýa stomatologiýasyny esaslandyryjy diýlip hasaplanylýar we ol ilkinji bolup dişleriň altyn sapagyň kömegi bilen sogrulmagyny, olaryň hatarynyň protez bilen dogrulanylmagyny beýan edipdir. Şeýle-de ol akuşerçilik bilen hem meşgullanypdyr.

Ibn al-Haýsam (Ýewropada Alhasen) 965–1039-njy ýyllarda Basrada doglan we Müsürde ýaşan meşhur matematik, astronom we fizik alymdyr. Ol lukman bolmasa-da, oftalmologiýanyň ösmegine örän uly goşandy bolan fizikdir. Onuň 100-den gowrak ylmy işleri astronomiýa, matematika, filosofiýa we optika degişlidir. Ol optiki hadysalary öwrenip, göz tarapyndan şekilleriň kabul edijilik ukybyny hem-de gözüň gurşawlarynda ýagtylyk şöhlesiniň döwülmegini

düşündirip bilen alymdyr. Gözüň anatomiýasy boýunça böleklerini atlandyrypdyr (merjenjik, gözüň buýnuz perdesi, aýna şekilli beden we başgalar). Ol atlar şu günlerimize çenli ulanylyp gelinýär. Entek dirikä Ibn al-Haýsamyň «Görüşiň atasy» diýen lakamy bar eken. Ol özüniň 7 jiltli «Görüşiň baýlygy» diýen kitabyny latyn diline terjime edipdir. Onuň açyşlary teleskop, mikroskop ýaly enjamlaryň döredilmegine uly itergi beripdir. Şeýle hem onuň ýazan dürli kitaplarynyň arasynda «Aýdymyň, sazyň adama we haýwana täsiri» atly eseri hem bolupdyr.

Abu Reýhan Muhammet ibn Ahmet al-Biruni (973–1050) Abu Aly ibn Sina bilen döwürdeş bolan hem-de Horezmde (Köneürgençde) bile ylmy işleri ýerine ýetiren alymdyr. Ol 973-nji ýylyň sentýabr aýynyň 4-ne Horezmiň şol wagtky paýtagty Kyýatda eneden bolýar. Biruni çagaka Horezm hökümdarynyň köşgüne düşüp, oňat bilim alypdyr.

Biruni çagalykdan Abu Said Ahmet ibn Yrak atly köşk alymynyň elinde terbiýelenýär. Ibn Yragyň esasy keseli ylym bolansoň, ol Biruni hem öz ruhunda terbiýelemäge çalşypdyr. Onuň baý kitaphanasy ýaşajyk Muhammet üçin açyk bolupdyr. Ibn Yrak şar şekilli, üçburçluklar üçin sinuslaryň teoremasyny subut eden alymdyr.

Biruni Gürgende köp wagtlap ýaşapdyr we ol ýerde köp zatlary edip ýetişipdir. Orta asyrlarda ýaşan Abu Reýhan Biruni ylmy işleriň 150-den hem gowragynyň awtorydyr. Ýöne bizi esasy gyzyklandyrýan zatlaryň biri, onuň lukmançylyga goşan goşandydyr.

Birunininiň döwürdeşi, tanymal taryhçy Abul Fazl Baýhaki, Horezmiň bu beýik ogly hakynda adalatly baha berip: «Abu Reýhan Biruni talantly, bilim derejesi boýunça, öz ýaşan döwründe deňi-taýy bolmadyk beýik ärdir. Ýazylyp beýan edilýän, akyl ýetirip bolýan ylymlarda, ol beýik abraýlydyr. Adam elleri bilen döredilýän we duýgulary bilen syzylýan ähli zatlaryň alyjenabydyr» diýip ýazypdyr.

Al-Horezmi we Biruni Horezmdäki ylmyň ösmeginiň sebäpkärleri, ähli ýurtlaryň ylmynyň taryhynda yz galdyran beýik alymlardyr. Häzirki döwürde Birunininiň ylmy barlaglary adalatly we ýokary bahalara mynasypdyr. Ol hakynda akademik S.P. Tolstow şeýle ýazýar: «Biruni Al-Horezmä görä (döwürdeş alymynyň ady) onuň

geologiýanyň taryhyna, minerologiýa, farmakologiýa, fizika, himiýa, botanika ylymlaryna goşan goşandy heniz doly öwrenilmedigine garamazdan, ol ägirtdir. Ýöne bu iki beýik Horezm alymlarynyň ylmy gyzyklanmalary biri-birine gabat gelýär. Bu hadysanyň açary, olaryň umumy watanynyň medeni taryhydyr we onuň birligidir. Al-Horezmi we Biruni Horezmde ylmy ösüşleriň döwürdeşleri bolupdyr. Şol bir wagtda bu döwür bütin adamzat ylmynyň ösüşiniň uly döwrüdir» diýip hasaplapdyr.

Sarton: «XI asyryň birinji ýarymy, dünýä ylmynyň taryhynda Biruniniň döwrüdir» diýip belläpdir.

Aurel Steýna bolsa Birunini: «XI asyryň Leonardo da Winçisi» diýip atlandyrypdyr.

Al-Biruni ylmyň dürli ugurlaryndan: matematikadan, geografiýadan, geologiýadan, mineralogiýadan, taryhdan, farmakologiýadan, lukmançylykdan 150-den gowrak golýazmalary we kitaplary ýazan alymdyr.

Al-Biruniniň lukmançylyk bilen baglanyşykly ýazan ylmy işleriniň arasynda «Klimatyň ýaýraýşy hakynda kitap» diýip atlandyrylan kitapda lukmançylyk metrologiýasy hakynda agzalýar. Onuň ady Gündogarda XI asyrda «Al-Ustad», ýagny mugallym diýip atlandyrylypdyr. Ol arap farmakologiýasynyň döredijisi hasaplanýar, Orta Aziýada dermançylygy esaslandyryjy alym hökmünde «Farmakognoziýa» eserini ýazypdyr. Ol bu ylmy lukmançylygyň birinji basgançagy diýip hasaplapdyr. Onuň bu eserinde dermanlaryň atlarynyň 900-si pars, 700-si grek, 400-si siriýa, 300-si hindi dillerinde getirilipdir. Ol öz ylmy eserlerinde, köplenç, Aristoteliň, Dioskridiň, Galeniň işlerine salgylanypdyr we olary ylmy işlerinde giňden ulanypdyr. Al-Biruni Köneürgençde ýerleşen «Mamun şahyň akademiýasynyň» ýolbaşçysy bolupdyr. Şol döwürler akademiýa birnäçe dünýä belli alymlaryň ýygnanýan ýerine öwrülipdir.

Abu Reýhan Biruni Gündogarda gaýtadan döreýşiň ägirt uly pälwanlarynyň biri bolmak bilen, öz döwrüniň janly ensiklopediýasy bolupdyr.

A. Nasyrow «Biruniniň 154-den gowrak ýazan eserleri bolup, olar ylmyň dürli ugurlaryna degişlidir. Olardan «Hindilerde ömrüň

dowamlylygynyň kesgitleniş usuly» kitaby gönüden-göni lukmançylyga degişli bolupdyr. «Ösümlik we haýwanat dünýäsiniň jansyz tebigaty barada», «Günüň oňaýly bejeriş häsiýetleri», «Farmakognoziýa», «Pikiriň we akylyň ulanylyşy», «Klimatyň paýlanylyşy baradaky kitap» ýaly ylmy işleri lukmançylygyň dürli ugurlaryna degişli bolupdyr. Biziň ünsümizi çekýän işlerine «Kitab as-saýdana Fi-t-tibb» («Farmakognoziýa») we «Klimatyň paýlanylyşy baradaky kitap» degişli bolup, olarda, biziň pikirimizçe, Birunini «Farmakognoziýanyň» hem-de lukmançylyk metrologiýasynyň düýbüni tutujydyr diýmäge esas berýär» diýip ýazýar.

Biruniniň «Farmakognoziýa» kitabynyň golýazmasy, diňe sözbaşydan M. Meýerhoffyň (1875–1945) çap etmegi netijesinde tapylypdyr. Ol golýazma Abu Ishak Ibrahim at-Tabriziniň (1079–80 ý.) hakyky tekstinden göçürilip alnypdyr diýip çaklanylýar.

Kitabyň girişinde Biruni «Farmakognoziýany» özbaşdak ylym hökmünde hasaplap, ony «lukmançylygyň bölegi däl-de, onuň kömekçisi» diýip kesgitläpdir.

Biruni «Saýdanada» («Farmakognoziýa») «Ýönekeý derman serişdeleriniň görnüşleriniň hem-de çylşyrymly dermanlaryň ýazylan dermannamalary esasynda ýa-da ynamy ödeýän we dogry hereket edýän barlagçynyň ýazgylary esasynda düzülmegidir» diýip ýazypdyr. «Ol döwürlerde dermanlyk ösümlikler heniz grek, hindi, hytaý, ýewreý, siriýa, latyn, türk, arap we pars dillerinde atlandyrylýardy. Derman serişdelerini bilmek üçin, bu dilleri bilmek zerur bolup durýardy. Ol bolsa her bir lukmana ýetdirmeýärdi» diýip, Biruni belleýär.

M. Meýerhoffyň çaklamasyna görä, Biruni sanskrit, grek, ýewreý we siriýa dillerinde okap, olary arap harplarynda ýazyp bilipdir.

U.I. Karimowyň bellemegine görä: «Saýdana» orta asyrlarda Gündogaryň dermanlary öwrenmek baradaky iň gymmatly taryhy çeşmesi bolup durýar. Onda ösümliklerden, haýwanlaryň önümlerinden we minerallardan ýasalan 1000-den gowrak derman serişdeleri görkezilen. Şol dermanlyk ösümlikleriň birnäçesi Biruniniň öz syýahat eden ýurtlarynda duş gelendigi barada we olaryň üstünde geçiren tejribeleriniň netijeleri barada öz kitabynda habar berýär».

Biruni dermanlary sada (adwiýa mufrada) we çylşyrymlylara (adwiýa murakhoba) bölýär. Kadada adam organizminde ýeter-

li güýç bolmaly diýip tassyklaýar. Adam organizmi iýmiti her organa uýgunlaşdyryp kabul etmelidir we her bir organ iýmitiň özleşdirilmegine öz täsirini ýetirmelidir. Zäherli serişdeler hem adam bedenine edil iýmit serişdeleri ýaly täsir edýär, olary her bir organ özleşdirýär, ýöne kabul edilensoň, ol maddalar diri dokumalaryň dargamagyna alyp barýar. Organizmde olaryň mukdary az bolanynda adam ýarawsyz bolýar, köp bolan halatynda bolsa – ölýär.

Biruniniň we orta asyryň alymlarynyň garaýyşlaryna görä, derman serişdeleri iýmitiň we zäheriň arasynda ýerleşýär. Şol sebäpli, lukman näsagy ilki bilen iýmit we az mukdarda zäher serişdeleri bilen bejermeli. Biruni «Kitab as-saýdana fi-t-tibb» atly kitabynda «Men Hindistanda käbir lukmanlaryň adamlary zäherler bilen bejerişlerini göz öňüne getirip bilemok» diýip belleýär.

U.I. Karimow «Biruniniň «Farmakognoziýa» kitaby bu ugurdan ýazylan beýleki kitaplaryndan we Ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitabynyň ikinji tomundan örän tapawutlanýar» diýip aýdýar. «Abu Reýhan Biruniniň kitabyndaky maddalar arap, grek, siriýa, hindi, pars we beýleki dillerde görkezilen. Onda awtor Merkezi Aziýadaky, Owganystandaky, Hindistandaky, Eýrandaky we ýerli serişdeler barada, şeýle hem olaryň nirede we haçan ulanylýandygy barada belläp geçýär» diýip belleýär.

Ol nirede bolsa-da, ösümlikleriň hem otlaryň atlary bilen gyzyklanypdyr we şu wagt hem lukmançylykda giňden ulanylýan «Farmakognoziýa» ylmy eserini ýazypdyr. «Farmakognoziýany» ýazanynda Biruniniň ulanan awtorlarynyň sany 25-e golaýdyr diýen maglumat bar. Abufazyl Saragtly Gaznadaky metjitdir medreselerdäki kitaphanalaryndan gerek bolan kitaplary oňa getirip beripdir. Elbetde, ol grek hem-de Gündogaryň alymlarynyň lukmançylyga, dermanlyk otlara, serişdelere degişli zatlary okapdyr. Şeýdip, bu uly kitap ýazylypdyr.

Onuň göwrümini, oňa siňdirilen zähmeti göz öňüne getirmek üçin şu aşakdaky maglumatlary bilmek ýeterlikdir. Bu kitap 1116 bölümden ybarat bolup, olarda dermanlyk ösümlikleriň 750-ä golaýyna, haýwanlardan alnan önümleriň 101-ne, mineral maddalaryň 107-sine

hem-de zäheriň garşysyna ulanylýan we berhiz bilen baglanyşykly bolan çylşyrymly dermanlaryň 30-syna seredilipdir. «Farmakognoziýa» beýik akyldaryň ýazan iň soňky kitaby bolupdyr. Biruni köp derman serişdeleriniň ornuny tutýanlaryny görkezmäge çalşypdyr. Ol dermanlyk maddalaryň ýaýraýşyny öwrenmäge, ylaýta-da, öz watany bolan Horezmde, ägirt goşandyny goşan alymdyr.

Bar bolan maglumatlara görä, 1048-nji ýylyň dekabr aýynyň 11--ne 75 ýaşynyň içinde Gündogaryň beýik danasy Abu Reýhan Biruni öz watanyndan uzakda, ýat ýerlerde aradan çykypdyr.

Abu al-Walid Muhammedi ibn Ahmedi ibn Ruşd – lakamy Awerroes (1126–1196ý.) – arap filosofy we lukmany. Ibn Zohruň ýolbaşçylygynda lukmançylygy, filosofiýany, hukugy, matematikany öwrenipdir. Kordowada we Marokkoda kazy we köşk lukmany bolup işläpdir. Ol «Lukmançylygyň umumy düşünjesi barada» atly kitabyny ýazypdyr. Ol 7 jiltlik kitap bolupdyr. Ibn Ruşd Maýmonidiň mugallymydyr.

Ibn Tufaýl Abu Muhammet – lakamy Abubehr (1100–1185 ý.) – filosof, döwlet ýolbaşçysy, lukman. Grenadanyň ýolbaşçysynyň kätibi bolup işläpdir. Şol ýurtda 2 jiltlik lukmançylyga bagyşlap düzme ýazypdyr. Soňra Marokko soltanynyň köşk lukmany hem-de weziri bolup işläpdir. Alymyň filosofiýadan, astronomiýadan, matematikadan, fizikadan we lukmançylykdan köpsanly eserleri bolupdyr. Ol musulmançylygyň taryhyny hem ýazypdyr.

Maýnonid Moiseý ben Maýmud Moşe ben Maýmon ibn Maýmun (1135–1204 ý.) – orta asyrlaryň alymy, filosof, lukman. Ibn Ruşduň hem-de Ibn Tufaýlyň şägirdi bolupdyr. Kordowada eneden bolýar, soňra yzygiderlilikde Marokkoda, Palestinada, Müsürde ýaşaýar we işleýär. Soltan Salah ad-Diniň (Saladiniň) köşk lukmany bolup işlemäge çagyrylypdyr. Ol ýörite dermanlaryň, şireleriň, içgileriň dermannamalaryny, olary nädip ulanmalydygyny ýazyp beýan edipdir. Maýmonid gemofiliýany beýleki gemorragik kesellerden tapawutlandyryp bilipdir.

Abu al-Hazm ibn an-Nafiz – lakamy Nafiz (1210–1288 ý.) – siriýaly lukman. Bütin ömrüni Bagdatda işläp geçen alymdyr. Şol ýerde ýerleşen keselhananyň baş lukmany bolup işläpdir. Şol keselha-

na Al-Mansuryň ady belli keselhanasydyr. An-Nafiz anatomiýa örän tankydy nazardan garapdyr. Ol ilkinjileriň biri bolup adam bedeninde kiçi gan aýlanyş ulgamy barada ýazypdyr.

Al-Farabi Abu Basr Muhammet ibn Tarhan – 873–950-nji ýyllarda ýaşap geçen filosof, alym-ensiklopediýaçy, Gündogarda aristotelizmi esaslandyryjylaryň biri.

Al-Farabi 873–874-nji ýyllarda Mawerannahryň Farab diýen ýerinde dogulýar. Ol ýerden Arys çeşmesi Syrderýa guýýar. Farab Otrar şäherçesiniň golaýynda ýerleşipdir. Ibn Hallukanyň we käbir hytaý taryhy çeşmeleriniň maglumatlaryna görä, Otrar şäherinde kitap sany boýunça diňe Aleksandriýadaky kitaphana bilen bäsleşip bilýän uly kitaphana bolupdyr.

M. Haýrullaýewiň aýtmagyna görä, Al-Farabi türkleriň oguz tiresinden ýa-da garlyklaryň tiresinden bolan harby maşgalada doglupdyr. Ilkinji bilimi ol türk, sogdian dilinde öz ýurtlarynda alypdyr. Ýaş we bilesigeliji Al-Farabi Gündogaryň köp ýurtlaryna syýahat edipdir. Ol Mawerannahrda bilim alyp, soň ony ösdürmek üçin Bagdada gidipdir. Käbir çeşmeleriň maglumatlaryna görä, Farabi Orta Aziýadan gitmezinden ozal Şaşede we Samarkantda bolupdyr, Buharada okapdyr we işläpdir. Ol Bagdada tarap ugranda ýolda Yspyhan, Hemedan, Tähran we beýleki şäherlere syýahat edipdir.

Ol filosofiýany Halapda okaýar we gadym zamanyň paýhasly adamlarynyň filosofiýasyny jemläpdir hem-de täze açyşlaryň, şeýle hem lukmançylygyň esasyny tutujylaryň biri hasaplanylypdyr. Onuň ylmy mirasy iňňän uly göwrümli bolup, 200-e golaý ylmy eserlerden ybaratdyr. Al-Farabiniň filosofiýa taýdan garaýşy yslam dinine we «Gurhanyň kanunlaryna» ters gelipdir. Ol adamy tebigatyň önümi diýip hasap edipdir, adamlar haýwanat dünýäsinden psihiki taýdan tapawutlanýar diýip aýdypdyr. Ol döwrüne laýyklykda bedeniň gurluşy we onuň agzalarynyň ýerine ýetirýän işleri baradaky soraglary öwrenipdir.

Al-Farabi orta asyrlarda özüniň lukmançylyk we biologiýa, matematika, sazyň teoriýasy, astronomiýa, sosiologiýa we geografiýa, esasan hem, filosofiýa ugurlarynda uly meşhurlyk gazanan alymdyr. M. Haýrullaýewiň maglumatlaryna görä, Al-Farabi lukmançylyk, ma-

tematika, astronomiýa, hukuk, taryh we beýleki ugurlardan 200-den gowrak ylmy kitaplaryň we eserleriň awtory bolupdyr.

A. Ateşanyň bellemegine görä, Stambulyň kitaphanalarynda we kitap goralýan ýerlerinde Al-Farabiniň 160 sany işi saklanýar.

Biziň eýýamymyzyň 762-nji ýylynda dörän Bagdat şäheri medeniýetiň we ylym dünýäsiniň merkezi bolup, ol ýeriň kitaphanalarynda belli alymlar, taryhçylar, geograflar, filologlar, filosoflar, görnükli lukmanlar ylmyň dürli ugurlary bilen meşgullanypdyrlar. Olaryň arasynda orta aziýaly we eýranly al-Horezmi, Fergani, Battani, At-Türki we beýleki ýaly meşhur alymlar hem bolupdyrlar.

Al-Farabi Bagdatda arap, grek, siriýa we beýleki dilleri öwrenip, orta asyryň ylymlary barada köp alymlar bilen söhbetdeş bolupdyr. Harrana geçende, Al-Farabi Abu Başar Mattadan grek dilini, Ýuhanna ibn Haýlana Kunnianadan bolsa lukmançylygy we logikany öwrenipdir.

Al-Farabi öz ömrüniň soňky ýyllaryny Halapda we Damaskda geçirýär hem-de 950-nji ýylyň dekabr aýynda 80 ýaşynda aradan çykýar. Ol Damaskdaky «Bobas sagir» atly gonamçylykda jaýlanypdyr.

B. G. Gafarowyň, M. Haýrullaýewiň, S. Grigorýanyň, A. Sagadaýewiň we beýleki alymlaryň işlerinde Al-Farabiniň filosofiýasynyň taryhy kökleri we alymlygynyň esasy syrlary açylyp görkezilýär. Al-Farabi Aristoteliň we Platonyň garaýyşlaryny birikdirip, olary yslamyň ýoluna getirmegi başarypdyr. Onuň işleriniň esasy maksady, hakykaty öwrenmek we ýer ýüzünde adamlaryň hakyky bagtyny tapyp bermek bolupdyr.

Gündogaryň ilkinji filosofy Al-Farabi orta asyrlaryň öňdebaryjy filosofiýasyny esaslandyryjydyr. Bu alymyň pikirleri Ibn Sinanyň, Ibn Bajjynyň, Ibn Ruşdanyň, Nyzamynyň, Ibn Haldunyň, Omar Haýýamyň, Rojer Bekonyň, Spinozanyň we beýlekileriň dünýägaraýyşlarynyň taplanmagyna uly täsirini ýetiripdir. Iň esasy bellemeli zat hem, Al-Farabiniň lukmançylyk ylmyna garaýşy köpleri haýran galdyrypdyr. Ol baryp X asyrda lukmançylyk, keselleriň öňüni almak hem-de olary bejermek meselelerine, bu işde lukmançylygyň,

lukmanyň we tebigy bilimleri öwrenýänleriň wezipelerine, hut şu günler hem ähmiýetini ýitirmedik bahany berip bilipdir.

Al-Farabi «Lukmançylyk sungaty, täsirli sungat hökmünde, ýedi faktory bilmek bilen baglanyşyklydyr» diýip ýazýar. Ol faktorlar şulardan ybaratdyr:

1. Adamyň organlaryny bilmegiň lukmançylyk häsiýetli bolşy ýaly, tebigat hadysalaryny öwrenijä-de häsiýetlidir.

2. Saglygyň görnüşlerini we her bir görnüşiň nähilidigini bilmek, oňa mahsus bolan alamatlary, saglygy saklamaga ýa-da dikeltmäge gönükdirilen çäreler, adamyň saglygynyň ýagdaýyna gözegçilik etmek – bularyň hemmesi lukmançylyk üçin bolşy ýaly, lukman üçin hem umumydyr. Ýöne olaryň her biriniň öz maksady bar, hersi öz çärelerini görýär.

3. Keselleriň görnüşlerini, olaryň sebäplerini, alamatlaryny, keseliň şu görnüşiniň tutuş organizme ýa-da onuň aýry-aýry organlaryna ýaýraýandygyny bilmek lukmanyň wezipesine girýär.

4. Saglygyň hem-de näsaglygyň alamatlaryny kesgitlemegiň mümkinçiliklerini we olary ulanmakda endikleri, şu keseli häsiýetlendirýän alamatlary bilmek, içki organlary öwrenmek lukmanyň wezipesine girýär.

5. Iýmitiň, dermanlyk iýmitiň, ýönekeý we çylşyrymly dermanlaryň, ähli gurallaryň ulanylyş düzgünini bilmek gerek. Olar gürrüňi edilýän sungatyň täsirliligini we olaryň adamyň organizminde ulanmak ukybyny artdyrmak lukmanyň wezipesine girýär.

6. Organizmiň sagdyn ýagdaýyny saklamaga ýardam edýän düzgünleri, hereketleri we olary ulanmagyň endiklerini bilmek lukmanyň wezipesine girýär.

7. Näsag organizme saglygy gaýtaryp getirmäge we olary ulanmagyň endiklerine ýardam edýän hereketleriň düzgünini bilmek lukmanyň wezipesine girýär.

Haýran galdyryjy ýagdaýyň ýene biri hem Al-Farabi fiziologiýa we anatomiýa ylymlarynda uly açyşlar edipdir. Ol beýniniň, ýüregiň we beýleki organlaryň, şeýle hem nerw ulgamynyň adamyň organizminiň ýaşaýşy üçin örän uly täsiriniň bardygyny, «Adam bedeniniň organlary» atly traktatynda giňişleýin ýazyp beýan edipdir.

Ol adam bedeniniň yssyny, sowugy, tagam duýujy, ys alyjy, eşidiji, reňk saýgaryjy we şol täsirleri duýujy, şeýle-de olary ret ediji bedeniň duýgy apparatynyň bardygyny ilkinjileriň biri bolup aýdypdyr. Ol peşew haltanyň böwrege, böwregiň bagra, bagryň bolsa ýürege tabynlygyny beýan edipdir.

Beýnini we ýüregi Al-Farabi adam organizminiň esasy organlary diýip hasaplapdyr. Ol «Ýürek ýylylygyň çeşmesidir we beýleki organlar hem şondan iýmitlenýärler» diýip belleýär. Adamyň bedeninde beýniniň we onuň merkezleriniň iň wajyp organlaryň biridigi baradaky pikiri aýdypdyr hem-de nerwleri duýujy we hereket etdiriji toparlara bölüpdir. Al-Farabi nerwiň şahajyklarynyň ýürekde we oňurga beýnisinde bardygyny çak eden bolmaly, çünki ol öz kitaplarynda organlaryň öz köklerini oňurga beýnisinden we merkezi kelle beýnisinden alýandygyny belläp geçipdir.

Ol özüniň «Ylymlaryň klassifikasiýasy barada» traktatynyň bäşinji bölüminde üns berilmegine mynasyp mysaly getiripdir: «Lukmançylykda hekim hünäriniň has kämilleşmegine iki güýç:

1. Umumy nazaryýet güýji;

2. Adamyň bedenine gözegçiligiň we uzak möhletde gazanylan tejribe esasynda, endikleriň we köp ýyllaryň içinde lukmançylyk bilen meşgullanmagyň tejribe amaly täsir edýär.

Şu güýçler mynasybetli lukman keseliň bejergisini we gerekli dermanlary her organizmiň aýratynlygyna hem-de onuň dürli ýagdaýlaryna baglylykda kesgitleýär» diýip belläpdir.

Abu Mansur Hasan al-Kamary al-Buhary – Abu Aly ibn Sinanyň mugallymy, öz döwrüniň meşhur lukmany bolupdyr. Onuň ýazan kitaplarynda we traktatlarynda «Döş keselleriniň bejerilişi barada» («Risola dar iloji amrozi sudur»), «Ýönekeý dermanlar barada uly ýygyndy» («Majmuaýi kabir dar adwiýai mufrada»), «Giniň we Munuň kitaby» («Kitob al-gina wa-l-muna») köpsanly dermanlyk ösümlikleriň ulanylyşy barada (narpyz, nazbaý gül, limon oty, kyrkbogun, käkilik oty, atgulak, sogan, sarymsak we başgalar) maglumatlar getirilipdir.

Abu Sähl Masihi (1012 ý. ýogalan) Abu Sähl ibn Ýahýa al-Masihi Jürjäni, Hazar deňziniň günorta gündogaryndaky Gürgen şäherin-

de (Jürjänide) doglupdyr. Ol ýerler, şol döwürde Horezm şalygynyň tabynlygynda bolupdyr. Masihiniň durmuşynyň ilkinji ýyllary we ýaşlyk döwürleri, onuň başlangyç bilim alan ýeri Gürgende geçipdir. Ol öz bilimini artdyrmak üçin ilki Bagdada, soň Horezme gidýär. Ol bu ýerde lukmançylyk, logika, filosofiýa we beýleki ylymlary düýpli öwrenýär. Ol ensiklopediýaçy alym bolmak bilen, lukmançylyk ylymlaryndan diňe bir Gürgende däl-de, eýsem, ähli musulman ýurtlarynda meşhur bolupdyr. Masihiniň «Lukmançylygyň ýüz soragy» atly kitabyny okanynda, Ibn Sina ony özüniň mugallymy, halypasy saýypdyr. Olar Horezmde duşuşanyndan soň, Ibn Sina Masihiniň halypaçylyk etmeginde amaly lukmançylyk bilen meşgullanypdyr.

Masihi Horezme gelmezinden öň, eýýäm tanalýan beýik alym, meşhur lukman we tebigaty öwreniji bolupdyr. Horezmli meşhur alym Biruni ony özüniň halypasy hasaplapdyr. Masihi ilki döwürlerde Bagdatda ýaşapdyr we işläpdir, soňra ol Horezme gelipdir, Horezm şasynyň köşgünde işläp, özüniň ýazan «Kitob fi-l-wabo» eserini Horezm şasyna bagyş edipdir. Mahmyt Gaznewiniň goşunlarynyň Horezme ýörişi sebäpli öz dosty we okuwçysy Abu Aly ibn Sina bilen Horezmi taşlap (maglumatlara görä, 1012-nji ýylda) gaçmaga mejbur bolupdyr. Olar Garagum çölüniň üsti bilen gaçyp gelýärkäler, ýolda Abu Sähl Masihi keselläp, aradan çykypdyr.

Ol lukmançylykda meşhurlyga eýe bolan «Lukmançylyk sungatyndan ýüz sorag», «Tebigat hakyndaky ylym», «Umumy lukmançylyk» atly eserleri ýazypdyr. Belli bolan doly däl maglumatlara görä, onuň eserlerinde özünden öň ýaşap geçen lukmanlar ýaly, dürli görnüşli dermanlar, olaryň ady we görnüşleri, hili, gelip çykyşy we ulanylyşy barada maglumatlar habar berlipdir. Ýagny «nard (waleriana) iki görnüşde bolýar, biri – gara naýboli ady bilen tanalýar, ol ysly gülap suwlarynda peýdalanylýar, olar hoşboý ysly bolup, örän ýakymlydyr, beýlekisi – gyzyl, udýoni ady bilen bellidir, ysy birneme gowşagrakdyr, onda biraz turşulyk duýulýar, şol sebäpli ony dermanlaryň düzümine goşup, yslandyryjy atyr hökmünde peýdalanmaýarlar» diýip, al-Masihi belläpdir.

Ol barada ylmy çeşmelerde görkezilişine görä, orta asyrlaryň alymlary Abu Sähl Masihiniň ýazan lukmançylyk kitaplarynyň käbirlerini agzap geçýärler. Ibn Abu Usaýbiýa onuň lukmançylyk kitaplarynyň bäşisini agzap geçýär: «Beýik Allanyň adamy döretmeginiň gudraty», «Lukmançylyk boýunça ýüz sorag», «Umumy lukmançylyk boýunça kitap», «Mama keseli barada makala», «Gyrgyn keseli barada kitap». Bu eserlerinden başga-da, onuň «Ruh baradaky kitap», «Masihiniň saýlanan eserleri», «Tebigy bilimler baradaky kitap» ýaly eserleriniň bardygy bellidir.

Biziň türkmen halkymyz beýik danalara we akyldarlara, atly-abraýly şahsyýetlere baý halkdyr. Asly türkmen bolan hem-de özge ýurtda doglup, türkmen topragynda ýaşap, lukmançylyk ylmynda öçmejek uly yz goýan alymlaryň milli mirasynyň lukmançylyga goşan goşantlary gaty uludyr. Olaryň birnäçeleri türkmen topragynda dünýä indiler we milli guwanjymyza öwrüldiler, beýlekileri bolsa şu ýerde ýaşap, lukmançylyk ylmynyň ösmegine uly goşant goşdular.

Bütin dünýäde seslenme tapan türkmen şahsyýetleri taryhyň gatyna siňip ýatyrlar. Arapşynas, terjimeçi alym R. Gylyjowyň belleýşi ýaly: «Öňki asyrlaryň, gadymy döwürleriň arap dilinde ýazylan çeşmelerinde türkmenler hakynda uly söýgi we hormat bilen gürrüň berilýär. Biziň üçin näbelli, ýöne dünýä ylmy üçin meşhur bolan şahsyýetlerimiziň galdyran mirasynyň üstünde birnäçe ylmy derňewler geçirilýär, täze-täze açyşlar edilýär. Ylmyň haýsy pudagyna degişli (taryh, dil, edebiýat, ylahyýet, münejjimlik, matematika, tebipçilik we ş.m.) bolaýsyn, şol ugurdan ýetişen türkmen alymyny hökman tapyp bolar. Ilkinji nobatda zerur bolan ylymlaryň ählisinden hem dünýä meşhur türkmen şahsyýetleri özleriniň ylmy garaýyşlarynyň hakykatdygyny subut edip gidipdirler».

Dünýä taryhynda öçmejek yz galdyran Seýit Ysmaýyl Gürgenli, Abu Aly ibn Sina, Abu Reýhan Biruni ýaly meşhur alymlar ýaşap geçipdirler.

Lukmançylyk ylmy, gadymyýetiň ýazgylarynda görkezilişi ýaly, iň güýçli ylymdyr. Ylmyň bu pudagy adamzat taryhynyň ähli döwründe bolup, Yslam dininde oňa uly ähmiýet berlipdir we türkmen topra-

gynda ýaşan musulman alymlary bu ylmyň ilerlemegine köp goşant goşupdyrlar.

Käbir ýokary bilimli adamlar, ylym diňe Günbataryň ýurtlarynda döräpdir diýip düşünýärler. Emma gündogarda, onda-da Orta Aziýada gadymy döwürlerde bu babatda has-da giňişleýin ylmy-barlag işleri alnyp barlypdyr, ylmy ojaklar («Mamunyň ylymlar akademiýasy») döredilipdir, has baý uly kitaphanalar (Merwde, Köneürgençde) bolupdyr.

Ali ibn Rabban at-Tabari Abu al-Hasan Ali ibn Sähl at-Tabari 809-njy ýylda Merwde siriýaly hristian alymyň maşgalasynda dünýä inipdir. Onuň kakasy Sähl at-Tabari lukmançylykdan, filosofiýadan, astronomiýadan gowy bilimli adam bolup, ol Ptolomeýiň «Almagesta» kitabyny arap diline dolulygyna terjime edipdir. Sähl at-Tabari öz ogluna arap, siriýa we grek dillerini hem-de lukmançylygy we filosofiýany öwredipdir.

Ali ibn Rabban at-Tabari 830-njy ýylda Tabaristanyň emiri Maýzar ibn Karine kätip bolýar, 842-nji ýylda bolsa Yraga göçýär we grekleriň, siriýalylaryň hem-de hindileriň lukmançylyk eserlerini öwrenýär. Oňa abbasidleriň halyfy al-Mutawakkil hossarlyk edipdir (847–861ý.), ol bu ýerde yslam dinini kabul edipdir. Ali ibn Rabban At-Tabari bu halyfa bagyşlap «Firdaws al-hikma» – «Danalygyň jenneti» atly iň ajaýyp filosofik eserini ýazypdyr.

«Danalygyň jenneti» eseri uly göwrümli bolup, şol döwrüň lukmançylyk ylmynyň esasy soraglarynyň hemmesini öz içine alypdyr. Ol şu aşakdaky 7 bölekden ybarat bolupdyr:

– ylmy-filosofik we lukmançylygyň nazary soraglary;

– düwünçegiň direlmegi, göwreliligiň alamatlary, önelgesizligiň sebäpleri, adam bedeniniň tebigy keşbi we sypatlary;

– adamlaryň iýmiti, onuň hili we mukdary barada;

– adam bedeninde (içki we daşky agzalarda) depeden tä dabana çenli döreýän keseller, ysytmalar we kesselleriň krizisi barada;

– maddalaryň häsiýetleri, olaryň tagamy, reňki, ysy we başgalar;

– iýmit maddalary, sada dermanlar (ösümlik, haýwan we mineral gelip çykyşly) barada, zäherler we haýwanlaryň zäheri barada, çylşyrymly dermanlar hakynda;

– adam organizmine dürli klimatik şertleriň täsiri. Käbir lukmanlaryň kesel bejeriş tejribesi barada ýazgylar, keseller we olaryň bejerilişi boýunça hindileriň taglymaty.

Bu eserinde Ali ibn Rabban at-Tabari grek filosofy Aristoteliň, oňa teswirleme beren Aleksandr Afrodeziniň, Gippokratyň, Galeniň, Arhigeniň we beýlekileriň işlerine köp gezek salgylanypdyr.

Ali ibn Rabban at-Tabari lukmançylyga degişli başga-da birnäçe «Kitap hifz as-sihha» («Saglygy saklaýyş barada»), «Kitap al fi-l-hidžama» («Bankalar arkaly gan aldyrmagyň kitaby»), «Dermanlaryň, iýmitiň we peýdaly maddalaryň peýdasy barada» ylmy eserlerini ýazypdyr.

Ali ibn Rabban at-Tabariniň eserleri orta asyrlarda Gündogaryň we Orta Aziýanyň lukmançylygynyň mundan beýläk-de ösmeginde özüniň uly täsirini ýetiripdir. Onuň işlerine döwrüniň meşhur alymlary Abu Bakr ar-Razi, Abu Reýhan Biruni öz ýazan kitaplarynda köp halatlarda ýüzlenipdirler. Käbir maglumatlara görä, Ali ibn Rabban at-Tabari 864-nji ýylda ýogalypdyr.

Şarafutdin Abu Abdullah Muhammet ibn Ýusup Ilaki, alym A. Abdullaýewiň (1980 ý.) ýazmagyna görä, X asyrda Daşkendiň golaýyndaky Ilak (häzirki Awluk) obasynda dünýä inipdir. Ol Abu Aly ibn Sinanyň şägirdi bolupdyr. Öz halypasy bilen ol Horezmde duşuşypdyr. Ilaki öz halypasyndan lukmançylyk ylmynyň syrlaryny öwrenipdir. Onuň döreden eserleri «Alamatlar we sebäpler barada kitap» («Kitab ul-asbob wa-l-alomat»). Alymlaryň maglumatlaryna görä, şuňa meňzeş kitaby Ilakiden öň diňe Gippokrat we Ibn Sina ýazypdyr. Bu kitabyň iki nusgasy Beýrut şäheriniň we Müsüriň kitaphanalarynda saklanypdyr.

Ilakiniň ikinji eseri «Kulloýoti tibbi Ilkokiý» – «Ilakiniň lukmançylyk ýygyndysy» bolup, oňa teswirlemäni Muhammet Amuly ýazypdyr. Häzirki döwürde Parižde we Sankt-Peterburgda onuň: «Kulliýe-ti tib» we «Fusuli Ilaki» («Lukmançylyk ýygyndysy» we «Ilakiniň düzümleri») kitaplary saklanylýar.

«Ilakiniň düzümleri» kitabynyň bir nusgasy Özbegistanyň Abu Reýhan Biruni adyndaky Gündogary öwreniş institutynda (inw. №3235) saklanylýar. Ol işiň göwrümi 300 sahypadan ybarat bolup, gadymy pars dilinde ýazylypdyr. A. Abdullaýewiň pikirine görä, tany-

mal hindi lukmany Muhammet Azam özüniň 4 jiltlik «Iskiri Azam», ýagny «Azamyň eliksiri» eserini ýazanynda Ilakiniň bu kitabyndan peýdalanypdyr.

Ilakiniň bu eseri özüniň düşnükli we anyk düzülen pikiri üçin uly meşhurlykdan peýdalanypdyr. Ilakiniň ýazan eseriniň köpüsi dürli ýurtlaryň alymlary tarapyndan tä XI asyra çenli teswirlenilip gelnipdir.

Kätip Çelebiniň aýtmagyna görä, «Ilakiniň ýygyndysy» atly eseri örän köpsanly alymlar teswirläpdirler, şolaryň biri hem Muzaffar ibn Amir al-Hat Muaýiz al-Tabrizidir. Bu awtor, agzalan eseriň Abu Aly ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitabyna görä ýönekeý dilde ýazylandygyny, lukmançylygyň ähli meselelerini gurşap alýandygyny, pikiriň gysga, düşnükli we açyk beýan edilýändigi bilen tapawutlanýandygyny belläpdir.

Ibn Sinanyň şägirdi Ilaki 1068-nji ýyla golaý döwürde aradan çykypdyr.

Muhammet al-Horezmi 780-nji ýylda Gürgençde doglupdyr. Onuň terjimehalyna degişli maglumatlar juda az saklanyp galypdyr. Mamun ibn Raşidiň Horasan welaýatyna hökümdar bolan döwründe Muhammet al-Horezminiň Merwe gelendigi we ol ýerde ylym bilen meşgullanmaga mümkinçilik alandygy, şeýle-de belli tebigatçy alymlar Abu Mansur, Habaş Hasyp we beýlekiler bilen bilelikde işländigi bellidir. 818-nji ýyldan soň Bagdada baryp, ol ýerde «Paýhaslar öýüne» ýolbaşçylyk edendigi barada ýokarda hem bellenip geçilipdi. Al-Horezmi 850-nji ýylda Bagdatda aradan çykypdyr.

Horezminiň, ylaýta-da, matematika ylmyna goşan goşandy uludyr. Bu barada onuň üç eseri aýratyn bellenmäge mynasypdyr. «Hindi hasaby hakynda», «Algebrany hem mukabalany hasaplamak hakda» we «Trigonometrik tablisalar» atly eserlerinde ol matematika ylmyna düýpli täzelikler girizipdir. «Hindi hasaby hakynda» atly eserinde Al-Horezmi hindileriň dokuz harpyň, dokuz şekiliň üsti bilen islendik sany çykaryp bilýändiklerini habar berýär. Al-Horezminiň hasaplamagyň onluk düzgüni hakyndaky kitabynyň ýaýramagyndan ozal dünýäniň köp ýurtlarynda, şol sanda Merkezi Aziýada el we barmak bilen sanamak ulanylypdyr. Hasaplamagyň täze düzgüni her hili hojalyk işlerinde we söwdada örän amatly bolupdyr.

Al-Horezmi dünýä ylmyna algebrany beren beýik alymdyr. Onuň algebra bagyşlanan eseri «Kitab Muhtasar al-jebr wal mukabala» («Doldurmagyň we garşy goýmagyň gysgaça kitaby») ady bilen meşhurdyr. Oňa, köplenç, gysga görnüşde «Algebra we mukabala» diýilýär. Al-Horezmi deňlemeleriň alty görnüşini anyk mysallarda beýan edipdir. Deňlemäni haýsydyr bir görnüşe getirmek üçin ol iki sany amaly ulanypdyr. Birinji amala «aljebr», ýagny «doldurmak» diýipdir. Biziň günlerimizdäki «algebra» adalgasy hut şu sözden emele gelipdir. Ikinji amala «al-mukabala», ýagny «garşy goýmak» diýipdir. Bu bolsa deňlemäniň iki bölegindenem deň agzalary kemeltmekden ybaratdyr.

Muhammet al-Horezmi astronomiýa ylmyna hem möhüm goşant goşupdyr. Alym Merwde ýaşan ýyllarynda, şol ýerdäki obserwatoriýada ylmy barlaglar geçiripdir. 829-njy ýylda Bagdatda Muhammet al-Horezminiň hut özüniň gatnaşmagynda uly obserwatoriýa açylypdyr. Muhammet al-Horezminiň astronomiýa boýunça ýazan eserine «Horezminiň ziji» diýipdirler. «Zij» astronomik tablisa diýmegi aňladýar. Alym bu işini ýazanda Ptolemeýiň «Almagestini» we hindileriň astronomiýa bagyşlanan «Uly Sinthint» diýen ýygyndysyny we özüniň ylmy barlaglarynyň netijesini peýdalanypdyr. Muhammet al-Horezminiň «Zijinde» ylymda ilkinji gezek sinuslaryň tablisasy berlipdir. Olar Ptolemeýiň Horda tablisalarynyň ýerine ulanylypdyr. Ylma tangens düşünjesi hem girizilipdir. Bu eserde Günüň, Aýyň, planetalaryň hereketi gözden geçirilipdir, asman jisimleriniň, Günüň, Aýyň, ýyldyzlaryň ululygyny kesgitlemegiň usullary beýan edilipdir. Köneürgençli alymyň bu eseri Ýewropada hem meşhurlyk gazanypdyr. Muhammet al-Horezminiň algebrasyny terjime eden Adelart 1126-njy ýylda ony hem latyn diline geçiripdir. Al-Horezminiň latyn diline geçirilen bu eseri häzir Parižiň, Madridiň kitaphanalarynda saklanýar. «Zij» iňlis, nemes dillerine hem terjime edilipdir.

Ulugbek Muhammet Taragaý (1394–1449 ý.) alym-astronom, görnükli döwlet işgäri bolup, 1409-njy ýyldan başlap Samarkandyň dolandyryjysy wezipesini eýeläpdir. Ol Şahruhyň ogly, Temirleniň agtygydyr, atasynyň basybalyjy ýörişlerine ýaşlykdan gatnaşmak bilen Hindistana, Siriýa syýahat edipdir. Asman jisimlerine gözegçi-

lik etmek üçin obserwatoriýany gurdurypdyr. Esasy döreden «Täze astronomiýadan tablisalar» («Liždi jedit-i Guragoni») eserinde astronomiýanyň nazary esaslaryny ýazyp beýan edipdir. Bu işinde 1018 sany asman ýyldyzynyň ýerleşişiniň örän anyk kesgitlenen katalogy berlipdir. Ol 1409-njy ýyldan Samarkandyň dolandyryjysy, soňra bolsa 1427-nji ýyldan başlap bütin Mawerannahry dolandyrýar we öz kakasynyň şu ýerdäki wekili bolýar.

Ulugbek özüniň köp wagtyny täze ýurduň ylmyna we medeni durmuşyna sarp edipdir. Ol 1410-njy ýylda Samarkantda öz döwrüniň iň uly medresesini gurdurýar we açýar. Bütin Gündogarda kanuny esasda dini bilim berýän bu medresede beýleki tebigy bilimleriň kursy hem öwredilipdir. Onuň döreden «Zij» atly astronomik maglumatnamasy gysga döwürde latyn diline geçirilipdir we Klawdiý Ptolemeýiň «Almagesti» hem-de Kastil şazadasy Alfonso tarapyndan XII asyrda düzen astronomik tablisalary bilen bir hatarda Ýewropanyň hemme obserwatoriýalarynda astronomiýadan gollanma bolup hyzmat edipdir.

1428–1429-njy ýyllarda Samarkandyň golaýynda orta asyrlarda iň uly obserwatoriýalaryň birini gurdurypdyr. Bu obserwatoriýa tegelek üç bölekden durýan bina bolup, onda deňsiz-taýsyz 40 metrlik daşdan ýasalan sekstant we gorizontal aýlaw bolupdyr. Rus arheology W. L.Waýatkin 1908-nji ýylda ol obserwatoriýanyň harabalygyny tapýar we 1948-nji ýylda ol ýerde gazuw-agtaryş işlerini tamamlaýar. Taryhy maglumatlara görä, obserwatoriýa 1449-njy ýylda hatardan çykarylypdyr. Ulugbek öz ogly Abdullatyfyň buýrugy boýunça öldürilipdir.

Mahmud ibn Muhammet ibn Omar al-Çagmini al-Horezmi orta asyrlaryň beýik alymy, Köneürgenjiň golaýyndaky Çagmini obasynda dünýä inipdir. Onuň doglan wagty doly anyklanylmandyr, ýöne ýogalan wagty hijri-kamary hasabynda 618-nji ýyl, häzirki senenama görä, 1221-nji ýyl diýlip güman edilýär. Alym hökmünde Omar Çagmini Horezm imperiýasynyň gülläp ösen döwründe kemala gelipdir. Ol wagtlar Orta Aziýanyň döwletleri Buhara, Samarkant, Daşkent, Fergana, Gazna, Hemedan we Gazagystan dolulygyna golastynda bolupdyrlar ýa-da Horezm imperiýasynyň düzümine gi-

ripdirler. Köneürgençde şol wagtlar örän baý kitaphana jemlenipdir. Bu şäherde biologlar, lukmanlar, astronomlar, matematikler, fizikler, geograflar we astrologlar işläpdir. Omar Çagmini öz bilimini Köneürgençde alypdyr. Muhammet Alaeddin Horezmşahyň alymlarynyň arasynda XIII asyryň başynda onuň sarpasy has ýokary bolupdyr. Omar Çagmini diňe bir lukman bolman, eýsem, ol astronomiýa, matematika we beýleki ylymlarda hem şöhratlanypdyr. Käbir orta asyr alymlarynyň ýazyp beýan etmeklerine görä, ol çagalykdan örän ýiti zehinli bolupdyr. Omar Çagmininiň ylmy mirasy astronomlaryň, matematikleriň, lukmanlaryň arasynda uly orny eýeleýär.

## 5.2. Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň tebipçiligi

Dünýä ylmyna we medeniýetine, umumadamzat gymmatlyklaryna uly goşant goşan şahsyýetleriň arasynda türkmen halkynyň wekilleriniň bardygy bellidir. Olaryň hatarynda türkmen milli tebipçiliginiň gözbaşynda duran, ony kämil derejä ýetiren, Gündogaryň we Günbataryň lukmançylyk ylmynda uly meşhurlyga eýe bolan tanymal tebip Seýit Ysmaýyl Gürgenli aýratyn ýatlanyp geçilmäge mynasypdyr. Seýit Ysmaýyl Gürgenli, has doly ady Seýit Ysmaýyl ibn al-Hüseýn ibn Muhammet ibn Ahmet ibn al-Hüseýn al-Jürjäni yspyhanly Seýitlerden bolup, hijri-kamary ýyl hasabynda V–VI asyryň başlarynda ýaşap geçipdir.

Ol 434-nji hijri-kamary ýylynda (milady ýyl hasabynda 1057-nji ýylda) türkmenleriň oturymly mekany bolan Gürgende dünýä inipdir. Orta asyrlarda Gürgeniň arapça ady «Jürjän» bolany sebäpli taryhy çeşmelerde Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň ady Seýit Ysmaýyl Jürjäni diýip ýazylypdyr. Gürgenli ýaşlykdan ylym öwrenmäge höwesli bolupdyr.

Ol «Bukraty Şamy», ýagny «ikinji Gippokrat» ady bilen meşhur bolan Abulkasym Abdyrahman ibn Aly ibn as-Sadyk an-Nişapurynyň (ol hijri-kamary ýyl hasabynda V asyryň ahyrynda aradan çykypdyr) şägirdi bolup, tebipçilik ylmyny öwrenipdir.

Seýit Ysmaýyl Gürgenli «Hadys» ylmyny nişapurly fykh alymy Abulkasym Käşiriden öwrenipdir.

Merhum alym Dehhoda özüniň «Lutatnama» kitabynda Seýit Ysmaýyl Gürgenli barada «...Onuň ylym ugrunda ösüşi, ýeten ýokary derejesi we tebipçilik sungatyndaky şöhraty, Horezm soltanlygynyň güýçlenen üçünji döwrüne degişlidir... we ol yslam zamanynyň berk kanunlaryna esaslanan, tebipçilik kadalaryny täzelän, tebipçiligiň ähli pudaklaryna täzeçe seretmekde we amaly ulanmakda, olaryň ikisine-de degişli işlerde ýokary mertebä ýeten, olary takyk ugra ugrukdyran we olaryň ählisini ökdelik bilen şu ylmyň daşyna jemläp bilen alymdyr. Onuň doglan ýeri we watany Gürgendir. Onuň ylymlary düýpli ele alan, aýratyn-da tebipçilik ylmynda uly ussatlyk derejesine ýeten wagty akyl-paýhasa gadyr goýan, ylym adamlarynyň howandary bolan Horezm şasy Kutbetdin Tekeşiň döwrüne gabat gelýär. Ol Horezme tarap ýola düşýär we şanyň mülküne ýeteninde Horezm şasy onuň gelenini eşidip, hal-ýagdaýy bilen gyzyklanýar, öz saglygyny goramagy, özüni bejermegi oňa ynanýar. Ol beýik mertebeli patyşanyň şanyna «Zahire-ýi Horezmşahy» («Horezm şasynyň genji-hazynasy») atly 10 jiltlik kitabyny bagyş edipdir» diýip ýazýar.

Seýit Ysmaýyl Gürgenli–Gündogaryň tebipçilik ylmynda uly özgerişlikler döreden, ensiklopedik ylymly, dana kişi öz döwrüniň demi daş ýaran Horezm şalary Tekeşiň hem-de Atsyzyň köşk lukmany bolýar. Ol keselleri anyklamakdaky, bejermekdäki özüniň baý tejribesini beýan edýän «Horezm şasynyň genji-hazynasy» kitabyny, şol döwürde däp bolşy ýaly, arap dilinde ýazman, ýerli halka düşnükli bolar ýaly, pars dilinde ýazýar.

«Horezm şasynyň genji-hazynasy» köp jiltli eser bolup, onda tebipçilik ylmyna we amalyna degişli bahasyna ýetip bolmajak maglumatlar berilýär. Gürgenli bu kitaby 1100–1110-njy ýyllarda pars dilinde ýazypdyr. Bu eser gysga wagtyň içinde uly şöhrata eýe bolan we Ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlaryndan» (arap dilinde ýazylan) soň ýazylan, hünärmenleriň arasynda uly şöhrata eýe bolan ylmy eserdir. Bu kitabyň many-mazmuny Gürgenliniň köptaraplaýyn kämillige ýeten beýik alymdygyny subut edýär. Diliniň ýeňilligi, akgynlylygy, berýän maslahatlarynyň anyklygy sebäpli bu kitap Abu Ali ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitabyndan soň

tebipçiligiň iň ygtybarly ýygyndysy hasap edilipdir hem-de şol sebäpli ol öz döwrüniň tebipleriniň köp peýdalanýan eserine öwrülipdir. Kitapda iki ýüz töweregi keseliň alamatlary hem-de olary dürli melhemler, emler bilen bejermegiň ýollary beýan edilýär. Salgy berilýän melhemleriň düzümine girýän topalak, çyrmaşyk, eşek ýorunja, itüzüm, göýül, sersepil, merjimek, zirk, mamaçörek ýaly derman häsiýetli ot-çöpleriň biziň ýurdumyzda bitýänligi begendirijidir.

Tebipçilige degişli gutarnykly tutuş bir döwri öz içine alýan «Zahire-ýi Horezmşahy» iň düşnükli, jikme-jik beýan edilen tebipçilik kitabydyr. Ol 10 kitapdan ybarat bolup, onda dürli keseller («hyltlar»), maddalar, temperamentler, beden agzalary barada düşündirişler, saglygy gorap saklamagyň usullary we ýörelgeleri, ten keselleri, ruhy keseller, bedenden çykýan maddalar (der, tüýkülik, peşew, täret) barada, dürli howa we ýaşaýyş şertlerinde saglygy gorap saklamagyň ýollary, iýmitlenmek, uky we oýalyk, hereket etmek we asudalyk hakynda, lybaslary, atyrlary, ýaglary, dermanlary özüňe ýaramly ulanmak barada, gan aldyrmak, içiňi ýuwdurmak, şem (suppozitoriý) goýmak, çaga terbiýesi, garrylara we mysapyrlara seretmek, depeden dabanyňa çenli adamda döreýän keselleriň sebäplerini we alamatlaryny anyklamagyň hem-de bejermegiň ýollary, çişleriň we ýaralaryň bejerilişi, ot basmak, süňkleriň döwügini we çykuwyny anyklamak we bejermek, tämizlik we daşky zynatlar (kosmetologiýa), zäherlenmek we ony bejermegiň görnüşleri, zähere garşy ulanylýan dermanlar we olaryň düzümleri barada hem-de beýleki maglumatlar bar. Gysgaça aýdanyňda, «Horezm şasynyň genji-hazynasy» eseri lukmançylyk ylmy we hünäri barada doly hem anyk maglumatlary özünde jemläpdir.

Seýit Ysmaýyl Gürgenli Köneürgenç şäheriniň binagärlik gurluş meselelerine aýratyn üns beripdir. Ol beýik binalaryň, köşkleriň, ýaşaýyş jaýlarynyň gapylarynyň, penjireleriniň haýsy tarapa bakdyrylmalydygyny lukmançylyk nukdaýnazaryndan dogry salgy beripdir, gün şöhlesiniň, dürli pasyllaryň howasynyň, şemallaryň ynsan saglygyna edýän täsirlerini anyk kesgitläpdir hem-de olardan dogry peýdalanmagyň ýollaryny maslahat beripdir. Ondan başga-da Gür-

genli ilatly ýerleriň suw üpjünçiligine, keselleriň döremeginiň we ýaýramagynyň öňüni almak çärelerine, zir-zibilleriň, haýwanlaryň maslyklarynyň şäheriň çäginden çykarylmagyna, arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilmegine gözegçilik edipdir, umuman, Horezm döwletiniň paýtagtynyň abadançylygy we onuň ýaşaýjylarynyň saglygyny goramaga gönükdirilen ylmy esasda düzülen köp işleri durmuşa geçiripdir. Gürgenli ökde, tanymal lukman hökmünde adamlarda duş gelýän iki ýüzden gowrak keseller (olaryň alamatlary, bejeriliş usullary) barada anyk maglumatlary öz kitabynda ýazypdyr.

Beýik alym näsagyň gün tertibini düzgünleşdirmegiň, onuň ruhuny götermegiň bejeriş çärelerini geçirmekde örän wajypdygyny belläpdir.

Taryhy maglumatlara görä, Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň lukmançylyk ylmyna degişli pars dilinde ýazylan dört sany kitaby bolupdyr:

«Zahire-ýi Horezmşahy» («Horezm şasynyň genji-hazynasy») – bu kitap alymyň diri wagtynda-da, dünýäden öteninden soňra hem gysga wagtyň içinde uly şöhrata eýe bolupdyr.

Ol barada Nizamy Aruzy Samarkandy «Dört makala» kitabynda: «Galeniň «Sitteýä aşr» eserini ýa-da Muhammet Zekriýanyň ýygyndylaryny (Ar-Raziniň latynça «Contunens Razis» atly ensiklopedik kitaby) ýa-da Abu Sähl Masihiniň «Kamelat - e - senaat» we «Sedbabyny» ýa-da Abu Aly ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» hem-de Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň «Zahire-ýi Horezmşahy» kitaby ele salnyp bilinse, eliň boş wagty diňe şolary okamak bilen meşgul bolunýardy» diýip ýazypdyr.

«Huffy alaýy» 521-nji hijri-kamary senesinde, ýagny Atsyzyň tagta çykan ýyly Horezmşa Atsyzyň emri bilen ýazylan kitapdyr. Ol iki tomdan ybarat bolup, ädigiň gonjuna ýerleşer ýaly edilip («hüff»-ädik, «huffy» ädige degişli diýmegi aňladýar) ýazylypdyr.

Bu kitap «Horezm şasynyň genji-hazynasy» kitabynyň tersine, göwrümi has kiçi we ykjam bolupdyr. Awtor kitaby Atsyzyň permany boýunça ykjam we gysga görnüşde taýýarlapdyr we oňa «Huffe alaýy» («Ýan kitapçasy») diýip at goýupdyr. «Huffe alaýy» kitabynda «Zahire-ýi Horezmşahy» kitabyndan tapawutlylykda fiziologiýa, farmako-

peýa degişli bölümler düýbünden aýrylypdyr. Bu kitap ýörite Horezm şasy üçin ýazylan kitap bolup, onuň maşgala agzalarynyň, wezir-wekilleriň, aristokratlaryň we beýleki ýokary gatlagyň wekilleriniň hajatlary üçin niýetlenipdir.

Kitabyň düzümine iki bölüm we makalalar girýär:

Birinji bölüm. Birinji makala saglygy goramaga degişli bolup, ol 16 bapdan ybarat: 1) a) howa barasynda; b) ýyl pasyllary barada; 2) şäherler we mesgenler; 3) geýim geýinmek barada; 4) nahar barasynda; 5) suw hakynda; 6) şerap (miwe suwlary) hakynda; 7) uky we oýalyk hakynda; 8) hereket etmek we hereket etmezlik barada; 9) iç ýumşadyjy dermanlar barada; 10) gusduryjy dermanlaryň kömegi bilen gaýtarmak; 11) damardan gan almak barada; 12) gaýtarmagyň beýleki görnüşleri; 13) ruhy çökgünlik, 14) garrylyk we 15) ýolagçylyk barada.

Ikinji makala ýedi bapdan ybarat: 1) keseli anyklamak; 2) keseliň bişişen döwrüni anyklamak; 3) gaýraüzülen ýagdaýyny anyklamak; 4) sagalmagyň nyşanlaryny tanamak; 5) bir keseliň başga kesele geçmegini anyklamak; 6) adamyň endamyndaky bar bolan keselini anyklamak; 7) syrkawyň ölmek wagtyny kesgitlemek.

Ikinji amaly bölüm ýedi makaladan ybaratdyr:

Birinji makala bejeriş işlerinde lukmanlaryň hökmany biläýmeli zatlary baradaky wesýetlerden ybarat.

Ikinji makala 18 bapdan ybaratdyr: 1) kelle we beýni kesellerini bejermek; 2) göz kesellerini bejermek; 3) gulak kesellerini bejermek; 4) burun kesellerini bejermek, dilde, agyz boşlugynda, bokurdakda we kekirdekde dörän keselleri bejermek; 5) dümew, burun dykylma, üsgülewük; pnewmoniýa, plewrit we demgysma; 6) ýürek keselleri; 7) aşgazan keselleri; 8) içgeçmäniň görnüşleri; 9) içde dörän agyrylary bejermek we soguljanlaryň döremeginiň öňüni almak; 10) proktologik keseller; 11) bagyrda döreýän keseller; 12) dalak keselleri; 13) sary getirmäniň dürli görnüşleriniň öňüni almak; 14) beden boşlugynda suw ýygnanmak keseli; 15) böwrek we peşew ýollarynyň keselleri; 16) aýal keselleri barada; 17) bogunlarda döreýän agyrylar; 18) gan damarlarynyň çişme keselleri.

Üçünji makala: ysytmalar, garahassalyk, mama keseli we başgalar.

Dördünji makala: çişler we ýaralar.

Bäşinji makala**:** süňk döwügini we bogun çykmagyny bejermegiň ýollary.

Altynjy makala**:** bedene zynat bermek, ony arassa we päk saklamak**.**

Ýedinji makala: zäherlenmä garşy görülýän çäreler.

Seýit Ysmaýyl Gürgenli tebipçilige degişli bu eserini 1128-nji ýylda Köneürgenç döwletiniň soltany Horezm şasy Atsyzyň haýyşy boýunça ulanylmaga amatly bolar ýaly gysgaldyp, oňa «Tebipçiligiň ýankitaby» diýip at beripdir. Bu kitap ençeme asyrlaryň dowamynda tebipler tarapyndan giňden peýdalanylypdyr we şu günlere çenli öz ähmiýetini saklap gelýär.

Gürgenli ýiti zehinli, işeňňir, onlarça çuň manyly ylmy eserleri ýazan, uzak ýaşan (96 ýyl) ensiklopedik ylymly tanymal lukman we beýik alymdyr. Ol özüniň köpsanly ylmy açyşlary bilen milli türkmen tebipçiligini ösdüripdir we ony dünýä derejesine ýetiripdir. Garaşsyzlyk ýyllarynda Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň «Tebipçiligiň ýankitaby» eseri türkmen dilinde neşir edildi we halk köpçüligine ýetirildi.

«Al-agraz at-tabiýýat» we «Al-mubahhes al-agliýe» atly kitaplary Alaeddin Atsyz Horezm şasynyň weziri Meždeddin Abu Muhammet Sahyb Muhammet al-Buharanyň haýyşy we teklibi boýunça ýazylypdyr. Bu kitap pars dilinde ýazylyp, ol «Zehireden» gysgarak we «Huffe-alaýy» kitabyndan az-owlak giňişräk beýan edilen kitapdyr. Bu kitap Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň döwründe hem uly meşhurlyga eýe bolan kitaplaryň biri bolupdyr we iň çuňňur hem-de ussatlarça ýazylan kitap hasaplanypdyr. «Agraz» kitaby özbaşdak kitap görnüşindäki bäş bölümden ybarat bolupdyr.

«Ýadygär» tebipçilik we şahsy gigiýena barada kämil kitaplaryň biri hasaplanylýar.

Ýokardakylardan başga-da Seýit Ysmaýyl Gürgenlä degişli hasap edilýän kitaplar:

1. «Şährzury» – örän ajaýyp baplary bolan ahlak baradaky traktat.
2. «At - tebbil - muluki»– köşk tebipçiligi.
3. «Risale-i der kelemat-i hikmetamiz we seýru-soluk» – ruhy kämilleşmekdäki häkimiýetli sözler barada traktat.
4. «At-tezkirat-ul-aşrafete fiý-senaatul tibbiýa» – tebipçilik sungatyna degişli gözel ýazgylar.
5. «Kitab fil - kiýas» – ölçegler kitaby.
6. «Kitab fit-tahlil» – seljermeler kitaby.
7. «Kitab al-muniýe» – arzuwlar kitaby.
8. «Zudat ut - tibb» – tebipçilik barada saýlanan eserler.
9. «Şahsy gigiýena» traktaty.
10. «Karabaddini Horezmşahy» – Horezm şasynyň farmakopeýasy.

Gürgenli «Horezm şasynyň famakopeýasy» kitabynda derman serişdeleri barada giňişleýin durup geçýär. Ol Türkmenistanyň ajaýyp tebigatyny, onuň baýlyklaryny, ösümlik we haýwanat dünýäsini jikme-jik öwrenipdir hem-de keselleriň öňüni almakda we olary bejermekde öz halkynyň tebigy baýlyklarynyň ähmiýetini açyp görkezipdir.

Özünden öňki geçen alymlardan tapawutlylykda Seýit Ysmaýyl Gürgenli derman serişdeleri babatda has giň we anyk maglumatlary berýär.

Sanawy boýunça deňeşdirilende öz eserlerinde: Gippokrat – 200, Dioskrid – 400; Galen – 500, Ibn Sina – 800, Biruni – 900 derman serişdelerini ýazyp görkezipdirler. Seýit Ysmaýyl Gürgenli bolsa öz düzen «Horezm şasynyň farmakopeýasynda» 1000-den gowrak ýerli dermanlyk ösümlikleriň çig mallaryndan, haýwanlardan we magdanlardan alynýan önümlerden taýýarlanylan derman serişdeleri barada giňişleýin maglumatlary berýär.

Gürgenliniň maslahat berýän derman serişdeleriniň köpüsi häzirki wagtda Türkmenistanda duş gelýän ösümliklerdir. Keselleri bejermegiň usullaryny beýan edeninde tanymal lukman haýsy ösümliklerden nähili melhemleri ýasamalydygyny, olaryň düzümini, mukdaryny, ulanyş aýratynlyklaryny anyk mysallarda belläp geçipdir.

Ol özüniň köşk lukmany bolmagyna garamazdan, halk köpçüliginiň içinde hem uly meşhurlyk gazanypdyr. Gürgenliniň lukmançylyga bagyşlanan 15-den hem gowrak kitaplary bolup, olaryň içinde keselleriň öňüni almak we bejermek üçin niýetlenen «Horezm şasynyň genji-hazynasy» kitaby aýratyn öwgä mynasypdyr. «Horezm şasynyň genji-hazynasy» işi Abu Aly ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» eserinden soňra iň ýörgünli, köptaraplaýyn, meşhur kitaplaryň biridir.

Seýit Ysmaýyl Gürgenli ibn Sinanyň ýoluny kämilleşdiripdir, ösdüripdir. Eger-de Abu Aly ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlarynda» adamyň bedeniniň anatomiýasy baradaky maglumatlar dürli bölümlerde dagynyk getirilýän bolsa, Gürgenliniň kitabynda anatomiýa barada maglumatlar bir ýerde jemlenip berlipdir.

Gürgenliniň işlerinde adamyň saglygy, adam hakynda ummasyz alada edendigini, irmän-arman zähmet çekendigini, saglyga uly sarpa goýandygyny, onuň «Seniň genji-hazynaň sandygyňdaky baýlygyň däl-de, öz saglygyňdyr, ony bolsa hemişe goramalydyr hem-de berkitmelidir» diýen sözleri subut edýär. Gürgenliniň orta asyrdaky ýazan kitaplarynyň ylmy derejesi, olarda keselleri bejermekde ulanylýan usullaryň we emelleriň lukmançylykda gazanylan üstünlikleriň derejesi bilen deňdir.

Gürgenli özüniň kitaplarynda käbir ýylanlaryň zäheriniň ähmiýetiniň ýokarydygyny belläpdir, ýylanyň zäheri, adamyň ganynyň çalt lagtalanmagyna getirýär, ýöne beýleki usullar bilen bedene düşen zäher zyýansyzdyr diýip hasaplapdyr. Ýylanyň zäheri diňe ganyň üsti bilen adama täsir edip bilýär, ýöne ol akylly-başly ulanylanda, ondan dermanlar hem ýasap boljakdygy baradaky pikiri öňdengörüjilik bilen aýdypdyr.

Özünden öňki ýaşap geçen we öz döwürdeş kärdeşlerinden tapawutlylykda Gürgenli keseliň emele gelmegini we olary bejermekde gerek bolan derman serişdelerini näsagyň ýaşaýan ýeri bilen baglanyşdyrypdyr. Şeýlelikde, ol lukmançylygyň täze bir şahasy bolan «Ülke patalogiýasy» atly ylmyň düýbüni tutupdyr. Şol bir wagtyň özünde, onuň janly we jansyz tebigatyň arasyndaky baglanyşygyny

içgin öwrenmegi, keselleriň döremeginde we olaryň öňüni almakda, adam bedeni bilen daşarky gurşawa bir bütewülikde seretmegi, keselleri bejermek maksady bilen dermanlary, emleri ýasamakda ýerli tebigy suwlary, topragy, duzlary, ösümlik we haýwanat dünýäsini ulanmagy Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň häzirki zamanda wajyp ylmy ugurlaryň biri bolan «Lukmançylyk ekologiýasy» ylmynyň düýbüni tutandygyny bellemelidiris.

Alym, adamyň bedeniniň ýagdaýyna, onuň dünýägaraýşyna, geýim-gejimine, ýüz keşbine, saglygyna, halkyň däp-dessuryna, adatlaryna, şahsyýetiň häsiýetiniň, onuň iýmitiniň, ýaşaýan ýeriniň howasynyň täsiriniň uludygyna üns beripdir. Howanyň ähli jandarlar we ösümlikler üçin iň gerekli serişde bolup, olaryň ösmegine, kämilleşmegine we dürli mesgenlere uýgunlaşmagyna zerurdygyny belläpdir. Ol «Biz dem alanymyzda, howa içki bedeniň çuňluklaryna ýetip, gyzgynlyk döredip, alyş-çalyş hadysasynyň energetiki öwrülişmeleriniň çeşmesidigini bilmelidiris» diýip belläpdir.

«Howa ýetmezçiliginde beden deňagramlylygy bozulýar» we «Howa ýeterlik dem alyp, bedene siňende ruha medet berýär, ruha rahatlyk aralaşýar» diýip, howanyň düzümindäki gaz görnüşli himiki maddalaryň, tozan şekilli fiziki täsirleriň we biologik janly ösümlikleriň adam bedeniniň ruhy taýdan kadaly bolmagyna, onuň özüne mahsus bolan kadaly düzümi barada ýazypdyr.

Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň lukmançylyk eserleriniň içinden eriş-argaç bolup geçýän esasy pikirleriň biri – lukmançylygyň nazary esaslaryny bilmän keseli bejermegiň mümkin däldigidir. Onuň pikiriçe, «keseli bejermek üçin, lukmanyň keseliň döreýiş sebäbini bilmegi hökmandyr. Keseliň sebäbi alty sany zatda jemlenip biler: howanyň ýagdaýy, iýmitde, içgilerde, dermanlarda, ukuda we oýalykda bolmagyň düzgünlerinde; bedeniň hereketinde, bedene girýän we ondan çykýan maddalarda; bedendäki adaty däl hadysalarda (begenmek, gam-gussa)» diýip belläpdir.

Ol adam bedenine zyýanly täsir edýän sebäpleri öwrenip, olary aradan aýyrmagy her bir lukmanyň borjy hasaplapdyr. Alymyň pikirine görä, «Adam bedeni biri-birine gapma-garşy häsiýetli bolan dört

sany şertli bölekden (howa, suw, toprak, ot) durýar. Şol bölekleri bitewülikde bir ýerde saklamak üçin bedene dürli güýçler täsir edýärler. Şol güýçleriň esasynda hem adam howa, ýylylyk, toprak, ot bilen iş salyşýar, dürli iýmitleri iýýär, hereket edýär, dynç alýar, şatlanýar, gamlanýar. Bularyň hemmesi daşky sebäpler bolup, olar bedeniň içki ýagdaýyny saklamak üçin gerekdir».

Seýit Ysmaýyl Gürgenli tebigatyň adamyň ruhy dünýäsine uly täsiriniň we onuň ösmeginde ýerini tutup bolmajak ähmiýetiniň bardygyny öwrenen lukmandyr.

Seýit Ysmaýyl Gürgenli ähli derman serişdeleri özleriniň gelip çykyşy boýunça 3 bölege bölýär: minerallar, ösümlik maddalary, jandarlaryň önümleri. Lukmanyň ulanan dermanlarynyň diňe bir köşk şalary üçin däl-de, eýsem, halk köpçüligi üçin hem niýetlenendigi sebäpli, olaryň ýasalyş usullary, gerek bolan önümler hemmelere elýeterli we sada bolupdyr. Ol aç adamyň sülekeýini gulak kesellerinde, adamyň dişinden ýasalan tozgany ýylan çakanynda, adamyň saçynyň küli garylan zygyr ýagyny deridäki ýaralary, ýanygy we düwürtikleri bejermekde ulanypdyr.

Şeýlelikde, «Zahyre-ýi Horezmşahy» diýlip ýatlanylýan bu kitap yslam döwründe pars dilinde düşnükli ýazylan kitap bolup, onda arap sözleri örän az duş gelýär. Jürjäni «Men Allatagallanyň eradasy bilen işbu kitaplary toplan beýik hökümdaryň dogaçysy bolmak bilen, görnükli alym, sahawatly we goldawyny gaýgyrmadyk egsilmez nygmatly Kutbetdiniň, yslamyň ýardamçysy, musulmanlar zynatynyň maýasy, kapyrlary we butparazlary kül-peýekun ediji, milletiň guwanjy we döwletiň şu güni, manylaryň täji hökmürowan emir Tekeşiň, patyşalaryň we soltanlaryň çeşmi-çyragy Abylfath Muhammet ibn Emin al-Mülk Moin emir, Alla onuň döwletini berkarar etsin we güýç-kuwwatyny gorap saklasyn – ýene Horezme gitmegi ýüregime düwdüm we bagt eýesi patyşanyň huzuryna bardym. Şol wagt, ýagny Horezmiň hoştap howasyny we dury suwuny soran wagtym hijriniň 504-nji ýylydy» diýip belleýär.

Jürjäniniň tebipçilik ylmyna degişli pars dilinde ýazylan 4 sany kitaby bolupdyr. Biziň ýurdumyzda tebipçiligiň taryhyna degişli bo-

lan maglumatlara görä, Seýit Ysmaýyl Gürgenli şu aşakdaky ylmy çeşmelerden peýdalanypdyr: «Al - ebniýetun an-hakaýyk al-eduriýat». Awtory Muafygeddin Abu Mansur Ali al-Hiraur, «Hedaýat al-mutaallamin» awtory Abu Bekr Rebbing bin Ahmed al-Ahweýni. Ondan başga-da «Damar öwreniş» we başga birnäçe çap edilen kitaplar.

Emma Jürjäniniň öz kitaplary aşakdakylardan ybaratdyr: «Zahire-ýi Horezmşahy». Arap dilinde ýazmak gadymdan rowaç bolanlygy sebäpli, awtorlar tarapyndan ilki şol dilde ýazylan, soňra Jürjäni tarapyndan pars dilinde ýazylan ilkinji çeşme bolup, iň düşnükli, iň jikme-jik beýan edilen tebipçilik kitabydyr.

Bu kitap deňi-taýy bolmadyk ýeke-täk kitapdyr. Şonuň üçin ol kitap Eýran talyplarynyň arasynda hiç zat bilen deňeşdirip bolmajak iň gymmatly kitap hasaplanýar.

Tebipçilige degişli gutarnykly tutuş bir döwri öz içine alýan «Horezm şasynyň genji-hazynasy» on kitapdan ybarat bolup, onda dürli keseller, gadymy tebipler, maddalar, temperamentler, beden agzalary barada düşündirişler, saglygy gorap saklamagyň ähmiýeti, ten keselleri, ruhy keseller, bedenden çykýan maddalar (ýagny der, tüýkülik, peşew, täret) barada, dürli howa we ýaşaýyş şertlerinde saglygy gorap saklamagyň ýollary, tagam hakynda, lybaslary, atyrlary, ýaglary, dermanlary özüňe ýarawly edip ulanmak, kelleden we endamyň başga ýerlerinden gan aldyrmak we ş.m. barada maglumatlar bar. Şol döwürde häzirki banka goýluşy ýaly, agyryly ýere dürli ölçegdäki ýörite şahlar goýlupdyr. Olar «şahy hejamat» – «gan soryan şah» diýlip atlandyrylypdyr.

Bu eser içiňi ýuwmak, şem goýmak (suppozitoriý), çaga terbiýesi, garrylara we maýyplara seretmek, kelleden dabanyňa çenli adamda döreýän keselleriň sebäplerini we alamatlaryny anyklamagyň hem-de bejermegiň ýollary, çişleriň we ýaralaryň bejerilişi, ot basmak, süňkleriň döwülmegi we çykmagy, tämizlik we daşky bezegler, zäherlenmegiň we ony bejermegiň görnüşleri, zähere garşy ulanylýan dermanlar we olaryň düzümleri barada, ýagny gysgaça aýdylanda, tebipçilik ylmy we hünäri barada doly okuwyň maglumatlaryny özünde jemleýär.

Gysgaça aýdylanda, tebipçilik, sanitariýa-gigiýena we beýleki ugurlary öz içine alýan «Zehire» kitabyny Jürjäni kämil ýazypdyr. Onda öňki ýazylan zatlardan ussatlarça peýdalanyp, eýran tebipçiligine hem birtopar täzelikler girizilipdir.

«Zehire» kitabynyň farmakologiýa bölümi goşundy hökmünde artdyrylypdyr. Ol 156 sahypadan ybarat bolupdyr we ol nusga geljekde «Mejlis» diýip atlandyrylýar.

Seýit Jürjäniniň özünden öň ýaşap geçen Ar-Raziniň, Ahwazynyň, Abu Aly ibn Sinanyň eserlerinden has köp peýdalanandygy jedelsizdir. Aýratyn-da, ol tarapyndan ýazylan «Melhemler, zähere garşy ulanylýan tirýek, farmakologiýadaky täzelikler» ýaly bölümlerde bu has-da äşgär görünýär.

Seýit Jürjäni «Tebipçiligiň göz öňünde tutýany 2 zatdan – her bir işiň ylmy we amaly tarapyndan ybaratdyr. Amaly ugur hem dürli görnüşlerden ybaratdyr. Olaryň arasynda iň esasylary hökmünde saglygy saklamak, goramak, sanitariýa kadalaryny berjaý etmek, öňünden aňmak, keselliniň ýagdaýyny anyklamak, keseliň uzyn ýa-da gysga müddetlikdigini kesgitlemek, hassalykda umytly bolmak ýaly zatlar has zerurlary hasaplanylýar. Şu sebäpden lukmançylyk ylmy 2 bölümden, ýagny ylmy we amaly bölümlerden ybarat bolýar. Käwagt ony «amaly ylym» we «nazary ylym» ýaly toparlara hem bölýärler.

«Nazary» atlandyrylýan bölüm tebigy işleri synlamak, onuň tebigy kanunalaýyklygyny anyklamak, tebigy we tebigy däl görnüşlerini bilmek, olardan delillendirilen netijeleri çykarmak.

Amaly ylym – bu beden sagdynlygyny goramagyň, keseliň döreýiş sebäplerini anyklamagyň, peýdaly zatlary ulanmagyň we zyýanly zatlardan saklanmagyň, olary ylmy we amaly öwrenmegiň esasy ugrudyr» diýip belläpdir.

Abu Seýitmuhammet ibn Hasan Hüseýn al-Jürjäni, türkmen gigiýena ylmynyň esaslandyryjysy bolup, onuň eserleri «Sagdyn durmuşy kemala getirmäge» ýugrulandyr.

Ömrüniň ahyrlarynda ol Beýik Seljuklar imperiýasynyň hökümdary Soltan Sanjaryň köşgünde işlemäge Merwe çagyrylypdyr.

Ol özüniň baý lukmançylyk tejribesini umumylaşdyryp, «Tebipçiligiň ýan kitaby» atly meşhur ensiklopedik eserini ýazypdyr. Ol eser şol döwrüň ýörgünli ylmy dilleriniň biri bolan pars dilinde ýazylypdyr. Bu kitap 1995-nji ýylda Jürjäniniň ene diline, ýagny türkmen diline terjime edilip, çapdan çykaryp ýaýradyldy. Kitabyň birinji bölüminde saglygy goramagyň ähmiýeti beýan edilýär. Ýylyň dürli pasyllarynda howadan, suwdan nähili peýdalanmalydygy, nähili nahar iýmelidigi, nähili geýinmelidigi, hereket etmegiň, dynç almagyň, wagtynda uklamagyň ähmiýeti hakynda degerli maslahatlar berilýär. Kitabyň soňky bölümlerinde deri, kelle, beýni, göz, diş, ýürek, böwrek, aşgazan keselleriniň, jemi 200 çemesi keseliň alamatlary, olary anyklamagyň we bejermegiň ýollary anyk we düşnükli dilde beýan edilýär.

Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň goýup giden lukmançylyk mirasynyň şu günlerde hem öz ähmiýetini ýitirmeýänligi, onuň öz döwründe häzirki amaly we nazary lukmançylygyň esaslaryny işläp düzendigini, adam bedeniniň aýratynlyklaryny öwrenendigini bellemelidiris. Ol lukmançylyk ylmyny kämilleşdirmäge, has takyk usullar bilen baýlaşdyrmaga, beýleki lukmanlara öýkünmezlige çalşan alymlaryň biridir.

Biziň şu günlerimizde hem daşary ýurtly we öz ildeş lukmanlarymyz lukmançylygyň dürli usullary hem-de ugurlary boýunça ylmy makalalar ýazanlarynda Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň işlerine salgylanýarlar.

# 6-njy bap

# MUHAMMET GAÝMAZ TÜRKMEN WE ONUŇ «PYGAMBER TEBIPÇILIGI» ESERI

*XIII asyryň görnükli türkmen alymy Muhammet Gaýmaz Türkmen. Onuň ýaşan, ylym, bilim bilen meşgullanan ýerleri. Muhammet Gaýmaz Türkmeniň «Pygamber tebipçiligi» kitaby, onuň taryhy we lukmançylyk ähmiýeti.*

## 6.1.Görnükli türkmen alymy Muhammet Gaýmaz Türkmen we onuň ýaşan, ylym, bilim bilen meşgullanan ýerleri

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe dünýä ylmynda meşhurlyga eýe bolan şahsyýetlerimiziň galdyran mirasyny öwrenmäge bagyşlanan ylmy derňewler giň gerim alýar. Bu barada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary» kitabynda milli lukmançylyk mirasymyzyň ylmy we amaly taglymatlaryny netijeli peýdalanmagyň wajypdygyny aýratyn belleýär.

Taryh, dil, edebiýat, ylahyýet, müneçjimlik, matematika, tebipçilik ýaly adamzat üçin zerur bolan ylymlardan dünýä meşhur türkmen şahsyýetleri örän baý ylmy mirasy goýupdyrlar. Ata-babalarymyzyň hormatyna mynasyp baha berilýän döwründe, beýik türkmen şahsyýetleri hakynda öňki asyrlarda, gadymy arap dilinde ýazylan ylmy çeşmelerde türkmenler hakynda uly söýgi we hormat bilen gürrüň berilýär.

Lukmançylyk ylmynyň taryhynda öçmejek yz galdyran Abu Reýhan Biruni, Abu Aly ibn Sina, Seýit Ysmaýyl Gürgenli ýaly dünýä belli alymlar türkmen topragynda ýaşap geçipdirler. Olaryň arasynda XIII asyrda Siriýada doglan, lukmançylyk we taryh ylymlarynda öçmejek yz galdyran türkmen alymy, hapyzlaryň ymamy, ussat hakykatçy, barlag geçiriji, hadysçy Muhammet ibn Ahmet ibn Osman ibn Gaýmaz Türkmen uly hormata mynasypdyr.

Lukmançylyk ylmyna degişli arap çeşmelerinde Ymam Zehebi ady bilen tanalan bu türkmen alymynyň ýazan ylmy işleri we kitap-

lary, arap hem-de häzirki zaman Günbatar lukmançylyk ylmynda iň ygtybarly çeşme hasaplanylypdyr. Alymyň tebipçilige degişli «Pygamber tebipçiligi» atly kitaby doly ýazylyp gutarylan eserdir. Onuň bu eseri meşhur Gippokratyň, Galeniň, Platonyň hem-de Abu Aly ibn Sinanyň ylmy işlerine salgylanmalara, tejribelerde döwrüniň belli lukmanlary tarapyndan tassyklanmalara esaslanylyp ýazylypdyr hem-de lukmançylygyň kadalaryna, onuň ylmy-nazary we amaly esaslaryna, dermanlaryňdyr iýmitleriň lukmançylykda peýdalanylyşyna, dertleriň bejerilişine bagyşlanyp ýazylan ylmy kitapdyr.

R. Gylyjowyň (2005ý.) bellemegine görä, kitabyň ilkinji sahypasynda Ymam Zehebiniň hakyky adynyň Muhammet Gaýmaz ekenligi, alymyň terjimehaly berilýän ýerde onuň türkmenligi aýdylyp geçilýär. «Ol hapyzlaryň ymamy, ussat, hakykatçy, barlag geçiriji, taryhçy Muhammet ibn Ahmet ibn Osman ibn Gaýmazdyr. Zehebi lakamy berlen Muhammediň asly türkmen bolup, ata-babalary Miýafarykyndandyr...».

Muhammet Gaýmaz Türkmen 1264-nji ýylda Damask şäherinde dogulýar we şol ýerde önüp-ösüp, ylym-bilim alýar, ylmyň dürli pudagyna degişli, ylaýta-da döwrüniň esasy ylymlary bolan: tefsir we hadys, ynanç (hakyda) we hukuk, taryh ylymlaryny kemsiz öwrenmegi başarypdyr, ylymlaryň içinde iki sanysy bilen aýratyn gyzyklanyp, hadys we taryh ylymlaryndan örän ýokary kämillige ýetipdir.

## 6.2. Muhammet Gaýmaz Türkmeniň «Pygamber tebipçiligi» kitaby, onuň taryhy we lukmançylyk ähmiýeti

Ymam Zehebi öz döwrüniň beýik alymlaryndan sapak almak üçin dürli ýurtlarda: Müsürde, Baalbek şäherinde, Isgenderiýede, Mekgede, Halapda, Nablusda ýaşapdyr we ylym-bilim öwrenipdir.

Ol şol döwrüň uly alymlary bolan Hapyz ibn Asakyr, Hapyz Ýunany ýaly ussatlaryň elinde sapak alypdyr. Damaskda Omar ibn Kuwasyň, Yusup Kamulliniň, Baalbek şäherinde Abdulhalyk ibn Ulwanyň, Müsürde Abrakuhynyň, ibn Dakyk Aýdyňyň we Dumýatynyň söhbetlerini diňleýär. Isgenderiýede Abdulhasan Gyratynyň, Abu Hasan Sawwatyň, Mekgede Töwriziniň, Halapda

Seňňer Zeýniniň, Nablusda Imat ibn Badranyň we beýlekileriň mejlislerine gatnaşýar.

Imam Zehebiniň «Tekrize» («Ýatlama») kitabynda beýan edişine görä, ol birnäçe alymlardan sapak alypdyr, birnäçe ussatlara şägirt bolupdyr. Kitapda şol döwrüň uly alymlarynyň birnäçesiniň atlary getirilýär. Alym özüniň 1300 alymdan sapak alandygyny, aglabasynyň hem döwrüniň iň beýik ylym eýeleridigini belläpdir.

Taryhçylaryň ýazmagyna görä, ol 200-den gowrak kitap ýazypdyr we nesillere uly ylmy miras galdyrypdyr. Olaryň ählisi hem bütin adamzat jemgyýeti üçin aşa peýdaly, haýyr-hormatly we örän wajyp eserlerdir.

Muhammet Gaýmaz Türkmeniň ýaşan döwri, seljuk türkmenleriniň ol ýere eden ilkinji ýörişleriniň yzysüresine gabat gelipdir, ol wagtlar türkmenler uly döwletleri we şäherleri öz ellerinde saklapdyrlar. Ol şäherleriň we olaryň etekleriniň aglaba ilaty türkmenler bolupdyr. Şol sebäpli alymyň ýazan uly göwrümli «Yslam taryhy» atly 17 tomluk kitaby halkymyzyň taryhynyň bize näbelli sahypalarynyň aýdyňlaşdyrylmagyna ýardam etjekdigi ikuçsuzdyr.

Ymam Zehebiniň «Pygamber tebipçiligi» eseri lukmançylyk ylmyna degişli örän seýrek eser bolup, sözleriniň düşnükliligi, ylmy maglumatlarynyň takyklygy bilen beýlekilerden tapawutlanýar.

Edil şeýle at bilen Abu Nagymyň we Ymam ibn Kaýýumyň eserleriniň bardygyny ýaş arapşynas alym R. Gylyjow bellemek bilen, türkmen alymynyň eseriniň Ymam ibn Kaýýumyňkydan, esasan, üç aýratynlygyny:

– türkmen alymynyň eserinde getirilen hadyslaryň sanynyň;

– öňki öten hekimdir tebipleriň, sahabalaryň we olaryň yzyna eýerijileriň aýdan sözleriniň sanynyň;

– kitapda getirilýän bölümleriň sanynyň köpdügini ýazyp beýan edýär.

Muhammet Gaýmaz Türkmeniň «Pygamber tebipçiligi» kitaby yslam tebipçiliginiň iň ygtybarly gollanmasy hasaplanylypdyr. Alym özüniň her bir sözüni delillendirmek üçin köp halatlarda Gurhany Kerime, Muhammet pygamberiň aýdan hadyslaryna, öwreden we durmuşda ulanan emlerine, peýdalanan dermanlaryna salgylanypdyr, şol sebäpli hem eseriň ady «Pygamber tebipçiligi» bolup galypdyr.

Türkmen alymynyň bu eserinde arap dilinde tebipçilige degişli eserlere mahsus häsiýet duş gelýär. Ol hem ilki bilen daşky gurşawyň, tebigatyň otdan, howadan, suwdan we toprakdan durýanlygy, onuň ynsan bedenine täsiri, häsiýetleriň, mizajlaryň (temperamentleriň) bölünişi, olaryň ynsan organizminde haýsydyr biriniň agdyklyk etmegi netijesinde, oňa mahsus mizajyň ýüze çykýanlygy bellenilýär. Her bir mizajyň döreýşi, ýüze çykyşy, olaryň haýsy keselleri özüne çekmäge, haýsylaryny bolsa yzyna serpikdirmäge ukyplydyklary, şeýle hem beden agzalary, ruhlar, tebigat, hereketler dogrusynda düşünje berilýär.

«Pygamber tebipçiligi» kitabynyň girişinde Ymam Zehebi «...Özümizde bar bolan saglygy goramagyň, ýitirilenini gaýdyp getirmegiň zerurlygy üçin, men Pygamberimiziň tebipçilige degişli hadyslaryny, parasatly sözlerini bir ýere jemlemek isledim...» diýip ýazýar.

Muhammet Gaýmaz Türkmen bu kitabyny üç ugurda tertipläpdir:

1. Lukmançylygyň kadalary, onuň ylmy-nazary we amaly-tejribe taraplary hakynda.

2. Dermanlar we iýmitler hakynda.

3. Dertleriň bejerilişi hakynda.

Bu ugurlar hem öz arasynda birnäçe bölümlere bölünip, olaryň her biri hakynda giňişleýin durlup geçilipdir.

Kitabyň iki pasyldan ybarat bolan birinji ugry: ylmy bölegiň kadalary dogrusynda bolup, ol dörde bölünýär:

- Tebigy ýagdaýlar hakyndaky ylym.
- Ynsan süňňüniň ahwaly hakyndaky ylym.
- Sebäpler dogrusyndaky ylym.
- Keselleriň alamatlary hakyndaky ylym.

Birinji ylmy ugra degişli tebigy ýagdaýlar ýedi sany bolup, olara: sütünler (ot, howa, suw we toprak), mizajlar (kadaly we çylşyrymly), hyltlar (gan, balgam ýa-da nem, öt haltadan çykýan öt, goýy garamtyl öt ýa-da melanholiýa), bedeniň asyl agzalary, ruhlar, güýçler (tebigy güýçler, organik güýçler, ruhy-psihiki güýçler) hem-de dartyş ýa-da dep ediş güýji degişlidir.

Kitabyň birinji bölümi 15 bölekden ybarat bolup, olarda ynsan süňňüniň ahwaly, sebäpler we alamatlar hakynda garaýyşlar, amaly bölümiň kadalary, iýip-içmegiň edebi, beden hereketiniň we asudalygynyň ýagdaýy, ýeňlemek, hammam hakynda, jynsy gatnaşyk, gan aldyrmak, pasyllara görä edilmeli işler, ruhy ýagdaýlar hakynda, endige gözegçilik etmek, dertleri bejermek hem-de Bukrat hekimiň wesýetleri örän düşnükli beýan edilipdir.

*Ynsan süňňüniň ahwaly*. Ynsan süňňüniň üç hili ýagdaýy: saglyk, syrkawlyk we ganymatlyk (ne sagat, ne syrkaw haly) ýa-da dertden gutulyp barýanyň hem-de garrylaryň ahwaly bardyr. Saglyk ynsan süňňüniň bir ahwaly bolup, ähli işler şonuň netijesinde düzüwdir.

Muhammet pygamberiň hadysynda: «Köp adamlar iki sany uly nygmata biparh garaýar. Olar jan saglygy we erkinlikdir» diýlipdir.

Termeziniň Muhammet pygamberden rowaýat etmegine görä «kimiň süňňi sagat bolsa, öz ilinde howpsuz ýaşap, gündelik azyk-owkaty tapdyryp dursa, onuň üçin dünýä mülki ele gelen ýalydyr» diýilýär. Halk arasynda «Saglyk–sag adamlaryň başyndaky altyn täçdir, ýöne ony syrkawlardan başga hiç kim görmeýär» diýlip aýdylypdyr.

Syrkawlyk bolsa saglygyň ters tarapydyr. Her bir keseliň ýüze çykyşy, artyşy, soňra pese gaçyşy we gutaryşy bardyr.

Bu bölekde saglyk we syrkawlyk baradaky beýan edilen düşünjeleriň, öz döwrüniň ylmy garaýyşlaryna dogry gelýändigini bellemelidiris hem-de olaryň mazmun taýdan şu günlerde hem wajypdygyny unutmak bolmaz.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary» eserinde «Ilatyň arasynda keselçiligiň öňüni almak üçin adamlaryň sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermegi, ýagny kadaly iýmitlenmegi, zyýanly endiklerden daş durmagy, zähmet bilen dynç alşy sazlaşykly alyp barmagy, ruhy taýdan sagdynlygy, arassa howada işjeň hereket etmegi we sportuň görnüşleri bilen meşgullanmagy zerur hasaplanýar» diýip bellemek bilen, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň, saglygy goramagyň we keselleriň öňüni almagyň esasy çeşmesidigine ünsi çekilýär.

Amaly bölümiň kadalary beýan edilende, esasy üns saglygy goramagyň ýollaryna gönükdirilip, sagdyn durmuş ýörelgelerini ter-

biýelemek şol döwrüň ylmy derejesinde beýan edilýär we olar häzirki zaman lukmançylyk ylmynyň bu ugurda gazananlaryna dogry gelýär. Olar şulardan:

– dogry iýmitlenmegiň kadalary, naharlanmagyň tertibi, edebi, berhiz, iýmit önümleriniň peýdaly we zyýanly taraplary, suw içmegiň düzgünleri, nahar iýilýän gap-gaçlara bildirilýän gigiýeniki talaplar;

– beden hereketiniň kadalary, bedenden zyýanly maddalary bölüp çykarmakda böwrekleriň, öýkenleriň sazlaşykly işlemegi, ynsanyň gujurly we kuwwatly bolmagy, at münmegiň we syýahat etmegiň peýdasy;

– beden asudalygy – ukynyň peýdasy we ony dogry almagyň tertibi hem-de aýratynlygy;

– ýeňlemegiň (gusmak, gaýtarmak, içiňi boşatmak, aç gezmek, hammama gitmek we başgalar) düzgünleri;

– gan aldyrmagyň peýdasy we zyýany, pasyllar boýunça oňa görkezmeler we garşylyklar;

– ýylyň pasyllaryna görä saglygy goramagyň aýratynlyklary;

– ynsanyň ruhy ýagdaýlary, ýaramaz täsirleri aradan aýyrmagyň we ruhubelentlige ýetmegiň ýollary ýaly ugurlardan ybaratdyr.

*Sebäpler hakda garaýyşlar.* Ymam Zehebi kitabyň bu böleginde ynsan saglygyna täsir edýän alty sany esasy sebäbi beýan edipdir.

Howa näçe arassa bolsa, saglygyň has berk goragçysydyr. Her paslyň öz howasyna laýyk gelýän keseller (tomsuna merginiň möwjemegi, sowuk täsirli dertler ýa-da sowuklama) barada aýdylýar. Sowuk howanyň bedeni berkidýänligi, iýmit siňdirişi gowulandyrýanlygy, yssy howanyň bolsa, munuň tersine, ýokanç keselleriň döremegine sebäp bolýanlygy bellenilýär.

Iýilýän we içilýän zatlaryň saglyga täsir edýänligi beýan edilýär.

Beden hereketi we asudalygy barada aýdylanda bolsa, hereketiň bedeni gyzdyrýanlygy, iýmiti siňdirmäge ýardam edýänligi bellenilýär.

Ruhy hereketler we ruhy asudalyk ynsanda bolup geçýän ruhy ahwalatlar (tukatlyk we şadyýanlyk, gaýgy-alada, çekinjeňlik) ruhy hereketiň netijesinde ýüze çykýanlygy görkezilýär.

Uky we oýalyk hem saglyga täsir edýär. Ynsanyň uka bolan mätäçligi onuň iýmite bolan mätäçligi ýalydyr. Uky ýadaw nerwleriň, beýniniň dynç almagyna, bedenden ýadawlygy, beýniden we nerwlerden dartgynlygy aýyrmaga ýardam edýär. Uky näçe çuň boldugyça, beden şonça-da oňat dynç alýar diýlipdir.

Ýeňlemek (gusmak, gaýtarmak, içiňi boşatmak, derlemek we buşugmak, berhiz tutmak, hammama barmak, jynsy gatnaşyk) hem saglyga täsir edýär. Bularyň ählisi kadaly bolanda, saglygy goramak üçin örän peýdalydyr.

*Alamatlar hakynda garaýyş.* Saçyň we bedeniň garalygy, şol ynsanyň süňňünde gyzgynlygyň, tersine bolsa, sowuklygyň agdyklygyny delillendirýär. Bedeniň semizligi, göwresiniň gödeňsiligi, etli-ganlylygy, şol adamda gyzgynlygyň we çyglylygyň köplügini bildirýär. Ukuçyllyk hem süňňüňde çyglylygyň ýokarylygy, bedeniň düzüminde suwuň köp bolmagy netijesinde ýüze çykýar. Eger-de bedende guraklyk agdyklyk etse, ol adamyň ukusy ýeňildir. Eger ikisi deň bolsa, uky kadalydyr. Beden agzalary hem şonuň ýaly görnüşde bolup, göwresiniň dolmuşlygy gyzgynlygyň, tersine bolsa, sowuklygyň köpdügini alamatlandyrýar. Düýşüňde, köplenç, gyzyl, sary reňkleri, ot uçgunlaryny görmek, onuň durkunda gyzgynlygyň köplügini bildirýär, tersine bolsa, onuň süňňi sowukdyr. Pulsuň tirpildeýşi çalt bolsa ol gyzgyn, haýal bolsa sowuk temperamentli adam diýlip hasaplanylypdyr.

Amaly bölümiň kadalary, esasan, iki topara bölünip, ol saglygy goramakdan we dertleri bejermekden ybaratdyr.

Saglygy goramak barada aýdylanda, Ymam Zehebi, ilki bilen, dogry iýmitlenmegiň kadalaryny: iýmiti diňe ajygan wagtyň iýmelidigini, dok wagtyň doly iýip-içmegiň birnäçe keselleriň döremegine getirýändigini, gyzgyn nahary sowuk zatlar bilen, süýji tagamlary turşy zatlar bilen naharlanmagyň saglyk üçin peýdalydygyny, kadaly iýlen süýji tagamlaryň saglyk üçin has ähmiýetlidigini, turşy zatlary köp iýmegiň süňňüň tiz garramagyna getirýänligini, duzly zatlaryň bedeni guradýanlygyny, üznüksiz berhiz tutmagyň süňňüňi sökýänligini we mejalsyz edýänligini beýan edipdir.

Nahar iýlende iýmitiň öte köp iýilmegine ýol bermezlik üçin, aşgazany üçe bölmegi (iýmit, suw we dem almak üçin) Muhammet Gaýmaz Türkmen maslahat beripdir. Şeýle-de ol aşa gyzgyn nahar-

lary we çüýrän miweleri, süýt bilen balygy, ir-iýmiş bilen süýdi, sirke bilen süýdi we süýt önümlerini, sarymsak bilen sogany, kakadylan ýa-da duzlanan et bilen ter zatlary, üzüm bilen sowuk zatlary, nar bilen herisäni (gowrulan et we bugdaýdan bişirilýän tagam), çörege siňip galan ýag we gowrulan et böleklerini iýmegi Muhammet pygamberiň gadagan edenligini ýatladypdyr.

Muwaffak Abdyllatyfyň aýtmagyna görä, hindileriň däp-dessury boýunça nahar edinmek üçin gowy ýuwnup, arassa eşikleri geýip, ýakymly atyr sepinilipdir, az salym hereket etmekden saklanylypdyr, dillerine paýyş sözleri almazlygy niýet edinip, soňra nahara başlapdyrlar.

Ymam Zehebiniň maslahatyna görä naharyň gyzgynyny sowuk zatlar bilen, süýjüsini turşusy bilen, ýaglysyny bolsa duzlusy bilen garyşdyryp naharlanmak saglyk üçin peýdalydyr. Dürli-dümen iýmitleri köp peýdalanmak gylyk-häsiýetiň, durkuň üýtgemegine täsir edýär diýip ol belläpdir.

Pygamberden eşidilip gürrüň berilmegine görä, «Ähli derdiň gözbaşy aşgazanyň iýmiti siňdirmezliginden, işleýşiniň bozulmagyndandyr» diýlip hasaplanylypdyr.

Ymam Zehebi «Tagam bilen doldurylan aşgazana paýhas girmez. Az iýip, az içen adamyň ukusy ýeňil bolar. Ukusy ýeňil bolanyň ömri bereketli bolar. Kim garnyny doldursa köp içer, köp suw içmek ukyny agyrlaşdyrar, ukusy agyr bolanyň ömür bereketi ýiter. Artykmaç tagam iýmekden saklanyň, ol ýüregi gatylyk bilen zäherlär, beden agzalaryny tagat etmekde haýalladar. Aşa gyzgyn iýmekden hem saklanyň. Pygamberimiz gyzgyn nahary iýmegi, şeýle hem islendik nahary ýaplanyp iýmegi gadagan etdi» diýip, öz kitabynda aýdypdyr.

Arassaçylyk barada aýdylanlara Muhammet pygamberiň «Gap-çanaklaryňyzyň we içilýän suwlaryňyzyň üstüni örtüň ... açyk goýlan gaplaryň ählisine ... kesel düşýändir» diýen sözleri degişlidir. Bu ýerde onuň gadagan eden, şol döwrüň lukmanlarynyň tejribe esasynda «dogry» diýip tassyklan: «Kim kyrk günläp sogan iýse we ýüzi sepgilli, menekli bolsa; kim iýmitini azaldyp, üstüne-de duzly zatlary iýse we gotur, gijilewük, demrew ýaly dertlere ulaşsa; kim balyk bilen ýumurtgany bile iýip, ysmaz ýa-da şel bolsa; kim garnyny dolduryp

hammama girse, soňra-da ysmaz bolsa, özünden başga kişä käýinmesin» diýen setirlerini getirmek bilen, dogry iýmitlenmek barada maslahatlary beýan edilipdir.

Eserde Bukrat hekimiň «Zyýan berip biljek zatlary az iýeniň, peýdaly zatlary aşa köp iýeniňden haýyrlydyr» hem-de «Az içmeklik we garnyňy tagamdan doldurmazlyk bilen sagdynlygyňy berkidip bolar» diýen setirlerinde saglygy goramakda az iýmegiň peýdasy beýan edilipdir.

Muhammet Gaýmaz Türkmen şu bölümde özüniň Bukrat hekimiň tebipçilik ylmyna degişli uly göwrümli «Pasyllar hakynda kitap», «Ylym-bilime giriş», «Bukratyň mazary» kitaplary bilen tanyşdygyny beýan edipdir.

Tebipçiligiň amaly barada arap tebibi Harys ibn Keldäniň «Derman näme?» diýen soragyna onuň «Az iýmeklik» diýip beren jogaby hem-de «Onda dert nämekä?» diýen soragyna «Aş üstüne aş iýmeklik» diýen jogaby getirilipdir. Meşhur lukman Abu aly ibn Sinanyň «Öňki iýeniň siňmänkä, ýene nahar iýmekden saklan» diýen maslahatynyň mamladygyny Muhammet Gaýmaz Türkmen tassyklapdyr.

«Agşamlyk naharyndan soňra gezmelemek örän peýdaly. Ýassy namazy hem iýmitiň gowy siňmegine ýardam edýär, nahardan çekilen badyňyza agyr işleri, aşa köp hereketleri etmäň, ol saglyga zyýanly bolar. Agşamlyk edinmezden düşege girmäň, tapdan düşüp, tiz garrarsyňyz» ýaly setirlerde saglygy goramak barada peýdaly maslahat berlipdir.

Bu ýerde Muhammet pygamberiň «Nahardan öň eliňi ýuwmak garyplygy, nahardan soň eliňi ýuwmak gaýgy-gamy dep eder» diýen sözleri iýmitlenmekde arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmegiň halka has düşnükli beýan ediliş usulyny görmek bolýar we onuň ussatlygyna şaýatlyk edýär.

*Iýip-içmegiň edebi.* Bu bölümçede, esasan, nahar iýilýän wagtynda suw içmegiň düzgünleri (çig suwy içmezlik, gyzgyn naharyň, ir-iýmişleriň, süýji tagamlaryň üstüne suw içmezlik, gapdaky suwy bir demde içmezlik, suwy üç gezek owurtlap içmegiň peýdasy, suwy aýna gaplarda içmegiň, dik durup we boýnuňy egreldip içmegiň gadagandygy) barada aýdylýar.

*Beden hereketiniň we asudalygynyň ýagdaýy.* Bedeniň saglygyny goramagyň möhüm esaslarynyň biri hem kadaly hereketdir. Muhammet Gaýmaz Türkmen beden hereketiniň adamyň saglygy üçin peýdaly (artykmaç ýaglary eredýänligi, süýji keseli, bogun agyry dertleriniň öňüni alýanlygy, zyýanly maddalaryň bölünip çykarylmagynda böwrekleriň, öýkenleriň saz işlemegine ýardam edýänligi, bedeni gyzdyryp, süňňi ýeňil we gujurly edýänligi) taraplaryny açyp görkezýär. Şeýle-de at münmegiň, syýahat etmegiň, oraza tutmagyň bedene oňaýly täsir edýänligi barada ýazypdyr.

Kadaly beden hereketiniň adamyň süňňünden zyýanly maddalary bölüp çykarýanlygyny, bedeni gyzdyrýandygyny, şolaryň netijesinde hem ynsan süňňüniň ýeňil we gujurly bolýandygyny belläpdir.

Ukynyň beden asudalygyny üpjün edýändigi, ony dogry almagyň düzgünleri we kadalary beýan edilýär. Iýlen zatlar siňeninden soňra alnan uky olaryň iň oňadydyr. Gündizine uklamaga endik etmek reňňi-roýuňy zaýalaýar, birnäçe dertleriň döremegine sebäp bolýar, süňňüňde ýaltalygy döredýär. Resulalla «Günüň has gyzgyn wagtlary ýatsaň bolýar, has dogrusy, şol wagt ýatmak gowudyr», «Daň ukusy rysgalyňy kesýär» diýipdir.

«Ýarpy göwresini güneşde, beýleki ýarpysyny kölegede goýup ýatmagy Pygamberimiz gadagan etdi», «Ikindinden soňra ýatmak akyla zyýanlydyr. Ertir namazdan soň tä gün dogýança, şeýle-de ýassy namazynyň öňüsyrasy we onuň yzysüre, şeýle-de ýüzinligine ýatmak halanmaýar. Ýatmazdan ozal ýuwnup-ardynyp, täretli ýatmak örän oňat görülýär» diýip, Ymam Zehebi ýazýar.

Beden saglygyny goramak, çeýeleşdirmek üçin kadaly hereketlenmegiň ähmiýeti uludyr. Beden hereketiniň aram derejesinde artykmaç ýaglar ereýär, siňýär we gan basyşynyň ýokarlanmasynyň, süýji keseliniň, bogun agyryly dertleriň döremeginiň öňüni alýar.

Kadaly derejedäki beden hereketi zyýanly önümleriň bölünip çykmagyna täsir edip, böwrekleriň saz işlemegi üçin möhümdir. Hereketden beden gyzýar, der, dem, peşew üsti bilen çykýan maddalar netijesinde ynsan süňňi ýeňleýär, güýçlenýär, şähdaçyk, ruhubelent bolýar.

Beden hereketiniň derejesi iýmit derejesi bilen utgaşykly guralyp, hereket artdygyça, iýmitiň mukdary köpelmelidir. Aşa here-

ketlenmedäki ýitirilýän suwlar, duzlar we maddalar iýmit bilen kabul edilmelidir.

Bedeniň haýsy agzasy köp hereket edýän bolsa, şol hem güýçli we berdaşly bolýar, bedeniň umumy hereketi adamyň akyl-paýhasyna, daşky we içki dünýägaraýşyna, ruhuna päklendiriji täsir edip, ähli işlere ukyplandyryjy bolýar.

Agşamlyk nahardan soň gezmelemek aşgazanyň boşamagyna, ukynyň rahat bolmagyna oňaýly täsir edýär. Nahar iýip otyrkaň, iýip bolan dessiňe çig suw içmek bolmaýar. Içiläýende-de owurtlap, az içmeli, üç owurt ýeterlikdir, her owurt arasynda dem almalydyr.

Saglygy goramakda we dertleri bejermekde dermanlyk ösümlikleriň peýdasy hakynda Muhammet Gaýmaz Türkmeniň «Pygamber tebipçiligi» eserinde jikme-jik maglumatlar berilýär.

Bu eserde ynsanlaryň ruhy sagdynlygyna uly üns berlipdir we bu ugurdan juda gymmatly, peýdaly maslahatlar, sargytlar berilýär. Şeýle-de bu eserinde ol Pygamberimiziň namaz okamagy wesýet edenligini, onuň ybadatlygy taýdan ylahy buýrukdygyny we şahsy terbiýe, beden terbiýe üçin wajypdygyny belläpdir.

Dünýä ylmyna ümmülmez goşant goşan türkmen alymy Muhammet Gaýmaz Türkmeniň eserini öwrenmek biziň borjumyzdyr. Onuň eserinde biziň şu günlerimiz we ertirimiz üçin bähbitli, ähmiýetli ýazgylar bolup, olar Gündogar we yslam ýurtlarynda asyrlaryň dowamynda giňden peýdalanylyp gelinýär we häzirki döwürde hem wajyplygyna galýar.

Ýeňlemek – saglyga täsir edýän hadysa bolup, oňa gusmak, gaýtarmak, içiňi boşatmak, buşugmak, derlemek we başgalar degişlidir. Bulardan başga-da sagdyn wagtyň adat bolan ýeňlemäge hammama girmek, aç gezmek ýaly zatlar hem degişli bolup, bular barada Bukrat hekimiň «Pasyllar» atly kitabyna salgylanyp, birnäçe mysallar getirilýär. Süýtleňňijiň, iç geçiriji hem-de iç gatadyjy dermanlaryň we därileriň ulanylmagy barada aýdylýar.

Gan aldyrmak – saglygy goraýan serişdelere degişli bolup, onuň peýdasy hakynda aýdylan sözleriň örän köpdügi bellenilýär. Peýdaly taraplaryna: ýatkeşligiň berkemegi, akyl-huşuň artmagy, ýüzüň reňňi-roýunyň gowulanmagy, endamdan goturyň we gijilewügiň aýrylmagy hem-de dişagyrynyň, babasiliň, çakyzanyň bejerilmegine ýardam

edýänligi ýazylypdyr. Kitapda gan aldyrmak üçin şowly günler, gan aldyrmak bolmaýan pasyllar we günler, keseller görkezilipdir.

Pasyllara görä edilmeli işlerde, esasan, saglyga degişli berjaý edilmeli işler beýan edilip, olaryň haýsy pasyllarda has oňat peýda berýändigi barada ýazylypdyr. Ýaz paslynda – gan aldyrmak, ýeňlemek, atyrlar sepinmek; tomus paslynda – sowuk iýmitleri iýmek, suwa köpräk düşünmek, gan aldyrmakdan gaça durmak; güýzde – hammama köpräk gitmek, sowuk tagamlar bilen ertirlik hem-de gyzgyn tagamlar bilen günortanlyk edinmeden häzir bolmak; gyşda bolsa – galyň eşikleri geýinmek, ýokumly we goýy iýmitler bilen naharlanmak saglyk üçin peýdaly hasaplanylypdyr.

Ymam Zehebi ruhy ýagdaýlar hakynda (gahar-gazap, gaýgy-gam, şowhun-şatlyk, utanç-haýa, çekinjeňlik) beýan edeninde, olaryň täsiri netijesinde adamyň bedeniniň üýtgäp durýandygyny belläpdir. Saglyk üçin zyýanly ýagdaýlary, ýagny gahar-gazaby, gaýgy-gamy we aladany aýratyn belleýär. Oňaýly täsiri bolan şadyýanlygy, mähribanlygy nygtamak bilen bir hatarda, aşa şadyýanlygyň we keýpihoşlugyň ynsany ruhy sarsgyna salyp, onuň ýogalmagyna sebäp bolýanlygyna ünsi çekipdir.

«Adamyň bedeni ruhy ahwalatlaryň täsiri netijesinde üýtgäp bilýär. Gahar-gazap bedeni gyzdyrýar we ony guradýar. Iň güýçli adam – gaharlanan wagty gaharyny saklap bilýän adamdyr. Gaharyň gelen wagty suwa ýuwunylsa, gahar ýatyşýar. Ruhy ahwalatlaryň ýene biri şadyýanlykdyr. Şadyýanlyk sebäpli ynsan ruhy güýçli we gyzgyn bolýar. Aşa begenmegem adam üçin howpludyr» diýip, Muhammet Gaýmaz Türkmen ýazypdyr.

Endige gözegçilik etmek böleginde Muhammet Gaýmaz Türkmen berhiziň we agyz beklemegiň saglyga oňaýly täsirini beýan edipdir.

Dertleri bejermek böleginde dürli ýaşdaky adamlarda keselleri bejermekde dermanlary ulanmagyň düzgünini beripdir. Damardan gan aldyrmagyň peýdasy we zyýany, oňa bolan görkezmeler aýdylypdyr.

Bukrat hekimiň wesýetleri böleginde näsag adamlara derman içirmek, näsagyň näme sebäpli kesellänligini gizlin saklamak, zenanlara çaga düşürýän dermanlary gadagan etmek, garyp-pukaralary,

misgin-gedaý adamlary bejermäge höwesek bolmak, süýji dilli we mylaýym sözli bolmak barada «lukmançylygyň atasynyň» wesýetleri beýan edilýär.

«Pygamber tebipçiliginiň» derman we iýmitler hakyndaky ikinji bölüminde hili boýunça dermanlar iki topara (ýönekeý we çylşyrymly) bölünipdir. Olaryň häsiýeti synag-tejribeler üsti bilen kesgitlenipdir. Bedene ýiti täsir edýän derman birinji derejeli, eger täsir edip, zyýan etmese, ikinji derejeli, zyýanly bolup ölüm halyna getirmese, üçünji derejeli, eger ölüm halyna getirse bolsa, dördünji derejeli derman hasap edilipdir.

Dermanyň ysy ýiti bolsa, ol onuň gyzgyn dermanlara, yssyz bolsa sowuk dermanlara, ysy aralyk bolsa orta hilli dermanlara degişlidigi görkezilipdir. Kitapda dermanlaryň we iýmitleriň atlary elipbiý tertibinde getirilipdir.

Kitapda jemi 215 sany derman we iýmitler barada maglumatlar getirilip, olardan 84 sany dermanlyk ösümlikler, 72 – ösümliklerden bolan iýmitler, 36 – haýwanlardan öndürilýän iýmitler we 23 sany beýlekiler (ot, duz, ýüpek, çäge, gar we buz, kenep, kepek, gymmatbaha daşlar: hakyk, ýantar, merjen, ýakut, toprak, palçyk, altyn-kümüş, müşk, atyrlar we başgalar) barada örän gyzykly maglumatlar berilýär.

Olarda Muhammet pygamberiň ulanan we salgy beren dermanlary, belli alymlaryň we ussat tebipleriň aýdanlary beýan edilýär. Bu bolsa öz gezeginde ulanylmaly dermanlaryň syrkawyň bedenine edýän täsirleriniň ähmiýetli boljakdygyny kepillendiripdir. Bu ýerde gadymy grek lukmany Gippokratyň «Süňňi sagdyn adama derman serişdelerini ulanmak zeleldir. Dermana mätäçlik ýüze çykanda, ony talabalaýyk ulanmaly» diýen sözlerini Muhammet Gaýmaz Türkmen hem unutmandyr. Ol derman bilen bejergide näsagyň ýaşyna, gylyk-häsiýetine üns bermegiň wajypdygyny nygtapdyr.

Kitapda dermanlaryň düzüminiň esasy, olaryň ýasalyşynyň kadalary, dermanlary ulanmagyň düzgünleri, dertleriň bejerilişi ýaly bölümler ýerleşdirilipdir. Olaryň ählisi hem, ynandyryjy deliller, göwnejaý sözler, hadyslar, aýatlar, durmuşda bolýan wakalar bilen berkidilipdir. Iýip-içmekde, dürli ýaglary ulanmakda, jynsy gatnaşykda

döräp bilýän keseller, ýüze çykan keselleriň bejerilişi hakynda hem giňden gürrüň berilýär. Soňra dermanlar hakynda aýdylyp, olaryň atlary arap elipbiýi tertibinde ýerleşdirilipdir.

Bu kitap Günbatar lukmançylygynda uly ähmiýete eýe bolupdyr. «Eger-de Allatagala ýa-da onuň resuly Muhammet pygamber şeýle diýýän bolsa, diýmek, onuň aňyrsynda nähilidir bir hakykylyk bolaýmalydyr» diýip, günbatar alymlary, onuň ylmydygyny derňemek üçin birnäçe ýyllap basa oturyp işläpdirler. Diňe ýekeje bir dermanyň bedene edýän täsirini anyklamak üçin ýüzlerçe tejribe geçiripdirler, şol tejribeleriň dowamynda bolsa ol ugra degişli täze dermanlaryň üsti açylypdyr. Kitaby okap başlanyňdan, saglyk üçin alada etmegiň şeýle bir kyn iş däldigine göz ýetirip bolýar.

Ymam Zehebi özüniň bu kitabynda: «Bu dermanlaryň ählisi durmuşda tejribe edilip, synalyp görlendir. Olaryň ählisi Allanyň islegi bilen dogry netije berdi» diýip ýazypdyr.

Kitabyň «Dertleriň bejerilişi» atly üçünji bölüminde tebipçiligiň esasy maksadynyň – bar bolan saglygy gorap, ýitirilenini gaýtaryp bermekdigi barada aýdylýar we pygamberimiziň näsagy bejermegiň hökmanydygy baradaky aýdanlary nygtalýar. Bu bölümde Jabyryň, Abu Hüreýräniň, Usame ibn Şerigiň, Ibn Hüzeýmäniň pygamberimiziň sözlerine getirilen, näsagy bejermek baradaky rowaýatlaryň birnäçesi berilýär.

Abu Hüreýräniň, Hylal ibn Ýassafyň, Zeýt ibn Eslemiň getirýän hadyslarynda pygamberimiziň keselçilik ýüze çykanda tebip çagyryp bejerdenligi hakynda aýdylýar. Bu hadyslaryň ählisiniň Abu Nagymyň «Pygamber tebipçiligi» atly kitabynda beýan edenligini Ymam Zehebi belläpdir.

Bu bölümde «Berhiz», «Tebipçiligi öwretmek», «Tebipçilige gelişmeýän zatlardan gaça durmak», «Tebibiň hak almagy», «El bilen syrkawyň ýagdaýyny bilmek», «Aýalyň erkegi, erkegiň aýaly bejermeginiň dürslügi», «Iýgi-içginiň syrkawa mejbur edilmezligi», «Syrkawyň işdäsi we onuň iýesi gelen zadyny bermek», «Keseli güýjedýän zatlardan saklanmak», «Soramaga gelýänleriň syrkawa tagam bermegi», «Syrkawyň endamyny ýuwmak», «Syrkawyň sagdyn adamyň ýanyna barmazlygy» ýaly temalar beýan edilýär we olaryň adyndan görnüşi ýaly syrkawa ideg edilmegi, bejerilmegi hem-de

keselleriň öňüni almakda türkmeniň milli däp-dessurlarynyň lukmançylyk ylmy taýdan öwrenilmegine bagyşlanylypdyr.

Şeýle hem bu bölümde tebipçiligi öwretmek we onuň ahlak meseleleri, syrkaw bilen bagly durmuşda ýygy duş gelýän ýagdaýlar, syrkawa ideg etmek, keseliň ýaýramagynyň öňüni almak, keselleriň bejerilişi, şeýle-de heýwere, gyzzyrma, it dalamasy, gyrgyn, mergi, mama, gyzamyk we garamyk ýaly keselleriň esasy alamatlary takyk beýan edilip, gaýl süýdüniň (zenan göwrelikä emdirýän süýdi) çaga ýetirýän zyýany barada aýdylýar.

Muhammet Gaýmaz Türkmen «Pygamber dermanlary hakda» bölümünde namaz okamagyň adamyň saglygyna peýdaly täsiri barada ylmy taýdan ynandyryjy maglumatlary beýan edipdir. Awtor tarapyndan, ruhy güýji artdyrmak üçin namaz okamagyň gorky, howp, umyt, haýa, söýgi, ahyretiňi ýatlamak ýaly güýjüňi artdyryjy we gursagyňy giňeldiji peýdalar, dertlerden saplaýjy täsirler ýatlanylýar.

Ol namazda özüňi hem-de bedeniňi türgenleşdirmek we süňňüňi berkitmek üçin hereketlerde (sežde, kaýyllyk, jemgyýet, yhlas, ybadat, diýenedijilik, beden bogunlaryny herekete getirýän, bedeniň agzalarynyň işleýşini sazlaýjy) oňaýly täsirleriň bardygyny belläpdir.

Eseriň «Anatomiýa» böleginde yslam dini we ylmy taýdan ynsanyň ýaradylyş hadysasynyň beýan edilişi, häzirki zaman embriologiýa ylmy nukdaýnazaryna gabat gelýär, bu bolsa alymyň öňdengörüjiligine şaýatlyk edýär. Bu bölümde bedeniň agzalarynyň anatomik gurluşy örän gyzykly beýan edilipdir.

Kitabyň ahyrynda ruhy keselleriň, waswasylygyň, göz-diliň, doga-jadynyň bejerilişi, düýşünde gorkup turýanlaryň, garabasmadan ýa-da ukusyzlykdan ejir çekýänleriň bejerilişi, ýagşy perzent edinmek üçin ýerine ýetirmeli çäreler, ýagny ynsan ömründe duşup biläýjek dertler hakynda aýdylyp geçilýär.

Ymam Zehebi öz kitabynda durmuşda bolup biläýjek dertleriň ýüze çykyşyny, ilkinji alamatlaryny, sebäplerini we dermanlaryny beýan edipdir, özünden öňki dünýä belli tebipleriň aýdan sözlerini we emlerini kitabynda ýerleşdiripdir, öz garaýşy, düşünjesi bilen olary ösdüripdir hem-de baýlaşdyrypdyr.

Bu kitabyň ýene bir artykmaçlygy, ilki bilen, ynsan saglygyny nädip goramalydygy hakynda, eger bu ýagdaýdan gijä galyp, eýýäm adam syrkawlan bolsa, ony nädip bejermelidigi ýa-da esli wagtdan bäri dowam edip gelýän dertden nähili üstün çykmalydygy hakynda, onda-da şolary daş-töweregimizi gurşap alan tebigatyň we bu tebigatda bize elýeterli bolan zatlaryň kömegi bilen bejerip bolýanlygy hakynda gürrüň berilýänligidir.

Ymam Zehebiniň bu eseri arap dilinde ýazylypdyr. Kitabyň golýazma nusgasy Müsüriň döwlet kitaphanasyndaky golýazmalaryň lukmançylyga degişli bölüminde 65-nji belgi bilen saklanylýar.

Biziň günlerimizde türkmen lukmanlarynyň kasamynda meşhur alym Muhammet Gaýmaz Türkmeniň adynyň agzalmagy hem onuň lukmançylyk ylmyna uly goşant goşup, çäksiz hormata we sylaga mynasyp bolandygynyň aýdyň şaýatnamasydyr.

Muhammet Gaýmaz Türkmeniň şeýle ajaýyp kitabynyň hormatly Prezidentimiziň özüniň ýolbaşçylygynda türkmen dilinde neşir edilip 2005-nji ýylda halk köpçüligine ýetirilmegi ýene bir ajaýyplyklaryň biridir.

Bu gün biz ajaýyp alym Muhammet Gaýmaz Türkmeniň XIII asyra degişli «Pygamber tebipçiligi» eseriniň üsti bilen orta asyrlarda Türkmeniň ösen lukmançylyk ylmynyň bolandygyny uly buýsanç bilen aýdyp bileris. Eseriň dürli bölümlerinde getirilen ylmy maglumatlary täzeden derňemek we çuňňur öwrenmek bolsa geljegiň meselesidir.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Karary esasynda 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 25–27-si aralygynda Muhammet Gaýmaz Türkmeniň ylmy mirasyna bagyşlanan Halkara ylmy-amaly maslahatynyň biziň ýurdumyzda geçirilmeginiň uly simwoliki ähmiýeti bolup, dünýä belli türkmen alymynyň lukmançylykda, taryhda we yslam ylmy taglymatyny dünýä ýaýmakda bitiren hyzmatlaryna hem-de hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda ýaýbaňlanan milli mirasymyzy öwrenmäge berilýän uly ünse, halkara ylmy jemgyýetçiliginiň ýokary baha berýänligine güwä geçýär.

# 7-nji bap

# TÄZEDEN DÖREÝIŞ DÖWRÜNIŇ LUKMANÇYLYGY (XV–XVII ASYRLAR). ÝEWROPADA TÄZE TARYH DÖWRÜNIŇ LUKMANÇYLYGY (XVIII–XX ASYRLAR). RUSSIÝADA WE GÜNDOGAR ÝEWROPADA LUKMANÇYLYK YLYMLARYNYŇ BÖLÜNMEGI

*Täzeden döreýiş döwrüniň häsiýetli taraplary we lukmançylygyň ösüşiniň aýratynlyklary, lukmançylyk enjamlarynyň oýlanyp tapylmagy. Teofrast Paraselsiň, Frensis Bekonyň we Wan Gelmontyň lukmançylyk ylmyna goşandy. Rene Dekart, lukmançylykda ýatrohimiki we ýatrofiziki düşünjeleriň döreýşi we ösüşi. Günbatar Ýewropada lukmançylyk merkezleri: Salerna, Paduýa, Leýden uniwersitetleri; Andreý Wezaliý - görnükli anatom, onuň «Adam bedeniniň gurluşy hakynda» işi. J.Frakastoro - ýokanç keselleri öwreniji; U. Garweý we onuň «Haýwanlarda ýüregiň we ganyň hereketiniň anatomiki barlaglary» işi. Günbatar Ýewropada hirurgiýanyň ösüş aýratynlyklary, aseptika we antiseptika. Görnükli rus alymlary I.P. Pawlowyň, I.M. Seçenowyň, S.P. Botkiniň, S.F. Hotowiskiniň lukmançylyk ylmyna goşantlary. Ýewropada pediatriýanyň, Russiýada gigiýenanyň ösüşi we önümçilik zyýanlarynyň öwrenilişi hem-de eksperimental gigiýenanyň ösüşi. Diş bejermegiň ösüşi (A.I. Ýewdokimowa, D.A. Entin, I.G. Lukomskiý, A.E. Rauer, A.K.Limberg). Immunologiýanyň, wirusologiýanyň, mikrobiologiýanyň gazananlary (I.I. Meçnikow, L. Paster, R. Koh, E. Jenner). Üç sany anyk tebigy ylymlaryň açylyşy (M.W. Lomonosow, A.L. Lawuazýe, Ç. Darwin, German Burgaw). Rentgenologiýanyň we radiologiýanyň ösüşi ( K. Rentgen, Bekkerel, J. Kýuri we M.Skladowskaýa-Kýuri).*

## 7.1.Täzeden döreýiş döwrüniň häsiýetli taraplary we lukmançylygyň ösüşiniň aýratynlyklary, lukmançylyk enjamlarynyň oýlanyp tapylmagy

Orta asyrlar döwrüniň jemleýji tapgyry (XV–XVII asyrlar) – jemgyýetiň pese gaçan hem-de täze taryh döwrüniň önümçilik gatnaşyklarynyň emele gelýän döwrüne gabat gelipdir.

Öndüriji güýçleriň ösmegi bilen täze arzan çig mal bazarlarynyň gözlegi, kolonial basyp almaga gönükdirilen syýasatyň döremegine getiripdir. Mongol patyşalygynyň dargamagy hem-de Konstantinopolyň synmagy zerarly hereket eden kerwen ýollary boýunça gatnawlaryň

kesilmegi Ýewropadan uzak ýerleşýän ýurtlara täze söwda ýollarynyň agtarylmagyna, syýahatlaryň başlanmagyna hem-de uly geografik açyşlara getiripdir:

Hristofor Kolumbyň 1492-nji ýylda Amerikany, 1498-nji ýylda Amerigo Wespuççiniň Günorta Amerika kenaryny açmagy;

Wasko de Gamanyň 1497-nji ýylda Afrikanyň daşyndan aýlanyp, Hindistana barýan deňiz ýoluny açmagy;

Marko Polanyň Hytaýa we Hindi-Hytaýa syýahaty;

Fernan Magellanyň (1519–1521-nji ýyllarda) Ýuwaş ummanynyň üsti bilen, ýeriň daş-töweregine doly aýlanyp çykmagy.

Afanasiý Nikitiniň Hindistana syýahatyny amala aşyrmagy ýaly Ýewropa ýurtlarynyň ykdysady we medeni taýdan ösmegi bilen bir hatarda, bu geografik açyşlar lukmançylygyň soňraky ösmegine hem-de derman serişdeleriniň arsenalynyň baýlaşmagyna itergi beripdir.

Şol döwürde Ýewropa yklymyna Hytaýdan we Hindistandan opiý, kamfora, smolalar we beýleki derman serişdeleri, Günorta Amerikadan hynanyň gabygy, ipekakuana, kofe, bakaýta (gwaýak agajy), ýalapanyň köki, kakaonyň miweleri getirilipdir.

Ylmy edebiýaty göçürip almagyň ýerine, XV asyryň ortalaryndan başlap kitaplary çap etmek usulynyň girizilmegi, ylmy edebiýatyň ýaýradylmagyny çaltlandyrypdyr hem-de ylmy işleriň okyjylaryň giň köpçüligine elýeterli bolmagyna ýardam edipdir.

Geçiş döwrüniň öňdebaryjy alymlary resmi buthananyň garşysyna alnyp barylýan göreşde, ylaýta-da Gadymy Gresiýada, Gadymy antik dünýäsiniň medeni mirasyny peýdalanypdyrlar. Şu ýerden hem «Täzeden döreýiş» («Renessans») adalgasy peýda bolupdyr.

Günbatar Ýewropada, esasan hem, antik döwrüniň lukmançylygy öňe tutulypdyr, olar öňdebaryjy lukmançylyk nazary we amaly esaslaryny Gündogar halklarynyň bu ugurda gazanan amaly tejribesinden we ylmyndan öwrenipdirler.

XV asyrda Ýewropada 40-a golaý ownukly-irili uniwersitetler bolup, olaryň käbirlerinde lukmançylyk fakultetleri hereket edipdir.

Ylmy garaýyşlary boýunça öňdebaryjylaryň arasynda Paduýa (Demirgazyk Italiýada), Leýden (Gollandiýada) we Salerna uniwersitetleri has-da saýlanypdyrlar.

Fiziki abzallaryň oýlanyp tapylmagy bilen lukmançylyk ylmy we amaly aýratyn ösüşe eýe bolupdyr. Mikroskopyň oýlanyp tapylmagy bilen organizmiň göze görünmeýän iň owunjak böleklerini öwrenmek (Marçello Malpiginiň geçiren barlaglary) başardypdyr. Mehanik we astronom G. Galileý, lukman-fiziolog Santorio bilen hyzmatdaşlykda termoskopy (geljekki termometri), gigroskopy, pulsometri, ses eşidilişini güýçlendirýän enjamy we başgalary gurnapdyrlar. Gollandiýaly optik Anton Lewenguk XVII asyrda linzalaryň dürli gatnaşygynda düzülen öz guralynyň kömegi bilen süňkleriň, dokumalaryň gurluşyny, ganyň formula elementlerini we spermatozoidleri öwrenipdir.

Günbatar Ýewropada orta asyrlarda lukmançylygyň tejribe merkezleri Salerna, Paduan, Leýden uniwersitetlerinde döredilipdir. Ýokary okuw mekdebi Wizantiýada IX asyryň ortalarynda bolupdyr. Neapolyň golaýynda döredilen Salerna lukmançylyk mekdebi XI asyrda uniwersitete öwrülipdir. Salernadan soňra XII–XIII asyrlarda Boloniýa, Monpeliýe, Pariž, Paduýa, Oksford, soňra XIV asyrda bolsa Praga hem-de Wena uniwersitetleri döredilipdir. Ol uniwersitetleriň lukmançylyk fakultetlerinde okaýanlaryň sany onlarçadan geçmändir. Orta asyrlarda Ýewropadaky uniwersitetleriň okuw meýilnamalaryna hem-de düzgünnamalaryna katoliki buthana tarapyndan gözegçilik edilipdir. Uniwersitetleriň durmuş-ýaşaýyş düzgüni, kadalary buthanalaryň nusgalaryndan alnypdyr. Günbatar Ýewropanyň orta asyr uniwersitetleriniň arasynda Salerna, Leýden we Paduýa uniwersitetleri öňdebaryjy ösüşleri boýunça ähmiýetli orunlara eýe bolupdyrlar. Rime garaşly bolan Salerna özüniň şypaly klimaty bilen belli bolupdyr. Näsaglaryň köp gelmegi netijesinde lukmanlaryň tejribesiniň artmagyna we işine ussatlygynyň ösmegine ýardam edipdir. Salerna uniwersitetiniň mugallymlary dürli milletden bolup, grek, rim, soňra bolsa arap ylmy edebiýatyny öwrenipdirler we düşündiripdirler. Salerna uniwersitetiniň «Sanitar reglament» atly şahsy gigiýenanyň düzgünnamalarynyň ýygyndysy uly şöhrata eýe bolupdyr. Orta asyrlarda ol goşgy görnüşinde latyn dilinde düzülipdir.

Teofrast Parasels (1493–1541) Şweýsariýada doglupdyr, Feraredе (Demirgazyk Italiýa) lukmançylygyň doktory derejesini alypdyr

hem-de Bazel uniwersitetinde beýan sapaklaryny okapdyr. Paraselsiň hakyky ady Filipp Aureol Teofrast Bombast fon Gogengeýmdir (*44-nji surat*), onuň kakasy lukman bolupdyr. Ol Ýewropanyň birnäçe ýurtlaryna syýahat edipdir hem-de syýahatynyň ahyrynda Strasburg şäherinde galyp, lukmançylyk amaly bilen şowly meşgullanypdyr we gysga döwürde uly meşhurlyga eýe bolupdyr.



**44-nji surat.**
**Teofrast Parasels**
**(1493–1541)**

T.Parasels 1526-njy ýylda Bazel uniwersitetiniň lukmançylyk kafedrasyna ýolbaşçylyk edipdir, ýöne iki ýyldan soňra bu ýerden gaçmaga mejbur bolupdyr. Sebäbi ol ýatrofizikler ýaly lukmançylykda tejribe usulynyň goragynda bolup, galenizmiň garşysyna çykyş edipdir. Onuň lukmançylyk ylmyna bolan garaýyşlary, özüniň okaýan beýanlarynda yzygiderli tertipde getirilipdir. Ol «Lukmanyň nazaryýeti – tejribe» diýip hasaplapdyr, lukmançylyk bilimleriniň tejribe esasynda öwredilmeginiň tarapdary bolupdyr. Ol 1527-nji ýylda «Iwanlaryň güni» diýlip atlandyrylýan günde Bazel şäherinde, Galeniň we Abu Aly ibn Sinanyň kitaplaryny oda ýakypdyr.

T. Parasels alhimiýa uly üns beripdir hem-de «Himiýanyň meselesi diňe bir altyny we kümşi almak däl-de, ol lukmançylyk ylmynyň daýanç sütüni bolmalydyr» diýip aýdypdyr we lukmanyň himiýa barlaghanasynda işlemeginiň zerurdygyny belläpdir.

Ol himiýa ylmyna birinji derejeli ähmiýet berip, «Näsaglaryň bejerilişinde ýokary netijeli dermanlary bermelidir» diýip hasaplapdyr. T. Parasels dermanlaryň mukdary barada täze ugry ösdüripdir. Ol dermançylyk işinde «Her bir madda awydyr we hiç bir zat zähersiz däldir. Diňe onuň mukdary zäheri bildirmez ýaly edip bilýär» diýip düşündiripdir.

Parasels we onuň okadýan talyplary, köp sagatlap okuw sapaklaryny himiki barlaghanada geçiripdirler we olarda dürli derman serişdelerini öwrenipdirler.

Ol öz ylmy garaýşynda aseptika örän ýakyn barypdyr hem-de hirurgiýada – ýaralaryň arassa hasa bilen sargy edilip «goralmagyny» teklip edipdir. Ol hem A.Pare ýaly ýaralary bejermekde gaýnap duran ýagy ulanmagyň hem-de ony daglamagyň çürt-kesik garşysyna çykyş edipdir. Hirurgiýa bilen terapiýanyň arasynda örän ysnyşykly baglanyşygyň bolmalydygyny ündäpdir, olaryň «ikisiniň hem bir binadan çykýanlygyny» ýazypdyr. Parasels galenizme garşy göreşipdir.

Parasels öň az öwrenilen serişdeler bolan: simaby – merezýele garşy, gurşuny, surmany, demri, misi, galaýyny we myşýagy–kesel bejermekde peýdalanmagy girizipdir. Näsaglary bejermekde mineral suwlaryň giňden peýdalanylmagyny maslahat beripdir.

Frensis Bekon (1561 – 1626 ý.) iňlis materializminiň hem-de häzirki zaman ylmy tejribesiniň düýbüni tutujy, filosof, tebigaty öwreniji alym filosof bolupdyr. Frensis Bekon – filosof, 1561-nji ýylyň ýanwar aýynda Londonyň Ýork-Ýuazada diýen ýerinde baý maşgalada doglupdyr. 1573-nji ýylda Kembrijdäki Tritiniň kollejine okuwa girýär. Ol kollej Oksfordda we Kembrijde dünýewi häsiýetli bolup, onda geljekde döwlet wezipesine dalaşgär ýaşlar okadylypdyr. Onuň kakasy Nikel Bekon ogluny döwlet gullugyna taýýarlap, 16 ýaşly oglanjygy Pariždäki iňlis ilçihanasyna iberýär. Kakasy ýogalandan soň Bekon Angliýa dolanyp, uly mirasa eýe bolupdyr. Şeýlelikde, Bekon öz geljekki durmuşy barada pikirlenýär. Ol Greýs Insk ýuridiki korporasiýasyna işe giripdir. 1586-njy ýylda Bekon toparyň ýolbaşçysy wezipesini eýeläpdir, soňra ştatyň şa aklawçysy wezipesine bellenipdir. 1605-nji ýylda Bekonyň ýazan ylmy traktatlary («Dikeltmeleriň bölekleri», «Gadymy pähimler», «Aman galmagyň taglymaty», «Intellektual dünýä» ýaly ýazgylary) köpçülikleýin çapdan çykarylypdyr.

Frensis Bekon lukmançylygyň, esasan, üç meseläni öwrenýänligi (sagdyn adamlaryň saglygyny goramak, adamlaryň ýaşynyň dowamlylygyny uzaltmak we keselleriň öňüni almak, ýüze çykan keselleri bejermek) barada ýazypdyr. Ol «Anatomiýany diňe bir organlaryň görnüşi ýaly beýan etmän, eýsem-de, kesel sebäpli (şikes sebäpli) içki agzalarda bolup geçýän özgerişleri, zeperlenmeleri (ýagny patologik anatomiýany)» öwrenmegi talap edipdir. Terapiýada «näsagda bolup geçýän ähli özgerişleri ýazyp beýan etmegi tabşyrypdyr», ýagny nä-

saglara kesel taryhyny alyp barmalydygyny, keseller boýunça kliniki gollanma ýazmagy teklip edipdir. Balneologiýanyň keselleri bejermekde we olaryň öňüni almakda uly geljeginiň bardygyny öňünden aýdypdyr hem-de onuň doly öwrenilmegini, mineral suwlaryň diňe bir düzümini öwrenmän, eýsem-de, emeli mineral suwlary taýýarlamagy teklip edipdir. Näsaglarda horlaýjy, agyryly operasiýalary diňe anesteziýa (agyrysyzlandyryjy) ulanyp geçirmäge çagyrypdyr. Rejeli iýmitlenmegiň ýörelgelerini, deňizçilerde singa keseliniň ýüze çykmagynyň öňüni almaga ýörite iýmit rasionyny düzüpdir.

Bekon «Tebigatdaky hereket edýän ähli janly-jandarlar hudaý tarapyndan döredilipdir» diýen pikiri goldapdyr. Ol öz açyşlaryny kitaplardan gözlemän, olary janly tebigatdan, onuň hadysalaryndan gözläpdir. Bekonyň ylmy işleriniň esasy ähmiýeti, onuň Aristoteliň ylmy işlerinden peýdalanyp bilenligindedir. Induksiýa usuly Aristotel tarapyndan ýazylsa-da, oňa ahyrky uly manyny Bekon beripdir. Ýöne ylymda induksiýanyň ähmiýeti uly bolmandyr. Taryhy faktlar bölünip umumy düşünjä gelnende, köplenç ýagdaýlarda doly däl induksiýadan peýdalanylypdyr. Bekon diňe faktlary gözlemegi, agtarmagy pikir etmän, şol faktlaryň doly düşündirilişini gözläpdir. Bekon ylmy usuly peýdalanyp, ýylylygyň görnüşini tapypdyr.

K. Marks «Bekon häzirki zaman eksperimental ylmyň we iňlis materializminiň öňdebaryjysydyr» diýip ýazypdyr. Bekonyň talap edişi ýaly, ylym adama hyzmat etmeli we adama entek belli bolmadyk tebigatyň köpsanly syryny anyklamalydyr. Hünäri boýunça lukman bolmasa-da, Bekon lukmançylyga uly gyzyklanma bildiripdir. Özüniň klassifikasiýasynda ol lukmançylygy onuň öňünde durýan meselelere görä üç bölege bölüpdir: saglygy gorap saklamak, keseli anyklamak we bejermek hem-de ömrüň dowamlylygyny uzaltmak. Ol adamlaryň sagdyn bolup uzak ýaşamaklaryny üpjün etmek lukmançylygyň wajyp meseleleriniň biridir diýip hasaplapdyr. Bekon lukmançylygyň öňünde köpsanly takyk meseleleri goýupdyr. Terapiýa ugrunda Bekon «näsag bilen bolup geçýän hemme ýagdaýlary ýazmalydygyny», ýagny keseliň taryhyny alyp barmagyň wajyplygyny belläpdir. Operasiýalaryň agyryly geçirilişine nägilelik bildirip, näsaglar üçin agyrysyzlandyrmagy ulanmagy talap edipdir. Öz kitabynda Bekon geljekki asyrlar üçin

lukmançylyk ylmynyň maksatnamasyny ýazypdyr. Ol öz «Täze Atlantida» gezelenjinde «saglyk öýlerini» ýazyp beýan edipdir, ol ýerde amatly fiziki şertler döredilen, dürli kesellerden gutulmak we keselleriň öňüni almak üçin, şeýle hem iýmitiň täze düzgünlerini (aýratyn hem uzak wagtlap deňizde bolýan gämiçilerde singa keselinde) teklip edipdir. Balneologiýa uly üns beripdir.

Bekon keselleriň öňüni almagy lukmançylygyň öňdebaryjy ýollarynyň esasysy diýip hasaplapdyr hem-de ony goldapdyr. Onuň bellemegine görä, lukmançylygyň esasy saglygy goramakdyr, şol bir wagtyň özünde lukmanlar, esasan, eýýäm dörän keselleri bejermek bilen meşgullanýarlar. Ol «...lukmançylygyň ilkinji borjy – saglygy goramak, ikinjisi bolsa – keselleri bejermekdir» diýip ýazypdyr.

Wan Gelmont (1577–1644 ý.) flamand alymy bolup, ol «arheýalar» baradaky ylmy taglymaty (Parasels tarapyndan teklip edilen) goldapdyr. Başga taraply tebigy güýçleriň organizmi işjeňleşdirýänligini, bedeniň her bir agzasynyň öz «arheýiniň» barlygyny belläpdir.

Ýatrohimikleriň arasynda ajaýyp açyş eden aýratyn uly alymlaryň sanyna Paraselsden soňra Wan Gelmonty hem goşup bolar. Wan Gelmont, flamand alymy bolup, kömürturşyny, aşgazan turşusyny açan, «fermentasiýa» himiki hadysasyny ýazyp beýan eden alymdyr.

Rene Dekart (1596–1650 ý.) fransuz alymy, öz döwründe matematikany, fizikany, filosofiýany, anatomiýany we fiziologiýany öwrenmekde uly yz galdyryp, katolik-fanatlar tarapyndan öz ýurdunda yzarlanmalar sebäpli Gollandiýada ýaşamaga mejbur bolupdyr. Onuň «Adam bedeniniň beýan edilişi» we lukmançylyga bagyşlanan beýleki ylmy işlerinde anyk meseleler beýan edilipdir.

Fiziologiýada ol refleks düşünjesine ýakyn bolan pikiri, ýagny nerw gyjyndyrmasynyň geçirilişinde «jaňjagazy kakmak üçin ýüpi çekenimizde, onuň jaňa baglanan ýerinde seslenişine meňzeşdir» diýip aýdypdyr.

F. Bekona meňzeşlikde ol ylmyň öňünde «adam tebigatyň häkimidir we ondan üstün çykyjydyr» diýen paýhasa gulluk etmegiň meselesini goýupdyr. R. Dekart öz ylmy taglymaty bilen lukmançylygy we tebigaty öwrenmäge saldamly goşandyny goşupdyr.

XVI–XVII asyrlarda lukmançylykda ýatrofiziki (mediko-fiziki) ýa-da ýatromehaniki – bir tarapdan hem-de ýatrohimiki (lukmançylyk-himiki) akymlaryň beýleki tarapdan yzyny dowam etdirijiler bolupdyrlar. Ýatrohimikleriň arasynda käbir beýik alymlar ajaýyp açyşlary edipdirler.

Ýatrofizikler bedende bolup geçýän hemme hadysalary mehaniki nukdaýnazardan düşündirjek bolupdyrlar. Şol döwürde ol progressiw häsiýete eýe bolupdyr we muny hudaýyň berenini tebigatyň kanuny bilen çalyşmak diýip düşündiripdirler. Hudaýlylyk bilen göreşmekde bu taglymat taryhy-progressiw roly oýnapdyr. Ýatrofiziklere anatom A. Wezaliý hem goşulypdyr. Ol öz nusgawy işinde damarlary, süňkleri, muskullary bloklara we ryçaglara, ýüregi nasosa meňzedipdir.

Lukmançylykda fizikleriň bedeniň iň kiçi bölejiklerini öwrenmek üçin teleskoplary we mikroskoplary ulanandyklaryny hem ýatlamalydyr. Antoniý Lewenguk – golland optigi süňkleriň gurluşyny, muskullary, ganyň düzüm öýjüklerini, spermatozoidleri öwrenip, olary ajaýyp suratlandyrypdyr.

Paduan uniwersitetinde anatomik teatr (XVI asyrda, anatomo-fiziologiýa mekdebi bolupdyr) hereket edipdir we ol ýerde alymlar adam jesetlerini autopsiýa geçirmek esasynda anatomiýany öwrenipdirler. Anatomiýadan oňat suratlary – belli suratkeş Leonardo da Winçi çekipdir we anatomiýany öwrenmäge uly goşant goşupdyr. Leýden uniwersiteti Gollandiýada kliniki merkeze öwrülipdir.



**45-nji surat. Andreý Wezaliý (1514–1564)**

Andreý Wezaliý (1514–1564 ý.) Belgiýanyň Brýussel şäherinde doglup, öz familiýasy Wittinges, Pariž uniwersitetinde okap bilim alypdyr. Ol ýaşlygyndan anatomiýany kesip görmek (preparasiýa) usuly bilen jesetleri öwrenmek üçin jezalandyrylan ýerden ogurlap, käwagt bolsa gije ýakyn wagtda ýogalanyň jesedini jaýlanan ýerinden alyp, barlag geçiripdir. Paduan uniwersitetinde işlän döwründe anatomiýany erkin öwrenip başlapdyr, oňa 25 ýaşynda

professorlyk derejesi berlipdir. A.Wezaliý birnäçe ýyl Paduan uniwersitetinde okadypdyr. Ol anatomiýada Galeniň ýalňyşlyklarynyň (esasan, çanaklyk guşaklygynda, döş kapasasynda, elde, ýürekde) üstüni açypdyr.

Andreý Wezaliý Karl V-niň, soňra bolsa Filipp II-niň köşk lukmany bolupdyr. Ol Pariž uniwersitetinde birnäçe ýyllap mugallymçylyk işini alyp barypdyr. 1543-nji ýylda Bazelde Andreý Wezaliý «Adam bedeniniň gurluşy barada» atly 7 bölümden ybarat bolan Galen anatomiýasyna açyk garşylykly bolan kitabyny çapdan çykarypdyr. Onuň kitabyny tankytlama bilen garşylapdyrlar. Andreý Wezalini diri adamda tejribe geçirýänligi üçin günäkärläpdirler. Onuň halypasy, belli anatom Ýakow Silwiý öz şägirdiniň «akylyny ýitirenligi» barada ýazyp geçýär. Wezaliniň ömrüniň soňky günleri örän pajygaly bolup, ol Paduýadaky kafedrasyny taşlap gitmäge mejbur bolupdyr. Ol Iýerusalime syýahata gidipdir. Gaýdyp gelýärkä olaryň gämisi betbagtçylyga uçrap, Gresiýanyň töweregindäki bir adajyga düşüp, ol ýerde açlykdan we keselden ýogalypdyr.

A.Wezaliniň kitabynyň suratlaryny çekmek ökde suratçylar mekdebiniň wekili Tisana Kalkarom we başgalar tarapyndan ýerine ýetirilipdir. Onuň suratlarynda adam bedeni hereketsiz suratlandyrylman, hereketli ýagdaýda görkezilipdir. Andreý Wezaliý öýken gan aýlanyş ulgamy barada pikiri aýdypdyr. Wagtyň geçmegi bilen, onuň birnäçe şägirtleri gan aýlanyşygy baradaky pikiriniň esasynda birnäçe subutnamalaryň üstünde işläpdirler.

A. Wezaliniň ylmy işlerini onuň ýakyn şägirtleri Realdo Kolombo (1516–1559 ý.), ispan alymy Migel Serwet (Bazel şäherinde 1553-nji ýylda oda ýakylyp jezalandyrylan) dowam edip, olar kiçi gan aýlanyş ulgamy, ganyň ýolunyň öýkenleriň üstünden hereketini yzarlapdyrlar; Gabriýel Fallopiý (1523–1562 ý.) Wezaliniň barlaglaryna düzedişler we takyklamalar girizipdir; Jirolamo Fabrisiý (1530–1619 ý.) wena damarynyň gapagyny ýazyp beýan edipdir.

Andreý Wezaliniň alyp baran birnäçe amaly usullary häzirki wagtda biziň lukmançylygymyzda giňden ulanylýar. Ol anatomiýa ylmynyň düýbüni tutujydyr.

Jirolamo Frakastoro (1478–1553 ý.) ýokanç keselleri öwrenmekde uly işler bitiripdir. Ol Paduýa uniwersitetini tamamlapdyr we

mugallym wezipesinde şol ýerde talyplara sapak beripdir. Ol köp epidemiýalary (garahassalygyň, merezýeliň XV asyryň ahyrynda ýaýraýşyny) öz gözi bilen görüpdir hem-de ilkinji bolup merezýel keseliniň alamatlaryny ýazyp beýan edipdir. «Gallaryň keseli ýa-da merezýel barada» traktatyny 1525-nji ýylda ýazypdyr (rus dilinde bu kitap 1954-nji ýylda çap edilipdir), soňra ol bu kitabyny 1530-njy ýylda poema görnüşinde beýan edipdir. Ýokanç keselleriň tebigaty barada, ýaýraýyş ýollary, aýratynlyklary we olaryň bejerilişi hakynda öz taglymatyny döredipdir. Ol ýokanç keselleriň ýaýramagynyň üç ýolunyň barlygyny öňünden aýdyp bilipdir hem-de hemme ýagdaýlarda kesel göze görünmeýän kiçijik «tohumlaryň» üsti bilen ýaýraýar diýip, keseliň material başlangyjyny beýan edipdir.

Ýokanç keselleri ylmy taýdan öwrenmekde onuň ýazan işleri uly ähmiýetli bolupdyr. J. Frakastoro özüniň «Ýokançlar we ýokanç keselleriň bejerilişi barada» («De contagione, de morbis contagiosis et eorum curatione», 1546ý.) atly kitabynda ýokanç keselleriň ýaýraýyş ýollary, aýry-aýry keselleriň aýratynlyklary we bejerilişi barada köp ylmy maglumatlary ýazyp beýan edipdir.

J. Frakastoro ýokançlar üç ýol: galtaşma ýoly, gurallar we howa arkaly bolup, keseliň ýokuşmagy göze görünmeýän maýdajyk, kiçijik «tohumjyklar» ýa-da keseliň «düwünçekleri» arkaly («seminaria morbi») geçýär diýip belläpdir. Predmetleriň üsti bilen geçýän ýokançlar barada aýdylanda, ol temperaturanyň täsirini (ýokançlar has ýokary ýa-da pes temperaturada durnuksyz) belläpdir. Ýokanç keselleriň içinde Frakastoro şu keselleri: mama keselini, gyzamyk keselini, inçekeseli (çahotka), heýwere (prokaza) keselini, merezýeli (sifilis), gyzzyrma keseliniň ähli görnüşlerini (lihoradka) ilkinjileriň biri bolup beýan edipdir.




**46-njy surat. Jirolamo Frakastoronyň heýkeli (1478–1553)**

Ol örgünli garahassalyk keseliniň alamatlaryny örän gyzykly ýazypdyr. Örgünli



**47-nji surat.**
**Ambruaz Pare (1517–1590)**

garahassalyk keselinde näsagyň deri örtüginde ýüze çykýan maýdajyk ganöýmeleri dogry kesgitläpdir hem-de «şu keselde ýokanjyň gan ulgamy bilen aýratyn baglanyşygy» bar diýip ýazypdyr.

«Infeksiýa» we «dezinfeksiýa» lukmançylyk adalgalary hem J. Frakastoro degişlidir. Soňra bu adalgalary uly höwes bilen XVIII asyryň ahyrynda görnükli lukman K. Gufeland peýdalanypdyr.

Ambruaz Pare (1517–1590 ý.) fransuz sertaraşy, özüniň çalasynlygy bilen tapawutlanyp, halypasynyň maslahaty boýunça ýörite orta lukmançylyk mekdebini tamamlap, harby bölümde işläpdir hem-de hirurgiýany özgerdiji alyma öwrülipdir.

Onuň gatnaşan bir söweşinde, ýaralylara ulanmaga «balzam» ýetmezçilik edipdir (ony gaýnag görnüşinde ýara guýupdyrlar), ol ok degmeden alnan ýarany («däri bilen zäherlenen hasaplanypdyr»), otda gyzdyrylan metal bilen ýakmaga derek, ony ýumurtganyň ergin sarysy, terpentin we bägül ýaglary bilen dolduryp, arassa hasa bilen örtüpdir. Şeýle edip bejerilen ýara örän oňat netije beripdir. Bu bejergi usulyny (ýarany täzeçe arassalamak) şol döwürde Şweýsariýada, Germaniýada, Italiýada we Ispaniýada hirurglar öz amalynda ulanypdyrlar.

Pare gan akmany duruzmak üçin damarlary gysmagy we towlamagy aradan aýryp, onuň deregine olary daňmak bilen çalşyrypdyr, but süňküniň boýunjygynyň döwüginiň operatiw bejerilişini ýazyp beýan edipdir. Ol ortopediýada emeli bogunlary we ahyrlary ýasamak üçin (el we aýak) örän çylşyrymly protezleriň çyzgylaryny teklip edipdir. Akuşerçilikde ol dünýä inýän bäbejigiň ýatgynyň içinde aýaklaýyn aýlawyny teklip edipdir.

Pare öz döwrüniň ylmy dili bolan latyn dilini bilmändir, şonuň üçin hem ol ylmy işlerini fransuz gepleşik dilinde beýan edipdir we

hirurgiýany köpleriň bilmegine ýardam edipdir.



**48-nji surat. Uilýam Garweý (1578–1657)**

Uilýam Garweý (1578–1657 ý.) iňlis lukmany, fiziolog, gan aýlanyşygyny ilkinji açan beýik britaniýaly alym bolup, ol Paduan uniwersitetinde fiziologiýa ylymlarynyň ösmegine güýçli itergi beripdir.

U. Garweýiň bu işini ondan has öňräk arap lukmany Ibn an-Nafisi tarapyndan XIII asyrda ýazyp beýan edilendigini ýewropaly alymlar bilmändirler. Hatda Garweýiň özi hem bu hakda bihabar galypdyr. Ýöne ol bu işiň üstünde Paduan mekdebiniň alymlarynyň, ýagny Wezaliniň, Kolombyň, Fallopiniň we Fabrisiniň başlanylan hem-de tamamlanman galan işleri bilen tanşyp, ony dowam etdiripdir.

U. Garweý 1553-nji ýylda Şweýsariýada ispaniýaly alym Migel Serwetiň ýazan «Hristiançylygyň dikeldilmegi» atly işi üçin, resmi buthana garşy çykmaklykda aýyplanylyp, diriligine oda ýakylandygyndan habardar bolupdyr. M. Serwet özüniň fiziologiýa bagyşlanan kitabynda ganyň ýüregiň sag garynjygyndan çykyp, çep garynjygyna «uzak we haýran galaýmaly» ýoluny («öýkeniň üstünden geçmegini») beýan edipdir, özi hem «ganyň reňkiniň üýtgeýändigini» belläpdir.

Gan aýlanyşygy barada Jordano Bruno, şeýle-de rimli professor Andreý Sezalpin ylmy işlerinde agzap geçipdirler.

Emma bularyň biri hem U. Garweýiňki ýaly gan aýlanyşygy barada düşündirişi ýazyp beýan edip bilmändirler. U. Garweý hakykatdan hem tejribede gan aýlanyşygynyň barlygyny subut edipdir. Ol ilkinji bolup, adam organizminde ganyň aýlanyp ýene-de ýürege gelip, beýleki beden örtüklerine siňmeýändigini subut edipdir. Gan aýlanyşygyny subut etmek üçin ol dürli ýaşdaky haýwanlaryň bedenlerinde tejribe geçiripdir.

Ol haýwanlarda gan aýlanyş ulgamynyň barlygyny ilkinji bolup geçirilen köpsanly eksperimentlerde subut edipdir we onuň ylmy esaslaryny işläp düzüpdir hem-de «Ýüregiň we ganyň haýwanlardaky hereketiniň anatomiki barlaglary» atly kitabynda (1628ý.) ilkinji bolup haýwan bedeniniň ýaşaýyş-durmuş hadysalaryny öwrenipdir. Ol ganyň ýürekden iterilen umumy göwrüminiň ýene-de ýürege gaýdyp (dolanyp) gelýändigini hem-de arteriýa damarlaryndaky pulsuň ýüregiň urmasy bilen baglydygyny subut edipdir. Sistolanyň we diastolanyň hakyky manysyny ylmy nukdaýnazardan düşündiripdir.

U. Garweýiň beýan eden gan aýlanyş ulgamynda, onuň esasy bölegi – kapillýarlar beýan edilmändir. Sebäbi U.Garweý öz işlerinde mikroskopy ulanmandyr.

Marçello Malpigi (1628–1694 ý.) mikroskopy ulanyp, kapillýar gan aýlanyşy öwrenip, gan aýlanyşynyň aýlaw şekillidigini beýan edipdir. Ol mäzleriň, deriniň, öýkeniň, böwrekleriň we başga agzalaryň gurluşyny öwrenipdir we olary beýan edipdir.

Orta asyrlarda Ýewropada katoliki buthana «ybadathana gandan gorkýar» şygary giňden ulanyp, ony ylmyň ösmegine garşy esasy ýörelge hökmünde ulanypdyr. Şol sebäpli hem Ýewropada lukmançylyk ylmy Gündogar ýurtlaryna garanyňda öz ösüşinde mese-mälim yza galypdyr.

Günbatar Ýewropada orta asyrlarda hirurgiýa beýleki hünärlere görä (mysal üçin, iç keselleriniň terapiýasy) özboluşly ösüpdir. Lukman alymlar we lukmanlar hirurgiýa bilen meşgullanmandyrlar, diňe Boloniýa uniwersitetinde hirurgiýa üns berlipdir. Şol wagtlarda «Ybadathana gandan gorkýar» diýlen pikir üstün çykypdyr. Şol düzgüne görä-de, olar «ýeretiklere» dürli jeza çärelerini, hatda oda ýakmagy hem ulanypdyrlar. Hirurgiýa bilen meşgullanýan adamlary, lukman-alymlaryň toplumyna goşmandyrlar we fakultetlerde işe almandyrlar, olar edil hyzmatkär ýaly bolup gezipdirler. Şol sebäpli hem dürli hünär derejeli hirurglar özboluşly eşik geýmäge mejbur bolupdyrlar. Käbir hirurglar örän üstünlikli we çalasyn işläp bilipdirler. Olary birleşdirýän «Mukaddes Kozmanyň doganlygy» bolupdyr. Şol döwürde kesel bejermegiň ýörgünli usuly gan goýbermek bolupdyr.

Hirurgiýa bilen meşgullanýan hünärmenler lukmanlar birleşmesine kabul edilmändir, olara ýönekeý hyzmatkär hökmünde ga-

ralypdyr. Lukman-alymlar, lukmançylyk fakultetleriniň doktorlary, adatça, hirurgiýa bilen meşgullanmandyrlar. Fransiýada hirurglaryň belli toparlary dürli egin-eşik geýip işlemäge mejbur edilipdir, olaryň içinde «Uzyn halatlylaryň» organizmde dörän daşlary (peşew we öt haltalarynda we çykaryş ýollarynda) operasiýa etmäge we başga-da uly göwrümli operasiýalary ýerine ýetirmäge hukukly bolupdyrlar. Olar örän çalasyn işläp, ýokary kämillik derejesine ýetipdirler, öz hünäriniň hakyky ussatlary bolupdyrlar. Beýleki toparyň wekillerine bolsa «Gysga halatlylar» – sertaraşlar (sirýulnikler) diýlip, olar gan almak, dabanda hem-de aýagyň barmaklarynda döreýän mazollary, deride dörän ösüntgileri, siňňilleri kesip aýrypdyrlar we hammamlarda işläpdirler. Uniwersitetlerde fakultetleriň lukmanlar bileleşigine birleşenleri, has aýratyn hormat goýulýan topar hökmünde, näsaglara dermannama ýazmakdan we içegesini ýuwmak uçin klizma goýmakdan boşadypdyrlar.

Uniwersitetleriň lukmançylygy ruhanylaryň sholastikasy bilen ykjam baglanyşygynyň bolanlygy sebäpli, lukmançylyk amalynda iç sürüji dermanlary, klizmany we gan aldyrmagy näsaglara bellemek bilen çäklenipdirler. Akademiki atlary götermeýän hirurglar bolsa baý amaly tejribe toplapdyrlar we örän köp ýagdaýlarda näsaglara we ýaralylara gerekli kömegi beripdirler. Orta asyrlaryň köpsanly haçly ýörişlerindäki söweşlerinden hirurglar tejribeli çykypdyrlar. Soňra toplanan ägirt uly hirurgiýa amalynyň esasynda hirurgiýa ylmy ösüşine başlapdyr.

German Burhaw (1668–1738 ý.) Gollandiýanyň Leýden uniwersitetiniň professory, «Ýewropanyň mugallymy» diýlip atlandyrylan, amaly lukmançylygyň ösmegine goşant goşan alymdyr. Ol lukmançylyk bilen bir hatarda himiýa dersini hem okadypdyr, organizmde bolup geçýän hadysalary fiziki hadysa hökmünde mehanikanyň, gidrostatikanyň, gidrawlikanyň kanunlary esasynda düşündiripdir, bedende gyzgynlygyň döremegini ganyň gan damarlarynyň diwaryna sürtülmesinden, alawlamagyň ownuk damarlarda saklanyp galan ganyň sürtülmesinden emele gelýändigini düşündiripdir.

G. Burhaw – klinikada termometriýany näsaglarda ulanyp başlapdyr (Farengeýt boýunça). Onuň ylmy taglymaty «Kliniki

amalyna giriş» kitabynda beýan edilipdir, näsaglara gözegçilik etmegi näsagyň düşeginde alyp barmagy, olaryň yzyndan ýagdaýyny soramaga barmagy we häli-şindi görüp durmagy wajyp hasap edipdir.

XVIII asyrda giňden ýaýran mama keseline garşy göreş wariolýasiýa görnüşinde – tebigy mamanyň sanjymy görnüşinde alnyp barlypdyr. Angliýaly oba lukmany Eduard Jenner (1749–1823 ý.), görnükli hirurg-patolog Jon Ganteriň (1728–1793 ý.) maslahaty boýunça, köp wagtlap guşlarda we dört aýakly haýwanlarda köpsanly tejribelerde mama keseliniň geçişine, ýokançlygyna we keseli kabul etmezligine gözegçilik edipdir. Ýygnalan we tertipleşdirilen köp ýyllaryň tejribesi we gözegçiligi, oňa 1796-njy ýylyň maý aýynyň 14-ne adamlarda sygyrlaryň mamasyny sanjym etmäge girişmegine esas bolupdyr. Örän uly açyş birbada, ylaýta-da E. Jenneriň öz watany Angliýada ykrar edilmändir.

Paduan uniwersitetiniň professory Jowanni Battista Morgani (1682–1771 ý.) tarapyndan ýazylan «Anatom tarapyndan açylýan keselleriň sebäbi we olaryň ýerleşişi barada» kitabynda keseliň alamatlarynyň ýüze çykyşy bilen anatomik üýtgemeleriň özara baglanyşygynyň barlygyny anyklamaga synanyşyk edipdir. Ol 700-den gowrak jesedi kesip barlamagyň esasynda, köpsanly keselleriň ýüze çykmalaryny örän dürs ýazmak bilen, her bir keseliň özbaşdak morfologik alamatynyň bardygyny güman edipdir.

## 7.2. Görnükli rus alymlarynyň lukmançylyk ylmyna gosantlary

Dünýäniň lukmançylyk ylmyna önjeýli goşant goşan, heniz özi dirikä uly meşhurlyga eýe bolan XIX asyryň görnükli alymy Nikolaý Iwanowiç Pirogow 1810–1881-nji ýyllarda ýaşapdyr. Ol meşhur hirurg, anatom, patolog, pedagog we abraýly jemgyýetçilik işgäri, keselleriň öňüni almaga aýratyn ähmiýet berip, «Geljek öňüni alyş lukmançylygynyňkydyr» diýip tassyklapdyr.

N.I. Pirogow 14 ýaşynda Ý.O. Muhiniň haýyşy boýunça Moskwa uniwersitetine 1824-nji ýylda kabul edilipdir hem-de 1828-nji

ýylda okuwy tamamlanyndan soňra, Derpt professorlyk institutyna alnypdyr. Ol 1832-nji ýylda hirurgiýadan doktorlyk dissertasiýasyny gorap, Derpt uniwersitetinde talyplary okadypdyr, 1836-njy ýyldan hirurgiýa kafedrasyna ýolbaşçylyk edipdir hem-de 1841-nji ýyldan başlap Peterburgyň Mediko-hirurgiki akademiýasynda hirurgiýa kafedrasyna ýolbaşçy edilip bellenilipdir. Ol 1856-njy ýyldan mejbury dynç alşa gitmeli bolupdyr.



**49-njy surat.**
**Nikolaý Iwanowiç Pirogow**
**(1810 – 1881)**

N.I.Pirogow topografik anatomiýany esaslandyryjydyr. Ol hirurgiýanyň taryhynda haýwanlarda ilkinji bolup eksperimentleri geçirmegi ýola goýupdyr. Öz ýazan «Gasyk sebitiniň anewrizmasynda garyn aortasynyň daňylmagy howpsuz we aňsat ýerine ýetirilýän operasiýamydyr?» atly dissertasiýasynda bu operasiýany ýerine ýetirmegiň täze usulyny hödürläpdir.

Ol 1843–1848-nji ýyllarda «Adam bedeniniň goşundy anatomiýasynyň doly kursy», soňra bolsa «Üç ugurdan doňdurylan adam bedeninden geçirilen kesimleriň şekillendirilen topografik anatomiýasy, buzly anatomiýasy» işlerini 1852–1859-njy ýyllarda ýazypdyr.

Ol fasiýalar we fasiýal ara boşluklar baradaky ylmy taglymatyny düzüpdir. XIX asyryň 40-njy ýyllaryna çenli lukmançylygyň hirurgiýa degişli ugurlarynda esasy mesele – agyrysyzlandyrmak meselesini çözmekde, harby-meýdan şertlerinde umumy narkozy (bihuşlandyrmagy) işläp düzmekde öňdebaryjy orny eýeläpdir.

N.I.Pirogow hirurgiýa operasiýalaryny ýerine ýetirmekde ýokary ussatlyga ýetipdir, ol operasiýalary kämil tehniki we ýokary çalasynlykda geçiripdir.

Ol Kawkazdaky harby söweş hereketlerinde (1847-nji ýylyň awgustynda) meýdan şertlerinde köpçülikleýin umumy narkozy ilkinji bolup ulanypdyr. Ony geçirmek üçin örtügi, intratraheal turbajygy,

wena içine we ýogyn içege arkaly geçirilýän narkozyň gerekli esbaplaryny we gurallaryny işläp düzüpdir.

N.I.Pirogow «Umumy harby-meýdan hirurgiýasynyň başlangyjy» (1865-nji ýylda) we «Söweş teatrynda şahsy kömek we harby lukmançylyk işi» atly kitaplary ýazypdyr. Ol söweş meýdanynda işlemäge şepagat uýalaryny ilkinjileriň biri bolup çagyrypdyr.

Ol lukmançylyk amalyna gips sargysyny girizen lukmandyr. Onuň keselleriň kliniki alamatlaryndan habardar bolmagy we ýokary hünärli lukmandygy ýöne ýerden däldir. Sebäbi diňe mergi keseliniň patologik anatomiýasyna bagyşlanan eserini ýazmak üçin ol mergi keselinden ýogalanlaryň 800 jesedini kesip öwrenipdir.

N.I.Pirogow dünýäde ilkinji bolup süňkde plastiki operasiýany, ýagny taryhda «Pirogowyň amputasiýasy» ady bilen tanalýan injik süňküniň plastiki amputasiýasyny ýerine ýetiripdir.

Stepan Fomiç Hotowiskiý (1796–1885 ý.) pediatriýanyň özbaşdak ylym hökmünde düýbüni tutujydyr. Ol köptaraplaýyn taýýarlykly (lukmançylyk polisiýasyndan, lukmançylyk kazyýet seljermesinden, iç we ýokanç kesellerden, akuşerçilikden, çaga kesellerinden, hirurgiýadan düýpli taýýarlygy bolan) rus alymydyr. Onuň ýazan eserleri 4000 sahypadan geçýär. Ol «çaga kiçijik uly adam däldir» diýmek bilen, pediatriýanyň lukmançylygyň özboluşly aýratyn bir ugrudygyny, anatomik, fiziologik we keselçilik aýratynlygynyň barlygy sebäpli, aýratyn öwrenilmegini we lukmançylyk çemeleşmesini talap edipdir. Ol Russiýada ilkinji bolup «Pediatrika» atly (1847) özbaşdak, doly we yzygider beýanlar kursuny okap başlaýar. Ol 800 sahypadan, 940 paragrafdan ybarat bolup, umumy we hususy pediatriýanyň meselelerini, gigiýenanyň we keselleriň öňüni alşyň soraglaryny öz içine alypdyr.

Ilýa Iliç Meçnikow (1845–1916 ý.) görnükli rus mikrobiology, immunologiýa ylmyny esaslandyryjy, patolog, ewolýusion-biolog we alym-filosof 1864-nji ýylda Harkow uniwersitetiniň tebigy bölümini tamamlap, okuwyny Italiýada we Germaniýada embriologiýa hünäri boýunça dowam edipdir. Ol 1868-nji ýylda Peterburg uniwersitetinde doktorlyk dissertasiýasyny gorap, Odessanyň we Peterburgyň uniwersitetlerinde dosenturany alyp barypdyr. I.I.Meçnikow 1882-nji ýyldan

başlap fagositoz hadysasyny öwrenip başlapdyr hem-de «Meduzalarda embriologik barlaglar» atly jemleýji ylmy işini çap edipdir. Ol 1886-njy ýylda ýaş lukman N.F.Gamaleýa bilen bilelikde Russiýada ilkinji we dünýäde ikinji Paster stansiýasyny (guduzlama keseline garşy göreşýän) Odessada gurnapdyr we onuň işine ýolbaşçylyk edipdir.

Uniwersitetiň hem-de Paster stansiýasynyň ýolbaşçylary bilen oňuşmanlygy sebäpli, ol Russiýadaky işlerini taşlamaly bolupdyr hem-de Lui Pasteriň çakylygy boýunça, onuň ParižBut institutyna işlemäge gidipdir. Ol ilki bilen barlaghana müdiri, soňra L. Pasteriň orunbasary, ol ýogalansoň bolsa, institutyň direktory wezipesinde işläpdir. I. I. Meçnikow fagositozy öwrenmek bilen immunologiýa ylmyny esaslandyrypdyr. Fagositozyň öýjük nazaryýeti (makro we mikrofaglaryň tutýan orny) P. Erlihiň antitelalaryň ýokançlara garşy göreşindäki ähmiýetini öwrenmegi bilen gabat gelipdir.

I. I. Meçnikow fagositozy organizmiň has gadymy (ewolýusiýa we filogenez tarapyndan) immun reaksiýasy diýip hasaplapdyr. Oňa we P. Erlihe 1908-nji ýylda immunologiýadan geçiren ylmy barlaglary üçin Halkara Nobel baýragy gowşurylypdyr.

Ol fagositozyň nazaryýeti boýunça geçiren ylmy-barlag işleriniň netijesini «Alawlamagyň deňeşdirme patologiýasy barada beýanlar» işinde jemläpdir (1891ý.) hem-de «Ýokanç keselleri bedeniň kabul etmezligi» atly düýpli monografiýasyny (1901ý.) soňky nesillere bagyşlap ýazypdyr.



**50-nji surat.**
**Ilýa Iliç Meçnikow**
**(1845–1916)**

I.I.Meçnikow inçekeseli, garyn garahassalygyny, mergi keselini hem-de beýleki ýokanç keselleri öwrenipdir.

Ol organizmiň garramagynyň täsin nazaryýetini hödürläpdir. Ýagny garramak keseldir, ony bejerip bolar diýen pikiri orta atypdyr hem-de et önümleriniň az iýilmegini, iýmit düzgünini berk berjaý etmegi, süýtturşy önümleriň iýilmegini maslahat beripdir.

Iwan Petrowiç Pawlow (1849–1936 ý.) Rýazanda dindaryň maşgalasynda doglup, kakasynyň talap etmegine görä seminariýada okapdyr. Din işgäri bolmak höwesi bolmansoň, ony rus rewolýusionerleri Çernyşewskiniň, Dobrolýubowyň, Belinskiniň we Pisarewiň eserleri gyzyklandyrypdyr.

Ol rus fiziologiýa ylmynyň has ösen döwri bolan XIX–XX asyrlarda ýaşan beýik alymdyr. Onuň ylmy garaýşyna ýetginjek döwründe okan belli rus alymy I.M. Seçenowyň «Kelle beýnisiniň refleksleri» atly işi täsir edipdir. Ol seminariýany tamamlaman, Peterburg uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetine okuwa girip, fiziologiýa ulaşýar hem-de ilkinji mugallymy professor I.F.Sionyň (haýwanlaryň ýürek-damar ulgamynda geçiren tejribeleri bilen meşhurlyga eýe bolan fiziolog) barlaghanasynda işläpdir. Uniwersiteti 1875-nji ýylda tamamlanyndan soňra, I.P. Pawlow Mediko-hirurgiki akademiýanyň 3-nji ýylyna girýär. Soňra ol S.P. Botkiniň çagyrmagy boýunça onuň terapewtik klinikasynyň barlaghanasynda farmakolog we fiziolog lukman hökmünde, geçirilýän eksperimental barlaglara ýolbaşçylyk edipdir hem-de 1883-nji ýylda ýüregiň işini güýçlendirýän nerw barada doktorlyk dissertasiýasyny gorapdyr. Dissertasiýany goranyndan soňra, I.P. Pawlow daşary ýurtlarda belli alymlaryňkyda işläpdir hem-de 1886-njy ýylda Peterburga dolanyp gelip, aşgazan-içege ýolunyň işini öwrenmek boýunça ylmy barlaglaryny dowam edipdir. Bu tejribeleri ol itlerde geçirip, dowamly eksperiment usulyny işläp düzüpdir.

Ol 1890-njy ýylda farmakologiýa we farmasiýa kafedrasyna, 5 ýyldan soň bolsa fiziologiýa kafedrasyna ýolbaşçylyk edipdir. Kafedranyň esasynda Russiýada täze açylan eksperimental lukmançylyk institutynda barlaghana döredipdir. Pawlowyň itlerde geçirýän tejribeleri arassa aşgazan şiresini almaga we iýmit siňdiriş hadysalaryna gözegçilik etmäge mümkinçilik beripdir. «Esasy iýmit siňdiriş mäzleriniň işi barada beýanlar» atly işinde ol geçiren barlaglaryny jemläp, aşgazan-içege ulgamynyň nerw sazlaşdyrylyşy baradaky öz taglymatyny düzüpdir. Iýmit siňdiriş baradaky ylmy açyşlary üçin 1904-nji ýylda I.P. Pawlow Nobel baýragyna mynasyp bolupdyr.

I.P. Pawlow «nerwizm» ýörelgesini amaly lukmançylyga ornaşdyran alymdyr. Ol bu ýörelgäni «Nerwizm – munuň özi nerw

ulgamynyň täsirini organizmiň örän giňişleýin işlerine goşulmaga ymtylýan fiziologiýanyň ugrudygyna düşünýärin» diýip belläpdir.

Ol öz ylmy derňewlerini başlan döwründe köpsanly ylmy barlaglaryny ilki bilen farmakologiýa, soňra organizmde gan aýlanyşygyň fiziologiýasyna, ahyrynda bolsa iýmit siňdirişiň fiziologiýasyna bagyşlapdyr.

I.P. Pawlow ömrüniň soňky ýyllarynda merkezi nerw hereketini öwrenmäge uly üns beripdir. Fiziologlaryň Halkara kongresinde (Madrid, 1903ý.) şertli refleksler hakynda ilkinji gezek çykyş edipdir. Bu ugurdan bitiren işleriniň jemine bagyşlap «Haýwanlarda ýokary nerw hereketiniň obýektiw öwrenilmeginiň ýigrimi ýyllyk tejribesi» atly işini 1923-nji ýylda çapdan çykarypdyr. Ondan soňra (1927ý.) «Kelle beýnisiniň uly ýarym togalagynyň işi barada beýanlar» we beýleki ylmy işlerini ýazypdyr. Ol tebigaty öwrenmekde, öz dünýägaraýşy boýunça materializmiň yzygiderli tarapdary bolup çykyş edipdir hem-de Russiýada fiziologlaryň mekdebini esaslandyrypdyr.

## 7.3. Ýewropada pediatriýanyň, Russiýada gigiýenanyň ösüşi we önümçilik zyýanlarynyň öwrenilişi hem-de eksperimental gigiýenanyň ösüşi

XIX asyrda täze ylym pudagy – gigiýena döräp, ol öz gözbaşyny adamzadyň ýaşaýşynyň ilkinji döwründen alyp gaýdýar we soňraky müňýyllyklarda amaly çäreler bilen üsti ýetirilýär. Şahsy gigiýena baradaky giňişleýin maslahatlar we gollanmalar Gadymy Gündogaryň we antik dünýäsiniň lukmanlarynyň ýazan golýazmalarynda saklanyp galypdyr. Bu soraglara Täzeden döreýiş döwründe aýratyn gyzyklanma bildirilip başlanylýar (G. Agrikola – XVI asyrda, B.Ramassini – XVII asyryň başlarynda).

Zähmet lukmançylygy ýa-da «hünär lukmançylyk ylmy», işçileriň hünär şertleri sebäpli döreýän kesellerini öwrenmäge uly üns beripdir. Bu ugurdan öz döwrüniň görnükli alymy Bernardino Ramassini düýpli ylmy barlaglary alyp barypdyr. Ol özüniň «Senetkärleriň keselleri barada» atly düýpli ýazylan işinde (1700ý.) senetkärleriň 60 sany dürli toparynda döreýän hünär kesellerinde zähmetiň şert-

lerini ýazyp beýan edipdir. B. Ramassini diňe bir hünär bilen baglanyşykly keseller barada ýazman, eýsem-de, ol keselleriň sebäplerini zähmetiň şertleri, iş ýeriniň ýaramaz ýagdaýy, işçiniň iş durky we hapalanan howa bilen baglanyşdyrypdyr.

B. Ramassini hünär kesellerini, olaryň döremegine sebäp bolýan täsirlere görä ýerleşişi, gurşawy bilen bagly (tozan, ýokary temperatura, minerallar), işleýiş durky (tikinçi, ädikçi), zäherlenmeler (dermanhanada, aýna senagatynda we başgalar öwrenipdir) ýaly toparlara bölüpdir. Ol näsagyň durmuş we iş şertlerine biparh garaýan lukmanlary ýazgarypdyr hem-de hünäriň işleýän adamyň saglygyna edýän täsiriniň öwrenilmegini nygtapdyr. Onuň «Işçileriň keselleri we öňüni alyş çäreleriniň görkezmeleri» atly kitaby 1847-nji ýylda rus dilinde çykarylypdyr.

Iňlisleriň harby goşunynyň baş lukmany J. Pringl (1707–1782 ý.) harby gigiýenany esaslandyryp, harby ýörişlerde we gospital şertlerinde çüýreme hadysalary bilen baglanyşykly geçýän kesellere garşy çäreleri işläp düzüpdir.

J. Zind (1716–1794 ý.) deňiz gigiýenasynyň, flotda gulluk edýän esgerleriň saglygyny goramagyň düýbüni tutmak bilen, C witamininiň ýetmezçiligi sebäpli ýüze çykýan «singa» keseline garşy göreş çärelerine (iýmitiň düzümine ter gök önümleri girizmek bilen), gämileriň düzümini täze agyz suwy bilen üpjün etmek meselelerine üns beripdir.

XVIII asyryň ahyrlarynda we XIX asyryň başynda H. Gufeland (1798 ý.) hususy gigiýena bagyşlap «Mikrobiotika ýa-da adam ömrüni uzaltmak sungaty» atly eserini, J.P. Frank (1799–1819 ý.) jemgyýet gigiýenasy we saglygy goraýşa bagyşlap «Lukmançylyk polisiýasynyň doly ulgamy» atly alty jiltlik kitabyny ýazypdyrlar.

Gigiýena ylmynyň eksperiment ugrunyň düýbüni tutan nemes alymy, bilimi boýunça himik Maks Pettenkofer (1818–1901 ý.) bolupdyr. Ol gigiýeniki barlaglaryň esasy usullaryny işläp düzüpdir, adam organizmine daşky gurşawyň köpsanly täsirlerini öwrenipdir. Howanyň hapalanmagynyň derejesini kesgitlemek üçin M. Pettenkofer kömürturşynyň konsentrasiýasynyň görkezijisini saýlapdyr, şol esasda ýaşaýyş jaýlarynda howanyň arassalanylmagynyň (wentilýasiýa) ýörelgelerini işläp düzüpdir. Topragyň gigiýenasyna we onuň

öz-özünden arassalanyş hadysasyna bagyşlanan işleri, şäherleriň arassaçylygy we lagym ulgamy boýunça çäreleri esaslandyrmaga ýardam edipdir.

M. Pettenkofer adam organizminde gaz çalşygynyň barlaglaryny özüniň ýasan enjamynda geçirmek bilen, iýmitiň gigiýeniki kadalaryny öwrenmegiň esasyny goýupdyr (bu işleri soňra onuň şägirdi K. Foýt dowam edipdir).

M. Pettenkofer garyn garahassalygynyň we mergi keseliniň ýaýramagynda topragyň suwlarynyň orny baradaky taglymatyny döredipdir. Onuň ylmy barlaglarynyň netijesi şäherleri abadanlaşdyrmagy (agyz suw we lagym ulgamlary bilen üpjün edilmegi, ýaşaýyş jaýlaryny gigiýenik taýdan kämilleşdirmek) esaslandyrmak üçin material bolup hyzmat edipdir. Ol gigiýenaçylaryň iň iri mekdebini döredipdir, soňra ondan belli alymlar K. Foýt, M. Rubner, W. Prausnis ösüp ýetişipdirler. Onuň ylmy barlaghanalarynda görnükli rus gigiýenaçy alymlar A.P. Dobroslawin, F.F. Erisman, W.A. Subbotin, sanitar lukmanlar G.I. Arhangelskiý, I.I. Molleson işläpdirler.

XIX asyryň ikinji ýarymynda XX asyryň başlarynda Ýewropanyň we Russiýanyň iri senagat merkezlerinde we köp ilatly şäherlerinde ilatyň ýaşaýyş şertlerini sagdynlaşdyrmak maksady bilen arassaçylyk çäreleriniň geçirilmegi giňden ýaýbaňlanypdyr. Bu işleriň gurnalmagy gigiýena ylmynyň ösdürilmegini talap edipdir. Mergi keseliniň, garyn garahassalygynyň tükeniksiz epidemiýalary sebäpli hem-de himiýanyň, biologiýanyň, fiziologiýanyň we mikrobiologiýanyň gazanan üstünlikleri gigiýenanyň ösmegine we arassaçylyk çäreleriniň alnyp barylmagyna ýardam beripdir. Görkezilen sebäplere görä arassaçylyk barlaghanalary, gigiýena ylmynyň merkezleri döredilipdir. Russiýanyň ýokary okuw mekdeplerinde XIX asyryň 60–70-nji ýyllarynda adybir kafedralar hereket edip başlapdyr. Bu döwürde Russiýada dünýä belli gigiýenaçy alymlar A.P. Dobroslawin we F.F. Erisman ylmy gigiýenanyň esasy mekdeplerini döredipdirler.

Arkadiý Petrowiç Dobroslawin (1842–1889 ý.) Peterburgda mediko-hirurgiki (1881-nji ýyldan soň harby-lukmançylyk) akademiýasyny tamamlanyndan soňra, 1869-njy ýylda doktorlyk dissertasiýasyny gorapdyr. Ol bu akademiýanyň professory wezipesinde işläp,

düýpli taýýarlyk (fiziologiýa we himiýa kafedralarynda) geçeninden soňra gigiýenadan hünärmen bolupdyr. Daşary ýurtlarda (hususan-da Germaniýada M. Pettenkoferiň ýolbaşçylygynda) sanitar-gigiýeniki barlaglaryň geçiriliş usullary we sanitariýa edaralarynyň işleýşi bilen tanşypdyr hem-de 1871-nji ýyldan başlap ol gigiýena dersini okadyp başlapdyr.

Onuň müdirlik edýän kafedrasynda alnyp barylýan ylmy-barlag işleriniň tematikasy, ilatyň giň köpçüligini gyzyklandyrýan meseläni – daýhanlaryň we şäherli işçileriň iýmitlenişini öwrenmäge we ony gowulandyrmagyň ýollaryny işläp düzmäge bagyşlanypdyr.

A.P. Dobroslawiniň ýolbaşçylygynda rus halkynyň saglygyny goramak jemgyýetinde daýhanlaryň iýmitlenişini öwrenýän topar işläpdir. Ol Peterburgda talyplar we zähmetkeş halk köpçüligi üçin nusgawy jemgyýetçilik naharhanasyny gurnapdyr.

Ol ilatly ýerleriň sagdynlaşdyrylmagynyň we abadanlaşdyrylmagynyň, ilatyň agyz suw üpjünçiliginiň gowulandyrylmagynyň, lagym ulgamynyň döredilmeginiň, ýaşaýyş jaýlarynyň sanitar ýagdaýynyň yzygiderli barlanyp durulmagynyň inisiatory bolupdyr.

A.P. Dobroslawin dezinfeksion enjamlaryň täze gurluşlaryny teklip edipdir, 1874–1884-nji ýyllarda onuň ýolbaşçylygynda «Здоровье» («Saglyk») atly ýörite žurnal çykarylypdyr.

Rus gigiýenaçy alymlaryň arasynda aýratyn görnükli orna mynasyp bolan Fýodor Fýodorowiç Erisman (1842–1915 ý.) öz işlerinde rus gigiýenasynyň öňdebaryjy taraplaryny has aýdyň görkezipdir. Asly şweýsariýaly, Sýurih uniwersitetini tamamlan bu alym, meşhur oftalmolog M. Gorneriň ýolbaşçylygynda hünär taýýarlygyny geçipdir hem-de «Emboliýalar hakynda» temadan dissertasiýa gorapdyr. F.F. Erisman şol döwürde rus emigrantlaryndan bolan Nadežda Suslowa bilen tanşyp, soňra oňa öýlenipdir. N. Suslowa okuwyny tamamlap, lukmançylyk diplomyny alan ilkinji rus zenany (şol döwürde Russiýada lukmançylyk fakultetlerine okuwa zenanlar kabul edilmändir) öz watany Russiýa dolanypdyr, onuň adamsy F.F. Erisman hem onuň bilen göçüp gelipdir we çärýek asyrlap Russiýada ýaşapdyr. Ol ilki bilen Russiýada oftalmolog lukmany wezipesinde işläp, mekdep okuwçylarynda şowakörlügi, soňra bolsa jemgyýet gigiýenasy we arassaçylygyň soraglaryny giňişleýin öwrenipdir. Ol iki ýyllap

M. Pettenkoferiň barlaghanasynda gigiýenany hem-de iýmitlenmegiň fiziologiýasyny, K. Foýtuň barlaghanasynda madda çalşygyny öwrenenden soňra, sanitar-gigiýenik ylmy barlag işlerini dowam etdirmek üçin Russiýa dolanyp gelipdir. Ol Moskwa zemstwasynyň tabşyrygy boýunça, lukmanlar A.W. Pogožew, Ý.M. Dementýew bilen bilelikde, 6 ýylyň dowamynda çuňlaşdyrylan arassaçylyk-gigiýenik barlaglaryny, guberniýanyň çäginde, zawod-fabrikleriň 1080-sinde işçileriň 114000-niň durmuş we zähmet şertlerini, hemmetaraplaýyn öwrenilmegini gurnapdyr. Geçirilen ylmy barlaglar boýunça 19 tomdan ybarat statistik maglumatlar düzülipdir.

F.F. Erisman hünär gigiýenasynyň, iýmit gigiýenasynyň, mekdep gigiýenasynyň («Erismanyň partasy») soraglaryny işläp düzüpdir. Ol jemgyýetçilik gigiýenasynyň esaslaryny öwrenmekde çuň yz galdyran alymdyr.

Ol Peterburgda işlän döwründe «Şowakörlügiň döremeginde mekdebiň täsiri», «Peterburgda ýeriň astyndaky ýaşaýyş mesgenleri barada», «Wýazemskiniň gijeki ýatymlyk öýleri» atly işlerinde antisanitariýa şertlerini, öý eýeleriniň bidüzgünçiliklerini beýan edipdir.

F.F. Erisman «Gigiýena kursy» atly 3 jiltlik düýpli işini 1872–1877-nji ýyllarda ýazyp, onda gigiýenanyň jemgyýetiň ýaşaýyş durmuşyny häsiýetlendirýän ylmyň ugrudygyny açyp görkezipdir. Ol 1877-nji ýylda «Hünär gigiýenasy ýa-da akyl we fiziki zähmetiň gigiýenasy» atly gollanmany çap etdiripdir. Moskwa uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetinde 1868-nji ýylda gigiýena kafedrasyny açmak kararyna gelnipdir, iş ýüzünde bolsa ol 1882-nji ýylda F.F. Erismanyň kafedra müdiri wezipesine saýlanmagy bilen açylypdyr.

Eýýäm XVIII asyryň ikinji ýarymynda şäherleri abadanlaşdyrmagyň çäreleri işlenip başlanypdyr, olaryň sanitar ýagdaýyny gowulandyrmak barada resminamalar çap edilipdir, ýöne bu işler XIX asyryň ilkinji onýyllyklarynda has-da tijendirilipdir.

Işçiler synpynyň talap etmegi boýunça 1832-nji ýylda iňlis parlamenti fabrikleriň ýagdaýyny barlamak barada karar (bill) kabul edipdir hem-de bu işlere ýolbaşçylyk A. Eşliniň toparyna tabşyrylypdyr. Bu toparyň işiniň netijesinde 1833-nji ýylda gijeki işlerde çagalaryň we ýetginjekleriň işledilmegi hem-de gündizine 12 sagada çenli iş wagtynyň gysgaldylmagy boýunça işlere fabriklerde ýörite gözegçi-

lik topary girizilipdir. Bu topara lukman L. Horner hem goşulypdyr. Ol birnäçe barlaglar geçirip, uzaldylan iş gününiň adam organizmine zyýanlydygyny subut edipdir. L. Horneriň talabyna görä, fabriklerde iş şertleriniň ýagdaýynyň öwrenilmegi, işçileriň iýmitleniş we ýaşaýyş gigiýenik şertlerine hem degişli edilipdir.

J. Saýmon (1816–1904 ý.) gigiýena ugrundan görnükli alym, şäherleriň suw we lagym ulgamy bilen üpjünçiligini gowulandyrmaga gönükdirilen «Ýaşaýyş jaýlary baradaky kanunyň» işlenip düzülmegine gatnaşypdyr. Ol epidemiýalara garşy göreş çäreleriniň meýilnamalaryny düzüpdir, olaryň ýerine ýetirilmegi netijesinde öz ýurduny ýokanç keselleriň getirilmeginden goramagy we kesel ojaklarynyň galyndylaryny ýoklamagy amala aşyrypdyr.

J.Saýmon sanitar lukmanlarynyň wezipeleriniň girizilmegini esaslandyrypdyr. Ilkinji bolup, gigiýenik barlaglarynyň ýörite barlaghanalarda geçirilmegini amala aşyrypdyr. Ol ussahanadaky zähmet şertleriniň işçileriň saglygyna edýän täsirini statistik usuldan peýdalanyp öwrenipdir we işçileriň býujetiniň hasaba alynmagy arkaly, olaryň saglygyna edýän täsirini öwrenipdir.

Ol öz şägirtleri bilen geçiren ylmy barlaglary netijesinde ýaşaýyş jaý, iýmit, senagat we jemagat gigiýenasyny esaslandyryp, durmuş gigiýenasynyň meselelerini çözmäge ýakynlaşypdyr.

Rewolýusiýadan öňki döwürde stomatologiýa özboluşly ösüşe eýe bolupdyr. Lukmançylygyň bu ugrundan tejribe toplan P.G. Dauge agyz boşlugynyň sanasiýasynyň başlanmagyna ýol açyp, ony bütin organizmiň sagaldylmagynyň başlangyjynyň usuly diýip belläpdir. A.I.Ýewdokimowa we D.A. Entin giň ýaýran keseliň – paradontozyň patogeneziniň meselelerini öwrenmek boýunça ylmy barlaglar geçirip, bu keseli bejermegiň ulgamyny işläp düzüpdirler. I.G. Lukomskiý dişleriň kariýesine garşy serişde hökmünde ilkinji bolup ftory peýdalanypdyr.

Äň-ýüz hirurgiýasyny esaslandyryjylar bolan A.E. Rauer, A.K. Limberg, N.M. Mihelson we F.M. Hitrow dagylar täsin plastiki operasiýalaryň usullaryny işläp düzüpdirler.

XIX asyrda lukmançylygyň ösmegine uly tebigy ylmy açyşlar öz täsirini ýetiripdir. Bu meselede F. Engels üç sany beýik (öýjügiň,

energiýanyň öwrülmek kanunynyň, daşky organiki dünýäniň ewolýusiýasy) açyşa aýratyn ähmiýet beripdir.

Nemes botanigi M. Şleýden (1804–1881 ý.) we lukman T. Şwann (1810–1882 ý.) köpsanly we uzakmöhletli geçirilen işler esasynda, 1838-nji ýylda ösümlikleriň we haýwanlaryň öýjikleriniň gurluşyny esaslandyrdylar. F. Raspaýal 1824–1825-nji ýyllarda haýwanlaryň we ösümlikleriň öýjük gurluşynyň barlygyny, iňlis botanigi R. Broun öýjügiň ýadrosyny (1830 ý.), rus alymy P. F. Gorýaninow – ösümlikleriň we haýwanlaryň öýjük gurluşyny (1834 ý.) beýan edipdirler.

Meşhur rus alymy M. W. Lomonosow (1748 ý.) hem-de fransuz alymy A. Lawuazýe (1773 ý.) «Energiýanyň öwrülmek kanunyny» öwrenip, ony düşündiripdirler hem-de beýan edipdirler. M. W. Lomonosow «Bir bedenden näçe mukdarda madda aýrylsa, şonça-da beýleki bedene berkidilýär» diýip kesgitlese, A. Lawuazýe «Her bir öwrülme deň mukdarda madda gidişi ýaly gelýär, onuň hili we mukdary üýtgemeýär» diýip, öz gezeginde tassyklapdyr.

Nemes lukmany Ý.R. Maýer (1814–1878 ý.) ýylylygyň mehaniki ekwiwalentini açypdyr we bu açyş energiýanyň saklanma kanunynyň esasyna öwrülipdir. Ol öz gözegçiliginde Ýawa adasynda yssy howa şertlerinde okislenme reaksiýasynyň organizmde haýal geçýänligini we daşyna az ýylylygy berýänligini anyklapdyr. Iňlis fizigi J. Joul eksperimentde R. Maýeriň alan netijelerini tassyklapdyr hem-de ýylylygyň mehaniki ekwiwalentini kesgitläpdir.

Üçünji beýik açyş – organiki dünýäniň ewolýusion ösüşi baradaky taglymatdyr. Iňlis tebigaty öwreniji alym Ç. Darwiniň (1809–1882 ý.) düýpli tebigy ylmy işi bolup, ol «Bigl» gämisinde dünýäniň daşyna aýlanmak boýunça ekspedisiýa gatnaşýar, netijede, ýaşaýan we gazylyp tapylan haýwanlaryň, ösümlikleriň örän köp mukdaryny deňeşdirme material hökmünde toplaýar. Ösümlikleriň täze sortlaryny we haýwanlaryň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek boýunça tejribeden peýdalanyp, emeli seçginiň meselelerini çözmek we köpsanly ösüş baradaky özüniň hemme maglumatlaryny jemläp, biologik görnüşleriň üýtgemegi we olaryň birek-biregi goldamagy baradaky nazaryýeti işläp düzüpdir. Özüniň bu taglymatyny «Görnüşleriň tebigy seçgi esasynda gelip çykyşy ýa-da oňaýly tohumlaryň saklanyl-

magyna ýaşaýyş ugrunda göreş» atly kitabynda (1859ý.) çap edipdir. Ç. Darwin biologik görnüşleriň üýtgemegi, gyşarma alamatlaryny seçip almak çyzygyndan nesle geçýänligini anyklapdyr. Ol tebigy seçginiň tebigatda tötänleýin geçýänligini, diri jandarlaryň daşky gurşawyň şertlerine görä kanunalaýyk hereketdedigini ýüze çykarypdyr.

## 7.4. Immunologiýanyň, wirusologiýanyň, mikrobiologiýanyň gazananlary

XIX asyryň fiziologiýasynyň görnükli wekili Klod Bernar (1813–1873 ý.) ajaýyp eksperiment geçiriji alym bolup, lukmançylygy, fiziologiýany we patologiýany bütewi bir taglymata jemlemegiň meselesini öz öňünde goýupdyr. «Eksperiment geçirýän lukman geljegiň lukmanydyr» diýen jümläni hem Klod Bernar aýdypdyr. Onuň «Eksperimental patologiýadan K. Bernaryň beýanlary» atly eseri Russiýada giňden öwrenilipdir.

Ol ilkinji bolup «nerwizm» adalgasyny girizipdir hem-de «hemme organlar we funksiýalar nerw ulgamynyň gözegçiliginde bolýarlar» diýip hasaplapdyr. K. Bernar wegetatiw nerw ulgamyny has jikme-jik öwrenipdir we onuň damarlary hereketlendiriş işini, bagryň işleýşinde glikogeniň ornuny kesgitläpdir hem-de garyn-içege ulgamynda bolup geçýän esasy hadysalary seljeripdir.

Klod Bernar ady belli fransuz fiziology, ajaýyp eksperimentçi alym F. Mažandiniň şägirdi bolup, wiwiseksiýany eksperiment geçireninde sungat derejesinde ösdüripdir. Onuň barlaghanasy ýewropaly fiziologlaryň, patologlaryň we alym-lukmanlaryň (klinisistleriň) ünsüni özüne çekipdir, bu laboratoriýada rus alymlary I.M. Seçenow, S.P.Botkin, I.P. Tarhanow we beýlekiler işläpdirler. Ol organizmiň agzalarynyň işleýän pursady şire bölüp çykarmagynyň fiziologik mehanizmini jikme-jik öwrenipdir hem-de tüýküligiň, aşgazan şiresiniň we aşgazanasty mäziň gizlin syrlaryny sagdyn we näsag organizmlerde öwrenip, olaryň iýmit siňdirmekdäki ähmiýetini kesgitläpdir. K. Bernar kelle beýnisiniň IV garynjygyna sanjym edilmeginden soňra peşewde süýjiniň peýda bolýandygynyň esasynda, kelle beýnisinde uglewod çalşygyny sazlaşdyryjy merkeziň bardygyny eksperimental subut edipdir hem-de süýjüli diabet keseliniň patogeneziniň nazaryýetini işläp düzüpdir.

Materialistik dünýägaraýşyň we ylmyň tejribe geçirilýän ugurlary lukmançylygyň birnäçe täze pudaklarynyň ösmegine ýardam edipdir, ylaýta-da, ol täze özbaşdak ylmy ugruň – patologik anatomiýanyň döremegine degişli bolupdyr.

Ady belli wenaly patolog Karl Rokitanskiý (1804–1878 ý.) Wena uniwersitetiniň professory, patologik anatomiýanyň ösmegine goşantly alym bolupdyr. Ol öz döwrüniň amalynda mälim bolan ähli kesellerden ýogalan näsaglaryň jesetlerinde 30 000 autopsiýa geçiripdir we örän baý tejribe hem-de hakyky ylmy barlag materialyny toplapdyr. Ol toplan örän baý patomorfologik materiallaryny ulanyp «Patologik anatomiýa boýunça gollanma» (1841–1846 ý.) atly fundamental ylmy işini ýazypdyr hem-de özüniň çeken irginsiz amaly tejribesi esasynda, jesedi kesip barlamagy örän ýokary kämillik derejesine ýetiripdir. K. Rokitanskiniň bu işine baha beren, görnükli patolog R. Wirhow ony «Patologik anatomiýanyň Linneýi» diýip atlandyrypdyr. Onuň bu işinde patologik üýtgemeleriň makro we mikroskopik barlaglarynyň biri-biri bilen baglanyşykly alnyp barylmagy, patologik anatomiýada öňe tarap ädilen ädim bolupdyr.

Onuň ylmy dünýägaraýşynyň nazaryýet binýady gumoral düşünjelere esaslanyp, öz gözbaşyny Gippokratyň döwründen alyp gaýdypdyr. Ol Gippokratyň peýdalanan «krizler» we «diskraziýalar» adalgalaryny dikeldipdir.

K. Rokitanskiý her bir kesele umumy organizmiň hadysasy, ýagny onuň tutuş reaksiýasy hökmünde garapdyr, ýerli ýüze çykýan üýtgemeleri bolsa umumy keseliň ýüze çykyşy diýip hasaplapdyr. Ýöne XIX asyryň ortalarynda organizmiň gurluşynyň öýjük nazaryýetiniň ösdürilmegi we fiziologiýa ylmynyň gazanan üstünlikleri, keselleriň döreýiş hadysasynyň öwrenilip başlanylmagy netijesinde, K. Rokitanskiniň keselleriň patogenezi baradaky ylmy garaýyşlary ol döwrüň bildirýän talaplaryny ödäp bilmändir.

Patologik anatomiýanyň ösdürilmeginde we kämilleşdirilmeginde, belli fiziolog we patolog I. Mýulleriň şägirdi, 1821–1902-nji ýyllarda ýaşap geçen Rudolf Wirhow täzeçe itergi beripdir. Ol öz ylmy barlaglarynda mikroskopiýa usulyny ulanypdyr hem-de ony islendik keseliň patologik anatomiýasyny öwrenmegiň şerti hasaplapdyr. Ol kesellerde bolup geçýän köpçülikleýin üýtgeşmelerde we

olaryň öýjüklerinde ýüze çykýan öwrülişikleri, kesel hadysalaryny anyklamak üçin esas diýip kabul edipdir. Onuň ylmy taglymatyndaky (hemmelere mälim bolan «sellýulýar» – öýjükler nazaryýeti) esasy pikir – hemme patologik hadysalar diňe öýjükde bolup geçýär diýen ylmy garaýyş bilen baglanyşyklydyr.

Ol özüniň ylmy garaýyşlaryny ilkinji gezek 1855-nji ýylda «Sellýulýar patologiýa» atly ylmy makalasynda beýan edipdir, soňra bolsa 1858-nji ýylda çap edilen «Dokumalaryň fiziologiýa taglymatyna esaslanýan sellýulýar patologiýasy» atly kitabynda ýazypdyr. Ol bu işinde «Islendik öýjük öýjükden emele gelýär, öýjükleriň kadasyz işiniň netijesi dürli keselleriň gözbaşydyr. ...Hemme patologiýalar öýjügiň patologiýasydyr» diýip ýazypdyr. Onuň öz döwründe Ç. Darwiniň ewolýusion nazaryýetine garşy aç-açan çykyş edenligi mälimdir.

Köp alymlar R. Wirhowyň nazaryýetiniň çäklenmekde we birtaraplaýynlykda iň gyraky orny eýeleýändigini turuwbaşdan görüpdirler. Onuň şeýledigini dünýä belli rus alymlary N.I. Pirogow, M.M. Rudnew, N.P.Iwanowskiý, S.P. Botkin we beýlekiler belläpdirler.

K. Wirhowyň öz şahsyýeti we onuň sellýulýar nazaryýeti örän çylşyrymly ykbaly başdan geçiripdir we häzirki döwürde ol taryhyň gatlarynda saklanyp galdy, olar lukmanlaryň geljekki nesilleri tarapyndan ýatlanylmaga mynasypdyr.

Nemes barlagçysy P. Erlih (1854–1915 ý.) antitoksik syworotkalaryň işjeňligini kesgitlemegiň usullaryny işläp düzüpdir. Probirkada antigen-antitela reaksiýasyny öwrenip, gapdala ösýän zynjyrlaryň nazaryýetini esaslandyrypdyr hem-de immunologiýa ylmynyň ösmegine saldamly goşant goşupdyr.

P. Erlih 1891-nji ýylda derman serişdesiniň organizmde kesel döredijä täsir edip biljekdigi baradaky pikirini aýdypdyr. Ol maddanyň edýän täsiriniň öýjügiň funksiýasynyň şerti bolup, olaryň öýjügiň protoplazmasynyň ýaşaýşy üçin iň wajyp düzümleri bilen baglaşyp bilmek başarnygyna baglydygy hem-de organizme düşýän maddalara saýlama duýgurlygynyň bolýanlygy baradaky netijä gelipdir.

Ol ömrüniň dowamynda birnäçe himiki preparatlary, 1907-nji ýylda bolsa merezýel keseline garşy ulanylýan «salwarsan» derman serişdesini amaly lukmançylyga girizipdir.

Himioterapiýanyň lukmançylyk amalynda ulanylyş taryhynda iň uly açyşlaryň biri 1934–1935-nji ýyllarda nemes alymy G. Domagk tarapyndan edilipdir. Ol koklar tarapyndan döredilýän bakterial ýokançlara garşy ýokary netijeli derman serişdesini – prontozili (streptosidi) lukmançylyk amalyna ornaşdyrypdyr.

Iňlis mikrobiology A. Fleming (1881–1955 ý.) tarapyndan edilen açyş dürli bakterial ýokançlary bejermekde örän ajaýyp waka bolupdyr. Ol 1922-nji ýylda antibakterial ferment lizosimi ýazyp beýan edipdir. Lizosim ilkinji gezek rus alymy P.N. Laşenkow tarapyndan bölünip alnypdyr. Lizosimi öwrenmek boýunça barlaglaryny dowam edip, 1929-njy ýylda A. Fleming ýaşyl reňkli heňleriň (*Penisillium notatum*) antibiotik serişdäni bölüp çykarýandygyny, olaryň bolsa köp dürli bakteriýalaryň ösüşini togtadýandygyny ýüze çykarypdyr. Bu täze maddany ol «penisillin» diýip atlandyrypdyr. Penisilliniň arassalanan we durnukly görnüşini almagy patolog we mikrobiolog G. Flori we himik E. Çeýn tarapyndan ýolbaşçylyk edilen oksfordly alymlar toparyna başardypdyr (1941 ý.).

Lui Paster (1822–1895 ý.) fransuz alymy, doktorlyk dissertasiýasyny gorap (1848 ý.), Strasburg uniwersitetinde, Lillde hemde Pariž uniwersitetiniň ýokary kadaly mekdebinde professor bolup işläpdir, öz adyny göterýän instituty (1888 ý.) esaslandyryp, onuň direktory bolupdyr. Ol çakyr öndürýän kompaniýalaryň talapnamasy boýunça 1857-nji ýylda mikroskopiýa barlaglaryny geçirip, çakyryň zaýalanmagynyň sebäbiniň mikroblaryň we bakteriýalaryň täsiri zerarlydygyny, onuň düzüminde bolup geçýän biohimiki özgerişleriň netijesidigini anyklapdyr.



**51-nji surat. Lui Paster (1822–1895)**

L.Pasteriň mikroorganizmleriň häsiýetlerini öwrenmek boýunça geçiren

işleri çakyryň we piwonyň kesellemeginiň öňüniň alynmagyna getiripdir, ol pasterizasiýa üsti bilen çakyryň we piwonyň «turşamagynyň» öňüni alyş usulyny girizipdir.

Ol ýüpek gurçuklarynyň (1865 ý.) kesellerini, goýunlarda sibir başy (ot başy) keseliniň, towuklarda mergi keseliniň sebäplerini öwrenip, onuň mikrob tebigatynyň bardygyny ýüze çykarypdyr. Ol ýokary temperaturanyň täsir etmegi we guratmak netijesinde, kesel döredijileriň wirulentliginiň peselýändigini ýa-da ýitýändigini anyklapdyr.

Şu esasda ol waksinalaryň taýýarlanyş usulyny işläp düzüpdir hem-de 1881-nji ýylda sibir başy keseline garşy, 1885-nji ýylda bolsa, guduzlama keseline garşy waksinalary taýýarlapdyr.

L. Pasterden soňra mikrobiologiýa bilen dünýäniň köp alymlary meşgullanypdyrlar. Olaryň içinde görnükli orny nemes lukmany Robert Koh (1843–1910 ý.) eýeleýär. Ol sibir başy keselini öwrenmek bilen meşgullanýarka (1876 ý.), näsagdan kesel dörediji mikroby tapyp bilmändir, şol tejribelerinde kesel dörediji mikroblaryň barlygyny bilipdir, ýöne olaryň başga formalarda bolmagynyň mümkindigi barada netijä gelipdir. Şeýlelik bilen, mikroblaryň spora görnüşe geçip, olaryň garşylyk görkeziji häsiýetiniň ýokarlanýanlygynyň üstüni açypdyr.

Mikroskopiýa barlag usulyny kämilleşdirmek bilen, gaty iýmitlendiriş gurşawlary ulanyp, mikroblary anilin reňkleri bilen boýaglap, ýagjymak immersiýany we Abbeniň kondensoryny peýdalanyp, R. Koh 1882-nji ýylda inçekeseli dörediji taýajygy açypdyr, soňra bu kesel döredijä «Kohuň taýajygy» diýip at berlipdir. Ol 1883-nji ýylda bolsa holeranyň wibrionyny açypdyr. Ol öz döwründe ummasyz eksperimental material toplap, ýokanç (infeksion) hadysanyň umumy ýörelgesini (taglymatyny) düzmäge synanyşypdyr. Ol, esasan, üç ýagdaýa getirilipdir we «Kohuň üçlügi» ady bilen meşhurlyga eýe bolupdyr:

1. Hemme ýokanç kesellerde kesel dörediji niň hökman tapylmagy;
2. Dörediji niň arassa ştamlarynyň bölünip çykarylmagy;
3. Mikrobyň kulturasyny sanjym etmek bilen haýwanlarda şol keseliň döredilmegi.

R. Koh esasy ünsi patologik hadysalarda mikroorganizmlere berip, organizmiň ýagdaýyny we onuň durmuş şertlerini, reaksiýasyny ünsden düşüripdir. Ol 1890-njy ýylda inçekesel taýajygynyň toksinini (tuberkulin) inçekeseli bejermäge ulanyp başlapdyr, ýöne ol bejeriş usuly hökmünde ulanylmandyr.



**52-nji surat. Robert Koh (1843–1910)**

XIX asyrda we XX asyryň başlarynda hirurgiýa ylmy uly ösüşlere eýe bolupdyr. Şol döwürler uniwersitetleriň lukmançylyk fakultetlerinde lukman-hirurglary taýýarlamak ýola goýlupdyr, görnükli hirurglar tarapyndan (Ž. Larreý, G. Dýupýutren, K. Grefe, I. Diffenbah we başgalar) hirurgiýa ussatlygy has ýokary derejä göterilipdir, çalasynlykda operasiýa sungatynda üstünlikler gazanylypdyr. Ýöne hirurgiýanyň ösüş depgini haýal bolupdyr. Bu ugurda üç sany meseläni: agyrysyzlandyrmagy, ýarany arassa saklamagy – iriňlemegine ýol bermezligi we operasiýa geçirilende gansyzlandyrmagy çözmeli bolupdyr.

Operasiýadan soňky ýaralaryň iriňlemegi bilen göreşde ýeňmek diňe L. Pasteriň kesel dörediji mikroblar baradaky ylmy işlerinden mümkin boldy.

Ignas Filipp Zemmelweýs (1818–1865 ý.) – meşhur wenger akuşer-ginekologydyr. Onuň ylmy işleri hirurglaryň we akuşerleriň «duşmany» bolan dogum gyzzyrmasyny öwrenmäge gönükdirilipdir. Ol dogum döwründe keseliň ýokuşmagynyň, lukmanyň şu keselli näsaglar bilen galtaşmagy hem-de dezinfeksiýa edilmedik gurallary we eli arkaly bolýandygyny subut edipdir.

Dezinfeksiýa etmek maksady bilen Zemmelweýs akuşerçilik klinikasynda hlor suwuny ulanmaga başlapdyr we çaga dogran aýallaryň arasynda ýüze çykýan ölümçiligiň ep-esli azalmagyny gazanypdyr.

Zemmelweýsiň garşysyna lukmanlaryň köpüsi çykyş edip, onuň işlerine garşy bolupdyrlar, olaryň arasynda Wirhow hem bolupdyr, şeýle ýagdaý Jozef Lister (1827–1912 ý.) dogrumdan soňky sepsisiň tebigatyny anyklaýança dowam edipdir. J. Lister lukmançylyk amaly-

na antiseptika usulyny girizipdir, özi hem L. Pasteriň ylmy açyşyny asla peýdalanmandyr. Ol keselleriň çeşmesiniň howadaky bakteriýalardygyny tassyklapdyr. Özüniň gözegçiliklerini we açyşyny «Hirurgiýa amalynda antiseptika ýörelgesi» (1867 ý.) atly kitabynda umumylaşdyrypdyr. Iriň döredijі mikroorganizmleriň garşysyna Lister karbol kislotasyny (daňy, ýaranyň içine tampon görnüşinde, pürkmek we başgalar) ulanyp başlapdyr. Şeýlelikde, J. Listere antiseptika boýunça ideýalar we işler däl-de, eýsem, aseptika baradaky pikirler hem degişlidir. Iňlis hirurgy Jozef Lister öz näsaglarynda kliniki gözegçilikleriniň esasynda 1865-nji ýylda karbol kislotasyny ýaralaryň iriňlemegine garşy ulananlygy barada ilkinji bolup habar beripdir. Iriňleme hadysasynda mikrobyň orny kesgitlenilmänkä hem şeýle synanyşyklar (J. W. Buýalskiý we N. I. Pirogow hlor hekiniň erginini, ýoduň spirtli erginini teklip etseler, bostonly lukman W. Houms 1843-nji ýylda hirurgyň elini hlorly suw bilen ýuwmagyny we eşiklerini çalyşmagyny ulanypdyr) bolupdyr. Ýöne ol usullar hirurglar tarapyndan uly goldaw tapmandyr hem-de käbir ýagdaýlarda örän seýrek ulanylypdyr.

Antiseptikanyň we aseptikanyň girizilmegi hirurgiýada täze uly üstünlikleriň biri bolupdyr. Şol döwürden başlap hirurgiki kesellerde operasiýadan soňky ölümçilik örän azalypdyr. Hirurgik gurallar we enjamlar (gysgyçlar, žgut) operasiýa geçirilýän meýdanda gansyzlandyrmak we gan akmalary duruzmak meselesini çözüpdir.

Şeýle üstünlikler esasynda XIX asyryň ortalaryndan başlap hirurgiýa, aýratyn hem, garyn boşlugyndaky operasiýalary geçirmek ýokary depginler bilen ösdürilipdir. Birnäçe ylmy hirurgiýa mekdepleri guralypdyr.

Antiseptikadan öňki, bir tarapdan, antiseptikanyň we aseptikanyň aralygynda, beýleki tarapdan, iň iri mekdepleriň biri – nemes hirurgiýa mekdebine B. Langenbek (1810–1887 ý) ýolbaşçylyk edipdir, ondan görnükli hirurglar ýetişip, T. Bilrot, F. Esmarh we onuň şägirtleri Ý. Mikuliç, E. Bergman öz gezeginde iri mekdeplere ýolbaşçylyk edipdirler.

B. Langenbek onlarça operasiýalary işläp düzüpdir, olaryň 21-si öz adyny göterýär (bogunlaryň rezeksiýasy, ýüzde we agyz boşlugynyň

plastiki operasiýalary, agzyň rezeksiýasy we başgalar). Onuň şägirdi Teodor Bilrot (1829–1894 ý.) Sýurih we Wena uniwersitetleriniň professory, «Bilrot-I» we «Bilrot-II» operasiýalary bilen tanalýan tanymal hirurg beýlekilerden tapawutlanypdyr. Ol öz döwründe täze hirurgik operasiýalaryň giden hataryny (pilorostomiýa, köriçegäniň bejerilişi, holesistomiýa, pilorotomiýa, gyzylödegiň reseksiýasy, prostatektomiýa, dilde we bagyrda we başgalar) işläp düzüpdir. T. Bilrotdan soňra Günbataryň hirurgiýasy öz ösüş ýoluna düşüpdir. Onuň şägirdi Teodor Koher (1841–1917 ý.) Şweýsariýada endemik zob keselini öwreniji hökmünde tanalypdyr. Ol zob keselini hirurgik ýol bilen bejermek boýunça birnäçe operasiýalary işläp düzüpdir, bu keselde ýody ulanypdyr, onuň operasiýasy üçin hirurgik gurallary ýasapdyr.

T. Bilrotyň şägirdi, polýak hirurgy Ý. Mikuliç (1850–1905 ý.) hem operasiýalary antiseptik we aseptik usullary ulanyp geçiripdir. Ol inçekeseli hirurgiýa usuly bilen bejermegi işläp düzüpdir, garyn boşlugyny drenirlemegi girizipdir, torakoplastikany we aşgazanyň kardioplastikasyny, aşgazanyň rezeksiýasynyň modifikasiýasyny, göni içegäniň we sigma görnüşli içegäniň rezeksiýasyny hirurgiýa amalyna girizipdir. Rus hirurgy W. D. Wladimirow bilen bir wagtda ol dabanyň osteoplastiki rezeksiýa operasiýasyny işläp düzüpdir. Ý. Mikuliç ezofagoskopiýany we gastroskopiýany geçirmegiň döwrüne görä usulyýetini işläp düzüpdir.

Fransuz hirurgy Ž. Pean (1830–1898 ý.) garyn boşlugynyň we aýallaryň jyns agzalarynyň hirurgiýasynyň ösmegine görnükli goşant goşupdyr.

XIX asyryň ahyrynda fizika boýunça edilen ajaýyp üstünlikleriň netijesinde, dürli keselleriň bejerilmeginde we anyklanylmagynda uly rol oýnan, lukmançylygyň täze ugry öz ösüş ýoluna düşüpdir. Ol nemes fizigi W. K. Rentgeniň (1845–1923 ý.) şöhleleriň (iks-şöhle) täze görnüşiniň 1895-nji ýylyň 8-nji noýabrynda açylmagy bilen bagly bolup, alymlar ony öz aralarynda rentgen şöhleleri diýip atlandyrypdyrlar. W.K. Rentgen ilkinji bolup adam bedeniniň şöhlelendirilmeginiň ähmiýetine ünsi çekipdir.

Fransuz fizigi A. A. Bekkerel (1852–1908 ý.) hem 1895-nji ýylda düzüminde uranyň duzuny saklaýan minerallaryň özünden, öz fi-

ziki häsiýetlerine görä rentgen şöhlelerine meňzeş şöhlelenýändigini açypdyr (tebigy radioişjeňlik).

Käbir keselleri anyklamak we bejermek meselesinde är-aýal P. Kýuriniň we M. Skladowskaýa-Kýuriniň geçiren ylmy işleri wajyp ähmiýete eýedir. P. Kýuri (1859–1906 ý.) radioişjeňlik hadysasyny öwrenip, 1903-nji ýylda uranyň duzlarynyň öz-özünden ýylylyk bölüp çykarýandygyny anyklapdyr we M. Skladowskaýa-Kýuri bilen bilelikde radioaktiw şöhleleriň organizmleriň öýjüklerinde üýtgemeler döredýändigini hem-de radioaktiw dargama hadysasynyň daşky gurşawyň şertlerine bagly bolman geçýändigini kesgitläpdirler.

M. Skladowskaýa-Kýuri 1910-njy ýylda radiniň himiki arassa duzuny alypdyr, onuň udel agramyny, dargama döwrüni, radioaktiw şöhlelenmesinde alfa-beta we gamma şöhleleriň hem-de onuň ionlaşdyrma täsiriniň bardygyny kesgitläpdir.

M. Skladowskaýa-Kýuri we Pýer Kýuri hem-de A. Bekkerel bu ylmy açyşlary üçin Nobel baýragyna mynasyp bolupdyrlar. Mariýa Kýuri bolsa adamsy ýogalandan soň hem barlaglary dowam edipdir we ikinji gezek Nobel baýragyna (alym Polling bilen, askorbin turşusyny öwrenendikleri üçin) mynasyp bolupdyr.

Kýuriler dinastiýasynyň ikinji nesline degişli alymlar – är-aýal F. Žolio-Kýuri (1900–1958 ý.) we I. Žolio-Kýuri (1897–1956 ý.) emeli radioaktiwlik hadysasyny 1934-nji ýylda açypdyrlar we emeli radioaktiw izotoplaryň belgilenen atomlarynyň kömegi bilen dürli hadysalary barlamagyň ýollaryny öwrenipdirler. Bu ajaýyp açyşlar rentgenologiýanyň, radiobiologiýanyň we beýleki dersleriň döremegine ýardam etdiler.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda pediatriýanyň (sagdyn çaga we onuň keselleri, çagalaryň saglygyny goramak boýunça çäreler baradaky ylym) ösüşiniň täze tapgyry başlapdyr.

Zähmetkeşleriň ýaşaýyş derejesiniň peselmegi çaga dogurmagyň azalmagyna täsir edipdir, çaga ölüminiň artmagy bolsa ilatyň ösmeginiň meselelerini has-da çuňlaşdyrypdyr. Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynda täze çaga hassahanalary açylypdyr, ýaňy doglan bäbekler üçin bölümler we hassahanalar gurnalypdyr. Germaniýada 1902-nji ýylda Çaga ölümi bilen göreş Ligasy döredilipdir, 1909-njy ýylda bolsa Berlinde institut açylypdyr. Berlinde 1911-nji ýylda Bäbekleriň

saglygyny goramak boýunça ilkinji halkara kongresi geçirilipdir. Şol döwürde pediatriýa boýunça gollanmalar çap edilip başlanylypdyr.

Bu ugurda uly hyzmat bitiren alymlaryň arasynda nemes pediatry A.Çerni (1863–1941 ý.) öwgä mynasypdyr. Onuň ylmy işleri çagalarda madda çalşygyna we iýmit siňdiriş fiziologiýasyna hem-de patologiýasyna degişli bolupdyr. Ol «iýmitlenmegiň bozulmagy» adalgasyny girizipdir, olaryň toparlanmasyny we ekssudatiw diateziň klinikasyny işläp düzüpdir.

Pediatriýanyň ösmeginde görnükli orny nemes pediatry L. Langşten (1876 ý.) eýeläpdir. Ol 1911-nji ýyldan başlap Berlindäki irki çaga ölümçiligi bilen göreş institutyna ýolbaşçylyk edipdir. Ýurt başyna faşistleriň gelmegi bilen, ol ABŞ göçmäge mejbur bolupdyr. Onuň iň wajyp ylmy işleri dem alyş ýollarynyň, ýürek we peşew-jyns agzalarynyň kesellerini öwrenmäge bagyşlanypdyr.

Fransuz pediatriýasynyň düýbüni tutujylaryň biri A. Marfan (1852–1942 ý.) bolup, ol pediatriýanyň ähli wajyp ugurlaryny we bölümlerini, aýratyn hem, çaganyň inçekeseline garşy göreş soraglaryny işläp düzüpdir. Ol taşlanan we ýetim çagalary goramagy, täze doglan bäbekler üçin maslahat bermegi hem-de çagalary inçekeselden goraýan edaralary we «Süýt damjasy» jemgyýetini guramaga gatnaşypdyr.

Çagalarda ýokanç patologiýany öwrenmekde görnükli orun awstraliýaly patolog we pediatr K. Pirkä (1874–1929 ý.) degişlidir. Onuň ylmy işleri çagalarda syworotka keselini, allergik hadysalary we inçekeseli öwrenmäge bagyşlanypdyr. K. Pirke 1907-nji ýylda inçekeseli anyklamak üçin deri reaksiýasyny işläp düzüpdir. Ol çaga bedeniniň semizlik kadalaryny kesgitlemegiň usulynyň awtorydyr.

Germaniýada iri pediatriýa mekdebini dörediji M. Pfaundler (1872–1947 ý.) diatezler we olaryň döremeginde nesle geçijiligiň orny barada ylmy taglymaty işläp düzüpdir. Ol A. Şlossman bilen bilelikde pediatriýa boýunça 5 jiltlik gollanma ýazypdyr. Gollanma pediatriýada ylmy garaýyşlaryň kemala gelmegine täsirini ýetirip gelipdir.

Pediatriýanyň ösmeginde fin alymy A. Ilppeniň (1887 ý.) ady görnükli orny eýeleýär. Ol wagtyndan öň doglan bäbekleriň fiziologik we çagalarda keselleriň geçiş aýratynlyklaryny, olaryň öňüni alyş çäre-

lerini öwrenipdir. A. Ilppe wagtyndan öň doglan çagalarda iýmit we ýylylyk düzgünlerini döretmek hem-de ol çagalaryň diri galmagyny üpjün edýän çäreleriň birnäçesini işläp düzüpdir. Onuň düzen taslamasy boýunça 1946-njy ýylda Helsinkide has gowy enjamlaşdyrylan çagalar hassahanasy döredilipdir.

Russiýada pediatriýa ylmynyň ösmeginde N. P. Gundobiniň we N. F. Filatowyň hyzmatlarynyň ägirtdigini belläp geçmek örän ýerliklidir. Pediatr N. P. Gundobin (1860–1918 ý.) pediatriýada S. P. Botkiniň ylmy ugruna meňzeş ýoly saýlap alypdyr. Ol güýçli klinisist, eksperimentator, anatom we fiziolog bolup, çaga organizminiň anatomik we fiziologik aýratynlyklaryny öwrenmäge köp üns beripdir. Onuň ýolbaşçylygynda uly kollektiwleýin «Çagalyk döwrüniň aýratynlygy – çaga kesellerini öwrenmek üçin esasy faktlar» (1905 ý.) atly işiň ýazylmagyna 50-den gowrak alymlaryň we amaly lukmanlaryň gatnaşmagynda, kliniki pediatriýanyň tebigy ylmy esaslary (anatomiýasy, fiziologiýasy, biohimiýasy we başgalar) işlenilip düzülipdir.

Russiýada çaga keselleri baradaky taglymatyň iň iri wekili, rus pediatriýa mekdebini dörediji, pediatriýany ajaýyp gollanmalar we köpsanly ylmy işler bilen baýlaşdyran beýik alym Nil Fýodorowiç Filatow (1847–1902 ý.) bolup, ol Moskwa uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetini tamamlap, 1876-njy ýylda «Bronhitiň ýiti kataral pnewmoniýa degişliligi barada» atly temadan doktorlyk dissertasiýasyny gorapdyr. Özüniň 25 ýyl ylymda we pediatriýada işlän döwründe skarlatinanyň, gyzyljanyň, gyzzyrmanyň ýapyk görnüşini ilkinji bolup ýazyp beýan edipdir, ýiti ýokanç keseller bolan gyzamygy, difteriýany, garamygy içgin öwrenipdir. Gyzamyk keselinde ol agyz boşlugynda menekler, ýagny «Filatowyň-Kopligiň menegi» diýlip atlandyrylan alamaty ýazyp beýan edipdir. Filatowyň ýazan «Ýiti ýokanç keseller barada beýanlar» (1885 ý.), «Semiotika we çaga keselleriniň anyklanylyşy» (1890 ý.) hem-de meşhur bolan «Kliniki beýanlar» (1881–1902 ý.) we «Çaga keselleriniň okuw kitaby» (1893–1922 ý.) ýaly gollanmalary we okuw kitaplary giňden ykrar edilipdir. Olar boýunça çaga lukmanlarynyň köp nesilleri terbiýelenipdir. Onuň şägirtlerinden W. M. Molçanow we G. N. Speranskiý aýratyn belli bolupdyrlar. XIX asyryň birinji ýarymynda Russiýa üçin kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegi we feodal jemgyýetçilik gurluşynyň dargamagy häsiýetli bolupdyr. Halkara söw-

da ösüşe eýe bolup, rus oba hojalyk harytlary (galla, agaç, deri we başgalar) Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň bazarlaryna çykarylypdyr. Senagatyň ösmegi, täze ýerleriň özleşdirilmegi we ilatyň sanynyň artmagy hünärmenlere bolan islegiň artmagyna getiripdir. Düzüminde birnäçe täze lukmançylyk fakultetleri bolan uniwersitetler Derptde (1802 ý.), Wilnada (1803 ý.), Kazanda (1804 ý.), Harkowda (1805 ý.) we Kiýewde (1833 ý.) açylypdyr.

Bu döwürde rus terapiýasynyň görnükli wekili, Moskwa uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetiniň professory Matweý Ýakowlewiç Mudrow (1776–1831 ý.) döredijilikli zähmet çekipdir. Ol organizmiň bitewüligi baradaky gözýetim esasynda daşky gurşawyň we organizmiň baglanyşygyny hem-de daşky gurşawyň keselleriň döremegindäki täsirini nazara alyp, iç keselleri baradaky taglymaty düzüpdir.

Ony «Rus iç keselleri klinikasynyň aýnasy» diýip atlandyrypdyrlar, ol Moskwa uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetiniň dekany bolupdyr, ol işde we durmuşda uniwersitetiň, öz şägirtleriniň gündelik aladalary bilen ýaşapdyr, hatda mergi keseline garşy göreşe meýletin gatnaşyp, gahrymanlarça ýogalypdyr.

M. Ý. Mudrow ylmy we jemgyýetçilik gözýetimlerini Moskwa uniwersitetinde geçirilen birnäçe dabaraly mejlislerde eden çykyşlarynda beýan edipdir. Onuň ylmy garaýyşlary barada doly maglumat «Näsaglaryň düşeginde lukmançylyk işiniň sungatyny ýa-da amaly lukmançylygy öwrenmek we öwretmegiň usuly barada söz» (1820 ý.) atly çykyşynda berlipdir. Ol öz çykyşynda näsaglary bejermegiň meýilnamasyny beýan edip, birnäçe teklipleri öňe sürüpdir, soňra bolsa olar aforizmlere öwrülipdir.

«Keseliň diňe özüni bejermeli hem däl, eger onuň bölegini we adyny tapmasaň, keseliň sebäbini hem bejermeli däl, eger onuň sebäbi näsaga we onuň daşyndakylara mälim bolmasa, diňe näsagyň özüni, onuň düzümini, onuň organyny, onuň güýjüni bejermelidiris!». Ol «şol bir kesel, iki dürli näsagda dürli bejeriş ýoluny talap edýär» diýip, aýratynlykdaky bejergini nygtapdyr.

Ol näsag bilen lukmanyň ynsanperwer gatnaşyklaryna aýratyn uly ähmiýet berip, lukmançylykda etikanyň soraglaryny dogry talap etmegi başarypdyr we öz şägirtlerine, lukmanlara we talyplara «Öz ýakynyňa bolan söýgüden başlap, men özüme diňe lukmançylyk

hoşniýetliligi bilen, ondan gelip çykýan ähli beýlekilere uýmalydyryn, esasan hem, hyzmata taýyn bolmak, islendik wagt kömek bermäge taýýar bolmak, gije-de, gündiz hem, salamly bolup, özüňe gorkaklary we batyrgaýlary çekiji bolmak, garyplara we çet ýurtlulara şepagatly bolmak, näsagyň bidüzgünçiligine geçirimli bolmak, gürrüňdeşlikde diňe gerekli we peýdaly zatlary aýtmak, her bir ýagdaýda-da sada we haýaly bolmak, iýmite aramly garamak, näsagda howply ýagdaý döräninde ýüzüň rahatlygyny we erkiňi ýitirmezlik, kimden eşidenligiňe garamazdan, dogry maslahaty göwünjeň kabul etmek, gülküsiz, şadyýan bolmak we maşgalada dörän oňaýsyzlygy oýna ýazdyrmagy başarmak, zyýanly maslahaty we teklibi ynandyryjylykly ret etmek, adatlardan we köre-körlükden daşda durmak, akylly-başly bolmak...» ýaly öz maslahatlaryny beripdir.

M. Ý. Mudrow keselleriň öňüni almak barada, kesgitli hem bolmasa agzap geçip, «Adamlaryň saglygyny eliňe alyp, olary howp salýan we nesilden-nesle geçýän kesellerden gorasaň, olara gerekli bolan sagdyn durmuş ýörelgesini hödürleseň, dogruçyllyk we lukmana rahatlyk bolar» diýip belläpdir. Ol ruhy ýagdaýyň täsiriniň ähmiýetini anyklap, onuň kelle beýnisiniň işidigine oňat düşünipdir we «göwün bilen bagly hereketleri, beýnä dahylly akylyň ýagdaýyny, tukatlygy we ukyny barlamalydyr» diýip aýdypdyr.

Görnükli rus lukmany, filosof-materialist, Moskwanyň Mediki-hirurgiýa akademiýasynyň (1824-nji ýyldan başlap), soňra bolsa Moskwa uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetiniň (1831-nji ýyldan) patologiýa we terapiýa boýunça professory I. Ý. Dýadkowskiý (1784 – 1841 ý.) ylymda nerwizm ugrunyň wekili bolupdyr. Ol köptaraplaýyn gyzyklanýan we kliniki hadysalary nazary esaslandyrýan hünärmen bolup, kliniki lukmançylyk bilen patologik anatomiýanyň arasyndaky baglanyşygyň bardygyny nygtapdyr, rus ylmynyň özbaşdaklygy we öňdebaryjy orny üçin göreşipdir. Keseliň adamyň içerki güýçleri bilen daşky gurşawyň paýlanyşynyň bozulmagynyň netijesidigi baradaky pikiri aýdypdyr.

I. Ý. Dýadkowskiý mugallym we barlagçy hökmünde «Keselleriň ulgamy» (1833 ý.), «Umumy iç keselleri, öz diňleýjilerim üçin gollanmalaryň düzmesi» (1836 ý.) ýaly birnäçe ylmy işleri ýazypdyr.

Ol ýogalandan soňra K. W. Lebedew onuň «Amaly lukmançylyk» atly 2 jiltden ybarat işini (1845–1846 ý.) çap edipdir.

I. Ý. Dýadkowskiniň ylmy garaýşyna görä, nerw ulgamy daşky we içki dünýäniň ähli hadysalaryny baglanyşdyrýar. O. Ý. Muhine meňzeşlikde (pikirdeş bolup) «Nerw ulgamy biziň bedenimiziň ähli bölümlerini baglanyşdyrýar we onsuz janly hereket edilip bilinmez... Nerw ulgamy sizi, oňa tabyn bolan ulgamlary, organlary we bölümleri dolandyrýar» diýip, I. Ý. Dýadkowskiý belläpdir.

Görnükli rus klinikaçysy, iç keselleri boýunça belli lukman, alym, jemgyýetçilik işgäri Sergeý Petrowiç Botkin (1832–1889 ý.) Moskwa uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetini (1855 ý.) tamamlapdyr. Ol özüniň mugallymlary fiziolog I. T. Glebow, hirurg F. I. Inozemsew ýaly meşhur alymlara örän ýokary baha beripdir.

Uniwersiteti tamamlap, S. P. Botkin az wagtlyk N. I. Pirogowyň ýolbaşçylygynda Krym urşy döwründe gospitallaryň birinde ordinator wezipesinde işläpdir. Ol professura taýýarlyk görmek üçin daşary ýurtda bolup, Germaniýada fiziolog we patolog R. Wirhowdan, terapewt L. Traubeden, soňra Wenada fiziolog K. Lýudwigden we klinisist I. Oppolsnerden tälim alypdyr, Parižde A. Trussonyň beýanlaryny diňläpdir. Daşary ýurtlarda on ýyllap bolanyndan soňra, S. P. Botkin 1860-njy ýylda Moskwanyň Mediki-hirurgiýa akademiýasynda doktorlyk dissertasiýasyny gorapdyr we şol akademiýanyň iç keselleri kafedrasynyň klinikasyna adýunkt-professor edilip tassyklanylypdyr, 1861-nji ýylda bolsa şol klinikanyň ordinar professory wezipesine saýlanylypdyr hem-de onda ömrüniň ahyryna çenli işläpdir.



**53-nji surat.**
**Sergeý Petrowiç Botkin**
**(1832–1889)**

Özüniň beýanlarynda köpsanly ylmy edaralara baryp görüp, S. P. Botkin fiziologiýa, himiýa we beýleki tebigy bilimler bilen ykjam arabaglanyşyk, klinikada-autopsiýa, fiziologik barlag usullary, tejribe barlaglary, näsagyň bedeniniň temperaturasyny ölçemek ýaly ylmy lukmançylyk tarapyndan edilýän talaplary kemala geti-

rip düzüpdir. Ol 28 ýaşynda Mediki-hirurgiýa (häzir Harby lukmançylyk) akademiýasynyň professory bolup, şol ýörelgeleri durmuşa geçiripdir.

Özüniň uniwersitet ýoldaşy I. M. Seçenow bilen ylmy garaýyşlary boýunça ykjam arabaglanyşykda bolup, ol fiziologiýa, ilkinji nobatda bolsa, nerw ulgamynyň fiziologiýasyna uly üns beripdir.

S. P. Botkin ýokanç keselleri hem ünsden düşürmändir, ol rus lukmançylygynyň taryhynda ilkinji bolup gaýdymly garahassa keselini ýazyp beýan edipdir.

Onuň ýolbaşçylyk eden klinikasynda iç keselleri boýunça görnükli lukman-alymlar professor W. A. Manassein, Kiýew uniwersitetiniň professory W. T. Pokrowskiý, dermatolog A. G. Polotnew, ýokanç keseller lukmany N. Ý. Çistowiç we başgalar ýetişipdirler.

S. P. Botkiniň we onuň şägirtleriniň «Kliniki beýanlar» (1885, 1887, 1891 ý.), «Iç kesellериniň kliniki kursy» (1867, 1868, 1875 ý.) ýaly ýazan işleri boýunça rus alym-lukmanlaryň (klinisist) nesli terbiýelenipdir. Obuhow adyndaky keselhana guramaçylyk işleriniň pesligi, ýogalýan näsaglaryň köplügi boýunça belli bolupdyr. S.P. Botkiniň goldawy netijesinde, ol nusga alarlyk merkezi keselhana öwrülipdir. Onuň tagallasy bilen Peterburgda işçiler üçin Aleksandrowskiý adyndaky keselhana, ýagny S. P. Botkiniň klinikasynyň şahamçasy açylypdyr. S. P. Botkiniň tagallasy bilen keselhana işini ýokarlandyrmak üçin keselhanadan daşary gatnawly şertlerde kömek berýän (ambulatoriýa) bölümi hem açylypdyr. Onuň başlangyjy boýunça 1884-nji ýylda Döwlet Dumasynda lukmanlaryň wezipesi girizilip, onuň esasy meselesi lukmanlar tarapyndan epidemiýa garşy göreşmek hem-de ilata lukmançylyk kömegini tölegsiz hyzmat etmek bolupdyr. Duma lukmanlarynyň esasy bölegi aýallaryň lukmançylyk okuwyny gutaranlar bolupdyrlar.

S. P. Botkin özüniň kliniki çemeleşmesinde M. Ý. Mudrowyň diňe keseli bejermän, eýsem, näsagy hem bejermeli diýen wesýetlerine eýeripdir. Şonuň bilen birlikde ol keseli bejermek ýörelgesini hem degişli ýerde peýdalanmaly, «Bu ýörelgäni keseli bejermegi inkär edýän çagyryş hökmünde düşünmeli däl» diýip sargapdyr. Kliniki lukmançylygyň esasy hökmünde «her bir kesel wakasyny düýpli

barlamaklygy» hasap edipdir. Ol nazary we amaly lukmançylygyň birleşmeginiň wajypdygyny belläp, kliniki barlaglar geçirilýän barlamhanany gurnapdyr we onuň işine talantly lukmanlary, şol sanda I. P. Pawlowy çekipdir.

S. P. Botkin jemgyýetçilik işleri bilen işjeň meşgullanypdyr, 1881-nji ýylda Peterburg şäher Dumasyna agza, 1886-njy ýylda hemme şäher hassahanalarynyň we rehimdarlyk öýleriniň hormatly hossarlygyna saýlanylypdyr. Onuň işjeň ýardam etmeginde 1876-njy ýylda aýallaryň lukmançylyk okuwlary gurnalypdyr. Ol 1878-nji ýylda rus lukmanlary jemgyýetiniň ýolbaşçylygyna saýlanylypdyr.

S. P. Botkin Harby lukmançylyk akademiýasynda işlän döwründe, onuň klinikasynda we barlamhanasynda 420 ylmy iş ýazylypdyr we 87 doktorlyk dissertasiýasy goralypdyr.

S. P. Botkiniň döwürdeşi, meşhur rus terapewt alym lukmanlaryň (klinisistleriň) başga biri – Grigoriý Anatolýewiç Zaharin (1829–1897 ý.) Moskwa uniwersitetiniň professory bolupdyr. Ol esasy ünsüni kliniki bejeriş işlerine berip, S. G. Zybeliniň (XVIII asyr) we M. Ý. Mudrowyň aýdanlaryna eýerip (XIX asyr), keseliň her bir ýagdaýyny aýratynlaşdyrmaga çalşypdyr. Onuň ýolbaşçylyk edýän klinikasy näsaglaryň keselini anyklamak maksady bilen jikme-jik soramagy geçirýänligi we fransuz klinisisti Anri Ýuşaryň kesgitlemesine görä «sungat derejesine çenli ýokary göterilen» derejede işlenip düzülen soraglary bilen uly şöhrata eýe bolupdyr. Keseliň ilki başlanýan döwründe başarnykly geçirilen sorag-jogap, näsagda patologiýanyň döremegine sebäp bolan ýagdaýlary ýüze çykarmaga (obýektiw barlagda anyklanylmadyk) ýardam edipdir. G. A. Zahariniň beýanlarynyň diňleýjileri olara ýokary baha beripdirler. Olar hakynda öz ýatlamalarynda A. P. Çehow, S. I. Miskewiç we başgalar ýatlapdyrlar.

Bejeriş häsiýetli ýerleriň we mineral suwlaryň gorlarynyň öwrenilmeginde we peýdalanylmagynda G. A. Zahariniň bitiren hyzmatlary uludyr. Ol kliniki beýanlaryň ýygyndylaryny («Kliniki beýanlar» 1889–1894 ý., «Kliniki beýanlar we saýlanan makalalar» 1909–1910 ý. we başgalar) taýýarlap çap edipdir.

G. A. Zahariniň şägirtleriniň içinde lukmançylygyň dürli ugurlary boýunça pediatr N. F. Filatow (1847–1902 ý.), akuşer-ginekolog

W.F.Snegirew (1847–1916 ý.), newropatolog A.Ý.Koževnikow (1836–1902 ý.) üstünlikli işläpdirler.

A.A.Ostroumow (1845–1908 ý.) XIX asyryň kliniki lukmançylygynyň görnükli wekili, Moskwa uniwersitetiniň professory, S.P.Botkiniň we G.A.Zahariniň ýoluny dowam etdiripdir. Ol 5 ýylyň dowamynda daşary ýurtlarda bolup, fiziologiýadan ylmy işleri alyp barypdyr. Onuň ilkinji işleri fiziologiýa bagyşlanypdyr. A.A.Ostroumow «Ýüregiň birinji tonunyň gelip çykyşy barada» atly temadan doktorlyk dissertasiýasyny gorapdyr. Klinikada işläp, ol S.P.Botkine meňzeşlikde, öň bolmadyk fiziologik, farmakologik, himiki ylmy barlaghanalary öz serişdeleriniň hasabyna enjamlaşdyrypdyr. Ol her bir näsagy yzygiderli, aýratynlykda öwrenip bejeripdir. A.A.Ostroumowyň kliniki taglymatynyň gurşawyň kesel döredip bilýän faktorlaryna bolan garaýşy, bir tarapdan hem-de gutulmagyň we bedeniň berkidilmegine ýardam etmegi, beýleki tarapdan, aýratyn gymmatlydyr. Ol beýanlara girişende «Kliniki barlagyň maksady – adam organizminiň ýaşaýan gurşawyndaky şertleri, ol şertlere uýgunlaşmagyny we bozulmagyny öwrenmekdir. Näsag adamyň kadaly ýaşaýşynyň bozulmagyny, onuň barlygynda gurşap alan şertlerinde öwrenmek biziň dersimiziň esasy meselesidir» diýip aýdypdyr.

XIX asyryň saglygy goraýşynyň esasyny mediki-biologik barlaglar, ilkinji nobatda, nerw ulgamynyň fiziologiýasy düzüpdir. Bu ugurda I.M.Seçenow, Brown-Sekar, Klod Bernar, soňra bolsa I.M.Behterew, I. P. Pawlow we onuň mekdebiniň alymlary ilkinjileriň hatarynda bolupdyrlar.

Iwan Mihaýlowiç Seçenow (1829–1905 ý.), harby-inženerçilik uçilişşesini, soňra Moskwa uniwersitetini tamamlapdyr we Moskwa, Peterburg, Odessa uniwersitetlerinde mugallymçylyk edipdir. Özüniň radikal materialistik dünýägaraýşy sebäpli Peterburg uniwersitetinden işden çykarylypdyr, soňra ol Moskwa uniwersitetiniň fiziologiýa kafedrasynda işini dowam etdiripdir. Ol özüniň ilkinji işlerinden başlap, adamyň psihiki hereketiniň daşky ýüze çykma kanunlaryny batyrgaý düşündiripdir. R.Dekartyň döredip başlan refleks baradaky nazaryýetinden ugur alyp, I.M.Seçenow öz eksperiment barlaglarynda içki togtadylma kanunyny açypdyr. Kelle beýnisiniň refleksleri bara-

daky taglymat oňa degişli bolup, refleksiň nerw ulgamynyň ýokary bölümlerine ýaýramagyny esaslandyrypdyr. Bu ugurdan ol «Kelle beýnisiniň refleksleri», «Psihologiýany kim we nähili işläp düzmeli» (1873 ý.), «Maddy pikir we hakykat» (1882 ý.), «Pikiriň elementleri» (1902 ý.) ýaly kitaplaryny ýazypdyr. I. M. Seçenow materialistik taglymaty ösdürmäge uly goşant goşupdyr. Ol zähmet gigiýenasynyň soraglary bolan hünäri öwretmegi we zähmet endiklerini toplamagyň esaslaryny öwrenipdir.

Onuň ylmy döredijiliginde esasy üç mesele: gandaky gazlaryň alyş-çalşygynyň, zähmetiň fiziologiýasynyň, reflektor hereketiniň merkezinden togtadylmagynyň soraglary eýeläpdir. I. M. Seçenow gazlaryň alyş-çalşygynyň barlaglaryny özüniň dissertasion işiniň temasy «Alkogol serhoşlygynyň zäherlenmesiniň fiziologiýasynyň geljekdäki materiallary» bilen baglanyşykly geçiripdir. Ol işler has soňraky döwürlerde kesson işlerinde, suwa çümüjileriň we ýokary belentlikde işleýän uçarmanlaryň kislorod bilen üpjünçilik meselesini çözmegi başartdy hem-de awiasion fiziologiýanyň we häzirki günlerde bolsa kosmiki fiziologiýanyň we lukmançylygynyň esasyny düzdi.

I. M. Seçenowyň zähmetiň fiziologiýasy boýunça barlaglarynyň netijeleri beýan edilýän «Adamyň iş hereketleri boýunça oçerk» (1901 ý.) atly kitaby, jemgyýetçiligiň ymtylmalary boýunça «üç sekizligi» fiziologik barlamak we esaslandyrmak isleglerine bagly bolup, işçiler hereketiniň talaplaryna (8 sagat – iş wagty, 8 sagat – dynç alyş we 8 sagat – uky almak) görä geçirilipdir.



**54-nji surat.**
**Iwan Mihaýlowiç Seçenow**
**(1829–1905)**

I. M. Seçenowyň esasy ylmy hyzmaty – reflektor hereketiniň merkezden togtadylyşyny eksperimentde we hakykat ýüzünde kesgitlemeginden ybaratdyr. Onuň ylmy işlerini şägirtleri N. Ý. Wwedenskiý (1852–1922 ý.), elektrofiziologiýany esaslandyryjy A. A. Uhtomskiý (1875–1942), M. N. Şaternikow (1870–

– 1939 ý.), iýmit gigiýenasynyň täze patologik fiziologiýanyň düýbüni tutujy W. W. Paşutin (1845–1901 ý.) we başgalar soňra üstünlikli dowam etdirdiler.

Russiýada XIX asyryň başynda lukmançylyk ylmyny alyp baryjy iki merkez – Moskwa uniwersitetiniň lukmançylyk fakulteti we Peterburgda Mediki-hirurgiýa akademiýasy emele gelipdir.

Mediki-hirurgiýa akademiýasynda ilkinji rus anatomiýa mekdebi ýüze çykypdyr, ony esaslandyryjy Pýotr Andreýewiç Zagorskiý (1764–1846 ý.) bolupdyr. Ol 1799-njy ýylda akademiýanyň anatomiýa we fiziologiýa kafedrasyna ýolbaşçy bellenilip, bu wezipede 1833-nji ýyla çenli işläpdir. Ondan öň ol patologoanatom, amaly lukmançylyk we mugallymçylyk işleri bilen meşgullanypdyr. Onuň şägirtleriniň arasynda köpsanly pedagoglar we alym-professorlar I. D. Knigin, P. S. Koreýşa, A. S. Wenediktow özbaşdak anatomiýa kafedrasyna Peterburgda, Harkowda we Kazanda ýolbaşçylyk edipdirler.

P. A. Zagorskiniň «Gysgaldylan anatomiýa ýa-da adam bedeniniň gurluşyny öwrenmäge gollanma» işi (1802 ý.) iki kitapdan ybarat bolup, aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr we bäş gezek çap edilipdir. Awtor kitabyň giriş sahypasynda «Lukmançylyk ylmyny öwrenýänleriň peýdasyna» diýlen ýazgysyny goýupdyr. Ol anatomiýadan rus nomenklaturasyny tassyklap, okuw sapaklaryny rus dilinde alyp barypdyr. Ol anatomiýa muzeýini döredipdir, kunstkamerany gaýtadan dikeldipdir. Anatomiýa anomaliýalarynyň we teratologiýanyň (bedroýlar barada taglymat) soraglaryny ol deňeşdirme anatomiýa usuly boýunça hadysanyň ösüşinde öwrenipdir. Ol anatomiýa muzeýi üçin diňe bir «monstrlary», ýagny dogabitdi bedroýlary toplaman, giňişleýin düzülen anketany (sowal-jogap kagyzyny) iberip, olary dogran eneleriniň ýaşaýyş keşbini (durmuşyny), işleýiş aýratynlyklaryny we göwreli zenanlaryň iýmitlenişini öwrenipdir.

P. A. Zagorskiý anatomiýany diňe ygtybar we tejribede barlagdan geçirilen faktlar boýunça öwrenmeli diýip hasaplapdyr. Şeýle garaýyşlar ony epigeneziň nazaryýetiniň tarapdary bolmagyna we preformizm nazarynyň inkär edilmegine alyp barypdyr.

Mediki-hirurgiýa akademiýasynyň çäginde Iwan Fýodorowiç Buşuň (1771–1843 ý.) ýolbaşçylygynda ilkinji rus hirurgiýa mekdebi ýüze çykypdyr. I. F. Buş akademiýanyň hirurgiýadan professory bolupdyr hem-de «Hirurgiýany okatmagyň gollanmasy» atly 3 jiltlik işini Russiýada ilkinji bolup ýazypdyr. Gollanma 1807–1841-nji ýyllarda 5 gezek çap edilipdir. Ol operatiw we kliniki hirurgiýany okatmagy örän jogapkärçilikli ýola goýupdyr, diňleýjiler öwrenen bilimlerini jesetlerde hirurgik emeli geçirip peýdalanmaly bolupdyrlar, soňra dördünji ýyly tamamlap, jemagatyň öňünde, näsaglarda 4 sany uly operasiýany ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. I. F. Buş birnäçe hirurg-professorlary ýetişdiripdir, olaryň arasynda hirurg H. H. Salomon akademiki hirurgik klinikanyň müdiri bolupdyr.

P. A. Zagorskiý we I. F. Buş öz işleri bilen döwrüniň baş soraglaryna jogap edip rus dilinde okuw gollanmalary, ýokary derejeli hirurgik ylmy işleri we mugallymçylyk üçin hünärmenleri taýýarlapdyrlar. Olaryň iň görnükli şägirdi Ilýa Wasilýewiç Buýalskiý (1789–1866 ý.) bolup, düýpli anatomik bilimli, kämil operasiýa geçirmek tilsimli we çuňňur kliniki garaýyşly, baý tejribeli alym hirurglyga ýetişipdir. Ol 1842-nji ýylda akademik bolupdyr, 1829–1831-nji ýyllarda hirurgik gurallary öndürýän zawody dolandyrypdyr hem-de Mediki-hirurgik akademiýasynda okatmakdan başga-da ömrüniň ahyryna çenli Çeperçilik akademiýasynda anatomiýadan beýan okapdyr.

I. W. Býualskiý plastiki anatomiýanyň we N. I. Pirogowdan hem öň doňdurma (buzly) anatomiýanyň käbir derejede düýbüni tutujydyr diýip hasaplanylypdyr. Onuň anatomiýadan geçiren barlaglary hirurgik anatomiýany işläp düzmäge esas bolup hyzmat edipdir. Bu ugurdan onuň has tanymal işleri «Anatomik-hirurgik tablisalar» bolup, onuň ilkinji çykarylyşy 1828-nji ýylda uly arteriýalary daňmaga bagyşlanypdyr.

I. W. Býualskiý operasiýalary örän ajaýyp ýerine ýetiripdir, lukmançylyk ylmynyň gazananlaryny elmydama ünsli öwrenýän, ünsli we tejribeli hirurg-klinisist bolupdyr. Ol özüniň ýaşynyň birçene barandygyna garamazdan, ilkinjileriň biri bolup klinikada efirli we hloroformly bihuşlandyrmany ulanypdyr. Gan guýmaga uly ähmiýet berip, bu operasiýa üçin ýörite şpris ýasapdyr, ol birnäçe hirurgik gu-

rallary we toplumlary işläp çykarypdyr (Buýalskiniň taýajygy we pilçesi), olaryň köpüsi şu günlerimizde hem peýdalanylýar.

O. Ý. Muhin (1766–1850 ý.) Moskwa uniwersitetiniň lukmançylyk fakultetinde anatomiýany, fiziologiýany we kazyýet lukmançylygyny lukmançylyk polisiýasy okuwy bilen hem-de «zäherler baradaky ylym» ugrundan okadypdyr. Ol uniwersitetiň we Moskwanyň Mediki-hururgik akademiýasynyň professory hökmünde 1813–1815-nji ýyllarda 7 bölekden ybarat anatomiýanyň okuwyny we hirurgiýadan köpsanly ylmy işleri ýazypdyr. Ol rus anatomik nomenklaturasyny kämilleşdiripdir, mergi, mama we beýleki ýokanç kesellere degişli işleri ýazypdyr.

Rus lukmançylygy XIX asyryň ahyrlarynda hem öz öňdebaryjy ornuny eýelemegi dowam edipdir. Fiziolog A. M. Filomafitskiý (1807–1849 ý.) öz diňleýjilerine näsagyň düşeginde gözegçilik etmegi we tejribe toplamagy öwredipdir. Ol öz diňleýjileriniň gollanmagy üçin neşir edilen «Fiziologiýa» atly dört bölekden ybarat işi döredipdir.

A.M. Filomafitskiý gan guýmagyň soraglaryny öwrenipdir. Ol Moskwa uniwersitetinde döredilen narkozy öwrenmek baradaky topara ýolbaşçylyk edipdir. Öz beýanlarynda haýwanlarda geçirilýän tejribeleri görkezipdir.

# 8-nji bap

# TÜRKMENISTANDA XX ASYRDA LUKMANÇYLYK. M.GARRYÝEW ADYNDAKY TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET LUKMANÇYLYK UNIWERSITETINIŇ TARYHY

*Türkmenistanda XX asyrda saglygy goraýşyň döreýşiniň taryhy. Türkmenistanyň ilkinji lukmançylyk ylmy-barlag institutlary. Trahoma, malýariýa, leýşmanioz, çaga we beýleki ýokanç kesellere garşy göreşiň gurnalyşy. M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň (TDLU) taryhy. Türkmenistanda XX asyrda lukmançylyk ylymlarynyň ösüşi. Görnükli alymlar: akademik W.D. Timakow - epidemiologiýanyň düýbüni tutujy, B.L.Smirnow - newropatologiýany we neýrohirurgiýany ösdüren alym, A.B. Parabuçew – M.Garryýew adyndaky TDLU-nyň düýbüni tutujylaryň biri. Tanymal türkmen lukmanlary: Han Çapau - ilkinji lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty; akademik S.Karanow - ilkinji lukman professor, akademik N.Täçmyradow - kardiohirurgiýany esaslandyryjy, A.G. Annageldiýewa - ilkinji zenan-professor, akademik O.G. Babaýew - lazer hirurgiýasynyň düýbüni tutujy, akademik N.N. Nurmämmedow - Türkmenistanyň lukmançylyk ylymlar akademiýasynyň ilkinji ýolbaşçysy.*

## 8.1. Türkmenistanda XX asyrda saglygy goraýşyň döreýşiniň taryhy

XIX asyrda we XX asyryň başlarynda häzirki Türkmenistanyň çäkleri patyşa Russiýasynyň Zakaspiý oblasty diýlip atlandyrylypdyr. Ilatyň arassaçylyk-gigiýenik ýagdaýy örän pes derejede bolupdyr hem-de Zakaspiý oblastynda tertipleşdirilen saglygy goraýyş ulgamy we lukmançylyk kömegi bolmandyr. Örän az sanly, kiçi göwrümli lukmançylyk edaralarynda hünärmenleriň sanaýmalysy zähmet çekipdir. Olar, esasan, rus harby gullukçylaryny, welaýatyň dolandyryjylaryny we ýerli gurply türkmenleri lukmançylyk kömegi bilen üpjün edipdirler.

Şol döwürlerde ýerli ilatyň arasynda gyzzyrma (malýariýa) keseli höküm sürüpdir, her ýylda müňlerçe adamlar onuň pidasy bolupdyr. Arhiw maglumatlaryna görä, Zakaspiý oblastynyň Merw uýezdinde 1897-nji ýylda gyzzyrma keselinden 20000 adam ýogalypdyr. Has giň ýaýran kesellere: göz keselleri (hususan-da trahoma we ýokanç

konýunktiwit – Merw uýezdinde ilatyň 90%-i ýüze çykarylypdyr), deri leýşmaniozy («peşehorda»), kel, trihofitiýa, mikrosporiýa ýaly ýokanç keseller degişli bolupdyr. Kolonial dolandyryjylar olara garşy göreş çärelerini alyp barmandyrlar we ýerli ilatyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmagyň aladasyny etmändirler.

Zakaspiý oblastynyň ilatynyň 70–100%-e çenlisi gyzzyrma keselinden ejir çekipdir. 1892-nji ýylda gyzzyrma keseliniň agyr görnüşi giňden ýaýrapdyr. Mundan başga-da deri leýşmaniozy, hünärmen dermatozlar, mikozlar, hörezek ýaly keseller has köp duş gelipdir. XIX asyryň ahyrlarynda ýurtda has giňden ýaýran kesellere trahoma, gyzzyrma we leýşmanioz degişli bolupdyr.

Ýurtda saglygy saklaýyş edaralarynyň ýaýbaňlandyrylmagy we lukmançylyk ylmynyň kemala gelmegi 1924-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň döredilmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şol wagtlar, demir ýol işgärlerini we Gyzyl Goşunyň harby gullukçylaryny hasaba almazdan, Türkmenistanda 16 lukman we 43 orta lukmançylyk işgäri ýerli saglygy saklaýyş edaralarynda zähmet çekipdir.

Türkmenistanyň ilkinji lukmançylyk ylmy edarasy Aşgabat şäherinde 1925-nji ýylda döredilen Himiki bakteriologik laboratoriýasy bolupdyr. Soňra ol 1929-njy ýylda Himiki bakteriologik institut a öwrülipdir. Şol institut 1932-nji ýylda Sanitar-bakteriologik instituty, soňra bolsa Mikrobiologiýa we epidemiologiýa instituty diýlip atlandyrylypdyr.

Instituta respublikanyň ilatynyň arasynda ýokanç kesellere garşy göreşi gurnamak, ilatyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmak we ol işleri geçirmegiň ylmy taýdan işlenip düzülmegini üpjün etmek hem-de bu ugurdan ylmy işgärleri taýýarlamak meselelerini çözmek tabşyrylypdyr. Bu ylmy edara 1956-njy ýyldan başlap Aşgabadyň epidemiologiýa we gigiýena instituty diýlip atlandyrylypdyr.

Türkmenistanyň ikinji ylmy edarasy – Newrologiýa we bejerişiň fiziki usullary instituty 1927-nji ýylyň 27-nji noýabrynda döredilipdir, soňra ol 1962-nji ýylda Türkmenistanyň klimatologiýa, kurortologiýa we bejerişiň fiziki usullary ylmy-barlag instituty, 1969–1994-nji ýyllarda bolsa Türkmenistanyň newrologiýa we fizioterapiýa ylmy-barlag instituty diýlip atlandyrylypdyr. Institutyň öňünde adam organizminiň nerw-psihiki ulgamlarynyň, endokrin mäzleriniň, mad-

da çalşygynyň, daýanç-hereket ediş ulgamynyň kesellerini öwrenmek boýunça ylmy-barlag işlerini alyp barmak we ylmy lukmançylyk meselelerine ýolbaşçylyk etmek meseleleri goýlupdyr.

Üçünji ylmy edara – Türkmenistanyň durmuş gigiýenasy ylmy-barlag instituty 1928-nji ýylda döredilipdir, soňra 1930-njy ýylyň noýabr aýynda ony Türkmenistanyň saglygy goraýyş we zähmet gigiýenasy ylmy-barlag institutyna öwrüpdirler. Institutyň esasy meseleleri: respublikanyň ilatyna lukmançylyk kömegini bermegiň ylmy esaslaryny işläp düzmek, işçileriň, daýhanlaryň durmuş we zähmet şertlerini gowulandyrmak, obalary we şäherleri abadanlaşdyrmak, ilatyň fiziki ösüşini öwrenmek, ilatyň sanyny we düzümini hasaba almakdan ybarat bolupdyr. Institutyň işgärleri tarapyndan ilatyň arasynda sanitar-arassaçylyk meseleleri boýunça, ýokanç kesellere garşy sanjymlar barada wagyz-nesihat işlerini alyp barmak, ýokanç kesselleriň öňüni almak maksady bilen her hepdede hammamdan peýdalanmak, arassaçylyk wagyz-nesihat öýlerini döretmek boýunça işler giň gerimde alnyp barlypdyr. Bu ylmy-barlag instituty 1934-nji ýylda ýapylypdyr we onuň binýadynda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň durmuş gigiýenasy kafedrasy döredilip, soňra ol 1946-njy ýylda institutyň durmuş gigiýenasy we saglygy goraýşyň guralyşy kafedrasyna öwrülipdir.

Türkmenistanda XX asyrda lukmançylyk ylmynyň ösmegine 1932-nji ýylda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň döredilmegi hem-de täze döredilen we gurnalan 3 sany ylmy-barlag instituty uly ýardam edipdirler.

Türkmenistan SSR-niň Saglygy saklaýyş Halk Komissarlygy ulgamynda 1932-nji ýylda täze üç sany ylmy-barlag: trahomatoz, deri we weneriki keselleri, tropiki keseller institutlary döredilipdir.

Döredilen ylmy-barlag institutlary degişli ylmy-barlag işlerini, guramaçylyk çärelerini guramak arkaly, ýerli saglygy saklaýyş guramalary bilen bilelikde ilatyň arasynda amaly işleri geçiripdirler. Ýerlerde lukmançylyk we ylmy işgärleriň, ilatyň işjeň toparlarynyň we ýolbaşçy işgärleriň kömegi bilen agzalan kesellere garşy uly göwrümli, maksatlaýyn çäreler geçirilipdir. Diňe gyzzyrma keseline garşy göreş çäreleriniň geçirilmegi (dört tropiki stansiýa, 8 gyzzyrma garşy stansiýa we 71 gyzzyrma garşy göreş bentleri açylypdyr; ýöriteleşdirilen ýatymlaýyn näsag orunlaryny döretmek we näsaglary bejermek; çybynlaryň liçinkalaryny suw howdanlarynda we ýygnalan ýerlerinde

ýok etmek; batgalyklary guratmak; epidemiýalara garşy göreş topar-lary düzülip, ýurduň dürli ýerlerine ibermek; çybynlaryň liçinkasyny iýip ýok edýän gambuz balygyny ýurdumyzyň suw howdanlaryna uýgunlaşdyrmak; entomologlaryň kömekçilerini, bonfikator-hinizator gözükdirijileri taýýarlamak, lukmanlary bu ugurdan taýýarlamak ne-tijesinde 1935-nji ýylda 82138 näsag gyzzyrma sebäpli ilkinji gezek ýüz tutanlygyndan, 1940-njy ýylda ol san – 27839, 1953-nji ýylda – 381-e we 1958-nji ýylda bolsa – 6 näsaga çenli azalypdyr.

Çagalaryň we ulularyň arasynda giňden ýaýran pellagra, spru (awitaminozlar), soguljan ýokançlary (inwaziýalary), mugthor gur-çuklar, içege ýönekeýjeleri, brusellýoz, deri we wisseral leýşmanioz, garyn we örgünli garahassalyk, içege ýokançlary – dizenteriýa, en-terokolit, içege amýobiazy hem-de gepatit kesellerine garşy aýgytly çäreler geçirilipdir.

Aşgabadyň epidemiologiýa we gigiýena instituty antibakterial serişdeleri (waksinalary we bakteriofaglary) öndürmek bilen (Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda institutda köpçülikleýin 20-den gowrak görnüşli bakterial serişde öndürilipdir) çaga ýokançlaryna we garyn--içege kesellerine garşy göreşe öz goşandyny goşupdyr. Ol institutda: garyn garahassalygyna, mama keseline, guduzlama garşy waksina-lary we gyzamyga garşy syworotkany öndürmegiň tehnologiýasy we amalda alnyşy işlenip taýýarlanylypdyr.

1932-nji ýyla çenli, ýagny Türkmen döwlet lukmançylyk insti-tuty açylmazyndan öň ýurtda milli lukmanlaryň ýetmezçiligi güýçli duýlupdyr, TSSR-de işleýän lukmanlaryň sany 374 bolup, olaryň diňe 4-si türkmen ýigitleri (zenanlardan lukman bolmandyr) bo-lupdyr. Görkezilen lukmanlaryň aglabasy TSSR saglygy saklaýyş halk komissarlygynyň ýörite çagyrmagy boýunça işlemäge gelenler bolupdyr.

Türkmen ülke lukmançylygy ylmy-barlag institutynyň 1962-nji ýylda düýbi tutulypdyr, oňa esasy mesele hökmünde Türkmenistanyň yssy we çöllük klimaty şertlerinde adam organizminiň fiziologik uýgunlaşyş mehanizmini öwrenmek we bu ugurdan anyk ylmy-amaly maslahatlary işläp düzmek tabşyrylypdyr.

Türkmen inçekesel ylmy-barlag instituty 1962-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda döredilip, onuň öňünde Türkmenistanyň şertlerinde in-

çekesele garşy göreş çärelerini işläp düzmegiň we ýurduň şertlerinde keseli öz wagtynda anyklamagy we bejermegi kämilleşdirmegiň meseleleri goýlupdyr.

Türkmen onkologiýa ylmy-barlag instituty 1963-nji ýylda gurnalypdyr. Ol ilki döwürde (1963–1968-nji ýyllarda) Türkmen onkologiýa, rentgenologiýa we radiologiýa instituty hökmünde hereket edip, soňra 1969-njy ýylda ýene-de ilkinji adyna eýe bolupdyr. Institutyň öňünde howply täze döremelere we kansere garşy göreş çärelerini işläp düzmek we keseliň irki döwürde anyklanylmagyny we bejerilmegini üpjün etmek meseleleri goýlupdyr.

Irki döwürlerde 1925–1932-nji ýyllarda ýurdumyzda ýokary hünärli lukmanlaryň we ylmy işgärleriň örän az sanly bolanlygy ýa-da asla bolmanlygy sebäpli Türkmenistan SSR-niň Saglygy saklaýyş halk komissarlygynyň ýüz tutmagyna jogap edip, SSSR-iň iri ylmy merkezleriniň görnükli alymlary, ýokary hünärli lukmanlary Türkmenistana işlemäge gelipdirler. Olaryň hatarynda: hirurglar I. F. Berezin, I. W. Grigorýew, I. P. Sklýarow, I. I. Çižow; terapewtler we kurortologlar N. A. Kewdin, A. G. Sukaçýow, Z. A. Şihmamedbekow; akuşer-ginekologlar D. P. Liwanow, W. W. Tretýakow; psihiatr we newropatologlar R. Ý. Malykin, Ý. W. Maslow, B. L. Smirnow; mikrobiologlar we infeksionistler W. W. Suknýow, W. D. Timakow, W. A. Skawinskiý; oftalmologlar K. A. Sikulenko, N. M. Pawlow; gigiýenistler Ý. W. Režabek, N. A. Korotçonok, B. P. Treskunowa; patomorfologlar A. W. Parabuçýew, O. Ý. Režabek; anatomlar D. P. Kirka, S. S. Danilow; fiziolog A. I. Wençikow; farmakolog W. A. Dzikowskiý; patofiziolog W. A. Ýusin; dermatowenerolog P. W. Kožewnikow; otolaringolog I. P. Kutepow we başgalar bolupdyr.

Hökümet tarapyndan berlen kömegiň hem-de alymlaryň goldawynyň netijesinde lukmançylyk ylmy Türkmenistanda uly üstünliklere eýe bolupdyr. Şeýle türkmen alymlarynyň ajaýyp topary kemala gelip, olaryň arasynda S. K. Karanow, N. M. Täçmyradow, Ç. B. Baýryýew, B. Hanow, M. G. Berdigylyjow, D. N. Nepesow halkymyzyň içinde uly abraýa mynasyp boldular. Ady agzalanlar we A. W. Ýusin, P. W. Kožewnikow, I. F. Berezin öz döwründe Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň deputatlygyna hem saýlanypdyrlar.

## 8.2. M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň taryhy

Arhiw maglumatlarynyň güwä geçmegine görä, 1931-nji ýylyň 23-nji noýabrynda Türkmenistanyň Saglygy saklaýyş halk komissarlygynyň ýygnagynda (mejlisiň №25 beýany) Türkmen döwlet lukmançylyk institutyny açmak boýunça mesele ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Bu mesele boýunça Türkmenistan SSR-niň Saglygy saklaýyş halk komissary J. M. Hanmagometow çykyş edipdir.

Türkmen döwlet lukmançylyk instituty TSSR Halk Komisarlar Sowetiniň Karary (1931-nji ýylyň 29-njy dekabry) esasynda, 1932-nji ýylda Aşgabat şäheriniň lukmançylyk tehnikumynyň ýerleşen okuw bazasynda açylypdyr. Institut boýunça ilkinji buýruk 1932-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda berlipdir. Oňa institutyň direktorynyň wezipesini wagtlaýynça ýerine ýetirmäge girişen S.S.Feňýor gol çekip, özüniň wezipä girişýänligini tassyklapdyr.

Bu döwrüň öz aýratynlyklary bolmagy zerarly dürli kynçylyklar ýüze çykypdyr. Türkmenistan SSR-niň Saglygy saklaýyş halk komissary J. M. Hanmagometow 1931-nji ýylyň mart-aprel aýlarynda Moskwa we Leningrad şäherlerine respublikanyň wekili hökmünde iş saparynda bolup, alymlaryň uly toparyny respublikamyzda täze açylan ylmy-barlag institutlaryna we Türkmen döwlet lukmançylyk institutyna işlemäge çagyrypdyr. Bu meseläni çözmekde Russiýa Federasiýasynyň Saglygy saklaýyş halk komissary M. F. Wladimirskiý we Moskwanyň sosial-gigiýena ylmy-barlag institutynyň direktory N. A. Semaşko ýardam beripdirler. Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň guralmagynda we aýaga galmagynda birnäçe düýpli kynçylyklara gabat gelnipdir. Şol wagtlar respublikanyň çäginde taýýar ylmy we mugallym işgärleri hem-de institut üçin okuw-kliniki bazalar bolmandyr. SSSR-iň dürli okuw mekdepleri we ylmy merkezleri işgärler bilen üpjün edipdirler.

Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň açylmagyna şol wagt Türkmenistan SSR-niň Halk Komissarlar Sowetiniň başlygy G. S. Atabaýewiň uly goşandynyň bardygyny Türkmenistan SSR-niň Saglygy saklaýyş halk komissary Juma Magomedowiç Hanmagometow belläpdir.

1932-nji ýylda Türkmenistanda lukmançylyk instituty bilen bir hatarda trahomatoz, deri, weneriki we tropiki keselleriň ylmy-barlag institutlary açylypdyr. Şol sebäpli lukman hünärmenler ýetmezçilik edipdir. TDLI-niň mugallym-professorlar düzüminiň ýokarky ýyllarynda okatmalylary, öz mugallymçylyk işlerine girişmezden öň respublikanyň kliniki keselhanasynda we Aşgabatda täze döredilen ylmy-barlag institutlarynda işläpdirler. Trahomatoz instituty 1932-nji ýylyň 4-nji martynda şäher hassahanasynyň göz keselleri bölüminiň binýadynda (direktor – professor K.A. Sikulenko) işläp başlapdyr. Şol ýylyň 1-nji aprelinden respublikan keselhanasynyň wenerologiýa bölüminiň bazasynda Deri-wenerologiýa instituty (direktor – professor A. P. Lawrow), ýene-de bir aýdan, ýagny 1932-nji ýylyň 1-nji maýynda Tropiki keselleriň instituty (direktor – professor M. Şahsuwarly) açylypdyr. 1927-nji ýylda döredilen Newrologiýa we bejerişiň fiziki usullary instituty 1933-nji ýylda Fiziki usullar bilen bejeriş we newrologiýa instituty diýlip atlandyrylypdyr (direktor – professor P. Ý. Malykin).

Türkmenistanda doly orta bilimli ýaşlaryň sanynyň azlyk edýänligi nazara alnyp,1932-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan TDLI-de ýörite okuwlar (rabfak) açylypdyr. Talyplyga, esasan, şu okuwlary okap gutaran ýaşlar kabul edilipdir. Ol okuwlar tä 1939-njy ýyla çenli dowam edipdir.

1933-nji ýylyň awgust aýynda TDLI-niň direktory wezipesine Daşkendiň lukmançylyk institutynda lukman bolup işleýän Söýün Arazow bellenilipdir.

1932-nji ýylda dalaşgärleri kabul etmek işleri ýola goýlup başlapdyr we ilkinji 30 talyp kabul edilipdir, olar, esasan hem, orta lukmançylyk işgärleri bolupdyrlar. Institutyň açylyşynyň ilkinji dabaraly çäresi 1932-nji ýylyň fewral aýynda Aşgabadyň lukmançylyk tehnikumynyň binasynda gurnalypdyr. Bu çärä Türkmenistanyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň sekretary Çary Wellekow we Saglygy goraýyş halk komissary J. M. Hanmagometow gatnaşypdyrlar.

1932-nji ýylyň tomsunda dalaşgärleriň ikinji tapgyry kabul edilipdir. Olaryň hatarynda orta mekdebi tamamlan ýaşlar hem bolupdyr. Şol ýylyň güýzünde institutyň ýanynda ikiýyllyk taýýarlaýyş bölümi açylypdyr. Eýýäm 1931-nji ýyldan başlap SSSR-iň dürli künjeginden

alym-lukmanlar ýygnanyşyp başlapdyrlar. Professor E.N.Pawlowskiy (Leningradyň Harby lukmançylyk akademiýasynyň parazitologiýa kafedrasynyň müdiri bolup işlän) we onuň assistenti N.I.Latyşewskiý Aşgabada işlemäge gelipdirler. Olar Murgap parazitologik ekspedisiýasyna baştutanlyk edip, Türkmen sanitar-bakteriologik ylmy--barlag institutyna uly ýardam edipdirler. 1932-nji ýylda Türkmenistana Rostowdan A.W.Parabuçew we O.Ý.Režabek gelipdirler. Olar lukmançylyk institutynyň patologik anatomiýa we gistologiýa kafedrasyny gurnapdyrlar we olaryň ilkinji ýolbaşçylary bolupdyrlar. 1932-nji ýylyň awgust aýynda Rostowyň lukmançylyk institutyndan farmakolog W.A.Dzikowskiý we himik A.F.Samoýlow, fizikler professor W.P.Sokolow we assistenti W.F.Deduşenko gelýärler. Olar hem institutyň degişli kafedralaryna ýolbaşçylyk edipdirler. Odessadan K.A.Sikulenko, Smolenskiden N.A.Kewdin, Rostowdan Ý.W.Režabek çagyrylypdyr. K.A.Sikulenko Trahomatoz institutynyň we göz keselleri kafedrasynyň ilkinji ýolbaşçysy bolupdyr. N.A.Kewdin iç kesselleriniň propedewtikasy kafedrasynyň müdiri, Ý.W.Režabek umumy gigiýena kafedrasynyň müdiri wezipelerine bellenilipdir. Daşkendiň lukmançylyk institutyndan 1932-nji ýylda anatom D.P.Kirka we akuşer-ginekolog D.P.Liwanow, fiziolog A.I.Wençikow gelipdirler we institutyň degişli kafedralaryna ýolbaşçylyk edipdirler.

Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň bejeriş fakulteti 1932-nji ýylda döredilipdir we 1961-nji ýyla çenli ýeke-täk hünärmenleri taýýarlaýan fakultet bolupdyr, 1936-njy ýylda ilkinji 50 uçurym lukmançylyk diplomyna mynasyp bolupdyr. Institutyň kafedralarynyň sany 1942-nji ýylda 37-ä ýetirilipdir.

1932-nji ýylyň 20-nji aprelinde institutyň okuw-ylmy bölümi döredilip, onuň ýolbaşçylygyna, direktoryň orunbasary A.W.Parabuçew bellenilipdir.

Şol ýylyň 19-njy oktýabrynda institutyň dekanaty gurnalýar hem-de oňa ýolbaşçylyk etmek professor W.A.Dzikowskä tabşyrylypdyr.

1932-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda ilkinji beýan sapagy okalýar (biologiýa boýunça professor A.W.Winogradow), şeýle hem ilkinji beýanlar fizikadan (professor W.P.Sokolow) we organiki däl himiýadan (dosent A.F.Samoýlow) okalyp başlanylypdyr.

Lukmanlary kämilleşdiriş fakulteti 1960-njy ýylyň 20-nji dekabrynda açylýar.

Stomatologiýa fakulteti 1964-nji ýylyň 25-nji awgustynda döredilipdir we 1969-njy ýylyň tomsunda ilkinji lukman stomatologlaryň uçurymlary taýýarlanylypdyr.

Pediatriýa fakulteti 1970-nji ýylda, dermançylyk fakulteti 1981-nji ýylda we keselleriň öňüni alyş fakulteti 1991-nji ýylda döredildi.

Institutda kliniki ordinatorlary okatmak, aspirantlary taýýarlamak işleri doly ýola goýlup, professor-mugallymlaryň hatarynda alymlyk derejeli mugallymlaryň sany artyp başlaýar. 1963-nji ýylda institutda Merkezi ylmy barlaghana we onda düýpli ylmy-barlag işleri geçirmek üçin zerur şertler döredilip, onuň işi ýola goýulýar.

Institutyň her bir kafedrasynda talyplaryň ylmy gurnagy döredilip, olarda mugallymlaryň ýolbaşçylygynda talyplara kesgitli saýlanan tema boýunça ylmy barlag, gözleg işleri bilen meşgullanmak ýola goýulýar. Bu bolsa talyplaryň arasynda ylmy-amaly maslahatlarda çykyş etmegiň adaty durmuş hereketine öwrülmegine ýardam berýär.

Beýik Watançylyk urşunda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň mugallymlary we uçurymlary edermenligiň belent nusgasyny görkezipdirler. Olar 1948-nji ýylda Aşgabatda bolan tebigy betbagtçylyk – ýer titremesi zerarly ejir çeken adamlara hem zerur we gaýragoýulmasyz lukmançylyk kömegini bermekde bahasyna ýetip bolmajak yhlas, gaýratlylyk we gahrymanlyk görkezip, müňlerçe ynsanyň janyny hem-de saglygyny gorap saklapdyrlar.

Türkmen döwlet lukmançylyk institutynda 2010-njy ýylyň awgust aýynyň ahyryna çenli 42 sany kafedrada we 5 sany fakultetde okuwlar alnyp baryldy. Professor-mugallymlaryň sany 322 bolup, olardan 15-si professor, 19-y ylymlaryň doktory, 37-si dosent, 128-si ylymlaryň kandidaty, 20-si uly mugallym, 250-si bolsa mugallym boldy. Bäş fakultetde jemi 1651 talyba bilim berildi. Institutda diplomdan soňky kämilleşdiriş okuwy, internatura okuwy hereket etdi. 2008-nji ýyldan başlap kliniki ordinaturada, aspiranturada we doktoranturada okuwlar ýola goýuldy.

2010-njy ýylda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynda uly özgerişlikler bolup geçdi. Bu baýry ýokary okuw mekdebi diňe bir täze bina göçüp barmak bilen çäklenmän, eýsem, abraýly uniwersitet derejesine hem eýe boldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gol çeken Kararyna laýyklykda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň binýadynda täze uniwersitet, ýagny Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti döredildi. Täze uniwersitet şäherçesi paýtagtymyzyň günortasynda – Arçabil şaýolunyň ugrunda, sonky ýyllarda döredilen häzirki zaman lukmançylyk merkezleriniň golaýynda peýda boldy. Ol 3000 talyba niýetlenildi.

Türkmenistanyň Mejlisiniň 2019-njy ýylyň 2-nji martyndaky Kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetine bu ugurda uly hyzmatlary bitiren Myrat Garryýewiň ady dakyldy. Ýokary lukmançylyk mekdebiniň derejesiniň ýokarlanmagy köp ýyllaryň dowamynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylyk eden ýurdumyzyň saglygy goraýyş pudagynyň ösüşi bilen kesgitlenendigini nygtamak gerek. Häzir ýurdumyzyň saglygy goraýşy dünýä standartlarynyň derejesine çykdy. Ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hiliniň ep-esli ýokarlanmagy, öz nobatynda, diňe bir işgärleriň hünär derejesini däl, eýsem, bilim ulgamyny hem düýpli kämilleşdirmegi talap etdi. Bu gün hemmetaraplaýyn ösen we täzeçe pikirlenmegi başarýan hünärmenleri taýýarlamak uniwersitetiň esasy wezipeleriniň biridir.

Institutdan tapawutlylykda uniwersitet dürli ylymlar babatda akademiki, fundamental bilimleri berýär. «*Uniwersitas*» diýen latyn sözi «bileleşik», «umumylyk» diýlip terjime edilýär. Adamzadyň taryhynda ilkinji uniwersitetiň 1088-nji ýylda Italiýanyň Boloniýa şäherinde ýuristler tarapyndan döredilendigi bellärliklidir. Soňra ýuristlere lukmanlar, filosoflar we diniň taglymatçylary goşulypdyrlar. Hut şu dört fakultet XIX asyryň ortalaryna çenli nusgawy uniwersitet biliminiň esasyny düzüpdir.

Häzir umumy kabul edilen uniwersitet biliminiň standarty esasy sapaklardan başga-da, gumanitar, ekologiýa bilimlerini we daşary ýurt dillerini öwretmegi göz öňünde tutýar. Ýöne giň hünärli hünärmenleri taýýarlaýan bu ýokary okuw mekdebiniň esasy artykmaçlygy diňe bir tejribe ähmiýetli däl, eýsem, fundamental ylymlary hem öwredýär. M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kesel bejeriş fakultetinde, esasan, maşgala lukmanlary, şeýle hem ýöriteleşdirilen lukman hünärmenlerini taýýarlamak amala

aşyrylýar. Olar häzirki zaman saglygy goraýyşda wajyp gerek bolan hirurg, terapewt, kardiolog, akuşer-ginekolog, onkolog, oftalmolog, deri-wenerolog, endokrinolog, reanimatolog, urolog we onlarça beýleki hünärmenlerdir. Pediatriýa fakultetinde çaga keselleriniň öňüni alýan, anyklaýan we bejerýän köpugurly çaga lukmanlary taýýarlanylýar. Stomatologiýa fakultetinde terapewt-stomatolog, ortoped-stomatolog, hirurg-stomatolog, ortodont ýaly hünärmenler ýetişdirilýär. Farmasewtika fakulteti ýurdumyzyň derman senagatynda işlemek üçin prowizor-tehnologlary we prowizor-analitikleri taýýarlaýar.

Uniwersitetde talyplaryň ruhy we beden taýdan kämil ösmegi üçin hemme şertler döredilen. Talyplar üçin aýdym-saz, tans, çeperçilik, dutarçylyk, folklýor, ylmy toparlaryň birnäçesi işleýär. Bedenterbiýe we sagaldyş merkezinde talyplar sportuň futbol, woleýbol, basketbol, tennis, küşt, şaşka ýaly dürli görnüşleri bilen meşgullanýarlar.




**55-nji surat. Uniwersitetiň baş binasy, 2010-njy ýyl**

Bu ýerde ylmy-barlag işlerine we ýokary okuw mekdepden soňky hünär bilimine (aspirantura we kliniki ordinatura) aýratyn üns berilýär.

Döwlet Baştutanynyň öňe süren talaplaryna laýyklykda uniwersitetde okuw, ylym, bejeriş-anyklaýyş işleri, şeýle hem işjeň ylmy-usuly iş üçin häzirki zaman maddy-tehniki binýat döredildi. Munuň özi köp babatda okuw hadysasyna we bejeriş tejribesine häzirki zaman lukmançylyk ylmynyň gazananlaryny ornaşdyrmaga ýardam edýär.

Häzir bilimi kämilleşdirmäge we internet tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga berilýän aýratyn ünsüň netijesinde dünýä tejribesini öwrenmek kafedrasynda iň häzirki zaman internet merkezi we Telelukmançylyk merkezi hereket edýär. Olar wirtual okuwlar we tejribe alyşmak üçin giň mümkinçilikleri açýar. Talyplaryň okuwyna interaktiw usullary hem girizildi. Lukmançylyk uniwersiteti nusgawy okuw ulgamyna eýerýär. Bu ulgam özüne lukmançylygyň dürli ulgamlaryndaky kuwwatly nazary bazisi we soňra häzirki zaman lukmançylyk merkezleriniň binýadynda açylýan köpsanly kliniki kafedralarda taýýarlyk işini öz içine alýar. Mundan başga-da her ýyl geçirilýän iş tejribesi, başgaça aýdylanda, mugallymlaryň guramaçylyk-usuly ýolbaşçylygynda saglygy goraýyş edaralarynda geçirilýän önümçilik tejribesi iş ýüzünde bilimleri artdyrmaga ýardam edýär. Degişlilikde, ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymçylyk düzümine bildirilýän talaplar artýar.

Häzir lukmançylyk uniwersitetinde fakultetleriň 8 sanysy: kesel bejeriş, pediatriýa, keselleriň öňüni alyş, stomatologiýa, farmasewtika, sport we harby lukmançylygy, diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetleri bar.

M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň binasynyň umumy meýdany 40 müň inedördül metre barabar. Toplum 7 sany binadan ybarat bolup, 4 gatly baş binada uniwersitetiň administrasiýasy, okuw, okuw-usuly, ylmy bölümler, diplomdan soňky bilim bölümi we fakultetleriň dekanatlary, arhiw, uly we kiçi mejlisler zaly, şeýle hem muzeý we kiçi çaphana ýerleşýär. Baş binanyň iki tarapynda biologiýa we fiziologiýa binalary ýerleşip, olarda dürli kafedralar, uly we kiçi beýan zallary bar.



**56-njy surat. M.Garryýew adyndaky TDLU-nyň laboratoriýa okuw otaglary**



**57-nji surat. Uniwersitetiň binalar toplumy**

Uly uniwersitet şäherçesiniň içki meýdançasynda aýratyn iki gatly bina gurlup, şol ýerde talyplar kluby, naharhana, kitaphana bar. Şondan uzak bolmadyk ýerde sport-sagaldyş toplumy ýerleşýär. Ol ýapyk jaýyň içinde bedenterbiýe we sport lukmançylygy kafedralary hem-de türgenleşik zallary we suw howdany ýerleşýär. Bu ýerde şeýle hem tomaşaçylar üçin niýetlenen münberli açyk asmanyň aşagyndaky uly sport meýdançasy dürli sport ýaryşlaryny geçirmäge mümkinçilik berýär.

Şäherçede talyplaryň gowy ýaşamagy üçin ähli şertler döredilip, talyplar üçin gurlan iki sany 5 gatly umumy ýaşaýyş jaýy bar.

## 8.3. Türkmenistanda XX asyrda tanymal alym lukmanlar

*Wladimir Dmitriýewiç Timakow* (1905–1977 ý.), görnükli sowet mikrobiology, epidemiology, saglygy goraýşyň guramaçysy SSSR-iň lukmançylyk ylymlar akademiýasynyň akademigi (1952), SSSR ylymlar akademiýasynyň akademigi (1968). Ol 1905-nji ýylda garyp daýhan maşgalasynda eneden dogulýar, mekdebi tapawutly gutarýar hem-de Tomskiniň Lukmançylyk uniwersitetine okuwa girip, ony 1929-njy ýylda tamamlaýar. Ol talyplyk döwründen başlap mikrobiologiýany öwrenmäge uly üns berýär. Uniwersiteti tamamlap, aspiranturada okuwyny we ylmy gözleglerini dowam etdirýär

hem-de şol ýerde kafedranyň assistenti wezipesine işe kabul edilýär. Ol Türkmen döwlet lukmançylyk instituty işläp başlan döwründe Türkmenistanyň hökümetiniň çakylygyna eýerip, respublikamyza gelenleriň ilkinjileriniň biri bolupdyr. Öz hünäri boýunça mikrobiolog we ýokanç keselleri bejerýän lukman bolup, institutyň mikrobiologiýa we epidemiologiýa kafedrasynda işläp başlapdyr.

Institutyň mikrobiologiýa kafedrasynyň assistenti W. D. Timakow 1936-njy ýylda Türkmenistanda ilkinji bolup institutyň alymlar geňeşinde «Gyzdyrylan tifo-paratifoz waksinalarynyň antigen-immunizator we reaktiw häsiýetleri» atly temadan lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini almak üçin dissertasiýa gorapdyr we onuň alymlyk derejesi 1937-nji ýylda tassyklanylypdyr.

W. D. Timakow 1937-nji ýylda dosent diýen ylmy ada mynasyp bolupdyr hem-de institutyň epidemiologiýa kafedrasyna ýolbaşçylyk edipdir.

Ol ylmy işlerini dowam edip, 1941-nji ýylda Daşkent şäherinde «Süýt tifo-paratifoz waksinalary» atly temadan lukmançylyk ylymlarynyň doktory diýen alymlyk derejesini almak üçin dissertasiýa gorapdyr.

W. D. Timakow institutyň mikrobiologiýa kafedrasyna 1938 – 1944-nji ýyllarda ýolbaşçylyk edipdir.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda (1941 –1945 ý.) ol Türkmenistan SSR-niň Saglygy saklaýyş halk komissary wezipesinde zähmet çekipdir. Şol ýyllarda ol alymlar W. W. Suknýow, W. A. Frauf, M. I. Bogdanowiç, M. N. Şaraşkina, G. Tekinskaýa we başgalaryň gatnaşmagynda Aşgabadyň epidemiologiýa we gigiýena institutynda garyn-içege we çaga ýokanç keselleri bilen göreşde ulanylýan bakterial serişdeleriň (faglar we waksinalar) netijeliligini öwrenipdir. Faglaryň hem-de göze görünmeýän mikroblaryň tebigaty anyklanylypdyr, bu işler bolsa soňra bakterial serişdeleriň önümçiligini ýola goýmaga mümkinçilik döredipdir. Şol döwürde garyn garahassalygynyň, mama keseliniň, guduzlamanyň garşysyna ulanylýan waksinalar hem-de gyzamyga garşy syworotka, jemi 20-den gowrak bakterial serişdäniň köpçülikleýin öndürilmegi ýola goýlupdyr.

W. D. Timakowyň ylmy barlaglary L-görnüşli bakteriýalar we mikoplazmalaryň maşgalasyny öwrenmäge bagyşlanypdyr. Şol barlaglaryň netijelerini lukmançylyk amalyna ornaşdyranlygy üçin ol Lenin baýragyna mynasyp bolupdyr. Onuň wirulentlik, genetika, molekulýar biologiýa, plazmidleriň biologiýasyny öwrenmekde lukmançylyk ylmyna goşandy örän uludyr.

W. D. Timakow soňra, Moskwanyň N. I. Pirogow adyndaky lukmançylyk institutynyň mikrobiologiýa kafedrasyna 30 ýyllap müdirlik edipdir. Ol ökde guramaçy hökmünde SSSR-iň Lukmançylyk ylymlar akademiýasynyň akademik-sekretary (1953 – 1957 ý.), soňra (1957 – 1963 ý.) wise-prezidentligine saýlanypdyr. Ol yzly-yzyna üç möhlete 1968-nji, 1972-nji we 1976-njy ýyllarda SSSR Lukmançylyk ylymlar akademiýasynyň prezidentligine saýlanypdyr. Lukmançylyk ylmyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin SSSR-iň ordenleri we medallary bilen sylaglanypdyr. Ol Zähmet Gahrymany diýen adyň eýesidir.

W. D. Timakow 1945 – 1953-nji ýyllarda N. F. Gamaleýa adyndaky epidemiologiýa we mikrobiologiýa institutynyň direktory wezipesinde işläpdir. W. D. Timakow 300-e golaý ylmy işiň, şol sanda mikrobiologiýadan 7 sany monografiýanyň awtorydyr. Onuň esasy ylmy işleri mikroorganizmiň, bakteriofagyň, L-görnüşli bakteriýanyň, mikoplazmologiýanyň, epidemiologiýanyň meselelerini öz içine alýar.

W. D. Timakow we onuň işgärleri tarapyndan L-görnüşli bakteriýalaryň döreýiş kanuny kesgitlenipdir.

W. D. Timakow lukmançylykda we lukmançylyk mikrobiologiýasynda genetikany öwrenmekde guramaçylaryň biri bolupdyr. Ol sowet mikrobiologlarynyň we genetikleriniň mekdebini döredipdir hem-de 1973-nji ýylda Bütindünýä mikrobiologlarynyň jemgyýetiniň epidemiologiýa edarasynyň müdiri wezipesine bellenilipdir. Mikrobiologiýa, epidemiologiýa we immunologiýa žurnalynyň baş redaktory, gigiýena, mikrobiologiýa žurnalynyň baş redaktorynyň orunbasary wezipelerini eýeläpdir. Krakowsk adyndaky lukmançylyk uniwersitetiniň hormatly professory, Slowakiýa ylymlar akademiýasynyň altyn medaly bilen sylaglanypdyr.

Oňa Türkmenistan SSR-niň ylymda at gazanan işgäri diýen hormatly at dakylypdyr.

*Boris Leonidowiç Smirnow* – newropatolog, neýrohirurg lukmany. B. L. Smirnowyň ömri we döredijiligi hemmeler üçin nusgadyr. Ol gadymy hindi eposy «Mahabharatanyň» terjimeçisidir.

B. L. Smirnow 1891-nji ýylyň dekabr aýynyň 15-ine Çernigow oblastynyň Kozleniçi obasynda dogulýar. Ol 1910-njy ýylda Peterburgdaky 6-njy gimnaziýany altyn medal bilen tamamlandan soň, harby lukmançylyk akademiýasyna okuwa girýär. Ol talyp döwri akademik W. N. Şewkunyň ýolbaşçylygynda topografik anatomiýa we operatiw hirurgiýa kafedrasynda ylmy işleri alyp barýar. Birinji Jahan urşunyň başynda B. L. Smirnow Harby lukmançylyk akademiýasyny üstünlikli tamamlaýar we ony lukman hökmünde goşuna iberýärler. Rewolýusiýa ýyllarynda Boris Leonidowiç öz oblastynda işleýär. Soňra ol Kiýewe göçüp, ol ýerde lukmançylyk institutynda nerw keseller klinikasynda ordinator bolup işleýär.1929-njy ýylda B. L. Smirnow Kiýewden göçüp, Ýoşkarola şäheriniň keselhanasynda maslahatçy-newropatolog wezipesinde işläpdir. Ol 1935-nji ýylda Aşgabat şäherine göçüp gelipdir hem-de Türkmenistanyň newrologiýa we fizioterapiýa institutynda ylmy işgär wezipesinde, soňra 1937–1938-nji ýyllarda Mollagara şypahanasynda lukman-newropatolog wezipesinde işleýär. Ol 1938-nji ýylda kandidatlyk dissertasiýasyny, 1939-njy ýylda bolsa lukmançylyk ylmynda doktorlyk dissertasiýasyny gorapdyr.

B. L. Smirnow 1939-njy ýylyň sentýabr aýynda professorlyga saýlanylýar we TDLI-niň nerw keselleri kafedrasynyň müdiri wezipesine bellenilýär. Ol Beýik Watançylyk urşunda newrologiýa we fizioterapiýa institutynda maslahatçy-neýrohirurg bolup işleýär we Sowet Goşunynyň söweşlerde ýaraly bolan esgerlerine neýrohirurgik kömegini beripdir. 1948-nji ýylyň oktýabr aýynda Aşgabat ýer titremesinden soň B. L. Smirnow şikes alan adamlara ýörite lukmançylyk kömegini berýär we köp sagatlaryň dowamynda açyk asmanyň astynda operasiýalary geçirýär.1956-njy ýylda ýarawsyzlygy zerarly Boris Leonidowiç pensiýa çykýar. Ol ýarawsyz hem bolsa, gadymy hindi «Mahabharata» eposyny terjime edýär.

Ol 1967-nji ýylyň maý aýynda Aşgabat şäherinde aradan çykýar. Görnükli alym, newropatolog we neýrohirurg lukmany, filosof,

gadymy hindi «Mahabharata» eposynyň terjimeçisi B. L. Smirnow ylymda we medeniýetde öçmejek yz galdyran şahsyýetleriň biridir.

*Alekseý Wasilýewiç Parabuçew* – Aşgabada Don boýundaky Rostow şäherinden 1932-nji ýylyň maýynda Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan çagyrylyp getirilýär. Ol Demirgazyk Kawkazyň lukmançylyk institutynyň patologik anatomiýa kafedrasynyň uly assistenti bolup işläpdir.

A.W. Parabuçew diýseň ajaýyp guramaçy bolup, ol 1931 –1932-nji ýyllarda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň açylmagynyň taýýarlyk işlerine has işjeň gatnaşan alymdyr. Ol 1932-nji ýylda institutyň patologik anatomiýa kafedrasynyň düýbüni tutupdyr we 1932-nji ýyldan tä 1950-nji ýylyň maý aýyna çenli onuň ilkinji ýolbaşçysy bolupdyr.

Kafedranyň ylmy-barlag işleriniň esasy ugry – yssy klimatik şertlerde inçekeseliň, brusellýozyň we beýleki kesellerde morfologik hadysalarynyň geçiş aýratynlyklaryny öwrenmekden ybarat bolupdyr. Kafedrada geçirilýän ylmy-barlag we okuw-terbiýeçilik işleri bilen bir hatarda, ol lukmançylyk institutynyň direktorynyň okuw-ylmy işleri boýunça birinji orunbasary, soňra birnäçe ýyllaryň dowamynda institutyň direktorynyň wezipesini hem ýerine ýetiripdir. Ol 1934-nji ýylyň 18-nji aprelinde TDLI-niň mejlisler zalynda birleşen ylmy lukmançylyk jemgyýetiniň ilkinji guramaçylyk ýygnagyny geçirýär we onuň başlyklygyna saýlanylýar, kätipligine bolsa A.G. Sukaçýow saýlanylypdyr. Bu jemgyýet 1937-nji ýyldan başlap has-da işjeň işläp başlapdyr. Onuň işine A.W. Parabuçewiň ýolbaşçylyk eden döwürlerinde 205 ylmy ýygnak geçirilip, 554 ylmy doklad ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Olar metbugatda giňden çap edilipdir. A.W. Parabuçewiň ýadawsyz zähmeti esasynda ýurdumyzda lukmançylyk ylmy aýratyn ösüşe eýe bolupdyr. Soňra ýurdumyzda ylmy-lukmançylyk jemgyýetleri döredilip, olar dürli kliniki we nazary ugurlar boýunça ylmy işleri öz içine alypdyr.

Türkmen halkynyň öňünde bitiren uly hyzmatlary üçin oňa Türkmenistan SSR-niň ylymda at gazanan işgäri diýlen hormatly at dakylypdyr hem-de 1949-njy ýylda ol Ýokary döwlet sylagy – Lenin ordeni bilen sylaglanypdyr. A.W. Parabuçew uly jemgyýetçilik işlerini hem alyp barypdyr, ol birnäçe gezek Aşgabat şäher Sowetine hem-de Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetine deputat saýlanypdyr.

15. Sargyt № 23

*Han Çapau* Türkmen döwlet lukmançylyk instituty döredilen gününden işläp başlaýar. Ol Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň fakultet hirurgiýasy kafedrasynyň assistenti bolup işleýärkä, 1940-njy ýylda Baku şäherinde «Aşaky dodagyň kanseri» temasyndan dissertasiýa goraýar we türkmen alymlarynyň arasynda ilkinji bolup, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesine mynasyp bolýar.

Han Çapau Aşgabat şäherinde 1948-nji ýylyň oktýabr aýynyň 5-inden 6-syna geçilen gije dörän tebigy betbagtçylyk döwründe özüniň belent adamkärçiligini görkezýär. Ol institutyň ylmy işgärleriniň ilkinjileriniň hatarynda ýer titremesinde ejir çeken ýerli ilata lukmançylyk we kesel bejeriş kömegini gurnamakda görelde bolupdyr. Şol wagtky Aşgabadyň merkezi bolan K. Marksyň adyny göterýän meýdançada gurnalan gaýragoýulmasyz lukmançylyk kömegi nokadynda ýüzlerçe ildeşlerimize ýokary derejeli lukmançylyk kömegini berip, çylşyrymly operasiýalary geçiripdir.

Soňra ol ömrüniň ahyryna çenli institutyň gospital hirurgiýasy kafedrasynda işleýär. Köpýyllyk çeken zähmeti göz öňünde tutulyp, ol dosent diýen ylmy ada eýe bolýar hem-de oňa Türkmenistan SSR-niň at gazanan lukmany diýen hormatly at dakylýar. Ol özüniň ömrüni ýurdumyzda ýeňil elli lukmanlary taýýarlamaga bagyş eden ynsandyr.

*Sary Karanowiç Karanow* – türkmen lukmanlarynyň içinde ilkinji bolup lukmançylyk ylymlarynyň doktory diýen alymlyk derejesine we professor adyna mynasyp bolan. 1909-njy ýylyň mart aýynyň 16-na Bäherden etrabynda garyp daýhan maşgalasynda dogulýar. Ata-enesinden ir mahrum bolup, ol çagalygyndan ýetimlik derdini çekýär. Ol ilki başda Bäherden obasyndaky çagalar öý-internatynda terbiýelenýär, soňra bolsa Moskwanyň etegindäki Serebrýannyý bordaky «Türkmen halk magaryf öýi» internatyna geçirilýär we şol ýerde ol doly däl orta bilim alýar. 1929-njy ýyl-



**58-nji surat.**
**Sary Karanowiç**
**Karanow (1909–1987)**

da internatyň jaýyndaky ýangyn sebäpli, Sary Karanow beýleki terbiýelenýän okuwçylar bilen bilelikde Aşgabat şäherindäki Türkmen göreldeli tejribe mekdep-internatyna geçirilýär hem-de ony 1931-nji ýylyň iýul aýynda tamamlaýar.

Sary Karanow 1931-nji ýylda Orta Aziýanyň döwlet lukmançylyk institutynyň (Daşkent şäheri) kesel bejeriş fakultetine okuwa girýär we ony 1936-njy ýylda tamamlaýar. Şol döwürlerde köp adamlaryň göz kesellerinden ejir çekýänligini görmegi, esasan hem, trahoma, glaukoma kesellerinden ýüzlerçe adamlaryň kör bolmagy onuň göz lukmany kärini saýlap almagynda uly rol oýnapdyr. Ol 1936-njy ýylyň iýul aýyndan 1940-njy ýylyň mart aýynyň ahyrlaryna çenli Aşgabatda Türkmenistanyň ylmy-barlag trahoma institutynda ordinator, soňra bolsa kiçi ylmy işgär wezipelerinde işläpdir.

Sary Karanowyň ilkinji mugallymy akademik W. P. Filatowyň ylmy mekdebinde tälim alan professor Konstantin Iwanowiç Sikulenko bolupdyr. Professor K. I. Sikulenko Sary Karanowa öz saýlap alan hünäri boýunça tejribesiniň artmagyna uly ýardam beripdir. 1940-njy ýylyň mart aýynda S. Karanow Sowet Goşunynyň hataryna gulluga çagyrylýar we şol wagtky Belorusyň Borisow gospitalynda harby lukman bolup gulluk edýär. Ol döwlet serhediniň golaýynda gulluk edýärkä Beýik Watançylyk urşy başlanýar. Urşuň ilkinji gününden (22.06.1941 ý.) başlap, tä Uzak Gündogarda Ýaponiýa bilen bolan uruşda (9.09.1945 ý.) duşmandan üstün çykylýança, oňa doly gatnaşýar.

Sary Karanow 1941–1942-nji ýyllarda 435 belgili ewakogospitalda harby lukman bolup gulluk edýär. Ol 1942–1945-nji ýyllarda bolsa, şol wagtky Çehoslowakiýada, Rumyniýada, Wengriýada, Mongoliýa Halk Respublikasynda, Mançžuriýada, Demirgazyk–Günbatar, Stepnoý, Ikinji Ukraina, Zabaýkal frontlarynyň düzüminde urşan 53-nji söweş goşunynyň lukmançylyk taýdan güýçlendirilen aýratyn rotanyň göz keselleri bölüminiň baştutany bolup gulluk edýär. Frontda bitiren söweşjeň hyzmatlary üçin ol 1943-nji ýylda «Gyzyl Ýyldyz» ordeni, 1945-nji ýylda 2-nji derejeli «Beýik Watançylyk urşy» ordeni, «Germaniýadan üstün çykylanlygy üçin», «Ýaponiýadan üs-

tün çykylanlygy üçin» medallary bilen sylaglanýar. 1945-nji ýylyň noýabr aýyndan 1946-njy ýylyň mart aýy aralygynda S. Karanow Sowet Goşunynyň ätiýaçlygynda bolup, soňra 1946-njy ýylda ol Aşgabadyň 341-nji gospitalynyň göz bölüminiň başlygy bolup gulluk edýär hem-de şol ýylyň iýul aýynda lukmançylyk gullugynyň maýory diýen harby derejesinde demobilizlenýär.

S.K. Karanow 1946-njy ýylyň iýul aýynda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň göz keselleri kafedrasyna aspirantura girýär. Ol özüniň ylmy derňewlerini gözüň kör bolmagyna sebäp bolýan keseliň – glaukomanyň hirurgiýa ýoly bilen bejerilişiniň netijeliligini öwrenmäge bagyş edýär. Sary Karanow professor I.A.Wassermanyň ýolbaşçylygynda öz ylmy işini 2 ýylyň dowamynda möhletinden öň tamamlaýar. 1948-nji ýylyň iýun aýynda lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini almak üçin «Glaukoma keselini bejermekde iridonukleozisli skleroektomiýa» diýen temadan dissertasiýa goraýar hem-de oňa 1949-njy ýylda lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesi we göz keselleri kafedrasynyň dosenti ady berilýär.

Ajaýyp pedagog we ýaşlaryň terbiýeçisi Sary Karanow 1948-nji ýyldan başlap Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň göz keselleri kafedrasynyň müdiri wezipesinde işleýär we şol döwürde mugallymçylyk işini dowam etdirýär. Glaukoma keseli baradaky ylmy derňewlerini dowam etdirmek bilen Sary Karanowiç 1952-nji ýylyň noýabr aýynda Merkezi lukmanlary kämilleşdiriş institutynyň (Moskwa şäheri) alymlar geňeşinde «Türkmenistan SSR-nde glaukoma keseli» diýen temadan doktorlyk dissertasiýasyny goraýar. 1953-nji ýylda bolsa oňa Ýokary attestasiýa topary (WAK) tarapyndan lukmançylyk ylymlarynyň doktory diýlen alymlyk derejesi we professorlyk ady berilýär.

Ol 1954-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň Ylymlar akademiýasynyň akademikligine saýlanýar. 1963-nji ýylda S.K. Karanowa «Türkmenistan SSR-niň ylymda at gazanan işgäri» diýen hormatly at dakylýar.

Sary Karanow çapdan çykan 172 sany ylmy işiň awtorydyr. Bu işleriň 7-si monografiýadyr. Onuň ylmy derňewleriniň esasy ugry Türkmenistan SSR-inde ülke oftalmologik patologiýasyny, has takygy, trahomany, epidemik konýunktiwiti hem-de glaukomany, çagalaryň görüş organlaryny goramagy öwrenmek bolýar. 1949–1953-nji ýyllarda Sary Karanowiç kafedra müdiri bolmak bilen birlikde Türkmenistan ylmy-barlag trahoma institutynyň direktory, 1953–1970-nji ýyllarda bolsa, institutyň direktorynyň ylmy işler boýunça orunbasary wezipelerini hem ýerine ýetirýär. Şeýlelikde, ol şol ýyllaryň dowamynda respublikada oftalmologiýa gullugyna ýolbaşçylyk edýär. Ylmy işgärleri taýýarlamakda Türkmenistanda ylmy oftalmologiýa mekdebini döredýär. Onuň ýolbaşçylygynda 25 kandidatlyk we 3 doktorlyk dissertasiýasy goralýar.

S. K. Karanow esasy ünsi gyssagly çözgüdi talap edýän meseleleri öwrenmäge berýär. Öz okuwçylary bilen bilelikde Sary Karanow ilatyň trahoma bilen kesellemegini öwrenip, bu patologiýa garşy göreşiň ylmy esaslaryny we biziň ýurdumyzyň şertlerinde köpçülikleýin bejeriş çärelerini işläp düzýär. Sowet we partiýa guramalarynyň kömegi bilen, ýerlerdäki umumy lukmançylyk işgärlerini çekmek we täze guramaçylyk iş usullaryny ulanmak bilen (wagtlaýyn stasionarlary, sagaldyş meýdançalaryny we ş. m. döretmek) hem-de trahomanyň wirusyna täsir edýän işjeň antibiotikleri ulanmak bilen keseliň garşysyna göreşmek işinde uly özgerişlikleri gazanmaklygy başarýar. Şonuň netijesinde jemgyýetçiligiň hem-de lukmançylyk işgärleriniň kömek bermegi esasynda 1966-njy ýylda türkmen halkynyň arasynda asyrlarboýy dowam edip gelen trahoma keseli köki-damary bilen ýok edilýär we örän seýrek duş gelýän kesel bolup galýar.

Bu meselelere Sary Karanow köpsanly makalalaryny we 2 sany monografiýany bagyş edýär. Şol işleriň biri bolan «Türkmenistanda trahomany ýok etmegiň ylmy esaslary» (1966 ý.) diýen işinde, ol özüniň trahoma keseline garşy göreşdäki köpýyllyk tejribesini jemleýär. Onuň glaukoma barada ýazan işleri hem uly ähmiýete eýedir. Sary Karanowyň 1955-nji ýylda «Glaukoma we Türkmenistanda oňa

garşy göreş» diýen monografiýasy neşir edilýär. Onuň «Toksoplazmoz» (1965 ý.) diýen kitabynda bu keseliň biologiýasy, klinikasy we epidemiologiýasy barada umumy maglumatlar berilýär.

S. Karanowyň redaksiýasy bilen Türkmenistanyň ylmy-barlag göz keselleri institutynyň 15 tomluk işleri neşir edilýär. Sary Karanowiç oftalmologiýa boýunça geçirilen Bütinsoýuz gurultaýlara, konferensiýalara, simpoziumlara işjeň gatnaşypdyr. Sary Karanowiç özüniň döwlet we jemgyýetçilik wezipeleri bilen baglylykda uly jemgyýetçilik işlerini alyp barypdyr. Ol Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň 6-njy we 7-nji çagyrylyşlarynyň deputaty, TSSR Ýokary Sowetiniň saglygy saklaýyş we sosial üpjünçilik baradaky hemişelik toparynyň başlygy, TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň agzasy boldy. Ol «Oftalmologiýanyň habarlary» žurnalynyň redaksion geňeşiniň agzasy, oftalmologlaryň Bütinsoýuz ylmy jemgyýetiniň prezidiumynyň agzasy, Türkmenistanyň oftalmologlarynyň ylmy jemgyýetiniň başlygy, «Türkmenistanda saglygy saklaýyş», «TSSR Ylymlar akademiýasynyň habarlary (biologiýa ylymlary seriýasy)» žurnallarynyň redkollegiýa agzasy, TSSR YA-nyň biologiýa ylymlary bölüminiň býurosynyň, TSSR YA-nyň ylmy-barlag işlerini utgaşdyrmak boýunça geňeşiniň agzasy Türkmen sowet ensiklopediýasynyň baş redaksiýasynyň agzasy bolupdyr.

Sary Karanow zähmetde gazanan üstünlikleri üçin ençeme ordenler hem-de medallar bilen sylaglanýar.

Akademik Sary Karanowiç Karanow ömrüniň ahyryna çenli özüniň alymlyk, mugallymçylyk, lukmançylyk kärini, jemgyýetçilik işini dowam etdirýär.

*Nurmyrat Täçmyradowiç Täçmyradow* – Türkmenistanyň lukmançylyk ylymlary akademiýasynyň akademigi, Türkmenistanda kardiohirurgiýanyň düýbüni tutujy.

N. Täçmyradow 1910-njy ýylda Mary welaýatynda dogulýar. Ol başlangyç bilimi Mary şäherindäki göreldeli internatda alyp, ony 1927-nji ýylda üstünlikli tamamlaýar. Soňra 1927–1930-nji ýyllarda Türkmenabadyň mugallymçylyk tehnikumynda okaýar. Ony ta-

mamlap, 1931-nji ýylda Daşkendiň lukmançylyk institutyna okuwa girýär.



**59-njy surat.**
**Nurmyrat Täçmyradowiç Täçmyradow (1910–1997)**

Okuwyny tamamlanyndan soňra, ilki Ýolötendäki, soňra bolsa Tejendäki göz stansiýasynyň müdiri bolup işleýär. Şol wagtlar Türkmenistanda trahoma we epidemik konýunktiwit köp ýaýran göz keselleri bolup, N. Täçmyradow öz alan bilimini trahoma garşy göreşe we ilata oftalmologik kömegi guramaga bagyşlapdyr, munuň daşyndan hem ol keselhananyň hirurgiýa bölüminde işleýär. 1939-njy ýylda N. T. Täçmyradow Respublikan kliniki keselhanasynyň I hirurgiýa bölüminiň ordinatory bolup ileýär, şeýle hem Aşgabadyň feldşer-akuşerçilik mekdebiniň direktorlygyna bellenilýär.

Ol 1941-nji ýylda fronta gidýär. Frontuň öň hatarynda, agyr şertlerde, lukmançylyk sanitar rotasynyň komandiri hem-de lukmançylyk sanitar batalýonynyň baş hirurgy bolmak bilen ol harby meýdan hirurgynyň ukybyny görkezýär.

Söweşlerde we lukmançylykda bitiren hyzmatlary üçin N. Täçmyradow SSSR-iň «Gyzyl ýyldyz» ordeni we medallary bilen sylaglanýar. 1947-nji ýylda Sowet Goşunynyň hataryndan gaýdyp gelenden soň, ol Respublikan kliniki keselhanasynyň baş lukmany wezipesine bellenilýär hem-de TDLI-niň gospital hirurgiýasy kafedrasynyň assistenti bolup işleýär. 1950-nji ýylda «Şikes zerarly organizmiň funksiýasynyň bozulmasyny bejermekde arteriýa, wena damarlaryna gan goýberilişiniň netijeliligine deňeşdirme esasynda baha bermek» atly ylmy temadan lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty alymlyk derejesini almak üçin dissertasiýa goraýar. N. Täçmyradow 1950-nji ýylda Moskwanyň Seçenow adyndaky lukmançylyk institutynda doktorlyk dissertasiýasyny ýerine ýetirmek üçin iş saparyna ugradylýar. Ol ýerde ajaýyp hirurg, professor W. S. Lewitiň ýolbaşçylygynda örän gysga wagtyň içinde dissertasiýasyny tamamlap, 1953-nji ýylda lukmançylyk ylymlarynyň doktory diýen alymlyk derejesine mynasyp

bolýar. N. Täçmyradow Moskwada hirurg hökmünde tejribe toplamagy dowam etdirýär. Oňa 1954-nji ýylda «professor» diýen ylmy at dakylýar. Şol ýylda hem TDLI-niň hirurgiýa kafedrasynyň müdirligine saýlanylýar. 1957-nji ýylda oňa «TSSR-iň ylymda at gazanan işgäri» diýen hormatly at dakylýar.

Ol 1959-njy ýylda Orta Aziýa respublikalarynyň hirurglarynyň arasynda ilkinji bolup ýürekde mitral komissurotomiýa operasiýasyny ýerine ýetirýär. N. Täçmyradow kardiohirurgiýanyň ösmegine uly goşant goşup, damarlardaky gan akymynyň ýetmezçiligini bejermek, perikardektomiýa, ýürek hem-de perikard çişlerini aýyrmagyň operasiýalaryny üstünlikli amala aşyrýar. Professor N. Täçmyradow öz ömrüni lukmançylyga bagyş edip, 150-den gowrak ylmy işleri ýazyp, 4 sany lukmançylyk ylymlarynyň doktoryny, 24 sany ylymlaryň kandidatyny taýýarlaýar. Ol 1997-nji ýylda aradan çykýar.

*Saçly Dursunowa* 1918-nji ýylyň noýabr aýynyň 21-ine öňki Büzmeýin şäheriniň Büzmeýin obasynda dogulýar. Ol ir wagtda öz jigisi Çeper bilen ene-atadan mahrum bolýar, lukmançylyk mekdebini we Türkmen döwlet lukmançylyk institutyny tamamlap, öz islegi boýunça fronta gidýär. Daşkent şäherinde gysga möhletli ýörite taýýarlykdan soň, lukmançylyk gullugynyň leýtenanty harby derejesinde 162-nji atçylyk diwiziýasynyň 33-nji lukmançylyk-sanitariýa batalýonyna ugradylýar. Stalingradyň etegindäki bolan 1941–1945-nji ýyllaryň urşunyň aldym-berdimli söweşlerinde ýaralanan esgerlere lukmançylyk kömegini berip, meýdan şertlerinde gaýragoýulmasyz geçirilýän operasiýalarda hirurglara kömek edýär. Beýik Watançylyk urşunyň ýeňiş bilen tamamlanan gününde lukmançylyk gullugynyň kapitany diýen harby ada, «Gyzyl ýyldyz» ordenine, «Söweşde ýeňiş gazanany üçin», «Stalingradyň goragy üçin», «1941–1945-nji ýyllarda Beýik Watançylyk urşunda Germaniýadan üstün çykylanlygy üçin» medallaryna mynasyp bolýar. Uruşdan dolanyp geleninden soň ol ylmy işler bilen meşgullanyp, kandidatlyk dessertasiýasyny goraýar. S. Dursunowa Türkmen döwlet lukmançylyk institutynda tropiki ýokanç kesselleriň okuwyny alyp barýar. Ol 1959-njy ýylda Türkmen döwlet lukmançylyk institutyň rektory wezipesine bellenilýär.

S. Dursunowa özüniň agyr keseline garamazdan, 1973-nji ýylda Moskwada SSSR-iň lukmançylyk ylymlary akademiýasynyň N.F. Gamaleýa adyndaky epidemiologiýa we mikrobiologiýa ylmy-barlag institutynda «Türkmenistanda wisseral leýşmanioz» atly doktorlyk dissertasiýasyny üstünlikli goraýar. Onuň 67 sany ylmy işi dürli lukmançylyk žurnallarynda çap edilipdir.

S. Dursunowanyň watanyň öňünde bitiren hyzmatlaryna ýokary baha berlip, oňa «Saglygy goraýyşda tapawutlanan», «Türkmenistanyň at gazanan lukmany» diýen hormatly atlar dakylýar, ol Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň Hormat hatlary bilen we «Hormat nyşany» ordeni bilen sylaglanýar.

S. Dursunowa 1974-nji ýylyň awgust aýynda aradan çykýar.

*Çary Baýryýew* 1922-nji ýylda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda dogulýar. Ol orta mekdebi tamamlap, 1938-nji ýylda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň taýýarlaýyş bölümine okuwa girýär. Ony tamamlanyndan soň, 1939-njy ýylda institutyň 1-nji ýylyna kabul edilýär. 1943-nji ýylda ony üstünlikli tamamlanyndan soň, institutyň gospital hirurgiýasy kafedrasynda kliniki ordinatura alnyp galynýar. Ç. Baýryýew 1944–1948-nji ýyllarda şu kafedranyň aspiranty bolup, 1948-nji ýylda kandidatlyk dissertasiýasyny üstünlikli goraýar we lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty alymlyk derjesine mynasyp bolýar. 1948–1950-nji ýyllarda şu kafedranyň assistenti, 1951–1955-nji ýyllarda dosenti, 1955–1961-nji ýyllarda bolsa müdiri wezipesinde zähmet çekýär. Oňa 1961–1963-nji ýyllarda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň rektory wezipesi ynanylýar.


**Çary Baýryýew (1922–1995)**

Ç. Baýryýew 1966-njy ýylda doktorlyk dissertasiýasyny gorap, lukmançylyk ylymlarynyň doktory alymlyk derejesine mynasyp bolýar we oňa 1968-nji ýylda professor ylmy ady berilýär. 1969-njy ýylda bolsa, TYA-nyň habarçy-agzasy diýen ylmy ada mynasyp bolýar. 1970–1978-nji ýyllarda

Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň rektory wezipesi ikilenji gezek ynanylýar. Ol 1978-nji ýylyň awgust aýynyň 29-yndan, tä ömrüniň ahyryna çenli Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Onkologiýa ylmy-klinik merkeziniň uly ylmy işgäri, soň proffessor lukmany wezipelerinde zähmet çekýär.

Ç. Baýryýewiň watanyň öňünde bitiren hyzmatlaryna ýokary baha berlip, oňa hormatly atlar dakylýar, ol Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň Hormat hatlary, «Hormat nyşany», «Lenin» we «Zähmet Gyzyl baýdak» ordenleri bilen sylaglanýar.

Çary Baýryýew 1995-nji ýylyň iýun aýynyň 17-ne aradan çykýar.

*Amangül Garryýewna Annageldiýewa* 1927-nji ýylda dogulýar. A. G. Annageldiýewa talyplyk ýyllarynda birnäçe ylmy işleri alyp barmaga işjeň gatnaşýar. Oňa okuwda tapawutlananlygy üçin ýokary talyp haky bellenýär.

A. Annageldiýewa heniz talyplyk ýyllarynda patologik fiziologiýanyň ylmy meseleleri bilen içgin gyzyklanyp, professor W. A. Ýusiniň ýolbaşçylyk edýän talyplarynyň ylmy gurnagyna işjeň gatnaşypdyr. Ol 1949-njy ýylda Türkmen döwlet lukmançylyk institutyny tapawutlanan diplom bilen tamamlaýar hem-de şol ýyl institutyň patologik fiziologiýa kafedrasynda assistent wezipesinde işe başlaýar.



**60-njy surat.**
**Amangül Garryýewna Annageldiýewa (1927-1984)**

A. G. Annageldiýewa geçiren ylmy barlag işleriniň netijesinde 1952-nji ýylda «Merkezi nerw ulgamynyň dürli funksional ýagdaýlarynda leýkositleriň fagositar işjeňliginiň üýtgemegi» diýen temadan kandidatlyk dissertasiýasyny goraýar.

Türkmen alymynyň ylmy-barlag işleriniň bu wajyp ylmy meseläniň çözgüdine gönükdirilmegi, ýaş alymyň ylmy erjelliginden habar berýär, geçirilen ýüzlerçe synaglar we gözlegler 1963-nji ýylda Moskwa şäherinde «Ganyň leýkositleriniň fagositar işjeňliginiň neýrogu-

moral sazlanyşygy» temasyndan doktorlyk dissertasiýasyny goramak bilen tamamlanýar.

A. G. Annageldiýewa 1964-nji ýyldan başlap, soňraky 20 ýylyň dowamynda TDLI-niň patologiki fiziologiýa kafedrasyna ýolbaşçylyk eden döwründe 138 ylmy iş, 3 monografiýa ýazýar, kafedrada 18 kandidatlyk we 1 doktorlyk dissertasiýasy goralýar.

A. G. Annageldiýewa nerw ulgamynyň we ganyň patologiýasyna, fagositar işjeňlik we gipertoniýa, onkologiýa we toksikologiýa, ýürek-damar keselleri we allergologiýa, dermatologiýa we kurortologiýa degişli ylmy-barlag işleri alyp barypdyr.

Amangül Garryýewna Türkmen döwlet lukmançylyk institutynda dekanyň orunbasary, okuw işleri boýunça prorektory wezipelerinde hem işläpdir. Türkmen zenanlarynyň arasynda ilkinji bolup professor diýen ylmy ada mynasyp bolan A. G. Annageldiýewa 3 gezek halkara kongresinde we birnäçe gezek ylmy konferensiýalarda çykyş edipdir.

A. Annageldiýewa Türkmen döwlet lukmançylyk institutynda işlän döwründe bitiren hyzmatlary mynasybetli birnäçe orden-medallara we hormatly atlara mynasyp bolan zenandyr. Ol şol wagtky Çehoslowakiýa ylymlar akademiýasynyň «Ýan Purkinýe» adyndaky altyn medaly bilen sylaglanýar. Oňa 1985-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan lukmany» diýen hormatly at dakylýar.

*Oraz Geldiýewiç Babaýew* Mary welaýatynyň Mary etrabynyň Muhadow obasynda 1931-nji ýylyň 10-njy maýynda dogulýar. 1952-nji ýylda Türkmen döwlet lukmançylyk institutyny tapawutlanan diplom bilen tamamlap, institutyň gospital terapiýasy we fakultet hirurgiýasy kafedralarynda aspiranturany geçýär. 1955-nji ýylda «Operasiýalarda gan aýlanyşygynyň tizligini öwrenmegiň materiallary» temasyndan kandidatlyk dissertasiýasyny goraýar. 1956–1957-nji ýyllarda TDLI-niň fakultet we umumy hirurgiýa kafedralarynda assistent wezipesinde işläpdir.

O. G. Babaýew soňra 20 ýylyň dowamynda Mary welaýatynyň saglygy goraýyş müdirliginiň baş hirurgy we welaýat hassahanasynyň hirurgiýa bölüminiň müdiri wezipelerinde işleýär. Ol bu ýerde köpugurly umumy hirurgiýanyň we hirurgiýa gullugynyň guramaçylygynyň uly amaly mekdebini geçýär, ýerli halkyň arasynda uly



**61-nji surat. Oraz Geldiýewiç Babaýew (1931–1992)**

at-abraýa eýe bolýar. Oraz Geldiýewiç Babaýew Mary welaýatynyň hirurglarynyň ylmy jemgyýetini gurnamak bilen, welaýatda hirurg lukmanlaryny taýýarlamakda we täze hirurgik bölümleriň hem-de ýöriteleşdirilen bölümleriň açylmagynda uly işleri durmuşa geçiripdir. Ol 1959–1960-njy ýyllarda Mary welaýat hassahanasynyň baş lukmany wezipesinde işleýär. 1967-nji ýylda O. G. Babaýew «Bagryň amýobaly abssesi» temasyndan doktorlyk dissertasiýasyny goraýar. Ol 1969-njy ýylda TDLI-niň gospital hirurgiýasy kafedrasynyň professorlygyna saýlanýar.

1972–1978-nji ýyllarda O. G. Babaýew ýene-de Mary welaýatynyň baş hirurgy wezipesinde işläpdir. Ol 1978-nji ýylda TDLI-niň gospital hirurgiýasy kafedrasyna ýolbaşçylyk edýär hem-de şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň saglygy goraýyş ministrliginiň baş hirurgy bolýar.

O. G. Babaýew 1990-njy ýylda Türkmenistan SSR-niň Ylymlar akademiýasynyň habarçy agzalygyna saýlanýar.

O. G. Babaýewiň köp ýyllaryň içinde çeken zähmeti hirurgiýa gullugynyň guramaçylygynyň kämilleşmegine we döwletimizde hirurgiýanyň täze ugurlarynyň ösmegine ýardam berdi.

Ol Orta Aziýada ilkinji gezek lazer tehnikasyny amaly hirurgiýa ornaşdyrdy we 1987-nji ýylda ýurdumyzda ilkinji gezek sebit Lazer hirurgiýa merkezini açdy. O.G. Babaýewiň ýolbaşçylygynda Saglyk öýlerinde lazer hirurgiýa bölümleriniň we otaglarynyň täze guramaçylyk görnüşi işlenip düzüldi. Ol ýurdumyzda çaga hirurgiýasy, proktologiýa we giperbariki oksigenasiýa bölümleriniň açylmagyna hem ýolbaşçylyk etdi.

O. G. Babaýew 216 sany ylmy işiň, şol sanda 5 sany monografiýanyň, 16 sany ylmy usuly gollanmanyň hem-de 4 sany kesel bejeriş usulynyň awtorydyr. Onuň ýolbaşçylygynda 11 sany kandidatlyk dissertasiýasy goralýar. O. G. Babaýewiň yssy ýurtlaryň hirur-

gik patologiýasyny öwrenmekdäki düýpli işi meşhurlyga eýe bolup, öz döwründe SSSR-de we daşary ýurtlarda çap edilýär. Onuň işläp düzen bagryň iriňli keselleriniň topar birleşmesi GDA-nyň we daşary ýurt lukmanlarynyň amallarynda giňden ulanylýar.

Zehinli hirurg, görnükli alym, ýaşlaryň halypasy, öz ýurdunyň ajaýyp ogly Oraz Geldiýewiç Babaýew 1992-nji ýylda aradan çykýar.

*Narzy Nurmämmedowiç Nurmämmedow* – professor. Ol 1978–1992-nji ýyllar aralygynda TDLI-niň rektory wezipesinde işleýär. Onuň ýolbaşçylygynda glaukomanyň hirurgiki we mikrohirurgiki bejeriliş usullary, bu usullar üçin tikin serişdeleriniň işläp taýýarlanylmagy ýola goýulýar. Ol 1992–1995-nji ýyllarda Türkmenistanyň lukmançylyk ylymlary akademiýasynyň ilkinji prezidenti bolýar.

## 9-njy bap

# GARAŞSYZ WE BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ LUKMANÇYLYGY

*Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny durmuşa ornaşdyrmak netijesinde ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmekde ýetilen sepgitler: saglygy goraýşy dolandyrmagyň kämilleşdirilmegi; raýatlaryň Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy; keselleriň öňüni almak boýunça netijeli çäreler: fiziki işjeňlik, çilim çekmäge garşy göreş, şikeslenmeleriň öňüni almak; ilatyň arassaçylyk we keselleriň ýaýramazlyk taýdan abadançylygyny üpjün etmek; bejeriş-öňüni alyş kömegi – ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegi; eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak; inçekeseliň öňüni almak we oňa garşy göreşmek; hassahana kömegi; ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek; ilatyň derman serişdeler bilen üpjünçiligi; derman senagatyny ösdürmek; şypahanalarda ilatyň saglygyny dikeltmek; saglygy goraýşyň maddy-tehniki binýadyny ösdürmek; saglygy goraýşy maliýeleşdirmek; işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak; lukmançylyk ylmynyň netijeliligini ýokarlandyrmak; saglygy goraýşyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek; saglygy goraýşyň maglumat ulgamyny ösdürmek.*

## 9.1. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny durmuşa ornaşdyrmak netijesinde ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmekde ýetilen sepgitler

Döwlet Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan «Il saglygy – ýurt baýlygy» hasaplanylyp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gözbaşynda durmagynda işlenilip düzülen «Saglyk» Döwlet maksatnamasy, ýurdumyzyň ilatynyň saglygy hakdaky aladany döwlet syýasaty derejesine göterdi.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň esasy maksady ilatyň saglygyny düýpli gowulandyrmakdan, adamlaryň ömrüniň dowamlylygyny artdyrmakdan ybarat bolup, ol şu esasy wezipeleri çözmäge gönükdirildi:

– saglygy goraýşy dolandyrmagy kämilleşdirmäge;

– 1996-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-den Türkmenistanyň raýatlarynyň Döwlet meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasyny girizmäge;
– keselleriň öňüni almak boýunça netijeli çäreleri geçirmäge;
– ilaty elýeter, oňat hilli we ýokary derejeli saglygy goraýyş kömegi bilen üpjün etmäge;
– ilatyň arassaçylyk we keselleriň ýaýramazlygy taýdan abadançylygyny üpjün etmäge;
– ilata maşgala lukmanlarynyň hyzmat etmegine geçmäge;
– saglygy goraýşy maliýeleşdirmek işini özgertmäge;
– saglygy goraýşyň ilkinji basgançagyny pugtalandyrmaga we hassahana orunlaryny rejeli peýdalanmaga;
– saglygy goraýyş edaralarynyň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmaga;
– ýuridik taraplaryň we raýatlaryň saglygy goraýyş we derman öndürmek işine ygtyýarlandyrmagy girizmäge;
– saglygy goraýşyň hususy ulgamyny ösdürmäge;
– ýurdumyzyň derman senagatyny ösdürmäge we derman serişdelerini öndürmegi artdyrmaga;
– işgärleri taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň hilini gowulandyrmaga;
– saglygy goraýyş ylmyny saglygy goraýyş işiniň hajatlaryna täzeden gönükdirmäge.

Maksatnamada göz öňünde tutulan esasy wezipeler, ýurdumyzyň saglygy goraýyş pudagyna hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylyk eden döwründe ylmy taýdan esaslandyrylyp, BSGG, UNISEF ýaly iri halkara guramalary, dürli halkara lukmançylyk we ylmy-barlag kliniki merkezleri, şeýle hem häzirki zaman täze tehnologiýalaryny, enjamlaryny öndürýän öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalary bilen ýakyndan hyzmatdaşlykda tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyryldy. Şunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary» atly eserinde belleýşi ýaly, «lukmançylyk hyzmatlarynyň hili ulgamda ýetilen sepgitleriň esasy görkezijisi we ony ýokarlandyrmak täze tehnologiýalary amaly lukmançylyga ornaşdyrmak bilen gönüden-göni bagly hasaplanylyp, Türkmenis-

tanda Saglygy goraýşy ösdürmegiň esasy ugurlary dünýä ülňülerine gabat gelýän saglygy goraýyş edaralaryny, dermançylyk kärhanalaryny gurmaga, olarda keselleriň öňüni almagyň, anyklamagyň we bejermegiň, lukmançylyk ylmynyň häzirki zaman we ygtybarly maglumatlaryna esaslanýan iň täze usullaryny ornaşdyrmaga gönükdirildi». Şeýle hem kämil we başarjaň saglygy goraýyş hünärmenlerini taýýarlamaga, lukmançylyk ylmyny döwrebap ösdürmäge, ýerli çig mallardan derman serişdelerini öndürmäge we ilatyň olara bolan isleglerini doly kanagatlandyrmaga, milli lukmançylyk mirasymyzy netijeli peýdalanmaga, saglygy goraýşyň kanunçylyk binýatlaryny berkitmäge aýratyn üns berildi.

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmäge badalga beren «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilenine 2015-nji ýylyň 21-nji iýulynda 20 ýyl doldy. Şol döwür içinde Maksatnamada kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde, saglygy goraýyş işiniň netijeliliginiň ýokarlanandygyny we ilatyň saglyk ýagdaýynyň ähmiýetli derejede gowulananlygyny wagt aýdyň görkezdi.

## 9.2. Saglygy goraýşy dolandyrmagyň kämilleşdirilmegi

Saglygy goraýyş ulgamynyň guramaçylyk düzüminiň we dolandyrmagyň kämilleşdirilmegi, ýolbaşçylaryň we saglygy goraýşy dolandyryş edaralarynyň hukuklarynyň giňeldilmegi, dolandyrmagyň her basgançagynyň işlerini we jogapkärçiligini aýyl-saýyl etmäge, olaryň arabaglanyşygyny gowulandyrmaga mümkinçilik bermegi milli saglygy goraýyş ulgamynyň güýçlenmegine getirdi. Saglygy goraýşy dolandyrmakda müdirliklere we edara-kärhanalara özbaşdaklyk berilmegi, garamagyndaky edaralaryň meseleleriniň düzümleýin çözülmegi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň özüne mahsus däl ownuk işlerden halas bolmagyna we onuň guramaçylyk-usulyýet, seljeriş we baha beriş merkezine öwrülmegine mümkinçilik berdi. Geçirilen özgertmeleriň esasynda biri-biriniň wezipelerini gaýtalamagy aradan aýyrmak maksady bilen, welaýat merkezlerindäki saglygy goraýyş bölümleri ýatyryldy, olaryň wezipeleri welaýat Saglygy goraýyş müdirliklerine berildi. Şeýle

hem şäherlerdäki bar bolan Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreş gullugy edralarynyň birnäçesi birleşdirilip, olaryň binýadynda bir bitewi Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreş gulluklary döredilip, olaryň sany azaldyldy. Saglygy goraýyş pudagynyň kanunçylyk binýady pugtalandyryldy. Ähli derejedäki saglygy goraýyş edaralarynyň gurluş-düzümini we kuwwatlylygyny kämilleşdirmek arkaly, olaryň sanawy tassyklanyldy. Saglygy goraýyş edaralarynyň wezipe tertibiniň umumy kadasy kabul edildi.Ýurdumyzda ilata maşgala ýörelgesi boýunça saglygy goraýyş hyzmatyny guramaga esaslanýan ilkinji lukmançylyk kömeginiň täze ulgamy girizildi. Oba we şäher hassahanalary, oba lukmançylyk ambulatoriýalary, feldşer-akuşer nokatlary ilata ilkinji lukmançylyk hyzmatlaryny berýän oba saglyk merkezlerine we oba saglyk öýlerine öwrüldi we etrap hassahanalarynyň düzümine girizildi. Maşgala lukmanlarynyň we maşgala şepagat uýalarynyň bejeriş we keselleriň öňüni alyş kömegini bermekdäki wezipelerini takyk kesgitleýän, ilata maşgala ýörelgesi boýunça lukmançylyk hyzmatyny bermegiň kada-hukuk binýady döredildi. Lukmanlaryň hünär sanawyna «maşgala lukmany» wezipesi girizilip, M. Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde «maşgala lukmany» hünäri boýunça lukmanlary taýýarlamak ýola goýlup, maşgala lukmanlarynyň hünärini kämilleşdiriş kafedrasy döredildi. Saglygy goraýşyň ilkinji basgançagyna üns berilmän, hassahana şertlerinde bejermekden ugur alnan, netijesiz işleýän bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň gurluş-guramaçylyk üýtgemeleri amala aşyryldy. Özbaşdak hereket edýän kiçi hassahanalar birleşdirilip, olaryň binýadynda uly köpugurly hassahanalar döredilip, ýatymlaýyn bejergi berýän edaralaryň umumy sany azaldyldy. Hassahanalardaky ýatymlaýyn bejeriş orunlaryny rejeli ulanmagyň netijesinde, näsag orun gaznasy tapgyrlaýyn gysgaldyldy we her ýylda hassahanada bejergi alýanlaryň sany azaldy. Hassahanalaryň we näsag orunlarynyň sanynyň azalmagyna seretmezden, ilata berilýän saglygy goraýyş kömeginiň netijeliligi maşgala ýörelgesiniň we ýatymlaýyn şertlerde berilýän kömegiň gowulanmagynyň hasabyna ýokarlandy.

Saglyk öýlerinde gündizki ýatymlaýyn bölümler giňden ornaşdyryldy, näsag orunlary rejeleşdirildi we býujetden maliýeleş-

dirilýän näsag orunlary bilen bir hatarda, hojalyk hasaplaşygyndaky näsag orunlary hem işe girizildi. Näsaglaryň hassahana ýerleşdirilmezden öňürti doly barlaglardan geçirilmegi netijesinde, hassahanada bolmagynyň ortaça möhleti gysgaldy.

Ýurdumyzyň ähli ýerlerinde dürli ugurlar boýunça, enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş, «Ene mähri» perinatal merkezleri, Anyklaýyş merkezleri, Gaýragoýulmasyz tiz kömek merkezleri ýaly ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş edaralary döredildi. Dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary tehnologiýaly lukmançylyk kömegini bermek üçin paýtagtymyzda düzümine kardiologiýa, iç keselleri, saglygy goraýyş-anyklaýyş, «Ene mähri», kelle we boýun kesellerini bejeriş, göz keselleri, stomatologiýa merkezleri girýän Halkara saglyk merkezleri müdiriýeti we düzüminde inçekeseli bejeriş-öňüni alyş, deri-wenerologiýa hassahanasy, ýokanç keselleri bejeriş-öňüni alyş merkezleri, AIDS-iň öňüni alyş milli merkezi, Gan merkezi we merkezleşdirilen barlaghanasy bolan Halkara ýokanç keselleri merkezleri müdiriýeti döredildi.

Saglygy goraýyş ylmynyň gazanan üstünliklerini amaly saglygy goraýşa ornaşdyrmak, geçirilýän ylmy-barlag işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen saglygy goraýyş ulgamynda hereket eden ylmy-barlag institutlary ylmy-kliniki merkezlere öwrülip, ylmy barlaglary bejeriş-öňüni alyş işleri bilen utgaşdyryp alyp barmak ýola goýuldy.

*Raýatlaryň Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy.* Saglygy goraýyş ulgamyny maliýeleşdirmegi kämilleşdirmek, adalatlylyk, deňlik we özara kömek ýörelgesine eýermegi üpjün etmek maksady bilen, 1996-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan Türkmenistanyň raýatlarynyň Döwlet meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasy güýje girizildi. Bu çäre ilata saglygy goraýyş hyzmatlaryny gowulandyrmakda we olary durmuş taýdan goramakda döwrebap ädim boldy. Raýatlaryň saglygyny goramagy döwlet tarapyndan kepillendirmek, ilatyň aýry-aýry toparlaryny mugt saglygy goraýyş hyzmatlary bilen üpjün etmek boýunça kadalaşdyryjy resminamalar hem-de Döwlet meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasyny baglaşmagyň tertibi hakyndaky Düzgünnama işlenilip düzüldi. Ätiýaçlandyrylan raýatlaryň iş hakyndan, talyp hakyndan, pensiýasyndan, hemaýat pu-

lundan we girdejilerinden, yzygiderli girdejileri bolmadyk raýatlaryň bolsa, her aýda bellenilen binýatlyk göwrüminden tutulýan tölegiň möçberi 4%, 2005-nji ýylda kabul edilen «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda bolsa, 2% derejesinde bellenildi.

Döwlet meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasy Türkmenistanyň raýatlaryna we olaryň eklenjindäki 16 ýaşa çenli çagalara bahasyndan 50% möçberinde arzanladylan derman we saglygy goraýyş maksatly serişdeleri (128 görnüş) döwlet dermanhanalaryndan almaga, bejeriş-öňüni alyş edaralarynda 50% möçberinde arzanladylan tölegli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň ähli görnüşlerinden peýdalanmaga mümkinçilik berdi. Olardan başga-da ätiýaçlandyrylan raýatlar we olaryň eklenjindäki 16 ýaşa çenli çagalar ýylda bir gezek Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň şypahanalarynda 50% möçberinde arzanladylan töleg esasynda saglyklaryny dikeldýärler.

Türkmenistanda Döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasyny baglaşan raýatlardan gelýän ätiýaçlyk pul serişdeleri bejeriş-öňüni alyş edaralarynda berilýän 50% ýeňilligiň öwezini dolmaga, ilata ýokary hilli derman serişdelerini, ýokanç kesellerden goraýyş sanjym serişdelerini, lukmançylyk enjamlaryny satyn almaga we saglygy goraýyş edaralaryny gurmaga gönükdirilýär.

## 9.3. Keselleriň öňüni almak boýunça netijeli çäreleri geçirmek

Ilatyň saglygy ýurt abadançylygynyň, jemgyýetiň ösüş derejesiniň hem raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýynyň iň wajyp görkezijisi hasaplanýar. Keselleriň öňüni almak döwlet tarapyndan amala aşyrylýan, adamlaryň saglyk derejesiniň ýokary bolmagyny, olaryň uzak ýyllap döredijilikli işlemegini üpjün edýän we keselçiligiň sebäplerini, ilkinji nobatda bolsa, ilatyň durmuş we dynç alyş şertlerini, daş-töweregi goramagy gowulandyrmagy, sagdyn ýaşaýyş ýörelgesi üçin şertleri döretmegi göz öňünde tutýan durmuş-ykdysady we saglygy goraýyş çäreleriniň toplumydyr. Ge-

çirilen özgertmeler netijesinde, keselleriň öňüni almakda we sagdyn ýaşaýyş ýörelgesini döretmekde uly üstünlikler gazanyldy. Ýurdumyzda keselleriň öňüni almak baradaky maksatnamalar we çäreler döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýär. Ýerli ýerine ýetiriji häkimlikler ilatyň saglygyny üpjün etmegi ýaşaýyş-durmuş maksatnamalarynyň we geçirilýän çäreleriň esasy ugry diýip hasaplaýar. Döwlet çäreleri suw üpjünçiligini we lagym ulgamynyň ýagdaýyny gowulandyrmak, zähmet we durmuş gigiýenasyny ýokarlandyrmak arkaly ilatyň saglygy üçin amatly ýagdaýy döretmäge gönükdirildi. Ulanylýan arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy kadalara täzeden seretmäge, daş-töweregiň ýagdaýyna, senagat kärhanalarynyň işine, oba hojalykda himiki serişdeleriň ulanylyşyna hemişelik gözegçiligi girizmäge aýratyn üns berildi. Çilimkeşlik, alkogolly içgileri içmek we neşe serişdelerini ulanmak ýaly töwekgelçilikli ýagdaýlary azaltmak, göwrelilik, dogrum wagtynda, dogrumdan soňky döwürde enäniň hem-de çaganyň saglygyny gorap saklamak, rejeli we dürs iýmitlenmegi wagyz etmek boýunça geçirilen çäreler saglygy goraýyş-durmuş we ykdysady taýdan döwlet ähmiýetine eýe boldy. Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasynyň (UNICEF) işjeň ýardam bermeginde duzy ýodlandyrmak we uny demir bilen rençlemek ýaly keselleriň öňüni alyş çäreleriniň geçirilmegi netijesinde, ilatyň ýoduň ýetmezçiligi we ganazlyk bilen baglanyşykly keselçiligi ep-esli derejede azaldy. Şu çäreler «Türkmenhimiýa» döwlet konserni, Türkmenistanyň oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi Türkmenistanyň Söwda we daşary aragatnaşyklar ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi hem-de beýleki ministrlikler we pudaklar bilen bilelikde durmuşa geçirilýär. Immuno-öňüni alyş maksatnamasyna laýyklykda, ýurdumyzda çagalaryň 99,6%-iniň öňüni alyş sanjymlary bilen gurşalyp alynmagy hörezek, gökbogma, gyzamyk kesellerini ýeke-täk halatlara çenli azaltmaga we ysmaz keselini ýok etmäge mümkinçilik berdi. Çagalaryň we eneleriň ölümini peseltmek maksady bilen, maşgalanyň nesil saglygy boýunça milli strategiýalar durmuşa geçirilýär. Bu bolsa eneleriň we çagalaryň saglygyny goramakda, keselleriň öňüni almakda ykdysady taýdan netijeli çäre hasaplanýar. Saglygy goraýyş kömeginde saglygy goraýşyň ilkinji basgançagyny ileri tutmak boýunça

halkara ýörelgesi soňky ýyllarda biziň döwletimizde hem ykrar edildi. Şunuň bilen baglylykda, maşgala lukmanynyň işini şahsy bejerişe agram salmakdan, saglygy goraýyş-durmuş öňüni alyş işlerine has köp üns bermäge tarap öwürmek ýörelgesi girizildi. Sagdyn ýaşaýyş ýörelgesini emele getirmekde we keselleriň öňüni almakda ilatyň saglyk babatda bilimlerini artdyrmagyň möhüm ähmiýetiniň barlygy sebäpli wagyz-nesihat işleri babatda ilatyň ýaş toparlaryna laýyklykda, dürli okuw sapaklaryny guramak göz öňünde tutuldy. Geçirilýän çäreleriň netijesinde, adamlaryň öz saglygyna düşünjeli we jogapkärçilikli çemeleşme ýagdaýy döredi. Bu çäreler bilim, saglygy goraýyş ulgamlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we beýleki gulluklar bilen bilelikde durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde alkogolly içgileri we temmäki önümlerini mahabatlandyrmak gadagan edildi. Saglygy goraýşyň habarlar merkezi we welaýatlarda AIDS-iň öňüni alyş merkezleri ilatyň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini ornaşdyrmak, ýaşlarda päk ahlaklylygy, ruhy gymmatlyklary kemala getirmek we olary iň gowy milli däp-dessurlar bilen terbiýelemek boýunça işjeň we giň maksatly wagyz-nesihat işlerini alyp barýarlar.

Saglygy goraýşyň habarlar merkezi wagyz-nesihat işlerini köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde has giň beýan edýär. Milli «Altyn Asyr» teleýaýlymynda hepdelik ýaýlyma berilýän «Il saglygy–ýurt baýlygy» gepleşiginde, ähli tele we radio ýaýlymlarynda, metbugatda sagdyn durmuş ýörelgesi, töwekgelçilikli ýagdaýlaryň we has ýaýran keselleriň öňüni almak meseleleri hakda giň düşünje bermek ýola goýuldy. Ilatyň öz saglygy babatynda habarly bolmagyny gowulandyrmak maksady bilen, kitapçalar, ýatlamalar, bukletler we beýleki maglumat serişdeleri hem-de wideofilmler, rolikler yzygider taýýarlanylýar. Ylmy-populýar «Saglyk» we ylmy-amaly «Türkmenistanyň lukmançylygy» žurnallary neşir edilýär. 2008-nji ýylda Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen usuly gollanmalar, şeýle-de mekdepleriň ähli synplary üçin «Ýaşaýyş durmuş esaslary» okuw dersi we onuň maksatnamasy girizildi.

BMG-niň ilat gaznasynyň ýardam bermeginde 2009-njy ýylda Merkezde «Ynam» merkezi açyldy. «Ynam» merkeziniň hünär-

menleri ýüz tutýanlara olaryň hossarlaryna aýan edilmezden, mugt maslahatlar berýärler. Üç sany «Ýaşlar» merkezi döredildi we olarda meýletinçiler, ýaşlar bilen işlemek üçin mugallymlar taýýarlanylýar. «Deň-deňe» ýörelgesi boýunça okuw maslahatlary we sapaklary geçirilýär, ýetginjekleriň nesil saglygy, ýokanç däl keselleriň öňüni almak, sagdyn durmuş ýörelgesi boýunça bilimlerini ýokarlandyrmak üçin uly işler alnyp barylýar. Häzirki wagtda ol merkezler Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň garamagyna geçirildi. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda ýokanç däl keselleriň öňüni almak maksady bilen, saglygy berkitmek, zyýanly endiklere garşy göreşmek, bedenterbiýäni we sporty, şeýle-de welosiped sportuny ösdürmek boýunça kadalaşdyryjy resminamalar kabul edildi.

*Fiziki işjeňlik.* Köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty mundan beýläk-de ösdürmek we ony ilatyň ähli gatlaklary üçin elýeterli etmek maksady bilen, ýurdumyzyň ähli ýerlerinde köpsanly bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary, sport meýdançalary, suw howdanlary guruldy. Ýaşaýyş jaýlary gurlanda, sport we çagalar üçin meýdançalar göz öňünde tutulýar. 2001-nji ýylda Türkmenistanda sazlaşykly ösen şahsyýeti döretmek maksady bilen, adamlaryň saglygyny berkitmäge, olaryň beden we aň başarnyklaryny ösdürmäge gönükdirilen «Bedenterbiýe we sport hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Türkmenistan birnäçe ýyldan bäri dünýäniň beýleki ýurtlary bilen bir hatarda «Halkara saglyk gününi» giňden belleýär. Milli baýramçylyklaryň sanawyna girizilen bu günde – bahar aýynda Saglyk ýoluna köpçülikleýin çykmak guralýar, şeýle-de ýurdumyzyň ähli künjeklerinde sportuň dürli görnüşleri boýunça köpsanly ýaryşlar geçirilýär. «Türkmenistanda bedenterbiýäni ösdürmekligiň 2012–2016-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasyna» laýyklykda, mekdebe çenli çagalar edaralarynda, mekdeplerde, ýokary okuw mekdeplerinde, edara-kärhanalarda fiziki işjeňligi ösdürmek höweslendirilýär. Sport toplumlary we köpçülikleýin dynç alynýan ýerler ilatyň dürli ýaş toparlarynyň fiziki işjeňliginiň ýokarlanmagyna mümkinçilik döredýär. Şäheriň içinde erkin hereket etmek, howpsuz ulag, işjeň dynç almak üçin niýetlenilen ýerleri döretmäge gönükdirilen jemgyýet syýasaty giňden golda-

nylýar. Önümçilik maşklary dikeldilýär, zähmet we okuw şertlerini göz öňünde tutmak bilen anyk maslahatlar işlenip düzülýär.

*Çilim çekmäge garşy göreş.* Müňýyllyklaryň dowamynda dörän milli däp-dessurlary we sagdyn durmuş ýörelgesini dowam etdirmäge eýermek bilen zyýanly endiklere garşy işler giňden ýaýbaňlandyrylýar. Çilim çekmegiň saglyga ýetirýän zyýanyna garşy göreşýän dünýä jemgyýetine goşulmak bilen, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda 2000-nji ýylda çilim çekmegi gadagan etmek baradaky Karar kabul edildi. Halkara kadalarynyň tarapdary bolmak bilen, Türkmenistan 2011-nji ýylda BSGG-niň Temmäkä garşy göreş çarçuwaly Konwensiýasyna goşuldy. Sagdyn durmuş ýörelgesiniň esasyny girizmek, ilatyň maglumatlar bilen üpjünçiligini güýçlendirmek, ýaş nesli sagdyn ruhda terbiýelemek, saglyga zyýan ýetirýän çilimi çekmäge garşy göreşmek, çilimkeşleri bejermek, beden we ruh sagdynlygyny saklamak maksady bilen, «Temmäkä garşy göreşmek boýunça ýerine ýetirilmeli işleriň 2012–2016-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy» tassyklanyldy. Milli Maksatnamada BSGG-niň «Saglyk – 2020» syýasatynyň çäklerinde jogapkär ministrlikler tarapyndan temmäkä garşy çäreler toplumyny geçirmek göz öňünde tutulýar. «Raýatlaryň saglygynyň temmäki tüssesiniň täsirinden we temmäki önümlerini ulanmagyň netijelerinden goralmagy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Pudagara komitet kanunyň we temmäkä garşy göreşmek boýunça milli Maksatnamanyň ýerine ýetirilişine yzygiderli gözegçilik edýär. BSGG-niň «Temmäki önümlerini bikanun söwda etmek» hakyndaky teswirnamasyna 54 döwletiň gol çekenligini göz öňünde tutup, Türkmenistan 2014-nji ýylda oňa goşuldy. Aşgabat şäherinde we welaýat merkezlerinde çilim çekmegi goýmaga isleg bildirýän adamlara saglygy goraýyş kömegini bermek üçin dokuz sany «Ynam» merkezi açyldy. 2013-nji ýylyň 3–4-nji dekabrynda Aşgabat şäherinde BSGG-niň Ýewropa ministrler maslahatynyň geçirilmegi ýatdan çykmajak waka boldy. Maslahatda «Saglyk – 2020» syýasatynyň çäginde ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olar bilen göreşmek boýunça Aşgabat Jarnamasy kabul edildi. Kabul edilen Jarnama köp ýyllaryň dowamynda ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olar bilen göreşmek, saglyk we geljek nesliň abadanlygy üçin Ýewropanyň, şeýle hem dünýäniň beýleki

döwletleriniň saglygy goraýyş ulgamyna özüniň oňyn täsirini ýetirer. Maslahat tamamlanandan soň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin geçirilen duşuşykda «Ýewropa temmäki tüssesinden azat» pres-reliz ýaýradyldy. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň baş direktory hanym Margaret Çeniň biziň ýurdumyza sapary wagtynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa temmäkä garşy halkara gününe gabatlap ýörite sylagy gowşurandygyny ýatlamak bellärliklidir. Şol dabarada Türkmenistanyň bu mesele babatda aýgytly hereketleriniň sebitde we dünýäde uly ähmiýetiniň bardygy aýratyn nygtalyp, 2025-nji ýyla çenli temmäki tüssesinden azat gurşawy döretmäge edýän tagallasy bellenilipdi. 2013–2014-nji ýyllarda ýokanç däl keselleriň we töwekgelçilikli faktorlaryň ýaýramagyna gözegçilik etmek üçin BSGG-niň teklibi boýunça «STEPS» barlagy geçirildi. Barlagyň netijeleri uly ýaşly ilatyň 8 göteriminiň çilim çekýändigini, bu sanyň Ýewropa sebitiniň beýleki ýurtlary bilen deňeşdirilende, has pes derejededigini görkezdi. Barlagyň netijeleri Türkmenistanyň ilatynyň sagdyn durmuş ýörelgesiniň tarapdarydygyny we zyýanly endiklerden çetde durýandygyny tassyklaýar. Türkmenistanda neşekeşligiň we arakhorlygyň öňüni almak boýunça Habarlar merkeziniň hünärmenleri, narkolog lukmanlary, Türkmenistanyň Sagdyn jemgyýet howpsuzlygyny goraýyş döwlet gullugy, Türkmenistanyň ýaşlar we aýallar guramalary, Gyzyl ýarymaý Milli jemgyýeti, Din işleri baradaky geňeşi, ýerli häkimlikler, polisiýa we prokuratura edaralary bilelikde uly işleri alyp barýarlar. Bilim edaralarynda gürrüňdeşlikler, «tegelek stollar», maslahatlar geçirilýär, diwar gazetleri, kitapçalar, wideorolikler, kinofilmler çykarylýar. Halkara baha bermegiň netijesi boýunça ýurdumyzda ilatyň her adam başyna alkogoly ulanmagyň görkezijisi ortaça dünýä görkezijisiniň derejesinden pes. «Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakynda» (2004 ý., 2008 ý. we 2009 ý. goşmaçalar girizilen), «Arakhorlykdan, neşekeşlikden ýa-da psihotrop maddalara baglylykdan ejir çekýän adamlary bejermek bilen baglanyşykly çäreler hakynda» (2012 ý.) Türkmenistanyň kanunlaryna, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «Narkologiýa gullugyny kämilleşdirmek hakyndaky» buýrugyna laýyklykda alnyp barylýar.

*Şikeslenmeleriň öňüni almak.* Ýol-ulag hadysalary netijesinde şikes ýetmek we ölümçilik meseleleri döwlet tarapyndan ýörite gözegçilikde saklanýan meseledir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli ýerlerinde duýduryjy belgiler, ýolyşyklar we ulaglaryň tizligini wideohasaba alýan enjamlar oturdylýar, döwrebap ýollar, ýerasty geçelgeler we ýanýodalar gurulýar. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýolbaşçylygynda maglumat-düşündiriş işlerini geçirmegi, mekdeplerde okuwçylar üçin ýol hereketiniň howpsuzlygy boýunça ýöriteleşdirilen synplar, ministrlikler, pudaklar we ilatyň beýleki gatlaklary üçin ilkinji kömegi bermek boýunça okuwlary gurnaýan pudagara utgaşdyryjy komitet döredildi. Ondan başga-da Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi ähli derejede saglygy goraýyş hyzmatlaryny berýän saglygy goraýyş işgärleri üçin ýöriteleşdirilen hünär kämilleşdiriş okuwlaryny gurnaýar.

## 9.4. Ilatyň arassaçylyk we kesel ýaýramazlyk taýdan abadançylygyny üpjün etmek

«Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde ýokanç keselleriň öňüni almakda we ýurdumyzyň ilatynyň sanitariýa-epidemiologiýa taýdan abadançylygyny üpjün etmekde uly üstünlikler gazanyldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda 1998-nji ýylda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet sanitariýa-epidemiologiýa inspeksiýasy döredilip, ol 2003-nji ýylda, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugyna öwrüldi. Gullugyň esasy wezipesi döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gözegçiligi we önümleri gigiýena taýdan sertifikatlaşdyrmak boýunça çäreleri amala aşyrmak bolup durýar. Gullugyň öňünde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin kanunçylyk binýadyny pugtalandyrmagyň zerurlygy ýüze çykyp, 1998-nji ýylda «Administratiw hukuk bozulmalar hakyndaky» Türkmenistanyň kodeksine sanitariýa kanunçylygynyň bozulmagy üçin bellenilýän jerimeleriň möçberiniň köpeldilmegi babatda üýtgetmeler girizildi. «Adamyň immunýet-

mezçilik wirusy sebäpli döreýän keseliň (AIW ýokanjynyň) öňüni almak hakynda» (2001 ý.), Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksiniň rejelenen görnüşi (2009 ý.), «Radiasiýa howpsuzlygy hakynda» (2009 ý.), «Agyz suwy hakynda» (2010 ý.), «Raýatlaryň saglygynyň temmäki tüssesinden we temmäki önümlerini ulanmagyň netijelerinden goralmagy hakynda» (2013 ý.) Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi. «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» (2002 ý., 2005 ý. rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunynda Gullugyň sanitariýa-gigiýeniki, epidemiýa garşy çäreleri geçirmek boýunça ygtyýarlygy bellenen. Ýokanç keselleriň öňüni almak we olara epidemiologiýa gözegçiligini geçirmek boýunça, daşky gurşawyň desgalaryna, şol sanda suwa, iýmite, howa, topraga we ş.m. döwlet sanitariýa gözegçilik barlagy boýunça kadalaşdyryjy we usulyýet resminamalar kämilleşdirildi. Iýmit önümleriniň howpsuzlygyna we hiline döwlet gözegçiligini amala aşyrmak Türkmenistanyň Döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gullugynyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Bu çäreler «Iýmit önümleriniň howpsuzlygynyň we hiliniň üpjün edilmegi hakynda» (2009 ý., 2014 ý. rejelenen görnüşi), «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goramak hem wagyz etmek we çaga iýmit önümlerine bildirilýän talaplar hakynda» (2009 ý., 2012 ý. goşmaçalar) Türkmenistanyň kanunlaryna, «Duzy ýodlamak we uny demir bilen rençlendirmek barada» (1996 ý.) we «Ýokumy foliý turşusy we demir bilen rençlendirilen uny öndürmek hakynda» (2006 ý.) Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryna, «Türkmenistanyň ilatynyň sagdyn iýmitlenmegi boýunça 2013–2017-nji ýyllar üçin milli Maksatnamasyna» laýyklykda amala aşyrylýar. «Türkmenistanda iýmit önümleriniň hilini we howpsuzlygyny üpjün etmekde döwlet arassaçylyk gözegçiligini we barlagyny kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, 2005-nji ýyldan başlap, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy tarapyndan iýmit önümleriniň döwlet tarapyndan bellige alynmagy, sertifikatlaşdyrylmagy we gözegçiligi amala aşyrylýar, şeýle hem ýurduň bazarlarynda satylýan maldarçylyk, guşçulyk, balaryçylyk, balyk, gök-bakja we beýleki önümlerine barlag geçirilýär.

Iýmit önümleri öndürilýän desgalarda, azyk söwdasy, jemgyýetçilik iýmitlenme ýerlerinde, mekdebe çenli çagalar edaralarynda we mekdeplerde azyklyk çig malyna we iýmit önümlerine yzygiderli gözegçilik amala aşyrylýar. Getirilýän we öndürilýän ýerli iýmit önümlerine gözegçilik «Azyklyk çig malynyň we iýmit önümleriniň hilini we howpsuzlygyny üpjün etmek meseleleri boýunça esasy kadalara we düzgünlere» laýyklykda amala aşyrylýar. Iýmit önümlerine gözegçilik etmek boýunça laborator gullugynyň düzümi kämilleşdirilýär. Gullugyň barlaghanalary gerekli enjamlar, sarp edilýän serişdeler bilen üpjün edilýär, hünärmenleriň bilimi ýokarlandyrylýar. Ösümlik gelip çykyşly genmodifisirlenen iýmit önümlerini ýüze çykarmak boýunça häzirki zaman tehnologiýalary tejribä ornaşdyryldy. Azyklyk çig malynda we iýmit önümlerinde himiki maddalary (kontaminantlary) anyklamak maksady bilen, häzirki zaman barlag usullary geçirilýär: gazly hromatografiýa barlag usuly 800-den gowrak pestisidi, organik-toksik birleşmeleri ýüze çykarmaga, spirtli içgileriň we ýag önümleriniň galplaşdyrylandygyny anyklamaga mümkinçilik döredýär; suwuklykly hromatografiýa usuly köpsanly organik-toksik birleşmeleriň we witaminleriň barlagyny geçirmäge mümkinçilik berýär; atom-absorbsion spektrometriýa usuly agyr metallaryň duzlarynyň ähli görnüşlerini anyklamaga mümkinçilik berýär. Azyk önümlerinde adamyň saglygy üçin howply, ýurdumyzda gadagan edilen iýmit goşundylarynyň barlagyna gözegçilik güýçlendirildi.Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryna laýyklykda, ilaty sagdyn iýmit önümleri bilen üpjün etmek, ýokanç däl keselleriň öňüni almak maksady bilen, Türkmenistanda öndürilýän iýmit duzuny we uny mikronutriýentler bilen baýlaşdyrmak çäreleri geçirilýär. Duzy ýod bilen, uny demir we foliý turşusy bilen baýlaşdyrmak halkara standartlaryna laýyklykda geçirilýär. Ýurdumyzda UNICEF bilen hyzmatdaşlykda uly netijeler gazanyldy. 2004-nji ýylyň noýabr aýynda UNICEF, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy we Ýod ýetmezçiligi bilen baglanyşykly kesellere gözegçilik boýunça Halkara geňeşi tarapyndan Türkmenistana Halkara sertifikaty gowşuryldy. Ol ýod ýetmezçilikli bozulmalaryň durnukly ýok edilmegi üçin duzuň uniwersal ýodlaşdyrylmagynyň gazanylandygy barada şaýatlyk edýär. 2011-nji ýylda Türkmenistan

unuň ýokumyny güýçlendirmek boýunça öňdebaryjy döwletleriň biri hökmünde sylaga mynasyp boldy, bu sylag Florensiýada geçirilen degirmençilik pudagynyň işgärleriniň Halkara assosiasiýasynyň Ýewraziýa maslahatynda we sergisinde gowşuryldy. Türkmenistanyň duzuň uniwersal ýodlanylmagyny gazanan we unuň ýokumyny güýçlendirmek boýunça öňdebaryjy döwlet hökmünde statusyny saklamak üçin UNICEF-iň tehniki goldawy bilen yzygiderli monitoring geçirilýär. Türkmenistan 2012-nji ýylda BSGG-niň Kodeks Alimentarius Toparynyň agzasy boldy. Häzirki wagtda iýmit önümleriniň hili we howpsuzlygy boýunça kadalaşdyryjy resminamalar Kodeks Alimentariusyň standartlaryna laýyk getirilýär. Türkmenistanyň ilatyny arassa agyz suwy we degişli arassaçylyk ulgamy bilen üpjün etmek üçin, «Agyz suwy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna (2010 ý.) laýyklykda hem-de «Türkmenistanyň ilatly nokatlaryny arassa agyz suwy bilen üpjün etmegiň Baş maksatnamasyny» (2011 ý.) ýerine ýetirmegiň çäklerinde uly işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda suw arassalaýjy we häzirki zaman suw süýjediji desgalar gurlup, ulanylmaga berilýär. Ýurtda çüýşe gaplara gaplanan agyz suwuny çykarýan 21 sany kärhana hereket edýär, onuň hiline arassaçylyk gullugynyň edaralary tarapyndan laýyklyk sertifikatynyň berilmegi bilen gözegçilik edilýär. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy ilatyň hojalyk agyz suwy üpjünçiligine sanitar-epidemiologik gözegçiligi amala aşyrýar. Içege ýokançlary bilen keselleýjiligiň yzygiderli monitoringi geçirilýär. Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň başlangyjy boýunça innowasion işläp taýýarlamalary we tehnologiýalary ulanmak arkaly, urbanizasiýanyň, şäher we oba ýerlerinde amatly ýaşaýyş şertlerini üpjün etmekligiň hem-de jemagat hojalygyny dolandyrmagyň esasy meselelerini çözmek bilen bagly ägirt uly şäher gurluşyk maksatnamasy ýaýbaňlandyryldy. Hereket edýän senagat kärhanalary medeni zolaklardan daşary göçürilýär. Daşky gurşawy goramak we onuň hapalanmagyna ýol bermezlik üçin ähli hereket edýän we täze gurulýan senagat kärhanalarynda, şol sanda Hazar deňziniň kenarynda ýerleşýän kärhanalarda ekologiýa taýdan howpsuz we iň öňdebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Ýurdumyzda ýer, suw baýlyklaryny, atmosferany goramak, Aral deňziniň Türk-

menistana golaý ýerleriniň ekologiýasyny gowulandyrmak boýunça toplumlaýyn çäreler geçirilýär. Daşky gurşawy we adamyň saglygyny goramak maksady bilen, oba hojalyk tejribesine ösümlikleriň kesellerine hem-de zyýankeşlerine garşy göreşmekde ekologik taýdan howpsuz biologik we agrotehniki usullar ornaşdyrylýar.

Türkmenistanda ilatly ýerleriň abadanlaşdyrylmagyna we arassaçylygyna aýratyn üns berilýär. Gaty hojalyk galyndylaryny ýygnamak we ýoklamak işleri kämilleşdirilýär. Jemagat hojalyk kärhanalarynyň tehniki parkyny täzelemek maksady bilen, her ýyl döwrebap tehnikalar satyn alynýar. Sanitariýa-epidemiologiýa taýdan abadançylygyň üpjün edilmegi üçin Türkmenistanda öňüni alyş-sanitariýa çäreleriniň giň toplumy durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda ýokanç kesellere epidemiologiýa gözegçilik ulgamy doly ýola goýuldy we ýylsaýyn kämilleşdirilýär. Adamyň ýaşaýyş gurşawynyň ýagdaýyna gözegçiligi amala aşyrmak üçin BMG-niň agentlikleri bilen hyzmatdaşlykda Sanitariýa-epidemiologik gullugynyň laborator we işgärler potensialy kämilleşdirilýär. Ilatyň saglygyny gorap saklamak, keselleýjiligiň, şol sanda daşky gurşawyň faktorlarynyň täsiri bilen bagly bolan derejesini peseltmek maksady bilen, Türkmenistanda ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek boýunça Aşgabat Jarnamasynda bellenilen wezipeleri 2014–2020-nji ýyllarda amala aşyrmagyň Milli strategiýasy ýerine ýetirilýär. Geçirilýän sanitariýa-öňüni alyş çäreleriniň giň toplumy ilatyň sanitariýa epidemiologiýa taýdan abadançylygyny üpjün edýär. 2000-nji ýylda Türkmenistan drakunkulýozyň eliminasiýasy barada Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň sertifikatyny aldy. Ýurtda waksinalary ulanmak arkaly öňüni alyp bolýan ýokançlara epidemiologik gözegçilik ulgamy doly ýola goýuldy. «2003–2020-nji ýyllar döwür üçin immuno öňüni alyş milli Maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýokanç keselleriň öňüni almak üçin ýurduň hökümeti tarapyndan ýeterlik serişdeler goýberilýär. 2002-nji ýyldan başlap, waksinalary we sanjym etmek üçin enjamlary (şprisleri, ulanylan şprisleri howpsuz ýok etmek üçin gutulary) satyn almak BMG-niň Çagalar gaznasy (UNICEF) bilen Ylalaşygy boýunça Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan maliýeleşdirilýär. Häzirki wagtda çagalaryň immunizasiýasy BSGG tarapyndan kabul edilen ýokary hilli waksinalar

bilen geçirilýär. Sowuklyk zynjyrynyň ulgamy has-da berkidildi we kämilleşdirildi.Ýurtda çagalary immunizasiýa bilen gurşap almagyň ýokary derejesi saklanýar. Öňüni alyş sanjymlarynyň milli senenamasy kämilleşdirilýär, täze waksinalar girizilýär: 2001-nji ýyldan başlap çagalara «B» gepatitine garşy sanjymlary geçirmek, 2007-nji ýyldan başlap gyzamyga, gyzylja, hapgyrtma garşy kombinirlenen waksina we 2010-njy ýyldan başlap gemofil «b» ýokanjyna garşy sanjymlary girizildi. Häzirki wagtda öňüni alyş sanjymlarynyň milli senenamasyna laýyklykda, çagalar tölegsiz esasda 10 sany ýokanç kesele garşy waksinalary alýarlar, ýagny: gökbogma, difteriýa, bürmä, «B» gepatitine, «b» görnüşli gemofil ýokanjyna, gyzamyga, gyzylja, hapgyrtma, inçekesele we poliomiýelite garşy. 2001-nji ýyldan başlap, saglygy goraýyş işgärleriniň töwekgel toparlaryna we lukmançylyk uniwersitetiniň talyplaryna «B» gepatitine garşy hökmany sanjymlar geçirilýär.

2007-nji ýylda tutuş ýurduň çäklerinde çagalaryň, ýetginjekleriň, 17–23 ýaşdakylaryň we 24–40 ýaşyndaky aýallaryň MR waksinasy bilen gyzamyga we gyzylja garşy immunizasiýasy boýunça köpçülikleýin çäre geçirildi. Çäräniň gurşawy 96,4% boldy. Gazanylan populýasiýa immunitetiniň ýokary derejesi, gyzamyk we gyzylja bilen keselçiligiň iň pes çäklendirilen derejä ýetirilmegine mümkinçilik berdi. Oňat hilli öňüni alyş sanjymlarynyň geçirilmegi we waksinalar bilen öňüni alyp bolýan ýokançlara netijeli epidemiologiýa gözegçiliginiň utgaşdyrylmagy uly üstünlikleriň gazanylmagyna mümkinçilik berdi. Ysmaz keseli doly ýok edildi. 2002-nji ýylda Türkmenistan «Ýurdumyzyň çäginde ýabany poliowirusyň aýlanyşygynyň bes edilenligi barada Güwänamany» aldy. Häzirki wagtda bütin dünýäde poliomiýelit dolulygyna ýok edilýänçä «poliowirusdan azat çäk» statusyny saklamak boýunça çäreler geçirilýär. 2008-nji ýyldan bäri ýurdumyzda gyzamyk we gyzylja bilen keselçilik hasaba alynmady. Difteriýa, bürme, gökbogma bilen keselleýjilik düýpli azaldy. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň teklipleri boýunça «Türkmenistanda gyzamygyň we dogabitdi gyzylja ýokanjynyň öňüni almak» maksatnamasy işlenip taýýarlanyldy.

Maksatnama laýyklykda, sanjymlar bilen ýokary gurşawy saklamak, ilatyň gyzamyga we gyzylja duýgur bölegine goşmaça san-

jymlary geçirmek, gyzamyga we gyzylja epidemiologiýa gözegçilik ulgamyny kämilleşdirmek ýaly çäreler arkaly üstünlikli ýerine ýetirilýär. 2012-nji ýylda BSGG-niň Ýewropa sebiti boýunça edarasy, Türkmenistanda gyzamygyň we gyzyljanyň hadysalarynyň ýoklugyny tassyklamak bilen hat iberdi. Türkmenistan BSGG-niň Ýewropa sebitiniň «2015-nji ýylda gyzzyrma garşy göreşden eliminasiýasyna geçmek» hakdaky strategiki meýilnamasyny goldady. «Türkmenistanda 2005–2010-njy ýyllarda gyzzyrmanyň öňüni almak milli Maksatnamasy» kabul edildi, «Türkmenistanda gyzzyrmanyň eliminasiýasy boýunça Milli strategik meýilnamasy» (2008–2010 ý.) işlenip taýýarlanyldy, bu meýilnamada döwlet edaralarynyň, halkara we jemgyýetçilik guramalarynyň arasynda wezipeleri kesgitlenildi. Ýokanç keselleriň öňüni almak boýunça çäreleri utgaşdyrmak maksady bilen, Pudagara utgaşdyryjy komitet döredildi. Gyzzyrmanyň daşary ýurtlardan ýaýramagynyň öňüni almaga gönükdirilen çäreler geçirildi. Gyzzyrma garşy çäreleriň guramaçylyk taýdan ýokary derejede geçirilmeginiň üpjün edilmegi öz oňyn netijesini berdi. Ýurtda gyzzyrma bilen baglanyşykly ýagdaýa BSGG-niň synçylary tarapyndan baha berilmesiniň esasynda, 2010-njy ýylda Türkmenistan gyzzyrmanyň eliminasiýasyny gazanan ýurtlaryň sanawyna goşuldy. Häzirki wagtda gyzzyrmadan azat ýurt statusyny saklamak boýunça çäreler dowam edýär. Türkmenistanda bütin dünýäde aktual mesele bolup durýan, ýatdan çykarylan tropiki we parazitar keselleriň öňüni almaga uly üns berilýär. Leýşmaniozy epidemiologiýa taýdan gözegçilikde saklamak, bejermek we laborator anyklamak boýunça resminamalar täzelendi.

Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň tekliplerine laýyklykda, Tejribe-önümçilik merkeziniň parazitologik referens-barlaghanasy 2009-njy ýylda halkara akkreditasiýany geçdi hem-de parazitar we tropik keselleri anyklamak boýunça Milli referens-barlaghanasynyň hil Güwänamasyny aldy. Parenteral ýol bilen geçýän ýokançlaryň öňüni almak boýunça çäreler amala aşyrylýar. Ähli saglygy goraýyş edaralary bir gezek ulanylýan gurallar, sterilizasiýa enjamlary, işgärleriň gorag serişdeleri, zyýansyzlandyryjy we antiseptik serişdeleri bilen ýeterlikli üpjün edildi. BSGG-niň tekliplerine laýyklykda, täze tehnologiýalary we usullary hasaba almak bilen, çaga

dogrulýan edaralarda sanitariýa-epidemiologik düzgünleriniň berjaý edilmeginiň tertibi kämilleşdirildi.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy tarapyndan BSGG-niň maslahatlaryna laýyklykda «Lukmançylyk galyndylary bilen howpsuz işlemek boýunça milli Maksatnama» işlenilip taýýarlanyldy. Maksatnamada saglygy goraýyş edaralarynda emele gelýän galyndylary bilen howpsuz işlemegiň, aýyrmagyň we ýok etmegiň has rejeli usullary saýlanan. Soňky ýyllarda bakterial, wirusly we parazitologik keselleri anyklamak boýunça barlaghanalar ulgamy pugtalandyrylýar. Tejribe-önümçilik merkeziniň parazitologiýa barlaghanasy Milli parazitologiýa referens barlaghanasy bolup durýar. Ol ýurtda parazitar keselleriň, şol sanda gyzzyrma we leýşmanioz kesellerine barlaghana taýdan anyklamagyň hiline daşky baha bermegiň milli ulgamyny utgaşdyrýar. Mundan başga-da okuw we ylmy-barlag işlerini geçirýär, ýurduň barlaghanalary üçin teklipleri işläp düzmek üçin maglumatlary ýygnaýar, ähli parazitologik barlaghanalaryň işi barada maglumatlar binýadyny ýöredýär. Sanitariýa-epidemiologik edaralarynyň barlaghanalaryndan başga-da, ýokanç keselleri anyklamagyň häzirki zaman anyklaýyş usullary boýunça welaýat, etrap we şäher saglygy goraýyş edaralarynyň barlaghanalary berkidildi. Bakterial ýokançlar diňe näsaglarda ýüze çykarylman, bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň otaglarynyň bakterial ýokançlaryň aýlanyşyna gözegçilik alnyp barylýar. Mikroorganizmleriň antibiotiklere duýgurlygyny anyklamagyň usullary ornaşdyrylýar.

Soňky onýyllykda dünýäde wirus gelip çykyşly keseller agdyklyk edýär. Olaryň gysga wagtyň dowamynda ýaýramagyny, geçişiniň agyrlygyny hasaba almak bilen, wirusologik barlaghana ulgamynyň ösdürilmegine uly üns berilýär. Wirus ýokançlary irki döwürde anyklamak we degişli çäreleri öz wagtynda geçirmek maksady bilen, 2001-nji ýylda Terjibe-önümçilik merkeziniň binýadynda wirusologik referens-barlaghana döredildi. 2013-nji ýylda ol BSGG-niň akkreditasiýasyny geçdi. Wirusologik referens-barlaghana wirusly gepatitleriň «B» we «C» görnüşlerini, gyzamygy, gyzyljany, peşew-jyns ýokançlaryny, gripi, koronawiruslary, adenowiruslary we beýleki ýokançlary

anyklamak üçin immunoferment derňew (IFA) we polimeraz-zynjyr reaksiýa (PSR) usullaryny ulanmak arkaly barlaglar geçirýär. Wirus ýokançlaryny anyklamagyň täze innowasion anyklaýyş usullarynyň ornaşdyrylmagy dowam edýär. Sanitar-epidemiologik gullugynyň işgärler bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, hünärmenler milli derejede hem halkara hyzmatdaşlygynyň çäklerinde dürli ýurtlaryň görnükli institutlarynda yzygiderli kämilleşdiriş okuwlaryny geçýärler.

Türkmenistanyň çäklerini aýratyn howply kesellerden goramak Döwlet arassaçylyk-epidemiologik gullugynyň iň esasy wajyp meselesi bolup durýar. Ähli döwlet serhet geçelgelerinde, howa, demir we awtomobil ýollarynda gije-gündiziň dowamynda arassaçylyk-karantin bölümleri we nokatlary işleýär. Raýatlaryň saglygyna gözegçilik etmek maksady bilen, Aşgabat we Türkmenbaşy şäherleriniň halkara aeroportlarynda, şeýle hem Türkmenbaşy şäheriniň deňiz portunda uzak aralykdan adam bedeniniň gyzgynlygyny ölçeýän «Terokam» enjamy gurnaldy. Türkmenistanyň çäkleriniň sanitariýa goragy boýunça çäreler Halkara saglygy goraýyş-arassaçylyk düzgünleriniň (2005 ý.) çäklerinde geçirilýär. 2003-nji ýylda Günorta-Gündogar Aziýada başlan hem-de Ýewropa we Afrika döwletlerinde ýaýran guş gripiniň ýokary patogen görnüşiniň keselçiligi hasaba alyndy. Türkmenistan guş gripiniň (H5N1) öňüni almak boýunça çäreleriň Milli meýilnamasyna laýyklykda, zerur çäreleriň toplumyny geçirdi we bu ýokanç keseliň getirilmeginden sanitariýa-epidemiologiýa taýdan abadançylygyny saklady. Türkmenistanyň Hökümeti, BMG-niň ösüş maksatnamasy we Bütindünýä Bankynyň arasynda «Guş gripine gözegçilik we adamlarda gripiň pandemiýasyna taýýarlygy we oňa garşy çäreleri» boýunça taslama gol çekdi. Bu resminamanyň esasy wezipesi – adamyň we guşlaryň H5N1 wirusy bilen kesellemek howpuny peseltmek we gripiň mümkin bolan pandemiýasyna garşy göreşmäge taýýarlyk boldy. Ähli meýilleşdirilen çäreler üstünlikli tamamlandy. Soňky 10 ýylyň dowamynda Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy tarapyndan grip keseline, şol sanda beýleki ýokary patogenli ýokanç kesellere garşy gözegçilik güýçlendirildi. Bu ýokary patogenli keseller boýunça geçirilen çäreleriň netijesinde, ilatymyzyň

habarlylygynyň derejesi ýokarlandy, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gulluklarynda täze wirusologik barlag usullary ornaşdyryldy we öňüni alyş serişdeleri ulanylyp başlandy.

Köp ýurtlarda bolşy ýaly, biziň ýurdumyzda hem gripe garşy möwsümleýin sanjymlar ulanylyp, keselleýjilik ep-esli azaldy. Hormatly Prezidentimiziň üznüksiz aladasy netijesinde, sanitariýa-epidemiologik gullugynyň maddy-tehniki binýady yzygiderli kämilleşdirilýär. Aşgabat we Türkmenbaşy şäherleriniň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gulluklarynyň binalarynyň durky düýpli täzelendi hem-de iň öňdebaryjy aragatnaşyk serişdeleri we tehnikalary bilen enjamlaşdyryldy. Barlaghana bölümçeleri halkara standartlaryna laýyk gelýän häzirki zaman enjamlar bilen üpjün edildi.

Soňky ýyllarda iki sany täze desganyň işe girizilmegi ilatyň sanitariýa-epidemiologiýa taýdan abadançylygyny üpjün etmek boýunça amala aşyrylýan işleri ýokary hilli, halkara standartlarynyň derejesinde ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Birinji desga – Tejribe-önümçilik we iýmit merkezidir. Onuň toplumy üç binadan ybarat bolup, olarda edara binasy, häzirki zaman barlaghanalar, immuno öňüni alyş serişdelerini saklamak üçin ammar, ylmy kitaphana ýerleşdirilen. Iýmit merkezinde ylmy taýdan işläp taýýarlamalary, iýmit önümleriniň hiliniň we howpsuzlygynyň giňişleýin barlanylmagyny geçirmäge has amatly mümkinçilik bar. Ikinji – Aýratyn howply ýokanç keselleriniň ýaýramagyna garşy göreşmek merkeziniň düzüminiň edara binasy, häzirki zaman barlaghanalar, barlaghana niýetlenen haýwanlary saklamak üçin wiwariý, şeýle hem göçme mobil barlaghana üçin awtoduralga girýär. Bu merkeziň işiniň esasy maksady – Türkmenistanyň çägini aýratyn howply karantin ýokançlarynyň getirilmeginden we ýaýramagyndan goramak, bu işi ygtybarly we häzirki zaman usullary bilen geçirmekdir.

## 9.5. Bejeriş, öňüni alyş kömegi: ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegi

Ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegi (ILSK) ilat üçin lukmançylyk kömeginiň esasy we elýeter görnüşidir. ILSK has köp duş gelýän keselleri we şikesleri bejermek, ilatyň arasynda immuno öňüni alyş we käbir ýokanç kesellerden goramak boýunça çäreleri geçirmek,

ilata lukmançylyk-sanitariýa meseleleri, olary çözmegiň usullary we kesellериň öňüni almak boýunça aň-bilim bermek, maşgalanyň önelge saglygyny, gerekli derman serişdeleri bilen üpjünçiligini hasaba almak bilen, enäniň we çaganyň saglygyny goramak boýunça çäreleri amala aşyrmak ýaly lukmançylyk-sanitariýa, bejeriş, öňüni alyş we gigiýena çäreler toplumyny öz içine alýar. ILSK babatda özgertmeler 1996-njy ýylda maşgala lukmançylygynyň girizilmegi bilen başlandy. Ol keseliň düzgün bolan bejergisini däl-de, eýsem, ilkinji nobatda, utgaşdyrylan ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömeginiň berilmegini göz öňünde tutýar. Maşgala lukmanynyň esasy wezipesi – ilata köpugurly gatnawly lukmançylyk kömegini bermek bolup durýar. Häzirki wagtda näsag bilen ilkinji gatnaşykdaky derejede edilmeli lukmançylyk kömekleri şäher saglyk öýlerinde, etrap hassahanalarynyň düzümine girýän saglyk öýlerinde, oba merkezlerinde we oba saglyk öýlerinde berilýär. Maşgala lukmanlary 1000 adamdan ybarat bolan maşgala meýdançalaryndaky ilata hyzmat edýärler. Olar degişli taýýarlykly we hünär tejribeleri bolan lukmançylyk işgärleri bolup, lukmançylyk enjamlary we zerur bolanda ulag we aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün edilen. Ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegini bermek, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «Maşgala meýdançasynda ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlaryny kämilleşdirmek hakynda» buýrugyna laýyklykda gurnalýar. Buýruk bilen, ilata maşgalalaýyn hyzmat etmegiň ýörelgesi düzgünleşdirilýär we maşgala lukmanlarynyň, şeýle-de maşgala şepagat uýalarynyň wezipe borçlary kesgitlenilýär.

Maşgala lukmanlary öz hünärlerini, M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň maşgala lukmançylygy kafedrasynda, maşgala şepagat uýalary bolsa, lukmançylyk mekdeplerinde kämilleşdirýärler. Şeýle-de maşgala lukmanlary we şepagat uýalary hünär kämilleşdirişi Fiziologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahananyň we Aşgabat şäheriniň 1-nji saglyk öýüniň binýadynda geçýärler. ILSK-nyň täze düzgünine geçmek bilen, kesellериň ilkinji we ikilenji öňüni almak, näsaglary gatnawly şertlerde we öýde bejermek boýunça işler güýçlendirildi. Häzirki zaman tehnologiýalaryny ulanmak bilen, şäherlerde we obalarda geçirilýän çäreler ilatyň arasynda öňüni alyş işini güýçlendirmäge, lukmançylyk hyzmatynyň

hilini we netijeliligini ýokarlandyrmak bilen, ilatyň isleginiň kanagatlandyrylmagyna, inçe hünärli hyzmatlara bolan talaby gysgaltmak arkaly, lukmançylyk kömeginiň dürli derejelerinde yzygiderliligini gowulandyrmaga, adam we ykdysady mümkinçilikleri oýlanyşykly ulanmaga şertleri döretdi. Hassahanalarda ýerine ýetirilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň bellibir göwrümi, gündizki hassahanalary giňeltmek we kämilleşdirmek arkaly saglyk öýlerine geçirildi. Saglyk öýlerini enjamlaşdyrmagyň ülňüleri işlenilip taýýarlanyldy. Şol ülňülere laýyklykda, dürli görnüşli barlaglary we bejeriş işlerini geçirmek (elektrokardiografiýa, flýuorografiýa, ultrases barlagy, fizioterapiýa we beýl.), häzirki zaman enjamlary bilen amala aşyrylýar. Maşgala lukmanlary gerekli torbalar, näsaglary öý şertlerinde barlamak we keselini anyklamak üçin ykjam enjamlar, ýagny otoskop, oftalmoskop, glýukometr, dopplerografiýa apparaty, dermatoskop we başgalar bilen üpjün edilen.



**Saglyk öýi**

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin meýilleşdirilen «Oba milli Maksatnamasynyň» çäklerinde 2008–2014-nji ýyllar aralygynda täze etrap hassahanalary ulanylmaga berildi we olaryň aglabasynyň durky düýpli täzelendi. Şeýle-de

täze oba saglyk öýleri we saglyk merkezleri guruldy we ençemesiniň durky doly täzelendi. Olaryň hemmesi häzirki zaman lukmançylyk enjamlary, «Tiz kömek» awtoulaglary we gerekli derman serişdeleri bilen üpjün edilen. Lukmançylyk kömegini bermegiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, gipertoniýa, ýüregiň işemiýa keseli, respirator keselleri, iýmit siňdiriş ulgamynyň keselleri we beýlekiler ýaly esasy keselleri gatnawly şertlerde anyklamagyň hem-de bejermegiň ülňüleri işlenilip taýýarlanyldy we ornaşdyryldy. ILSK-nyň täze düzgünine ene süýdi, howpsuz enelik, çaga döwründäki keselleriň bilelikde alnyp barylmagy, çaganyň irki ösüşi ýaly wajyp maksatnamalar birleşdirildi. Inçekesele gözegçiligiň maksatnamasynyň ILSK bilen utgaşdyrylmagy, inçekesel boýunça esasy epidemiologik görkezijileriň ösüşini saklamaga, soňundan bolsa onuň pese düşmegine mümkinçilik berdi. Şeýle-de ILSK ulgamyna immuno öňüni alyş maksatnamasy doly birikdirildi, bu bolsa çagalaryň öňüni alyş sanjymlar bilen ýokary derejede gurşalyp alynmagyny üpjün etdi. ILSK gullugy göwüs mäziniň, ýatgynyň boýunjygynyň we göni içegäniň täze döremeleri ýaly giňden ýaýran görnüşleriň öňüni almaga we ir ýüze çykarylmagyna uly ähmiýet berýär.

Göwüs mäziniň täze döremelerini irki döwründe ýüze çykarmagyň ýola goýlan düzgüni, BSGG-niň usulyýeti boýunça 2013–2014-nji ýyllarda geçirilen STEPS barlagynyň netijeleri bilen tassyklanyldy. «Sagdyn eneden – sagdyn çaga» maşgala lukmançylygynyň esasy ýörelgesi bolup durýar. Bu maksada ýetmek üçin demografik, milli aýratynlyklarymyzy we däp-dessurlarymyzy hasaba almak bilen, çagalaryň we eneleriň saglygyny gowulandyrmaga gönükdirilen milli maksatnamalar we strategiýalar durmuşa geçirilýär. Milli maksatnamalaryň we strategiýalaryň çäklerinde sagdyn durmuş ýörelgelerini berjaý etmek, keseliň döremegine getirip biljek howply ýagdaýlar barada, ýokanç däl keseller, çaganyň irki ösüşi, göwüsden emdirmegi wagyz etmek, çagalaryň respirator we diareýa keselleri boýunça ilata aň-bilim bermek ugrunda maşgala lukmanlary we şepagat uýalary tarapyndan uly işler geçirilýär. Çaga dogrumyna ukyply ýaşyndaky aýallara, köp çaga dogran, göwüsden emdirýän we göwreli aýallara yzygiderli sagaldyş gözegçiligi geçirilýär. Düwünçegiň dogabitdi şikeslerini anyklamagyň ulgamy

girizildi we bu dogabitdi döreýän şikesleriň öňüni almak üçin göwreli aýallar 12 hepdelige çenli foliý turşusy bilen üpjün edilýär.

Häzirki wagtda aýallaryň, erkekleriň we ýetginjekleriň önelge saglygyny goramagyň gulluklary döredildi. Olaryň esasy wezipeleri – maşgalanyň önelge saglygyny gowulandyrmak, ene we çaga ölümini peseltmek, maşgalada islenilmeýän göwreliligiň öňüni almak, çaga dogrumlarynyň wagt aralygyny sazlamak, ene-atalaryň ýaşyna baglylykda çagany dogurmagyň oňaýly wagtyny saýlamak bolup durýar. ILSK ulgamynyň esasy bölegi mekdep saglygy goraýşyň maksatnamalary bolup, bu iş ep-esli derejede şepagat uýalary tarapyndan durmuşa geçirilýär we munuň üçin olar maglumat, okuw materiallary bilen üpjün edilýär.

Keselleriň döremegine ýol bermezlik, olaryň öňüni almak we näsaglary wagtynda ýüze çykarmak boýunça geçirilýän toplumlaýyn çäreler, ýagny kesellän adamlary yzygiderli sagaldyş gözegçiliginde saklamak, bejermek we olaryň saglygyny dikeltmek keselleýjiligiň, maýyplygyň, ölümçiligiň azalmagyna we ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygynyň uzalmagyna getirdi.

Ýurdumyzda ILSK ulgamyna maglumatlar tehnologiýasyny girizmek boýunça çäreler geçirilýär. Aşgabat şäheriniň saglyk öýlerinde elektron resminama dolanyşygy üçin kompýuterler oturdyldy, işgärler okadyldy, paýtagtymyzyň ilaty hususy lukmançylyk elektron kartalaryny aldy. Ilata netijeli, tiz we gaýragoýulmasyz kömegiň berilmegine niýetlenen gerekli enjamlar we aragatnaşyk serişdeleri bilen enjamlaşdyrylan ýöriteleşdirilen awtomobiller ulaghanasynyň yzygiderli üsti ýetirilýär.

## 9.6. Eneleriň we çagalaryň saglygy

Ýurdumyzda eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak ileri tutulýan meseleleriň biri bolup durýar. Döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynda kesgitlenişi ýaly, zenanlaryň saglygyny goramaga, şol sanda olaryň nesil öndürmäge bolan hukugyna uly üns berilýär. Döwletimiz eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak nukdaýnazaryndan degişli toplumlaýyn çäreleriň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Soňky ýyllarda «Türkmenistanyň Saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy»,

«Çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamagyň 2011–2015-nji ýyllar üçin milli Maksatnamasy», 2011–2015-nji ýyllar üçin önelge saglygy boýunça Milli strategiýalary, «Türkmenistanyň ilatynyň sagdyn iýmitlenmegi boýunça 2013–2017-nji ýyllar üçin milli Maksatnamasy», «AIW ýokanjyna garşy 2012–2016-njy ýyllar üçin milli Maksatnama», «Türkmenistanda eneleriň, bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça 2015–2019-njy ýyllar üçin Milli strategiýasy we iş meýilnamasy», «Göwüs mäziniň we ýatgynyň boýunjygynyň täze döremelerine garşy göreşmegiň 2011–2015-nji ýyllar üçin strategiýasy», «Türkmenistanda perinatal kömegini gowulandyrmak boýunça 2014–2018-nji ýyllar üçin milli Maksatnama»; «Ganazlygyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek boýunça maksatnama», «Türkmenistanda ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek boýunça Aşgabat Jarnamasynda bellenen wezipeleri 2014–2020-nji ýyllarda amala aşyrmagyň Milli strategiýasy» we ony ýerine ýetirmegiň meýilnamasy kabul edildi. Türkmenistan müňýyllygyň ösüş maksatlary, Ilat we ösüş boýunça halkara maslahatynyň Rezolýusiýasy (Kair, 1994), Aýallaryň ýagdaýy boýunça dördünji halkara maslahaty (Pekin, 1995), Reproduktiw saglygy boýunça global strategiýa (2004), Eneleriň, bäbekleriň we çagalaryň saglygyny goramak boýunça global hyzmatdaşlyk (2005), BMG-niň «Her zenan, her çaga» global strategiýasy (2010), UNICEF-iň çaganyň ýaşamagy boýunça global başlangyjy (2012), «Saglyk 2020» – Ýewropa syýasaty (2011) ýaly eneleriň we çagalaryň saglygyna täsir edýän meseleleriň çözülmegine gönükdirilen halkara borçnamalary ýerine ýetirmek boýunça global başlangyçlardyr teklipleri goldaýar. Türkmenistan aýallara, olaryň saglygyna degişli we maşgalany meýilleşdirmek meselelerinde saglygy goraýşyň serişdelerinden mugt we deňhukukly peýdalanylmagyna mümkinçilik döredýär, aýallaryň saglygyny goramak zerurlygyna aýratyn üns berýär. Göwrelilik we dogrum döwründe saglygy goraýyş hyzmatlaryny saýlap almak boýunça elýeter maglumatlary işläp taýýarlamakda uly öňegidişlikler gazanyldy. Saglygy goraýyş edaralarynyň maddy-tehniki binýady, gigiýenik şertleri berkidilýär, esasy derman serişdeleri bilen üpjünçilik gowulanýar, BSGG-niň maslahatlaryna we delillerine esaslanan beýanlar, gollanmalar, intra-anteneonatal tilsimatlaryň toplumy ornaşdyrylýar, akuşerçilik, re-

animasiýa, neonatologiýa we pediatriýa meseleleri, şeýle-de çagalaryň kesellerniň öňüni almak we bejermek boýunça milli mümkinçilikler berkidilýär, diri doglanlaryň we öli doglanlaryň çelgisi, «Göwrelilere, dogrumdaky we täze dogran aýallara saglygy goraýyş kömegi baradaky» 19-njy hasabat görnüşiniň elektron maksatnamasy girizildi. Bu çäreler bolsa, perinatal hem-de ene ölümçiligini we keselçiligini hasaba almagy kadalaşdyrmaga kömek etdi. Eneleriň we çagalaryň saglygyny goramak boýunça maksatnamalar saglygy goraýşyň ilkinji basgançagynda hem-de lukmançylyk uniwersitetiniň we lukmançylyk orta mekdepleriniň okuw meýilnamalaryna ornaşdyryldy. Öňüni alyş sanjymlary bilen 95 göterimden ýokary gurşap almak we göwrelileriň 96 göterimini ir antenatal gözegçiligine almak gazanyldy. Ýurdumyzda bäbek we çaga ölümçiligini peseltmek üçin «Ene süýdi bilen emdirmekligi goramak we ony goldamak» (1998), «Ganazlygyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek» (1998), «Çaga kesellerini bütewi alyp barmak» (2001), «Bäbeklere ilkinji reanimasiýa kömegini bermek we olara geçirilmeli ideg» (2006), «Howpsuz enelik» ýaly milli maksatnamalar we strategiýalar üstünlikli hereket edýär. Döwrebap enjamlary we iň täze tilsimatlary ulanmak arkaly, has ýokary derejede hyzmatlary bermegiň zerurlygy nukdaýnazaryndan Aşgabat şäherinde we ähli welaýatlarda «Ene mähri» merkezleri hereket edýär. Merkezler agramy 500 gramdan ýokary bäbeklere ideg etmek üçin innowasion enjamlar we zerur bolan derman serişdeleri bilen üpjün edildi. Bu tilsimatlaryň ornaşdyrylmagy täze doglan bäbekleriň ýaşamak mümkinçiligini ýokarlandyrýar we aýallary ene bolmak bagtyna ýetirýär. Merkezleriň hünärmenleri ganazlygyň we metabolizmiň skrining barlagyny, düwünçegiň ýagdaýyny anyklamagy, AIW/AIDS-e skrining geçirýärler.

Öňdebaryjy tilsimatlar ýygy-ýygydan göwreliligi şowsuz tamamlanýan zenanlara ýokary kämillikli kömegi bermäge, ganyň toparynyň we rezus utgaşyksyzlygyna barlag geçirmäge we ony bejermäge, IFA we PSR usullary bilen wirus ýokançlaryny barlamaga, fetoplasentar toplumynyň bozulmagynyň öňüni almaga we bejermäge, göwreli zenanlara ýaşamaga ukyply çaganyň dogulmagyna mümkinçiligini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Ýatgynyň boýunjygynyň kolposkopiýasy we çyrşagyň sitologiýa barlagy ýaly skrining barlaglarynyň geçirilmegi, mammografiýa we deşme stereoskopik biopsiýa, soňra

çyrşagy barlamak bilen geçirilmegi, ýatgynyň boýunjygynyň we göwüs mäziniň howply täze döremelerini has ir ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Osteoporozyň ir döremeginiň öňüni alyş we anyklaýyş çärelerini geçirmegiň arasynda – süňk densitometriýasyny, gormonlaryň derejesini we mineral çalşygyny anyklamagy, öwezini dolduryjy gormonal we berhiz bejergini geçirmegi we ýöriteleşdirilen serişdeleri ulanmagy görkezmek bolar. Zenana we onuň adamsyna önelge hukuklaryny amala aşyrmak maksady bilen, Aşgabat şäherindäki «Ene mähri» merkezinde kömekçi önelgelilik tehnologiýalar barlaghanasy – EKT (ekstrakorporal tohumlandyrma) işleýär.




**Ene mähri merkezi**

Genetiki barlaghanada häzirki zaman tehnologiýalar arkaly nesil yzarlaýjy keselleriň irki anyklanylyşy geçirilýär. Biomateriallary saklamak üçin bankyň bolmagy, onkologiýa keselli erkekleriň we aýallaryň öz önelge hukuklaryny has giň ulanmaga hem-de bu mesele babatda kemsidilmegiň bolmazlygyna mümkinçilik berer. Göwreli aýallarda uglewod çalşygynyň bozulmalaryny skrining arkaly ir ýüze çykarmaga gönükdirilen «Gestasion diabet» halkara türkmen-german taslamasy, göwrelilik döwründe we dogrumda gaýraüzülmeleriň öňüni almak, täze doglan bäbeklerde uýgunlaşma döwrüniň

gaýraüzülmeleriniň öňüni almak, dogrumdan soň 6 hepdäniň dowamynda enäniň we çaganyň ýagdaýyna we süýjüli diabetiň 2-nji görnüşine geçmegine gözegçilik ulgamyny işläp taýýarlamagy amala aşyrmaga şert döredýär. Soňky 20 ýylyň içinde diri doglan çagalaryň sany köpeldi. Öýde dogrumlaryň paýy azaldy, şeýlelikde, 2014-nji ýylda dogrumlaryň 99,9%-i saglygy goraýyş edaralarynda saglygy goraýyş işgärleriniň gatnaşmagynda boldy. Perinatal we ene ölümçiligini azaltmagyň ätiýaçlygy hökmünde, kesar kesimi operasiýalarynyň ulanylmagy 1995–2014-nji ýyllar döwründe ýokarlandy we BSGG-niň tekliplerine laýyklykdaky görkezijilerden ýokary bolmady.

Durmuş-ykdysady şertleriň gowulanmagy, aýallaryň hukuklarynyň we durmuş ýagdaýynyň has höweslendirilmegi, şeýle hem çaga dogrum kömegini berýän edaralarda hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanmagy bilen, ene ölümçiliginiň we keselleýjiliginiň peselmegi bellenilýär. 2007-nji ýylda Türkmenistanda BSGG-niň tekliplerine laýyklykda diri we öli dogulmagyň çelgileriniň girizilmegi netijesinde bäbek we perinatal ölümçiligini hasaba almagyň we hasabatlylygyň hili gowulandy. Geçen ýyllaryň dowamynda bäbek ölümçiliginiň görkezijisi hem peseldi. Hasaba almagyň we hasabatlaryň dogry we doly bolmagy üçin çaga dogurdyş we dogrum kömegini berýän edaralara resmi statistika goşmaça we çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik berýän BABIES matrisasy girizildi. Bu bolsa perinatal idegiň ýagdaýyna dogry baha bermäge we perinatal keselçilige we ölümçilige täsir edýän esasy görkezijileri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. 2013-nji ýyldan maşgalany meýilleşdirmek çäklerinde berilýän hyzmatlaryň hilini gowulandyrmak boýunça täze ýörelge girizildi, töwekgelçilikli toparlar anyklanyldy, «Bejeriş-öňüni alyş edarasynyň aýallaryň önelge saglygy barada hasabaty» pudak hasabat görnüşi we geljekki eneleriň saglygyny maksatlaýyn gowulandyrmak üçin ýokary töwekgelçilikli aýallary kontrasepsiýa bilen gurşap almagyň derejesini anyklamaga mümkinçilik berýän indikator girizildi. Bu ugur önelge saglygyny goraýyş merkezlerindäki otaglarda fertil ýaşyndaky zenanlara berilýän hyzmatlaryň hiliniň derejesine, howpsuz enelik ýörelgesiniň ýeten sepgitlerine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

2014-nji ýylda «Türkmenistanda perinatal lukmançylyk kömegini gowulandyrmak hakynda» buýruk kabul edildi. Buýrukda perinatal

gullugyny sebitlere bölmek we onuň 3 derejesini döretmek, göwreli aýallary derejelere geçirmegiň çelgilerini girizmek, sebitleşdirmäge baglylykda hereket edýän wezipe birliklerine täzeden seretmek, perinatal merkezleri zerur bolan enjamlar we ýöriteleşdirilen awtoulaglar bilen goşmaça üpjün etmek, demirli derman serişdeleri we foliý turşusyny almak üçin 50% arzanladyş bilen dermannamalaryň berilmegini üpjün etmek, hökmany esasy derman serişdeleriniň milli sanawyna sarp ediş serişdeleri we akuşer kömegi üçin enjamlary goşmak, milli beýannamalary, standartlary, maşgala lukmanlary we akuşer-ginekolog lukmanlary üçin gaýragoýulmasyz akuşer ýagdaýlarynda (gan akmalar, preeklampsiýa we eklampsiýa, göwrelilik döwründäki maslahatlarda göwreli aýallaryň saglygyna howp salýan alamatlar barada maglumat) hereketleriň algoritm çyzgysyny işläp düzmek göz öňünde tutuldy. Çaganyň irki ösüşi maksatnamasynyň çäklerinde Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkezinde «Ösüş pediatriýasy we irki döwürde täsir etmek» merkezi döredildi. Bu gullugyň esasy maksady çagalarda ösüşiň kynçylyklaryny irki wagtda anyklap, olara lukmançylyk-durmuş kömegini bermek bolup durýar. Skrining usuly özleşdirilip milli dilimize geçirildi, çagalarda irki wagtda ösüşiň kynçylyklaryny ýüze çykarmagyň okuw meýilnamasy taýýarlanyldy we ol meýilnama boýunça häzirki wagtda saglygy goraýyş işgärleri okadylýar. «Howpsuz enelik milli Maksatnamasynyň» 2007–2011-nji ýyllar aralygynda ýerine ýetirilmegine Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň UNFPA, UNISEF, BSGG we USAID halkara guramalarynyň goldaw bermeginde 2009, 2011 we 2012-nji ýyllarda geçirilen baha bermeleri dogrumdan öňki ähli döwürde we dogrumdan soňky döwürde lukmançylyk kömeginiň hemişelikdigini we yzygiderliligini, göwreliligi irki hasaba almagyň (12 hepdä çenli) gurşawynyň ýokarydygyny görkezdi. Ýurdumyzda «Ene süýdi bilen emdirmekligi goramak we ony goldamak milli maksatnamasy» (1998 ý.) durmuşa geçirilýär. «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goramak hem wagyz etmek we çaga iýmit önümlerine bildirilýän talaplar hakynda» Türkmenistanyň 2009-njy ýylda kabul eden Kanunyna 2013-nji ýylda üýtgetmeler girizildi. Kanun halkara kodeksine laýyklykda, eneleriň we olaryň maşgala agzalarynyň arasynda emeli

iýmitlenme önümlerini ýaýratmagy ýa-da olary sowgat hökmünde bermegi gadagan edýär. Ýurdumyzyň ähli çaga dogurdyş we dogrum kömegi edaralarynda ene süýdi bilen iýmitlendirmegi ir (ilkinji ýarym sagadyň içinde) başlamak we lukmançylyk görkezmelerinden başga ýagdaýlarda çagalary olaryň islegi boýunça iýmitlendirmek ýola goýuldy. Häzirki wagtda ýurdumyzda köpsanly bejeriş edaralary «Çaga mährli gatnaşykly hassahana» diýen ada eýe boldy. Bu bolsa ähli çaga dogurdyş we dogrum kömegi edaralarynyň 95 göterimine deňdir. UNFPA-nyň goldaw bermeginde 1997-nji ýylda döredilen önelge (reproduktiw) saglyk merkezi, maşgala meselelerini çözmek, çaga aýyrtmagy azaltmak, islenilmedik göwreliligiň öňüni almak, göwrelilik döwründe we reproduktiw ýaşyndaky aýallarda ekstragenital keselleriň gaýraüzülmelerini peseltmek we JÝGK/AIDS-iň öňüni almak ugrunda işleýär. Reproduktiw saglyk gullugy maşgalany meýilleşdirmek meselesinde ilata ähli lukmançylyk hyzmatlaryny, şol sanda jynsy gatnaşyk we reproduktiw saglyk meseleleri boýunça maslahatlary, kontraseptiw serişdelerini mugt bermegi üpjün edýär. Reproduktiw saglygyň meseleleriniň wajypdygyny göz öňünde tutup, döwlet zerur gerek derman serişdeleriniň sanawyna 10 sany kontraseptiw serişdäni goşmak bilen, kontraseptiw serişdelerini satyn almagy üpjün edýär. Türkmenistanda reproduktiw saglygy goramak gullugynyň döredilmegi bilen abortlaryň öňüni almak boýunça geçirilýän işleriň netijesinde, olaryň derejesini iki esse azaltmak başartdy, intergenetik interwal ortaça 2,5 ýyla çenli ýokarlandy, fertil ýaşly aýallaryň arasynda keselleýjilik peseldi.

## 9.7. Inçekeseliň öňüni almak we oňa garşy göreşmek

Inçekesel boýunça epidemiologik ýagdaý Türkmenistanyň hökümetiniň we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň üns merkezinde saklanýar. Ýurdumyzda «Inçekeseliň öňüni almagyň we onuň bilen göreşmegiň 2008–2015-nji ýyllar üçin Milli strategiýasy», Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň «Inçekeseli durzalyň» maksatnamasy we «STOP TB» halkara hyzmatdaşlygy esasynda döredildi. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň buýrugy esasynda we BSGG-

niň maksatnamasyna laýyklykda, 2000-nji ýyldan başlap basillýar inçekeselli näsaglary ýüze çykarmak we olara gös-göni gözegçilikde gysga wagtly himioterapiýa bilen bejermek geçirilýär (DOTS maksatnamasy, 288 belgili buýruk). 2007-nji ýylda halkara standartlaryna esaslanan «Türkmenistanyň ilatyna inçekesele garşy kömegi bermegiň milli standartlary» tassyklanyldy. Inçekeseli bejeriş-öňüni alyş merkeziniň barlaghanasyna 2008-nji ýyldan bäri Niderlandlaryň Bethowen şäheriniň umumy milli barlaghanasy howandarlyk edýär we 2009-njy ýylda onuň ygtyýarlandyrylyşyny geçirdi. Umumy milli barlaghananyň ýardam bermeginde merkezi we welaýat derejelerinde anyklaýşyň molekulýar-genetik usuly ornaşdyryldy, hünärmenler taýýarlanyldy. 2010-njy ýylda täze açylan Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýetiniň düzüminde 60 orunlyk Inçekeseli bejeriş-öňüni alyş merkezi döredildi. Bu düzüm Inçekesele garşy institutyň mirasdüşeri bolup durýar. Merkez häzirki zaman Ýewropa rentgen-flýurografiýa enjamlary bilen enjamlaşdyrylan. 2012-nji ýylda Inçekesele garşy göreş gullugyny düzgünleşdirýän BSGG-niň bilermenleri bilen bilelikde taýýarlanan «Türkmenistanda inçekesele garşy çäreleri kämilleşdirmek» barada esasy buýruk tassyklanyldy. Işgärleri taýýarlamak maksady bilen, M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diplomdan soňky okuw maksatnamasyna Içeri işler ministrliginiň penitensiar sektorynyň saglygy goraýyş işgärleri we Goranmak ministrliginiň harby lukmanlary üçin inçekesel boýunça ýörite okuw toplumy girizildi. Inçekeselli näsaglara kömek bermegiň täze guramaçylyk modelini (gatnawly bejergi) ornaşdyrmak hem-de hereket edýän orun gaznasynyň ulanylyşyny kämilleşdirmek boýunça işler başlandy. Inçekesele garşy gullugyň hünärmenleri öz işlerinde milli usulyýet gollanmalaryna, BSGG-niň tekliplerine laýyklykda, inçekeseliň dermanlara durnukly görnüşleri bilen kesellän näsaglary ýüze çykarmak, alyp barmak we gözegçilik etmek boýunça gollanmalaryna we beýanlara esaslanýarlar. Inçekesele garşy edaralarda, halkara standartlaryna laýyklykda, inçekesel ýokanjyna gözegçilik çäreleri geçirilýär. «Inçekeseliň öňüni almak we oňa garşy göreşmek boýunça Milli maksatnamany» ýerine ýetirmek maksady bilen, welaýatlarda we etraplarda maksatnama utgaşdyryjylary berkidildi. Inçekesele garşy gullugyň ilkinji saglygy goraýyş kömegi

ulgamy bilen utgaşdyrylmagy gazanyldy. Inçekeseliň ýaýramagynyň öňüni almak we netijede, inçekeseli jemgyýetçilik meselesi hökmünde ýok etmek boýunça sosial aksiýalary geçirmek we işjeňleşdirmek maksady bilen, Inçekesele garşy göreşmek milli Maksatnamasyny ýerine ýetirmäge gatnaşýan beýleki ministrlikler we pudak edaralary, bilen bilelikdäki işler köpelýär. Inçekesele garşy göreşmek milli Maksatnamasyny ýerine ýetirmek üçin ähli ileri tutulýan ugurlar boýunça inçekesele garşy göreşmek ulgamynda işleýän ýerli we halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk giňelýär. Inçekeselli näsaglaryň elektron registriniň ornaşdyrylmagy, «Elektron TB-menejer» maksatnamasy synag hökmünde Mary welaýatynda başlandy.1995–2014-nji ýyllar aralygynda geçirilen çäreleriň netijesinde, inçekesel bilen keselleýjiligiň derejesi, keselçilik, ölümçilik peseldi.

## 9.8. Hassahana kömegi

«Saglyk» Döwlet maksatnamasyny amala aşyrmagyň çäklerinde ýurdumyzda ýatymlaýyn saglygy goraýyş edaralarynyň düzümi kämilleşdirildi. Saglygy goraýyşda işiň agramly böleginiň näsaglara gatnawly şertlerde kömek berilmegine geçilmegi sebäpli, ilatyň hassahana kömegine bolan hajaty azaldy. 2014-nji ýyla çenli hassahana orunlarynyň sany 1995-nji ýylda bar bolan sanyna garanyňda 48% azaldy, ýatymlaýyn bejeriş ornunyň ortaça ýyl eýelenişi 224 günden (1995 ý.) 363 güne çenli (2014 ý.), orun gaznasynyň ulanylyş derejesi ýokarlandy. Saglygy goraýşyň ilkinji basgançagynda öňüni alyş çäreleriniň geçirilmegi, şeýle hem näsaglaryň hassahana çenli tapgyrda doly barlanylmagy, has ýaýran keselleri bejermegiň standart beýanlarynyň girizilmegi, anyklaýyş we bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň iş tertibiniň kämilleşdirilmegi näsaglary hassahanada bejermegiň möhletleriniň azalmagyna getirdi, hassahana ýerleşdirilen ilatyň paý agramy peseldi. Umumy derejeli, şeýle hem ýokary ýöriteleşdirilen hyzmatlary berýän hassahanalaryň gurluşygyna, durkunyň täzelenmegine we kämilleşdirilmegine uly maýa goýumlar gönükdirildi. Hassahana gullugynyň kämilleşdirilmegi subut ediji lukmançylygyň esasynda hassahanalaryň tejribesine häzirki zaman we netijeli tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny talap etdi. Häzirki wagtda saglygy goraýyş kömegi, şol sanda kardiologiýa, pulmonologiýa,

onkologiýa we endokrinologiýa kömegi üç derejede berilýär. Birinji dereje – maşgala lukmanlary we inçe hünärmenler tarapyndan berilýän ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömegi derejesi. Ikinji dereje – köpugurly hassahanalarda berilýän ýöriteleşdirilen bejeriş-anyklaýyş kömegi. Üçünji dereje – häzirki zaman innowasion tehnologiýalary ulanmak, ylmy we okuw işlerini geçirmek arkaly ýokary ýöriteleşdirilen bejeriş-anyklaýyş kömegi. Aşgabat şäherinde we welaýat merkezlerindäki Anyklaýyş merkezlerinde we köpugurly hassahanalaryň maslahat beriş-anyklaýyş bölümlerinde näsaglarda şol bir saglygy goraýyş edarasynyň çäklerinde gysga wagtyň içinde doly barlagdan geçmek, hünärmeniň maslahatyny, bejergi almak, zerurlyk bolanda bolsa, ýatymlaýyn bejergi almak mümkinçiligi döredi. Ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegini bermek üçin dürli ugurlar boýunça täze görnüşli ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş edaralarynyň ulgamy döredildi. Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezlerinde, «Ene mähri» merkezlerinde, Anyklaýyş merkezlerinde, Gaýragoýulmasyz tiz kömek merkezlerinde iň häzirki zaman innowasion lukmançylyk tehnologiýalary ornaşdyryldy. Ösen döwletleriň köpüsinde bolşy ýaly, Aşgabat şäherinde hem umumy dolandyryşly we inçe ýöriteleşdirilen klinikalary bar bolan saglygy goraýyş toplumlary döredildi. Halkara saglyk merkezleri müdiriýeti hem-de Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýeti häzirki zaman ylmynyň we tejribäniň üstünlikleriniň esasynda ilaty ýokary derejeli we ýöriteleşdirilen hyzmat bilen üpjün edýän klinikalaryň ulgamyny emele getirdi. Bu bolsa işiň hilini we medeniýetini ýokarlandyrmaga, bejerginiň çylşyrymly usullaryny geçirmäge mümkinçilik berdi, şeýle hem ýurt boýunça degişli gulluklaryň işini utgaşdyrmaga şert döredýär. Saglygy goraýyş işgärleriniň mümkinçiliklerini güýçlendirmek maksady bilen, çaga dogrum öýleriniň, çaga hirurgiýa, terapiýa we reanimasiýa bölümleriniň işgärleri üçin maksatly okuwlar geçirilýär. Häzirki zaman saglygy goraýyş merkezlerinde işler häzirki zaman innowasion enjamlary ulanmak, saglygy goraýyş işgärleri ýörite we täzeden taýýarlamak, giň halkara hyzmatdaşlygy arkaly, dünýäde we watanymyzda gazanylan tejribäni ornaşdyrmagyň esasynda alnyp barylýar.

Soňky on ýylyň içinde hirurgiýada köp keselleri operatiw bejermek ýörelgesini üýtgeden düýpli üýtgeşmeler bolup geçdi. Hirur-

gik bejerginiň nusgawy usullaryna döwrebap ýokary tehnologiýaly endoskopik anyklaýyş we bejeriş usullary (traheo-bronhoskopiýa, ezofagogastroduodenoskopiýa, mediastenoskopiýa, torakoskopiýa), öýkeniň, aragursagyň, gyzylödegiň, ýüregiň we uly gan damarlarynyň häzirki zaman rentgenologik barlaglary (kompýuterli tomografiýa, angiografiýa, magnit-ýadro rezonans tomografiýasy) ornaşdyryldy. Bu usullar patologik hadysanyň göwrümini we ýerleşýän ýerini anyklamaga, operatiw gatyşmagyň göwrümini çaklamaga mümkinçilik berýär. Endoskopik hirurgiýa – keselleri operatiw bejerginiň ujypsyz ten şikesi bilen, dokumalary sanjyp deşmek arkaly we tebigy yşlardan radikal operatiw gatyşmak usulydyr. Bu operasiýalar wideomonitorlara gözegçilik etmek arkaly ýerine ýetirilýär. Endohirurgiýa tehnologiýasynyň ornaşdyrylmagy netijesinde operasion şikes ýetmeleri, gaýraüzülmeleriň sanyny we agyrylylygyny, derman serişdeleriniň köp sarp edilmegini, operasiýadan soň hassahanada bolmagyň dowamlylygyny gysgaltmaga mümkinçilik berdi. Zähmete ukypsyzlygyň we adaty durmuşa dolanmagyň möhletleri gysgaldy. Ilkinji nobatda, bu endohirurgiýa, garyn boşlugyndaky (laporoskopik) we döş kapasasyndaky (torakoskopik) operasiýalary öz içine alýar. Bu operasiýalar diňe merkezi edaralarda däl-de, Lebap welaýatynda hem ýerine ýetirilýär. Laparoskop usuly bilen diňe holesistoektomiýa operasiýasy edilmän, şeýle-de öt ýollaryndaky daşlary aýyrmak üçin hem ulanylýar. Hirurgik ginekologiýada boşlukdaky operasiýalaryň esasy bölegini laporoskopiýa usuly bilen edip bolýar. Bu usul diňe bir ýatgynyň ösüntgileriniň kesellerinde, miomektomiýada ulanylman, ýatgyny jynshana üsti bilen kesip aýyrmak we ekstirpasiýa etmekde hem ulanylýar. Umumy hirurgiýa ugry boýunça diafragmanyň gyzylödek deşiginiň ingileriniň plastikasy, inwaginasion gastroduodenal we gyzylödek-içege anastamozlary, transduodenal papillosfinkteroplastikasy, gepatoholedohyň strukturalarynda dikeldiş we rekonstruktiw operasiýalar, gyzylödegiň berçli daralmalarynda ezofagoplastikanyň ähli görnüşleri ýaly operasiýalar ýola goýuldy.

Kardiohirurgiýa operasiýalarynyň esasy aýratynlygy ýüregi wagtlaýyn durzup, emeli gan aýlanyş arkaly geçirilmegidir. Kardioangiohirurgiýa ugry boýunça çylşyrymly dogabitdi we gazanylan kemislikleriň radikal operasiýalary, ýürek garynjygara, alyn ýüregara

germewiniň plastiki operasiýalary, aorto-koronar, mammar-koronar şuntirleme operasiýalary, ýüregiň damarlaryny stentirlemek operasiýalary, çep garynjygyň anewrizmaektomiýa operasiýasy, ýürek boşluklaryndan miksomany aýyrmak operasiýalary, aortanyň ýokary galýan bölegininiň «Waskutek» bilen protezirlenmesi, aortaiçre ballon kontrpulsator operasiýasy, damar kesellerinde – autobifemoral, arterial autowenoz şuntirleme, protezirleme, endarterektomiýa amaly lukmançylyga girizildi.

Trawmatologiýa we ortopediýa ugry boýunça but-çanaklyk we dyz bogunlarynda endoprotez operasiýalary, turba görnüşli süňkleriň döwüklerinde titan metal konstruksiýasyny goýmak operasiýalary, bognuň atanak baglaýjylaryny dikeltmek operasiýasy, intra we ekstramedulýar osteosintez, blokirleýji osteosintez operasiýalary, artroskopiýa enjamynyň kömegi bilen meniskektomiýa, hondrom bedenleri aýyrmak, sinowektomiýa, bognuň üstlerini osteofitlerden arassalamak operasiýalary ýola goýuldy.

Neýrohirurgiýa ugry boýunça kelle beýni şikeslerinde we gemorragiki insultda beýni içki gematomalary kiçi inwaziw ýoly bilen aýyrmak, kelle beýniniň, gipofiziň we oňurga ýiliginiň täze döremelerini aýyrmak, merkezi nerw ulgamynda parazitar kesellerinde ehinokokkektomiýa operasiýalary, kelle beýni we oňurga ýilik ingilerinde rekonstruktiw operasiýalary, kelleçanak süňk şikeslerinde rekonstruktiw kranioplastiki operasiýalar ornaşdyryldy.

Otorinolaringologiýa we surdologiýa ugurlary boýunça gulak kesellerinde timpanoplastika, burun we burunýany boşlugynyň kesellerinde endoskopiki (endonazal) anyklaýyş we bejeriş usullary, täze doglan bäbekleriň eşidişini barlamak usuly ýola goýuldy.

Urologiýa ugry boýunça peşew çykaryjy we jyns agzalarynyň anomaliýalarynda plastiki operasiýalar, prostatanyň adenomasynda transuretral rezeksiýany ulanmak, böwrek daş keselinde (böwrekleriň, peşew akarlarynyň, peşew haltasynyň daşlary) distansion litotripsiýa usulyny ulanmak, peşew akarlarynyň daşlarynda kontaktly litotripsiýany ulanmak, deriüsti funksion nefrolitotripsiýa usulyny ulanmak, böwrekleri stentler bilen drenirlemek usullary ornaşdyryldy.

Oftalmologiýa kömeginde geçirilýän operasiýalaryň esasy aýratynlygy, olaryň güninleýin şertlerde ýerine ýetirilmegidir. Of-

talmologiýa ugry boýunça katarakta keselini bejermekde fakoemulsifikasiýa usuly we kataraktanyň ekstraksiýasy, miopiýa we miopiýa astigmatizmi keselinde refraksiýa emelleriniň iň täze görnüşi bolan «Schwind Amaris» lazer enjam bilen lazer arkaly fotorefraktiw keratoektomiýany, çagalarda ambliopiýany bejeriş, çaşylyk we refraksiýanyň anomaliýasy keselleriniň täze kompýuter usuly bilen bejerilişi ýola goýuldy.

Onkohirurgiýa gullugyna bolan garaýyş soňky ýyllarda düýpgöter üýtgedi. Häzirki zaman daşyndan görme usullarynyň giňden ornaşdyrylmagy howply täze döremeleriň dürli ýerde ýerleşen çäklendirilen görnüşlerini has ir döwürde ýüze çykarmaga itergi berdi.

Anesteziologiýa we reanimasiýa gullugynda inwaziw däl emeli dem beriş usullarynyň ulanylmagy, ýörite programmirlenýän dozator enjamlary ulanmak, döwrebap täze anestetikleriň, miorelaksantlaryň ulanylmagy, Swan Gansyň termodilýusion kateteri bilen ýürek boşluklarynyň we öýken arteriýasynyň basyşyny üznüksiz ölçemek we gemodinamiki görkezijileri kesgitlemek usuly, ekstrakorporal gan arassalaýyş usullary, PICCO kateteri arkaly gemodinamiki görkezijileri ölçemek, transezofagial zond arkaly ehokardiografiýa barlagyny geçirmek, TIVA (*total intrawenosis anesthesia*) – ýörite gurallar bilen bütinleý damariçi anesteziýa, wideolaringoskoplary ulanmak; magistral damarlaryň punksiýasy we kateterizasiýasy üçin ýörite dopler enjamyny ulanmak, EKMO (*ekstracorporal membrane oxygenation*) – kislorod bilen emeli baýlaşdyryjy öýken-ýürek enjamyny ulanmak usullary ornaşdyryldy.Türkmenistan bilen Germaniýanyň arasyndaky saglygy goraýyş babatda hyzmatdaşlyk eýýäm ençeme ýyly öz içine alýar. Uzak ýyllaryň dowamynda bilelikdäki işleriň netijesinde türkmen-nemes mekdebi döredildi, ol ýerde nemes professorlary hem-de milli hünärmenler tarapyndan bejeriş-anyklaýyş işiniň täze usullary öwredilýär, gözükdiriji sapaklar berilýär, maslahatlar geçirilýär, beýanlar okalýar, ýlmy taslamalar geçirilýär. 2012-nji ýyldan bäri «*Senior ekspert serwis*» (SES) gullugy bilen hyzmatdaşlyk ýola goýlup, gullugyň hünärmenleri Türkmenistana 3–6 aýlyk gelip, milli hünärmenler bilen bilelikde maslahat berýärler, iň täze tehnologiýalary we usullary ulanmak arkaly çylşyrymly terapewtik we hirurgik näsaglara anyklaýyş we bejeriş işlerini geçirýärler.

Ilatyň saglygy goraýyş hyzmatlaryna bolan islegini has doly kanagatlandyrmak üçin hususy saglygy goraýyş işi girizildi. Hususy işi amala aşyrýan saglygy goraýyş işgärleri tarapyndan berilýän saglygy goraýyş hyzmatlary döwlet saglygy goraýyş ulgamynyň edaralaryndan daşary, raýatlaryň şahsy serişdeleriniň ýa-da kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň serişdeleriniň hasabyna ýerine ýetirilýär. Saglygy goraýşyň hususy ulgamy bejeriş-öňüni alyş we dermanhana edaralaryny öz içine alýar, olaryň emlägi hususy eýeçilikde bolup, bu edaralaryň işi Türkmenistanyň kanunçylyk-kadalaşdyryjy resminamalary bilen düzgünleşdirilýär.

## 9.9. Ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek

Ýokanç däl keseller dünýäde keselçiligiň, maýyplygyň we ölümçiligiň esasy sebäpleri bolup durýar. Ýokanç däl keselleriň esasy dört toparyna ýürek-gan damar keselleri (infarkt we insult ýaly keseller), howply täze döremeler, öýkeniň dowamly obstruktiw keselleri we süýjüli diabet degişli bolup, BSGG-niň maglumatlaryna görä olaryň paýyna her ýylky ölüm hadysalarynyň 63%-i düşýär. Bu keselleriň öňüni almak mümkindir, diýmek, millionlarça adamyň ömrüni halas edip hem-de näsaglamagyny has-da azaldyp bolýar. Ýokanç däl keseller, esasan, ýaşaýyş kadalarynda özüňi alyp barmagyň dört sany howply faktory sebäpli döreýär: temmäki önümlerini ulanmak, fiziki işjeňligiň ýetmezçiligi, alkogoly yzygider içmek we nädogry iýmitlenmek. Bu howply faktorlar aşa agramlylyga we semizlige, gan basyşynyň we holesteriniň derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. 2013-nji ýylyň 3–4-nji dekabrynda Aşgabatda Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň «Saglyk–2020» maksatnamasynyň çäklerinde ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek boýunça Ýewropa Ministrler maslahatynyň geçirilmegi, onda Aşgabat Jarnamasynyň kabul edilmegi bu keselleriň öňüni almak we olara garşy göreşmek babatda işleriň işjeňleşmegine itergi berdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen 2014-nji ýylyň maý aýynda «Türkmenistanda ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek boýunça Aşgabat Jarnamasyny ornaşdyrmagyň 2014–2020-nji ýyl-

lar üçin Milli strategiýasy» we olary amala aşyrmagyň meýilnamasy tassyklanyldy. Howply faktorlaryň saglyga täsirini azaltmak maksady bilen ministrlikler we pudak edaralarynyň arasyndaky pudagara hyzmatdaşlyk, sagdyn durmuşy emele getirmäge raýat jemgyýetçiligini çekmek, sagdyn durmuş ýörelgesini alyp barmaga höwesi berkider, ony ornaşdyrmak üçin şertler döreder, ýokanç däl kesellerden keselleýjiligiň howply faktorlarynyň derejesini peselder.

*Kardiologiýa gullugy.* Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahanasy kardiologiýa ugry boýunça ýurtda baş edara bolmak bilen, kardiologiýa gullugynyň ýagdaýyna gözegçilik edýär we ähli saglygy goraýyş edaralaryna amaly hem-de guramaçylyk, usulyýet kömegini berýär. Kardiologiýa gullugynyň işi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň (TSG we DSM) «Türkmenistanda ýürek-gan damar keselli näsaglara saglygy goraýyş kömegini guramagy kämilleşdirmek hakynda» buýrugyna laýyklykda amala aşyrylýar. Kardiolog we maşgala lukmanlary bu buýruga esaslanyp, arterial gipertenziýanyň öňüni almak, anyklamak we bejermek işlerini alyp barýarlar. Ýürek-gan damar keselli näsaglary ýurduň şypahanalaryna ugratmagyň çelgisi tassyklanyldy. Soňky döwürde trombolitik serişdeler, aorto-koronar şuntirleme, gan damarlary gaýragoýulmasyz bejermek we dikeltmek üçin stendler bilen bilelikde angioplastika giňden ulanylýar. Kardiolog we maşgala lukmanlary «Gan aýlanyş ulgamynyň keselleri bilen näsaglary sagaldyş gözegçiligine almagyň esaslary» amaly gollanmany we «Ýürek-gan damar keselli näsaglara gaýragoýulmasyz lukmançylyk kömegini bermek barada» usulyýet gollanmany öz işinde giňden ulanýarlar. Gipertoniýa keseli, ýüregiň işemiýa keselleri we serebrowaskulýar keseller dünýäde ölümçiligiň esasy sebäpleri bolup durýarlar. Türkmenistan boýunça ýürek-gan damar kesellerinden keselleýjilik, miokardyň infarkty bilen keselleýjilik peseldi.

*Pulmonologiýa gullugy.* Fiziologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahanasy pulmonologiýa boýunça baş ugrukdyryjy edara hökmünde ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralaryna öýkeniň mahsus däl kesellerini bejermek boýunça amaly we ylmy-usulyýet kömegini berýär. Pulmonologiýa gullugynyň işi TSG we DSM-iň «Türkmenistanda öýken-bronh keselli näsaglara saglygy goraýyş kömegini

kämilleşdirmek hakyndaky» buýrugyna laýyklykda amala aşyrylýar. Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň teklipleri esasynda «Bronhial astma», «Öýkeniň dowamly obstruktiw keseli», «Pnewmoniýa» ýaly giň ýaýran keselleriň öňüni alyş we bejeriş çärelerini geçirmek baradaky gollanmalar taýýarlanyp, amaly saglygy goraýşa girizildi.Ýurdumyzyň ähli bejeriş-öňüni alyş edaralarynda pulmonologlar, iç keselleri lukmanlary we maşgala lukmanlary «Öýken-bronh keselleriniň öňüni alyş, anyklaýyş, keselleri bejeriş we sagaldyş gözegçiliginde saklaýyş» boýunça subut ediji standartlary amaly işde ulanýarlar. Dem alyş agzalarynyň keselleri umumy keselleýjiligiň düzüminde birinji ýeri eýeleýär. Türkmenistan boýunça geçen ýyllaryň dowamynda dem alyş agzalarynyň keselleri bilen keselleýjilik, ölümçilik görkezijisi peseldi.

*Onkologiýa gullugy.* Onkologiýa ylmy-kliniki merkezi öz ugry boýunça ýurtda baş edara bolmak bilen, gullugyň ýagdaýyna gözegçilik edýär we ähli saglygy goraýyş edaralaryna amaly hem-de guramaçylyk, usulyýet kömegini berýär. Häzirki wagtda Onkologiýa ylmy-kliniki merkezinde gyzylödegiň, süýt mäzleriniň, ýatgynyň boýunjygynyň, galkan şekilli mäziň we göni içegäniň howply täze döremeleri boýunça ylmy işler alnyp barylýar. Howply täze döremeler ölümçiligiň düzüminde ikinji ýeri eýeleýär hem-de işe ukyply adamlaryň arasynda has ýokary derejelere ýetýär. Onkologiýa gullugy ilkinji saglygy goraýyş kömegi bilen utgaşdyrylyp, toplumlaýyn häsiýetli işleri alyp barýar. Onkologik kesellere garşy göreşiň strategiýalary, şeýle hem ýurtda has ýygy duş gelýän howply täze döremeler (HTD) bolan süýt mäzleriniň we ýatgynyň boýunjygynyň HTD-ne garşy göreş boýunça strategiýalary kabul edildi we ýerine ýetirildi. Onkologiýa gullugynyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, TSG we DSM-iň «Onkologiýa gullugynyň işini kämilleşdirmek hakynda» we «Onkologiýa kömeginiň netijeliligini ýokarlandyrmak hakynda» buýruklary bilen tassyklanan howply täze döremeleri anyklamak we bejermek boýunça standartlary girizildi. 2013-nji ýylda Onkologiýa ylmy-kliniki merkezi Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasynyň «Innowasion kärhanasy» diýen adyna mynasyp boldy.

Bütin dünýäde howply täze döremeler bilen keselleýjilik ösýär. Keselleýjiligiň ýokarlanmagy skrining maksatnamalarynyň girizilme-

gi hem-de onkologik keselleriň irki döwürde ýüze çykarylmagynyň gowulanmagy bilen baglydyr.

*Endokrinologiýa gullugy.* Soňky ýyllarda saglygy goraýyş edaralaryna ýüz tutmalaryň sanynyň köpelmegine sebäp bolýan keselleriň arasynda endokrin ulgamynyň beýleki keselleri bilen deňeşdirilende, süýjüli diabetiň paýy ösýär. Süýjüli diabetden keselleýjiligiň görkezijileriniň ösmegi bu keseli anyklamagyň gowulanmagy hem-de saglygy goraýyş gözegçiligine alynmagy we derman bilen bejeriş kömeginiň berilmegi bilen baglydyr. Süýjüli diabetiň netijesinde böwrek ýetmezçiligi, diabetiki gangrena, körlük ýaly agyr gaýraüzülmeler ýüze çykýar. Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahananyň endokrinologiýa bölümi Türkmenistanda endokrinologiýa gullugy boýunça baş ugrukdyryjy edara hökmünde gullugyň ýagdaýyna gözegçilik edýär we ähli saglygy goraýyş edaralaryna ylmy-amaly hem-de guramaçylyk, usylyýet kömegini berýär. Ýurdumyzda süýjüli diabet meselesine uly üns berilýär. Süýjüli diabetli ähli näsaglar 1993-nji ýyldan bäri insulin we sanjym serişdeleri bilen mugt üpjün edilýär. Türkmenistan GDA döwletleriniň arasynda ilkinji bolup çüýşe gapdaky insulini ulanmagy bes etdi. Endokrinolog, terapewt we maşgala lukmanlary «Süýjüli diabetiň bejergisiniň standartlary» (2012 ý.) okuw amaly gollanmany ulanýarlar. Süýjüli diabetli näsaglar üçin Aşgabat şäherinde we welaýatlarda «Diabet mekdepleri» işleýär, olarda ýörite okuw sapaklary geçirilip, näsaglara rejeli iýmitlenmek, öz-özüne gözegçilik etmek hem-de sagdyn durmuş ýörelgesi barada wagyz-nesihat işleri geçirilýär. Her ýylyň noýabr aýynyň 14-ine, Halkara diabet güni mynasybetli bu kesele jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek bilen, süýjüli diabetiň meseleleri boýunça maslahat geçirilýär.

*Nefrologiýa gullugy*. Bütin dünýäde böwrek ýetmezçilikli näsaglaryň sany ýyl-ýyldan artýar. Ýewropa böwrek bileleşiginiň maglumatlaryna görä, näsaglaryň sanynyň köpelmegine böwrekleriň zeperlenmegine getirýän ýokançlaryň, süýjüli diabetiň we arterial gipertoniýanyň giňden ýaýramagy, nefrotoksiki dermanlaryň ulanylmagy, ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşmagy, ilatyň ömrüniň dowamlylygynyň ýokarlanmagy sebäp bolýar. Türkmenistanda nefrologiýa gullugynyň utgaşdyryjylary S.A.Nyýazow adyndaky Bejeriş-maslahat beriş merkezi bilen M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň iç keselleriniň

propedewtikasy kafedrasy bolup durýar. Olar nefrologiýa gullugynyň ýagdaýyna gözegçilik edýär we ähli saglygy goraýyş edaralaryna amaly hem-de guramaçylyk usulyýet kömegini berýär. Häzirki wagtda lukmançylyk amalyna dowamly glomerulonefrit, dowamly interstisial nefrit we dowamly pielonefrit ýaly keselleriň tapawutlandyrma anyklamasy üçin häzirki zaman tehnologiýalar, peşew çökündisiniň sitologik barlagy, «Böwrek keselli näsaglary alyp barmagyň we bejermegiň standartlary», siklofosfan bilen (Balou we Steýnberg usuly boýunça) depginli bejeriş beýany girizildi. Dowamly böwrek ýetmezçilikli näsaglary bejermek soňky ýyllaryň dowamynda ýetilen sepgitleriň netijesinde, saglygy goraýşyň öňe saýlanan ugry boldy. Näsaglaryň köpüsinde häzirki zaman usullaryny ulanmak arkaly böwrek keseliniň geçişiniň durnukly gowulanmagyny ýa-da böwrek ýetmezçiliginiň döremeginiň birnäçe ýyla ýa-da onýyllyklara öňüni almagy gazanyp bolýar. Böwrek işjeňligi bozulan näsaglar üçin netijeli orun tutujy bejergi (gemodializ) usuly girizildi.Tehniki öňegidişlikler we böwrek orun tutujy bejerginiň kämilleşdirilmegi, diňe näsaglaryň ömrüni uzaltman, olaryň akyl taýdan, fiziki we sosial işjeňligini gorap, durmuşynyň hilini ýokary derejede saklamaga mümkinçilik berýär. Böwrek orun tutujy bejergi geçirmek maksady bilen, Aşgabat şäherinde, welaýat merkezlerinde, uly şäherlerde «Fresenius Medical Care GmbH» kompaniýasynyň enjamlary bilen üpjün edilen Toksikologiýa we gemodializ bölümleri döredildi. Böwrek orun tutujy bejergini bedeni azotly galyndylardan we toksinlerden arassalamak, suw-elektrolit bozulmalary düzetmek üçin ulanylýar. Böwrek ýetmezçilikli näsaglara saglygy goraýyş kömegini bermek tassyklanylan standarta laýyklykda geçirilýär.

## 9.10. Ilatyň derman serişdeleri bilen üpjünçiligi

Ilatyň derman serişdeleri bilen üpjünçiligi, lukmançylyk kömeginiň esasylarynyň biri bolup, jemgyýetiň agzalarynyň saglyk ýagdaýy hem-de ahyrky netijede olaryň durmuşynyň dowamlylygy we hili derman serişdelerine bolan talabynyň näderejede kanagatlandyrylýandygyna hem baglydyr. Ilaty elýeter bahadan deň derejede, ýokary hilli, netijeli we howpsuz derman serişdeleri hem saglygy

goraýyş hajatly önümler bilen üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanda dermançylyk pudagynyň ösmegine, hereket etmegine ýardam berýän kanunçylyk binýady döredildi. Eýeçiligiň döwlete degişli we hususy bölegi tarapyndan getirilýän derman serişdeleriniň we saglygy goraýyş hajatly önümleriň hilini, howpsuzlygyny, şeýle hem netijeliligini düzgünleşdirmek we berkitmek maksady bilen, birnäçe hukuk we kanunçylyk namalary, düzgünnamalar hem-de resminamalar işlenip taýýarlanyldy. Bu ugurda «Melhemçilik işi we derman üpjünçiligi hakynda» (2002 ý., 2009 ý. goşmaçalar girizilen), «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» (2002 ý. kabul edilen, 2005 ý., 2013 ý., 2015 ý. goşmaçalar girizilen), «Neşe serişdeleri, psihotrop maddalary, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy» (2004 ý. kabul edilen, 2008-nji we 2009-njy ýyllarda goşmaçalar girizilen) kanunlar kabul edildi. Lukmançylyk kömeginiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, derman serişdelerini netijeli bellemegiň we ulanmagyň esasy usullary işlenip taýýarlanyldy we ornaşdyryldy. Şunda durmuş taýdan esasy derman serişdeleriniň sanawy, derman serişdeleriniň formulýarlary, şeýle hem gollanmalar we beýanlar kesgitlendi. Derman serişdeleri durmuş taýdan esasy derman serişdeleriniň sanawyna laýyklykda satyn alynýar. Ýerli derman serişdeleriniň önümçiliginiň kämilleşdirilmeginde aýratyn üns esasy derman serişdeleriniň öndürilişine berilýär. Derman serişdelerini mugt we ýeňillikli goýbermek üçin keselleriň sanawy taýýarlanyldy we tassyklanyldy. Import arkaly we ýerli derman kärhanalaryndan gelýän derman serişdeleriniň ýokary hilliligini, howpsuzlygyny we netijeliligini gazanmak maksady bilen, dermançylyk işini ygtyýarlylandyrmak girizildi. Türkmenistana gelýän ähli derman serişdeleri we lukmançylyk hajatly önümler kanuna laýyklykda, Derman serişdelerini hasaba alyş we olaryň hiline döwlet gözegçiligi merkezinde bellige alynýar. Merkeziň maddy-tehniki binýadyny berkitmek maksady bilen, 2012-nji ýylda onuň täze binasy açyldy we düzüminde derman serişdeleriniň, lukmançylyk hajatly önümleriň lukmançylyk enjamlarynyň halkara standartlaryna laýyklygyny barlaýan we gözegçilik edýän ýörite barlaghana döredildi. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Biologiýa we derman ösümlikleri instituty tarapyndan ýerli tebigy çig mallaryň esasynda täze derman serişdelerini döretmek maksady bilen, toplum-

laýyn ylmy-barlag işleri alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan 2011–2015-nji ýyllar aralygynda Saglygy goraýyş senagatyny ösdürmek boýunça tassyklanylan Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, milli derman senagatynyň kuwwatlylyk özgertmeleri amala aşyrylýar, ýagny ekologiýa taýdan arassa ýerli hem-de import çig mallar we derman öndürmek üçin substansiýalar esasynda wajyp ähmiýetli täze derman serişdeleri öndürilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli döwlet dermanhanalarynda ätiýaçlyk pasporty boýunça 50% ýeňillikli dermanlaryň sanawyna girýän derman serişdeleri müşderilere goýberilýär.Tassyklanan ýörite sanawa laýyklykda, aýratyn toparlar 50% ýeňillikli, şeýle hem 1941–1945-nji ýyllar urşuna we Owganystandaky internasionalistik urşa gatnaşanlara, göwreli aýallara we beýleki degişli raýatlara derman serişdeleri mugt goýberilýär.

*Derman senagatyny ösdürmek.* «Saglyk» Döwlet maksatnamasynda ýerli çig mallardan peýdalanmak arkaly derman senagatyny ösdürmek, ýurdumyzyň ilatyny we bejeriş edaralaryny ýerli senagatymyzyň öndürýän ekologiýa taýdan arassa we bäsleşige ukyply derman serişdeleri bilen ýeterlikli üpjün etmek meselesine aýratyn üns berildi.Ýurdumyzyň ilatyny we bejeriş edaralaryny derman serişdeleri bilen doly derejede üpjün etmek maksady bilen, «Türkmenderman» döwlet ylmy önümçilik birleşigi döredildi. Onuň düzümine 2014-nji ýyla çenli «Saglyk» derman kärhanasy, «Türkmenderman Ajanta Farma Ltd.» bilelikdäki kärhanasy, «Tenekär» derman kärhanasy hem-de S.A. Nyýazow adyndaky «Buýan» oba senagat toplumy girizildi. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň esasynda hereket edýän derman önümçilik kärhanalaryny kämilleşdirmek we kuwwatlylygyny artdyrmak, bar bolan tebigy, önümçilik we zähmet serişdelerini netijeli peýdalanmak, önümçiligi innowasion ugurlara gönükdirmek arkaly döwrebap önümçilik kärhanalary döredildi. «Türkmenistanda derman senagatyny ösdürmegiň 2011–2015-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, 2013–2014-nji ýyllarda birleşigiň düzüminde 6 sany täze taýýar derman serişdelerini hem-de lukmançylyk ähmiýetli serişdeleri öndürýän kärhanalar gurlup, ulanylmaga berildi. Häzir birleşigiň garamagyndaky kärhanalarda öndürilýän dermanlaryň sany 340-dan geçip, olaryň köpüsi meýletin

saglyk ätiýaçlandyrma şahadatnamasy arkaly ilata ýeňillikli goýberilýär. Olar hili, howpsuzlygy we täsirliligi taýdan dünýä talaplarynyň derejesine gabat gelýär. Bellemeli aýratynlyk hem, birleşikde işleriň Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ensiklopedik eseri bolan «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabyna esaslanyp gurnalýanlygydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýiti zehininden dörän «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltlik (şu wagta çenli onuň 10 jildi neşir edildi) ajaýyp ylmy ensiklopedik eseri, jana tenekär ösümlikleri öz üçine alyp, lukmançylyk nazaryýetinde hem-de keselleri bejermek boýunça amaly iş tejribesinde iň bir giňden peýdalanylýan gymmatly gollanma öwrüldi. Milli Liderimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabynyň dürli halklaryň dillerine terjime edilmegi bu esere tutuş dünýäde uly gyzyklanma bildirilýändigine şaýatlyk edýär. Türkmenistanda we daşary ýurtlarda geçirilýän giň gerimli kitap sergi-ýarmarkalarynda, halkara ylmy forumlarda görnükli orny eýeleýän bu eser häzirki zaman lukmançylyk ylmynda bitirilen saldamly ylmy işleriň hatarynda tutuş dünýäde meşhurlyga eýedir.

«Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy eseriň diňe bir ylmy lukmançylykda giňden meşhur bolmak bilen çäklenmän, saglygy goraýyş ulgamynda gündelik peýdalanylýandygyny buýsanç bilen bellemek örän ýerliklidir. Häzirki döwürde derman senagaty ýurdumyzyň pajarlap ösýän pudaklarynyň biri bolup, oňa degişli bolan döwrebap önümçilik kärhanalarynda bu kitapda getirilýän gymmatly maglumatlar esasynda dermanlyk çaýlary, melhemleri, ýapgylary, demlemeleri we beýleki lukmançylyk serişdelerini senagat esasynda öndürmek işleri netijeli ýola goýuldy.Ýurdumyzyň döwrebap hassahanalarynda hem-de şypahanalarynda ýöriteleşdirilen fitobejergi otaglary döredilip, näsaglary fitobejergi usulynda bejermek işleri ýola goýuldy we adaty lukmançylyk bejergisi bilen utgaşdyrylýan bu usul näsaglaryň kesellerden tiz saplanmagyna ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy işi diňe bir alymlar, lukmanlar we talyplar üçin däl-de, eýsem, ähli türkmenistanlylar üçin hem gymmatly ýan kitabyna öwrüldi.

Soňky ýyllarda «Saglyk» derman kärhanasynyň daşky we içki durky derman önümçiliginiň talaplaryna görä abatlandy, önümçilik we kömekçi enjamlar doly derejede täzelenip, kärhananyň önümçilik kuwwaty has-da artdy. Gerdejikler bölüminde oturdylan enjamlar gerdejikleriň hem-de süýri däneleriň önümçiliginiň göwrümini we sanyny artdyrmaga, hilini we daşky görnüşini dünýä talaplaryna gabat gelýän derejelere ýetirmäge mümkinçilik berdi. Ýoduň 5%-li spirtli erginini öndüriji täze gurlan bölüm, spirt bilen zyýansyzlandyrylan sanjym üçin bir gezeklik antiseptik hasa öndüriji bölüm, dünýä derejesindäki talaplara gabat gelýän dermanlyk çaýlary bir gezeklik gaplarda öndürýän bölüm, «Korwalol» derman serişdesini guýýan bölüm, buýan köküniň şerbedini öndürýän we guýýan bölüm açyldy. Şeýlelikde, türkmen buýanynyň gury ekstrakty süýri dänelere gaplanyp, täze derman serişdesi hökmünde öndürilip başlandy.

«Tenekär» derman kärhanasynyň önümçilik kuwwaty ýylda onlarça *mln* flakon infuzion erginleri bolup, onda glýukoza erginleri, natriý hloridiniň ergini, Ringeriň ergini we beýlekiler öndürilýär. Erginler polipropilen gaplara ýerleşdirilýär. Kärhana Germaniýanyň, ABŞ-nyň, Ýaponiýanyň, Şweýsariýanyň, Finlýandiýanyň dünýä belli kompaniýalarynyň enjamlary bilen enjamlaşdyrylandyr.

S.A.Nyýazow adyndaky «Buýan» oba senagat toplumy ýurdumyzda buýan köküni we buýan köküniň önümlerini öndürýän hem-de daşary döwletlere eksport edýän ýeke-täk kärhanadyr. Kärhana döreýiş taryhyny 100 ýyldan gowrak aňyrdan alyp gaýdýar. Dünýäde iň gymmatly çig mallaryň biri hasaplanýan buýan önümçiligi bu ýerde XX asyryň başynda ýola goýuldy. 1906-njy ýylda «Mak-Andrýus» atly iňlis-amerikan şereketi häzirki Türkmenabat şäheriniň çäginde baglanan buýan köküni öndürýän zawody gurýar. Şeýlelikde, ilkinji gezek önümçilik usulynda buýan köküni taýýarlamak işine başlanýar. 2008-nji ýylda toplumyň düzüminde gury buýan ekstraktyny öndürmäge ukyply zawod işe girizildi. Oba senagat toplumynyň öndürýän önümleri: baglanan buýan köki, buýan köküniň goýy toşaby, buýan köküniň gury ekstraktydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan – melhemler mekany» atly kitabynda «Türkmenista-

nyň mineral suwlary ýurduň tebigy baýlyklarynyň aýrylmaz bölegidir» diýlip bellenilýär. Ýurdumyzyň çäginde 20-den gowrak bejeriji ähmiýetli çeşmeler bellidir. Şolaryň örän wajyplarynyň biri-de, ýurduň paýtagtynyň 7,5 kilometr günortasynda, Merkezi Köpetdagy etekläp oturan Berzeňňi çeşmesidir. Bu çeşmäniň 1 250 metr çuňlukdan özi akyp çykýan 1-nji guýusynyň düzüminde köpsanly peýdaly minerallary saklaýan suwy bar. 2014-nji ýylda işe girizilen «Berzeňňi» mineral bejeriş suwy kärhanasy mineral suwy gazlandyrylan hem-de gazlandyrylmadyk görnüşlerde öndürmäge ukyplydyr. Bu ýere oturdylan önümçilik enjamlary Italiýanyň we Germaniýanyň kompaniýalarynyň önümleridir. «Berzeňňi» mineral suwuny iýmit siňdiriş agzalarynyň kesellerinde: dowamly gastritiň beterleşmedik döwründe, reflýuks-ezofagit, motor we ewakuasiýa funksiýalarynyň bozulmagynda, aşgazan we onkibarmak içegäniň baş keseliniň gaýtgynynda, ýokanç däl dowamly kolitlerde we enterokolitlerde, içegäniň disfunksiýasynyň beterleşmedik ýagdaýynda, süýjüli diabetde, dowamly böwrek ýetmezçiligi we azotemiýanyň ýeňil derejelerinde, dowamly piýelonefritiň gaýtgyn döwründe ulanmak maslahat berilýär.

Aşgabat şäherinde gurlup, 2014-nji ýylyň oktýabr aýynda işe girizilen Zyýansyzlandyryjy erginleri öndürýän kärhana zyýansyzlandyryjy erginleri we zyýansyzlandyryjy desmallary öndürmäge hem-de olary dürli göwrümde gaplamaga ukyplydyr. Kärhana dünýä belli kompaniýalaryň öndüren önümçilik we kömekçi tehnologik enjamlary, hil we mukdar barlag enjamlary bilen enjamlaşdyryldy. Önümçilik işleri Ýewropa standartlaryna we GMP talaplaryna laýyk alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň bejeriş we sagaldyş edaralarynda dürli görnüşli sargy serişdelerine we beýleki lukmançylyk hajatly kömekçi önümlere bolan islegiň ýyl-ýyldan artýandygy göz öňünde tutulyp, Daşoguz şäherinde Zyýansyzlandyrylan sargy serişdelerini öndürýän kärhana gurlup, 2014-nji ýylyň sentýabr aýynda işe girizildi. Ol dürli ölçegdäki zyýansyzlandyrylan we zyýansyzlandyrylmadyk sargy hasalaryny, maýyşgak sargy serişdelerini, gipsli sargy hasalaryny, gipsli hasalary aşagyndan goýulýan ýörite sargylary, goşarlyklary, dyzlyklary, guşaklary, ýelimli plastyrlary, sanjym plastyrlaryny, ýara plastyr-

laryny, birgezek ulanylýan zyýansyzlandyrylan desmallary öndürmäge ukyplydyr.

«Lukmançylyk enjamlary» önümçilik birleşiginiň lukmançylyk kislorody öndürýän ulgamy saglygy goraýyş edaralaryny gaplandyrylan kislorod bilen üpjün edýär. Aşgabat, Balkanabat, Daşoguz, Mary we Tejen şäherlerinde gündelik ulanylýan arassalaýjy serişdesi bolan gipohlorid natriý erginini öndürýän sehleri işläp, saglygy goraýyş edaralaryny, mekdepleri, çagalar baglaryny, söwda-senagat edaralaryny doly üpjün edýärler.

Güneşli Türkmenistanymyz saglyk hajatlary üçin zerur çig mal gorlaryna baýdyr. Balkan welaýatynyň çäginde dünýäde uly isleg bildirilýän ýoduň we ýod önümleriniň ummasyz känleri bar. Derman senagatymyzda häzirki wagta çenli ýoduň diňe 5%-li spirtli ergini öndürildi we antiseptiki serişde hökmünde giňden ulanyldy. Ýurdumyzyň ilatyny we bejeriş edaralaryny ýod önümleriniň täze görnüşleri bilen üpjün etmek maksady bilen, Balkan welaýatynyň Bereket etrabynda ýodly taýajyklary, ýodly galamlary we diş tamponlaryny öndürmäge niýetlenen Ýod önümçiligi kärhanasy gurlup, 2014-nji ýylyň oktýabr aýynda işe girizildi. Çig mal hökmünde türkmen polipropileni, pagtasy we kristallik ýody ulanylýar. Kärhana Germaniýanyň, Italiýanyň we Türkiýäniň kompaniýalarynyň önümçilik enjamlary bilen enjamlaşdyrylan.

Mollagara kölüniň palçygynyň bejeriji täsirleri ýurdumyzyň çäginden has uzaklarda hem bellidir. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň wulkan palçyklarynyň kosmetologik häsiýetleri hem-de deňiz duzlarynyň deri üçin örän giň ýaramly täsirleriniň bardygy anyklandy. Barlaglaryň netijesine esaslanyp, ýurdumyzyň ilaty üçin bu serişdelerden öý we hassahana şertlerinde peýdalanmak mümkinçiligini döretmek maksady bilen, Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde Bejeriji palçyklary we deňiz duzuny gaplaýan kärhana gurlup, 2014-nji ýylyň oktýabr aýynda ulanmaga berildi. Ýurdumyzda derman senagatynda dünýäniň iň kämil tehnologiýalarynyň ulanylmagy önümçiligi halkara ülňülerine laýyk gelýän derejelere ýetirmäge, ilatymyzy ýokary hilli we köpdürli derman serişdeleri bilen üpjün etmäge mümkinçilik döredýär.

## 9.11. Şypahanalarda ilatyň saglygyny dikeltmek

Şypahana bejergisi we raýatlaryň dynç almagyny gurnamak ilatyň saglygyny goramakda umumy döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, ýurdumyzyň şypahanalarynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek maksady bilen döwlet tarapyndan 200 million amerikan dollary möçberinde maýa goýumy gönükdirildi. Şypahanalaryň täze binalary guruldy, öňki binalarynyň durky täzelenip, ýokary şertli derejä ýetirildi. Şol bir wagtda bejeriş bölümleri döwrebap lukmançylyk enjamlary bilen enjamlaşdyryldy, raýatlara berilýän saglygy goraýyş, medeni-durmuş hyzmatlarynyň hili ýokarlandyryldy, hyzmatlaryň möçberi giňeldildi. Ýyly suw, Mollagara, Farap, Daşoguz şypahanalary we Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahananyň Berzeňňidäki ylmy-şypahana bölüminiň binasy dolulygyna täzeden guruldy. Häzirki wagtda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda 6 sany şypahana hereket edýär. 1995–2014-nji ýyllarda şypahana orun ýerleriniň sany 3 esse köpeldi. Bu bolsa şypahanalarda saglygyny dikeldýän raýatlaryň sanynyň 25 esse köpelmegine mümkinçilik berdi. Türkmenistanyň şypahana ulgamyny ösdürmek boýunça milli maksatnamasyna laýyklykda, ilatyň saglygyny dikeltmekde şypahanalaryň tebigy bejeriş şertleri giňden ulanylýar. Şypahanalarda lukmançylyk hyzmatlarynyň möçberi giňeldildi, öňki bejeriş usullaryna, sowuk howa akymy bilen bejeriş (krioterapiýa), duzly we mineral howadan dem almak arkaly bejeriş (galoterapiýa), ozon bilen bejeriş (ozonoterapiýa), hoşboý yslar bilen bejeriş (aromaterapiýa), gyzgyn daşlar bilen owkalamak (stounoterapiýa), gyzgyn çäge bilen bejermek (psammoterapiýa) ýaly täze bejeriş usullary girizildi. SPA bejergileri üçin otaglar açyldy, oňurgany bejermegiň täze usullary özleşdirildi, suw bilen bejermegiň dürli usullary: mineral suwly wannalara howa akymyny goşup, suwasty owkalama, akwamassaž, ýagny dürli güýçli we tizlikli suw akymlary arkaly bedeni suw bilen owkalama, galwaniki wanna we dürli duşlar bilen bejeriş, ýogyn içegäni mineral suw bilen bejeriş, suwasty oňurga bejerişi, mineral we agyz suwly howuzlar, saunalar raýatlaryň saglygyny dikeltmekde giňden ulanylýar. Türgenleşik enjamlary bilen enjamlaşdyrylan otaglarda bejeriş bedenterbiýesi bilen meşgullanmak arkaly bejerginiň üsti ýetirilýär.

Ähli şypahanalarda fitobarlar açylyp, olarda hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ensiklopediki kitaplaryndaky maslahatlar boýunça melhemlik içgiler taýýarlanýar. «Türkmendermansenagat» birleşigi tarapyndan täze kärhanalaryň açylmagy netijesinde çüýşe gaplarda «Berzeňňi» mineral suwy, gaplanan gyrmança palçygy we deňiz duzlary bejergi bermek maksady bilen şypahanalara getirilýär. Zerurlyk çykan ýagdaýynda barlaghana barlaglary, dünýä ülňülerine gabat gelýän enjamlar arkaly keselleri anyklamaklyk amala aşyrylýar. Raýatlaryň rahat we medeniýetli dynç almaklary üçin şypahanalarda ähli şertler döredilen.

Arçman şypahanasy doly özgerdilip, durky täzelendi we dünýä ülňülerine laýyk gelýän şypahana öwrüldi. Onuň 2009-njy ýylda ulanylmaga berlen 420 orunlyk täze binasy we durky täzelenen 500 orunlyk binasy bir wagtyň özünde 920 adamy kabul etmäge mümkinçilik berdi. Şypahananyň esasy bejeriş faktory, Mendeleýewiň tablisasyndaky 24 elementi özünde jemleýän mineral suwudyr. Ol bedeniň bozulan işini kadalaşdyrýar. Şypaly suwy içmek bilen bir hatarda, suw bilen bejermegiň dürli usullary hem ulanylýar. Şeýle-de şypahanada döwrebap enjamlaryň kömegi bilen fiziobejerişiň dürli görnüşleri geçirilýär. Şypahanada aşgazan-içege, bagyr, öt çykaryş ýollarynyň, daýanç-hereket synalarynyň, periferiki nerw ulgamlarynyň, deri we ginekologik näsaglaryň kesellerini bejermek maslahat berilýär.



**«Arçman» şypahanasy**

Ýyly suw şypahanasynyň 2009-njy ýylda 80 orunlyk we 2011-nji ýylda 200 orunlyk täze binalary işe girizildi. Şypahananyň çäginde 6 sany dik guýy bolup, olaryň ikisinde + 46º-ly kükürtwodorodly mineral suwuň kömegi bilen daýanç hereket synalarynyň, nerw ulgamynyň we endokrin ulgamynyň bozulmagy bilen baglanyşykly keseller bejerilýär. Şypahananyň çäginde ýerleşýän guýularyň 2-si bolsa, ýody we bromy düzüminde saklaýan mineral suwdur. Bu suwlar aşgazan-içege, öt haltasy, bagyr, aşgazanasty mäziň kesellerini bejermek üçin ulanylýar. Ýyly suw şypahanasy tebigy şertler, çeşmeleriň we dag howasynyň bejerijilik aýratynlyklary bilen sazlaşykly utgaşmagy arkaly tapawutlanýar.

Baýramaly şypahanasy diňe biziň ýurdumyzda belli bolman, eýsem, bütin dünýäde meşhurdyr. Şypahananyň tomusda gury ýokary gyzgynlyk, gyşda ýyly özboluşly tebigy-howa şertleri böwrek, ýürek-damar kesellerinden ejir çekýän näsaglary bejermäge mümkinçilik berýär. 2010-njy ýylda şypahanada hereket edýän birnäçe binalaryň durky düýpli täzelendi we dünýä standartlaryna laýyk gelýän 500 adama niýetlenen täze bina ulanylmaga berildi. Şeýlelikde, bir wagtyň özünde 800 adamy kabul etmäge mümkinçilik döredi. Şypahanada bejeriş usulynyň iki görnüşi giňden peýdalanylýar: aeroterapiýa (howa bilen bejeriş) usuly, näsag günüň dowamynda lukman tarapyndan bellenilen wagtda ýörite gurnalan ýerde, açyk howada gezelenç edýär we gelioterapiýa (gün şöhlesi bilen bejeriş) usuly.

Farap şypahanasy özüniň mineral suwy bilen meşhurdyr. Mineral suwunyň gyzgynlygy elmydama 39 derejede bolup, onuň düzüminde 30 sany himiki element, şol sanda ýod, brom, magniý, natriniň gidrokarbonaty, natriniň sulfaty, kükürtli wodorod we beýlekiler bardyr. 2010-njy ýylda şypahananyň 250 orunlyk täze binasy ulanmaga berildi. Şypahananyň bejeriş mineral suwy ýürek-damar, içege-aşgazan ýollaryny, bagyr, öt çykaryjy ýollary, nerw ulgamyny, daýanç-hereket synalaryny, deri kesellerini bejermek üçin diýseň peýdalydyr.

Mollagara şypahanasy özüniň bejeriş palçyklary we mineral suwlary bilen meşhurdyr. 2012-nji ýylda şypahananyň täze binasy guruldy, şeýle-de öňki binasynyň durky doly täzelendi. Häzirki wagtda Mollagara şypahanasynyň bir wagtyň özünde 815 adamy kabul etmäge mümkinçiligi bar. Mollagaranyň şypaly palçygy gyrmançaly

gara palçyklaryň toparyna degişli bolup, ýokary derejede bejeriş häsiýetlere eýedir. Palçygyň düzüminde duzuň mukdarynyň köplügi, palçygyň bakterisid we bakteriostatik häsiýetiniň uludygyny görkezýär. Mollagaranyň şor (rapa) suwunyň bejeriş täsiri palçykdan kem däldir. Onuň ýokary derejede minerallaşan şor suwy hlorly-natrili, magnili suwlara degişlidir. Minerallaşmanyň mukdary, bromuň we ýoduň mukdary ýylyň möwsümine görä üýtgäp durýar. Mollagara kölüniň minerallaşma derejesi ýokarydyr we şonuň üçin adam suwa çümmän, onuň ýokarsynda saklanyp bilýär. Şypahanada näsaglaryň daýanç-hereket synalaryny, nerw ulgamyny, deri we ginekologik kesellerini we önelgesizligi bejermek maslahat berilýär.

Daşoguz şypahanasy özüniň şypaly suwy bilen meşhurdyr. Onuň 2014-nji ýylda 200 orunlyk täze binasy ulanylmaga berildi. Şypahananyň mineral suwy ýöriteleşdirilen häsiýete eýe bolmadyk we garyndysyz ýerasty suwlar toparyna degişlidir. Şypaly suwunyň ýylylygy 37 derejä deň. Himiki düzüminiň esasy aýratynlyklaryna laýyklykda, ýod-bromly, gowşak aşgarly, subtermal, kükürtli wodorodyň ujypsyz mukdaryny saklaýan mineral suw diýlip hasaplanylýar. Şypahananyň bejergi geçirmäge niýetlenen tebigy mineral suwy dürli himiki elementlere baý bolup, daýanç-hereket synalarynyň kesellerini, nerw ulgamynyň kesellerini, peşew çykaryş we jyns agzalarynyň kesellerini, deri kesellerini, endokrin ulgamynyň kesellerini bejermekde giňden ulanylýar. Bu mineral suwuň minerallaşmagynyň derejesiniň ýokarydygy sebäpli, ol suwy içmek bolmaýar. Şonuň üçin hem mineral suwy arassa suw bilen garyp, wanna we dürli duşlar bilen bejeriş geçirmek maslahat berilýär.

Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahananyň Berzeňňi ylmy-şypahana bölüminiň beýleki şypahanalardan tapawutly tarapy, onda gatnawly bejergi alyp bolýanlygydyr. Bu bolsa raýatlara esasy işlerinden üzňesiz bejergi almaga mümkinçilik döredýär. Berzeňňi şypahanasynyň esasy tebigy bejeriş serişdesi az minerallaşan, subtermal, pes aşgarly we kükürtwodorod, azot gazy bilen doýgunlylygy, mikroelementleriň giň düşegi, düzüminde organiki maddalary saklaýan giň spektrli bejeriş häsiýetli mineral suwudyr. Şypahanada nerw ulgamy, daýanç-hereket synalary, ýürek-damar ulgamy, iýmit siňdiriş ulgamy we deri keselleri hem-de ýanykdan soňky ýagdaýlar

bejerilýär. Şypahanada bejeriş-öňüni alyş çäreleri bilen bir hatarda kurortologiýanyň wajyp meselelerini ylmy nukdaýnazardan öwrenmek işi M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň degişli kafedralarynyň tejribesini ulanmak bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýar.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen Hazar deňziniň kenarynda döredilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ýurduň dynç alyş we sagaldyş edaralar toplumyny giňelmekde ähmiýeti uludyr. Häzirki wagtda ol Halkara derejesinde sagaldyş-dynç alyş merkezi hökmünde ykrar edildi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy ulular we çagalar üçin onlarça şypahanalary we bejeriş-sagaldyş merkezlerini, dynç alyş öýlerini, myhmanhanalary we beýleki durmuş-medeni desgalary özünde jemleýär.

2018-nji ýylyň 21-nji iýulynda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününde Hazaryň ekologiýa taýdan arassa kenarynda «Awaza» sypahanasynyň açylmagy bu ýerde halkara derejeli döwrebap deňiz şypahanasyny ösdürmegiň ýolunda ýene-de bir ädim boldy we ol ýurdumyzyň şypahanalarynyň üstüni ýetirdi. Oguzhan şaýolunyň we Dostluk köçesiniň aralygynda ýokary halkara ölçeglerine kybap gelýän «Awaza» şypahana toplumy 19 müň inedördül metre golaý meýdanda ýerleşýär. 9 gatly ak mermerli binada ýerleşen dünýäniň esasy öndürijileriniň iň täze lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen merkeziň ýöriteleşdirilen bölümleri dürli keselleri, şol sanda dem alyş ýollarynyň, daýanç hereket synasynyň, nerw, endokrin, ýürek-damar ulgamynyň kesellerini anyklamaga we dürli bejeriş-dikeldiş hyzmatlaryny etmäge niýetlenendir.

Şypahanada balneoterapiýa we palçyk bilen bejeriş, SPA-ly gidroterapiýa, maslahat beriş-anyklaýyş, dikeldiş we fizioterapiýa hem-de bejeriş bedenterbiýesi bölümleri, rentgenografiýa, ultrases barlaglary, elektrokardiografiýa, elektroterapiýa, owkalap bejeriş we akupunktura otaglary, kliniki barlaghanalar we beýlekiler bar. Bu ýerde, şeýle hem otolaringologyň, stomatologyň we beýleki hünärmenleriň ýokary hilli kömegini almak bolýar.

Şypahananyň meýdança çäginde gazylan dik guýynyň 600 metr çuňlugyndan ýod-bromly bejeriş-mineral suwly tebigy çeşme tapy-

lyp, onuň mineral suwunyň düzüminde bromuň mukdary 312 *mg/dm kuba*, ýoduň mukdary 53,54 *mg/dm kuba* deňdir. Onuň düzümine anionlardan – hlor, gidrokarbonat, kationlardan – kalsiý, magniý we natriý bar. Suwuň minerallaşmasy 20 *mg/dm kub*, aşgarlylygy 5,28, ýylylygy 22 gradusa deňdir.

## 9.12. Saglygy goraýşyň maddy-tehniki binýadyny ösdürmek

Saglygy goraýyş edaralarynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek onuň mundan beýläk hem ösmegi we netijeli işlemegi üçin zerurdyr. Bu babatda degerli çäreler geçirilip, saglygy goraýyş edaralarynyň infrastrukturasy gowulandyryldy, degişli enjamlar we innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan iň häzirki zaman saglygy goraýyş merkezleri guruldy. Sarp edilýän serişdeler, lukmançylyk maksatly önümler, esasy derman serişdeleri, kompýuter enjamlary, ulaglar, inwentarlar bilen bökdençsiz üpjünçilik ýola goýuldy. Saglygy goraýyş edaralarynyň täze binalarynyň gurluşygynyň we hereket edýänleriniň durkunyň täzelenmeginiň maliýeleşdirilmegi döwlet we ýerli býujet serişdeleriniň, şeýle hem daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna geçirildi. 1995–2014-nji ýyllar aralygynda saglygy goraýşyň 60-dan gowrak iri desgasy gurlup, olaryň hatarynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň edara binasyny, M. Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň binasyny, häzirki zaman saglygy goraýyş merkezlerini, derman senagaty kärhanalaryny, şypahanalary, saglygy goraýyş edaralarynyň işgärleri üçin ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny, saglygy goraýyş edaralarynyň işgärleriniň çagalary üçin mekdebi we çagalar bagyny, tehniki desgalary bellemek bolar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýyla çenli obalary özgertmek boýunça milli Maksatnamasyna laýyklykda ähli oba saglygy goraýyş edaralarynyň durky täzelener we olaryň täze binalary gurlar. 2008–2014-nji ýyllarda ýerli býujet serişdeleriniň hasabyna etrap hassahanalarynyň ençemesiniň täze binasy işe girizildi we onlarçasynyň durky täzelendi, şeýle-de onlarça oba saglyk merkezleri guruldy we oba sag-

lyk öýleriniň ençeme sanysynyň durky täzelendi. Olaryň ählisi döwrebap lukmançylyk enjamlary, «Tiz kömek» awtoulaglary, näsaglar üçin zerur bolan derman serişdeleri bilen üpjün edildi. Ilata saglygy goraýyş kömegini bermegi halkara standartlarynyň derejesine ýetirmek, ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlaryny üpjün etmek maksady bilen, saglygy goraýyş edaralaryny lukmançylyk enjamlary bilen enjamlaşdyrmagyň täze standarty işlenip taýýarlanyldy we işe girizildi. Standarta laýyklykda, diňe täze açylan merkezi we welaýatlardaky merkezler däl-de, eýsem, etrap hassahanalary hem iň döwrebap lukmançylyk enjamlary bolan kompýuter tomograflary, ultrases barlag we kardio ölçeg enjamlary, köp maksatly rentgen enjamlary, öýkene emeli dem beriş, barlaghana we beýleki enjamlar bilen enjamlaşdyryldy. Köp ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralary dünýä belli lukmançylyk enjamlaryny öndürijiler bolan «Siemens Medical Systems AG», «Fresenius Medical CareGmbH», «Draeger Medical», «Kodak», «Pentax», «Toshiba», «Olympus», «Aloka», «Fujinon», «B.Braun Aesculap», «Leica Microsystems», «Samsung», «Mediaprogress», «BTL», «Karl Stroz», «Human GBBH», «Otto Bokk» we beýleki kompaniýalaryň tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylýar. Saglygy goraýyş edaralary lukmançylyk enjamlary, sarp edilýän serişdeler we derman serişdeleri bilen üpjün edilende, önümleriniň ýokary hili üçin ýewropa standartynda önüm öndürýänlere artykmaçlyk berilýär. Satyn alnan, döwrebap enjamlar we aragatnaşyk serişdeleri bilen enjamlaşdyrylan ýöriteleşdirilen awtoulaglar saglygy goraýşyň awtopark ulgamyny ep-esli derejede täzeledi. Satyn alnan awtoulaglaryň müňden gowragy ýörite «Tiz kömek» awtoulaglary bolup, olar «Ford-Tranzit», «Mersedes Benz Sprinter», «UAZ» kysymly reanimobil awtoulaglarydyr.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Adatdan daşary ýagdaýlardaky Saglygy goraýyş merkeziniň sanitar awiasiýa bölüminde näsaglary islendik saglygy goraýyş edaralaryna, şol sanda paýtagtymyzda täze açylan Gaýragoýulmasyz tiz kömek merkezine öz wagtynda ýetirmek üçin zerur bolan enjamlar bilen enjamlaşdyrylan ýöriteleşdirilen «Super Puma AS 332 L2» kysymly dikuçary bar.

## 9.13. Saglygy goraýşy maliýeleşdirmek

Ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynyň maliýeleşdirilmegi, raýatlaryň aýratyn toparlary üçin berilýän esasy hyzmatlaryň maliýeleşdirilmegine gönükdirilen döwlet býujetiniň serişdeleriniň, zähmet hakynyň 3%-den ybarat bolan döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleriniň, döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň çäklerindäki bilelikdäki tölegleriň we saglygy goraýyş hyzmatlary üçin peýdalanyjylaryň göni tölegleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Býujet serişdeleri ýeňillikli toparlara degişli raýatlara döwlet tarapyndan kepillendirilen mugt saglygy goraýyş kömeginiň berilmegine, ylmy-barlag işlerine, saglygy goraýşyň durmuş maksatnamalaryna gönükdirilýär. Çykdajylaryň esasy bölegini saglygy goraýşyň ilkinji basgançagynyň maliýeleşdirilmegi tutýar. Döwlet tarapyndan maliýeleşdirilmeginiň goşmaça çeşmeleri hökmünde, hojalyk-şertnama işlerinden, tölegli, şol sanda daşary ýurtly raýatlara berilýän saglygy goraýyş hyzmatlaryndan girdejiler, import boýunça gelýän derman serişdeleri hasaba almakdan hem-de lukmançylyk we melhemçilik işini alyp barmaga ygtyýarnamalary bermekden, ynsanperwerlik girdejilerinden we halkara guramalaryndan gelýän serişdeler çykyş edýärler. Maliýeleşdirmegiň köpsanly çeşmeleriniň bardygy pudagyň maliýe durnuklylygyny üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanda döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň girizilmegi bilen, saglygy goraýyş ulgamynda garyşyk býujet-ätiýaçlandyryş maliýeleşdirilişe geçmek amala aşyryldy. Türkmenistanyň 1996-njy ýylda döredilen saglygy goraýşyny ösdürmegiň döwlet gaznasy 2008-nji ýylda ýapylyp, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň býujetden daşary ýöriteleşdirilen hasaby döredildi. Maliýe girdejiler saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş dermannamalar boýunça bahasyndan 50% ýeňillik bilen goýberilýän derman serişdeleri, lukmançylyk maksatly önümleri satyn almaga, ätiýaçlandyrylan raýatlara ýeňillikli hyzmatlary bermek boýunça çykdajylaryň öwezini doldurmaga

gönükdirilýär. Gelen serişdeleriň hasabyna saglygy goraýyş we derman senagaty desgalaryny gurmak, olaryň durkuny täzelemek we kämilleşdirmek üçin düýpli maýa goýumlary gönükdirilýär, maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin gönükdirilýän daşary ýurt karzlary bilen hasaplaşmak, derman serişdeleri, lukmançylyk enjamlary we esbaplary satyn alynýar.

## 9.14. Işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak

Işgärleri taýýarlamak ýurduň strategik ugurlarynyň biri bolmak bilen, ol işgärleri ýerlikli paýlamagy, gaýtadan taýýarlamagy we şol sanda dolandyryş, ykdysadyýet we guramaçylyk ugry boýunça talyplaryň okuwyny amaly taýdan taýýarlyga ugrukdyrmagy, ýokary we orta lukmançylyk okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň mugallymçylyk we hünär ussatlygyny ýokarlandyrmagy göz öňünde tutýar. 1995-nji ýylda ilatyň lukmanlar bilen üpjünçiligi 10 müň ilata 32-ä deňdi we işgärleri ýerlikli peýdalanmak maksady bilen, wezipe tertibine gaýtadan seredilip, işgärleriň sany azaldyldy. Şol wagtyň özünde-de, saglygy goraýyş ulgamynyň ösmegi, möhüm maýa goýumlar, saglygy goraýyş edaralarynda häzirki zaman enjamlarynyň ornaşdyrylmagy hünärmenleriň taýýarlyk derejesine täze talaplary ýüze çykardy.

Maşgala lukmançylygynyň ösmegi we ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömegi ulgamynyň pugtalanmagy hem öz gezeginde degerli derejedäki ygtyýarlyklara eýe bolan maşgala lukmanyny kemala getirmek zerurlygyny ýüze çykardy. Bar bolan serişdeleriň rejeli paýlanylmagy bilen bagly ileri tutulýan wezipelere gönükdirilen saglygy goraýyş ulgamynyň özgertmeleri bilim ulgamynda 2007-nji ýylda amala aşyrylan özgertmeler bilen pugtalandyryldy. Bu özgertmelere laýyklykda, M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetine talyplary kabul etmegiň sanlary yzygiderli ýokarlanyp, 2007-nji ýyldan bäri ýaşlary okuwa kabul etmegiň sany artdy. Täze ugurlar bolan sport lukmançylygy (2011 ý.), harby lukmançylyk (2012 ý.), saglygy dikeldiş we adaty däl lukmançylyk (2014 ý.), harby

gigiýena (2015 ý.) boýunça hünärmenleriň taýýarlygy ýola goýuldy. Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň düzümine Göz keselleri ylmy-kliniki merkeziniň (2011 ý.), Stomatologiýa okuw-önümçilik merkeziniň (2013 ý.), Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkeziniň (2015 ý.) girizilmegi amaly saglygy goraýyşda ulanylýan iň täze ylmy işleri we lukmançylyk tehnologiýalaryny okuw bilen utgaşdyrmaga, ylmy barlaglara we tejribe taslamalara talyplaryň işjeň gatnaşmagyna mümkinçilik döretdi. Ilatyň saglygyny goramak, keselçiligiň öňüni almak we keselçiligi peseltmek, dermanlaryň täze görnüşlerini taýýarlamak üçin ýerli çig mal serişdelerini öwrenmek boýunça ylmy-barlag işlerini geçirmek maksady bilen, uniwersitetiň talyplary, kliniki ordinatorlary, ýaş mugallymlary Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezi bilen hyzmatdaşlyk edýärler. 2012-nji ýylda ylmy-barlag işlerini amala aşyrmak üçin lukmançylyk uniwersitetiniň düzüminde Lukmançylyk biotehnologiýa we Sport lukmançylygy merkezleri döredildi.

Diplomdan soňky taýýarlyk bir ýyllyk internaturany (50 hünär boýunça), 2008-nji ýyldan bäri iki ýyllyk kliniki ordinaturany (26 hünär boýunça) we hünär kämilleşdirişi öz içine alýar. Hereket edýän hünär kämilleşdiriş ulgamy döwlet býujetinden maliýeleşdirilýär. Ýokary bilimli hünärmenler azyndan her üç ýylda bir gezek, orta lukmançylyk bilimli hünärmenler bolsa, her bäş ýylda bir gezek hünärini kämilleşdirýärler. M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň 31 kafedrasynda her ýylyň dowamynda 56 ugur boýunça lukmanlar we prowizorlar hünärini kämilleşdirýär. Mundan başga-da maşgala lukmanlary üçin azyndan 60 okuw sagady toplamagy öz içine alýan taýýarlyk göz öňünde tutulan. Lukmançylyk uniwersitetiniň Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakulteti utgaşdyryjy, okuw-usulyýet, ylmy düzüm birligi bolup durýar. M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň açylmagy saglygy goraýşyň işgärler potensialynyň ösmegine, ýokary derejedäki hünärmenleri taýýarlamagyň kämilleşmegine täze itergi ber-

di. M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetine «European Quality» («Ýewropa hili») diýen halkara sylagy gowşuryldy, şeýle hem lukmançylyk uniwersiteti «Awisenna direktoratlygynyň» Bütindünýä maglumatlar goruna girizildi. Lukmançylyk uniwersitetiniň işine ýokary halkara bahanyň berilmegi ilatyň saglygyny goramak boýunça döwlet syýasatynyň netijeliliginiň ykrar edilmegini aňladýar.

Halkara hyzmatdaşlyk Ýewropa we dünýä lukmançylyk bilimi ulgamyna aralaşmaga ýardam berýär. Milli saglygy goraýyşda giňden ulanylýan innowasion tehnologiýalar – bu diňe häzirki zaman enjamlar däl, eýsem, ilkinji nobatda, türkmen lukmanlarynyň hünär kämilligi, bejermegiň iň täze usullaryny ornaşdyrmak we dünýä lukmançylygynyň ygtyýarlygyndaky ýöriteleşdirilen lukmançylyk hyzmatlaryny ilata hödürlemekdir. Ikitaraplaýyn hökümetara şertnamalaryň çäklerinde türkmenistanly lukmanlar Germaniýada, Awstriýada, Hytaý Halk Respublikasynda, Russiýa Federasiýasynda, ABŞ-da we beýleki ýurtlarda hünär kämilleşigini geçdiler. Amaly saglygy goraýşa innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylýar, bilelikdäki ylmy-barlag işleri we maslahatlar geçirilýär. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Federal Saglygy goraýyş ministrliginiň arasynda özara düşünişmek barada Ähtnamanyň çäklerinde Germaniýanyň öňdebaryjy klinikalarynda türkmenistanly lukmanlar hünär kämilleşigini geçýärler. Germaniýaly professorlaryň gatnaşmagynda Türkmenistanda lukmançylygyň dürli ugurlarynda geçirilýän bilelikdäki maslahatlar, anyklaýyş usullary, näsaglaryň terapewtik we hirurgik bejergisi, beýanlar, okuw maslahatlary, ylmy taslamalar wagtynda hünär kämilleşdiriş hem dowam edýär. Mundan başga-da soňky ýyllarda (Türkiýe, Russiýa Federasiýasy, Belarus Respublikasy, Hytaý Halk Respublikasy we başgalar) daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde Türkmenistanyň raýatlary lukmançylyk bilimini alýarlar. Ýurdumyzda orta saglygy goraýyş işgärleri bejeriş-öňüni alyş işi, bejeriş işi, barlaghana anyklaýşy, diş ussaçylygy, farmasiýa, akuşerçilik işi, keselleriň öňüni alyş işi ýaly, jemi 7 ugur boýunça 5 lukmançylyk orta

okuw mekdeplerinde taýýarlanylýar. Orta saglygy goraýyş işgärleri lukmançylyk orta okuw mekdepleriniň diplomdan soňky taýýarlyk bölümlerinde hünärini kämilleşdirýärler. Şeýle hem lukmanlar we orta saglygy goraýyş işgärleri üçin ylmy-kliniki we okuw merkezleriniň binýadynda ýörite gysga möhletleýin okuw maslahatlary, iş ýerlerinde kämilleşdirmek we taýýarlygyň başga görnüşleri geçirilýär. Saglygy goraýyş ulgamynyň döwlet we milli ösüş maksatnamalaryna laýyklykda, täze saglygy goraýyş edaralary gurulýar, hereket edýän edaralaryň durky täzelenýär we häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilýär. Ulanylmaga berilýän saglygy goraýyş edaralarynyň işgärleriniň hünär kämilligi, binalary gurýan we enjamlaşdyrýan şereketler bilen baglaşylan şertnamalara laýyklykda amala aşyrylýar.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde lukmançylyk ylmynyň netijeliliginiň ýokarlanmagyna gönükdirilen çäreler, ony ileri tutulýan ugurlaryň birine öwürdi. Lukmançylyk ylmy amaly saglygy goraýyş bilen bilelikde, Türkmenistanyň ilatynyň saglygyny goramagyň we berkitmegiň esasyny tutýan wajyp meseleleriň çözgüdini tapmakda işjeň orna eýe boldy. Özgertmeleriň netijesinde, lukmançylyk ylmy-barlag institutlary ylmy işleriň esasynda lukmançylyk kömegini bermek, has netijeli öňüni alyş, anyklaýyş, bejeriş we dikeldiş usullaryny we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak maksadynda ylmy-kliniki merkezlere öwrüldi. Ylmy barlaglaryň netijeliliginiň ýokarlanmagy we olaryň amaly saglygy goraýyşda giňden ulanylmagy lukmançylyk ylmynyň guralyşynyň täze ulgamynyň netijeliligine şaýatlyk edýär. Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş edaralarynyň işine maşgalanyň önelge saglygyny ýokarlandyrmagyň ylmy taýdan esaslandyrylan çemeleşmeleri we usullary, howpsuz enelik ýörelgeleri, çagalarda we zenanlarda ganazlygyň öňüni alyş usullary we çaga kesellerini bitewi alyp barmak maksatnamasy işlenilip taýýarlanyldy we ornaşdyryldy. Çagalarda has giň ýaýran hirurgik patologiýanyň öňüni alyş we bejeriş usullary işlenilip taýýarlanyldy.

Adamyň saglygyna baha bermekde esasy patogenetik sindromlaryň howpunyň san bahalanmasyna esaslanylýar. Bu usul saglygy

goraýşa barha giň ornaşdyrylýar we netijeli ulanylýar. Ol adamyň saglyk ýagdaýyny çaklamaga we keselden öňki irki döwürde sagaldyş çärelerini geçirmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda has ýaýran keseller kesgitlenilip, olara ýürek-damar we serebrowaskulýar, dem alyş ulgamynyň keselleri we inçekesel, ýokanç we parazitar keseller, onkologik keseller we görüş agzalarynyň keselleri degişlidir. Ýürek-gan damar we serebrowaskulýar kesellerine getirip bilýän howply ähtimallyklary we bu keselleriň yssy howa şertlerinde geçiş aýratynlyklaryny öwrenmegiň netijesinde, olaryň öňüni almagyň, ir anyklamagyň we bejermegiň täze netijeli usullary işlenip düzüldi we amaly saglygy goraýşa ornaşdyryldy. Ýurdumyzda duş gelýän onkologik keselleriň sebäpleri we geçiş aýratynlyklary öwrenildi, olary irki döwürde anyklamagyň we kämilleşdirilen bejeriş usullarynyň işlenip düzülmegi, şeýle keselli näsaglaryň ömrüniň dowamlylygyny uzaltmaga we olaryň durmuşynyň hilini ep-esli gowulandyrmaga ýardam berýär. Körlüge we pes görüjilige getirýän göz keselleriniň arasynda birinji orny garry adamlarda kataraktanyň tutýandygy anyklanyldy. Bu keselde intraokulýar linzanyň goýulmagynyň netijeliligi ylmy taýdan esaslandyryldy we IOL implantasiýasy 100 göterime çenli ýetirildi. Glaukoma keseline getirýän howply sebäpler, onuň görnüşlerine görä emelli bejergilere görkezmeler, ikilenji glaukomanyň etiopatogenezi, klinikasy we bejerilişi, glaukoma bilen utgaşan kataraktanyň bilelikde bejerilişi ylmy taýdan esaslandyryldy we saglygy goraýşyň amalyna ornaşdyryldy. Täze lukmançylyk enjamlarynyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy netijesinde, çagalarda glaukomanyň, görüş agzasynyň patologiýasynyň düýpgöter täze çemeleşmeleri we bejeriş usullary işlenilip taýýarlanyldy. Munuň özi köp adamlaryň pes görüjiliginiň öňüni almaga we olaryň işjeň durmuşa aralaşmagyna mümkinçilik berdi. Türkmenistanda wirusly gepatitleriň ýaýraýşy, olaryň etiologik düzümi, ýokuşma ýollary, ýaşa görä aýratynlyklary, kliniki akymy, agyr ýagdaýlaryň derejesi we çagalarda, göwreli zenanlarda geçiş aýratynlyklary hem-de ýerli derman otlaryň (buýan, ýandak we başgalar) edýän täsiri öwrenildi. Geçirilen ylmy-barlag

işleriniň esasynda wirusly gepatitiň B görnüşine garşy waksina sanjymlaryny geçirmegiň maksatnamasy işlenilip düzüldi we saglygy goraýşyň amalyna ornaşdyryldy.

Türkmenistandaky çeşmeleriň häsiýetleriniň öwrenilmegi netijesinde, bejergi mineral suwlaryň esasy görnüşleri kesgitlenildi. Olary amaly saglygy goraýyşda ulanmagyň görkezmeleri we garşy görkezmeleri işlenilip taýýarlanyldy. Köp çeşmeleriň esasynda şypahanalar açylyp, häzirki wagtda hereket edýär. Ýerli şypa beriji serişdeleriň ulanylmagy köp keselleriň öňüni almaga, saglygy dikeltmäge we durmuşyň hilini kämilleşdirmäge ýardam berýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň ilata gerek bolan derman serişdeleriniň 80%-ini öz ýurdumyzda öndürmeli diýen görkezmesiniň esasynda, 1999-njy ýylyň iýun aýynda döredilen Türkmenistanyň Milli derman serişdeleri instituty 2007-nji ýylda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ygtyýarlygyna geçirilip, Biologiýa we derman ösümlikleri institutyna öwrüldi hem-de onuň wezipeleri gaýtadan kesgitlenildi.

Hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň 14-nji ýanwaryndaky «Türkmenistanda ýokary derejeli hünärmenleri we ylmy işgärleri taýýarlamagy üpjün etmek hem-de ylmy taslamalara döwlet maliýe goldawyny bermek hakyndaky» Karary bilen «Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamak hakyndaky Düzgünnama» tassyklanyldy we aspirantura, doktorantura kabul etmek hem-de ylymlaryň kandidaty we doktory alymlyk derejesine dalaşgärlige berkitmek işleri ýola goýuldy. Türkmenistanda «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda», «Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda», «Ylmy edaralar hakynda», «Ylmy işgärlere gosmaça ýaşaýyş otagyny bermegiň şertleri we tertibi», «Türkmenistanda alymlyk derejeleri we alymlyk atlary üçin goşmaça tölegleriň hem-de akademiki atlar üçin aýlyk haklarynyň möçberlerini tassyklamak barada» Kanunlaryň kabul edilmegi lukmançylyk ylmynyň döwrebap ösmegine we ylmy işleriň gerimini giňeltmäge, höweslenmäniň ýokarlanmagyna giň ýol açdy. 2008-nji ýylda täzeden dikeldilen aspirantura, doktorantura we Ýokary attestasion Topar lukmançylyk ylmynyň ösmegine, ylmy işgärleriň hemmetaraplaýyn taýýarlygy-

na ýardam edýär. Aspirantura bölümleri lukmançylyk uniwersitetinde we ylmy-kliniki merkezlerde hereket edýär. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmeginiň şanly senelerine bagyşlanyp, her ýylyň 21–23-nji iýulynda Halkara sergisi we ylmy maslahat geçirilýär. Bu Halkara sergä we ylmy maslahata daşary ýurtlaryň belli kompaniýalary, dürli ýurtlardan lukmançylyk ylmyna dahylly hünärmenler gatnaşyp, dünýä lukmançylyk tejribesinde gazanylan üstünliklerdir tejribeler bilen tanyşdyrylýar. Bu bolsa lukmançylyk ylmynyň abraýyny diňe bir biziň ýurdumyzda däl-de, eýsem, daşary ýurtlarda hem beýgeldýär.

## 9.15. Saglygy goraýşyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek

Saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegi we netijeli işlemegini üpjün etmek, öňde goýlan wezipeleri takyk ýerine ýetirmek, pudagyň mümkinçiliklerini pugtalandyrmak, raýatlaryň saglygyny goramak babatynda kanunçylyk binýadyny yzygiderli kämilleşdirmegi talap edýär. Şunuň bilen baglylykda maksatnamanyň çäklerinde amala aşyrylýan ähli özgertmeler kanunçylyk taýdan berkidilýär. Geçen 20 ýylyň içinde «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» (2002 ý., 2005 ý. goşmaçalar girizilen, 2015 ý. rejelenen täze görnüşi), «Psihiatriki kömek hakynda» (1993 ý., 2009 ý. goşmaçalar girizilen), «Melhemçilik işi we derman üpjünçiligi hakynda» (2002 ý., 2009 ý. goşmaçalar girizilen), «Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, prekursorlar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakynda» (2004 ý., 2008 ý., 2009 ý. goşmaçalar girizilen), «Arakhorlykdan, neşekeşlikden ýa-da psihoaktiw maddalara baglylykdan ejir çekýän adamlary bejermek bilen bagly çäreler hakynda» (2012 ý.), «Adamyň immunýetmezçilik wirusy sebäpli döreýän keseliň (AIW ýokuşmasynyň) öňüni almak hakynda» (2001 ý.), «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi goramak hem wagyz etmek we çaga iýmit önümlerine bildirilýän talaplar hakynda» (2009 ý, 2013 ý. goşmaçalar girizilen), «Iýmit önümleriniň howpsuzlygynyň we hiliniň üpjün edilmegi hakynda» (2014 ý.), «Radiasiýa howpsuzlygy hakynda» (2009 ý.), Sanitariýa kodeksiniň rejelenen görnüşi (2009 ý.), «Agyz suwy hakynda»

(2010 ý.), «Raýatlaryň saglygynyň temmäki tüssesiniň täsirinden we temmäki önümlerini ulanmagyň netijelerinden goralmagy hakynda» (2013 ý.), «Şypahana işi hakynda» (2012 ý.), «Adamyň beden agzalarynyň we (ýa-da) dokumalarynyň transplantasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi. Raýatlaryň döwlet meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasynyň, aýratyn howply ýokançlaryň ýokuşmak mümkinçiligi üçin raýatlaryň jogapkärçiliginiň, arassaçylyk düzgünleriniň, arassaçylyk kadalarynyň bozulmagy üçin jerime çärelerini ulanmakda ygtyýarlyklaryň giňeldilmek meselelerini hukuk taýdan düzgünleşdirmek boýunça kadalaşdyryjy resminamalar işlenilip taýýarlanyldy.

*Saglygy goraýşyň maglumat ulgamyny ösdürmek*. Häzirki zaman saglygy goraýyş maglumat tehnologiýalary saglygy goraýyş kömeginiň hil görkezijilerine gözegçilik edilmegi we seljermesi esasynda ýola goýulýar. Döwlet we pudak içindäki hasabatlary ýygnamak, jemlemek, seljermek we ýurt boýunça hasabatyň ýöredilişine gözegçilik etmek, ýerlerde guramaçylyk-usulyýet kömegini bermek maksady bilen, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýanyndaky Sanitar metodiki statistika býurosy 1998-nji ýylda ýapylyp, onuň esasynda Saglygy goraýşyň hasabat we maglumatlar merkezi döredildi. Şunuň bilen birlikde welaýat saglygy goraýyş müdirliklerinde we 1999-njy ýylda Aşgabat şäher saglygy goraýyş müdirliginde Hasabat we maglumatlar merkezleri döredildi. Halkara standartlaryna geçmek maksady bilen, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň bilelikdäki buýruklarynyň esasynda, 1998-nji ýylda işgärler we hassahana orunlary bilen üpjünçiligiň, ene ölüminiň görkezijileriniň hasaplanylyşyna üýtgetmeler girizildi. 1999-njy ýylda saglygy goraýyş statistikasyna Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy tarapyndan kabul edilen, uýgunlaşdyrylan we döwlet diline terjime edilen Keselleriň we saglyk bilen bagly meseleleriň Halkara statistik klassifikatorynyň 10-njy gaýtadan seredilişi (HKSK–10) ornaşdyryldy. Bu usul saglyk ýagdaýy barada maglumatlaryň ýygnanylmagynyň, seljerilmeginiň we ýaýradylmagynyň hilini gowulandyrmak babatda, hasaba alyş we ha-

sabat statistik görnüşlerine täzeden seredilmegini we üýtgetmeleriň girizilmegini talap etdi.1995-nji ýylda Hasabat we maglumatlar merkezinde saglygy goraýşyň elektron maglumatlar binýady döredildi. Ol her ýyl saglygy goraýşyň serişdeleri (işgärler we hassahana orunlary), ilatyň keselleýjiligi, maşgala gullugy, çagalaryň we eneleriň saglygy baradaky 4 bölüm boýunça maglumatlar bilen doldurylýar. 2007-nji ýylda Türkmenistan BSGG-niň tekliplerine laýyklykda, çaganyň diri we öli dogulmagynyň hasaba alnyşynyň halkara çelgilerine geçdi. Çagalaryň ölümini, onuň sebäplerini görkezmek bilen, hasaba almak üçin hasaba alyş we hasabat statistiki görnüşleri, şol sanda dogluş we ölüm hakynda lukmançylyk şahadatnamalary tassyklanyldy. 2008-nji ýylda saglygy goraýyş ulgamynyň edaralarynyň işlerini häsiýetlendirýän esasy görkezijileri hasaplamagyň usuly boýunça gollanma Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Hasabatlar we maglumatlar bölümi hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň Durmuş statistikasy we Ilaty öwreniş müdirlikleri tarapyndan taýýarlanyldy we neşir edildi. 2009-njy ýylda «DevInfo» halkara maksatnamasynyň esasynda «SaglykInfo» maglumatlar binýady işlenip taýýarlanyldy. Ol gündeki işler üçin, şeýle hem milli ösüş meýilnamalarynyň, Müňýyllygyň ösüş maksatlarynyň (MÖM), reproduktiw saglygy, enäniň we çaganyň saglygyny goramak babatda maksatnamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik, hasabatlylyk we seljerme geçirmegiň möhüm guraly bolup durýar. Şeýle hem halkara şertnamalaryň we konwensiýalaryň saglygy goraýyş meselelerine degişli maddalary boýunça milli hasabatlary taýýarlamakda täsirli gural hökmünde hyzmat edýär. «SaglykInfo» programmasyny peýdalanyjylar üçin gollanma çap edildi. Reproduktiw saglygy babatda BSGG-niň halkara standartlaryna laýyklykda, maglumatlaryň ýygnanylmagyny, işläp taýýarlanylmagyny we ýaýradylmagyny gowulandyrmak maksady bilen, 2009-njy ýylda «Göwrelilere, dogrumdaky we täze dogran aýallara saglygy goraýyş kömegi barada hasabat» 19-njy döwlet görnüşiniň elektron programmasy döredildi. Häzirki wagtda bu görnüş boýunça maglumatlaryň elektron görnüşde

kabul edilmegi ýurduň ähli çaga dogrum kömegini berýän edaralarda amala aşyrylýar.

Hyzmatdaşlygyň çäklerinde hem-de Merkezi Aziýa döwletlerinde saglygy goraýyş görkezijilerini standartlaşdyrmak boýunça ýardam bermek maksady bilen, Bitindünýa saglygy goraýyş guramasynyň Ýewropa sebiti boýunça edarasy 1996–2006-njy ýyllarda «CARINFONET» taslamasyny amala aşyrdy. Bu taslama saglygy goraýyş ulgamynyň milli görkezijileriniň halkara standartlaryna laýyk getirilmegine mümkinçilik berdi.

Döwlet tarapyndan maglumat-kommunikasion tehnologiýalaryň çaltlaşdyrylan ösüşiniň hem-de elektron hökümet konsepsiýasyna geçmegiň başlangyç tapgyry hökmünde, döwlet dolandyryş edaralarynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda elektron resminamalar dolanyşygyny ornaşdyrmak meselesi goýulýar. Maglumatlary işläp taýýarlamagyň we bermegiň häzirki zaman tehnologiýalarynyň ulanylmagynyň häkimiýetiň ähli derejelerinde döwlet dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin möhüm ähmiýeti bar.Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýanyndaky Adatdan daşary ýagdaýlardaky saglygy goraýyş merkezi gyssagly ýagdaýlarda çalt seslenmek we dolandyrmak üçin 2006-njy ýyldan bäri modem aragatnaşygyny ulanýar. «Tiz kömek» gullugy tarapyndan ýerine ýetirilen çagyryşlar, bejeriş-öňüni alyş edaralarynda näsaglaryň hereketi, adatdan daşary ýagdaýlar, ýurt boýunça sanitar ýagdaýy, sanawiasiýa ugrundan lukmanlar tarapyndan ýerine ýetirilen tabşyryklar barada ähli gündelik maglumatlar ministrligiň ýolbaşçylaryna berilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, 2006-njy ýylda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň telemedisinasy üçin giň zolakly aragatnaşyk ulgamy döredildi. S. Karanow adyndaky Göz keselleri ylmy-barlag instituty telehirurgiýa ugry boýunça telemedisina ulgamynda çözgütleri işläp taýýarlamaga gatnaşdy. 2008-nji ýylyň 12-nji iýunynda S.Karanow adyndaky Göz keselleri ylmy-barlag institutynda onlaýn režimde oftalmologiýa operasiýasynyň görkezilmegi bilen wideokonferensiýa geçirildi. Operasiýanyň gidişine Mýunhenden (Germaniýa) we Moskwadan (Russiýa) görnükli alymlar seretdiler. S.Türkmenbaşy adyndaky Halkara Saglyk merkezleri müdiriýe-

tinde Aşgabat şäherinde telemedisina merkezi döredildi, ol birnäçe merkezleri öz arasynda birleşdirýär – kardiologiýa, onkologiýa, iç keselleri, kelle we boýun keselleri, «Ene mähri», Aşgabat şäherindäki we ähli welaýatlardaky Anyklaýyş merkezleri. Biziň ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň saglygy goraýyşda ussat hünärmenleriniň arasynda internet-maslahatlaryň geçirilmegi tejribä öwrüldi.

2008-nji ýyldan başlap, lukmançylyk uniwersitetiniň talyplary üçin Medisina we biofizika kafedrasynda «Saglygy goraýyşda häzirki zaman maglumat kommunikasion tehnologiýalary» dersi okadylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň aprelindäki «Maglumat üpjünçiligini we dolanyşygyny kämilleşdirmek hakyndaky» Kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň döwlet dolandyryşynda maglumat we kommunikasiýa tilsimatlaryny ornaşdyrmak boýunça meýilnamasy durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň sentýabryndaky Kararyna laýyklykda, saglygy goraýyş ulgamynda elektron resminamalar dolanyşygy ulgamy ornaşdyrylýar. Häzirki wagtda ulgam Aşgabat şäheriniň saglygy goraýyş edaralarynda hereket edýär, 2015-nji ýyldan başlap bolsa, welaýatlaryň saglygy goraýyş edaralarynda hem ornaşdyrylyp başlandy. Elektron resminamalar dolanyşygy ulgamy «Saglygy goraýyş edarasy» programmasyny goýmagy göz öňünde tutýar. Programmanyň tejribä girizilmegi saglygy goraýyş gulluklarynyň we bölümleriň özara gatnaşyklaryny ýerine ýetirmäge we awtomatlaşdyrmaga, kagyzsyz tehnologiýany ornaşdyrmaga, saglygy goraýyş maglumatlarynyň bitewi binýadyny döretmäge, ähli saglygy goraýyş maglumatlarynyň operatiw elýeterligine, uzak aralykda maslahatlary bermäge, hasaba alyş, gözegçilik we saglygy goraýyş edarasynyň işini seljermäge, saglygy goraýyş edarasynyň işi barada statistik hasabaty düzmäge mümkinçilik berýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ynsan saglygy, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmak hakdaky aladalar iň ýokary talaplaryň derejesine çykýar. 1995-nji ýylyň 21-nji iýulynda kabul edilen «Saglyk» Döwlet maksatnamasy şu talaplaryň synagyndan üstünlikli geçdi diýip, ynamly aýdyp bo-

lar. Hormatly Prezidentimiziň atalyk aladalary netijesinde ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary ýurdumyzyň her bir raýatyna ýaşaýan ýerine, sosial we emläk ýagdaýyna bagly bolmazdan, elýeter boldy. Ilatyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmakda gazanylan uly üstünliklerimiz, ýagny keselçiligiň we ölümçiligiň azalmagy, köp keseller bilen keselçiligiň mese-mälim peselmegi, käbir keselleriň bolsa asla aradan aýrylmagy, ynsan ömrüniň ortaça dowamlylygynyň ähmiýetli uzalmagy, lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmakda ýeten ýokary sepgitlerimiziň aýdyň subutnamalarydyr. Ýurdumyzyň saglygy goraýyşda gazanan üstünliklerini, ýeten sepgitlerini we lukmançylygyň dünýä ülňüleri derejesindäki ösüşini, halkara jemgyýetçiligi halkara sertifikatlaryny bermek bilen, ykrar edýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, «Garaşsyzlyk ýyllary içinde biziň milli lukmançylygymyz ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hili boýunça-da, häzirki zaman keseli anyklaýyş we bejeriş merkezleriniň tehniki üpjünçiligi boýunça-da dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetdi».

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan içeri syýasaty, ilkinji nobatda, ilatyň eşretli ýaşamagyna, durmuş-ykdysady ösüşiň belent sepgitlerine ýetmäge, ýurdumyzy dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşmak üçin ýokary ykdysady depginleri gazanmaga, raýatlaryň ukybyny ösdürmäge, halkymyzyň saglygyny goramaga bolan konstitusion hukuklaryny berjaý etmäge gönükdirilendir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasynda, «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynda», şeýle-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli Maksatnamasynda» Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmekde bellenilen ähli möhüm çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

**Peýdalanylan edebiýatlar**


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. I tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. II tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. III tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. IV tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. V tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. VI tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. VII tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. VIII tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. IX tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. X tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – melhemler mekany. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

14. *Muhammet Gaýmaz Türkmen*. Pygamber tebipçiligi. – Aşgabat: «Miras», 2005.
15. *Seýit Ysmaýyl Gürgenli*. Tebipçiligiň ýan kitaby. – Aşgabat: «Bereket – Bina», 1995.
16. *Абдуллаев А.А*. Очерки истории развития медицины в Хорезме. – Уз.ССР, Ташкент: «Медицина», 1980.
17. Большая медицинская энциклопедия. – М., 1977.
18. *Бородулин Ф. Р.* История медицины. Избранные лекции. – М., 1961.
19. *Заблудовский П. Е, Крючок Г.Р., Кузьмин М. К., Левит М.М.* История медицины. – М.: «Медицина», 1981.
20. *Каранов С.К.* Истоки и достижения медицинской науки в Туркменской ССР. – Ашхабад, 1971.
21. *Лисицын Ю.П.* История медицины. – Москва: Изд. «ГЭОТАР-Медиа», 2008.
22. *Мейер-Штейнег Т., Зудгоф К.* История медицины. – Москва, 1925.
23. *Мультановский М.П.* История медицины. – Москва, 1961.
24. *Петров Б.Д.* От Гиппократа до Семашко: преемственность идей (очерки и портреты). – Москва: «Медицина», 1990.
25. *Пицхелауры Г.З.* Медицина и выдающиеся медики средневекового Востока. – Тбилиси: Изд. «Сабчота Сакартвело», 1982.
26. *Сорокина Т.С.* Атлас истории медицины. – Москва, 1987.
27. *Сорокина Т.С.* История медицины. Учебник в 2-х томах. – Москва: «Академия», 2004.

## Mazmuny

Giriş. Lukmançylygyň taryhy ylym we okuw dersi hökmünde........... 7

### 1-nji bap
### Lukmançylygyň döreýşi. Iň gadymy döwrüň lukmançylygy

1.1. Adamzadyň gelip çykyşynyň esasy basgançaklary ..................... 11
1.2. Zenanlar - ilkinji lukmanlar, dermanlaryň açylyşy barada maglumatlar.......................................................................... 17
1.3. Atalyk urugy döwrüniň aýratynlyklary........................................ 19
1.4. Enelik urugy döwrüniň lukmançylygy. ....................................... 20
1.5. Atalyk urugy döwrüniň lukmançylygy. ..................................... 24

### 2-nji bap
### Gadymy döwür lukmançylygy.
### Gadymy Gündogar ýurtlarynyň lukmançylygy

2.1. Gadymy jemgyýet lukmançylygynyň aýratynlyklary.................. 29
2.2. Gadymy döwrüň häsiýetli taraplary............................................ 32
2.3. Gadymy döwür lukmançylygynyň ösüş aýratynlyklary. ............ 34
2.4. Halk lukmançylygynyň ösüşi. ..................................................... 35
2.5. Wawilonyň we Assiriýanyň lukmançylygy. ................................ 38
2.6. Gadymy Müsür lukmançylygy. .................................................. 42
2.7. Gadymy Hytaý lukmançylygy. .................................................... 48
2.8. Gadymy Hindi lukmançylygy. ................................................... 52

### 3-nji bap
### Antik döwrüniň lukmançylygy

3.1. Antik döwründäki lukmançylygyň ösüş aýratynlyklary .............. 59
3.2. Antik Gresiýanyň lukmançylygy. ................................................ 60
3.3. Gippokrat, onuň ömri we ylmy işleri ......................................... 62
3.4. Gadymy Rimde lukmançylyk ...................................................... 74
3.5. Klawdiý Galen, onuň ömri we ylmy lukmançylykda bitiren işleri ......................................................................... 78

## 4-nji bap
## Orta asyrlar döwrüniň lukmançylygy. Arap halyfatlarynyň lukmançylygy. Orta Aziýa halklarynyň orta asyrlar döwründäki lukmançylygy. Abu Aly ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitaby we onuň lukmançylykdaky ähmiýeti


4.1. Orta asyrlar döwrüniň häsiýetli taraplary .................................... 81

4.2. Arap halyfatlarynda orta asyrlar döwrüniň lukmançylygynyň aýratynlyklary. ..................................................... 84

4.3. Wizantiýadaky lukmançylyk we onuň beýleki ýurtlaryň lukmançylygyna täsiri. ..................................................... 93

4.4. Abu Aly ibn Sina – lukmançylygyň görnükli wekili, lukman-ensiklopediýaçy ..................................................................... 103

4.5. Orta Aziýada lukmançylyk. ..................................................... 111


## 5-nji bap
## Türkmenistanda orta asyrlarda belli lukmanlar. Seýit Ysmaýyl Gürgenli we onuň «Horezm şasynyň genji-hazynasy» işiniň lukmançylykdaky ähmiýeti


5.1. Orta Aziýanyň we Gündogaryň görnükli lukmanlary we alymlary ................................................................. 113

5.2. Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň tebipçiligi. .................................... 133


## 6-njy bap
## Muhammet Gaýmaz Türkmen we onuň «Pygamber tebipçiligi» eseri


6.1.Görnükli türkmen alymy Muhammet Gaýmaz Türkmen we onuň ýaşan, ylym, bilim bilen meşgullanan ýerleri ......................................................... 146

6.2. Muhammet Gaýmaz Türkmeniň «Pygamber tebipçiligi» kitaby, onuň taryhy we lukmançylyk ähmiýeti................................. 147

**7-nji bap**
**Täzeden döreýiş döwrüniň lukmançylygy (XV–XVII asyrlar). Ýewropada täze taryh döwrüniň lukmançylygy (XVIII–XX asyrlar). Russiýada we Gündogar Ýewropada lukmançylyk ylymlarynyň bölünmegi**


7.1.Täzeden döreýiş döwrüniň häsiýetli taraplary we lukmançylygyň ösüşiniň aýratynlyklary, lukmançylyk enjamlarynyň oýlanyp tapylmagy ................ 162
7.2. Görnükli rus alymlarynyň lukmançylyk ylmyna gosantlary ...... 176
7.3. Ýewropada pediatriýanyň, Russiýada gigiýenanyň ösüşi we önümçilik zyýanlarynyň öwrenilişi hem-de eksperimental gigiýenanyň ösüşi ................ 181
7.4. Immunologiýanyň, wirusologiýanyň, mikrobiologiýanyň gazananlary ................ 188


**8-nji bap**
**Türkmenistanda XX asyrda lukmançylyk. M. Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň taryhy**


8.1. Türkmenistanda XX asyrda saglygy goraýşyň döreýşiniň taryhy ................ 209
8.2. M. Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň taryhy................ 214
8.3. Türkmenistanda XX asyrda tanymal alym lukmanlar ................ 221


**9-njy bap**
**Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň lukmançylygy**


9.1. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny durmuşa ornaşdyrmak netijesinde ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmekde ýetilen sepgitler................ 238
9.2. Saglygy goraýşy dolandyrmagyň kämilleşdirilmegi. ................ 240
9.3. Keselleriň öňüni almak boýunça netijeli çäreleri geçirmek. ................ 243
9.4. Ilatyň arassaçylyk we kesel ýaýramazlyk taýdan abadançylygyny üpjün etmek. ................ 249
9.5. Bejeriş, öňüni alyş kömegi: ilkinji lukmançylyk-sanitariýa kömegi................ 258

9.6. Eneleriň we çagalaryň saglygy. .......... 262
9.7. Inçekeseliň öňüni almak we oňa garşy göreşmek. .......... 268
9.8. Hassahana kömegi. .......... 270
9.9. Ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek. .......... 275
9.10. Ilatyň derman serişdeleri bilen üpjünçiligi. .......... 279
9.11. Şypahanalarda ilatyň saglygyny dikeltmek. .......... 286
9.12. Saglygy goraýşyň maddy-tehniki binýadyny ösdürmek .......... 291
9.13 Saglygy goraýşy maliýeleşdirmek. .......... 293
9.14. Işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak. .......... 294
9.15. Saglygy goraýşyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek. .......... 300

Peýdalanylan edebiýatlar .......... 306

Esenmyrat Annamyradow, Gurbangeldi Gadamow,
Myrat Bekmyradow, Aýjemal Arnageldiýewa

# LUKMANÇYLYGYŇ TARYHY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *Ş. Myratgulyýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *M. Atajanowa,* |
| | *H. Welmämmedow* |
| Neşir üçin jogapkär | *E. Myradow* |

Çap etmäge rugsat edildi 04.04.2019. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 19,5. Hasap-neşir listi 15,58.
Çap listi 19,5. Şertli-reňkli ott. 60,25 .
Sargyt № 23. Sany 1300.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.